**N.M.Hanmämmedow, A.M.Izmaýlow, A.A.Ataýewa,
G.A.Kekilowa, K.N.Gudratullaýew, O.A.Kakabaýewa,
K.M.Goşlyýew, M.A.Annagylyjowa**

# DERI WE WENERIKI KESELLER

Lukmançylyk ýokary okuw mekdebi üçin üçin okuw kitaby

*Türkmenistanyň Bilim ministrligi
tarapyndan hödürlenildi*

**Aşgabat
2010**



**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW**



# TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY



# TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY

# GARAŞSYZ, BAKY BITARAP TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

***Gaýtalama:***
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

***Gaýtalama:***
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

# GIRIŞ

Türkmenistanda ösen sagdyn jemgyýeti kemala getirmek, raýatlaryň durmuş ýagdaýyny düýpli ýokarlandyrmak döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri bolup durýar. Umumy reformalaryň gidişine laýyklykda, saglygy goraýyş ulgamy hem ösdi, täze derejä çykdy.

Garaşsyzlyk ýyllary içinde ýurdumyzyň lukmançylygy görlüp-eşidilmedik ösüşleri gazandy. Munuň özi 1995-nji ýylyň 20-nji iýulynda yglan edilen "Saglyk" Döwlet maksatnamasynyň durmuşa geçirilmegi bilen gönüden-göni baglanyşykly amala aşyryldy. Bu iňňän gymmatly maksatnama işlenip düzülýän döwründe ýagdaý ilik-düwme seljerilip, şonuň netijesinde hem saglygy goraýşy reformalaşdyrmagyň ileri tutulýan ugurlary kesgitlenildi. Şu ýerde bir zady belläp geçmek möhüm. Garaşsyzlyk ýyllarynda saglyk ulgamynda gazanylan ösüş-özgerişleriň, ýetilen sepgitleriň ählisi şol döwürler hem döwlet işgäri hökmünde bu ulgama jogap beren, asly hünäri ýokary derejeli lukman bolan Türkmenistanyň häzirki Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň taýsyz tagallasy netijesinde mümkin boldy. "Saglyk" Döwlet maksatnamasynyň taýýarlanmagynyň, onuň durmuşa geçirilmegi üçin amala aşyrylan reformanyň sakasynda hem milli liderimiziň hut özi durupdy.

"Saglyk" Döwlet maksatnamasynyň durmuşa geçirilýän ýyllarynda "Raýatlaryň saglygyny goramak barada", "Iýmit önümleriniň hili we howpsuzlygy barada", "Lukmançylyk işi we derman üpjünçiligi barada", "Narkotiki jisimler, psihotrop madallar, prekursor we olaryň dolanyşygyna garşy göreş çäreleri", "Adamyň immunodefisiti wirusy tarapyndan ýüze çykýan keseliň öňüni almak barada" we birnäçe beýleki kanunçylyk namalary kabul edildi, şonuň ýaly-da, saglygy goraýyş ulgamynyň strukturasy tassyklanyldy. Etaplaýyn reformalaşdyrmagyň barşynda orun gaznasyny rejeleşdirmek işi geçirildi, orunlary peýdalanmak düýpgöter gowulandy. 1998-nji ýyldan başlap býujet orunlary bilen bilelikde hojalyk hasaplaşykly orunlar hem açylyp başlandy.

Häzirki wagtda dünýäniň köp ýurtlarynda saglygy goraýşy maliýeleşdirmek mehanizimininiň has oňaýly usullary gözlenilýär, maksat, lukmançylyk hyzmatynyň hemmeler üçin elýeterli bolmagyny we maliýe durnuklylygyny gazanmakdan ybaratdyr. 1996-njy ýylyň 1-nji ýanwaryndan başlap Türkmenistanda meýletin medisina ätiýaçlandyrmasy girizildi, bu bolsa ilata lukmançylyk kömegini bermegi kämilleşdirmegiň we durmuş-ykdysady goraglylygyny gowulandyrmagyň ýolunda ýene bir ädim boldy. Türkmenistanyň "Raýatlaryň saglygyny goramak baradaky" täze Kanunyna laýyklykda, meýletin medisina ätiýaçlandyrmasynyň tölegi raýatlaryň aýlyk hakynyň, stipendiýalarynyň, pensiýalarynyň, kömek pullarynyň we girdejileriniň 2 göterimine çenli peseldildi, yzygiderli girdeji almaýan raýatlar üçin bolsa iň pes tölegler bellenildi. Medisina ätiýaçlandyrmasy Türkmenistanyň ýaşaýjylaryna 16 dermany (128 görnüş) we lukmançylyga degişli serişdeleri olaryň bahasynyň 90% göterimine çenli ýeňillikli satyn

almaga, býujet we hojalyk hasaplaşygyndaky bejeriş-öňüni alyş lukmançylyk hyzmatlaryny olaryň bahasynyň elli göteriminde ýeňillikli almaga mümkinçilik döretdi. Ondan başga-da, Türkmenistanyň SG we DSM-niň şypahana edaralaryna ýylda bir gezek elli göterim ýeňillikli ýollanma berilýär.

Şonuň üçin biziň ýurdumyzda meýletin medisina ätiýaçlandyrmasynyň girizilmegi bilen, saglygy goraýşy maliýeleşdirmegiň garyşyk býujet-kepil görnüşine geçildi. "Saglyk" Döwlet maksatnamasynyň durmuşa geçirilmeginiň çäklerinde saglygy goraýyş we farmasewtika senagatyny mundan beýläk-de goldamak, ilaty we saglygy goraýyş edaralaryny derman bilen üpjün etmegi gowulandyrmak maksady bilen, ýurdumyzda 1996-njy ýylda Türkmenistanyň saglygy goraýşyny ösdürmegiň Döwlet Gaznasy döredildi. Gazna gelýän serişdeler derman-däri almaga, has takygy, medisina ätiýaçlandyrmasyndaky reseptler boýunça göýberilýän bahasyndan 90% ýeňillikli lukmançylyk kömegine degişli ugurlara gönükdirilýär. Bu bolsa raýatlara kepillendirilen ýeňillikli hyzmatlary ýerine ýetirmekdäki çykdajylaryň öwezini dolýar. Şeýle hem gaznanyň serişdeleri farmasewtika senagatynyň ösmegine, derman serişdelerini, medisina tehnikasyny, enjamlaryny satyn almaga, şonuň ýaly-da, iri ylmy-barlag işlerini, saglygy goraýşyň we farmasewtika industriýasynyň sosial maksatnamalaryna, netijeli we ýokary hilli işleýän medisina edaralaryna gönükdirilýär.

Garaşsyzlygyň ilkinji günlerinden başlap ilkinji lukmançylyk halkasyna, ilkinji lukmançylyk kömegine, keselleriň öňüni almaga, ilaty sanjym etmäge we dispanser kömegini bermäge uly üns berildi. Keselleriň öňüni almak meselesi ýurduň saglygy goraýyş ulgamynyň işini guramakda esasy orny eýeleýär, onuň esasy maksady dürli keselleriň esasynda ýüze çykýan durmuş-ykdysady ýitgileri peseltmäge, ilatyň ähli gatlaklarynyň saglyk derejesini ýokarlandyrmaga, adamyň ömrüni uzaltmaga gönükdirilendir. Muňa döwlet derejesinde durmuşa ornaşdyrylýan birnäçe wajyp maksatnamalar hem şaýatlyk edýär. Mysal üçin, ýokanç kesellere garşy göreşmegiň Milli maksatnamasy işlenip düzüldi we tassyklanyldy. Ol difteriýa, koklüşa, poliomielita, inçekesele garşy hökmany sanjymlary göz öňünde tutýar. 2002-nji ýylyň iýunynda Türkmenistan ýabany poliowirus sirkulýasiýasyny aradan aýran ýurt hökmünde halkara sertifikatyň eýesi boldy. 2003-nji ýylda "2003-2020-nji ýyllar aralygynda immuno-öňüni alyş" Milli maksatnamasy tassyk edildi. Öňüni alyş sanjymlarynyň hataryna bir ýaşa çenli çagalar üçin gepatit B wirusyna garşy sanjymlar hem girizildi.

Adamzadyň öňünde esasy çözülmeli meseleleriň biri bolup durýan ýod ýetmezçiligini aradan aýyrmak babatda göreşde Türkmenistanyň BMG-niň Çagalar gaznasynyň, Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasynyň we ýod ýetmezçiliginden döreýän keselleriň gözegçiligi boýunça halkara geňeşiniň sertifikatyna eýe bolmagy, bu ugurdaky üstünlikleriň ykrarnamasy boldy. Munuň özi, Türkmenistanyň GDA ýurtlarynyň arasynda 1-nji, dünýä ýurtlarynyň arasynda 4-nji bolup umumy kabul edilen halkara ülňülerine

laýyklykda, uniwersal ýodlaşdyrylan duz bilen üpjün edendigine güwä geçýän hakykatdyr.

Biziň ýurdumyzda 1997-nji ýyldan bäri ýiti ysmaz poliomielit hasaba alnanok. 2002-nji ýylda bolsa Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasynyň Ýewropa býurosy tarapyndan Türkmenistan poliomielitden azat ýurt diýlip sertifisirlendi.

Inçekesele garşy göreşiň çäginde 1998-nji ýyldan başlap Türkmenistanda BSGG tarapyndan işlenip düzülen DOTS strategiýasy girizildi. "2005-2009-njy ýyllar aralygynda inçekeseliň öňüni almak we oňa garşy göreş" Milli maksatnamasynyň Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan kabul edilen "2005-2010-njy ýyllar aralygynda Türkmenistanda AIDS/JGAGK ýaýramagynyň öňüni almak" maksatnamasynyň çäklerinde bitirilen işler az däl. Muňa garamazdan, öňüni alyş işleriniň has netijeli bolmagy üçin öňdebaryjy halkara tejribesi has içgin öwrenilýär we durmuşa ornaşdyrylýar. Garaşsyzlyk ýyllarynda Türkmenistanyň SG we DS ministrligi köp sanly halkara guramalary bilen aragatnaşygy ýola goýdy. Olaryň arasynda BMG-niň Çagalar gaznasy we Ilat gaznasy, Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasy we beýlekiler bar. Halkara hyzmatdaşlygy netijesinde häzirki günde "AIDS/JGAGK öňüni almak", "Anemiýanyň öňüni almak we oňa garşy göreşmek", "Ýokanç garyn-içege keseline garşy göreş", "Howpsuz enelik", "Ýiti sowuklama infeksiýalaryna garşy göreş" maksatnamalary işlenilip düzüldi we olar üstünlikli durmuşa geçirilýär. Bu maksatnamalar boýunça ilat arasynda bejeriş-öňüni alyş çärelerini geçirmekde, oňat netije gazanmakda uly işler alnyp barylýar.

Türkmenistanyň Döwlet arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy göreşmek gullugy hem täzeden guraldy, ol arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy gözegçiligi üpjün edýär.

Saglygy goraýşyň ozalky gurluşy saglygy goraýşyň ilkinji halkasynyň stasionar kömegini bermekde o diýen netijeli däldi. Mundan başga-da, arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy göreşmek boýunça düşündiriş işlerine, sagdyn durmuş ýörelgesine ýeterlik üns berilmän, diňe keselleri bejermäge üns berilýärdi. Şonuň netijesinde ýurtda çilim çekmek, alkogol içgileri içmek we neşe serişdelerini peýdalanmak, nädogry iýmitlenmek, nädogry durmuş ýörelgesi esasynda döreýän keseller köpeldi. Şonuň üçin "Saglyk" Döwlet maksatnamasy taýýarlananda, saglygy goraýşy ösdürmegiň esasy ugurlarynyň biri hökmünde öňüni alyş işlerini güýçlendirmek we sagdyn durmuş ýörelgesini wagyz etmek, arassaçylyk endiklerini öwretmek, ilkinji lukmançylyk kömegini kämilleşdirmek ýoly bilen, şahsy we jemgyýetçilik saglygyna jogapkärçilikli garamagy terbiýelemek meselesine aýratyn üns berildi.

Ilkinji lukmançylyk kömegini bermekde işlenip düzülen we düzgüne girizilen resminamalar esasynda Aşgabat şäherinde we welaýatlarymyzda maşgala lukmançylyk hyzmaty etaplaýyn durmuşa girizildi. Şonuň bilen bir hatarda giň profilli hünärmenleri taýýarlamaga, lukmançylyk okuw

mekdepleriniň okuw meýilnamalaryny we maksatnamalaryny kämilleşdirmek boýunça işler geçirildi. Türkmen döwlet lukmançylyk institutynda çäkli profilli hünärmenleri taýýarlamagyň deregine maşgala lukmanlaryny taýýarlamak boýunça uly işler alnyp baryldy.

Maşgala lukmanlarynyň netijeli işleri esasynda dürli ýaş toparlarynda keselçilikleriň ygtybarly öňüni almak gazanyldy. Şonuň bilen birlikde saglygy goraýyşda netijesi göwnejaý bolmadyk medisina edaralarynyň ýerine iri, köpugurly hassahanalar döredilip, barha kämilleşdirildi. Ýurduň welaýatlarynyň ilatyna ýöriteleşdirilen lukmançylyk kömegini guramak üçin köpugurly hassahanalar eneler we çaga hassahanalary guruldy.

Lukmançylyk edaralarynyň gaýtadan döredilen täze görnüşleriniň arasynda welaýatlaryň köpugurly hassahanalary aýratyn ähmiýete eýedir. Olar welaýatyň ilatyna ýokary derejeli we ýöriteleşdirilen stasionar, şonuň ýaly-da, ambulator-konsultatiw kömek bermekde baş bejeriş-öňüni alyş edarasy bolmak bilen, işiň netijeliligini ýokarlandyrmakda we lukmançylyk kömeginiň hilini gowulandyrmakda, guramaçylyk-usulyýet kömegini bermekde, ilatyň saglygyny goramakda we lukmançylyk kömegini bermegiň hilini gowulandyrmakdaky çäreleri işläp düzmekde, keselçiligi, maýyplygy, agyr kesellemegi we adam ölümini azaltmakda, bejeriş-öňüni alyş, guramaçylyk-usulyýet çärelerini düzgünleşdirmekde, welaýatyň lukmançylyk edaralarynyň hil görkezijilerine seljeriş bermekde, ähli welaýatyň lukmanlaryny we şepagat uýalaryny taýýarlamakda, olaryň hünärlerini ýokarlandyrmakda esasy merkezlere öwrüldiler.

Häzirki wagtda oba ýerlerinde lukmançylyk kömegini bermek işi has-da kämilleşdirilýär. Lukmançylyk edaralarynyň işiniň gerimini giňeltmegi göz öňünde tutýan obany ösdürmek boýunça düýpli maksatnama durmuşa geçirilýär. Şunlukda, bu lukmançylyk edaralarynyň we olaryň işgärleriniň hünär ussatlygy derejesiniň ýokary bolmalydygy öz-özünden düşnüklidir. Sebäbi reformalaryň esasy wezipesi Garaşsyz we Bitarap Türkmenistanyň her bir raýatynyň saglygyny goramakdan we berkitmekden ybaratdyr. Sanlar we maglumatlar milletiň ýokary ülňüli saglyk görkezijisiniň bardygyna güwä geçýär, ilatyň 10 müň adamyna hassahana üpjünçiligi 54 orun bolup, 20 lukmandan ýetýär. Bu ilata lukmançylyk kömeginiň elýeterliligini üpjün edýän ýokary görkezijidir. Çaga keseliniň we ölüminiň görkezijileri peselýär. Eger-de, 1995-nji ýylda Türkmenistanda çaga keseliniň görkezijisi ilatyň 100 müňüne 40546,2 bolan bolsa , 2006-njy ýylda 26526,8 boldy, ýagny çaga keselçiligi 1,7 esse azaldy. Şu ýyllaryň içinde çaga ölümi 3 esseden gowrak azaldy.

Beýik Galkynyş we täze özgertmeler zamanasynda Hormatly Prezidentimiziň tagallasy bilen, Türkmenistanyň saglygy goraýşy täze hil derejesine çykdy diýip uly buýsanç bilen aýdyp bileris. Keselleriň öňüni almakda we bejermekde, medisinada iň häzirki zaman tehnologiýalaryny we bejeriş usullaryny peýdalanmakda häzirki zaman ylmynyň iň täze gazananlary durmuşa ornaşdyrylýar. Ylmy täzelikleri saglygy goraýyşda has giň

peýdalanmak maksady bilen, göz keselleri, onkologiýa, enäniň we çaganyň saglygyny goramak ylmy-barlag institutlarynyň strukturasy täzeden gurlup, olar ylmy-kliniki merkezlere öwrüldi. Ilata ýokary derejeli bejeriş-öňüni alyş, anyklaýyş we konsultatiw taýdan ýardam etmek, degişli ugur boýunça saglygy goraýyş edaralaryna usulyýet we amaly kömekleri bermek olaryň üstüne ýüklenildi. Lukmançylyk edaralarynyň strukturasynyň täzeden guralmagynyň netijesinde edaralaryň täze görnüşleri döredi, ylmy-kliniki merkezi bolan Merkezi kliniki hassahana açyldy. Munuň özi ylmy barlaglaryň netijeliligini we olaryň saglygy goraýşa has giň we netijeli ornaşdyrylmagyna ýardam etdi.

"Saglyk" Döwlet maksatnamasynyň durmuşa geçirilýän ýyllarynda Aşgabat şäheriniň günorta böleginde, Köpetdagyň eteginde buýsanjymyza öwrülen medisina şäherjigi peýda boldy. Ol ýerde halkara medisina merkezleriniň direksiýasy ýerleşýär, onda işleýän medisina hünärmenleri öz işlerinde iň häzirki zaman bejeriş usullaryndan we öňdebaryjy medisina tehnologiýalaryndan peýdalanýarlar. Şäherjik Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň täze ymaratyndan başlanýar. Direksiýanyň düzümine iň häzirki zaman medisina enjamlary bilen üpjün edilen merkezler bolan Kardiologiýa we kardiohirurgiýa halkara medisina merkezi, Anyklaýyş merkezi, Içki keseller merkezi , "Ene mähri" eneligi we çagalygy goramak merkezi, Onkologiýa merkezi, Kelle we boýun kesellerini bejerýän merkez, şonuň ýaly-da, merkezleriň işgärleri üçin gurlan naýbaşy ýaşaýyş jaýlary, çagalar bagy we orta mekdep girýär.

Anyklaýyş merkezleri dürli ýyllarda Mary şäherinde, Balkanabat we Türkmenabat şäherlerinde açylypdy. Türkmen lukmanlary ilkinji gezek seýrek we çylşyrymly keselleri anyklamaga, bejermäge ýardam edýän ýokary hilli enjamlarda işlemäge mümkinçilik aldylar. 2009-njy ýylda Maryda we Türkmenabatda, Gökdepe etrabynda "Ene mähri" merkezleri açyldy.

Halkara derejeli merkezler gysga wagtyň içinde lukmançylyk hyzmatynyň ýokary hili bilen ýurdumyzyň ilatynyň we Bitarap Türkmenistanyň myhmanlarynyň uly alkyşyna mynasyp boldy. Elbetde, bu alkyşlar, ilkinji nobatda, il-ulsunyň saglygyny ähli zatdan ilerde goýup, şeýle mümkinçilikleri döreden hormatly Prezidentimize niýetlenipdi. Milli Liderimiziň tagallasy bilen häzirki wagtda medisina şäherjiginiň territoriýasynda Türkmen döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň täze binasynyň gurluşygy güýçli depginde alnyp barylýar.

Tiz wagtdan türkmen paýtagtynyň demirgazyk böleginde hem medisina edaralarynyň toplumy – özboluşly ikinji saglyk şäherjigi peýda bolar. Bu ýerde 100 orunlyk merkezi deri keselleri hassahanasy, 60 orunlyk inçekesel bejeriş-öňüni alyş merkezi, 260 orunlyk ýokanç keseler bejeriş-öňüni alyş merkezi, şonuň ýaly-da, AIDS-iň öňüni alyş merkezi, merkezleşdirilen laboratoriýa we gan merkezi ýerleşer.

Türkmenistanda ilatyň saglygy meselesine aýratyn uly ähmiýet berilýär. Saglygyňy berkitmäge, keseliň örňemeginiň öňüni almaga döwlet

şypahanalary ýardam edýär. Bejeriş-abatlaýyş işleri täzeden geçirilenden soň, dünýä belli şypahanalar bolan Baýramalynyň böwrek sanatorisi, Mollagara, Arçman şypahanalary täze keşbe girip, bu ýerlerde ilata edilýän hyzmatyň hili hem düýpgöter gowulandy. Sportuň köpçülikleýinligini gazanmak we sagdynlygyň ösen infrastrukturasyny döretmek maksadynda sanatoriý-şypahana ulgamy, saglygy berkidiji häsiýete eýedir. Muňa mysal hökmünde Hazaryň ekologiki taýdan arassa kenarynda döredilýän "Awaza" milli syýahatçylyk zolagyny görkezmek bolar.

Saglygy goraýyşda üstünlik gazanmagyň netijeli bejeriş serişdeleriniň bolmagyna we oňa bolan islegiň doly kanagatlandyrylmagyna baglydygy hemmä belli hakykatdyr. Şonuň üçin reformanyň ýene bir wajyp ugry ilaty derman bilen üpjün etmekden ybarat bolup durýar. Muny döwlet aýratyn gözegçilikde saklaýar we ýurduň medisina, ilkinji nobatda, farmaseftika senagatynyň ösdürilmegine giň goldaw berýär. Häzirki wagtda ýurdumyzda köp görnüşli, ýokary hilli we bahasy doly elýeterli derman serişdelerini çykarmak işi doly ýola goýuldy. Olar dünýä boýunça şular ýaly derman serişdelerine mynasyp bäs edip bilýärler.

"Saglyk" döwlet maksatnamasyndaky ylmy barlaglary ösdürmek we ýerli çig maldan täze derman serişdelerini işläp düzmek, farmaseftiki kärhanalar üçin ösümlik we mallaryň önümlerinden derman çig malyny öndürmek we taýýarlamak, dermanlaryň görnüşlerini we möçberini köpeltmek barada "Türkmendermansenagat" önümçilik birleşiginiň hünärmenleriniň öňünde goýlan wezipe hem üstünlikli çözülýär diýip aýtmaga doly esas bar.

# DERMATOWENEROLOGIÝANYŇ GYSGAÇA ÖSÜŞ TARYHY

## Orta asyrlaryň beýik lukman alymlary: Gippokrat, Abu Aly ibn Sina, Seýit Ysmaýyl Gürgenli, Muhammet Gaýmaz Turkmen deri keselleri barada

Deri keselleri baradaky maglumatlar dürli halklaryň (hytaý, müsür, hindi, grek) irki zamandaky ýazuw çeşmelerinde ýatlanylýar. Gündogaryň belli lukmanlary – Abu Aly Al Huseýn Ibn Sina, Seýit Ysmaýyl Gürgenli, Muhammet Gaýmaz Türkmen we beýlekiler deri kesellerini anyklamak we bejermek işine örän uly goşant goşupdyrlar. Olar bize gymmatly ýazgylary miras galdyrypdyrlar. Biz olaryň köpüsini şu güne çenli öz lukmançylyk işimizde peýdalanýarys.

Müsüriň papiruslarynda biziň eýýamymyzdan öňki 3000-1000 ýý. süýjübaş, heýwere, gotur, dokuzdonly, siňňil we başgalar hakynda ýazylsa, Suşrutyň ýazmagyna görä, (biziň eýýamymyzdan öňki VIII-IV asyrlar) Hindistanda belli bolan kesselleriň hatarynda heýwere, saçdüşme, deriniň gijilewügi, iteşen ýaly deri kesselleriniň bolandygy we olaryň garşysyna ulanylýan emler, hakynda hem bellenip geçilipdir.

Gadymy Gresiýada lukmançylyk uly ösüşe eýe bolupdyr. **Gippokrat** (biziň eýýamymyzdan öňki 460-370 ýý.) deri keselleri hakynda ýazmak bilen, dörediji sebäpler boýunça olary iki topara (daşky we içki) bölüpdir. Ol adamyň ganynyň we beýleki suwuklyklarynyň zaýalanmagy deri kesselleriniň döremegine sebäp bolýar diýip hasaplapdyr. Gumoral nazarýet diýýän bu ugur köp asyrlap dowam edip gelipdir.

Gippokrat “Her bir dertli öz topragynyň dermany bilen bejerilýändir” diýipdir. Mundan başga-da, onuň ýanyna syrkaw girende aýdan sözlerem biziň günlerimize gelip ýetipdir: ”Biz üç sanydyrys – men, sen we kesel. Eger sen meniň diýenlerimi edip, maňa kömek etseň, biz iki bolarys we ýeke galan keseli ýeňeris. Eger diýenimi etmän, oň bilen birleşseň, onda iki bolup meni ýeňersiňiz“.

Gippokrat tebipçilik ugruna degişli örän köp kitap ýazypdyr. Onyň uly göwrümli kitaplaryna “Kitbü-fusul“, “Kitab mukkadati-magryfet“ we “Kitaby kabry Gippokrat“ ýaly eserleri degişlidir.

Gippokratyň kesellere beren atlarynyň birnäçesi şu wagta çenli saklanyp galypdyr. Olaryň arasynda herpes, lepra, alopecia, aftoz, carcinoma, ecthima, petechia ýaly adalgalar bar.

Dünýä belli alym **Abu Aly al Huseýin ibn Sina** (980–1037) – Orta asyrlaryň uly alymlarynyň biridir. Ol öz döwründe we häzirki zamanda giňden ulanylýan, lukmançylygyň ähli ýa-da aýry-aýry pudaklary boýunça gysga suratda hemme maglumatlary berýän ylmy gollanmalary ýazypdyr. Ol nesillere baý ylmy miras galdyryp, Orta Aziýa alymlarynyň ilkinjileriniň

hatarynda on ikiden gowrak ylmy öwrenip, Gündogar we Günbatar ýurtlaryň alymlarynyň arasynda döredijilikli aragatnaşyklaryň düýbüni tutujy bolupdyr.

Ibn Sinanyň uly işleriniň biri bolan “Lukmançylyk ylmynyň kanuny“ (6 jilt) atly meşhur kitaby, häzirki döwürde-de alymlara, ylmy işgärlere, lukmanlara, tebiplere we talyplara bahasyna ýetip bolmajak gollanmadyr. Ibn Sinanyň mundan başga-da, umumy 300 töweregi ylmy işi bardyr. Mysal üçin, beýik alymyň “Hakykat“, “Şepagat kitaby“, “Bedeniň anatomiýasy“, “Ýürek dermanlary” ýaly işlerini görkezmek bolar.

Ibn Sinanyň görkezmeleri, buýruklary, taglymatlary, pikirleri häzirki zaman dermatowenerologiýasynyň-da esasy sütüni bolup durýar. Ol Buharada ýaşan döwründe deri keselleri hakynda ýazan “Syýahatda ýüzüň reňkini goramak“, “Melhemler barada“, “Suwly daňylar barada“, “Ýaralaryň döreýiş sebäpleri“ , “Kirpikleriň gaçmagy“, “Dodakdaky jaýryklar“, “Dodakdaky ýaralar we çişler“ atly eserlerinde, şeýle hem pakgarçak (pempchigus), heýwere (lepra), iteşen (urticaria), gaşantgy (strophulus), siňňil (verruccae) baradaky işlerinde deri kesselleriniň döreýiş sebäplerini, ýüze çykýan alamatlaryny, olaryň bejeriliş usullaryny seljerýär. Alymyň: “Men gaýtalaýaryn: keseliň sebäbini bejer – bu lukmançylygyň esasy bolup durýar“ diýen jümlesi eserleriň içinden eriş-argaç bolup geçýär. Ol dürli deri kesellerinde adamyň immunitetini dikeltmek üçin berhiz saklamagy, suwly sagaldyş çärelerini geçirmegi, maşk etmegi, gowy ukyňy almagy ündäpdir, iýmitde süýji, turşy, ajy, duzly zatlardan gaça durmagy , ýönekeý naharlary iýmegi maslahat beripdir.

Ibn Sinanyň deri kesellerini bejermekde ulanan emleri, ösümliklerden, mallardan, minerallardan taýýarlanan kesel bejeriş serişdeleri; çopantelpek, erigiň toşaby, buýan, kümüş esbaplary, lanolin derman serişdeleri häzirki zamanda hem deri kesellerini bejermekde giňden peýdalanylýar.

Türkmenistan döwletimiziň Garaşsyzlygynyň ýyllary içinde Ibn Sinanyň baý lukmançylyk mirasyny çuň, köptaraplaýyn öwrenmäge we deri kesellerini bejermekde we amaly işde alymyň maslahatlaryny hem-de ylmy açyşlaryny toplumlaýyn ulanmaga giň mümkinçilikler döredi.

**Seýit Ysmaýyl Gürgenli** (1042–1137) – türkmenleriň oturymly mekany bolan Gürgende dünýä inipdir. Ol ömrüniň köp bölegini Köneürgenç şäherinde geçiripdir. Gürgenli öwrenen ylymlarynyň, baý tebipçilik we durmuş tejribesiniň esasynda onlarça ylmy eserleri döredipdir, olaryň aglaba bölegi “Horezmşahyň genji hazynasy“, “Ruhy kämillik barada“, “Ölçegler kitaby“, “Derňewler kitaby“, “Arzuwlar kitaby“, “Tebipçilik barada saýlanan eserler“, “Horezmşahyň farmakopeýasy“ ýaly uly göwrümli kitaplarda ýerleşdirilipdir.

“Horezmşahyň farmakopeýasy“ kitabynda Türkmenistanyň tebigatyny, ösümlik we haýwanat dünýäsini jikme-jik beýan edipdir. Gürgenli derman serişdeleri babatda has giň we anyk maglumatlary beripdir. Sany boýunça deňeşdirilende, Gippokrat – 200, Galen – 500, Ibn Sina – 800, Gürgenli – 1000-den hem gowrak derman serişdelerini ýazyp galdyrypdyr. Onuň

maslahat berýän derman serişdeleriniň köpüsi häzirki wagtda Türkmenistanda duş gelýän ösümliklerden ýasalandyr. Keselleri bejermegiň usullaryny salgy berende, tanymal tebip haýsy ösümlikden nähili melhem ýasaýandygyny, olaryň düzümini, mukdaryny, ulanylyş aýratynlyklaryny anyk mysallarda beýan edipdir.

1128-nji ýylda Köneürgenç döwletiniň soltany Atsyzyň haýyşy boýunça “Horezmşahyň farmakopeýasy“ kitabyny ulanmaga has amatly bolar ýaly gysgaldyp, oňa “Tebipçiligiň ýankitaby“ diýen at beripdir. Bu kitap häzirki zamanda hem öz ähmiýetini ýitirenok.

Şol döwürleriň meşhur lukman-tebipleriniň ýene-de biri **Muhammet Gaýmaz Türkmen** “Pygamber tebipçiligi “ diýen eserinde şeýle beýan edýär: ”Ynsan süňňünde bolup geçýän ahwallar üç ýagdaýdadyr: sagat (sagdyn), syrkaw we olaryň arasyndaky halat, ýagny dertden saplanyp barylýan ýa-da garrylyk basmarlaýan ýagdaýlar. Çünki Allatagalanyň adamzada yslamdan soňra bagyş eden iň uly nygmaty saglykdyr”.

Bir çarwa arap Pygamberimize garap: “Eý, Allanyň ilçisi, men namazdan soň Alladan näme diläýin?“ diýende, ol: “Saglyk dile“ diýip, jogap beripdir.

Bulardan başga-da, alym “Syrkawlyk saglygyň ters tarapydyr. Her keseliň ýüze çykyşy, artyşy, soňra pese gaçyşy we gutaryşy bardyr“ diýip ýerlikli belläp geçipdir.

1571-nji ýylda italýan alymy **Merkurialis** “De morbus cutaneus“ atly deri keselleri baradaky ilkinji okuw kitabyny neşir etdiripdir. **Malpigiý** bolsa, deriüsti gatyny buýnuz we malpigiý gatlaryna bölüp, ýag we der mäzleriniň, saç haltajyklarynyň gurluşy barada ýazypdyr.

XVIII asyryň aýagynda ykdysadyýetiň ösüp başlamagy bilen, deri kesellerini öwrenýän ýörite mekdepler döräp başlapdyr.

Wena mekdebiniň – düýbüni tutan prof. **Plenk** deri keselleri barada okuw kitabyny döredipdir – “Doctrina de morbis cutaneus” (1776) we deri kesselleriniň toparlanmasyny bermäge synanyşypdyr. Ol deri kesselleriniň daşky meňzeşligine esaslanyp (örgünleriň morfologik alamatlaryna görä), olary 14 topara bölüpdir. Şol döwürden dermatologiýany öwrenmegiň taryhyna morfologik döwür diýlip başlanýar.

Iňlis mekdebiniň wekilleri **Willan** (1757–1812) we onuň okuwçysy **Beýtman** (1778–1821) deri keselleri barada gollanma we suratlar bilen bezelen kitap çapdan çykardylar. Bu alymlar deri kesellerini öwrenmekde morfologik ugry has ösdürdiler.

Fransiýa mekdebiniň düýbüni tutujylar: **Žan Aliber** (1766–1837) bilen **Bazendir** (1807–1878). Aliberiň pikirine görä deri kesselleriniň köpüsi bedeniň umumy näsazlygyndan döreýär, aýratyn diskraziýa bolýar, bedeniň suwuklygy zaýalanýar, diatez ýüze çykýar diýip, gumoral nazarýeti makullapdyr. Bazen hem gumoral nazarýety makullap “Aýratyn deri keselleri ýok, bütin bedeniň keseli bar, deride bolsa bedeniň näsazlygy şöhlelenýär” diýer eken.

Nemes mekdebiniň düýbüni tutan **Gebra** (1816-1880) we onuň zehinli okuwçysy **Kapoşi** deri keselleriniň patologoanatomiki toparlanmasyny berýärler we gollanma hem suratlar bilen bezelen kitap çap etdirýärler. Gebranyň hödürlän toparlanmasy öz döwründe deri kesellerini öwrenmekde täze uly bir basgançak bolupdyr. Olaryň işlerinde deri keselleriniň döremeginde daşky himiki, fiziki we başga-da, gyjyndyryjy täsirlere uly ähmiýet berlipdir.

Russiýanyň dermatowenerologiýa gullugynyň düýbüni tutujy **Pospelowdyr** (1846–1916). Şeýle hem Moskwa mekdebiniň wekilleri: **Meşşerskiý, Çernogubow, Wedrow, Maşkilleýson, Kartamyşew, Nikolskiý** dagynyň dermatowenerologiýa ylmyny ösdürmekde eden işleri we goşan goşantlary örän uludyr.

XIX asyryň aýagynda, esasan, XX asyrda dermatologiýa uly ösüş gazandy, ýagny ýüzlerçe (belli däl) täze keselleri öwrenilipdi, okuw kitaplar, gollanmalar, suratly kitaplar, ýörite derňewler çap edildi, bütin dünýäde deri kesellerini bejerýän hassahanalar, özbaşdak kafedralar, ylmy-barlag institutlar döredildi.

Mikrobiologiýanyň uly üstünlikleri deri keselleri döredýän mörjewleriň toparlanmasyny düzmäge mümkinçilik berdi. Emma soň, belli bolşy ýaly, bedene düşen mörjewler, her bir adamda hökmany kesel döredenok ýa-da bir mörjew, her bir adamda keseliň dürli alamatlaryny döredip biler diýlen netijä gelindi. Şondan soň alymlar keseliň döremegine getirýän sebäpleri anyklamaga aýratyn üns berip başladylar. Şeýlelikde, deri kesellerinde patogenetiki ugur ösdürilip başlandy.

Turkmenistanda 1920-nji ýyllara çenli deri we weneriki kesellileri harby lukmanlar bejerýärdiler. 1925-nji ýylda ähli welaýatlarda we uly şäherlerde deri we weneriki dispanserler, etraplarda bolsa deri we weneriki otaglar we wenpunktlar açyldy. 1930-njy ýylda Aşgabatda “Gyzyl haç“ hassahanasynda deri we weneriki keselliler üçin 30 ýerli hassahana işläp başlady.

1932-nji ýylda 30 ýerli hassahanany giňeldip, onuň esasynda deri we weneriki keselleriň ylmy-barlag instituty açyldy. Şol ýylda hem ylmy-barlag institutyň esasynda Türkmen döwlet lukmançylyk institutynyň deri we weneriki keseller kafedrasy açyldy. **A.P.Lawrow, N.A.Smorodinsew, P.W.Kožewnikow, N.G.Osipýan, N.F.Rodýakin, N.I.Metliskiý, M.E.Ereşow, E.M.Izmaýlow** dürli ýyllarda bu kafedranyň müdirleri bolup işläpdirler.

Turkmenistanda dermatowenerologiýadan alnyp barylýan ylmy barlaglaryň esasy ugurlary deri leýşmaniozy, dermatomikozlar, heýwere, pis açma, Arçmanyň we Berzeňňiniň mineral suwlarynyň deri kesellerde berýän netijileri we weneriki keseller ýaly meselelere bagyşlanandyr.

Türkmen alymlarynyň ylmy barlaglary netijesinde deri leýşmaniozynyň ençeme çylşyrymly meseleleri öz çözgüdini tapdy. Deri leýsmaniozynyň dürli kliniki görnüşleri jikme-jik öwrenildi, onuň kliniki toparlanmasy işlenip

taýýarlanyldy. Leýşmaniozyň iki hili, ýagny antroponoz we zoonoz görnüşleriniň prof. M.E.Ereşow, l.y.k. N.M.Hanmämmedow we l.y.k. H.K.Huseýnowa tarapyndan ýüze çykarylmagy lukmançylyk tejribesinde uly açyşlaryň biri boldy. Deri leýşmaniozynyň zoonoz hiliniň epidemiologiýasynda ýabany gemrijileriň ähmiýeti kesgitlenildi. Patogistologik, immunologik, eksperimental synaglara, kesel bejeriş usullaryna degişli ençeme ylmy işler ýazyldy. Leýşmaniozyň öňüni almak maksady bilen, leýşmania waksinasy hem onuň sanjym usullary işlenip taýýarlanyldy. Geçirilen bu işler uly amaly ähmiýete eýe bolup, leýşmaniozyň antroponoz hiliniň soňuna çykylmaga hem-de zoonoz hili bilen kesellemegiň azalmagyna mümkinçilik döretdi.

Türkmenistanda witiligo (ala, pis açma) keseli 1960-njy ýyllarda bejerilip başlanyldy. Biziň alymlarymyz prof. M.E.Ereşow, dos. A.M.Izmaýlow ala keselini täze usul bilen bejerip başladylar. Olar ilkinji bolup furakumarin, hinalin toparynyň dermanlary, mikroelementler, Günüň şöhlesi bilen bile toplumlaýyn bejeriş usullaryny işläp düzdüler.

Türkmen alymlary l.y.k. N.M.Hanmämmedow, lukman S.S.Arutýunowa, l.y.d. B.R.Reýimgulyýew goturakly kesellere (gotur, kel, saç gyrkyjy demrew, garabaş) degişli ylmy barlaglaryň uly tapgyryny alyp bardylar. Ýurdumyzda ägirt uly sagaldyş çäreleriniň yzygiderli geçirilmegi netijesinde 1960-njy ýylda şol keselleriň ep-esli azalmagy gazanyldy. Şol döwürde ýurdumyzda fawus keseli düýbünden ýok edildi.

Jyns gatnaşyklary arkaly geçýän keseller (JGAGK) hakynda, hasam gonoreýa we sifilis keselleri hakynda türkmen alymlary: dos.A.M.Izmaýlowyň, l.y.k. M.Ö.Taňryberdiýewanyň, l.y.k. N.K.Rejepowanyň, l.y.k. G.A.Kekilowanyň dissertasion we köpsanly ylmy-derňew makalalary, usulyýet gollanmalary, başga-da, onlarça gollanma eserleri çap edildi. Alnyp barlan ylmy işleriň esasy ugurlary: keselleriň diagnozyny, soňky döwürde emele gelen kliniki özgerişlikleri anyklamak , JGAGK keselleriniň öňüni almak we täze bejeriş usullaryndan ybarat boldy.

Lukmanlar l.y.k. M.B.Hudaýberdiýew we A.A.Gowşudow tarapyndan Türkmenistanda kesellemegiň derejesini peseltmek we heýwere (lepra) keseliniň öňüni almak boýunça köp işler amala aşyryldy.

Gyzyl tekiz demrew keseliniň ýaýramagynyň öňüni almak we bejermek meselelerini öwrenmek boýunça l.y.k. A.A.Ataýewa, deriniň wirusly kesellerini öwrenmek boýunça l.y.k. K.N.Gudratullaýew tarapyndan köpsanly ylmy-barlag işleri durmuşa geçirildi.

Beýik Galkynyş we täze özgertmeler zamanynda hem ýurdumyzyň lukmançylygynyň bir pudagy bolan dermatowenerologiýada hem türkmen alymlary uly işleri alyp barýarlar. Hormatly Prezidentimiziň „Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri“ atly ensiklopediýasy we beýleki gymmatly kitaplary bu ugurda esasy gollanma bolup, hyzmat edýär. Il-ulsuň saglygyny ýurt baýlygyna deňeýän ýurt Baştutanymyzyň taýsyz tagallasy bilen Aşgabadyň

demirgazyk böleginde ikinji saglyk şäherjiginiň peýda bolmagy bilen, işleriň has-da ilerläp, täze derejä çykjagyna şek-şübhe bolup bilmez.

# D E R I  K E S E L L E R I N I Ň  U M U M Y  M E S E L E L E R I

## DERINIŇ ANATOMIÝASY WE GISTOLOGIÝASY

D e r m a t o l o g i ý a - deri hakynda ylym (derma grekçe - deri, logos - söz, ylym).

D e r i (cutis), adamyň endamynyň daşky örtügi bolup, tebigy deşiklerde, agyzda, burunda, gözlerde, jyns synalarynda, artbujakda nemli bardalara geçýär. Deriniň umumy meýdany 1,5-2 m, galyňlygy 1 mm-den 4 mm-e çenli (eliň aýasynda, dabanlarda) bolýar. Deriniň öz agramy adamyň umumy agramynyň 5 %-ne barabardyr. Deriniň üstünde, ähli ýerinde diýen ýaly, köp sanly joýajyklar, epinler,çöketlikler bolup, olar deriniň suratyny döredýärler. Ol her bir adamda aýratyn we diňe şol bir adama mahsus bolýanlygy üçin, adamyň şahsyny anyklamakda (daktiloskopiýa) ulanylýar. Deriniň reňki deriüsti gatlarynyň galyňlygyna, gan damarlarynyň görnüşine we melaniniň (reňk beriji jisimiň) mukdaryna bagly bolýar.

Deriniň köp ýeri tüý bilen örtülendir. Olaryň ýok ýerleri: dodaklaryň gyzyl zolagy, eliň aýalary, dabanlaryň asty, erkekleriň ujydynyň ujy (glans penis), aýallarda kiçi we uly jyns dodaklarynyň iç tarapy.

Deriniň üstünde, çala bildirýän deşijikler bolýar, olar der we ýag mäzleriniň der we ýag çykarýan deşijikleridir.

Deriniň goşuntgylaryna: der we ýag mäzleri, saçlar we dyrnaklar girýärler.

Deri: deriüsti (epidermis) we hakyky deri (derma) gatlaryndan durýar. Hakyky deri iň aşaky gatlarynda trabekul atly süýümler bilen deriasty ýag öýjüklerine geçýär.

Deriniň üstki gatlagy (epidermis) – köp gatly ýasy epiteliýden (deriniň we nemli perdejikleriň üstki gatlaklaryň öýjüklerinden) durýar, ol düwünçegiň daşky – ektoderma gabyjagyndan emele gelýär.

## DERIÜSTI GATLAGY (EPIDERMIS)

D e r i ü s t i  g a t (epidermis) – 5 gatdan ybaratdyr.

E s a s y ya-da k ö p e l i j i (stratum bazale) gatlak bir hatar silindr görnüşli uzyn öýjüklerden düzülendir. Ol öýjükleriň içinde reňki özüne oňat kabul edýän özeni bolýar. Ondan başga-da, bu gatlakda dendritiki köp şahajykly, doýgun reňkli özenli öýjükler bolýar. Olaryň köpsanly şahajyklary-ösüntgileri, goňşy öýjükler bilen çyrmaşyp, ýokarky gatlaklarda öýjükleriň arasyna girýärler. Esasy gatlagyň aýratynlygy:

- bu esasy, tohumlyk, köpeliji gatlak bolup, deriüsti gatyň ähli ýokarky gatlaklarynyň öýjükleriniň emele gelmegini berjaý edýär;

- esasy gatlagyň öýjükleriniň düzüminde (protoplazmada) melanin pigmenti bolup, bedeni radiasiýadan we ultra melewşe gün şöhlelerden goraýar, “D” ýokumyny döredýär.

T i k e n l i g a t (stratum spinosum) – 3-den 8-12 çenli hatar, dörtburç şekilli, biri-biri bilen galtaşmaýan öýjüklerden durýar. Ýöne bu öýjükleriň özara baglanşygy gaty berk, çünki bu öýjükler özara tikenjikleri (desmosomlar) arkaly çatlyşyp, beýleki öýjüklere-de geçýärler. Muňa akantalar diýilýär. Ýokary süýşdügiçe öýjükler ýasylaşýarlar.

D ä n e l i g a t (stratum granulosum) ýa-da keratogialin gaty. Adatça 1-2 hatar, pişme şekilli, süýri öýjüklerden we özenlerden durýarlar. Bu öýjükler çagalaryň diňe eliniň aýasynda we dabanlarynda bildirýärler.Öýjükleriň töwereginde tolofilomentler, özeniň daşynda bolsa, keratogialin dänejikleri bolup, öýjükleriň garramagynyň birinji tapgyryny aňladýarlar.

Ýokarda görkezilen 3 gatlaga bilelikde M a l p i g i ý gatlagy, ýagny ösüji (öýjükli gatlaklar) diýilýär. Deriüsti gatlaklarda gan damarlary bolmaýar, osmos we diffuziýanyň hasabyna iýmitlenýärler. Däneli gatlakdaky keratogialin dänejikleri kem-kemden eleidin jisimine öwrülip, eleidin - ýaldyrawuk gatlagyny emele getirýär.

Ý a l d y r a w u k ýa-da e l e i d i n gat (stratum lucidum) - çala görünýar (çagalarda eliniň aýasynda, dabanlarynda-da çala bildirýär). Bu gatlagyň öýjükleri bolman, tutuş bir (gomogen) glikogenden, lipidlerden, olein turşulygyndan düzülen jisimden ybaratdyr. Oňa şohläni döwýän eleidin, eleidin gatlagy diýilýär. Onda öýjükler we özenler görünmeýärler. Eleidin suwy we yzgary geçirmeýär. Eleidin özüniň ösüşiniň soňky halatynda, iň soňky jisim bolan keratine öwrülip, buýnuz gatlagyny emele getirýär.

B u ý n u z gatlagy (stratum corneum) - bu gatlak öýjüksiz, özensiz, ýasy teňňejiklerden durýar. Gatlagyň ýokarky böleginde teňňejikleriň ýerleşişi dykyz bolmaýar, olaryň guranlary tozgalanýar we düşýär.

## HAKYKY DERI

H a k y k y d e r i (derma, cutis) – iki bölümden durýar:

E m z i k l i gatlak (stratum papillare) – ýokarky ýüzleý gatlagy

T o r l y gatlak (stratum reticulare) - aşaky çuň gatlagy

Bu iki gatlagyň şertli araçägi – ýokarky ýüzleý gandamar çyrmaşygy hasaplanylýar. Çagalaryň derisi uly adamlaryň derisinden, öýjükleriň köplük etmegi bilen tapawutlanýarlar. Deri gatlagyndaky öýjükleriň görnüşleri: fibroblastlar, gistiositler, melanofaglar, ýogyn öýjükler, plazmatiki, retikulýar we endotelial öýjükler. Deri gatlagyndaky süýümleriň görnüşleri: çeýe, süýngül, kollagen we argirofil. Deriniň emzikli gatlagynda inçe süýümler köplük edýär, torly gatynda olar ýognaýarlar.

D e r i a s t y ý a g ö ý j ü k l i g a t l a g y (gipoderma). Bu gatlak çagalarda gowşaklygy we ýag bölejikleriniň köplügi bilen häsiýetlenýär. Bu

gatlagyň agramynyň, çaganyň umumy agramyna bolan gatnaşygy, uly adamyňka garanyňda 5 esse köpdir. Çagalarda, ýag öýjükleriniň düzüminde, uly adamlardaka garanda, stearin, palmitin ýaly haýal ereýän, has gaty ýag turşulyklarynyň mukdary köp bolýar, emma olein ýag turşulygy az bolýar.

G a n d a m a r we l i m f a t i k i ulgamlar. Çagalarda hem uly adamlaryňka meňzeş, ýagny ýokarky – ýüzleý we aşaky çuň gandamar torlary bolýar, uşak gandamarlary köp bolýar. Deriüsti gatlagyň, hususy deriniň, deriasty ýag gatlagynyň öýjükleriniň hil taýdan ýeterlik kämilleşmänligi, süýümleriň gurluşy, ýag turşulyklarynyň çagalarda, ylaýta-da täze dogulan çagalarda, özboluşly düzümi, çaga derisini mahmal ýaly, ýumşak, çeýe edýär.

D e r m ä z l e r i – çaga enesiniň göwresindekä, 4-5 aýlyk wagty döräp, eneden dogmanka işläp başlaýarlar, emma olaryň işleýşi ýeterlik bolmaýar, çünki ol döwürde kelle beýnisiniň der bölüp çykarýan merkezleri ösmedik bolýar – şolara ekkrin der mäzleri diýilýär. Apokrin der mäzleri diňe kemala geliş döwründen işläp başlaýarlar. Olar jyns synalarynda, goltykda, döşde ýerleşýärler. Der mäzleri deriniň ähli ýerinde duş gelýär. Deriniň 1 $sm^2$ 200-800 der mäzleri ýerleşýar. Der mäzleriniň iň köp ýeri: elleriň aýasy, dabanlar, ýüz, gursak, arka. Iň az ýerleşen ýerleri – aýaklar. Dodaklaryň gyzyl zolagynda, erkekleriň ujydynyň ujynda, aýallaryň kiçi jyns dodaklarynda der mäzleri bolmaýar. Der mäzleriniň esasy wezipesi bedenden 900 ml-den 3,5 l-e çenli mukdarda suwy bölüp çykarmak we adamyň beden gyzgynlygyny bir derejede saklamakdan (termoregulýasiýa) ybaratdyr. Deriň düzümi: 99%-suw, 1%-duzlar, natriý hlor, kaliý hlor.

Apokrin mäzleriniň der çykarýan ýoljagazlary – nowhanajyklary saç, tüý haltajyklaryna goşulýarlar.

Ý a g m ä z l e r i – bular golokrin (öz-özünden dargaýan) mäzlerdir. Mäziň öýjukleri, mäziň ortasyna-merkezine tarap süýşýärler, ýagdan dolan mäzler öz-özünden ýyrtylyp, dargap, ýag bilen birlikde, köplenç, saç, tüý haltajyklaryna – follikula düşýärler. Çagalarda ýag mäzleri has uly we köp bolýar, ýlaýta-da bu mäzler ýüzde, kellede we jyns synalarynyň töwereginiň derisinde has köp bolýar. Ýag mäzleriniň güýçli işlemegi we ýagyň köp bölünip çykmagy, derini gyjyndyryp, ylaýta-da emýän we 1-2 ýaşyndaky çagalarda, seboreýa suwjarýan demrew keseliniň döremegine sebäp bolup biler. Çaga ösdügiçe-ulaldygyça, ýag mäzleriniň ýag işläp çykarmak işi gowşaýar, käbir mäzler garrap, ýag işläp çykarmakdan galýarlar.

## SAÇLAR (PILUS)

Saçlaryň birnäçe görnüşleri bolýar:

U z y n s a ç l a r (kelläniň saçly bölegi, sakal, murt, goltukdaky, gasykdaky, jyns synalaryndaky saçlar)

I r i m s i g y l s a ç l a r (kirpikler, gaşlar, burun, gulak boşluklarynda).

M y ý m y k t ü ý l e r (ýüzde, göwrede, ellerde, aýaklarda).

Kelläniň saçly ýerinde 30000-den 150000-e çenli saç ösýär. Saçlaryň ösüşiniň çaltlygy, bir gije-gündizde 0,1 mm-den 0,5 mm-e çenli, ol adamyň umumy ýagdaýyna, degna we endokrin ulgamlarynyň işleýişlerine, iýmitine we başgalara bagly bolýar. Saçlaryň ýaşaýan ömri bir näçe aýdan 4 ýyla we ondan hem uzaga çekýär. Adaty ýagdaýda uly adamlarda 30-dan 100-e çenli, ondan hem köpräk saç düşýär.

Saçyň özeni deriden ýokary çykyp durýan bölegidir, saçyň köki deriniň içindäki bölegi bolup, ol saç haltajygynyň içinde ýerleşendir. Saç haltajygy birnäçe gatlakdan we birleşdiriji dokumadan düzülendir. Saçyň köküniň aşaky giňelen ýerine saçyň düýbi diýilýar, şonuň hasabyna-da saç ösýär. Saçyň düýbine emzijek girýär, ondan degna sapaklary, gan damarlary geçýärler we saçlary iýmitlendirýärler.

Saç haltajygy örtüji epiteliýa bilen örtülendir. Saç haltajygynyň agzynda deriüsti gatlagyň ähli gatlary saklanýarlar, guýguçdan aşakda deriüsti gatlagyň diňe esasy we tikenli gatlary (daşky kökhaltajygy) bolýar. Daşky kök haltajygy, saçyň düýbüne golaýlaşdygyça ýuwkalyp, saç düýbüniň öýjükleri bilen goşulyşýarlar.

Saçyň düýbi poligonal oýjüklerden durýar, olar birsyhly köpelip, köp mukdarda pigment saklaýarlar.

Saç düýbiniň öýjüklerinden täze saç döreýär we birnäçe hatar öýjükler emele gelip, olar saçyň köki bilen daşky kök haltajygynyň arasynda ýerleşýärler we içki kök haltajygyny emele getirýärler. Içki kök haltajygy üç gatlakdan durýar:

1) Içki kök haltajygynyň kutikulasy.

2) Geksli, 1-2 hatar köpburçly öýjüklerden durýar, olaryň özenleri mürşerendir.

3) Genle gatlagy – daşky gatlak, bir hatar,özensiz, buynuzlaşýan öýjüklerden durýar.

Saç haltajygyna ýag mäzleriniň ýodajygy girýär. Saçlar tekiz etler bilen üpjünlenen, olar ýygrylan mahalynda saçlar dikelýärler we deri ýagynyň bölünip çykmagyna getirýär.

## DYRNAKLAR (UNGUIS)

D y r n a k (unguis) – barmaklaryň dyrnak bognunyň üstünde ýerleşen buýnuzdan ybarat bolup durýar. Dyrnaklaryň arkasyny we gapdallaryny deriniň epinleri ýapýar.

Dyrnaklarda, onuň bedeni (corpus unguis), köki (radix) we öň tarapyndaky boş gyrasy (margo liber) bolýar. Dyrnagyň gutarýan ýerini, ýagny dyrnagyň düýbüni deriüsti gatlagyň buýnuz gaty ýapýar (eponichium). Dyrnak köküniň ýerleşýan ýerine dyrnak maýasy diýilýär (matrix unguis), bu dyrnagyň ösýän ýeridir. Dyrnagyň yzky düýbünde agymtyl bölegi bolýar, oňa aýjagaz diýilýär. Dyrnaklary biri-birine berk ýapyşan buýnuz maddalary

emele getirýärler. Dyrnaklaryň üsti tekiz, aşagy tekiz däl, şoňa görä-de dyrnaklar öz dyrnak ýerlerinde berk ornaşýarlar.

Dyrnaklaryň maýa böleginde, dyrnaklaryň köküne golaýda uly öýjükler onihoblastlar bolýar, şolardan hem dyrnak emele gelýär. Dyrnaklar birsyhly öňe süýşüp, ösüp, 90-115 güniň dowamynda täze dyrnak bilen ornuny çalyşýar, ýagny täzelenýär.

## DERINIŇ ÝERINE ÝETIRÝÄN ESASY IŞLERI

G o r a ý y ş  i ş i. Deri iňňän berk synadyr. Öz düzüminde çeýe, kollagen süý ümleriniň barlygy sebäpli, deriniň maýyşgaklyk ukyby hem bardyr; şonuň  üçinde mehaniki täsirlerden , meselem urgudan, kesilmekden, basyşdan we ş.m.

Buýnuz gatlagy suwy, gyzgyny we elektrik togyny geçirmeýär. Melanin (reňk beriji jisiminiň) barlygy sebäpli, deri adam bedenini ultra-melewşe şöhle lerden goraýar. Deriniň ýüzünde suw-ýag örtügi emele gelýär. Onyň PH-lygy 5,0-6,0 turşulyga barabardyr. Şol sebäpli deri özüni biologiki täsirlerden: wiruslardan, mörjewlerden, gotraklardan goraýar.

Buýnuz gatlagynyň elmydama täzelenýändigi sebäpli, deri mörjewlerden arassalanyp durýar.

Deri ýagynyň himiki düzimi olaryň mörjewleri öldürmäge ukyply bolmagyna ýardam edýär.

D e r i n i ň  g y z g y n l y g y  k a d a l a ş d y r y ş  i ş i. Deriniň adam bedeninde, gyzgynlygy kadalaşdyryş hadysasyna gatnaşmagy, bedeniň iň möhüm fiziologiki işleriniň biri bolup durýar.

Sagdyn adamyň bedeni, daşky howanyň gyzgynlyk derejesiniň ýokarylygyna ýa-da pesligine garamazdan, adatça içki gyzgynlygyny mydama bir derejede saklaýar. Himiki we fiziki hadysalaryň gyzgyny kadalaşdyrmagy bilen, bedeniň gyzgynlygy belli bir derejede durýar.

Himiki gyzgynlygy kadalaşdyrmaga bedeniň işläp çykarmak hadysasy, ýagny, madda çalyşmak zerarly energiýanyň boşamagy, girýär. Bu hadysa gyzgynlygy öndürmeklige girýär. Munyň garşysyna gyzgynlygy ýitirmek, fiziki gyzgynlygy kadalaşdyrmaklyga degişli bolýar we ony deri 3 ýol bilen amala aşyrýar: şöhlelenýän gyzgynlyk (şöhlelenýän energiýa-infragyzyl şöhle görnüşinde); gyzgynlyk geçirmek (bedeniň gyzgynlygy bilen daşky howanyň gyzgynlygynyň arasyndaky tapawut)  beden artyk gyzgynlygy daşary  we deriniň üstünden deriň, suwuň bugarmagy netijesinde (derlemeklik) gyzgynlygyň kadalaşmak ýagdaýy bolup geçýär .

Bedeniň gyzgynlygynyň şöhlelenmek ýoly bilen energiýany özünden daşary çykarmaklygy we geçirmekligi diňe töwerek-daşyň gyzgynlygynyň bedeniň gyzgynlygyndan pes bolan halatlarynda amala aşyrylýar.

Gyzgynlygy daşa çykarmaklyk deriniň gan damarlarynda ganaýlanyşygyň üýtgemegi netijesinde bolup geçýär. Daşky howanyň gyzgynlygy ýokary bolanda gan damarlary giňelýärler, olardan akyp geçýän

ganyň mukdary artýar we gyzgynlygy daşary çykarmak, bermek güýçlenýär. Gyzgynlygy bermeklik güýjän mahalynda, der mäzleriniň işlemegi güýçlenýär (deriniň üstünden bir gije-gündiziň dowamynda 10 litr we ondan hem köp mukdarda suw bugaryp biler) Daşky howanyň gyzgynlygy pes bolsa, gan damarlary daralýarlar, olarda aýlanýan ganyň mukdary azalýar (içki synalarda-köpelýär), netijede bedeniň gyzgynlygy daşa çykarmagy, bermegi azalýar.

Gyzgynlygyň daşa çykarylmagy, berilmegi reflektor amala aşyrylýar deriniň degna reseptorlarynyň gyjynmagy zerarly, reflektor (şöhläniň yzyna gaýtarylmagy) mysalynda amala aşyrylýar, şonuň ýaly-da kelle beýnisiniň gabyk gatlagynda ýerleşýän, gyzgynlygy kadalaşdyrýan merkeziň gönüden-göni gyjyndyrylmagy zerarly amala aşyrylýar.

R e s e p t o r  i ş i. Deride köp dürli degna damarlaryň ujy ýerleşendir. Şoňa görä-de çetki saýgaryjy bolup, ol daşdan we içden gelýän habarlary özüne kabul edip, merkezi degna ulgamyna iberýär. Aýry-aýry degna uçlary, aýry-aýry düýgulary kabul edýärler: M e r k e l we M e ý s s n e r bedenjikler galtaşmaklygy (taktil) duýýarlar, K r a u s kolbasy- sowuklygy, R u f f i n i bedenjikler – yssylygy, gyzgyny, F a t e r-P a ç i n i bedenjikleri – çüň basyşy duýýarlar. Deriniň 1 sm ýerinde:

- 2 sany ýylylyk reseptorlary,
- 12 sany sowuklyk reseptorlary,
- 25 sany galtaşmagy duýýan reseptorlar,
- 150 sany agyryny düýýan reseptorlar ýerleşýärler.

S e k r e t o r  w e  e k s k r e t o r  i ş i. Bu işleri der we ýag mäzleri ýerine ýetirýärler. Ekkrin der mäzleri gowşakturşy reaksiýaly, 99% suw, 1-2% suwda ereýän organiki däl birleşmeler
( fosfatlar, sulfatlar, Na we K hloridleri), organiki maddalar (peşew turşylygy, kreatini, ammiak, uglewodlar) düzüminden durýar. Der bilen her dürli dermanlar hem bölünip çykýar ( myşýak, simap, hinin, brom we başgalar). Ýag mäzleri we apokrin der mäzleri, ylaýta-da kemala geliş döwründe aralyk ýaglary, azot, sulfat we fosfat jisimlerini köp çykarýarlar. Deri ýagy hem edil der  ýaly köp dürli dermanlary (brom, ýod, kükürt, demir, salisilatlar we başgalar) daşaryk çykarýar.

D e r i n i ň  d e m  a l y ş  w e  r e s o r b s i o n  i ş l e r i. Çagalarda deriniň deriüsti gatynyň öýjükleriniň kämilleşmänligi zerarly, onuň ejizligi, seýrekligi, şonuň ýaly-da deride gan damarlarynyň köplügi, deriniň dem alyş işini ýeňledýärler diýip hasap etse bolar, şeýlelikde bular çaganyň umumy dem alyşyny ýeňledýär. Umumy dem alyşyň 2%-i deri arkaly amala aşyrylýar. Bir gije-gündizde CO2-niň 7-9gr deri arkaly çykýar.

D e r i n i ň  m a d d a  ç a l y ş y ş  i ş i. Sekretor we dem alyş işlerini birleşdirip öz içine alýar. Deride  D3 ýokumy we holekalsiferol emele gelýär. Deride T-limfositleri güýçlendirýän  timopoetin gormony emele gelýär. Langergans öýjükleri interferon işläp çykarýar.

Deride keratin (buýnuz maddasy), melanin, D3 ýokumy ýaly maddalary emele getirýän biohimiki hadysalar bar we olar diňe derä mahsus hadysalardyr. Deri adamyň bolup geçýän suw, mineral, ýag, ýokum we uglewod ýaly maddalaryň madda çalyşygyna gatnaşýar. Etlerden soň, suwy köp saklaýan ikinji syna deridir. Ýokum madda çalşygy, albuminleriň, globulinleriň, mukoidleriň, elastinleriň, keratiniň we ýokum önümleri – aminokislotlaryň, moçewinalaryň, keratiniň, ammiagyň hasabyna bolup geçýär.

D e r i n i ň  i m m u n  i ş i. Deriniň immun ulgamynyň gurluşy ýabak mäziniň gurluşyna menzeş bolany üçin, derini bedeniň çetki, ýokary derejede kämilleşen immun synasy hasaplasaň bolar. Deri ähli limfoid synalaryň we öýjükleriň birleşmesidir. Immun-goraýyş oýjükleriň esasy T-limfositleridir. Olar kämilleşen we kämilleşmedik bolýarlar. T-limfositleriň kämilleşmegi timusda bolup geçýär, emma soňky wagtlarda T-limfositleriň kämilleşmegi, deriniň deriüsti gatlagynda bolup geçýanliginiň üsti açyldy. Immun komponent öýjükleri: epiteliositlerden, epidermal makrofaglaryndan, T-limfositlerinden (80% T-limfositler, 20% B-limfositler), gistiositlerden (dokuma bazofilleri) ybaratdyr.

Iň ähmiýetli immun öýjükleriniň biri-de Langergans öýjükleridir. Ol deriüsti gatlaklarynyň öýjükleriniň 5%-ni tutýar.

## DERINIŇ GISTOMORFOLOGIKI ÜÝTGEMELERI

Deriniň köp keselleri çişginli häsiýetli bolýarlar. Keseliň reaksiýasynyň derejesine, keseliň dowamlylygyna baglylykda, ýiti, ýitiräk hroniki we şertli çişlere, bölýärler. Olar, daşky we içki gyjyndyryjylaryň täsirine jogap bermek häsiýeti, reseptor apparatlaryň, merkezi degna, endokrin ulgamlarynyň ýagdaýyna, bedeniň reaktiwligine bagly bolýar.

Çişginlik hadysasy ekssudasiýaly, proliferasiýaly ýa-da alterasiýaly bolup biler.

Ekssudasiýa – damarlaryň diwarlarynyň geçiriji häsiýetiniň bozulmagy zerarly, damarlaryň daşyna, suwukluklaryň we ganyň düzümindäki leýkositleriň, gistiositleriň çykmagydyr.

Proliferasiýa – dokumalaryň öýjükleriniň köpelmegidir. Uzaga çekmeýän, ýiti çişginlilik ýagdaýda damar-ekssudat ýagdaý artykmaçlyk edýär we çişginlik hadysasy has güýçli geçmegi bilen häsiýetlenýär.

Uzaga çekýän hroniki çişginlik ýagdaýda proliferasiýa (leýkositler, gistiositler, fibroblastlar) artykmaçlyk edýär, damar-ekssudat alamaty has gowşak bolýar. Ýitiräk çişginlik, geçişiniň güýçlüligi boýunça, ýiti we hroniki çişginlikleriň aralyk ornuny tutýar. Deriüsti gatlagyň anatomiki aýratynlygyna baglylykda, patologiki hadysalar onda özboluşly geçýär.

Deriüsti gatlakda çişginlik üýtgeşmeleriň üç esasy görnüşleri boýunça tapawutlanýar:

1) Öýjük içine suw ýygnanmak (wakuol degenerasiýa). Munda Malpigiý gatlagynyň öýjukleriniň protoplazmasyna suw ýygnanýar, öýjügiň diwaryna gysýar. Özeniň görnüşi üýtgeýär, özen çürüşýär (piknoz).
Çişginli suwuklyk öýjügi eredýär we öldürýär.

2) Öýjükleriň arasyna suwuklygyň ýygnanmagy (spongios). Bu ýagdaýy Malpigiý gatlagynyň öýjükleriniň arasynda ýygnanýan çişginli suwuklyk, öýjukleri biri-birinden daşlaşdyrýar, öýjükleriň arabaglanyşygy üzülýär, öýjükler özara baglanyşygy ýitirýärler, öýjükleriň özleri-de çişýärler.

3) Ballonirleýji degenerasiýa, Malpigiý gatlagynyň öýjükleriniň degeneratiw üýtgeşmelerinde döreýär. Epitelial öýjüklerinde döreýän çuň üýtgeşmeleriň netijesinde öýjükler özara baglanyşygyny ýitirip, serozly – fibrozly suwuklykda özbaşdak erkana ýüzüp ýörýärler, dörän gabarçäklar togalak görnüşli bolýarlar. Deriüsti gatlakda serozly çişginligiň alamatlaryndan başga-da patogistologiki üýtgeşmeler bolýar.

A k a n t o z –tikenekli gatlagyň öýjükleriniň güýçli ösmegi.

P a p i l l o m a t o z – deriniň emzikli gatlagynyň birleşdiriji dokumalarynyň ösmegi.

A k a n t o l i z i s – öýjükleri özara birleşdirýän epitelial köprüjikleriň (tikenleriň) eremegi, epitelial öýjükleriň arasyndaky berk baglanyşygyň bozulmagy.

D i s k e r a t o z – deriüsti gatlagyň öýjükleriniň buýnuzlaşmagynyň bozulmagy.

G i p e r k e r a t o z – buýnuz gatlagynyň galňamagy ýa-da p a r a k e r a t o z – deriüsti gatynyň buýnuz gatlagynda taýajyk şekilli özenli öýjükleriň bolmagy.

G r a n u l ý o z – deriüsti gatyň däneli gatlagynyň setirleriniň köpelip galyňlaşmagy.

## DERI ÖRGÜNLERINIŇ ALAMATLARY
## ILKINJI MORFOLOGIKI ALAMATLAR
### Ilkinji dykyz (infiltratiw) deri örgünleriniň morfologiki alamatlar

M e n e k (macula) – deriniň, nemli bardalaryň çäkli ýeriniň reňkiniň uýtgemegi. Ol deriden ýokary galmaýar, gatylygy-ýumşaklygy boýunça, deriden tapawutlanmaýar. Tegmiller çişginli we çişginsiz toparlara bölünýärler. Çişginli tegmilleriň kiçilerine (ululygy külbike barmagyň dyrnagynyň ululygyna çenli) r o z e o l a, ondan ulularyna e r i t e m a diýilýär. Çişginsiz tegmilleriň, barmak bilen basanyňda reňki üýtgemeýär: t e l e a n g i e k t a z i ý a – deride ýüzleý ýerleşen gan damarjyklarynyň (kapillýarlaryň) giňelmegi. G e m o r r a g i k i menekler – gan damarlaryň diwarlarynyň bütewiligi ýa-da geçirijiligi bozulanda we deriniň içine gan öýende döreýärler.Bu tegmiller ululygy boýunça: p e t e h i ý a (ululygy nokat ýaly), p u r p u r a (nokatdan ulurak), w i b i s e s (uly zolaklaýyn gan öýme), e k c h i m o z (uly, giň şekilsiz gan öýme), g e m a t o m a (ganyň köp inmegi

zerarly ol ýer, çişip, deriniň derejesinden ýokary galýar). P i g m e n t tegmilleri – deride reňk beriji melanin pigmentiniň köpelmegi ýa-da azalmagy sebäpli döreýär. Pigment tegmilleri dogabitdi hem bolýarlar (meň, hal, täç, albinizm) ýa-da soň döreýärler (sepgil, ýakal, pis). Pigmentsiz uşak tegmillere l e ý k o d e r m a (hakyky we ikilenji-ýalan) diýilýär.

**Menekleriň görnüşleri**

| Görnüşi | Döreýiş häsiýetnamasy | Kliniki görnüşleri |
|---|---|---|
| Gan-damarly | Gaýnaglamaly<br>Gaýnaglamasyz (gan damarlaryň giňelmegi ýa-da damarlaryň proliferasiýasy) | Rozeola, eritema<br>Teleangiektaziýa<br>liwedo |
| Pigmentli | Melanin (+ –) | Giper- we depigmentli |
| Emeli | Reňk beriji serişdeleri goýbermek | Tatuaž |

D ü w ü n j i k (papula) – boşluksyz, dykyz, gatyrak, deriden ýokary çykýar, gutulandan soň ymykly yz galdyrmaýar ýa-da wagtlaýyn pigmentli ýa-da pigmentsiz yz galdyrýar. Düwünjikler ýerleşişiniň çuňlugy boýunça: deriüsti (epidermal), deri (dermal) we deriüsti-deri (epidermo-dermal) görnüşlere bölünýärler. Ululygy boýunça: m i l i a r (ululygy darynyň dänesi ýaly), l e n t i k u l ý a r (ululygy merjimek, nohut ýäly), n u m m u l ý a r (ululygy pul şaýlary ýaly), o j a k l y (düwünjikleriň birigip, eliň aýasy ýaly, ondan hem uly tutuş bütewi infiltratyň emele gelmegi). Bulardan başga-da gipertrofiki, giň kandiloma, teňňeli demrew görnüşli, ýüzi sypjyrylan we ş.m. görnüşleri-de duş gelýär.

**Düwünjikleriň görnüşleri**

| Görnüşi | Döreýiş häsiýetnamasy | Kliniki görnüşleri |
|---|---|---|
| Epidermal | Akantoz, giperkeratoz | Miliar, lentikulýar, nummulýar papulalar, dürli görnüşli blýaşkalar |
| Dermada ýerleşýän | Deriniň emzijikli gatynda gaýnaglamaly infiltrat, paillomatoz | |
| Epidermo-dermal | Akantoz, granulýoz, giperkeratoz, deriniň emzijikli gatynda infiltrat | |

T ü m m e j i k (tuberculum) – boşluksyz, dykyz, gatyrak, deriden ýokary çykýar, gutulandan soň ymykly yz galdyrýar. Tümmejikleri ilkibaşda düwünjiklerden tapawutlandyrmak aňsat düşmeýär. Patologiki hadysanyň ösüş, geçiş dowamynda ýa-da kesel gutulandan soňky ýagdaýda olary tapawutlandyrmak aňsatlaşýär, çünki tümmejikleriň gistologiki düzümi mörjewli granulýomasynyň häsiýetinde – epitelioid, limfoid, plazmatik we gigant öýjükleri bolýarlar. Şoňa görä-de olar köplenç ýara emele getirip, gutulandan soň ymykly yz galdyrýarlar. Tümmejikleriň şeýle gistologiki düzümi mörjewli deri kesellerine mahsus, latynça ady “ L “ harpy bilen başlanýan 4 sany deri we weneriki kesellerini ( lepra, lues, leushmanios, lupus vulgaris) görkezmek bolar.

D ü w ü n (nodus) – deriniň deriasty ýagly gatlagynda döräp, hozuň ululygy ýaly, hatda ondan hem uly bolup, ilkibaşda ol deriniň derejesinden ýokary galmaýar, soňa baka ol ösüp, ulalyp, derini güberdip, deriniň derejesinden has ýokary galýar we baş emele getirýär. Baş gutulandan soň ymykly nagra galýar. Düwün merezýel keselinde, mäz inçekeselinde (mäz başynda), heýwere keselinde duş gelýär. Merezýel keselinde duş gelýän düwünlere – g u m m a, mäz inçekeselinde – s k r o f u l o d e r m a, heýwere keselinde – l e p r o m a diýilýär. Deride döreýän howply we howpsuz çişler hem düwün görnüşinde bolup bilerler.

**Düwünleriň görnüşleri**

| Görnüşi | Döreýiş häsiýetnamasy |
|---|---|
| Gaýnaglamaly | Deriniň çuň gatlarynyň we gipodermanyň gaýnaglamasy |
| Gaýnaglamasyz | Madda çalşygynyň önümleriniň üýşmegi (holesterin, kalsiý) |

## Ilkinji boşlykly, suwuklykly (ekssudatiw) morfologiki alamatlar

G a b a r ç a j y k (vesicula) - deriniň üstünde, köplenç deriniň gyzaran ýerinde, suwykly gabarçajyk. Onuň düýbi we örtügi bolup, içinde dury ýa-da gan gatyşykly suwuklyk (ekssudat) bolýar. Kiçi gabarçajyklar deriüsti gatlagynyň içinde we deriüsti gatlagyň deri gatlagy bilen araçäginde ýerleşip bilerler. Kiçi gabarçajyklaryň ululygy, darynyň dänesiniň ululygy ýaly görnüşden merjimegiň, nohudyň ululygyna çenli bolýar. Käte, gabarçajygyň içindäki dury, gan gatyşykly suwuklyk bulanyp, iriňe (iriňli gabarçyjaga) öwrülýär. Iriňli gabarçajygyň içiniň suwuklygy gurap, kesmek emele getirýär ýa-da onuň örtügi ýyrtylyp, ýüzleý ýarajyk (erosio) emele gelýär, onuň üsti

suwjarýar. Örtügi galyň ýerlerde (eliň aýasynda, dabanlarda) kiçi gabarçajyk nemli bardalardaky ýa-da bedeniň sürtülýän ýerlerindäki ýaly, tiz ýyrtylmaýar. Gabarçajyklar gutulandan soň, wagtlaýyn pigment tegmilini galdyrýar ýa-da hiç ýz galdyrman ýitip gidýär.

**Gabarçajyklaryň görnüşleri**

| Görnüşi | Döreýiş häsiýetnamasy | Kliniki görnüşleri |
|---|---|---|
| Epidermisiň içinde | Spongioz<br>Ballonirleýän distrofiýa | Bir kameraly<br>Köp kameraly we bir kameraly |
| Eridermisiň astynda | Bazal membrananyň aşagynda gaýnaglamaly öýjükara suwuklygyň ýygnanmagy | Bir kameraly |

G a b a r ç y k, p a k g a r ç a k (bulla) - boşlukly uly gabarçak-pakgarçak ululygy 1-5 sm, hatda ondan hem uly bolup biler. Gabarçyjak ýaly, pakgarçak hem boşlugy, örtügi we düýbi bolup, içinde suwuklyk bolýar. Pakgarçagyň buýnuz gatlagynyň astynda - subkorneal, tikenli gatyň içinde - intraepidermal, deriüsti we deri gatlarynyň araçäginde - subepidermal ýerleşýän görnüşleri bolýar. Pakgarçagyň suwuklygynda, azda-köpde leýkositler, eozinofiller, epitelial öýjükler bolýar. Gabarçyklaryň örtüginiň üsti tiz ýyrtylyp, suwjaryp durýan ýüzleý ýara (erosio) emele gelip, soňky geçişi ýa-da ýkbaly gabarçyjagyňka meňzeş bolýar.

**Gabarçaklaryň görnüşleri**

| Görnüşi | Döreýiş häsiýetnamasy | Kliniki görnüşleri |
|---|---|---|
| Epidermisiň içinde | Akantoliz | Bir kameraly gabarçak üsti mürşük gapakly |
| Eridermisiň astynda | Bazal membrananyň aşagynda gaýnaglamaly öýjükara suwuklygyň ýygnanmagy | Bir kameraly gabarçak dykyz gapakly |

I r i ň l i g a b a r ç y k (pustula) - içinde iriň saklaýan boşlukly morfologiki alamat. Iriňli suwuklykda köp mukdarda leýkositler, albuminler we globulinler bolýarlar. Deriüsti gatlarda ýerleşýän, kesmekleýän (ýüzleý iriňli) gabarçyklara i m p e t i g o diýilýär. Saç haltajyklarynyň içinde (follikulyň) we daşynda ýerleşýän iriňli gabarçyklara f o l l i k u l i t l e r

diýilýär. Saçyň çykýan ýerindäki iriňli gabarçyga o s t i o f o l l i k u l i t l e r diýilýär. Ondan birneme çuňlukda bolup, ýag mäzleriniň deňinde ýerleşýän iriňli gabarçyklar f o l l i k u l i t diýlip atlandyrylýar. Follikulitler ýüzleý ýerleşende, hiç hili ymykly yz galdyrmaýar, çuň ýerleşýän iriňli gabarçyklar gutulandan soň ýara yzy – nagra görnüşlerde bolup biler. Follikulitleriň döredijisi köplenç stafilokokklar bolýarlar. Çuň iriňli gabarçyklara e k t i m a diýilýär. Onda emele gelýän çuň ýaralar, gutulandan soň hemişelik nagra galdyrýarlar. Ektimanyň döredijisi – streptokokklardyr. Streptokokkyň döredýän ýüzleý iriňli gabarçygyna f l i k t e n a diýilýär.

**Iriňli gabarçaklaryň görnüşleri**

| Görnüşi | | Döreýiş häsiýetnamasy | Kliniki görnüşleri |
|---|---|---|---|
| Stafilo-kokkly | Ýüzleý | Ostiofollikulit | Konus şekilli iriňli özenjigi bar |
| | Çuň | Saç haltajygynyň ýa-da birnäçe follikullanyň we onuň töweregindäki dokumanyň gaýnaglamasy | Konus şekilli infiltrat merkezinde nekrotiki özen bar |
| Strepto-kokkly | Ýüzleý | Epidermisiň çäginde iriňli boşluk | Fliktena |
| | Çuň | Dermanyň we gipodermanyň çäginde iriňli baş | Ektima |

G ü b e r ç e k ýa-da ç i ş l i d ü w ü n j i k, i t e ş e n (urtica) – eksudatiw, boşluksyz morfologiki alamat. Örgün, döränden soň tiz (birnäçe minutyň ýa-da sagadyň dowamynda) ýitip gidýär, hiç hili yz galdyrmaýar. Ululygy 0,5 – 5 sm, ondan hem uly bolup biler. Mör-möjekleriň (peşeleriň, aýakçylaryň, tagtabitiniň we ş.m.) çakan ýerlerinde, çitçiti otunyň degen ýerinde, daşky täsirlerden - gyzgyndan, gardan, zäherlenmeden, galagoply ýagdaýdan, iýmitden, käbir dermanlardan, allergenlerden iteşen örüp biler. Kähalatlarda deriniň mehaniki gyjyndyrylmagy zerarly, uzak wagtlap saklanýan, uly iteşenler (urticaria factitia ýa-da çyzykly iteşeň) döreýärler. Iteşen örgüni güýçli gijilewükli bolsa-da, näsagyň derisinde dyrnagyň yzy bildirmeýär.

## IKILENJI MORFOLOGIKI ALAMATLAR

Ikilenji morfologiki alamatlary ilkinji morfologiki alamatlaryň ösüşi (ewolýusiýa) hadysasynda döreýärler. Olara: ýuzleý we çuň ýaryklar, sypjyryklar ýyzleý we çuň ýaralar, ýara yzlary – nagralar, deriniň galňamagy

(lichenisatio) we et ösmek (vegetatio), pigment tegmilleri, teňňejikler, goňoklar (squama), kesmekler (crusta) girýarler:

P i g m e n t t e g m i l l e r i – Düwünjik, tümmejik, kiçi, uly we iriňli gabarçyklar ýaly ilkinji ýüzleý ýara ýaly ikilenji morfologiki dowamatlardan soň we derä gan inen ýerde gemosideriniň emele gelmegi zerarly döreýär. Pigmentiň azalmagy zerarly, käbir ilkinji morfologiki alamatlardan soň ak tegmil (leýkoderma) galýar.

T e ň ň e, g o ň o k t o z g a (squama) –deriniň buýnuz gatynyň üstündäki bölünip aýrylyp, tozgajyklar şekilli, öz-özünden we sürtülende, ýuwunanda düşüp aýrylýarlar. Emma käbir deri kesellerinde bölünip aýrylýan gatlajyklary ýonekeý göz bilen görmek bolýar. Bu ýagdaýda deriniň buýnuz gatynyň emele gelmek hadysasy bozulýar, oňa d i s k e r a t o z diýilýär. Däneli gatlak bolmaýar, buýnuz gatynyň düzüminde, özenleriň galyndysy bolýar, oňa p a r a k e r a t o z diýilýär.

K e s m e k (crusta*)* –serozly suwuklygyň, iriňiň, ganyň guramagy, gatamagy. Şoňa görä de: serozly, iriňli, serozly-iriňli, ganly, ganly-iriňli we ş.m. kesmekler bolýar. Kähalatda çuň iriňli sifilidleriň kesmegine r u p i ý a diýilýär, olar gat-gat bolýarlar.

Ý ü z l e ý ý a r y k (fissura) – diňe epidermisde döreýär we hiç hili yz galdyrman, ýitip gidýär, bitýär.

Ç u ň ý a r y k (rhagas) – deriniň çuň gatlaryny-da öz içine alýar we yz galdyryp biler. Ýaryk, deriniň zolak, çyzyk şekilli şikesi – deriniň galňap, gatap maýyşgaklygyny ýitiren ýerlerinde duş gelýär, agzyň künjegindäki ýaryklar, heýlitler, artbujagyň jaýrygy, barmaklaryň arasynda, epinlerde, bogunlarda irki dogabitdi merezýelde we başgalarda bolup biler.

S y p j y r y k (excoriatio) –gan ýa-da başga mehaniki täsirleriň netijesinde deride döreýän ýüzleý şikes. Ýüzleý sypjyryklar yz galdyrman bitýärler, emma çuň sypjyryklardan soň yz galýar ýa-da pigment tegmilleri bolýar.

Ý ü z l e ý ý a r a j y k (erosio) – deriniň deriüsti ýüzleý ýetmezçiligi. Ýüzleý ýara ilkinji morfologiki alamatlaryň (kiçi, uly, iriňli gabarçyklaryň) öýjügi ýyrtylanda döreýär. Ýüzleý ýaranyň üsti yzgarlap, ýeljerip, suwjaryp durýar. Merezýeliň gaty şankry (ulcus durum) hem ýüzleý ýara görnüşinde bolýar. Nemli bardalarda ýerleşen merezýeliň düwünjikleri hem tiz ýüzleý ýara öwrülýärler. Olar yz galdyrman bitýärler.

Ý a r a, b a ş (ulcus) – deriniň çuň şikesi. Ol tummejikler, düwünler ýaralananda, çuň iriňli gabarçyklar ýarylanda emele gelýär. Ýara hemişe we hemişelik nagra galdyryp gutulýar.

N a g r a (cicatrix) – deriniň çuň şikes ýeten ýerinde, ýaralar gutulansoň olaryň ýerinde ymykly galýan ýz. Ýara yzynyň bar ýerinde, saç, der we ýag mäzleri bolmaýar. Ýara yzlarynda fibros dokumalarynyň güýçli ösmegi zerarly kä adamda ýara yzy deriniň derejesinden ýokary çykýar we KELOID diýlip atlandyrylýar.

D e r i n i ň  g a l ň a m a g y (lichenizasio) – gurak, port we törpi ýaly bolmagy. Deriniň üstüniň ýygyrtlary köpelýär.

Ö s ü n t g i (vegetatio) – deri kesselleriniň uzaga çekýän görnüşlerinde, deriniň tikenli gatynyň güýçli ösmegi zerarly deriniň üsti horazyň kekeji ýaly, büdür-südür bolýar. Ösüntginiň üsti buýnuz gaty bilen örtülen bolsa, onda olar gury, gaty bolýar. Eger-de üsti sypjyrylan ýa-da ýüzleý ýara bolsa, onda ýumşak, tiz ganaýan, suwjaryp duran bolýarlar.

Deri kesellerinde örýän örgünler, ilkinji morfologiki alamatlaryň haýsy bolsa-da bir görnüşinden durýan bolsa, onda oňa b i r  g ö r n ü ş l i (monomorfly) örgün diýilýär. Eger-de ilkinji morfologiki alamatlaryň birnäçe görnüşinden durýan bolsa, onda oňa h a k y k y  k ö p  g ö r n ü ş l i (polimorfly) örgün diýilýär. Eger-de örgün hem ilkinji, hem ikinji morfologiki alamatlardan durýan bolsa, onda oňa ý a l a n  k ö p  g ö r n ü ş l i örgün diýlýär.

## DERI KESELLERINI UMUMY BEJERMEGIŇ ESASY USULLARY ÝÖRELGELERI

Deri keselleriniň kliniki , morfologiki, işleýiiş alamatlarynyň çylşyrymlylygy we köp dürlüligi, näbelli etiologiki we patogenetiki täsirleriň köplügi, bejerginiň kynlygyny, ulanylýan derman serişdeleriniň we usullarynyň köpsanlylygyny kesgitleýär.

Deri keselleri, köp halatlarda içki näsazlygyň duýduryjy alamaty bolup, umumy ýetmezçiliginde, içgoşlaryň kesellerinde, degna-endokrin näsazlyklarynda, ýygy duş gelýär.

Deri keselleriniň umumy bejergisi üçin, içkesellerini, degna we endokrin keselleri bejermekde ulanylýan derman serişdeleriniň ähli görnüşleri we usullary ulanylýar.

Deri kesellerini bejermekde berhiz saklamagyň, fizioterapewtiki bejeriş usullarynyň, psihoterapiýanyň, kurort bejergileriniň ähmiýeti uludyr.

Şeýlelikde, deri kesellerini bejermekde, derman serişdelerini we bejeriş usullaryny saýlap almaklyk, her bir näsag üçin, umumy etiopatogenetiki bejergini kesgitlemegi, şahsy çemeleşmekligi talap edýär.

## UMUMY BEJERGINIŇ USULLARY

D e s e n s i b i l i z i r l e ý j i  s e r i ş d e l e r – amaly dermatologiýada has ýygy ulanylýan derman serişdeleri. Olara, çişginlige garşy, duýgurlygy peseldýän, öýjükleriň perdesiniň we deriniň kapilýarlarynyň süzüp geçirijiligini azaldýan, gijilewüge garşy täsir edýän, Kalsiniň serişdeleri girýärler.

Kalsiý hloridi 3-4 gezek nahar çemçesi bilen günde içmäge berilýär we 5-10 ml-den 10 günüň dowamynda gan damaryna goýberilýär.

Kalsiniň beýleki duzlary-da pantetenat kalsiniň 20% erginini 1-2 ml, günde 1-2 gezek, 10-15 günüň dowamynda sanjylýar.

Çişginlige garşy we duýgurluga garşy oňat täsirli dermanlaryň biri-de salisilatlardyr (natri salisilaty, asetilsalisil turşusy), kortizona meňzeş täsirli, böwrek üsti mäziniň,işläp çykarýan gormonyny kadalaşdyrýar. Natriý salisilatyny 0,5-1,0 g-dan, günde 2-3 gezek nahardan soň,10-20 günüň dowamynda içmeli.

Gistamine garşy duýgurlygy peseldýän serişdeler. Allergiki deri çişmesini, suwjarýan süýjübaş demrewi bejermekde, köplenç esasy we öň hatarda durýan derman serişdeleri bolup hyzmat edýär.

Gistamine garşy serişdeler, köp sanly allergiki deri kesellerini bejermekde has maksadalaýyk serişde bolup durýar, çünki gistamin tiz ýüze çykýan antigen-antitelo gaýtawullary üçin möhum mediator bolup hyzmat edýär. Olaryň täsiri öýjüklerdäki gistamin reseptorlaryny gabap almagyna esaslanandyr. Dimedrol, diazolin (pipolfen, suprastin, zaditen,tawegil,fenkarol, klimastin,ketatifen) has köp ulanylýar.

Soňky ýyllarda allergiki keselleri bejermek üçin, gistaminiň we beýleki mediatorlaryň boşap çykma hadysasyny gabap alýan serişdeler ulanylýarlar. Olara hromoglikat natriý (intal, kromolin natriý) girýär. Kromolin natriý 1-4% ergin görnüşinde sanjuw ýa-da 0,5-1% melhem görnüşinde ulanylýar.

Trankwilizatorlar – amaly dermatologiýada sedatiw serişdeler we trankwilizatorlar giňden ulanylýar. Sedatiw bejergi we trankwilizatorlar guýçli newrotiki gaýtawullarynda ulanylýar.

Rahatlandyryjy, ukyny kadalaşdyryjy serişde hökmünde sibazony relaniumy, rodedormy, sedukseni, mezapamy, fenazepamy, nozepamy ulanmak, maksada laýykdyr.

Immunkadalaýjylar we immunguýçlendirijiler. Allergodermatozlarda mörjewli we parazitar kesellerde, immunpatologiki üýtgeşmeler ýüze çykýar, şona görä-de şol kesellerde immun bejerginiň dürli görnüşleri giňden ulanylýar. Immun bejergi aktiw we passiw görnüşlere bölünýär. Aktiw immunlaşdyrmaga, bedende antitelanyň döremegine kömek edýän serişdeler girýärler.

Bedene, goranyş täsirli taýýar antitelany goýbermegi passiw immunlaşdyrmak diýilýär.

Deriniň, stafilokokkyň streptokokkyň döredýän iriňli gabarçykly kesellerinde (çybanlamak, konglobat düwürtigi), köp halatlarda aktiw immunlaşdyryjy: stafilikokk ýa-da streptokokkly anatoksin, waksin bejergi (stafilokokk ýa-da streptokokk) immun serişdeleri ulanylýarlar.

Köp walentli stafilokokk, streptokokk waksin ýa-da autowaksin deriniň içine ýa-da deriniň aşagyna, her 2-3 günden bir gezek sanjylýar. Olary 0,2 ml-den başlap, her sanjuwda serişdäniň mukdaryny 0,1-0,2 ml köpeldip, iň ýokary mukdaryny 2 mlrd mörjew bedene (2 ml) ýetirmeli. Jemi 10-12 sanjuw etmeli. Mahsus immunbejergi hökmünde stafilokokk bakteriofagy ulanylýar.

Ony, deriniň içine 0,1 ml -den başlap, her gezekki sanjuwda 0,1 ml köpeldip 0,5 ml-e çenli ýetirip, sanjuw tamamlanýar.

Soňky ýyllar, immungüýçlendiriji serişde hökmünde l e w a m i z o l (dekaris) giňden ulanylýar. Lewamizol 150 mg her 48 sagatdan bir gezek, 3-5 günden soň ýene gaýtalamaly.

Mahsus immun kadalaýjy, t-aktiwin , timolin 100-200 mkg pilçäniň aşagyna, deriniň astyna, günaşadan, jemi 3-5 sanjuw we soň, 100-200 mkg, aýda bir gezek, jemi 5-10 sanjuw geçirmeli.

Timolin 10-30 mg, gunde bir gezek, jemi 5-20 günüň dowamynda, etiň içine çüň sançmaly. Gaýtalanyp geçirilýän bejergini 1-2 aýdan soň geçirmek bolýar.

Mahsus däl immun güýçlendiriji serişdelere girýänler: gyzgyny galdyrýan serişdeler (pirogenal, prodigiozan, asetoksan), pirimidin önümleri (metilurasil, pentoksil).

Pirogenal, 50-den 1000 GKM (gyzdyrdýan kiçi mukdary) çeňli, etiň içine, her 2-3 günden bir gezek sanjylýar. Her gezek pirogenalyň mukdaryny galdyrmaklyk, umumy gyzgynlygyň galyşyna we ýerli gaýtawullara baglylykda geçirilýär.

Prodigiozan we asetoksan, her 3-4 günden bir gezek, 25-50 mkg-dan, etiň içine sanjylýar, soň gaýtawula baglylykda, olaryň mukdary 100 mkg-a ýetirilýär.

Metilurasil gurt görnüşinde 0,5 g-dan günde 3-4 gezek nahardan soň 10-15 günüň dowamynda içirilýär. Pentoksil gurt görnüşinde 0,2 g-dan gunde 3-4 gezek, 15-20 günüň dowamynda içirilýär.

Nukleinat natriý – aýratyn immungüýçlendiriji serişde, drožžylaryň gidrolizaty netijesinde alynýar. Ol 0,25-0,5-1,0 g günde 3-4 gezek, 3-6 hepdäniň dowamynda içirilýär, ýa-da onuň 2% ergini, 5-10 ml-den günde 1-2 gezek, jemi 10-15 sanjuw geçirilýär.

I m m u n s u p r e s s i w b e j e r g i. Dermatologiýada ýygy ulanylýan immunsupressiw serişdeler sitostatikler – metotreksat, azatioprin, merkaptopurin, siklofosfat, prospidin.

Azatioprin gurt görnüşinde günde 4 mg/kg-dan 1-2 hepdäniň dowamynda içirilýär.

Çişlere garşy ýokary, oňat täsirli sitostatik prospidin, azatioprinden siklofosfatdan, merkaptopurinden tapawutlylykda, ganöndürijilige ýok ediji täsir etmeýär diýen ýaly. Prospidin 0,1- 0,2 günde ýa-da günaşa, etiň içine sanjylýar ýa-da gan damaryna goýberilýär. Umumy mukdary 2,5-3,0 g.

G o r m o n a l s e r i ş d e l e r. Köp gormonlar we olaryň meňzeşleri immungüýçlendiriji we çişginlige garşy güýçli täsir etmeklige ukyply. Glýukokortikoidler (prednizolon, triamsinolon, deksametazon) giňden ulanylýarlar.

Prednizolon we onuň meňzeşleri (urbazon, metilprednizolon) içirilýär, ete sanjylýar we wena gan damarynyň içine goýberilýär.

Gormonly bejerginiň mukdary we dowamlylygy, deri keseliňiň agyrlygyna, näsagyň ýaşyna, goşmaça keseliniň bolmagyna baglylykda kesgitlenilýär. Prednizolonyň gündeki möçberi ortaça 30-dan 60 mg çenli. Zerur halatlarda 120-180 mg we ondan hem ýokary möçberleri bellenilýär. Metilprednizolon (dowamly täsirli serişde) 1-3 ml möçberde hepdede bir gezek bellenilýär.

Triamsinolon (polkortolon) we triamsinolon asetonid (kenalog, kenakort) dermanlary bejerginiň başynda günde 4-6 gurt ( 16-24 mg) içirilýär.

Deksametazon ftorirlenen metilprednizolon, has güýçlüräk täsirlidir.

Deksametazonyň gurt görnüşiniň ortaça möçberi 2-3 mg-a barabardyr.

Täsiri boýunça prednizolonyň 1 gurdy (0,5 mg), triamsinolonyň 1 gurdyna (4mg) barabar, deksametazonyň 1 gurdy (0,5mg), prednizolonyň 3,5 mg barabardyr. Diýmek, deksemetazon prednizolondan 7 esse güýçli. Steroid serişdeler bilen bejergini tiz birbada kesmeklik, deri keselleriniň beterleşmegine getirýär (bejergini kesmegiň alamatlary), bejergini az-azdan kesmeli. Kortikosteroid gormonlaryny salisilatlar, kalsiniň serişdeleri, ýokumlaryň B, C, A toparlary bilen bilelikde ulanmak maksada laýykdyr.

Kortikosteroidler bilen bejergi geçirilende, nahar duzuny ulanmaklygy çäklendirmeli we ýokumlara baý berhiz bellemeli. Steroid gormonlary uzak wagtlap ulananda bedenden köp mukdarda kaliý çykýar, şoňa görä-de bejerginiň birinji gününden başlap näsaga kaliniň serişdelerini (kaliý hloridi, asparkam, panangin) berip başlamaly.

Bir gije-gündizki ýokarylanan möçberde steroid gormonlaryny uzak wagtlap ulanmak agyr çylşyrymlaşmalara we ýaramaz täsirleriň ýüze çykmagyna getirip biler: Kuşingoidiň alamatlary – 1) bedende ýagyň emele gelmegi we deň derejede ýygnanmaýanlygy üçin, näsagyň ýuzi aýa meňzeş, tegelek bolýar, eginlerine we garnyna ýag köp ýygnanýar; 2) saçlaryň ösmegi güýçlenýär, düwürtikli örgün örýär, atrofiki zolaklar (striýalar) emele gelýär. Olardan başga-da arterial gan damarlaryň basyşy ýokarlanýar (steroid gipertoniýasy), diabet keseliň alamatlary ýüze çykýar (steroid diabeti), aşgazanyň ýara keseli, öýken inçekeseli beterleşýärler, immungytlyk ýagdaýynyň döremegi sebäpli hroniki mörjewli ojakly keseller ýaramazlaşýarlar. Ganda protrombiniň köpelmegi zerarly, gan damarlarynda tromboz döreýär, aýbaşynyň kesilmegi (amenorreýa) sebäpli, psihiki näsazlyklar (ilki - eýforiýa, soňra - depressiýa), sünkleriň, köplenç oňurga sünkleriniň zaýalanmagy (osteoporoz) we başgalar bolup bilerler.

Ýokarda görkezilen çylşyrymlaşmalaryň bolaýmaklarynyň mümkinligi zerarly, gan basyşyna, näsagyň agramyna, buşukmagyna gözegçilik etmeli, peşewinde hloridleri we moçewinany barlap durmaly, ganyny, kaliý, kalsiý, süýji, natriý, trombosidiň mukdaryny, protrombin indeksini we başgalary barlap durmaly.

Y o k u m l a r (w i t a m i n l e r b i l e n b e j e r m e k) b i l e n b e j e r m e k. Köp sanly deri kesellerinde ýokum bilen bejergi giňden ulanylýar.

Ýokumlaryň turşadyjy, ornuna getiriji we dürli metaboliki hadysada, bedende, immundüzediji, umumy berkidiji orny bar.

Dermatologiýada ýygy ulanylýan ýokumlar barada durup geçeliň.

"A" ý o k u m y (r e t i n o l) – buýnuzlaşmak hadysasy (deriniň buýnuz gatlagynyň galňamagy, deriniň guraklygy we başgalar) bozulanda ulanylýar. Bu ýokum adamyň boýunyň ösmegine we umumy ösmegine ýardam edýär, deriüsti gatlagyň buýnuzlaşmak hadysasyny kadalaşdyrýar. Ýokum ergini görnüşinde 50.000-100.000 birlikden (10-30 damjasyny gara çörege damdyryp) günde 3 gezek, naharlanýan wagtyň iýmeli. Bejergi bir näçe aýlap dowam edýär. "A" ýokumynyň sintetiki öňümi (retinoidler) tigazondyr. Retinoidleriň, deriüsti gatlagyň, teňňeli demrewiň örgünindäki öýjükleriň bölünip köpelmek işjeňligini peseldýanligi subut edildi. Şona gorä-de ony teňňeli demrewiň iriňli gabarçykly, artropatiki we eritrodermiýa görnüşlerinde, üstünlikli ulanýarlar.

Tigazon, bir günde näsagyň 1 kg agramyna 1 mg hasap bilen içmäge berilýär, 2-4 hepdeden şol mýçberini azaldyp, näsagyň 2 kg agramyna 0,75-0,5 mg-dan berlip, bejergi 1-6 aýa çekýär.

"C" ý o k u m y (a s k o r b i n t u r ş y s y) – dermatologiýada giňden ulanylýar. "C" ýokumy turşadyjy – ornuna getiriji hadysany kadalaşdyrýar, zäheri we duýgurlygy aýryjy täsir edýär, bedeniň mörjewlere garşy durmak ukybyny artdyrýar, ganyň doňmak häsiýetini köpeldýär we başgalar.

Askorbin turşusy 0,05-0,2 g möçberinde günde 3 gezek içirilär, 5% ergini 5-10 ml möçberinde gan damaryna guýulýar ýa-da 5 % ergini 2-5 ml etiň içine sanjylýar.

"P" ý o k u m y (r u t i n) – kapillýar gan damarlarynyň port we süzüp geçirişi güýçlenende (waskulitler, parapsoriaz we başgalar) ulanmak maslahat berilýär. Uly adamlara 0,05 g möçberinde 3 gezek içmäge berilýär.

"B" ý o k u m t o p l u m y – allergiýa we gistamine garşy täsir edýär, dokumalarda turşadyş – gaýtadan dikeldiş hadysasyny kadalaşdyrýar. Deri kesellerini bejermekde "B" ýokumlar toplumyndan B1, B2, B6, B12, B15 ýokumlary giňden ulanylýar.

"B6" ý o k u m y (p i r i d o k s i n) – ýaglaryň we proteinleriň madda çalyşyş hadysasyna gatnaşýar. Onuň 0,01-0,02 g günde 3-4 gezek içirilýär ýa-da 1 ml 5%-li ergini etiň içine sanjylýar.

"B12" ý o k u m y (s i a n k o b o l a m i n) – bagryň we degna ulgamlarynyň işlerine oňaýly täsir edýär. "B12" ýokumy az ganlylyga garşy oňat täsir edýär, uglewodlaryň we ýaglaryň madda çalyşmak hadysasyny kadalaşdyrýar, 250-1000 mkg etiň içine sanjylýar.

"B2" ý o k u m y (r i b o f l a w i n) – turşadyş – gaýtadan dikeldiş hadysasynyň fermentleriniň düzümine girýär, 1%-li 2 ml ergin etiň içine sanjylýar.

"B15" ý o k u m y (k a l s i ý p a n g a m a t) – lipid madda çalşygyny kadalaşdyrýar, dokumalaryň kislorody özleşdirmegini gowulaşdyrýar,

çişginlige we aşa duygurlyga garşy täsir edýär. Gurt görnüşinde 50 mg (0,05g) 1 gurtdan günde 3-4 gezek içirilýär.

"B5" ýokumy (kalsiýpantotenat) – "A" koenzimiň düzümine girýär. "B5" ýokumy öýjuklerdäki metaboliki hadysany kadalaşdyrýar. Ol 0,1-0,2 g-dan günde 2-4 gezek içirilýär ýa-da deriniň astyna, etiň içine, gan damaryna "B5" ýokumyň 20% ergini 1-2 ml-den günde 1-2 gezek sanjylýar.

"PP" ýokumy – nikotinturşusy. Onuň gan damarlaryny giňeltmek we gijilewüge garşy täsiri, dermatologiki amalynda iň möhum häsiýet bolup hyzmat edýär. Ony, 0,05-0,1 g günde 2-3 gezek nahardan söň içirýärler ýa-da 1% ergini etiň içine ýa-da gan damaryna 2-5 ml goýberilýär.

"E" ýokumy (tokoferol asetat) – öýjük metabolizmini güýçlendirýär, DNK, RNK-nyň biosintezine gatnaşýar. "E" ýokumy tebigy oksidant bolup hyzmat edýär. "E" ýokumy içirilýär ýa-da etiň içine sanjylýar. Içirmek üçin tokoferol asetatyň ýag ergini 5, 10, 30 % tokoferol asetat saklaýar.

"D" ýokumy (kalsiferol) – rahite garşy serişde çişginlige garşy täsirli, saçyň ösmegine kömek edýär, ýagly seboreýada, düwurtikli örgünde, deriň we deri ýagynyň bölünip çykmagyny azaldýar. "D" 5000-10000 HB günde 2-3 sapar 30-60 günüň dowamynda içirilýär.

Antibiotikli bejergi. Mörjewli (esasan iriňli gabarçykly) deri kesellerinden ejir çekýän näsaglary bejermek üçin ulanylýan serişdeleriň iň naýbaşysy penisillin we onuň önümleri bolup durýar.

Antibiotikler deriniň inçekesellerini, bezäni, Sibir başyny, weneriki keselleri we başgalary bejermekde, giňden ulanylýarlar.

Penisillin adatça etiň içine, keseliň agyrlygyna baglylykda, 250000-500000-1000000 birlik, nowokainde ýa-da fiziologiki erginde, 2-3 ml, günde 4-6 sapar etiň içine sanjylýar. Penisilliniň dýurant serişdeleri görnüşinde ekmonowosillin 150000 – 300000 B günde 2 gezek, bisillin 1, 3, 5 – 1200000 B her 5-7 günden 1 gezek etiň içine sanjylýar.

Soňky wagtlarda, penisilliniň ýarymsintetiki önümleri (ampisillin, oksosillin, metasiklin) üstünlikli ulanylýar.

Tetrasiklin hatarynyň antibiotikleri, mörjewlere garşy giň zolaklaýyn täsir edýärler. Tetrasiklin gurt görnüşinde 200000 B günde 4 gezek, 6-10 günüň dowamynda içirilýär.

Tetrasiklin önümlerinden dowamly täsirlileri metasiklin gidrohlorid (rondomisin), doksisiklin gidrohlorid (wibramisin) serişdeleridir.

Soňky ýyllarda penisilliniň ýarymsintetiki serişdelerine we tetrasikliniň önümlerine çydamly stafilokokklaryň köpelýändikleri aňylýar. Şeýle halatlarda rifampisini, fuzidin-natrini, sefaleksini, gentamisini, sefalosporini ulanmaklyk maslahat berilýär. Sefalosporinlerden kefzol, seporin, sefamizin, sefaleksin, giň öwüşgindäki täsirli serişdelerdir, olar kesel bejeriş tejribesinde giňden ulanylýarlar.

Deriniň iriňli kesellerini bejermekde, derman serişdelerini içirmeklik peýdaly hem aňsat. Makrolit antibiotikleri –eritromisin, ony tetrasiklin bilen bilelikde we oleandomisin fosfat (per os, etiň içine sançmak, gan damaryna goýbermek) ulanýlýarlar.

Deri inçekeselli näsaglary bejermek üçin streptomisini etiň içine saňçmak usuly bilen, rifampisin (rifadin, benemisin) ulanylýarlar.

Deriniň goturakly kesellerini bejermek üçin, grizeofulwin-forte antibiotigi (0,125 g günde 4-8 gezek), kandidozy bejermek üçin nistatin, leworin, amfoterisin B ulanylýar.Nistatin 250000-500000 B, gurt görnüşinde 10-15 günüň dowamynda içirilýär. Goturaklara garşy serişdeleriň içinde, soňky ýyllar ýokary derejede peýdalylygy, az zäherleýjiligi bilen tapawutlanýan imidazol birleşmeleri peýda boldular. Olara kanesten, ketokenazol , lamizil, orungal, diflükan girýärler we krem, ergin ýa-da gurt görnüşinde bolýar. Nizoral gurt görnüşinde, näsagyň 1 kg agramyna 5-7 mg hasap bilen her gün berilýär. Lamizil 1 gurtdan (250 mg her günde, 2-4 hepdäniň dowamynda berilýär. Orungal – günde 200 mg 2-4 hepdeläp berilýär.

## DAŞKY ALAMATLAR BOÝUNÇA (ÝERLI) BEJERGI

Deri kesellerini bejermekde ýerli bejerginiň uly ähmiýeti bardyr. Daşky bejergini saýlap almaklyk keseliň ýitiligine, zeperlenen çuňlugyna, ýerleşýän ýerine bagly bolýar.

Ö l ý a p g y üçin - buga öwrüp arassalanan (distillirlenen) suwda taýýarlanan, pes güýçli derman erginleri ulanylýar. Erginler ýapgy görnüşde ulanylýar, öl ýapgy deri kesselleriniň ýiti geçýän, suwjarýan halatlarynda ulanylýar. 5-6 gat hasany dermanly sowuk ergine ezip, soň sykyp, deriniň zeper ýeten ýerine ýapmaly. Hasa guramanka, ýylamanka, gyzmanka aýryp, täzeden ezip, sykyp ýene-de ýapmaly, şeýdip her 15-20 minutdan gaýtalap 1,5-2 sagatlap dowam etmeli. Çişler birneme gaýdyşandan soň, öljüreme kemelenden soň erginler yzgarly-guradyjy daňy görnüşinde ulanylýarlar. Bu daňyny her 3 sagatdan gaýtalamaly. Çygly ýapgy üçin tanniniň 1-2% ergini, azotturşy kümüşiň 0,25-0,5%, borly turşulygyň 2-3% , gurşun suwunyň 2%, permanganat kaliniň 0,05% erginleri we başgalar ulanylýarlar. Çygly ýapgy - torlaýjy, çişi gaýtarýan, gijilewügi kemeldýän we mörjewlere garşy täsir edýän serişdeleridir.

S e p g i l e r – mineral jisimleriň ýa-da ösümlikleriň garyndysyndan taýýarlanan, ownuk – tozga ýaly derman. Olar zeper yeten derä sowadyjy çişginlige garşy täsir edýärler, deriniň bugarmagyny güýçlendirýärler. Sepgiler köplenç deriniň epinlerine sepilýär, emma zeper ýeten deri suwjarýan, öljerip durýan bolsa, onda sepgileri sepmek bolmaýar. Sepgileriň düzümine mineral jisimlerden: talk, sink turşulygy, sönen hek, ak laý girýärler. Ösümlik sepgilerine – bugdaý krahmaly girýär. Sepginiň täsirini güýçlendirmek üçin oňa 3-5% dermatol, 5-10% kseroform, 1-2% gaýyň gara ýagy, 1% tannin we başgalar goşulýarlar.

Sepgini sepmek üçin pamyk bölejigi ulanylýar ýa-da sepgini gutyjyga salyp, agzyny hasa bilen daňýarlar.

Ç a ý k a m a l y p a s t a (s u w l y-s i n k p a s t a s y, b u l a m a g y) – ownuk tozga ýaly sepgileriň suwuklyk bölekleri . Oňa gliserin ýa-da suwuk ýag (günebakar ýagy, şetdaly, zeýtun ýaglary) goşulýarlar. Bu garyndyny çalandan soň onuň suwuk bölegi bugaryp gidýär we derman jisimler deriniň üstünde ýukaja gatlak bolup galýarlar we köp wagtlap saklanýarlar. Çaýkalýan suwly pastalar hem edil öl daňy ýaly, zeper ýeten deriniň çişginligine garşy we guradyjy täsir edýär. Çaýkamaly (suwly pastanyň) gury we suwuk bölekleriniň mukdar gatnaşygy 1: 2 bolýar, ýöne ol, oňat netije almak islegine baglylykda , üýtgäp biler. Zeper ýeten derä has ýuzleý täsir etmekçi bolunanda, gury we suwuk bölekleri deň mukdarda alynýar (sink, talk, krahmal, gliserin, distillirlenen suw). Eger-de suwuk bölegi 40-50%-den köp bolsa, onda derä sowadyjy täsir edýär. Çaýkalýan garynda kükürt, garaýag, ihtiol, dermatol, mentol we ş.m. goşulsa, onda onuň bejeriş täsiri güýçlenýär. Bu garyndyny ulanmazdan öň gowy çaýkamaly.

Suwly sink pastasy:

Rp: Zinci oxydati
Amyli tritici
Talci veneti
Glycerini aa 10,0
Aq. Destill. ad 100,0
MDS.

Suwly sink pastadan başga suwuk pastalaryň hataryna ýagly sink pastasy girýär.

Rp: Zinci oxydati 30,0
Ol. Gossipi 70,0
MDS.

P a s t a - goýy hamyr ýaly indifferent tozgaly dermanlardan we wazelin, lanolinden durýar. Onuň gury we ýag bölekleri deňe-deň bolýarlar (sink, talk, krahmal, jemi 50%, wazelin, lanolin hem 50%).

P a s t a l a r – suwjarmaýan, ýitiräk deri çişmesinde ulanylýar. Şonuň ýaly-da pastalary derini tenginlerden goramak üçin (epinlerde, ýaralaryň, akarlaryň, töweregi we başgalar) ulanylýarlar.

Pastalary güýçli suwjarýan ýagdaýda hem-de deriniň gür saçly ýerlerine ulanmak bolmaýar.

Y z g a r l y-g u r a ý a n d a ň y.

Öl ýapgyda ulanylýan derman serişdeleri hem şol usulda ulanylýar. Ýöne ondan tapawudy, deriniň zeper ýeten ýerine, 4-6 ( ýa-da 8-12) gat hasany derman ergini bilen ezip, ýagşy sykyp, deriniň zeper ýeten ýerine goýup, hasa bilen baglamaly. Daňyny adatça her 5-8 sagatdan çalşyp durmaly.

Ýzgarly-guraýan daňy,deriniň gyzaryp, çişip, suwjaryp durýan, ýitiräk çişginliliginde ulanylýar.

Ç a l m a k w e s ü r t m e k usulynda suw ýa-da spirtli erginler, köplenç dezinfisirleýji, torlaýjy, gijilewüge garşy derman serişdeleri bilen geçirilýän, ýagny 1-2% anilin boýaglary ( fuksin, metilen gök, gensian wiolet), kümüş nitratynyň 2% suw ergini, 2% misiň sulfaty, spirtli erginler ( 2% bor spirti, 2% salisil spirti we başgalar) peýdalanylýar.

G y z d y r y j y ý a p g y – deriniň hroniki çişginliginde, infiltraty aýyrmak üçin ulanylýar. Gyzdyryjy ýapgynyň täsiri, öl ýapgynyň we yzgarly-guraýan ýapgylaryň täsirleriniň tersine bolýar. Gyzdyryjy ýapgyda deriniň bygarmagy, gyzgynlyk çykarmagy kynlaşýar, derini gyzdyrýar, gan damarlary giňelýär, ganaýlanyş oňatlaşýar, madda çalyşmak hadysasy güýçlenýär.

Yzgarly-guraýan daňydan tapawudy, hasanyň üstüne ýaglanan kagyz goýulýar, soň galyň gat pagta goýup baglanylýar.

M e l h e m (u n g u e n t h u m) – dermatologiýada has ýygy ulanylýan derman görnüşi, esasy bölegi ýaglardan durýar. Melhemiň ýag esasy görnüşinde hakyky (haýwan, ösümlik) we mineral ýaglary ulanylýarlar. Melhemde toz görnüşli derman serişdeler, pasta garanda, az mukdarda ( 2-2,5%) bolýar. Melhemiň ýag esasy, adaty bolup gelýän, wazelin, lanolin we haýwan ýagy ( arassalanan doňuz ýagy), ösümlik ýaglary, sygyr ýagy (ol.lini), şetdaly ýagy (ol persicorum), zeýtun ýagy (ol.olivarium), çigit ýagy (ol.helianti), mineral ýaglar (ol.vazelini, paraffinum licuidum, naftalanum licuidum…). Melhemler bedene çuň täsir edýär, şoňa görä-de olar, dowamly we ýitiräk deri kesellerinde, çişginli infiltrat bolanda ulanylýarlar (siňdiriji ýa-da buýnuzlaýjy melhemler). Buýnuzlaýjy serişdelere naftalan, garaýag, ihtiol girýärler.

Buýnuz gatlagyny soýýan, eredýän serişdelere salisil, benzoý, süýt turşulyklary girýärler. Amaly dermatologiýada, 2%-10% kükürt melhemi 2-3% garaýag, 1-3% ak simap melhemi, 10% ihtiol melhemi, 2% sink melhemi, antibiotikli melhemler we başgalar giňden ulanylýarlar. Soňky ýyllar gormonly melhemler (gidrokortizon, flýusinar, elokom, triderm we başgalar) giňden ulanylýarlar. Soňky döwürde birnäçe tapgyr gormonal melhemler, kremler döredildi.

B i r i n j i t a p g y r y ň gidrokortizonly, prednizolonly, dermazolonly, deperzolonly, deksametazonly serişdeleriň güýji pesdir.

I k i n j i t a p g y r – lorinden, letikort, ultralan, polkortolon, lokoid aram güýçli serişdelerdir.

Ü ç ü n j i t a p g y r – adwantan, elokom, sinoflan, ftorokort, selestoderm, flusinar, apulein, kormaks güýçli serişdelerdir.

D ö r d ü n j i t a p g y r – dermodent, diprolen, demoweýt has güýçli serişdelerdir.

Soňky ýyllarda gormonal melhemler beýleki serişdeler bilen: garamisin bilen selestoderm B, diprogent bilen polkortolon TC, tetrasiklin bilen oksikort, gioksizon, salisil turşulyk bilen diprosalik, lorinden A C, garaýag bilen lorinden T, antimikotik bilen triderm, mikozolon utgaşdyrylýar.

K r e m – deriniň ujypsyz çişginlik kesellerinde, deri gurap, ýumşaklygy peselen halatlarda ulanylýar. Kremiň düzümine girýän lanolin derini ýumşak we çeýe edýär. Kremiň düzümine girýän suw bugaryp, deriniň üstüni sowadyp, çişginlige garşy täsir edýär.

Unnanyň kremi ( lanolin, wazelin, agua calsis aa.), şonuň ýaly-da ofisinal kremler ( “ Spermaset” we başgalar) giňden ulanylýarlar.

P l a s t y r – esasyna ýagdan başga-da şepbik, mum, sakyz kauçuk we ş.m. girýärler.

Plastyryň düzüminde bejeriji plastyr bolýar. Mysal üçin, onihomikozy bejermek üçin salisilli plastyr ( ac. Salicylici, emplastri plumbi aa 50,0) ulanylýar. Melheme garanda plastyr has çuň täsir edýär.

L a k – suwuklyk. Ol tiz gurap, deriniň üstünde ýuka perde emele getirýär. Lak köplenç kollodiýadan durýar (Collodii 97,0, ol. Ricini 3,0). Oňa dürli derman serişdelerini goşýarlar. Lakyň has çuň täsiri bolýar. Dyrnaklaryň gotrakly keselini bejermek üçin batrafen laky ulanylýar.

Daşky bejergi üçin ulanylýan derman serişdelerini täsir ediş häsiýetlerine görä birnäçe topara bölýärler: çişginlige garşy, gijilewüge garşy, dezinfisirleýji, buýnuz ördüriji, buýnuz erediji, köýdüriji, fungisidler we başgalar.

Daşky bejergi üçin ulanylýan derman serişdelerini beýle toparlara bölmeklik şertlidir, çünki şol bir derman, ulanylýan görnüşine we güýçlüligine baglylykda, täsir ediş häsiýetini üýtgedip biler. Mysal üçin rezorsin, 3%-e çenli buýnuz ördüriji täsir edýär, 10%-li rezorsin buýnuz erediji, ondan hem ýokary güýçlüsi koýdüriji täsir edýär.

**Dermatologiýada daşky bejergi üçin ulanylýan derman serişdeleriň täsirleri boýunça toparlara bölünişi**

| Topar | Toparyň ady we oňa girýän derman serişdeleri | Dermanyň baýlaşdyryş möçberi | Nähili görnüşinde derman ulanylýar |
|---|---|---|---|
| 1. | *Gijilewüge garşy serişdeler:* | | |
| | 1. Anaesthesinum | 10-15% | Pasta, melhem |
| | 2. Mentholum | 0,5-2% | Pasta, melhem |
| | 3. Chloralum hydratum (hloralgidrat) | 2-10% | Pasta, melhem |
| | 4. Acidum boricum (bor turşusy) | 1-3% | Öl ýapgy, melhem, pasta |
| | 5. Dimedrolum | 1-2% | Melhem, pasta |

| | | | |
|---|---|---|---|
| 2. | *Çişginlige garşy serişdeler:* | | Arassa görnüşde |
| | **a) Indifferent tozgalar:** | | sepilýär ýa-da |
| | 1. Zincum oxydatum | | beýleki tozgalar |
| | 2. Bolus alba | | bilen dürli |
| | 3. Amilum tritici | | pastalarda |
| | 4. Talcum | | ulanylýarlar |
| | 5. Bentonitum | | |
| | **b) Gowşak erginler:** | | |
| | 1. Sol. Argenti nitrici | | |
| | 2. Sol. Cupri sulfurici | 0,25-0,5% | |
| | 3. Sol. Zinci sulfurici | 0,25-0,5% | Öl ýapgyda, |
| | 4. Sol. Resorcini | 0,25-0,5% | yzgarly-guraýan |
| | 5. Aqua plumbi (ofisinal) | 1-2% | daňyda we |
| | 6. Sol. Acidi borici | | gyzdyrýan |
| | 7. Sol. Acidi tannici | 1-2% | dermatologiki |
| | 8. Sol. Kalii permanganatis | 1-2% | daňylarda |
| | 9. Sol. Rivanoli | 1:1000,0 | ulanylýarlar |
| | 10.Sol.Furacilini | 1:1000,0 | |
| | **c) Çişginlige garşy beýleki serişdeler.** | 1:5000,0 | |
| | 1. Ichthyolum | | Melhem, |
| | 2. Oleum cadini (možžewel | | pasta,ergin |
| | garaýagy) | 2-5% | Melhem, pasta |
| | 3. Oleum Fagi ( buk | 1-3% | Melhem, pasta |
| | garaýagy) | 1-3 % | -//-//-//- |
| | 4. Oleum Rusci (gaýyň | -//-//-//- | |
| | garaýagy) | | -//-//-//- |
| | 5. Oleum lithanthracis | -//-//-//- | |
| | (daşkömür garaýagy) | | -//-//-//- |
| | 6. Pix liguida ( senuber | -//-//-//- | |
| | garaýagy) | | -//-//-//- |
| | 7. Resorcinum | -//-//-//- | -//-//-//- |
| | 8. Sulfur depuratum | -//-//-//- | |
| | (arassalanan kükürt) | | -//-//-//- |
| | 9. Sulfur praecipitatum | -//-//-//- | |
| | (düýbüne çökdürilen | | |
| | kükürt) | | -//-//-//- |
| | 10.Acidum salicylicum | -//-//-//- | melhem, pasta |
| | 11.Napthalanum | 5-10% | |

| | | | |
|---|---|---|---|
| 3. | ***Buýnuz ördürýän serişdeler:***<br>1. Oleum Cadini ( možžewel garaýagy)<br>2. Oleum Fagi ( buk gara ýagy)<br>3. Oleum Rusci (gaýyň gara ýagy)<br>4.Oleum lithanthracis (daşkömür garaýagy)<br>5.Pix liguida ( senuber gara ýagy)<br>6. Resorcinum<br>7. Sulfur praecipitatum (arassalanan kükürt)<br>8. Sulfur depuratum düýbüne (çökdürilen kükürt)<br>9. Acidum salicylicum | 1-5%<br>-//-//-//-<br>-//-//-//-<br>-//-//-//-<br>-//-//-//-<br>-//-//-//-<br>-//-//-//-<br>-//-//-//- | Pasta, melhem<br>-//-//-//-<br>-//-//-//-<br>-//-//-//-<br>-//-//-//-<br>-//-//-//-<br>-//-//-//-<br>-//-//-//- |
| 4. | ***Buýnuz erediji serişdeler:***<br>1. Acidum salicylicum<br>2. Acidum bensoicum<br>3. Acidum lacticum<br>4. Sulfur depuratum<br>5. Sulfur praecipitatum<br>6. Resorcinum | 10-15%<br>-//-//-//-<br>-//-//-//-<br>-//-//-//-<br>-//-//-//-<br>-//-//-//- | Melhem<br>-//-<br>-//-<br>-//-<br>-//-<br>-//- |
| 5. | ***Dezinfisirleýji serişdeler (Antiseptiki serişdeler):***<br>1. Hydrargyrum praecipita-tum album ( çöken ak simap)<br>2. Hydrargyrum oxydatum flavum ( simabyň sary turşusy)<br>3. Acidum salicylicum<br>4. Acidum boricum<br>5. Resorcinum<br>6. Sulfur depuratum<br>7. Sulfur praecipitatum<br>8. Streptocidum<br>9. Sulfidinum<br>10.Xeroformium<br>11.Dermatolum | 3-10 %<br>-//-<br>-//-<br>-//-<br>-//-<br>-//-<br>-//-<br>-//-<br>-//-<br>-//-<br>-//-<br>0,2% | Melhem, pasta<br>-//-<br>-//-<br>-//-<br>-//-<br>-//-<br>-//-<br>-//-<br>-//-<br>-//-<br>-//-<br>melhem |

| | | | |
|---|---|---|---|
| | 12.Furacilinum<br>13.Brilliant grün<br>14.Methylviolet<br>15.Methylenum coeruleum | 1-2%<br>-//-<br>-//- | spirtli ergin<br>-//-<br>-//- |
| 6. | ***Bozujy (nekrozlaýjy) serişdeler.***<br>1. Acrichinum<br>2. Acidum pyrogallicum<br>3. Resorcinum<br>4. Acidum arsenicorum<br>5.Acidum carbonicum liquifactum<br>6. Acidum nitricum fumans<br>7. Boricum sulfuratum | <br><br>10-20%<br>-//-<br>-//-<br>2%<br>per se<br><br>per se<br>15% | <br><br>Melhem<br>Plantagina pastanyň düzümine girýär.<br>Tehniki talkda oniholizin bolup, onihomikozy bejermekde ylanylýar. |
| 7. | ***Siňdiriji serişdeler***<br>1. Naphthalanum<br>2. Ychthyolum<br>3. Oleum Cadini<br>4. Oleum Fagi<br>5. Oleum Rusci<br>6. Oleum lithantracis<br>7. Pix liquida<br>8. Resorcinum<br>9. Sulfur depuratum<br>10.Sulfur praecipitatum<br>11.Flores sulfuris<br>12.Acidum salicylicum<br>13.Chrysarobinum | <br>10-15%<br>5-50%<br>-//-//-//-<br>-//-//-//-<br>5-50 %<br>-//-<br>-//-<br>5-10%<br>-//-<br>-//-<br>-//-<br>-//-<br>-//- | <br>Per se<br>Per se<br>Melhem, pasta<br>Melhem, pasta<br>-//-<br>-//-<br>-//-<br>melhem, pasta<br>-//-<br>-//-<br>-//-<br>-//-<br>-//- |
| 8. | ***Parazitlere garşy serişdeler***:<br>1. Sulfur depuratum<br>2. Sulfur praecipitatum<br>3. Flores sulfuris<br>4. Oleum Cadini<br>5. Oleum Fagi<br>6. Oleum Rusci<br>7. Oleum lithantracis<br>8. Pix liquida<br>9. Acidum salicylicum<br>10.Acidum lacticum<br>11.Acidum bensoicum<br>12.Resorcinum<br>13.Tinctura jodi | <br>10-20%<br>-//-<br>-//-<br>-//-<br>-//-<br>-//-<br>-//-<br>-//-<br>10-15%<br>5-10%<br>-//-<br>-//-<br>5-10% | <br>Melhem<br>-//-<br>-//-<br>-//-<br>-//-<br>-//-<br>-//-<br>-//-<br>melhem<br>melhem<br>-//-<br>çalmak üçin |

| | | | |
|---|---|---|---|
| 9. | ***Günüň şöhlesinden goraýan serişdeler:***<br>1. Chininum muriaticum<br>2. Chininum bimuriaticum<br>3. Chininum sulfuricum<br>4. Salolum<br>5. Bismutum subnitricum | 10%<br>-//-<br>-//-<br>-//-<br>-//- | Melhem,pasta<br>-//-<br>-//-<br>-//-<br>-//- |
| 10. | ***Derini arassalaýjy serişdeler:***<br>1. Oleum Gossypii (pagta ýagy)<br>2. Oleum Lini ( zygyr ýagy)<br>3. Oleum Provinciale (zeýtun ýagy)<br>4. Oleum persicorum (şetdaly ýagy)<br>5. Oleum Helianti (çigit ýagy). | Per se<br>-//-<br>-//-<br>-//-<br>-//- | Ýumşak indiferent pastalary taýýarlamak üçin hem ulanylýarlar |

## BERHIZLI BEJERGI

Birnäçe deri keselleriniň döremegi, madda çalyşygyň bozulmagy, iýmit siňdiriji synalaryň keselleri bilen, iýmitden zähärlenmek, kähalatlarda bolsa, aýry-aýry iýmit maddalaryna bolan ýokarlanan duýgurlygy bilen baglanyşykly bolýar. Şeýle kesellerde köplenç berhizli bejergi ulanylýar. Berhiz her bir näsagyň şahsy aýratynlygyna, iýmit sindiriji synalaryň keseliniň ýa-da madda çalyşygynyň bozulmagynyň häsiýetlerine baglylykda bellenýär. Mysal üçin, allergiki deri kesellerinde uglewodlary çäklendirýän berhiz, bedeniň duýgurlygyny peseldýär. Ýiti ekssudatly çişginli deri keselinde, duzsuz berhiz oňat täsir edýär. Gijilewükli deri kesellerinde, näsaglara, naharda konserwleri, tüssä tutulanlary, güýçli etli çorbalary, gowrulan etleri we ekstraktiw maddalara baý beýleki iýmit önümlerini ulanmak gadagan edilýär, şonyň ýaly-da suýji zatlary, şokoladlary, kofe, sitruslary, ýer tudanasyny, kömelekleri, baly, gawuny, nary, şeraply içgileri we başgalary ulanmak maslahat berilmeýär.

Semizlige meýilli näsaglara, madda çalyşyş hadysany ýokarlandyrmak maksady bilen, hepdede 1-2 gün iýmiti çäklendirmeklik berhizi maslahat berilýär. Deri keseliniň döremegine sebäp bolandyr diýip güman edilýän iýmit önümini, allergen hökmünde iýmitiň düzüminden aýyrmaly. Deri keseliniň, içege tarapyndan zäharlenýänligi, bagyryň işiniň ýetmezçiligi, aşgazanasty mäziň näsazlygy anyklanylsa, dezinfisirleýji serişdelerden (salol, furazolidon) başga-da, bagyryň işini kadalaşdyrýan (allohol, žetepar), fermentler (pepsin, festal, digestal, mezim-forte) ýaly dermanlary ulanylýar.

# DERI KESELLERINIŇ UMUMY SIMPTOMOLOGIÝASY

Deri keselleri deride we nemli bardalarda dürli örgünleriň örmegi, ýagny hakyky üýtgeşmeleriň döremegi bilen häsiýetlenýärler. Käbir ýagdaýlarda näsagda dürli arz-şykaýatlar – özüne bagly bolan alamatlar hem bolýar.

Köp deri keselleriniň bedeniň umumy näsazlygy bilen baglanyşyklylygy sebäpli, örgün köplenç umumy alamatlar bilen: ýarawsyzlyk, umumy gowşaklyk, gyzgynyň ýokarlanmagy we başga alamatlaryň bolmagy bilen häsiýetlenýärler.

Deri keselli näsaglaryň esasy arzy gijilewük. Gijilewügiň güýji diňe bir keseliň häsiýetine we deri keseliniň görnüşine bagly bolman , eýsem bedeniň reaktiwligine-de bagly bolýar. Gijilewügiň dogruçyl alamatlary, bedende köp sanly dyrnak yzlarynyň bolmagydyr, şonuň ýaly-da dyrnaklaryň uçlarynyň tekizlenmegi, dyrnaklaryň ýaldyrap durmagydyr.

Gijilewük güýji boýunça gowşak, çalarak (deri çişmesi, teňňeli demrew), güýçli, kähalatlarda çydatmaýan (neýrodermit, düwünli gijilewük) görnüşlerde bolýar.

Gijilewük wagtal-wagtal güýjeýän (deri çişmesi, suwjarýan demrew) ýa-da dyngysyz, ýa-da esasan gijesine (gotur) bolup biler.

Näsaglar, gijilewükden başga zeper ýeten ýeriň agyrýanlygyna, ot basylan ýaly, deriniň dartgynlygy ýaly duýgulara arz edýärler.

Deri kesellerinde örýän ähli örgünlere morfologiki alamatlar diýilýär. Ondan başga-da dermatolog, näsagyň endamynyň deri örtüginiň ähli ýeriniň ýagdaýyna,- ýagny deriniň reňkine, maýyşgaklygyna, guraklygyna, görnüşine, gyzgynlygyna we ş.m. üns bermelidir.

Deri kesellerinde örýän morfologiki alamatlary dogry kesgitlemek, keseliň dogry diagnozyny goýmaklyga mümkinçilik berýär.

Käbir kesellerde, goşmaça laboratoriýa barlaglaryny geçirmeklik zerur bolýar.

Deri örgünleriniň ählisini birinji we ikinji morfologiki alamatlara bölýärler.

Ilkinji morfologiki alamatlar, göräýmäge sagdyn deride birinji bolup döreýär, ýagny daşky ýa-da içki gyjyndyryjylaryň täsirine bedeniň ilkinji jogap gaýtawuly hökmünde peýda bolýar. Ikilenji morfologiki alamatlar, ilkinji morfologiki alamatlaryň ewolýusiýasy netijesinde döreýärler.

Birinji morfologiki alamatlaryň ýiti çişginlik hasiýetde bolmagy mümkindir. Ýiti çişginlige mahsus bäş alamatlar (gyzarmak, çişmek, agyry, gyzgynlyk we synanyň işiniň bozulmagy) bolýar ýa-da olar hroniki häsiýetde bolýarlar. Şonda çişginlik alamatlary gowşak bolýar. Kesel hroniki ýagdaýda geçende, zeper ýeten ýerde durgunly alamatlar ( gögümtil, goňur reňk), anyk araçäkli, infiltratly we ş.m. agdyklyk edýär.

Arz-şikaýaty gowşak bolýar. Ilkinji morfologiki alamatlar, infiltratly: tegmil,düwünjek, tümmejik, düwün we ekssudatly: gabarçyjyk, gabarçyk, iriňlilik, eşen ýaly iki bölege bolünýärler.

## Deri kesselleriniň etiologiýasy we patogenezi barasynda esasy maglumatlar

E t i o l o g i ý a – kesel dörediji sebäpler.

P a t o g e n e z – keseliň döreýşiniň we geçişiniň mehanizmi.

Keseli dörediji sebäpleriň köp mukdary bolup, olar köp dürli keselleriň döremegine we ösmegine getirip bilerler. Ol sebäpleri şertli, daşky we içki iki topara bölmek bolýar. Deri kesselleriniň daşky (ekzogen) etiologiki täsirlerine mehaniki , fiziki, himiki, biologiki täsirler girýärler.

1. Mehaniki täsirlere girýänler – deriniň kesilmegi, jaýryk açmagy, sypjyrylmagy, suwjarmagy we ş.m.
2. Fiziki täsirlere degişliler – gyzgynyň, sowugyň, şöhleli energiýalaryň we ş.m. täsirleri.
3. Himiki täsirlere girýänler – dürli türşulyklaryň , aşgarlaryň , agyr metallaryň duzlarynyň, işde we durmuşda duş gelýän himiki birleşmeler, kosmetika, käbir dermanlaryň we başgalaryň täsirleri.
4. Biologiki täsirler – mörjewler, wiruslar, ösümlik parazitleri, mallaryň, haýwanlaryň parazitleri ( gotur sakyrtgasy), büreler, peşeler, aýakçylar, gotraklar we başgalar.

Deri kesselleriniň içki (endogen) etiologiki täsirleri köp dürli bolýarlar. Olara merkezi degna ulgamlarynyň (MDU), madda çalyşyş hadysanyň (suw, duz, mineral, uglewod), içki mäz sekresiýasynyň (diabet keseli, tireotoksikoz, semizlik) işleriniň bozulmagy girýärler.

Ýokum ýetmezçiligi-de köp kesellere sebäp bolup biler. Mysal üçin: “ PP” ýokumy ýetmese - pellagra, “A” ýokumy ýetmezçilik etse - deriniň buýnuzlaşmak hadysasy bozulýar we ş.m.

Bagryň, öt haltanyň, garyn-içege we beýleki içki synalaryň keselleri süýjübaş , neýrodermit, iteşen we başgalaryň döremegine getirýär. Deri kesselleriniň uzaga çekmekligine näsagyň garyn-içege ýollarynda gurçugyň-soguljanyň bolmaklygy, näsagyň bedeninde haýsy-da bolsa bir hroniki fokal ojagyň barlygy sebäp bolup biler.

Köp deri kesselleriniň patogenezinde, bedeniň allergiki gaýtawullaryna uly orun berilýär, çünki beden allergenler bilen dowamly gatnaşykda bolanda näsagda, şol allergene güýçli duýgurlyk döreýär, ol hem keseliň döremegine we gaýtalanmagyna sebäp bolýar.

Käte deri keselleri ganyň düzüminiň üýtgemegi zerarly emele gelýär ýa-da gan damarlarynyň diwarlaryna zeper ýetende, deride allergik waskulitler gan öýme peýda bolýar. Tohum yzarlaýan deri keselleri hem bar – olara genodermatozlar diýilýär.

Soňky ýyllarda birnäçe deri kesselleriniň döremegine, geçişine, immun ulgamlarynyň täsirine köp üns berilýär.

# D E R I   K E S E L L E R I

## DERINIŇ IRIŇLI KESELLERI

P i o d e r m i t l e r – (latynça pyon-iriň, derma-deri)

Kliniki alamatlary we geçişi boýunça bu kesel uly deri keselleriniň toparyny düzýär. Piodermitler, deriniň bütewiliginiň bozulan ýerine iriňlediji (stafilokokk, streptokokk) mörjewleriň düşmegi netijesinde döreýär we iriňli gabarçygyň emele gelmegi bilen başlaýar. Piodermitler köplenç ýiti, seýrek dowamly iriňli deri çişmesi görnüşinde geçýär. Keseliň döremegine stafilokokk we streptokokklardan başga birnäçe mörjewler (adaty ýönekeýjeler, içege taýajyklary, mikoplazmalar we başgalar) hem sebäp bolup bilerler, çünki adatça olar stafilokokk, streptokokklar bilen bilelikde derä täsir edýärler. Iriňli deri keselleri özbaşdak ýa-da beýleki gijilewük keselleriniň (gotur, neýrodermit, ekzema we ş.m.) beterleşmegi netijesinde döräp bilerler.

Iriňlediji mörjewler derä daşky ýagdaýdan düşüp bilerler ýa-da deride we nemli bardalarda ýaşaýan mörjewleriň güýjemegi netijesinde keseliň döremegine sebäp bolup bilerler.

Iriňlediji mörjewler tebigatda giňden ýaýrandyr(tozanda, howada, hojalyk zatlarynyň üstünde we ş.m.). Şoňa görä-de, deriniň iriňli keselleri ähli deri keselleriniň arasynda giňden ýaýran keseldir. Çagalaryň ähli kesellerinden deriniň iriňli gabarçykly keselleri has köp duş gelýär.

Sag adamlaryň derisini we nemli bardalaryny barlamak netijesinde dürli mörjewleriň (stafilokokklar, streptokokklar, Gram + içege taýajygy, gotraklar we başgalar) bardygy anyklandy. Bularyň barysy adamyň ýaşyna, deriniň aýratynlyklaryna, adamyň ýaşaýyş şertlerine baglydyr. Stafilokokklaryň adamlaryň derisinde tapylyşynyň ýygylygy 90-100 %-e ýetýär. Mörjewleriň has köp ýaýran ýerleri deriniň epinleri, bogazyň, burnuň nemli bardalarydyr. Streptokokklar az-kem seýregräk duş gelýär.Gan erediji stafilokokklar, streptokokklaryň her biri üçin bedeniň gaýtawuly aýratyn häsiýetde bolýar. Stafilokokklara beden deriniň iriňlemegi bilen jogap berýär, streptokokklara deri çişmesi bilen jogap berýär.

Ý o k u ş y ş   ý o l y. Stafilokokklar esasy ojaklardan howa damja ýoly bilen, hapalanan ellerden, jisimlerden, hapa egin-eşiklerden we ş.m. ýokuşyp biler. Stafilokokklar ekzotoksin işläp çykarýarlar. Ekzotoksin adamyň ganynyň düzümindäki eritrositleri eretmäge ukyply bolýar. Eger-de ekzotoksini deriniň içine goýberseň, derini çüýredýär. Antibiotikleri bitertip we bermeli möçberini saýgarman ulanmaklyk, stafilokokklary öldürmän gaýtam olaryň L görnüşine geçmegine getirýär. Şoňa görä-de soňky wagtlarda, näsagyň bedenine zeper ýeten, dürli ojaklardan alnan barlaglaryň oňaýly netijeleriniň mukdary has azaldy diýen ýaly maglumatlar ýazylyp başlandy.

Gan goşulan adatda ösüşi boýunça streptokokklary: gan eredýän, ýaşyl reňkleýji we gan eretmeýän görnüşlere bölýärler. Biohimiki, immunologiki

barlaglaryň kömegi bilen streptokokklaryň endo we ekzotoksinleri, fermentleri emele getirýändikleri anyklandy.

P a t o g e n e z i. Bedeniň mörjewlere garşy durgunlygynyň, ýerli we umumy ukybynyň peselmegi keseliň döremeginde esasy orun tutýarlar.

Deriniň berk we çeýe, buýnuz gatlagynyň bitewiligi, onuň teňňejikleriniň, tozgajyklarynyň çalşyp durmagy, köpsanly mörjewleri hem deriniň üstünden aýryp, fiziologiki öz-özüni arassalaýar. Bu hadysa mörjewler bilen deriniň arasynda oňaýly elektrik togunyň döremegi sebäp bolýar we mörjewleriň bedene aralaşmagyna mehaniki päsgelçilik döreýär.

Deriniň himiki örtügi diýlip atlandyrylýan, deriniň der we ýag mäzleriniň bölüp çykarýan, mörjewleri öldürýän we olaryň ösmegini, köpelmegini peseldýän häsiýetli jisimiň uly ähmiýeti bar. Ol jisimleriň mukdary we biohimiki düzümi, wegetatiw degna ulgamlary we endokrin mäzleri arkaly kadalaşdyrylýar.

Deriniň iriňli gabarçykly kesselleriniň döremegine täsir edýän daşky (ekzogen) ýagdaýlar:

1. Deriniň hapalanmagy
2. Uşak önümçilik şikesleri
3. Deriniň gurulygy
4. Uşak öý-durmuş şikesleri
5. Gijilewükli deri kesellerinde gaşanyp, derä şikes ýetirmeklik
6. Derä gyjyndyryjy himiki jisimleriň (çalynýan ýaglar, turşulyklar, aşgarlar we başgalar) täsir etmegi.
7. Deriniň tengini
8. Deriniň üşemegi ýa-da gaty gyzmagy

Deriniň iriňli gabarçykly kesselleriniň döremegine içden täsir edýän (endogen) ýagdaýlaryň ählisi bedeniň kesele garşylyk görkezýän ukybyny peseldýän täsirler hasaplanylýar:

1. Degna-endokrin näsazlyklary (diabet, tireotoksikoz, semizlik, degna dartgynlylygy, gaty ýadawlyk we başg.)
2. Immungytlygy
3. Gurpdan gaçmak, açlyk, iýmiti ýeterlik alyp bilmezlik).
4. Ýokumlaryň (A, B, C, D we başg.) ýetmezçiligi
5. Ýiti ýa-da dowamly horlaýan keseller (inçekesel, gyzdyrma keseli, brusellýoz we ş.m.)
6. Garyn-içege keselleri (gastrit, gastroenterit, enterokolit we ş.m.)
7. Dowamly zäherlenme (bagryň keselleri, içiňde lýambliyalaryň, soguljanlaryň bolmaklygy we başg.).
8. Kortikosteroidler, sitostatikler bilen geçirilýän bejerginiň çylşyrymlaşmagy.

**Deriniň iriňli-gabarçakly kesselleriniň toparlanmasy**

D ö r e d i j i l e r e g ö r ä:

1. Stafilodermiýalar
2. Streptodermiýalar

3.Strepto-stafilodermiýalar

G e ç i ş i b o ý u n ç a:

1. Ýiti
2. Dowamly

Ç u ň l u g y b o ý u n ç a:

1. Ýüzleý
2. Çuň

Stafilodermiýa we streptodermiýa kliniki alamatlary boýunça tapawutlanýarlar. Stafilokokklar deri goşuntgylaryna (saç haltajygyna, dyrnaklaryna, der we ýag mäzlerine) zeper ýetirmäge meýilli bolýarlar. Stafilodermiýada berk gabykly, dykyz-maýyşgak içi doýgun ýaşyl reňkli, goýy erbet ysly iriňli gabarçyklar döreýär. Ýiti çişme bolup, näsagyň umumy ýagdaýy bozulýar (gyzgyny galýar, üşüdýär) we has çuň ýerleşen ýaralar emele gelýär.

Streptodermiýa deri kesellerinde, deriniň goşuntgylary, çişmeklik hadysasyna, adatça duçar bolmaýarlar. Streptodermiýada ilki suwly gabarçyklar döreýär, olaryň daşy ýuka, gowşak, salparyp durýär, içiniň suwuklygynyň erbet ysy bolmaýar. Keseliň ýitiligi gowşagrak bolýar, gabarçyklar ýarylýarlar we ýüzleý ýarajyklar emele gelýär.

## STAFILODERMIÝANYŇ KLINIKI GÖRNÜŞLERI

Ý u z l e ý f o l l i k u l i t (ostiofolliculitis) – saçyň derä çykýan ýerinde, haltajygynyň agzynda döreýän ýüzleý iriňlilikdir. Follikulalaryň agzynda ululygy temençäniň gözi ýaly ortasyndan saç, gyl geçip duran, iriňlilikler örýär, töwereginde gülgüne gyzyl zolak bolýar, 3-4 günden soň iriňli kesmek emele gelýär, soň gopýar we hiç hili yz galdyrman gutulýar.

Ç u ň f o l l i k u l i t (folliculitis profunda). Çuň follikulitde kesel dörediji stafilokokklar osteofollikulite garanda has çuň aralaşyp saç haltajygynyň tutuş çişginligini döredýär.

Keseliň başynda agyryly düwünjikler gyzaryp döreýärler, olaryň ortasyndan saç geçýär, soň iriňlilige öwrülýärler, birnäçe günden soň iriňlilik gurap kesmejik emele gelýär. Keseliň adaty geçişinde 5-6 günden soň, çuň follikulitleriň ýerinde nokat ýalyja ownujak ýara ýzlary (nagra) galýar. Köplenç çuň follikulitler kelläniň saçly ýerlerinde we boýnuň ýeňse tarapynda ýerleşýärler.

S i k o z (sycosis vulgaris) üzümiň hoşasy şekilli, ýüzleý iriňli deri keselidir. Bu uzaga çekýän stafilokokk deri keseli, erkek adamlarda (sakgal, murt çykýan ýerlerinde, gasygynda, goltuklarynda) duş gelýär. Kesel saç haltajyklarynyň agzynda döreýän iriňlilikleriň (osteofollikulitleriň) gaýtalanýan örgünleriniň örmegi bilen häsiýetlenýär. Iriňlilikleriň töwereginde, kem-kemden infiltrat ýygnanmagy netijesinde, zeper ýeten deri kem-kemden galňaýar, gataşýar we durgunly gyzyl reňkli bolýar. Iriňlilikler ýarylyp, ýüzleý ýarajyklar, iriňli kesmekler emele gelýär.

F u r u n k u l, çyban (furunculus) – saç haltajygynyň we olaryň töweregindäki birleşdiriji dokumalaryň çuň iriňli ýiti çişmesi. Ol köplenç ýüzleý iriňli gabarçykdan başlaýar. 1-2 günüň dowamynda, çäklenen düwün görnüşinde infiltrat emele gelýär, tiz ulalyp başlaýar. Düwün gaty agyryly, üstüniň derisi çym gyzyl bolýar. Töwereginde çiş döreýär, ylaýta-da çyban ýüzde bolsa, 3-4 günden soň çybanyň üsti ýumşap, çuň iriňlilige öwrülýär. Ondan soň çyban tiz ýarylýar, iriň çykýar, çuň tegelek baş emele gelýär. 2-3 günden özen iriňläp, gopup aýrylýar. 2-3 günden soň baş bitýär. Onuň ýerinde çökediräk nagra galýar. Eger-de çyban gaýtalanyp döräp dursa, onda oňa çybanlylyk (furunculosis) keseli diýilýär. Käbir ýagdaýlarda çyban çylşyrymlaşyp limfatiki mäzleriň çişmesine getirýär. Çybanyň agyr geçýän çylşyrymlaşmasy onuň ýüzde, ylaýta-da dodaklarda, burunda ýerleşeninde duş gelýär. Çunki beýle halatlarda ýüzüň gan damarlarynyň dykylmasy, çişmesi (tromboflebit), netijede meningit, sepsis ýaly agyr näsazlygyň döremegi mümkin.

K a r b u n k u l dokuzdonly (carbunculus) – ýakyn ýerleşen birnäçe saçlaryň haltajyklarynyň çuň iriňli nekrotiki ýiti çişmesi. Birnäçe çybanyň bir ýere üýşüp özara birleşip, bir tutuş ululygyň eliň aýasy ýaly infiltratyň emele gelmegi. Agyryly, durgunly gyzyl reňkli infiltratyň üstünde birnäçe deşijikler bolýar we olardan goýy iriň çykýar. Dokuzdonlynyň ortasynyň özeni iriňläp, gopup aýrylandan soň çuň ýara emele gelýär we ýaranyň düýbi fassiýa, myşsalara çenli ýetýär. Sepsis bolmagy mümkin. Dokuzdonlynyň adaty ýerleşýän ýerleri boýnuň ýeňsesi, arka, bil. Dokuzdonlyny hirurglar atanak şekilli kesmek bilen bejerýärler, hökmany ýagdaýda uly mukdarda antibiotikler hem berýärler.

G i d r a d e n i t (hydradenitis) – apokrin der mäzleriniň çuň iriňli çişmesi. Ýerleşýän ýerleri: goltuklar, artbujagyň epinleri, aýallarda uly jyns dodaklarda. Deriniň içinde agyryly düwünler döreýärler we tiz ulalyp kepderiniň ýumurtgasy ýaly bolýar. Reňki - durgunly gyzyl, gögümtil öwüşginli. Ulalan düwünler derä ýapyşýarlar we dömüp, ganjygyň emjegine meňzeş bolýar, deri gögümtil gyzyl reňkde bolup, agyrysy artýar. Kähalatlarda düwünler ýumşap, mylkyldap öz-özünden ýarylýarlar, içinden gaýmaga çalymdaş gan gatyşykly iriň çykýar. Özeni bolmaýar. Kähalatlarda gaty güýçli agyryly tagta şekilli infiltrat döräp, flegmonanyň bolşuny ýada salýar. Gidradenitiň düwünleriniň ýumşaýan bişişýän döwründe näsaga umumy ýarawsyzlyk, gyzgynyň ýokary galmagy deriniň dartgynlygy, agyry ýaly umumy alamatlar bolýar.

Düwünler ýarylandan soň agyry azalýar, birnäçe günden soň ýaralar bitýärler. Gidradenit goltuklarda, köplenç birtaraplaýyn bolýar, seýrek halatlarda iki goltukda-da bolmagy mümkin. Keseliň gaýtalanýan halatlary seýrek bolmaýar, keseliň uzaga çekiji häsiýeti bar.

## Täze doglan çagalarda stafilokokk deri kesellerinin görnüşleri

K ö p s a n l y i r i ň l i g a b a r ç a k l y ç i ş, Fingeriň ýalan çyban keseli (pseudofurunculosis Finger) – bu köpsanly ekkrin der mäzleriniň çuňňur iriňli çişmesi. Ululygy 1-2sm ululygyna çenli bolan, deriasty düwünleriň döremegi. Durgunlykly gyzyl reňkli, kem-kemden düwünleriň ortasy ýumşaýar. Iriňli çişler ýarylýarlar we gan gatyşykly, sarymtyl suwuk iriň çykýar. Çybandan tapawudy – infiltrat we özen bolmaýar. Düwünler kellede, göwrede, guýrukda döreýärler. Sebit limfatiki mäzleri ulalýar, çagalaryň bedeniniň gyzgyny galýar, bimaza bolýarlar.

E p i d e m i k i i r i ň l i p a k g a r ç a k (pemphigus neonatorum epidemicus). Kesel çaga doglandan soň, 8-15-nji günden başlaýar. Ilkinji morfologiki alamatlary – iriňli-serozly pakgarçak (fliktena), ululygy nohut ýaly, agyryly. Kesel duýdansyz we ýiti başlaýar hem tiz ýaýraýar, örän ýokançly, eliň aýalarynda we dabanlarda döremeýär. Seroz-iriňli pakgarçaklar ýarymşar görnüşli, iriň çala dury suwjymak bilen doly. Pakgarçaklar ýarylandan soň ýerinde ýüzleý ýarajyk emele gelýär. Olaryň gyralarynda pakgarçaklaryň galyndylary bolýar. Köplenç göbegiň töwereginde göwräniň aşaky böleginde ýerleşýärler. Çaganyň umumy ýagdaýy bozulýar, gyzgynlygy 39-40°C ýetýär, gowşak emýär, gusýar, içi geçýär. Ganynda üýtgeşiklikler bolýar: leýkositoz, eozinofiliýa, eritrositleriň çöküş tizliginiň ýokarlanmagy, çaga stafilokokk sepsis ýagdaýly bolýar.

R i t t e r i ň e k s f o l i a t i w d e r m a t i t i - epidermolizi (dermatitis exfoliativa Ritter) Bu kesel täze doglan çaganyň epidermal pakgarçakly deri keseliniň agyr görnüşi hasaplanylýar. Kesel çaga doglandan soň, birinji hepdäniň dowamynda agzynyň, göbeginiň, jyns synalaryň, artbujagyň töwereginde çişginli açyk gyzarmak bilen başlaýar. Şeýle ýerde uly pakgarçaklar döreýär, olar tiz ýarylyp, uly ýüzleý sypjyryklar emele gelýär. Sähelçe bir zat degse deriüsti gatlak sypyrylýar. Pakgarçagyň ýyrtylan gabygyny jüpdek bilen tutup, bir tarapa çekseň göräýmäge sagdyn deriniň üstünde-de soýulyp barýar (Nikolskiniň alamaty oňaýly). Ýüzleý ýaralar tiz ulalýarlar, deriüsti gat mürüşýär. Şeýle ýagdaý çagada II derejeli ýanygy ýadyňa salýar, gyzgynlyk ýokary göterilýär, dispepsiki näsazlyklar, az ganlylyk, EÇT ýokary galýar, agramy kemelýär. Agyr ýagdaýlarda kesel septiki görnüşe geçip, öýken çişmesi, gulak agyry, meningit, enterokolit, flegmona we başgalar bolup, näsagyň ölümine sebäp bolup bilerler.

## STREPTODERMIÝALARYŇ KLINIKI GÖRNÜŞLERI

S t r e p t o k o k k i r i ň l i d e r i k e s e l l e r i stafilokokk iriňli deri kesellerinden tapawutlanyp, deriniň goşuntgylaryna zeper ýetirmeýär. Streptokokklaryň ýetirýän şikesleri has ýüzleý häsiýetde. Gowşak suwuklykly iriňlilik (fliktena) döreýär, içi bulanygrak suwuk iriňli, töweregine ýaýramak

bilen häsiýetlenýär. Keseliň ýüzleý görnüşine – impetigo diýilýär, çuňňur görnüşine – ektima diýilýär.

Impetigo, syçratgy (impetigo streptogenes) gyzaran deriniň üstünde, kiçeňräk ýüzleý suwly iriňli gabarçaklar duýdansyz örýär, töwereginde deriniň gyzaran zolagy bolýar. Gabarçaklar tiz çöküp, gurap, üstünde sary bal reňkli, gatlakly kesmejikler emele gelýär. Kesmejikler aýrylandan soň ýara ýeri galanok. Kesmejikler emele gelmänkä gabarçaklar ýarylandan soň gyzyl, öljerip duran, sypjyryklar ýüzleý ýaralar bolýar. Deriniň zeper ýeten ýerleri töweregine giňelýärler. Köplenç çagalaryň ýüzünde, kellesinde bolýar. Gaty ýokanç, tiz ýaýraýan syçratgynyň görnüşleri:

a) dodaklaryň gapdallarynyň derisiniň ýarylmagy (angulus infectiosus)
b) uly iriňli gabarçakly syçratgy (impetigo bullosa)
c) ýüzleý dolama okuma (tourniole)
d) ýönekeý ak goňaklaýan demrew (pityriasis simplex)

S t r e p t o k o k k t e n g i n i (intertrigo streptogenes) – ýanbaş aralygy, göwüsleriň aşaklary, gulaklaryň ýeňsesi, goltuklar, butlaryň iç taraplary we ş.m. tenýärler. Deri gyzarýar, suwjarýar, ýüzi sypjyrylýar, awuşaýar.

K e s m e k l i ç u ň i r i ň l i b a ş (ecthyma vulgare). Derä uşak şikes ýetende streptokokklar düşüp, derä çuň aralaşýarlar. Şol ýerlerde çuň infiltrat döreýär. Infiltratyň üstünde iriňli gabarçak ýa-da deri üsti gatlakda (epidermisde) iriňli gabarçak emele gelýär. Ol gopup aýrylandan soň gyralarynyň aşagy köwülen ýara emele gelýär, gaty agyryly, bedeniň gyzgyny 38-39°C çenli galýar bimaza edýär.

D o w a m l y ý ü z l e ý i r i ň l i, streptokokk deri keseli (streptodermia chronica diffusa superficialis). Köplenç injiklerde ýerleşip, deriniň üstüne tutuş zeper ýetiriji häsiýetde bolýar. Zeper ýeten deri töweregindäki sag deriden anyk araçäklenýär. Deriniň zeper ýeten ýeriniň üsti tutuş kesmek bilen örtülýär. Onuň aşagy öljerip, suwjaryp durýar. Keseliň bu görnüşi, köplenç bedeniň madda çalyşmak işiniň bozulmagy zerarly döreýär.

## STREPTO–STAFILODERMIÝALAR

Iriňli deri keselleriniň bu toparyna girýän keselleriň etiologiýasy birbada hem stafilokokklar hem streptokokklar bolýar. Olaryň içinde ýüzleý ýerleşýänleri: adaty, ýa-da strepto-stafilodermiýa syçratgysy; çuň ýerleşýän piodermitleriň: dowamly ösüntgili ýara görnüşi, şankra meňzeş we iriňli granuloma (botriomikoma) görnüşleri.

A d a t y ý a-d a s t r e p t o-s t a f i l o k o k k i m p e t i g o s y (impetigo vulgaris seu impetigo strepto-stafilogenes). Ilki başdan, gyzaran çişginliräk deriniň üstünde gowşak iriňli gabarçak (fliktena) döreýär. Olaryň içindäki iriňli suwuklyk ilki bada açyk suwuklyk bolup, soň gabarçak guraýar we galyň sarymtyl kesmek döreýär. Adaty syçratgy köplenç agzyň, gözüň, burnuň töwereklerinde ýerleşýär we çagalarda, gyzjagazlarda hem ýaş

aýallarda ýygy duş gelýär. Gutulandan 8-15 günden soň, wagtlaýyn, ikinji tegmil, ýagny pigmentleşen yz galdyrýar.

Ö t ü ş e n ö s ü n t g i l i ý a r a , iriňlilikler (pyodermia chronica ulcero-vegetans). Kesel streptokokk ýarasynyň (ektima), tiz ýara öwrülýän çybanyň döremegi bilen başlaýar. Ýaralar ulalýarlar, tegelek ýa-da diş-diş töwerekli, gyralary gaty, galňan, ýaranyň üstüne abanyp durýarlar, ýaranyň düýbi tekiz bolmaýar, onda az-kem çalymtyl reňkde et örýär, iriňli bolýar. Esasy ýaranyň töwereginde çuň iriňli örgünler bolup, olar hem ýara öwrülýärler. Olaryň infiltratynyň içinde çuň boşluklar emele gelip, bir-biri bilen goşulyşýarlar.

Ýaralaryň içinde ýa-da töwereginde siňňil şekilli ösüntgiler döreýär (wegetasiýa). Birsyhly iriň çykyp durýän deşijikleriň bolýan halatlary-da seýrek bolmaýar. Näsagda ukysyzlyk, gowşaklyk, agyry ýaly alamatlar bolýar. Kesel dowamly häsiýetde bolup, birnäçe aýlara, ýyllara çekýär.

Ş a n k r g ö r n ü ş l i p i o d e r m i ý a (pyodermiýa shancriformis). Keseli köplenç altyn şekilli stafilokokk, ýöne streptokokk hem döredip bilerler. Şoňa görä-de ony piodermitiň goşulyşan (stafilo-streptokokk) toparyna degişli saýýarlar. Bu keseliň döremegine, arassaçylygy berjaý etmezlik, erkek jyns synalarynyň pürçüginiň agzynyň darlygyna (fimoz) getirip biler. Keseliň bu görnüşinde ýara, tegelek ýa-da süýrüräk görnüşli, gyralary çil şekilli, galyp duran ýaranyň düýbi infiltratly, gaty , etiň reňki ýaly gyzyl, käte iriňli ýa-da gangrenaly çüýrän görnüşinde bolýarlar.

Ýara adatça ýekeli-ikili bolýar, seýrek halatlarda birnäçe bolmagy-da mümkin. Köplenç jyns synalarynda ýerleşýär. Emma ýüzde, dodaklarda, dilde-de bolup biler.

Ýaranyň we ýüzleý ýaranyň merezýeliň gaty şankry bilen meňzeşligi, olaryň düýbüniň azda-kände gatylygy, agyrynyň azlygy, sebitleýin limfatiki mäzleriň, üljäniň ýa-da hozuň ululygy derejesinde ulalmagy we başgalar keseliň diagnozyny belli bir derejede kynlaşdyrýar. Gutarnykly diagnoz näsaga uzak wagtlap gözegçilik edip, birnäçe gezek serologiki barlaglary geçirenden soň goýulýar.

## Deriniň iriňli keselleriniň öňüni alyş çäreleri

Senagat we oba hojalyk kärhanalarynda keselçiligiň derejesini, her bir kärdäkiler üçin hasaba almak, keselçiligiň bolmagyna sebäp bolýan ýagdaýlary anyklamak we olary aradan aýyrmak möhümdir.

Önümçilikde we durmuşda deriniň arassalygyny saklamaly. Önümçilikde derini arassa saklamak we goramak üçin ýuwunylýan enjamlardan, ýuwujy we goraýjy pastalardan peýdalanmaly, şahsy iş geýimleriň arassaçylygyna gözegçilik etmeli. Şahsy iş geýimlerini wagtly-wagtynda ýuwup, arassalap, syryp durmaly, iş ýeriniň we önümçilik otagynyň arassaçylygyny gazanmaly.

Ownuk şikesleri dezinfisirleýji, goraýjy, ýumşadyjy serişdeleri saklaýan dermanhanajyklar bolmaly.

Önümçiligiň arassaçylyk – tehniki şertlerini oňatlaşdyrmaly we kämilleşdirmeli, deri keselleriniň döremegine getirip biljek sebäpleri aýyrmaly.
Arassaçylyk-düşündiriş işlerini geçirmeli, işgärleriň arasynda, öz-özüňe we ýoldaşlaryňa ilkinji kömegi bermek barasynda düşündiriş geçirmeli.
Iriňli deri keselleri çagalarda gutulýança, olary köpçülige goýbermeli däl.
Çagalar edaralarynda, iriňli deri keselli çagalary bejergi geçirilýän döwründe, beýleki çagalardan aýry saklamaly, sanitar-arassaçylyk düzgüniniň berjaý edilişine gözegçilik etmeli.

## Iriňli deri keselleriniň bejerilişi

Sag we näsag deriniň ýagdaýyna dogry üns bermekligiň uly ähmiýeti bar. Näsagy doly barlap, deri keselinden başga ýene-de näbelli keseli bar bolsa, ony tapmak we bejermek, ýagny degna we endokrin ulgamlarynyň işleriniň bozulmagy, iç goşlarynyň keselleri, madda çalyşyş hadysanyň näsazlygy we ş.m. Umumy bejergi, esasan gaýtalanýan we uzaga çekýän iriňli deri kesellerinde geçirilýär. Ýüzleý iriňli deri kesellerinde diňe ýerli bejergi bilen hem çäklense bolýar. Iriňli deri keselleriniň uzaga çekýän (dowamly) görnüşlerinde näsag berhiz tutmaly. Ýagny uglewodlary çäklendirmeli, şeraply içgileri gadagan etmeli, ýokumlaryň A, B, C toparlaryny bermeli.

Antibiotik we sulfanilamid derman serişdelerini giňden ulanýarlar. Çybany, dokuzdonlyny, gidradeniti we limfatiki mäzleriniň çişmesi bilen çylşyrymlaşan iriňli deri keselleriniň beýleki görnüşlerinde bejermek üçin penisillini 50000-1000000 birlikden, her üç sagatdan, et içine sançmaly we keseliň häsiýetine baglylykda, sanjylýan penisilliniň mukdaryny 5000000-8000000 birlige ýetirmeli. Penisilliniň uzak dowamly täsir edýän serişdeleri: ekmonowosillin 300000-600000 birlikde günde bir gezek sanjylýar. Bu dermanlar, bejergini saglyk öýlerinde geçirmek üçin amatly bolýar.

Lewomisetin 0,5g-dan günde 4-5 sapar gurt görnüşinde içmäge berilýär, jemi 15-20 g çenli. Tetrasiklin 200000 birlikden günde 5 sapar içirilýär. Jemi 5000000-6000000 birlikde. Eritromisin, oleandomisin, oletetrin 250000 birlikde günde 4 sapar içmäge berilýär. Fuzidin 500000 birlikde günde 3 sapar içirilýär, rondomisin 300 mg günde 2 sapar içirilýär.

Gentamisin 80 000 B günde 2-3 gezek etiň içine sanjylýar. Ýarym sintetiki penisillinler: oksasillin, metasiklin, ampisillin günde 2000000-4000000 B-den berilýär.

Ýiti, çuň, çylşyrymlaşan iriňli deri kesellerinde sulfanilamid dermanlary antibiotikler bilen toplumda berilýär - sulfadimezin, biseptol, oriprim, günde 2-3g 7-10 günüň dowamynda.

Antibiotikler bilen bejergä başlanmazdan ozal, ýaradaky mörjewleri we olaryň antibiotiklere duýgurlygyny bilmeli.

Uzaga çekýän, gaýtalanýan iriňli deri kesellerinde antibiotikler bilen bejermeklik, immun bejergiler bilen bilelikde geçirilýär:

Mahsus immun bejergiler ulanylýarlar:

Stafilo- ýa-da streptowaksinler (iň gowusy autowaksin) 0,2 ml-den başlap, her 2-3 günden 0,1 –0,2 ml goşup köpeldip, deriniň içine ýa-da deriniň astyna sançýarlar, jemi 10-12 sanjuw.

Stafiloanatoksin, stafiloantifagin ýa-da stafilowaksin 0,2 ml-den başlap günde üstüne 0,1 ml goşup köpeldip, 1 ml çenli deriniň astyna sançýarlar. Jemi 10 sanjuw.

Mahsus däl immunbejergi: gan çalyşmak (autogemoterapiýa 2-4-6-8-10 ml we yzyna gaýdyp 10-8-6-4-2 ml her gün ýa-da günaşa, deriniň astyna sanjylýar. Jemi 8-10 sanjuw.

Gyzgynlygy galdyrýan (pirogen) serişdeler: pirogenal, prodigiozan.

Aloe, çüýşe şekilli beden, çaga ýoldaşynyň ekstrakty we başgalar.

Soňky döwürde, T-aktiwin, timolin, immunomodulin, interferon ýaly immun güýçlendiriji serişdeler giňden ulanylyp başlandy.

Ýaranyň töwereginde örgün bolmaz ýaly, keseliň ýaýramazlygy üçin, esasy ojagyň özüni we töweregini oňat arassalap durmaly. Ýaranyň töwereklerini kamfora ýa-da salisil spirtli ergin bilen süpürmeli we anilin boýaglary: 2% göwher ýaşyly, metilen gök, fuksin, gensian wiolet çalmaly. Ýaranyň üstüniň iriňli kesmegini aýyrmak üçin 1-10% sintomisinli krem, 2-5 % kükürtli-garaýag, 10% kseroform, 10% dermatol, antibiotikli gormonal melhemler hem ulanylýar. Çuň ýarylmadyk iriňli deri kesellerinde, arassa ihtioly ýapýarlar.

# MIKOZLAR

## Umumy maglumatlar

Deri kesellериniň umumy düzüminde, deriniň goturak keselleri, deriniň iriňli gabarçakly kesellerinden soň, ikinji ýerde durýar, şoňa görä-de ony öwrenmegiň, oňa garşy göreşi guramagyň uly ähmiýeti bar.

Goturak mörjewleri tebigatda giňden ýaýran. Ýöne olaryň az bölegi adamlarda we haýwanlarda kesel döredýär. Goturak mörjewleri, pessejik hilli ösümlikler toparyna degişli bolup, olardan hlorofiliniň ýoklugy we kömür turşysyny döretmäge ukypsyzlygy bilen tapawutlanýarlar.

Kesel dörediji goturak mörjewleriň esasy toparyny, pessejik ösümlik mörjewleri düzýär, olar şahajyklar şekilli, iki taraply miseliýa sapajyklaryny (uzynlygy 4-den 40-50 mk we ondan hem uzyn, ýogynlygy 1-den 6 mk çenli) döredýär we tozanjyklar (sporalar) arkaly köpelýärler. Olar toprakda, ösümliklerde, haýwanlarda we adamlarda mugthorlukda ýaşaýarlar. Bu tetelli mörjewler iki uly topara bölünýärler: diňe adamyň derisinde we goşuntgylarynda ýaşaýanlara - antropofil mörjewler diýilýär, adamlaryň we haýwanlaryň derisindäkilere -zooantropofil mörjewler diýilýär.

Kandida toparyna girýän, maýa (drožža) meňzeş kesel dörediji mörjewler, goturak mörjewleriniň arasynda esasy orun tutýar. Olaryň esasy tapawudy, sporalary döretmän, bölünip köpelýärler, olaryň emele getirýän

sapajyklary şahalara bölünmeýärler, şoňa görä-de olara ýalan miseliý (psewdomiseliý) diýilýär.

Adam üçin zyýanly, derisine zeper ýetirýän goturak mörjewlerine - dermatofitler diýilýär, olaryň döredýän goturak kesellerine - dermatomykozlar diýilýär.

E p i d e m i o l o g i ý a s y. Goturak keseli näsag adamdan ýa-da keselli haýwandan ýokuşýar (keseliň ýokuşmagynyň göni ýoly) ýa-da keselli adamyň ulanan zatlaryndan ýa-da keselli haýwanlara degen esbaplardan (keseliň ýokuşmagynyň göni däl ýoly) ýokuşýar. Goturak kesselleriniň käbiri bilen (ýüzleý trihofitiýa, mikrosporiýa we başgalar) esasan mekdebe çenli we mekdep ýaşly çagalar keselleýärler, beýleki käbirleri bilen (epidermofitiýa, rubromikoz, çuň, ulgamly mikozlar we başg.) köplenç uly adamlar keselleýärler. Goturak keselleriň käbir görnüşlerine, ýylyň belli bir pasylynda köpçülikleýin kesellemeklik mahsus (mysal üçin mikrosporiýa – güýzüne, zoofil trihofitiýa-tomsuna), şonuň ýaly-da belli bir pasylda käbir keselleriň beterleşmegi (mysal üçin daban gotragy-epidermofitiýa ýaz we tomus aýlarynda we ş.m.) bolup geçýär Goturak keseliniň ösmegine we ýaýramagyna käbir ýerleriň topragy we howa şertleri-de täsir edýär. Şoňa görä-de keselçiligiň derejesi ähli ýerde birdeň bolmaýar. Soňky ýyllarda, goturak keselleriniň dürli görnüşleriniň köpelip, ýa-da azalyp durýanlygy bellenilýär.

P a t o g e n e z i. Goturak mörjewleriniň tebigatda giňden ýaýranlygyna garamazdan, olaryň diňe köp bolmadyk görnüşleri kesel döredip bilýärler. Olaryň kesel döretmegi üçin olara amatly şertler bolmaly: adamyň ýaşy, jynsy, endokrin ulgamynyň ýagdaýy, suw-ýag örtüginiň PH, deriň himiki düzümi, derleklik we ş.m.

Mysal üçin, çagalaryň derisiniň, saçlarynyň buýnyz gatlagynyň ýeterlik derejede bekemän, gowşak, ýumşak bolmaklygy, keratofil goturak mörjewleriniň ýaşamagy we ösmegi üçin amatly şert bolup hyzmat edýär.

Uzaga çekýän keseller, adamyň bedeniniň kesellere görkezýän garşylygyny peseldip, deriň himiki düzümini, deriň saçyň ýagdaýlaryny üýtgedip, degna we endokrin näsazlyklaryna getirýär we zyýansyz mörjewleriň kesel dörediji görnüşe geçmeklerine getirýär.

A.M.Ariýewiçiň we N.D.Şeklakowyň toparlamasy boýunça ähli goturak keselleri 4 topara bölünýär :

1. Keratomikozlar (kepek şekilli ýa-da dürli reňkli demrew, düwünli trihosporiýa, goltuk trihomikozy)
2. Dermatomikozlar (epidermofitiýa, rubromikoz, trihofitiýa we fawus) - deriniň goturak keselleriniň has uly durmuş-epidemiologiki ähmiýetli wekilçilikli topary.
3. Kandidozlar (deriniň, nemli bardalaryň we içki synalaryň)
4. Çuň (ulgamly) mikozlar. Bu goturak keselleriniň uly, ýöne seýrek duş gelýän topary.

## KERATOMIKOZLAR
## (Deriniň buýnuz gatlagyna zeper ýetirýän goturaklar)

Goturak keseliniň bu topary, deriüsti gatlagynyň diňe buýnuz gatyna zeper ýetirmek bilen häsiýetlenýär, ýokançlygy örän pes, çişginlik alamatlary bolmaýar diýen ýaly. Adatça bu topara eritrazmany-da goşýarlar, hatda eritrazmanyň döredijisi goturak mörjewleri bolman, korinobakteriýalardygy barada ýeterlik maglumatlar toplanan.

Keratomikozlar toparyna kepek şekilli demrew, düwünli trihosporiýa we goltuk trihomikozy girýärler.

### Kepek şekilli ýa-da dürli reňkli demrew
### (pityriasis versicolor)

E t i o l o g i ý a s y  w e  p a t o g e n e z i. Pityrosporum orbiculare ýa-da Malassezia furfur - deriüsti gatlagyň buýnuz gatynda we saç haltajyklarynyň agzynda ýerleşýärler. Keseliň patogonezinde derleklik, deriň himiki düzümi, buýnuz gatlagyň fiziologiki tozgalanmagynyň bozulmagy, şahsy meýillilik we başgalar, belli bir derejede ähmiýeti bar. Bu kecel bilen köplenç ýaş aýallar we erkekler keselleýärler.Ýokançlygy ujypsyz.

K l i n i k a s y  w e  g e ç i ş i. Deriniň zeper ýeten ýerinde çişginsiz sarymtyl-goňrumtyl-gyzyl tegmiller emele gelýär. Olar saç haltajyklarynyň agzyndan başlaýarlar we ýuwaş-ýuwaşdan ulalýarlar. Olar özara biri-biri bilen goşulyşyp deriniň ep-esli ýerini tutýarlar, töweregi nagyşly ýaly görnüşdedir. Tegmilleriň reňki ýuwaş-ýuwaşdan goýy-goňur bolýar , ony "süýtli kofäniň" reňkine meňzedýärler. Tegmilleriň reňkiniň üýtgäp durmagy oňa "dürli reňkli demrew" diýmäge esas döredýär. Tegmil deriniň üstünden ýokary galmaýar, hususy alamatlar bolmaýar diýen ýalydyr (seýrek ujypsyzja gijilewük bolýar), tegmilleriň üsti un sepilen ýaly çalaja tozgalanýar we ýene-de bir adyň - kepek şekilli demrew ýöredilmegine esas bolýar. Tegmiliň ýeňil tozgalamagyny ony gazalamak arkaly ýüze çykarmak bolýar (Benýe-Meşşerskiniň alamaty).

Tegmilleriň köplenç ýerleşýän ýerleri: göwre, arka, seýrek boýun, garyn, göwräniň gapdallary, gollaryň daşky taraplary.

Soňky wagtlarda diagnoz goýmak üçin uweol aýnaly simap-kwars çyrasy (Wudyň çyrasy) ulanylyp, tegmilleriň (ylaýta-da keseliň ýaýraň görnüşinde) kelläniň saçly ýerinde-de bolýanlygy ýüze çykaryldy, ýöne saça zeper ýetmeýär. Keseliň ýeterlik bejerilenligine garaman, keseliň ýene-de gaýtalamagyna saçly ýerlerde galan tegmiller sebäp bolmagy mümkin.

K e s e l i  k e s g i t l e m e k kyn däl, köplenç kliniki alamatlarynyň esasynda goýulýar. Diagnoz goýmakda kynçylyk ýüze çykanda, goşmaça usullar ulanylýar. Şeýle ýagdaýda Balseriň ýodly barlagy ulanylýar: deriniň zeper ýeten ýerine, ýodyň 5% erginini çalsaň, tegmiller mese-mälim ýüze çykýar, çünki tegmilleriň bar ýerinde deriüsti gatlagyň buýnuz gaty tozgalyja, ýumşak bolup, ýodyň erginini özüne köp siňdirýär we güýçli reňklenýär.

„Ýonutgy” alamaty (Benýeniň alamaty): tegmiliň üstüni gazalanda tozgajyklar ýüze çykýar.

K l i n i k a s y aýdyň bolmadyk tegmilleri ýüze çykarmak üçin simap-kwars çyrasy ulanylýar, onuň şöhlesi nikel duzy çaýylan aýnadan geçýär (Wudyň çyrasy). Barlag garaňkylanan jaýda geçirilýär, şonda kepek şekilli demrewiň tegmilleri goýy-goňur ýa-da gyzylymtyl-sary reňkde ýagtylanýar. Diagnoz, ulaldyjynyň astynda goturak mörjewlerini tapmak bilen tassyklanylýar. Tegmilleriň üstünden gazalap teňňejikler-tozgajyklar alyp aýnada gouýp, üstüne 20-30% iýiji aşgar (KOH ýa-da NaOH) damdyryp, aýnajyk bilen üstüni ýapyp, ulaldyjynyň astynda barlamaly.

B e j e r i l i ş i. Deriniň zeper ýeten ýerlerine buýnuz-erediji goturak mörjewlerini öldürýän dermanlary sürtmeli. 5% salisil ýa-da 3-5% rezorsin spirtini, 10-20 % kükürt, 3-5% salisil melhemlerini ulanmak mümkin. Erginleri we melhemleri, deriniň zeper ýeten ýerlerine 4-6 günüň dowamynda sürtmeli, soň näsag ýuwunmaly hem-de egin-eşiklerini, ýorgan-düşeklerini çalyşmaly. Ultra-melewşe şöhlesine tutmak hem peýdaly. Keseliň gaty ýaýran görnüşinde Demýanowiçiň (gotury bejermekde ulanylýan) usuly ulanylýar - 60% tiosulfat natriý we 6% duz turşusy.

Ö ň ü n i a l y ş ç ä r e l e r i. Güýçli derlekligi bejermek, bedeni berkitmek, uýgunlaşmak. Gyzgyndan daşlaşmaly. Deriniň şahsy arassaçylygyny saklamaly.

## ERITRAZMA
## (goltuk goturagy, erythrasma)

E t i o l o g i ý a s y w e p a t o g e n e z i. Adatça goltuk goturagyny keratomikozlara degişli hasaplaýarlar, hat-da häzirki döwürde keseliň döredijisiniň goturak mörjewine hiç hili dahyllygy bolmadyk Corinebacterium minutissimum mörjewiň üsti açyldy. Korinebakteriýalar deriüsti gatlagyň diňe buýnuz gatynda bolup, onuň döredýän keseline ýalan goturak (psewdomikoz) diýilýär. Saçlara, dyrnaklara zeper ýetirmeýär.

Keseliň patogenezinde, bedeniň şahsy aýratynlyklary, derleklik, yzgarlyk, howanyň gyzgynynyň ýokarylanmagy, deriniň PH-yň aşgar tarapyna üýtgemegi, tengin, sürtülmek we ş.m. uly ähmiýete eýedir. Adaty ýagdaýda bu keseliň döredijileri zyýansyz we az-kem zyýanly görnüşde deriniň zeper ýetmedik ýerlerinde, sag adamlarda-da tapylýar. Keseliň, egin-eşigiň, ýorgan-düşegiň, hammamyň, jyns gatnaşygynyň üsti bilen ýokuşmagy mümkin.

K l i n i k a s y w e g e ç i ş i. Açyk-goňur ýa-da kerpiç-gyzyl reňkli, çişginsiz zeper ýeten ojaklar döreýär. Olar ulalyp, goşulyşyp, uly ojaklary emele getirýärler, olaryň gyralary aýdyň, egrem-bugram ýa-da ýarym aý şekilli teňňejikler bilen örtülendir. Käte tegmilleriň gyralary çil ýaly çalaja ýokary galyp, ortalary solgun ýa-da goňurymtyl pigmentleşen bolýar. Näsagda adatça arz-şikaýat bolmaýar, seýrek halatlarda ýeňilje gijilewük bolmagy

mümkin. Tomus aýlarynda dörände, derlekliligiň netijesinde, şahsy arassaçylygyň düzgünleri berjaý edilmeýän halatlarda, zeper ýeten ojaklarda çişginligiň alamatlary ýüze çykýar. Eritrazma uly epinlerde ýerleşýär. Erkek adamlarda gasyk-but-inek epininde, aýallarda- goltuklarynda, göwüsleriniň astyndaky epinlerde, göbeginiň töwereginde ýerleşýär. Çagalarda eritrazma örän seýrek duş gelýär. Kesel ýygy gaýtalanmak bilen uzaga çekýär, ylaýta-da semiz, derlek, şahsy arassaçylygyna seretmeýän adamlarda bu ýagdaý uzaga çekýär.

B e j e r i l i ş i. Kepek şekilli demrewiň bejergisi ýaly, ýöne gowşak, pes doýgunlykly bolmaly, çunki eritrazma deriniň epinlerinde, ejiz ýerlerinde bolýar. 5% eritromisin melhemi ulanylýar, ol eritrazmada, gotrakdan tapawutlylykda oňat netije berýär. Melhemi 12-18 günläp çalmaly.

## DERMATOMIKOZLAR

Bu goturak kelleriniň iň uly topary we bu topar diňe bir derini däl, eýsem deriniň goşundylaryny hem zaýalaýar. Şu topar goturagyň mörjewleri azda-köpde ýokanç we tebigatda giňden ýaýran. Olaryň käbirleri üçin (zoofil trihofitonlar we mikrosporum lanozum) toprak, ýaşaýan, köpelýän ýerleri bolmagy mümkin. Dermatomikozlary öwrenmekligiň ägirt uly epidemiologiki ähmiýeti bar.

## EPIDERMOFITIÝA

Deriniň ýokarky gatlaklaryny we dyrnagy zaýalaýan ýokanç kesel, onuň döredijileri epidermofitonlaryň toparyndan bolan goturak mörjewleri. Saçlara zeper ýetmeýär. Epide.rmofitiýanyň iki kliniki görnüşi bolýar: uly epinleriň ýa-da gasyk goturagy we daban goturagy görnüşleri bolýar.

### Uly epinleriň ýa-da gasyk epidermofitiýasy (epidermophytia plicarum , seu epidermophytia inguinalis)

E t i o l o g i ý a s y w e e p i d e m i o l o g i ý a s y. Döredijisi - Epidermophiton inguinale (E.floccosum). Kesel köplenç hammamlarda, näsagyň ulanan zatlaryndan ýokuşýar.

P a t o g e n e z i. Kesellemeklige gaty derleklik, ylaýta-da gasyk-but epinleri, goltuklary, has-da semiz adamlarda we diabet keselli näsaglarda we ş.m., sebäp bolýarlar. Köplenç uly erkek adamlar keselleýärler, çagalara, ýaşlara seýrek zeper ýetýär.

K l i n i k a s y. Zeper ýeten ojaklar, köplenç, satanlaryň arasynda, butlaryň iç tarapynda, gasykda, goltuklarda, aýallarda göwüsleriniň aşagyndaky epinlerde we ş.m. ýerleşýärler. Kesel, merjimek ýaly kiçijik, gyzylja, çişginli, üsti çalaja tozgalaýan tegmiliň döremegi bilen başlanýar. Olaryň töwerekleýin ulalmagy, ýaýramagy netijesinde, süýrüräk tegelek uly

ojaklar emele gelýärler. Olar gyzaryp, üsti tenginli, yzgarly, gyralary çil ýaly az-kem galyp duran, käte üstünde gabarçajyklar, goňak, gopojak ýaly alamaty bolýarlar. Soňa baka ojaklar biri-biri bilen goşulyşyp, geografiýa kartasyna meňzeş, eliň aýasy ýaly uly ojaklary emele getirýärler.

Näsagy ýeňilje, käte keseliň ýitileşýän halatynda güýjeýän gijilewük birahatlandyrýar. Kesel adatça ýiti başlanýar, emma soň hroniki häsiýete geçip, uzaga, birnäçe aýlara we ýyllara çekýär we wagtal-wagtal gaýtalanyp durýar.

## DABAN EPIDERMOFITIÝASY (epidermophyton pedum)

Örän giňden ýaýran kesel, dünýäniň ähli ýurtlarynda duş gelýär. Ilatyň käbir toparlarynyň (ýüzüjiler, hammamlaryň işgärleri, werzişmenler, kömür känleriniň işçileri we ş.m.) arasynda keselçilik has ýokary we käbir döredenleriň maglumatlaryna görä 60-80% ýetýär.

E t i o l o g i ý a s y w e e p i d e m i o l o g i ý a s y. Döredijisi - Trichochyton mentagrophytes goturak mörjewi. Kesel ýokanç we sag adama näsag adamlardan hammamlarda, suwa düşülýän howuzlarda we ş.m. tagtadan düzülen ýoljagazlardan, legenlerden, oturgyçlardan ýokuşýar. Näsagyň ulanan aýakgaby, joraplary hem ýokançdyr.

P a t o g e n e z i. Goturak mörjewiniň zyýansyz (saprofit) ýagdaýyndan kesel dörediji (patogen) görnüşine geçmegine, dabanlaryň derlekligi, ýasydabanlyk, barmaklaryň syk ýerleşmegi, dar aýakgap (harby gulluga täze alnan ýaş esgerleriň arasynda daban goturagynyň köpçülikleýin bolmagynyň esasy sebäpleriniň biri), dabanlaryň sypjyrylmagy, tenmegi, deriniň anatomo-fiziologiki aýratynlygy, adamyň ýaş aýratynlygy, deriň himiki düzümi we PH-yň aşgar tarapyna üýtgemegi we ş.m. ýagdaýlar uly ýardam berýärler. Içki faktorlardan keseliň döremegine oňat täsir edýän ýagdaýlar degna we endokrin ulgamlarynyň kadaly işlemeginiň bozulmagy.

K l i n i k a s y. Daban goturagynyň görnüşleri: teňňeli, barmakara, gabarçajykly we dyrnak goturagy.

*Teňňeli daban* goturagy. Dabanlaryň astynyň çöket ýeriniň derisiniň çalarak gyzaran ýeri az-kem tozgalanýar. Näsaglar şol ýeriň hemişe çalarak gijimsäp durýandygyny aýdýarlar.

*Barmakara daban goturagy*. Bu görnüşi özbaşdak hem döräp bilýär ýa-da teňňeli daban gotragyndan döreýär. Kesel barmaklaryň, köplenç IV we V, seýrek III we IV arasyndan başlanýar. Käte kesel beýleki barmaklaryň arasynda-da, barmaklaryň aşagynda, epilýän tarapynda, dabanyň üstüne-de ýaýraýar. Barmakara epinler kesilen ýaly, jaýryklar döreýär, töwereginde deriüsti gatlagyň agymtyl reňkli buýnuz gatynyň soýulýan bölejikleri bolýar. Suwjarýar, dürli güýçlülikdäki gijilewik, käte (ýüzleý ýarajyk bolanda) agyry-da bolýar.

*Gabarçyjykly daban goturagy* – dabanlaryň astynyň çöket ýerinde toparlaýyn gabarçajyklaryň döremegi bilen häsiýetlenýär. Olaryň gabygy

galyň, ululygy kiçiräk nohut ýaly. Gabarçajyklar özara goşulyşyp köpöýjükli uly gabarçak emele getirýärler, olar ýarylanlaryndan soň sypjyrylan ýaly ýarajyk emele gelýär, töweregindäki deriüsti gatlak salparyp durýär. Kesel dabanlaryň içki we daşky gapdallaryna-da ýaýrap biler. Näsag gijilewük we agyry duýýar. Iriňlediji mörjewler düşende gabarçajyklar iriňleýärler, limfatiki damarlaryň we mäzleriň çişginlemegi mümkin.

*Dyrnak goturagy.* Keseliň ilkinji alamatlary, sary tegmil, zolak, çyzyk görnüşinde, dyrnaklaryň gyralaryndan başlaýar. Soň dyrnak tutuşlygyna galňaýar, sary ýa-da melemtil- sary reňk alýar, aňsat owranýar, döwülýär, dyrnagyň astyna buýnuz jisimleri toplanýar (dyrnak asty giperkeratozy). Kä halatlarda dyrnak ýukalýar we öz duran ýerinden gopup aýrylýar (oniholizis).

Köplenç dabanlaryň I we V dyrnaklary zaýalanýarlar. Elleriň barmaklarynyň dyrnaklary hiç haçan bu kesele goşuluşmaýar.

Daban goturakly näsaglaryň 20-30 %-de dyrnak goturagy bolýar diýip hasaplaýarlar.

K e s e l k e s g i t l e m e s i. Keseliň diagnozyny goýmak, oňa mahsus kliniki alamatlary bolanda we ulaldyjynyň astynda goturak mörjewi tapylanda, kyn düşmeýär.

M i k r o s k o p i ý a. Barmakara we gabarçajykly daban goturaklaryny barlamak üçin, zeper ýeten ojaklaryň töweregindäki salparyp duran deriüsti gatlagyň kiçijik bölegini almaly. Gabarçajyklar we uly gabarçak bar bolsa, onda olaryň gabygyndan, arassa enjam bilen, bir bölejik almaly.

Teňňeli tozgaly görnüşi bolsa, onda onuň üstüni gazalap teňňejik, tozgajyk almaly. Zeper ýeten dyrnagyň buýnuz gatyny ýiti enjam bilen gazalap, dyrnaklaryň gyralaryny gaýçy bilen gyrkyp almaly. Alnan patologiki maddalary, iýiji aşgaryň (KOH ýa-da NaOH) 20-30% ergininde ezmeli we “Ulaldyjynyň gury ulgamy” boýunça ulaldyjynyň ulaldýanynyň aşagynda barlamaly. Goturak mörjewleri ulaldyjynyň aşagynda, iki taraply dürli uzynlykdaky sapak we tegelek ýa-da dörtburçly görnüşinde bolýarlar (artrosporalar).

## TRIHOFITIÝA
## Saç gyrkyjy goturak (trichophytia)

Keseliň bu toparynyň üç görnüşi bar: ýüzleý we dowamly, şonuň ýaly-da infiltratly-iriňleýän ýa-da zoofil trihofitiýalary. Bu görnüşleriň her birinde diňe kelläniň saçly ýerine ýa-da tekiz derä ýa-da (seýrek) dyrnaklara zeper ýetýär. Käbir näsaglarda bir wagtyň özünde hem kelläniň saçly ýerine we tekiz derisine, ýa-da kelläniň saçly ýerine, tekiz derisine, dyrnaklaryna zeper ýetýän halatlary-da seýrek bolmaýar.

E t i o l o g i ý a s y. Ýüzleý we dowamly görnüşlerini şol bir antropofil goturak mörjewleri döredýär. Olar diňe adamyň derisinde we onuň goşundylarynda mugthorlykda ýaşaýarlar, saça zeper ýetende bolsa, saçyň içinde bolýarlar (Trichophyton endothrix) we deride güýçli bolmadyk

çişginlik döredýärler. Goturak mörjewleriň bu toparyna Tr.violaceum we Tr.tonsurans (crateriforme) degişlidirler. Infiltratly-iriňleýän, ýa-da zoofil goturagyny döredýän goturak mörjewlerine zooantropofil goturak mörjewleri diýilýär. Olar haýwanlarda (syçan, alaka, towşan, deňiz doňuzjygy, göle, sygyr, gylýal we başgalar) we adamlarda goturak keselini döredip bilýärler. Saçlara zeper ýetende bu goturak mörjewleri saçyň daşynda ýerleşýärler (Tr.ectothrix), we deride dürli derejede çişginligi döredýärler, käte kesel ýiti, agyr, deriasty ýag gatlagyna-da baryp ýetýär. Goturak mörjewleriniň bu toparyna Tr.mentagrophytes (Tr.gipseum) we Tr.verrucosum (faviforme). Olardan iki görnüşini tapawutlandyrýarlar: Tr.ectothriks megasporon iri sporalylar uşak sporaly görnüşine Tr. gipseum degişli we onuň esasy hojaýyny öý we meýdan syçanlary, deňiz doňuzjyklary. Saçlary zeperleýän iri sporaly görnüşine Tr. verrucosum degişli we onuň esasy hojaýyny iri öý mallary – göle, seýrek sygyrlar, gylýallar.

Näsagda keseliň döredijilerini anyklamak, peýdaly bejergi geçirmäge we ylmy taýdan esaslanan keseliň öňüni almagyň epidemiologiki çärelerini gurnamaklyga we amala aşyrmaklyga mümkinçilik döredýär.

E p i d e m i o l o g i ý a s y. Antropofil goturak mörjewleri keselli adamlardan sag adama göni galtaşmakda ýa-da kesselliniň ulanan zatlaryndan (başdaraklaryndan, tahýasyndan, telpeginden, ýaglygyndan, saç syrylýan gurallardan, oýunjaklaryndan, ýorgan-düşeginden, ýassyklardan we başgalar) ýokuşyp biler. Ýüzleý saç gyrkyjy goturak çagalara, şol kesel bilen keselleýän çagalardan ýa-da keseliň ötüşen görnüşinden ejir çekýän uly adamlardan (ejesi, enesi we başgalar) ýokuşyp biler. Zooantropofil goturak mörjewi adamlara, şol kesel bilen keselleýän näsaglardan, hapalanan zatlardan ýa-da şeýle keselli haýwanlardan (göle, gylýal we ş.m.), şonuň ýaly-da haýwanlaryň gaçyp galan tüýlerinden, teňňejiklerinden, gopajyklaryndan (mysal üçin otuň, samanyň we ş.m.) we başgalardan ýokuşyp biler.

## Ýüzleý saç gyrkyjy trihofitiýa
## (trichophytia superficialis)

Keseliň bu görnüşi mekdep ýaşly çagalarda köp duş gelýär, hatda islendik ýaşdakylar hem keselläp biler. Ýüzleý saç gyrkyjy goturak keselli çagalaryň 40-50%-e kesel uly adamlardan ýokuşýandygy anyklandy.

K l i n i k a s y. Ýüzleý saç gyrkyjy goturak kelläniň saçly ýerinde, tekiz deride we dyrnaklarda bolýar.

Kelläniň saçly ýeriniň ýüzleý saç gyrkyjy goturagynyň ownuk we iri ojakly görnüşleri bolup, biri-birinden diňe ululygy-kiçiligi bilen tapawutlanýarlar. Olar ujypsyzja çişginli, ojaklaryň araçäkleri dogry däl, anyk däl, nädogry, tegelek görnüşli, üstüne un sepilen ýaly agymtyl goňakly bolýarlar. Töwereginde, käte gabarçajyklar, iriňli gabarçajyklar, goňaklar, gopajaklar bolmagy mümkin.

Zeper ýeten ojaklarda saçlar tutuş zaýalanman, ýekelenen ýaly seýreklenýär. Saçlaryň käsi gaty pesden (deriden 1-2 mm ýokardan) döwülýärler we tersotur, sorag belgilerine, çeňňege meňzeýärler, olara saçyň "kötügi" diýilýär. Adatça kelläniň saçly ýerinde birnäçe zeper ýeten ojaklar bolýar, emma ýeke-iki ojaklar ýa-da ojaklaryň-da bolmagy mümkin.
Näsaglara agyry, gijilewük azar bermeýär. Kesel bejerilmese, uzaga çekip, dowamly görnüşe geçýär (aýallarda) ýa-da öz-özünden gutulyp gidýär (erkeklerde). Uly erkek adamlarda bu kesel olaryň sakgalyna, murtuna-da düşmegi mümkin we kliniki alamatlary boýunça kelläniň saçly ýeriniň keseliniň kliniki alamatlaryna meňzeş bolýar.

*Tekiz deriniň ýüzleý trihofitiýasy.* Köplenç adamyň ýüzüniň, boýnunyň, bilekleriniň we göwresiniň derisinde döreýärler, hatda, deriniň islendik ýerinde-de bolmagy mümkin.

Deride zeper ýeten ýerler anyk görünýär, deriden az-kem ýokary galyp durýar, tegelek ýa-da süýrüräk tegelek görnüşli, töwereginde gabarçajyklardyr düwünjiklerden emele gelen çiljagaz bolýar. Ojagyň ortasy gutulyp barýanlygy sebäpli reňki solgun bolýar we çalaja tozgalaýar. Biri-biri bilen goşulyşyp ojaklar geň enaýy suraty emele getirýärler. Güýçli bolmadyk gijilewük duýulýär.

*Dyrnaklaryň ýüzleý trihofitiýasy.* Dyrnaklar (eliň barmaklarynyň dyrnaklary), ýüzleý trihofitiýada 2-3 % näsaglarda zaýalanýarlar. Dyrnaklaryň köplenç boş gyraklary zaýalanyp başlanýar, seýrek ýagdaýlarda, dyrnagyň düýbünden-aýjagazdan başlaýar. Soň ýaýrap dyrnagyň ähli ýerine ýetýär. Dyrnak galňaýar, döwülýär, owranýar, hapa-çal reňke öwrülýär, dyrnak asty giperkeratoz bolýar. Adatça birnäçe dyrnaklar birbada keselleýärler. Bejerilmese kesel birnäçe ýyllara dowam edip biler.

## Dowamly trihofitiýa (trichophytia chronica)

E t i o l o g i ý a s y. Keseliň bu görnüşiniň döredijileri, ýüzleý saçgyrkyjy gotuagy döredýän antropofil goturak mörjewleri.

P a t o g e n e z i. Kesel çagalyk döwründen, ýüzleý saçgyrkyjy goturakdan başlanýar. Ýöne soň, käbir gyzlarda ötüşen ("gara nokatly") saçgyrkyjy goturaga öwrülýär; oglanlaryň köpüsinde kemala geliş döwründe kesel öz-özünden gutulyp gidýär.

K l i n i k a s y. Dowamly saçgyrkyjy goturagyň, kelläniň saçly ýerinde, tekiz deride, we dyrnaklarda bolýan görnüşlerini tapawutlandyrýarlar.

Ke l l ä n i ň s a ç l y ý e r i n i ň d o w a m l y t r i h o f i t i ý a s y. Kelläniň ýeňsesinde we çekgeleriniň saçly ýerlerinde, uly bolmadyk gyzylymtyl-gögümtilräk solgun reňkli, tutuş ýa-da ownuk, tozgalaýan, atrofiki ojajyklar bolýar. Saçlaryň zaýalanyşyna özbolуşly alamatlar has mahsus, ýagny zeper ýeten saçlaryň barysy bir deň derejede-deriniň üstüniň deňinde döwülýärler we kamedona meňzeş "gara nokatjyklar" bolýarlar. Olar keseliň

bu görnüşine şeýle bir mahsus, şoňa görä-de kesele “gara nokatly” saçgyrkyjy goturak hem diýýärler.

Kesel, birnäçe ýyllaryň dowamynda, hatda onlarça ýyllaryň dowamynda bilinmän, bejerilmän galan halatlarynda epidemiologiki uly howply bolup, çagalara ýokuşyp, olarda saçgyrkyjy goturagyň ýüzleý görnüşleriniň köpçülikleýin ýüze çykmagyna sebäp bolup biler. Şoňa görä-de her bir çagada saçgyrkyjy goturak tapylanda olaryň ejesiniň, enesiniň, enekesiniň, göňşusynyň kellesiniň saçly yerini oňat barlap, dowamly trihofitiyanyň barlygyny-ýoklugyny doly anyklamaly.

T e k i z d e r i n i ň d o w a m l y t r i h o f i t i y a s y. Özüniň kliniki alamatlary, ýerleşýän ýerleri we geçişi boýunça ýüzleý goturakdan has tapawutlanýar: ojaklaryň häsiýetli ýerleşýän ýerleri injikleriň, guýrugynyň, dyz bogunynyň, bilekleriniň we seýrek ýagdaýda ýüzüniň we göwresiniň derisi. Zeper ýeten ojaklaryň araçäkleri anyk däl, bildirmän töwereginiň sag derisi bilen goşulyşyp gidýär. Durgunly gögümtil reňkli, kä ýerleri teňňejikler bilen örtülen we dowamly suwjarýan demrewi ýada salýar. Hususy alamatlary bolmaýar ýa-da çala gijeýär.

D y r n a k t r i h o f i t i y a s y. Dowamly saçgyrkyjy goturak keselli näsaglaryň 1/3 böleginde dyrnaklara zeper ýetýär, olar galňaýarlar, hapa-çal reňkde, büdür-südür bolýar, aňsat owranýar, döwülýär. Dyrnagyň ujy dyrnagyň etinden yzda galýar.

## Infiltratly-iriňleýji, ýa-da zoofil trihofitiýasy

Zooantropofil goturak mörjewleri, adamlarda çişginligiň dürli derejede bolup bilýan görnüşini döretmäge ukyply. Şoňa görä-de, saçgyrkyjy demrewe diagnoz goýanda, diňe ulaldyjynyň astynda mörjewleri tapmak bilen çäklenmän, bakteriologiki barlaglary-da geçirmeli. Çunki goturak mörjewiniň görnüşini anyklamagyň uly epidemiologiki ähmiýeti bar.

K l i n i k a s y. Infiltratly-iriňleýji goturagyň birnäçe kliniki görnüşleriniň tapawutlandyrýarlar.Kelläniň saçly ýeriniň infiltratly-iriňleýji trihofitiýasy. Kesel adaty geçende bir ýa-da iki uly zeper ýeten ojaklar döreýär, anyk çäklenen, gyzaran, has infiltrirlenen, köpsanly iriňli kesmekler gopajaklar bilen örtülen. Göräýmäge, birbada, iriňli halta ýaly bolup duran ojagyň üstüniň gopajaklaryny aýyrsaň, her saç haltajygyndan iriňiň aýratyn bölünip çykýanlygyny görmek bolýar. Şonuň bilen baglylykda bu keseliň başga-da ady “follikulýar absessi”. Her bir follikuladan çykýan iriň arynyň kökesinden çykýan baly ýada salýar. Şonuň bilen baglylykda bu keseliň üçünji ady - kerion Celci (Selsiniň ary bally kökesi).

S a k g a l y ň w e m u r t y ň i n f i l t r a t l y – i r i ň l e ý j i t r i h o f i t i ý a s y (sycosis parasitaria). Köp sanly, ýöne kelledäki ýaly uly bolmadyk zeper ýeten ojaklar döreýärler, emma olar beýleki kliniki alamatlary boýunça kelläniň saçly ýeriniňkä meňzeş. Zoofil saçgyrkyjy goturagyň çuň görnüşinde, infiltraty barmagyň bilen barlanda güýçli agyry peýda bolýar.

Näsagda keseliň umumy alamatlary (ýarawsyzlyk, gyzgyny galmak, kellagyry), golaý ýerleşen limfatiki mäzleriň agyryly, ulalmaklary we ş.m. bolýar. Bejerilmedik halatda, kesel birnäçe aýdan soň öz-özünden gutulýar we ýara yzy galýar.

### Tekiz deriniň infiltratly-iriňleýji saç gyrkyjy trihofitiýasy

Tekiz deride saç gyrkyjy goturak uly gyzyl tegmiliň döremegi bilen başlanýar, ol töwerek-daşyndaky sagdyn deriden anyk araçäklenýär, tegelek görnüşli, infiltrirlenen, kepek şekilli ýa-da iriräk teňňejikler bilen örtülen. Tegmiliň üstünde köp sanly follikulýar iriňli gabarçaklar we iriňli kesmekler, gopajaklar bolýarlar. Töwerekleýin ösüp giňelip uly tegmil (diametri 5 sm we ondan hem köp) emele gelýär, birnäçe hepdeden soň kesel öz-özünden gutulýar, ýerinde pigmentleşen, kämahal bolsa ýara yzy galýar.

K e s e l k e s g i t l e m e s i. Keseliň bu görnüşini, ilki bilen kelläniň saçly ýeriniň ownyksporaly goturagy we kel goturagy bilen tapawutlandyrmaly. Saçgyrkyjy goturakda bu meseläni çözýän zat, saçyň, pesden döwülmegi (“kötükler”), zeper ýeten ojaklarda köp sanly saçlar döwülmän saklanyp galýar ojaklar ulalmaýarlar we biri-biri bilen goşulyşmaýarlar, şonuň ýaly-da goturak mörjewleriň sporalary zeper ýeten saçlaryň içinde ýerleşýärler.

Infiltratly-iriňleýji saçgyrkyjy goturagy, ownuk sporaly goturagyň infiltratly-iriňleýji görnüşi bilen tapawutlandyrmaly bolýar.

Ownuk sporaly goturagyň bu görnüşini tüýlek goturak mörjewi döredýär we örän seýrek duş gelýär. Zeper ýeten ojaklar erkek adamyň ýüzünde ýerleşende, ýönekeý stafilokokly sikoz bilen tapawutlandyrmaly bolýar, hatda ol adatça gaty uzaga çekýär we güýçli çişginlik alamatlary bolmaýar. Keseliň ýiti geçmegi, follikulýar iriňli gabarçyklaryň döremegi, zoofil saçgyrkyjy goturagy dowamly iriňli gabarçakly deri kesellerinden, çuň mikozlardan (sporotrihoz çuň blastomikozlar we başg.) tapawutlandyrmaga mümkinçilik berýär.

### MIKROSPORIÝA (Ownuk sporaly goturak)

E t i o l o g i ý a s y. Ownuk sporaly goturagyň mörjewleri-de, saçgyrkyjy goturagyň mörjewleri ýaly iki topar keratofillere bölünýärler: antropofil we zooantropofil mörjewler. Antropofil mörjewlere, diňe adamyň derisinde we onuň goşundylarynda ýaşaýanlardan posly ownuk sporaly mörjew (Microsporum ferrugineum), ownuk sporaly mörjewi (Microsporum Oudouini) degişlidir. Soňky mörjew Ýewropa ýurtlarynda ýaýran. Zooantropofil ownuk sporaly mörjewlerden (Microsporum lanosum) tüýli ýa-da “pişik” ownuk sporaly mörjew, başga ady (Microsporum canis - “it”)ownuk sporaly mörjew.

E p i d e m i o l o g i ý a s y. Antropofil ownuk sporaly goturak, näsag bilen göni gatnaşanda ýa-da şonuň ulanan goşlaryndan ýokuşyp biler. Kesel dörediji goturak mörjewleriniň arasynda posly ownuk sporaly mörjew iň ýokançlysy hasap edilýär. Çagalar köpçüligine bir keselli çaga düşse, tiz tutaşyp, köpçülikleýin keselçilik ýüze çykýar we güýçli guramaçylyk we epidemiýa garşy çäreleri geçirmekligi talap edýär. Zooantropofil ownuk sporaly goturak, näsag adamdan seýrek ýokuşýar, ol köplenç keselli pişiklerden, güjüklerden ýokuşýar. Kesel oýunjaklardan, ýassykdaşylardan, ýaglykdan, tahýadan, telpekden we ş.m. ýokuşyp biler. Soňky wagtlarda käbir pişikleriň mörjew göterijiligi anyklanyldy.

Ownuk sporaly goturak bilen köplenç çagalar keselleýärler. Kemala geliş döwründe kesel öz-özünden gutulyp gidýär. Uly adamlarda bu kesel, eger bolaýanda-da, diňe tekiz deride bolýar. Dyrnaklara zeper ýetmeýär.

## Antropofil mikrosporiýanyň klinikasy

Kelläniň saçly ýerine zeper ýetende, köp sanly ownuk ojajyklar döreýär, nädogry şekilli, araçäkleri anyk bolmaýar we ýüzleý saçgyrkyjy goturagy ýada salýar. Ýöne ondan tapawutlylykda, antropofil ownuk sporaly goturakda ojaklar biri-biri bilen goşulyşyp, bir uly ojagy emele getirýärler, onuň gyralary köp aýlawly bolýar, üsti az-kem tozgalaýar, durgunly gyzyl reňkli. Goturagyň bu görnüşine, kelläniň saçly ýeriniň gyralarynda ýerleşmeklik häsiýetli we zeper ýeten ojagyň bir bölegi kelläniň saçly ýerinde, beýleki bölegi, tekiz deriniň üstünde ýerleşýär. Tekiz deride dörän zeper ýeten ojaklaryň halka görnüşli gyzylja çiljagazlaryň biri-biriniň içinde ýerleşip, enaýy görnüşi emele getirýän halatlary-da seýrek bolmaýar. Kelläniň saçly ýeriniň saçgyrkyjy goturagynyň zeper ýeten ojagyndan we zoofil ownuk sporaly goturagyň zeper ýetiren ojaklaryndan kliniki tapawudy, antropofil ownuk sporaly goturagyň zeper ýetiren ojaklarynda, oňat görünýän follikulýar giperkeratozy bolýar. Ownuk sporaly gotragyň ähli görnüşleri üçin, zeper ýeten saçyň ýokardan (deriden 5-8 mm ýokardan) döwülmegi, saçyň düýbünde agymtyl haltajyk geýdirilen ýaly bolmagy örän häsiýetlidir. Zeper ýeten ojaklarda saçlaryň hemmesi zaýalanýarlar.

Tekiz deride zeper ýeten ojaklar oňat belli bolýarlar, köplenç bir näçe halkajyklar, gyzyl çyzyk ýaly çiljagazlar, biri-biriniň içinde ýerleşip, geň-enaýy görnüşi emele getirýärler. Bu kesel kelläniň saçly ýerine düşmän, diňe tekiz deride bolýan wagty-da seýrek däl, ýöne uşajyk tüýjagazlary-da zaýalaýar, ol bolsa bejergini kynlaşdyrýar.

## Zooantropofil mikrosporiýanyň klinikasy

Kelläniň saçly ýeriniň zeperi, ýeke-iki uly ojaklaryň döremegi bilen häsiýetlenýär. Ojaklar tegelek ýa-da süýrüräk tegelek, anyk araçäkli (möhür basylan ýaly), üstünde agymtyl teňňejikler bolýar. Zeper ýeten ojakda

saçlaryň hemmesi zaýalanýar, edil bir deň derejede (deriniň üstünden 5-8mm.ýokarlykda döwülýärler) gyrkylan ýaly. Döwülen saçyň düýbünde ak haltajyk bolýar - goturak mörjewleriniň sporasy, olar saçyň daşyny tutuş alyp, saçyň köküniň daşyna ak haltajyk geýdirilen görnüşde bolýar. Zeper ýeten ojaklaryň çişginlik alamaty gowşak, şoňa görä-de ol gülgün reňkde bolýar. Emma kä halatlarda zeper ýeten ojak has gyzaryp, infiltrat döräp, çuň ownuk sporaly goturak (microsporia profunda) görnüşinde, ýiti geçýär, iriňli gabarçaklar döreýär, iriňli gopajaklar bolýar, umumy ýagdaýy ýaramazlaşýar (gyzgyny galýar, ýarawsyzlyk peýda bolýar we ş.m.), golaý ýerleşen limfatiki mäzleri ulalýarlar, ikilenji allergiki örgünler (mikrosporidleriň) örýän halatyda seýrek bolmaýar.

Tekiz deride gyzyl tegelek ýa-da süýrüräk tegelek görnüşli zeper ýeten ojaklar döreýärler, olaryň üsti çalymtyl tozgajyklar bilen örtülýär. Ojaklaryň gyralary az-kem ýokarrak göterilip durýar, olaryň üstünde aýry-aýry kiçi gabarçaklar ýa-da suwly gopajaklar we teňňejikler bolmagy mümkin. Näsaglaryň hemmesinde diýen ýaly, uşak tüýlerine-de zeper ýetýär. Zeper ýeten ojaklar köplenç bedeniň açyk ýerlerinde (boýnuň, ýüzüň, göwräniň ýokarky böleginiň, elleriň derisinde) ýerleşýärler. Käte zeper ýeten ojaklaryň sany onlarça ýetýär, beýle ýagdaý zoofil ownuk sporaly goturagyň tekiz derä zeper ýetirişine mahsus.

K e s e l k e s g i t l e m e s i. Kelläniň saçly ýeriniň ownuk sporaly goturagy, ýüzleý saçgyrkyjy goturakdan, kliniki alamatlary (saçyň ýokardan döwülmegi, deriniň çişginlik alamatlary, has köp tozgalamagy), şonuň ýalyda, ownuk sporaly goturakda, zeper ýeten saçlaryň, uweol aýnasyndan (Wudyň çyrasy) geçirilýän gysga ultramelewşe şöhlä, garaňky otagda ýaşylymtyl-sary ýa-da kümüş-ýaşyl (zümerret) şöhlelenmek ukyby bilen tapawutlanýar. Posly (antropofil) ownuk sporaly goturakda zeper ýeten saçlar açyk-ýaşyl, tüýlek ownuk sporaly goturakda solgun-ýaşyl, agymtylyrak şöhlelenýärler, bu bolsa, kelläniň saçly ýeriniň zeperiniň ownuk sporaly goturak mörjewleriniň antropofil we zooantropofil görnüşlerini biri-birinden tapawutlandyrmaga kömek edýär. Ownuk sporaly goturagyň lýuminissent diagnostikasy, diňe bir kelläniň saçly ýeriniň goturaklaryny tapawutlandyrmak üçin ulanylman, eýsem çagalar toparyny köpçülikleýin barlamak üçin ownuk sporaly goturaga güman edilýan pişikleri we itleri barlamak üçin, şonuň ýalyda bejerginiň hilini anyklamak üçin-de ulanylýar. Näsagyň kellesine ýod we melhem çalynan bolsa, onda şöhlelenme bolmaýandygyny ýatda saklamak gerek. Şeýle ýagdaýda näsagyň kellesini gowy ýuwup, 3-4 günden soň barlagy gaýtalamaly.

## FAWUS (Kel goturagy)

Kel goturagy ir gadymdan bäri belli we giňden ýaýran kesel. Häzirki döwürde, köpçülikleýin kesel görnüşinde kel goturagy ýok edildi.

E t i o l o g i ý a s y. Keseliň döredijisi-antropofil goturak mörjewi-Trichochiton (Achorion) schonleinii, ol saçyň içinde ýerleşýär (endothrix).

E p i d e m i o l o g i ý a s y. Kel goturagy az ýokançly. Gizlin (inkubasiýa) döwri 2-3 hepde. Geçişi dowamly. Näsag bilen göni gatnaşanda ýa-da köplenç onuň ulanan we goturak mörjewi bilen hapalanan zatlary (egin-eşik, ýorgan-düşek, tahýa, telpek, ýaglyk, oýunjaklar we başg.) arkaly kesel ýokuşýar. Kel goturagy adatça, çagalykdan başlanýar, öz-özünden gutulmaýar, uzaga çekip, uly adamlarda-da bolýar. Kel goturagy, esasan kelläniň saçly ýerini zaýalaýar, 1/5 näsaglarda-dyrnaklary, has seýrek-tekiz derini zaýalaýar.

P a t o g e n e z i. Kel goturagy, köplenç, horlanan, gowşak, endokrin näsazlyklardan, garyn-içege kesellerinden horluk çekýän gowşak çagalarda duş gelýär. Keseliň döremegine, çaga oňat seredilmezlik, arassaçylyk düzgünlerini berjaý etmezlik ýaly ýagdaýlar hem sebäp bolup biler.

K l i n i k a s y. Kel goturagynyň kelläniň saçly ýerine, tekiz derä, dyrnaklary we içki synalara zeper ýetirýän görnüşlerini tapawutlandyrýarlar.

K e l l ä n i ň s a ç l y ý e r i n i ň f a w u s y n y ň galkan, tozgaly we syçratgy şekilli görnüşleri duş gelýärler. Galkan şekilli görnüşi kel goturagyna has mahsusdyr. Beýleki iki görnüşi-mahsus däl görnüşleridir.

Galkan şekilli görnüşiniň kliniki alamatlary kel goturagynda örän häsiýetli bolýar. Deriniň zeper ýeten ýerinde çalarak gyzaran deriniň üstünde, ortasy çöket doýgun sary reňkli gopajak (skutula) emele gelýär, ol çanaga, galkana meňzeş bolýar, goturak mörjewleriniň arassa toplumyndan we köp bolmadyk buýnuz jisiminden durýar. Şol gopajak aýrylandan soň ýerinde ýara yzy ýa-da atrofiýa galýar. Kelläniň saçly ýeri tutuş zaýalansa-da, gyralarynda zeper ýetmedik saçlaryň zolagynyň galmagy, kel goturagyna örän häsiýetlidir. Kel goturagynyň zaýalan saçlary döwülmän inçelýärler, tutuş çal reňkli gum sepilen ýaly, adaty ýalpyldamasyny ýitirýär, emeli saça meňzeýär. Näsagyň kellesinden “syçanyň”, “ambaryň” ysy gelýär.

T o z g a l y f a w u s d a kelläniň saçly ýerinde durgunly-gyzyl ojak döräp, üsti köp sanly tozgajyklar bilen örtülip, has ötüşen seboreýa keselini ýada salýar.

S y ç r a t g y g ö r n ü ş l i f a w u s d a – saç haltajyklarynyň agzynda iriňli gabarçaklar, gopajaklar emele gelýär we syçratgyny ýada salýar. Keseliň bu iki görnüşinde, kel goturagy guman etmeklige kömek edýän zat saçlara zeper ýetişi, olar kel goturagynyň galkan görnüsindäki ýaly bolýar.

Kel goturagy bejerilmese gaty uzaga çekip, kelläniň saçly ýeriniň tutuş diýen ýaly (gyralaryndaky darajyk saçly zolakdan başga ýerleri) ýara yzy ýa-da atrofiýa sezewar bolmagy bilen gutarýar.

T e k i z d e r i n i ň f a w u s y. Keseliň bu görnüşi, kelläniň saçly ýeriniň kesellemegi zerarly döreýär, seýrek özbaşdak hem kesellemegi mümkin. Tekiz deriniň galkan şekilli kel goturagynda, kel goturagynyň galkany döreýär, ulalýar, biri-biri bilen goşulyşyp, ep-esli ýerleri tutýar. Kesel adatça çäkli ýerde ýerleşýär, kä halatlarda giňden ýaýramagy-da mümkin. Kel

goturagynyň mahsus däl görnüşlerinde tekiz deride, üsti tozgalanýan gyzyl tegmiller döreýär. Olar töwerekleýin ösmäge we goşulyşmaga meýilli ýa-da ýüzleý follikulýar iriňli gabarçaklar, ostiofolikulite meňzeş (syçratgy görnüşi). Tekiz derä zeper ýeten ýerde ýara yzy galmaýar.

D y r n a k l a r y ň f a w u s y. Dyrnaklar haýal zaýalanýarlar. Başda dyrnagyň ortasynda goňur ýa-da hapa-çal tegmil ýa-da sary reňkli zolak emele gelýär, olar uzak wagtlap durup, ýuwaş-ýuwaşdan giňelip, tutuş dyrnaga ýaýraýar. Dyrnak kel gotragynda dyrnaklaryň zaýalynyşy, beýleki onihomikozlara garanda ýagdaýlyrak. Kesel köplenç penjeleriň dyrnaklaryna zeper ýetirýär.

**Trihofitiýanyň, mikrosporiýanyň, fawusyň laboratot anyklamasy**

Goturak mörjewleri, ulaldyjynyň astynda, boýagsyz görnüşde seredilýär. Buýnuz gatlagy eretmek üçin iýiji aşgaryň 10-30% ergini ulanylýar (KOH ýa-da NaOH). Iň oňady 20% ergini ulanmak. Naşatyr spirtini hem peýdalanyp bolýar.

G ö r m e l i s e r i ş d ä n i t a ý a r l a m a k. Saçlar, teňňejikler, gopajaklar, dyrnaklaryň buýnuz gyryndysy we başg. aýnanyň üstünde goýýarlar. Deriniň we dyrnagyň teňňejiklerini aýnanyň üstünde uşadýarlar, uzyn saçlary (fawusda) bir- näçe bölege bölýärler. Soň güman edilýän saçyň 3-4 bölegini ýa-da ýeterlik derejede teňňejikleri aýnanyň ortasyna goýup, 1-2 damja aşgar damdyrýarlar. Saçdan beýleki serişdeleri spirtli çyrajygyň ýalynynda çalaja, aşgaryň töwereginde ak gaýmajyk emele gelýänçä, gyzdyrmaly. Üstüne ýapyjy aýnajygy goýup, ulaldyjynyň astynda, ilki kiçi, soň uly ulaldyjy bilen seretmeli.

**Trihofitiýanyň, mikrosporiýanyň, fawusyň bejerilişi**

Näsagyň diňe tekiz derisine zeper ýetende, onda ony diňe daşky bejergi bilen-de bejerip bolýar: irden ýodyň 2-5% spirtli erginini çalmaly, agşamyna 10% kükürt we 3% salisil turşusynyň melhemi ýa-da 10-15% kükürt-garaýag melhemleri ulanylýar. Şeýle bejergi 2-3 hepdä çekýär. Ondan soň 3-4 hepdäniň dowamynda ýodyň 2% spirtli erginini çalmaklyk maslahat berilýär.

Ýüzleý we dowamly saç gyrkyjy, ownuk sporaly we kel goturaklary kelläniň saçly ýerinde bolanda, tekiz deride köp sanly zeper ýeten ojaklar bolsa ýa-da ýekeli-ikili ojak bolanda-da deriniň tüýjagazlaryna zeper ýeten bolsa, onda olary bejermek üçin grizeofulwin antibiotigi ulanylýar. Ol 0,125 g gurt görnüşinde çykarylýar, az zäherli we içegeden bedene gowy ýaýraýar, gana we dokumalara oňat siňýär we deriüsti gatlagynyň buýnuz gatynyň, saçlaryň, dyrnaklaryň buýnuzyna siňýär. Grizeofulwin näsaga bir gije-gündiziň dowamynda onuň 1 kg agramyna 21-22 mg hasaby bilen berilýär. Bir gije-gündüzki möçberini 3 gezege bölüp, nahar edinýän wagty içirmeli. Näsagyň bedeni grizeofulwini oňat özleşdirer ýaly ony ösümlik ýagy ýa-da bir

çaý çemçesi balyk ýagy bilen içmeli. Grizeofulwini ilkinji iki barlagyň oňaýsyz netijesine çenli berýärler, ondan soň günaşadan berýärler, üçünji barlagyň oňaýsyz netijesinden soň (barlag her 2-3 günden geçirilýär)- grizeofulwini ýene 2 hepdäniň dowamynda, hepdede 2 gezekden içmeli.

Çagalarda, uly adamlardaka garanda, grizeofulwiniň goşmaça zyýanly täsirleriniň bolmagy mümkin, ýagny allergiki örgünler (ownuk düwünjikli, tegmilli we eşen örmek), kellagyry, ýürek agyry, garny agyrmak, ýüregi bulanmak, gaýtarmak, içi geçmek, ganynyň düzüminiň üýtgemegi (leýkositleriň mukdarynyň azalmagy ýa-da köpelmegi, eozinofilleriň köpelmegi, limfasitleriň azalmagy), mahsus däl immunitetiň döremeginiň peselmegi, porfirin çalyşygynyň bozulmagy, B-ýokum çalyşygynyň peselmegi netijesinde ýokum ýetmezçilik alamatlary ýüze çykmagy mümkin. Eger allergiki örgün güýçli bolmasa, onda grizeofulwini içmekligi dowam etmeli, ýöne desensibilizirleýji we gistamine garşy dermanlary (glýukonat kalsiy, suprastin we başg.) bermeli. Eger-de örgün ýaýran bolsa, güýçli gijilewük bolsa, grizeofulwini içmekligi wagtlaýynça besetmeli we desensibilizirleýji bejergini geçirmeli.

Grizeofulwin bilen bir wagtyň özünde, kelläniň saçly böleginiň zeper ýeten ýerine, ýodyň 2% spirtli erginini we 10-15% kükürt-dýogot ýa-da Wilkinsonyň melhemini agşamyna çalmaly (her 7-10 günden saçyny syrmaly, ýagny saçdaky galan sporalary ýok etmek üçin). Kelläni her hepdede 2-3 gezek ýuwmak bolar.

Soňky döwürde goturaklara garşy has güýçli täze dermanlar döredildi.

Lamizil (terbinafin)-gurt görnüşinde çykarylýar, 125 hem 250 mg

Orungal (intrakonazol) kapsulada çykarylýar, 100mg günde 1 kapsuladan 15 günüň dowamynda içmeli.

Nizoral (ketokenazol) gurt görnüşinde çykarylýar, 200mg günde 1 gurtdan 6-7gün.

Dyrnak goturaklaryny bejermek üçin dürli laklar ulanylýar: loseril, batrafen, mikospor.

## Trihofitiýanyň, mikrosporiýanyň, fawusyň öňüni almak, olara garşy göreşi guramak

Iň ýokanç – m i k r o s p o r i ý a (ylaýta-da posly goturak mörjewiniň döredýän görnüşi), çagalar edaralarynda, mekdeplerde, internatlarda epidemiki köpçülikleýin keselçiligi döredýän halatlary seýrek bolmaýar. Ýokançlygy boýunça indikisi saç gyrkyjy goturakda bolýar. Iň az ýokançlysy fawusdyr. Saç gyrkyjy, ownuk sporaly we kel goturaklaryna garşy göreşi, diňe şäher ilatynyň arasynda däl, eýsem oba ýerleriniň ilatynyň arasynda-da geçirmeli. Goturaklara garşy göreşiň esasynda, dispanser usuly goýulan.

1. Goturak keselli näsaglaryň ählisini hökmany suratda hasaba almak, ýokarda durýan deri-wenerologiki we sanitar-epidemiologiki gulluklaryna tiz habar ýollamak.

2. Çagalar edaralarynyň çagalaryny we olara gözegçilik edýän işgärleri wagtly-wagtynda barlap durmak. Bu maksat üçin, elde göterilýän lýuminessent çyrasynyň bolmaklygy maksada laýyk. Ol, gatnaşykda bolan çagalary barlanda, ownuk sporaly goturak keselli çagalary ir ýüze çykarmak üçin ulanylýar.

3. Wagtynda, oňat netijeli bejergi geçirmek, goturak kesellerine garşy göreşde, dispanser usulynyň möhüm gazananlarynyň biridir. Köpçülikleýin keselçilik bolanda, wagtlaýyn goşmaça keselhana açýarlar, oňa goturak keselli näsaglary ýerleşdirýärler we bejergi geçirýärler. Epidemiki ýagdaý dörän ýere lukmanlar topary ýollanýar, keselçiligiň ýaýramagynyň tiz öňi alynýar.

4. Gysga wagtyň içinde keseliň ýokanç çeşmesini tapmak.

5. Näsaglaryň maşgala agzalarynyň ählisini barlamak.

6. Sanitar-düşündiriş işlerini giňden geçirmek ylaýta-da okuwçylaryň, olaryň ene-atalarynyň we çagalar edaralarynyň işgärleriniň arasynda.

7. Dellekhanalaryň işine güýçli gözegçiligi berjaý etmek. Her çaganyň saçyny bejerenden soň gaýçy, darak, gidrokarbonat natriniň 2% ergininde gaýnadylmaly ýa-da etil spirtine salyp, soň hem ýakmaly. Goturak kesellериniň alamatlary bar çagalaryň saçyny beýlekilerden soň, ikinji nobatda bejermeli. Kesel ýüze çykan ojaklarda, formalin bugy ýa-da gyzgyn bugly saklawjaýlarda dezinfeksiýa geçirilýär, näsagyň gymmat bolmadyk, kellä geýilýän esbaplary ýakylýar.

## KANDIDOZLAR (Heňli goturak)

Heňli goturak-deriniň, nemli bardalaryň, dyrnaklaryň we içki synalaryň, Candida degişli maýa (drožža) meňzeş goturak mörjewiniň döredýän keseli.

E t i o l o g i ý a s y w e p a t o g e n e z i. Maýa meňzeş goturak mörjewleri tebigatda giňden ýaýran we zyýansyz görnüşde ýaşaýarlar we belli bir şertlerde kesel dörediji häsiýete geçýärler. Keseli, köplenç Candida albicans ýa-da Monilia görnüşli, maýa şekilli goturak mörjewleri döredýärler, olar sporalary emele getirmeýärler, ýalan sapajyklary bolýar, bölünmek arkaly köpelýärler. Maýa meňzeş goturak mörjewleri, ir-iýmişlerde, miwelerde, gök önümlerde (ylaýta-da zaýalanan, çüýräp başlan almalarda, armytlarda) ýaşaýarlar we köpelýärler.

Adatça bu goturak mörjewleri zyýansyz görnüşde garyn-içege ýollarynda ýaşaýarlar. Olary adamyň sagdyn derisinde we nemli bardalarynda hem tapmak bolýar.

Antibiotikleri, gormonly, sitostatik dermanlary, ylaýta-da giň täsirlilerini ulanmaklyk, içegede mörjewleriň düzüminiň üýtgemegine getirýär, netijede ulgamly heň goturagynyň agyr görnüşiniň döremegi mümkin.

T o p a r l a n m a s y.

Heňli gotragyň kliniki görnüşleri :

1. Ýüzleý (deriniň, nemli bardalaryň, dyrnaklaryň we onuň töwereginiň zaýalanmagy).
2. Ulgamly ýa-da iç synalarynyň kesellemegi.

Bulardan başga-da, çagalaryň ýaýran (granulematoz) heňli goturagy tapawutlanýar.

## Deriniň ýüzleý kandidozy

Uly epinleriň heňli goturagy, ýa-da intertriginoz heňli goturak ýa-da heňli gotrak tengini. Gasyk-but, guýrukara epinlere (köplenç emýän çagalarda), goltuklara, aýallarda göwüsleriniň astyndaky epinlere, semiz adamlarda garnynyň epinlerine zeper ýetýär. Şu ýerlerde uly tenginli, sypjyrylan ýaly, doýgun-gyzyl reňkli, anyk araçäkli, üsti suwjaryp duran, uly zeper ýeten ojaklar döreýärler. Ol ojaklaryň gyralarynda, deriüsti gatlagyň gaty açylan agymtyl reňkli ýerleri bolýar. Esasy ojaklaryň töwereginde şolar ýaly ownuk ojajyklaryň bolmagy bu kesel üçin örän häsiýetli alamat hasaplanylýar, olara esasy ojagyň “gyzjagazlary” ýa-da seçilenler diýilýär.

K a n d i d o z y ň b a r m a k a r a ý ü z l e ý ý a r a j y k l a r y. Eliň barmaklarynyň aralarynda ýygy duş gelýär. Köplenç konditer, konserw, gök-miwe önümçiliklerde işleýän, gazly süýji suwy satýan, geýim ýuwulýan ýerde işleýän öý hojalykçy aýallarda duş gelýär. Köplenç, III we IV barmaklaryň arasyna we barmaklaryň gapdallaryna zeper ýetýär. Ol ýerleriň hamy ýygrylyp, az-kem çişip, deriüsti gatlak agymtyl reňkli, garraýar, soýulýar, ýüzleý ýarajyklar emele gelýär, üsti suwjaryp durýar, gyzyl reňkli ýaldyrap durýar. Ýüzleý ýarajyklaryň araçäklerinde, deriüsti gatlagyň, agymtyl reňkli, mürüşen, garran gyralary gataşyp, galyşyp durýarlar. Bu ýüzleý ýarajyklar gaty uzaga çekýärler we gaýtalanyp durmaga meýilliligi bilen tapawutlanýarlar. Näsagda gijelewük we agyry bolýar.

K a n d i d o z b a l a n o p o s t i t i. Köplenç, diabet bilen keselleýän näsaglarda ýa-da heňli goturagyň wulwowaginiti bilen keselleýän aýaldan, jyns gatnaşygy arkaly ýokuşan adamlarda duş gelýär. Bu kesel, jyns synasynyň pürçüginiň iç tarapynda we kellejiginde çäklije gyzarmaklygyň, ýüzleý ýarajygyň döremegi, deriüsti gatlagyň agymtyl bolmagy we güýçli gijilewügiň bolmagy bilen häsiýetlenýär.

## Nemli bardalaryň kandidozy

Kandidozyň mörjewleri islendik nemli bardalara (agyz boşlugynyň, gözleriň, aýallaryň jyns synasynyň, peşew ýolunyň, peşew haltasynyň we başgalar) zeper ýetirip bilerler. Olardan ýygy duş gelýänleri:

A g y z b o ş l u g y n y ň n e m l i b a r d a l a r y n y ň k a n d i d o z y (Soor). Keseliň bu görnüşi täze doglan çagalarda we ýaşaýşynyň birinji hepdesinde duş gelýär. Uly adamlar seýrek keselleýär. Kesel ilki başda owurtlaryň, diliň, dişleriň etiniň, ýumşak gaňşyrygyň nemli bardalarynyň

üstünde nokat-nokat, ak reňkli jerhetjikler döreýär. Olar manna ýarmasyna meňzeş bolup, nemli bardalaryň gyzaran ýerliginde bolýarlar. Jerhetler goşulyşyp, tutuş perde emele gelýär, ol ilki ýeňil aýrylýar, ýöne soň galňaýar.

A g z y ň b u r ç l a r y n y ň k a n d i d o z y w e k a n d i d o z h e ý l i t i. Bularyň ikisi-de bir wagtyň özünde bolmagy mümkin ýa-da aýratyn özbaşdak hem döreýän halatlary duş gelýär. Adatça olar $B_2$ ýokumynyň (giporiboflawinoz) ýetmezçiliginden döreýärler. Agzyň burçlaryndan gyzaran ýerinde, köplenç iki tarapynda hem, çalymtyl-ak perdejikler döreýärler, olary aýyrandan soň jaýryjak görünýär (agzyň burçlarynda) ýa-da nokatjyk ýaly ýüzleý ýarajyk bolýar. Dodaklaryň gyzyl zolagy az-kem galňan we gury bolýar (ýalama).

K a n d i d o z w u l w o w a g i n i t i. Bu kesel wulwanyň hem waginanyň nemli bardalarynyň çişmegi we gyzarmagy, agymtyl ýa-da çalymtyl jerhetiň bolmagy bilen häsiýetlenýär. Uşajyk digir-digir owuntykly jisimiň bölünip çykmagy bu kesele mahsus. Güýçli gijilewük, käte güýçli agyry bolýar.

## Dyrnaklaryň we olaryň töwereginiň kandidozy

Kandidozyň iň ýygy zeper ýetirýän ýerleri dyrnaklar (onihiýa) we onuň daş-töweregi (paronihiýa), esasan aýallarda duş gelýär. Dyrnagyň we onyň töwereginiň kesellemegi barmaklarda ýüzleý ýarajyk bilen bir wagtyň özünde duş gelýän halatlary seýrek bolmaýar. Kesel dyrnagyň daş-töwereginden başlaýar, ol gyzarýar, çişýär, üstünden basanyňda iriň damjajygy çykýar, dyrnagyň derijigi (epionihium) ýitýär. Soň dyrnagyň gapdallarynyň daş-töweregine zeper ýetýär. Keseliň ýiti geçýän döwründe güýçli agyry bolýar. Ýiti çişginlik alamatlary öçüşenden soň kesel adatça dyrnaga geçýär. Zeper ýeten dyrnagyň düýbi (aýjagazy) we gapdal taraplary reňkini üýtgedýärler (goňurymtyl-çal). Dyrnak ýuwkalýar we owranýar. Dyrnaklaryň üstünde gapdallygyna geçýän çyzyklar emele gelýärler. Käte zeper ýeten dyrnak gopup aýrylýar. Adatça diňe elleriň dyrnaklaryna, köplenç III we IV barmaklaryň dyrnaklaryna zeper ýetýär.

## Çagalaryň ötüşen ýaýran kandidozy

Bu heňli goturagyň aýratyn özboluşly bir görnüşi. Muny düýpli öwrenmeklik 50-60-njy ýyllaryň ahyrynda başlandy. Bu kesel baradaky maglumatlaryň köpüsinde, keseliň irki çagalyk döwründe çaganyň agyz boşlugynyň nemli bardasyndan başlaýanlygy görkezilýär. Soňra birnäçe mörjewli keseller sebäpli antibiotikleriň toplumlaýyn ulanylmagy netijesinde ýa-da sowuklama keselleri zerarly, keseliň ýaýramagy ýüze çykýar. Heňli goturak agyz boşlugynda, owurtlaryň gaty we ýumşak gaňşyryklaryň, dişleriň etiniň nemli bardalaryna zeper ýetirýär. Agzyň burçlarynda uzaga çekýän jaýryklar bolýar. Heňli goturagyň ýalama keseliniň bolmagy bilen

makroheýliýa döreýär. Köplenç diliň nemli bardalary gödek epinli bolýarlar. Has häsiýetli alamatlary, ýüzüniň derisinde (köplenç burnunyň, owurtlaryň, maňlaýyň derisinde), kelläniň saçly ýerinde, göwrede we ellerde-aýaklarda gyzaran, galňan we tozgalanýan tegmiller döreýärler, olar soň ýuwaş-ýuwaşdan, nädogry görnüşli granulematoz ojaklara öwrülýärler. Ojaklaryň köpüsiniň üstünde gopojaklar bolýar, olary aýrandan soň ösüntgiler (wegetasiýa), buýnuz gatyň galňamagy (giperkeratoz) bolýarlar. Näsag çagalaryň ählisiniň dyrnaklarynyň daş-töweregi infiltrirlenen, çişen, dyrnaklar galňap, hapa-çal reňkli bolýarlar. Dyrnak derijigi (uly adamlardaky heňli goturakdan tapawudy) zaýalanmaýar.

Tekiz deride, zeper ýeten ýerde ýara ýzyna meňzeş atrofiýa galýar, ol ýerlerde saç ösmeýär. Şeýle çagalaryň köpüsinde gaýtalanýan öýken çişmesi, bronhitler, içgeçme, rentgen barlagynda bolsa bronh-damar suratynyň güýçlenmegi, öýken bölekleriniň birigýän ýeriniň dokumasynyň gatamagy we başgalar bolýar. Käte näsagyň gyzgyny galýar (38-39´C) we tiz pese düşýär.

## Kandidozyň laborator anyklanylyşy

Kandidozy laborator anyklamak üçin, reňklenmedik adaty çalgyny, ulaldyjynyň astynda seredýärler. Içki synalaryň heňli gotragynda, ondan başga boýalan çalgylary (gakylygy, tezegi, peşew çökündisini) ulanýarlar, serologiki barlaglary , deri allergiki barlaglary geçirýärler.

Ýönekeý, boýalmadyk çalgylary barlamak üçin, jisimleri aýnanyň üstünde goýup, üstüne iýiji aşgaryň (KOH ýa-da NaOH) 10% ergini goýulýar, üsti örtülýän aýnajyk bilen ýapylýar we ulaldyjynyň ilki kiçi, soň uly ulaldýanynyň astynda seredilýär. Ulaldyjynyň astynda inçejik sapajyklar (miseliý) tapylýar. Ene öýjügiň ýanynda, birnäçe has kiçi öýjükler görmek bolýar. Bölünýän goturak mörjewleri bir ýere üýşüp, toplanyşyp, üzümiň hoşasyny ýada salýarlar.

## Kandidozyň bejerilişi

Ýüzleý heňli goturagyň käbir görnüşleri daşky bejergi bilen bejerilýär, olaryň arasynda iň oňady anilin boýaglarynyň 1-2% suw ýa-da spirtli erginini ulanmak:gensian wiolet, metilen gök.

Rp: Methylenum çoeruleum 0,4
Spiritus wini rectif. 40% -20,0
MDS. Daşky bejergi üçin

Ondan başga, gliserinli borat natriniň 5-10-20% ergini, kümüş nitratynyň ergini, Kastellanyň boýagy çalynýarlar. Düzüminde salisil turşusy, kükürt, garaýag, benzoý turşusy we başgalar bolan melhemler we pastalar ulanylýar. Deriniň we nemli bardalaryň ýaýran heňli goturagynda, onuň

döremegine we ýaýramagyna kömek edýän daşky we içki hoşmeýilsiz sebäpleri mümkin bolsa ýok etmeli we heňli gotraga garşy antibiotikleri-nistatini ýa-da leworini, bir gije-gündizde 2000000-3000000 B möçber bilen (bu möçberi 3-4 gezege bölüp içmeli) 14-17 günüň dowamynda içirmeli. Nistatin we leworin bilen bejerilýän döwründe ýokumyň B toparyny, askorbin turşusyny, rutin, çagalara bolsa olardan hem başga A ýokumyny bermeli. Heňli goturaga garşy ulanylýan täze dermanlar: deflýukan (flýukanazol)-kapsulada çykarylýar - 50, 100, 150 mg Aýallaryň jyns ýollarynyň heňli goturagyny bejermek üçin pimafusin, makmiror, neopenotran, şem görnüşlerinde ulanylýarlar.

## Kandidozyň öňüni almak çäreleri

Heňli goturak kesellerini wagtynda ýüze çykarmak we bejermek, ylaýta-da çagalarda agyz boşlugynyň nemli bardalaryna zeper ýetmegini we çagalara seredýän enekelerde keseli wagtynda tapmak we bejermek, çagalar köpçüliginde heňli goturagyň (agyz boşlugynyň nemli bardasynyň, agzyň burçlarynyň, täze doglan çagalaryň heňli goturak deri çişmesiniň) öňüni almaklykda uly ähmiýete eýedir. Täze doglan çagalaryň agzyna ýara düşmezligi üçin göwreli we emdirýän eneleriň keselini wagtynda ýüze çykarmak we bejermek, goturak keselli enekelere çagalar köpçüliginde işlemäge rugsat bermeli däl. Keselli çagalary sag çagalardan aýratyn saklamaly. Heňli goturagyň öňüni almakda çagalaryň iýmitine, arassaçylygyna, egin-eşigine we başg. uly üns berilýär.

Madda çalyşmaklygy bozulan diabet keselli we semiz adamlary, garyn-içege kesellerini, wegeto-newrozy bejermek, gowşak näsaglara umumy gurplandyryjy bejergi geçirmek agyr kesel bilen kesellän çagalarda ýokum näsazlygyny kadalaşdyrmak, ýüzleý we ulgamly heňli goturaklaryň öňüni almak çäreleridir. Şeýle näsaglara heňli goturagyň öňüni almak maksady bilen ýokumyň B toparyny bermeli, antibiotikleriň we kortikosteroidiň uly möçberlerini alýan näsaglara-heňli goturagyň öňüni almak maksady bilen nistatin bejergisini geçirmeli.

## DERMATOZOONOZLAR
## (PARAZITLERIŇ DÖREDÝÄN DERI KESELLERI)

Haýwanlaryň mugthorlarynyň döredýän deri kesellerine dermatozoonozlar diýilýär. Haýwanlaryň mugthorlaryna bitler, büreler, tagtabitiler, peşeler, şonuň ýaly-da sakyrtgalaryň birnäçe görnüşleri (gotur sakyrtgasy, ýabylaryň, kepderileriň, alakalaryň, towuklaryň we başg.) girýärler.

Deri hekimleriň amaly işinde iň köp duş gelýänleri gotur we bitlilik. Bu keseller näsag adamlar bilen galtaşanda (göni ýokuşmak) ýa-da olaryň peýdalanýan goşlaryndan (göni däl ýokuşma), ylaýta-da egin-eşiklerinden

peýdalananda ýokuşýarlar. Bu keseller uruş döwründe açlyk-horluk, ýykgynçylyk, köpçülikleýin göçe-göçlik wagtlarynda has köp ýaýraýarlar. Ýaramaz sanitar-arassaçylyk ýagdaýlary hem bu keselleriň köpelmegine sebäp bolup biler. Şular ýaly näsaglary tapmak, olary sag adamlardan aýry saklamak, bejermek, keseliň ýaýramagynyň öňüni almaga mümkinçilik berýär.

## ÝOKANÇLY GIJILEWÜK KESELI
## (lat. Scabies)

E t i o l o g i ý a s y w e p a t o g e n e z i. Ýokançly gijilewük keseli (türkm. Gotur) Sarcoptes scabiei hominis gotur sakyrtgasy döredýär. Sakyrtganyň urkaçysy erkeginden iri bolýar (uzynlygy 0,4-0,45 we 0,2 mm, ini 0,25-0,35 we 0,14-0,19 mm) we daşky şekili bilen pyşdyljygy ýatladýar. Erkegi deriniň ýüzünde tohumlandyrandan soňra ölýär, urkaçysy bolsa deri üsti gatynyň ýokarky gatlagyna ornaşýar we ol ýerde özüne ýodajyklary ýasaýar. Sakyrtga deriniň buýnuz gatlagyny özüniň berk hitin äňleri bilen burup deşýär. Sakyrtga deriniň daşyna düşen ýagdaýynda birnäçe günüň dowamynda ölýär. Urkaçy sakyrtga 6-8 hepdäniň dowamynda gotur ýodajygynda 50 golaý ýumurgasyny taşlaýar. Ýetişen sakyrtgajyklar ýumurtgajyklaryň içinden 3-7 hepdäniň dowamynda çykýarlar. Urkaçynyň taşlan ýumurtgasyndan 3 aýyň dowamynda 150 mln golaý sakyrtgalar döreýär.

Kesel köplenç güýz we gyş duş gelýär, ýöne bütin ýylyň dowamynda hem ýüze çykyp bilýär. Keseliň gizlin döwri 7-10 günden 1 aýa çenli çekýär. Näsag bilen ýakyn gatnaşykda, esasan hem onuň egin-eşigi we ýorgan-düşegi ulanylanda ýokuşma bolup geçýär. Bu infeksiýa çagalaryň arasynda keselli çaganyň oýnan oýunjaklaryndan geçip bilýär.

K l i n i k a s y. Sakyrtganyň derä düşen ýerinde kiçi gabarçak emele gelýär. Ýokançly gijilewügiň esasy alamaty güýçli gijilewük bolup durýar, ol esasan öýlän we gije, näsag ýorgana giren wagtynda güýçlenýär. Köp halatlarda, keseliň ilkinji alamaty bolan mahsus gijilewükden başga-da, deride jübüt we ýaýraň ýerleşen nokat ýaly düwünjikli-gabarçajykly örgünler, goturyň ýodajyklary we gaşanmagyň yzlary emele gelýär. Örgüleriň iň ýygy ýerleşýän ýerleri: barmakara epinler, barmaklaryň gapdallary, goşarlaryň epilýän we tirsekleriň epilmeýän taraplary, göwräniň öň gapdallary, goltuk asty epinler, göwüslerde emzigiň töweregi, garynda – esasan göbegiň töweregi, ýanbaşlar, butlar, injikler, ujydyň töweregi. Kä-ýagdaýlarda, tirsek bogunlaryň üstünde düwünjikli-gabarçajykly örgünleriň üstünde gurak kesmejikleri görüp bolýar (Gorçakow-Ardi alamaty). Sakytrga ýoljagazlary has ýygy goşarlaryň iç tarapynda hem-de eliň barmagara epinlerinde görüp bolýar. Olaryň uzynlygy 2-3 mm-den 0,5 sm-e çenli bolýar. Sakytrga ýoljagazlary ulaldyjy aýnanyň (lupanyň) kömegi bilen seredilende, olar biri-birine ýakyn ýerleşen gara nokat ýaly deşijeklerden durýandygy görünýär,

olary gotur sakyrtgasy sakyrtgajyklar daşyna çykmaklygy üçin we howanyň girmegi üçin deşýär. Gabarçajyklaryň ýerinde, iňňebagjygyň ujy ýaly, ganly kesmejikler emele gelýär.

Ýokarda aýdyp geçilen, deride ýokançly gijilewügiň iň ýygy ýerleşýän ýerleriniň buýnuz gatlagy has ýuka bolanlygy üçin sakyrtgalar şol ýerlerde parazitirleýärler. Kiçi çagalarda goturyň alamatlary başga ýerlerde: dabanyň iç tarapynda we aşagynda, elleriň aýasynda, ýanbaşlarda, çaganyň ýüzünde, kellesiniň derisinde ýerleşýär.

Ýokançly gijilewükdäki esasy alamat güýçli gijilewük, gaşanma netijesinde ýüzleý ýaralaryň, sypjyryklaryň emele gelmegine getirýär, şonuň netijesinde olara iriňlediji mörjewleri düşürýärler we kesel şol ýerlerde follikulitler, çybanlar, limfa damarlarynyň we mäzleriniň çişmesi, syçratgylar bilen çylşyrymlaşýar. Bu soňky ýagdaý bolsa, birnäçe halatlarda, goturyň kliniki geçişiniň häsiýetini üýtgedip, keseliň kesgitlemesini kynlaşdyrýar (bu ýagdaýlarda, keseliň dogry kesgitlemesine, gijilewügiň häsiýeti we deridäki ojaklaryň ýerleşýän ýerleri kömek edýär). Ýokançly gijilewük mikrobly ekzema (mörjewli süýjibaş) bilen hem çylşyrymlaşyp bilýär (aýallarda köplenç göwüsleriniň emzikleriniň töwereginde, erkeklerde butlaryň iç tarapynda). Bu halatlarda zeper ýeten ojaklalaryň araçägi has aýdyň bolýar, kä-mahallar olar suwjarýar, köp mukdarda iriňli gabarçaklar, kesmekler bilen örtülen bolýar.

Soňky wagtlarda ýokançly gijilewügiň mahsus däl görnüşleri ýygy duş gelip başlady, bu ýagdaýlarda mahsus örgünler bolmaýar (has dogry aýadanyňda, goturyň ýodajyklary), ýöne güýçli gijilewük ýüze çykýar. Ýokançly gijilewügiň bu görnüşi arassaçyl adamlarda we näsaga bejergi nädogry geçirilende bolýar. Eger näsaglar has dykgatly gözden geçirilse bu halatlarda hem, ýek-tük, jübüt ýerleşen papulo-wezikulalary, düwünjikleri, owunjak gabarçajyklary, eşen görnüşli örgünleri tapyp bolýar.

K e s e l i ň k e s g i t l e m e s i. Ýokançly gijilewügi deriniň gaşantgy keseli bilen çalşyryp bolýar. Onda hem, näsaglary gijilewük biynjalyk edýär, ýöne gaşantgy keselinde gijilewük alamaty gije-gündiz bolýar, kesel kä ýagdaýlarda ýyllar boýy dowam edýär, deriniň çal reňkli bolmagy bilen häsiýetlenýär, ak dermografizm mahsus bolýar, ganly kesmekler bilen örtülen düwünjikler, el-aýaklaryň epilmeýän taraplarynda ýerleşýär, limfa mäzleri ulalýar, olary “gaşantgy bubonlary” diýip atlandyrýarlar.

Kesel kesgitlemesini anyklamak kynlaşan ýagdaýynda, gotur sakyrtgasyny tapmak üçin, laborator barlagy geçirilýär, ony gotur ýodajygyndan iňňe bilen çykaryp bolýar. Gabarçajyklary we gotur ýodajyklaryny howpsyz päki bilen ýukajyk kesimlerini almak usuly has netijeli bolýar. Alnan kesimler 20 % aşgarda ýatyrylyp, olary örtüji aýna bilen ýapyp, mikroskopyň kömegi bilen kiçi ulaltmada seredilýär. Barlaga alnan maddada sakyrtgalar, ýa-da olaryň ýumurtgalary, gara nokat ýaly täretleri tapylýar.

B e j e r i l i ş i. Buýnuz gatyny ýumşadýan, sakyrtga ýoljagazlara geçip, sakyrtgalary öldürýän serişdeler ulanylýar. Ýöne bejerginiň netijesi ulanylýan derman serişdesiniň häsiýetine däl-de, onuň dogry ulanylmagyna we bejerginiň ykjamlylygyna bagly bolup durýar.

Gotur sakyrtgajygyna garşy dermany ulanmazdan öň, näsag suwa düşse has netijeli bolýar, sebäbi bu çäre deriniň üstünde ýerleşen sakyrtgajyklaryň ýuwulyp aýrylmagyna we buýnuz gatlagynyň ýumşamagyna kömek edýär. Eger-de deride piodermiýa ýa-da süýjibaş dörän bolsa, onda *suwa düşmeklik maslahat berilmeýär.* Suwa düşmek bejergi berilýän döwründe hem gadagan edilýär. Gotur sakyrtgajygyna garşy dermanlary bedeniň we ahyrlaryň derisine, has hem ykjam, sakyrtgajyklaryň iň ýygy ýerleşýän ýerlerine sürtülýär. Kelläniň derisine derman sürtülmeýär. Ondan başga-da, piodermiýa ýa-da süýjibaş dörän ýagdaýlarynda hem derman serişdeleri sürtülmeýärde, olar diňe zeper ýeten ojaklara çalynýar. Birbada ýüze çykan gaýry üzülmeler hem bejerilýär. Derä örän täsirli diýip, benzilbenzoatyň erginini (benzoý turşusynyň benzil efiri) sürtmek hasaplanylýar. Uly adamlara benzilbenzoatyň 20% sabyn suwly emulsiýasyny, çagalara bolsa - 10%-li ergini ulanýarlar. Emulsiýa 2 gezek sürtülýär, sürtmeleriň arasynda 10 minutlyk arakesme edilýär. Ondan soň, näsag zyýansyzlandyrylan arassa eşik geýýär we ýorgan-düşeginiň daşyny täzeleýär. Ertesi gün, sürtülme gaýtalanýar. Näsag üç gün geçenden soň suwa düşýär we eşigini täzeleýär.

Rp: Benzilbenzoati 20,0
Saponis viridis 3,0
Ag. fontanae ad 200,0
MDS. Daşky bejergi üçin

Çagalary bejermek üçin ýokarda bellenip geçilişi ýaly, benzilbenzoatyň 10% sabyn-suwly emulsiýasyny ulanýarlar ýa-da üç günüň dowamynda benzilbenzoatyň 10% sabyn-suwly emulsiýasynyň esasynda taýarlanan melhem sürtülýär.

Ýokançly gijilewügiň bejergisini Demýanowiçiň usuly bilen geçirilende 60% natriý tiosulfatyň ergini (ergin №1) we 6% konsetrasiýaly ýa-da 18% suw bilen garlan hlorwodoworod turşusynyň ergini (ergin № 2)ulanylýar. Ilki bilen ergin № 1 iki gezek sürtülýär (arasynda 10 minut arakesme edip), soň bolsa ergin № 2 sürtülýär (5 minutlap arasynda 5 minutly arakesmesi bilen). Natriý tiosulfatyň ergini jama guýulýar we şonda eliňi ölläp derä sürtülýär. Hlorwodoworod turşusynyň ergini çüýşeden goşawuja guýlup sürtülýär. Ondan soň näsag arassa içki geýim geýýär we ýorgan-düşeginiň daşyny täzeleýär. Ertesi gün bejergini gaýtalaýar. Bejergiden soň ýene 2 günden soň suwa düşmek rugsat edilýär. Çagalara natriý tiosulfatyň 40% konsetrasiýaly ergini, hlorwodoworod turşusynyň 4% ergini bellenilýär.

Ondan başga-da kükürdiň 20-33% melhemi hem ulanylýar. Bu melhem günüň dowamynda 1 gezek 5 gün çalynýar. Näsag 6-njy gün suwa düşinýär, eşigini we ýorgan-düşeginiň daşyny täzeleýär.

Ýokançly gijilewügi bejermek üçin täze taýýarlanan „K“ sabynynyň 5% emulsiýasyny hem ulanyp bolýar. Ony 5 günüň dowamynda sürtýärler we ýene 2 günden näsaga suwa düşmek rugsat berýärler.

Geçirilýän emleriň şowsyz bolan ýagdaýynda bejergini 3-5 günden gaýtalaýarlar.

Ekssudatiw diateze ýykgynly çagalara, hem-de dermatitiň döremezligi we gijilewügiň güýjemeginiň öňüni almak üçin (şertli patologik refleksiň mehanizmi esasynda) bejergi döwründe desensibilizirleýji we antigistamin derman serişdelerini bellemeklik maslahat berilýär (kalsiý glýukonat, diazolin, suprastin we ş. m). Allergiki dermatit bilen çylşyrymlaşan ýokanç gijilewükli näsaglara hem şonuň ýaly bejergi bellenilýär.

Ýokançly gijilewük piodermiýa bilen beterleşen ýagdaýynda, antibiotikler, sulfanilamidler, daşky bejergi hökmünde – kükürtli-garaýagy we bor-kükürtli melhemleri, anilin boýaglary, 2% salisil spirti bellenilýär.

Ý o k a n ç l y g i j i l e w ü g e g a r ş y g ö r e ş i w e ö ň ü n i a l y ş ç ä r e l e r i g u r a m a k. Hemme ýokançly gijilewük keselli näsaglara ýörite gyssagly habarnama doldurylýar. Ýokançly gijilewüge garşy şowly göreşiň şerti – ýokanjyň dörän ojagynda näsaglaryň hemmesiniň birbada bejerilmegidir. Näsaglary ýüze çykarmak üçin maşgala agzalaryň hemmesini, eger-de näsag çaga bolsa, onda onuň bolýan çagalar toparlaryň hemme agzalaryny gözden geçirýärler. Näsaglary wagtynda ýüze çykarmak, başga adamlardan aýry saklamak (çetleşdirmek) we olara wagtynda bejergi bermek – keseliň ýaýramagynyň öňüni almagynyň esasy şertleri bolup durýar.

Epidemiki amatsyz ýagdaýlarda, ýokanç gijilewükli näsaglary bejermek üçin we dezinseksiýa çärelerini geçirmek üçin – ýörite skabiozoriý edaralaryny we otaglaryny döredýärler.

Içki geýimleriň we ýorgan-düşekleriň daşynyň ykjam (pugta) dezinseksiýasy (DDT pürkmek, „K“ sabyny bilen ýuwmak) ýa-da gyzgyn bugly saklawjaýda dezinfeksiýa geçirilmegiň uly ähmiýeti bar. Näsagyň içki geýimlerini ýuwup, gaýnadyp, soň ütükleseň hem bolýar. Daşky geýimlerini saklawjaýda zyýansyzlandyrýarlar ýa-da DDT pürkýärler.

Ýokançly gijilewügiň aýratyn görnüşi n o r w e g i ý a g i j i l e w ü g i – diýlip atlandyrylýan keseli (käbir awtorlar ony ýönekeý ýokanç gijilewügiň has idegsiz (seredilmedik) görnüşi diýip hasaplaýarlar) örän seýrek duş gelýär. Ol ilkinji gezek Norwegiýada 1884-nji ýylda Daniýelson tarapyndan teswirlenen. Bu görnüşi has gowşak bedenli (birbada heýwere, siringomiýeliýa ýa-da şolara meňzeş keselli näsaglarda) akyl ýetmezçilikli adamlarda duş gelýär.

Norwegiýa gijilewüginde zeperlenen ojaklardaky deri gurak bolýar, galyň goýy ýaşyl reňkli kesmekler bilen örtülýär. Ol kesmekler käbir ýerlerde gapak (sowut) ýaly bolup hereketleriň çäklenmegine we agyryly bolmagyna getirýär. Dyrnaklar gödek ýognaýar. Zeperlenen ojaklarda saçlar gurak we reňki öçüksi bolýar. Limfa mäzleriniň ulalmagy ýüze çykýar. Näsagdan ýakymsyz ys gelýär. Ýokançly gijilewügiň bu görnüşiniň kliniki alamatlary

has aýdyň bildirse-de, onda gijilewügiň ujypsyzdygyny ýa-da düýbünden ýok bolýandygyny aýdyp geçmeli. Kesmekler zor bilen aýrylan ýagdaýynda, olaryň aşagynda gyzaran deri açylýar, köp sanly ak nokatlary – gotur sakyrtgajyklaryny adaty göz bilen görüp bolýar. Olar kesmeklerde, teňňejiklerde hem köp mukdarda tapylýarlar.

Kesmekleri aýyrmak üçin 5-10% garaýag-kükürtli melhemi ulanýarlar, ondan soň bolsa ýokançly gijilewüge garşy bejergi, umumy berkidýän (gurplandyrýan) derman serişdeleri bilen bilelikde bellenilýär.

Käbir ýagdaýlarda, gaba (çişik) sakyrtgajygy bilen adamlaryň ýokuşmasy bolup geçýär. Ol „g a l l a“ diýip atlandyrylýan gijilewügi döredýär (kiçiräk düwünjikler we eşenler ýüze çykýar we gijilewük döreýär). Bu sakyrtga dänelerde we kösüklerde ýaşaýar. Däne ýüklenilende, däne ambarlarda işlenilende, sakyrtga düşen samanyň üstünde ýatylanda, sakyrtga adamyň bedenine düşýär. Bejergi ýönekeý ýokanç gijilewüginde ýaly geçirilýär.

Atlarda, alakalarda, towuklarda, kepderilerde ýaşaýan sakyrtgalar adamyň derisine düşende, dişläp güýçli gijilewük döredýärler (düwünjikler hem eşenler ýüze çykýar), ýöne olar deriüsti gatlaga geçmeýärler we sakyrtga ýodajyklaryny döretmeýärler. Bu sakyrtgajyklary jaýlarda, içki geýimlerde tapyp bolýar. Bejergi üçin spirtli erginler, çaýkalýan garyndylar ulanylýar. Içki geýimleri, ýorgan-düşekleriň daşyny dezinfeksiýa etmeli bolýar. Alakalary gyrýarlar, keselli atlary bejerýärler we ş.m. çäreleri geçirýärler.

Derini t a g t a b i t l e r i ň (Cimex lectularis) we b ü r e l e r i ň (Pulex irritans) dişlemegi netijesinde, deride gijilewükli eşen örgünleri döreýär. Büräniň dişlän ýeriniň ortasynda mahsus merkezi gan öýme, onuň daşynda bolsa, gyzaran menekli ýa-da daryň dänesi ýaly eşen oklawjygy döreýär. Deride dýrän örgünler ýörite bejergini talap etmeýärler. Ýöne, tagtabitleri we büreleri gyrmak üçin çäreler geçirilýär (tagtabitleri dezinfisirleýän erginler bilen, büreleri kükürt tüssesi bilen gyrýarlar we jaýlarda arassaçylygy saklaýarlar).

Atlaryň gögeýinleriniň gurçuklary adamyň derisine düşüp L a r v a m i g r a n s atly keselini döredýärler. Ilki bada gijeýän menek döreýär, onuň ýanyndan gurçugyň ýörän ýolunda halka şekilli aýlaw-aýlaw, deriniň üstünden sähelçe galyp duran, ini 1-2 mm, gyzylja sapajyk ýüze çykýar. Bir gije-gündiziň dowamynda gurçuk 15 sm çenli ýol geçýär.

B e j e r i l ş i. Zeperlenen ojaklara ýoduň spirtli erginini çalýarlar, hloretil bilen doňdurýarlar, ýa-da gurçugyň ýerleşen ojaklaryny operatiw usul bilen kesip aýyrýarlar.

## BITLILIK (PEDICULOSIS)

Bitliligiň ýüze çykmagy, şol köpçülikde sanitariýa–arassaçylyk näsazlygyň şaýady bolýar.

Adamyň endamynda bitiň – mugthoryň 3 görnüşi: kelle, eşik, gasyk bitleri bolýarlar.

**Kelle biti** (Pediculus capitis) adama göni gatnaşykda bolmakdan, şonuň ýaly-da kellesine geýýän, daňýan zatlaryndan, baş darakdan geçip bilýar. Kelle bitiň urkaçysy ömrüniň dowamynda 150 ýumurtga-sirke guzlap, olary hitin jisimi arkaly saçlara ýelmeşdirýär. Sirkeler çalymtyl-ak renkli bolup, olary abzallaşmadyk ýonekeý göz bilen hem gowy görmek bolýar (ylaýta-da gara saçlarda).

Kelle biti kelläniň saçly ýerlerinden başga gaşlarda, sakgalda-da bolup biler. Bitleriň dişlemegi, tüýküliginiň fermentleri güýçli gijilewük döredýär, näsag gaşanýar, ownuk şikeslere mörjewler düşüp, deriň iriňli gabarçakly, adatça, ýönekeý syçratgy kesellериniň ýüze çykmagyna getirýär. Ugruna seredilmedik halatlarynda näsagyň kellesi gopajak bilen örtülýar, saçlara ýelim guýulan ýaly, biri-birine ýapyşyp, ýogyn bölekleri emele getirýär, boýnuň limfatiki mäzleri ulalýarlar.

B e j e r i l i ş i. Mümkin bolsa saçyny syrmaly. Bolmasa-da näsagyň saçyna nebite haýsy hem bolsa bir ösümlik ýagy bilen deňe-deň goşup, çalmaly üstüne kagyz goýup, ýaglyk bilen daňyp, ertire çenli goýmaly. Ertir irden kelläni sabynlap, ýyly suw bilen ýuwup, pamyk daralan uşak we syk dişli, nahar sirkesine batyrylan darak bilen daramaly. Saçlara, benzil-benzoatyň 10 %-li sabynly-suwly erginini ( 10-15 min dowamynda) sürtseň hem bolýar. Soň kelläni sabynly gyzgyn suw bilen ýuwmaly. Bejergi üçin “Para-plýus”, “Nittifor” we başga-da derman serişdeleri hem ulanylýar.

**Eşik biti** endamyň bitlemegi (Pediculus corporis seu vestimenti). Bitiň bu görnüşi, kelle bitinden uly bolýar. Bu bitler köýnek-balagyň gatlarynda ornaşyp, adamyň ganyny sorup, iýmitlenýärler. Sirkeler egin-eşigiň tikinlerinde, epinlerinde, uzyn we inçe tüylerde ornaşýarlar. Bitiň dişlän ýeri güýçli gijeýär, näsag gaşalanýar, çyzyk-çyzyk dyrnak yzlary bolýar, olar iriňli deri keseli bilen çyrşyrymlaşýarlar.

Bitleriň esasan ornaşýan ýerleri: adamýň boýny, pilçeleri, bili ýagny bedeniň egin-eşik bilen jebis galtaşýan ýerleri.

Uzaga çekýän, ýyllar boýy dowam edýän bitlilik deriniň guraklygyna, tozgalar durmagyna, galňamagyna, gara çal pigmentleşmegine, ýara yzjagazlarynyň bolmagyna getirýär.

B e j e r i l i ş i. Egin-eşikleri gaýnadyp, sabynlap ýuwmak,ýuwunmak we egiň-eşigi, ýorgan-düşegi çalşyrmak. Ulanylan egin-eşikleri, ýorgan-düşekleri dezinfeksiýa etmek.

**Gasyk biti** (Pediculus pubis) gasykda, jyns synalarynda, syrt bujagyň towereginde ornaşýarlar. Çagalarda duş gelmeýär. Kämahal bedeniň saçly, tüýli başga ýerlerinde-de: gursakda, göwresinde-garnynda, butlarynda, goltuklarynda, gaşlarynda, kirpiklerinde-de bolýarlar. Biynjalyk edýän ýagdaý - güýçli gijilewük bolýar. Gasyk biti,koplenç jyns gatnaşygynda ýa-da umumy düşekden ýokuşýar. Gasyk biti derä, özüniň ýörite, gapjaýja meňzeş zady bilen, ykjam ýapyşýar.

B e j e r i l i ş i. Mümkin bolsa tüýi syrmaly. Soň 2-3 günüň dowamynda derä çal simap melhemini sürtmeli. Benzilbenzoatyň 20% erginini, “Nittifor”, “Para-plýus” ulansaň bolýar.

Bitlemekligiň önüni almak çäreleri. Çagalar köpçülik edaralaryny, okuw we umumy ýaşaýyş jaýlaryny wagtal-wagtal barlap durmaklygyň möhüm ähmiýeti bardyr.

## LEPRA (HEÝWERE)

Lepra, ýa-da heýwere 1871-nji ýylda açylan Ganzeniň taýajyklarynyň (Mycobacterium leprae) döredýän dowamly ýokanç keselidir.

Keseliň gizlin döwri birnäçe ýyldan 30-50 we ondan hem köp wagta çekýänligi bilen tapawutlanýar.

Heýwere gadymy kesel bolup, esasan Aziýa we Afrika ýurtlarynda has köp ýaýrandyr. Bu kesel soňky döwürlerde Gresiýa, Rime, Günbatar Ýewropa hem ýaýrapdyr.

Lepranyň etiologiýasy belli bolsada, onuň patogenezi, epidemiologiýasy, ýokuşuş we ýaýraýyş şertleri doly öwrenilmedik. Kesel uzaklaýyn inkubasion döwri, köp ýyllara çekmegi, deri örtüginiň, nemli bardalaryň we nerw ulgamynyň mahsus zeperlenmegi bilen häsiýetlenýär.

E t i o l o g i ý a s y w e p a t o g e n e z i. Lepranyň döredijisi – Ganzeniň taýajygy – turşulara we spirtli erginlere durnukly. Sil-Nelsonyň usuly bilen reňklenýär we daşky görnüşi inçekeseliň mikobakteriýasyna meňzeýär. Onuň iki ujy sähel ýiti taýajyk şekilli we toparlanyp çilime meňzeş bolup ýerleşýär, seýrek aýry-aýry bolup ýerleşýär. Mikobakteriýanyň kapsulasy ýok we ol sporalary emele getirmeýär.

Çagalaryň lepra has duýgur bolýandygyny, ulularyň arasynda bolsa ony diňe käbir adamlaryň ýokuşdyrmaga ukyplydygyny göz öňüne tutup, lepra mikobakteriýalaryny kultiwirlemek üçin ilki bilen çagalaryň we heýwere keselli uly adamlaryň ganyň syworotkasyny ulanýarlar. Fibroblastlaryň, makrofaglaryň we adamyň nerw öýjükleriniň kulturalarynda lepranyň taýajyklarynyň kultiwirlenmeginiň şowly synanşmalary bar.

Lepra taýajyklarynyň adam bedenine geçiş ýollary doly öwrenilmedik. Näsag bilen uzaklaýyn we has ýakyn gatnaşyklar (maşgala, durmuş gatnaşyklary) keseliň ýaýramagyna ýardam edýär. Näsag bilen galtaşma näçe uzak (esasan-da maşgala agzalary bilen), maşgalada medeni we sanitar-arassaçylyk şertleri näçe pes bolsa, şonçada keseliň ýokuşmaga mümkinçiligi ýokary bolýar. Kesel, ähtimal, dem alyş ýollaryndan howa-damja ýoly bilen ýokuşýar (sebäbi, lepranyň taýajygy keseliň has ir döwürlerinde, burnuň germewiniň kitirdewük bölegініň nemli bardasynda tapylýar). Mikobakteriýalar aýaklaryň deri örtüginden geçýänligi hem çak edilýär, ol ýagdaýy, keseliň başlangyç döwürlerinde, butlaryň limfa mäzlerinde lepra basillalarynyň tapylmagy tassyklaýar. Bu ýagdaýlarda baglanşykly geçýän kesellere – daban mikozyna, has hem kandidozlara esasy orun goýulýar. Şikeslenmede, tatuirowka

edilende, gan sorujy mör-möjekleriň çakan ýerlerinden zeperlenen deriden ýokuşan ýagdaýlary hem bellenilýär. Lepra keseli bedeniň hususy aýratynlyklaryna, onuň daşky täsirlere duýujylygyna we umumy ýagdaýyna baglylygy şübhesiz diýip hasaplanýar.

Dürli awtorlaryň maglumatlary boýunça, keseliň inkubasiýa döwri 4 ýyldan 6 ýyla çenli dowam edýär, ýöne inkubasiýa döwrüniň 2-3 aýdan 10-20, hat-da 50 ýyla çenli bolýandygy anyklanan. Diýmek, lepra keseline inkubasiýa döwrüniň möhletiniň dowamlylygy we üýtgäp durmagy mahsusdyr. Lepra pes kontagioz kesel bolup, ol inçekeselden pes ýokuşgynly hasaplanýar. Çagalar ululara garanda has duýgur bolýar we uzak wagtly galtaşma şertlerinde kesel olara has ýygy we çalt ýokuşýar.

Keseliň prodromal döwri nasaglar tarapyndan ýarawsyzlyga, güýçli newralgiki agyrlara, bogun agyrlara, güýçlenýän ysgynsyzlyga, aşgazan-içege bozulmalaryna ýaly arzlar bilen häsiýetlenýär. Kä-wagtlar paresteziýalar, giperesteziýalar, bedeniň gyzgynlygynyň ýokarlanmagy bellenilýär. Eýýäm bu döwürde burnuň germewiniň nemli bardasynda Ganzeniň taýajklaryny tapyp bolýar. Soňra keseliň kliniki alamatlary ýüze çykyp başlaýar, olaryň morfologiki aýratynlyklaryna görä keseliň üç görnüşini tapawutlandyrýarlar.

## LEPRANYŇ TOPARLANMASY

1. Lepromatoz ýa-da howply, agyr görnüşi.
2. Tuberkuloid ýa-da ýeňil görnüşi.
3. Differensirlenmedik, ýa-da mahsus däl, tapawutlandyrylmadyk görnüşi.

## LEPRANYŇ LEPROMATOZ GÖRNÜŞI

Lepranyň lepromatoz görnüşinde ilki deride aýdyň däl, kän bir göze ilmeýän, gyzylymtyl, melewşe ýa-da ülje öwüşginli reňkde menekler emele gelýär. Menekleriň ýerleşen ýerlerinde duýujylyk (agyry, gyzgyny-sowugy tapawutlandyrýan, galtaşma duüujylygy) başda bozulmaýar. Ýuwaş-ýuwaşdan menekler dykyzlanýar. Ýygy, uly infiltratlar döreýär. Bu ýagdaýa hakyky deri bilen bilelikde deriasty ýag gatlagy hem goşulýar, düwünler (lepromalar) döreýär. Ol infiltratlar we düwünler köplenç el-aýaklaryň epilmeýän taraplarynda, ýüzde, maňlaýda, gaşlaryň töwereginde, çekgelerde burunda ýerleşýärler. Ýüzüň mimikasy üýtgeýär, adamyň ýüzi betgelişik bolýar, ol gaharjaň ýolbarsyň ýüzüne meňzeýär (facies leonina).

Gaşlaryň töweregindäki çişmeler, olaryň lateral böleginiň durnukly düşmegine getirýär. Çişginli ojaklar ýüzden we el-aýaklaryň epilmeýän taraplaryndan başga-da, içki synalarda hem döreýärler. Meneklerden we çişmelerden başga, otly çöpüň kellejiginiň ululygyndan nohuduň ululygyna çenli tegelegräk ýa-da ýasy şekilli gaty, gyzylymtyl-goňur ýa-da gyzylymtyl-mämişi reňkli tümmejikler öüze çykýar. Soňlugy bilen

ganöýmeler döränligi sebäpli pos öwüşginli reňke geçýär. Gulaklaryň töwereginde, el-aýaklaryň distal böleklerinde lepromalar gögümtil-gyzyl reňkde bolýarlar. Tümmejikleriň üsti tekiz, kä-halatlarda ýag çalnan ýaly bolýar, olar başlara hem öwrülip bilýärler.
Dörän başlar dykyz, kä halatlarda oklawjyk ýaly galyp duran, gyralary kert, içinde köp mukdarda heýwere basillalaryny saklaýan gan gatyşykly suwuklygyň bolmagy bilen häsiýetlenýärler. Başlaryň düýbi ýuwaş-ýuwaşdan granulýasiýalardan (et örmelerden) dolýar we nagralanýar. Düwünlerde we çuň çişlerde, köp halatlarda, başlar döreýär. Seýrek ýagdaýlarda başlar döretmän olar yzyna gaýdyşýarlar. Ol ýagdaýlarda ýüzleý nagrajyklar galýar. Başlar dörän düwünleriň we çişleriň (infiltratlaryň) ýerinde uly ýaralar, başlar emele gelýär; bu hadysa süňkler bilen etleri hem öz içine alýar. Bu ýagdaýlarda ownuk süňkleriň, bogunlaryň dargamagy bolup geçýär we soňlugy bilen olar gopýarlar, sypaty betgelşik bolýar we gödek deformasiýalar ýüze çykýar.
Burnuň nemli bardasy hem bu ýagdaýda (has hem onuň germewiniň nemli bardasy) has ýygy zeperlenýär. Keseliň başlangyç döwründe, edil şol ýerden alnan gyryntgylardan, Ganzeniň taýajyklary tapylýar.
Burnuň germewiniň nemli bardasynyň zeperlenmegi gyzarma, çişme, burundan suwuklygyň bölünip çykmagy, kesmekleriň gat-gat bolup döremegi bilen häsiýetlenýär, bu döreýän ýagdaýlar dowamly lepra rinitini üçin häsiýetli. Soňlugy bilen gaýnaglamanyň ösüşiniň netijesinde, burnuň germewiniň kitirdewüginde başlar, dargamalar döräp bilýär. Bu ýagdaýlarda burnuň şekiliniň mahsus üýtgemeleri döreýär – burnuň ujy sähel ýokary galyp durýar.
Diffuz infiltratlar we lepromalar dilde, ýumşak we gaty kentlewükde (taňlaýda) ýerleşip, bogazyň nemli bardasyna we ses perdejiklerine ýaýraýar. Netijede, sesiň ýognamagy, hat-da, onuň durnukly ýitmegi (afoniýa) ýüze çykýar, bu ýagdaý, bokurdagyň galkan gemirçeginiň we ses perdejikleriniň nagraly üýtgeşmeleri netijesinde döreýär.
Lepromatoz görnüşli lepra keselli näsaglarda konýuktiwit, irit, episklerit we keratit hem ýüze çykyp bilýär. Lepromatoz keratitinden soň, göz perdesiniň çişmesi, bulanmasy, başlaryň emele gelmegi we nagralanmanyň döremegi netijesinde körlügiň bolmagy hem mümkin.
Limfa mäzleri (esasan-da but we gasyk, seýrek boýun, ýeňse, äňasty, goltuk mäzleri) tokaý hozuň ululygyna çenli ulalýarlar, gatyrak maýyşgagrak konsistensiýaly, agyrsyz, hereketli bolýarlar.
Kä-halatlarda nerw ulgamynyň zeperlenmegi ýüze çykýar. Dörän üýtgeşmeleri iki görnüşe bölüp bolýar.

1. Merkezi nerw ulgamynyň bozulmalary netijesinde psihozlara, newrozlara çenli ýetýän, dürli derejelerde bildirýän newrotik reaksiýalar.
2. Newritler we polinewritler dörän ýagdaýynda periferiki nerw ulgamynyň zeperlenmegi bolýar.

Has ýygy, *nn. ulnaris, auricularis magnus et peroneus* zeperlenýär. Zeperlenen nerw sütümleri ýognaýarlar we olary ýeňillik bilen degişli ýerlerinde elläp bolýar. Merkezi we esasanda periferiki nerw ulgamlarynyň zeperlenmeginiň netijesinde, duýujylygyk üýtgeýär, trofiki we hereket bozulmalary döreýär.

Lepranyň tuberkuloid görnüşine garanda, lepromatoz görnüşinde, duýujylygyň bozulmalary has gijiräk döreýär. Nerw duýujy ahyrjyklaryň zeperlenmegi, ilkinji dörän öýjük çişmeleriň gysmagy netijesinde, ikilenji bolup döreýärler. Ilkibada erjel, örän gynaýan newralgiýalar bellenilýär, soňra deriniň degişli ýerlerinde gipersteziýa, paresteziýa, duýujylygyň tersine öwrülenliginiň gaýtargylary döreýär (sowugy gyzgyn ýaly duýmaklyk we tersine, şertsiz gyjyndyryjylaryň gaýtargylarynyň gijä galmagy). Soňlugy bilen, gipersteziýa we paresteziýa, anesteziýa (duýujylygyň düýbünden ýitmegi)we analgeziýa bilen çalyşýar.

Bedeniň we el-aýaklaryň aýratyn bölekleriniň, esasanda merkezden daşda ýerleşýän bölekleriniň gyzgynlyga anesteziýasy we analgeziýasy köp halatlarda näsaglaryň duýmaýan ýangynlaryna getirýär. Ýangynlaryň dörän ýerlerinde soňra nagraly üýtgemeler galýar. Galtaşma (taktil) duýujygylyň bozulmalary, lepromatoz görnüşinde seýrek bolýar, ol hem diňe keseliň soňky döwründe duş gelýär.

Näsaglarda trofiki bozulmalar deriniň reňklenmeginiň (pigmentasiýasynyň) bozulmalaryna, agyr gaýry üzülmelere, dabanlaryň we penjeleriň mutilýasiýalaryna (dargamagyna) getirýär. Bu ýagdaýlarda düýpli trofiki bozulmalaryň netijesinde (çişme ýagdaýlaryň netijesinde däl-de) dabanlaryň we penjeleriň süňkleriniň gat-gat bolup dargamagyna, dyrnaklaryň dargamagyna we deformasiýalaryna getirýär. Dabanlar we penjeler ýumşap, týuleniň ýa-da gurbaganyň penjesini ýatladýarlar. Der we ýag mäzleriniň funksiýalarynyň bozulmalary hem trofiki bozulmalar bilen bagly bolýar. Olaryň giperfunksiýasy soňra gipofunksiýa bilen çalyşýar, hat-da der we ýag çykarmagynyň doly kesilmegine çenli getirýär. Deri guraklanýar, büdür-südür bolýar we jaýrylýar. Bular ýaly näsaglarda *Minoryň derňewi* otrisatel bolup çykýar. Ýod çalnan deriniň üstüne pet (krahmal) sepilýär, näsag gyzgyn howaly saklawjaýa ýerleşdirilýär. Der mäzleriň işlemeýänligi sebäpli pet gök reňke öwrülmeýär.

Periferiki nerw ulgamynyň zeperlenmegi netijesinde hereket bozulmalary ýüze çykýar. Penjeleriň, dabanlaryň, eginleriň we injikleriň göneltýän myşsalarynyň birsydyrgyn bolmadyk atrofiýasy netijesinde, epilýän myşsalaryň tonusy ýokarlanýar. Barmaklar ýarym bükülen ýagdaýda saklanýar (dyrnak şekilli penje, at şekilli daban). Penjeleriň daşynda, ownuk myşsalaryň atrofiýasy netijesinde, süňkara aralyklary çöken bolýar. Tenar we gipotenar myşsalarynyň atrofiýasy netijesinde, penje ýasy görnüşinde bolup maýmynyň penjesini ýatladýar.

Gözleriň tegelek myşsalarynyň atrofiýasy gabaklaryň doly ýumulmagyna päsgel edýär – lagoftalm döreýär. Bu näsaglar özbaşdak gabaklary ýumup

bilmeýärler. Ýüzüň nerw sütüminiň zeperlenmegi, ümleýji myşsalaryň atrofiýasyny döredýär we näsagyň ýüzi gamly, maska dakan ýaly bolýar („keramatly Antoniý maskasy“).

Lepraly näsaglarda, ýokarda aýdylyp geçilen duýujylyk, hereket we trofiki bozulmalary, merkezi nerw ulgamynyň bozulmalary bilen bilelikde geçip, dürli derejede bolup bilýärler.

Lepromatoz görnüşli näsaglarda içki synalary hem zeperlenýär. Ilki bilen bagyr, öýken, dalak ulalýar we dykyzlanýar. Emma, bu bozulmalaryň kliniki geçişi diňe lepra üçin häsiýetli däl. Keseliň anyk kesgitlemesini deriniň we nemli bardalaryň mahsus üýtgemeleriniň, burnuň germewiniň nemli bardasynyň gyryndysynyň bakterioskopiki barlagynyň, skarifikatyň, zeperlenen ojaklardaky deriniň, ýa-da, kähalatlarda, ulalmadyk limfa mäzleriniň kesimleriniň barlaglarynyň maglumatlarynyň esasynda goýulýar.

Nerw ulgamynyň we içki synalaryň zeperlenmegi bilen bilelikde, içki sekresiýa mäzleriniň funksiýasy hem bozulýar. Käbir näsaglarda iki taraplaýyn leproz orhidi we epididimiti sebäpli, sklerotiki hadysalaryň ösüşiniň netijesinde azoospermiýa döreýär. Bu ýagdaýlarda aýal *nesilsizligi* adamsynyň erkeklik tohumynyň ýoklugy bilen düşündiirilýär.

K e s e l  k e s g i t l e n m e s i n i goýmak üçin, ilki bilen, deridäki we nemli bardalardaky morfologiki alamatlar dogry kesgitlenilmeli, sebäbi nerw ulgamynyň we aýratynda içki synalaryň zeperlenmegi lepranyň haýsy bolsada bir görnüşine mahsus bolmaýar.

Lepromatoz görnüşine lepromin gaýtargynyň otrisatel bolmagy bilen bilelikde, burnuň germewiniň kitirdewük böleginiň nemli bardasyndan tapylan Ganzeniň taýajyklarynyň köp möçberde bolmagy häsiýetli bolýar (gyryntgy halkajyk ýa-da platina piljagaz bilen alynýar, edilen çyrşak Sil-Nelsonyň usuly bilen reňklenýär). Zeperlenen ojaklardan, hatda olardan daşda ýerleşen deriden skarifikasiýa arkaly alnan dokuma şiresinden hem köp mukdarda taýajyklar tapylýar. Näsaglar daş töweregindäki adamlar üçin has howply bolýarlar.

## LEPRANYŇ TUBERKULOID GÖRNÜŞI

Keseliň tuberkuloid görnüşi has hoşniýetli geçişi bilen häsiýetlenýär. Esasan, deri örtügi we periferiki nerw sütümleri zeperlenýär. Deride aýdyň araçäklenen, depigmentirlenen, witiligo keselindäki meneklere meňzeş, ýa-da merkezi solagrak, durgun-gyzyl reňkli menekler ýüze çykýar, olaryň gyralarynda gyzyl tekiz demrewi ýatladýan köpburçly, ýasy, dykyz, melewşe öwüşginli düwünjikler ýerleşýär. Birleşýän düwünjikler gyzyl-melewşe ýa-da goňrumtyl-gyzyl reňkli, käbir ýerlerde halka döredýän, dürli ululykdaky ýasy blýaşkalary (ojaklary) emele getirýärler. Bu ojaklaryň merkezinde ýuwaş-ýuwaşdan depigmentasiýa we atrofiýa döreýär.

Tuberkuloid görnüşinde agyry, temperatura we biraz gijräk taktil duýgurlygynyň bozulmalary ir ýüze çykýar. Witiligoly näsaglarda, lepra keselli näsaglardan tapawutlylykda bu duýujylyklar saklanýar. Zeperlenen nerw sütünleri ýognalýar, elläniňde dykyz dartgynly, käbir ýerlerde tesbi görnüşli ýognalmalar duýulýar.

Emma lepromatoz newritlerden we polinewritlerden tapawutlylykda, tuberkuloid görnüşinde nerw sütünleriniň keselleri has ýeňil geçýär. Lepranyň bu görnüşinde deriniň goşuntgylaryny zeperlenýär (saçlaryň düşmegi, zeperlenen ojaklarda der çykmasynyň bozulmagy we ş.m.). Bu näsaglarda lepromin derňewiniň häsiýeti – haýal položitel bolýar.

## LEPRANYŇ DIFFERENSIRLENMEDIK GÖRNÜŞI

Bu görnüşde özüne mahsus örgünler ýok.

Döreýän menekler dürli ululykda, az sanly, öçüksi, araçäkleri aýdyň däl bularyň hemmesi keseli kesgitlemek kynlaşdyrýar. Deride pigmenti az ýa-da köp tegmiller döreýärler we olaryň üstüniň duýgurlygynyň ähli görnüşi bozulýar. Patogistologiki şekilde dürli dowamly dermatozlarda bolýan ýönekeý spesifiki däl infiltratlaryň döremegi bolup geçýär. Ol infiltratlarda lepranyň taýajyklary tapylmaýar. Bu näsaglar kän bir ýokanç däl, kada bolşy ýaly, olaryň umumy ýagdaýlary we özüni duýuşlary oňat. Deri örtüginden başga heýweräniň tapawutlandyrylmadyk görnüşindäki ýagdaýlara periferiki degna ulgamy çekilýär. Mahsus newrite şwann bardalarynyň ýognalmagy, tegeleköýjükli infiltratyň perinewriýde toplanmagy, selçeň leproz basillalaryň aýry degna dessejiklerinde bolmagy bilen häsiýetlenýär.

Polinewritiň kliniki geçişi köplenç tuberkuloid görnüşindäkä meňzeýär, ýöne onuň bilen bagly trofiki dargamalar we duýujylygyň bozulmalary has aýdyň bolmagy mümkin ( trofiki başlar, „penje şekilli“ el, „atşekilli“ daban.

A n y k l a n y l y ş y.

1. **Ýod we pet (krahmal) bilen (Minoryň usuly) barlagy geçirmek**. Deriniň zeper ýeten araçäk ýerine ýod çalyp, üstüne pet sepmeli, soň näsagy gury bugly saklawjaýa ýerleşdirmeli ýa-da gyzgyn çaý berip, ýagşy dolap, derletmeli. Eger güman edilýän tegmil lepra keseline degişli bolsa, onda petiň reňki üýtgemeýär, çünki lepra tegmilleri derlemeýär, eger-de guman edilýän tegmil lepranyň tegmili däl bolsa, onda ol ýeri derleýär, netijede deriň täsiri bilen ýod peti gök reňke öwürýär.

**2. Ýalynlama (gyzarma) ýa-da Pawlowyň barlagy.** Gan damarynyň içine nikotin turşulygynyň ergini guýulýar. Leprada deri ýer tudanasy ýaly gyzarýar (çünki gan damarlarynyň nerw bilen üpjünçiligi bozulýar).

**3. Deriniň zeper ýeten ýeriniň duýgurlygyny barlamak:**

a) agyry duýgurlygy – näsagyň derisiniň güman edilýän ýerini iňňäniň ýiti we kütek uçlary bilen barlap, näsagdan duýuşyny soramak;

b) taktil duýgurlygy – deriniň guman edilýän ýerine pagta bilen degmek;
c) temperatura duýgurlygy - bir sagrada gyzgyn, beýlekisine sowuk suw guýup, güman edilen ýere gezekli-gezegine degirip barlamak.
T a p a w u t l a n m a   a n y k l a m a s y: Lepra keselini deriniň inçekeseli bilen, hasam Lupus vulgaris bilen Lupoid leýşmaniozdan we sifilisiň gummoz görnüşinden tapawutlandyrmaly.
Häzirki zamanda, näsaglaryň bejergisini 1943-nji ýylda amerikan leprology Feýdžetiň hödürlän sulfon derman serişdeleri bilen geçirilýär.
Näsaglara arassaçylygy we saglygy goramagyň şertleriniň döredilmegi, hususy arassaçylygy saklamagynyň kadalary, gün tertibini saklamagynyň ähmiýetinin düşündirilmegi, bu keselden saplanjagyna ynamy döretmegi gaty ähmietli bolýar. Çakyr içgilerini ulanmak gadagan edilýär.
Ö ň ü n i   a l y ş   ç ä r e l e r: Näsagyň gelen ýerinden ýaşaýan ilatyň dykgatly köpçülikleýin barlagyny geçirýärler. Näsag bilen uzak wagtlap gatnaşykda bolan adamlara aýratyn üns berilýär. Bu adamlara, esasanda, näsagyň ýakyn garyndaşlaryna, lepromin barlagy goýulýar (dykgatly kliniki gözegçilik we burnuň nemli bardasynyň gyryntgysynyň barlagy bilen bilelikde geçirilýär). Eger-de, lepromin gaýtargysy otrisatel bolup çyksa, onda näsag bilen gatnaşykda bolan adamlar, aýratyn ykjam barlaglara we öňüni alyş bejergä degişli bolýarlar.
Lepra keselini çagalar enesiniň göwresinde dälde, diňe  gatnaşykda bolanda ýokuşdyrýanlygy sebäpli, çagany doglandan soň, keselli ene-atasynden çetleşdirilýär.

B e j e r i l i ş i. Sulfon hatarynyň serişdeleri – DDS, dapson, awlosulfon, sulfatron, diusifon.
Soňky on ýylyň içinde, Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasy (BSGG) lepra keseliň täze bejeriş usullaryny – toplumly bejeriş (TB) gollanmasyny hödürlediler. Bu toplumly bejeriş, öňki bejerişlere görä has oňaýly ol gysga wagtda gowy netije berýär. Bejermegiň şerti – keseli täze – az basillýar leprada we köp basillýar lepra toparlamalaryna bölmeli. Bu toparlanmany kesgitlemek üçin degişli laboratoriýa bolmaly. Eger işe laýyk laboratoriýa bolmasa, onda keseliň derä zeper ýetiren ýerlerini  sanamaly, eger olaryň sany 5-den az bolsa – az basillýar lepra diýip hasaplamaly, 5-den köp bolsa onda – köp basillýar heýwere boldugy.
Az basillýar lepranyň bejerilişi :

Rifampisin 600 mg  aýda bir gezek ( gözegçilikli)
Dapson  100 mg günde  bir gezek ( özbaşdak)
Umumy bejeriş wagty – alty aý

Köp basillýar lepranyň bejerilişi :

Rifampisin  600 mg aýda bir gezek ( gözegçilikli)
Dapson  100 mg günde bir gezek ( özbaşdak)

Rifampisin kömek etmese (rezistentlik dörände) ýa-da  bedeni gaýra üzülse, onda aşakda görkezilen bejerişi geçirmeli – günde klofazimin 50 mg (şol bir

wagtynda), goşmaça ýene iki derman bilen bejermeli – ofloksasin – 400mg we monosiklin – 100 mg, ýa-da kloritromisin – 500 mg 6 aýyň dowamynda.
Ýene bir usul – günde klofazimin – 50mg, şol bir wagtda hem monosiklin – 100mg ýa-da ofloksasin – 400 mg, goşmaça 18 aýyň dowamynda.

## D E R I  I N Ç E K E S E L I
### Umumy maglumatlar

Deri inçekeseli hemme ýurtlarda duş gelýär. Inçekesel keselleri öz gezeginde dürli kliniki we morfologiki kesel toparlaryna degişli bolup, özleriniň dürli netijeleri bilen tapawutlanýarlar. Olaryň köpüsi dowamly gaýtalanýan häsiýete eýe bolýarlar.

E t i o l o g i ý a s y. Inçekesel keselleri öz gezeginde dürli kliniki we morfologiki kesel toparlaryna degişli bolup, özleriniň dürli netijeleri bilen tapawutlanýarlar.

Inçekeseliň döredijisi – mikobakteriýa bolup, ol 1882-nji ýylda Robert Koh tarapyndan açyldy. Adam üçin kesel döretmäge, esasan üç görnüşli mikobakteriýa degişli bolup durýar: adam görnüşi (typus humanus), öküz görnüşi (typus bovinus) we guş görnüşi (typus avium). Deri inçekeseli ojaklarda has ýygy mikobakteriýalaryň adam görnüşi tapylýar, seýrek (1/4 – 1/5 ýagdaýlarynda) ökü\ we has seýrek guş görnüşleri tapylýar.

Inçekeseliň başga görnüşleri bilen deňeşdirilende (öýken, süňk) deriniň zeperlenmegi seýrek duş gelýär. Deri inçekeseli, düzgün boýunça, öň inçekesel geçiren, ýa-da häzirki wagtda inçekesel bilen başga ulgamlary we synalary zeperlenen adamlarda ikilenji bolup döreýär.

P a t o g e n e z i. Deri inçekeseli bilen zeperlenme mehanizmi doly öwrenilmedik. Kadaly ýagdaýdaky, deri mikobakteriýalar üçin amatsyz gurşaw bolýar, wediňe aýratyň şertler deriniň inçekesel zeperlenmegine getirip bilýär diýip hasaplanylýar. Gormonal disfunksiýalara, nerw ulgamynyň ýagdaýyna, ýokumalaryň deňagramlygyna, suw we mineral çalyşygynyň bozulmalaryna, hem-de gan damar bozulmalaryna (gan damarlarynyň diwarlarynyň rezistentliligine we geçirijiligine) belli ähmiýet goýlýar. Sosial faktorlaryň, olara degişli ýaşaýyş şertleriň, iýmitlenmegiň häsiýetiniň, iş zyýanlyklaryň uly ähmiýeti bar. Howa şertleriniň ( meselem ultramelewşe şöhleleriniň ýetmezçiligi) we bedeniň goraýjy gaýtargy güýçleriniň gowşamagyna getirýän umumy ýokanç keselleriniň (garamyk, täjihoraz we başg.) hem ähmiýeti bolup bilýär. Deri inçekeseli bilen zeperlenmegine immunitetiň we allergiki hadysalaryň ýagdaýynyň esasy orny bar. Deride birleşdiriji dokumalarynyň köplügi, onuň köpgörnüşli goraýyjy fiziologiki işleri, deride mahhsus hadysalaryň ösmegine päsgel berýär, we şonuň üçin içki synalaryň dürli görnüşli inçekeseli bolsada, deri köplenç intakt bolup galýar.

Diňe deriniň dürli fiziologik işleriniň bozulmalary, şol sanda immunitetiň peselmegi we ýokary duýujlygyň döremegi kompleksleýin

baglanyşykda deri inçekeselini döredýär. Bu ýagdaýda, düzgün boýunça, döredijiniň wirulentligi we allergiki ukyplylygy ýokarlanýar. Mahsus däl immunitet näçe pes bolsa, şonçada allergizasiýa ýokary bolýar (Ýu. K. Skripkin.). Mahsus sensibilizasýa (ýokary duýujylyk), paraallergiki aýratyn ukyplylyk we spesifiki däl allergiki täsirleri bilen güýçlendirilýär. Inçekeselli näsagyň tuberkuline ýokary duýujylygy, inçekeseli döredijiniň sensibilizirleýji täsiri bilen tassyklanylýar. Inçekesel allergizasiýasyny diňe ýerli dälde (tuberkuliniň goýberilen ýerinde) eýsem ojaklaýyn gaýtargylar (deri inçekeseliň ojaklardaky ýitileşmeleri) we bütin bedeniň umumy gaýtargylary (bedeniň gyzgynlygynyň galmagy, ýarawsyzlyk, üşütme) bilen tassyklanylýar.

Deri inçekeseliň kliniki görnüşleriniň köp dürli bolmagy köpsanly sebäplere bagly bolýar, olaryň arasynda iň esesy orny deriniň immunobiologik reaktiwliligi eýeleýär. Şonuň üçin skrofuloderma, wolçanka, altyn şekilli demrew, düzgün boýunça çagalarda we ýetginjeklerde döreýär, siňňil şekilli deri inçekeseli, induratiw eritema – esasan uly adamlarda döreýär. Howa şertleri inçekeseliň dörediјisiniň ýaşamagyna amatly hem bolup bilýär, ýa-da tersine olaryň ýaşamaga ukyplylygyny peseldip hem bilýär.

Inçekeseliň mikobakteriýalary derä daşky gurşawdan hem içki ýollar bilen hem düşüp bilýär. Birinji ýagdaýda keseliň dörediјisi sagat adamyň derisine epidermisdäki sypjyryklardan, jaýryklardan, göni näsag adamdan ýa-da haýwandan geçip bilýär (gassaplarda we ş.m.) ýa-da haýsy bir bolsada bir näsag bilen galtaşmada bolan zatdan geçýär. Ýöne bular ýaly ýokuşma ýollary gaty seýrek duş gelýär. Has ýygy endogen ýoly bellenilýär, haçanda haýsy bolsada başga bir synada ýerleşen inçekesel ojagyndan dörediji derä geçen ýagdaýynda. Bu ýagdaýda dörediji derä ganyň akymy (gematogen) ýa-da limfa ýollary bilen (limfogen) geçirilýär.Bu metastatiki ýokuşuş ýoly deriniň ýaýran miliar inçekeselini, inçekesel wolçankanyň ýaýran görnüşlerinidöredip bilýär. Keseliň ýaýramagy, goňşy ýerleşen mahsus ýagdaý bilen zeperlenen synalarda mikobakteriýalaryň täret, peşew, gakylyk arkaly autoinokulasiýa ýoly bilen ýaýrap bilýär (meselem, içege inçekeselli näsaglarda artbujagyň töweregindäki ýerleşen deride, öýken inçekeselli näsaglaryň agzynyň nemli bardasynda inçekesel hadysasynyň döremegi).

Deri inçekeseliniň kanagatlandyrýan we gutarnykly toparlanmasy ýok. Deri inçekeseliniň köp sanly görnüşlerini 2 topara bölýärler:

1. Çäklenen ýa-da ýaýran deri inçekeseli. Has ýygy duş gelýän çäklenen görnüşlerine: inçekesel gurdyny, skrofuloderma (deriniň kollikwatiw inçekeseli), siňňil görnüşli we başly deri inçekeseli, Bazeniň induratiw eritemasyny hasaplaýarlar.

2. Ýaýran (dissemenirlenen) deri inçekeseliň toparyna: milliar inçekeseli, altyn şekilli demrew, düwürtikli-nekrotik inçekeseli girýäler.

## INÇEKESELIŇ ÇÄKLENEN GÖRNÜŞLERI

### Inçekesel gurdy ýa-da lýupoid deri inçekeseli (Lupus vulgaris, seu tubeculosis cutis lupoza)

Inçekesel gurdy - deri inçekeseliňiň ýygy duş gelýän görnüşi. Ol dowamly, haýal progressirleýän akymy we dokumalary eretmäge ukyplylygy bilen häsiýetlenýär. Kesel, adatça, çagalyk döwründe başlap, ýyllap ýa-da onlarça ýyllap, kä halatlarda ömür boýy dowam edýär. Soňky wagt inçekesel gurdy ululardan döremegi hem ýygylaşdy.

Inçekesel gurdy has ýygy ýüzde, hasam burnuň üstünde(80%), çekkelerde, ýokarky dodakda, has seýrek boýunda, bedende, el-aýaklarda, köplenç nemli bardalarda (70%) döreýär.

Edebiýat çeşmeleriň maglumatlary boýnça 5-10% gurtly näsaglar öýken inçekeselinden, 5-20% - süňkleriň we bogunlaryň inçekeselinden ejir çekýärler.

Ýokuşma esasan gematogen we limfogen ýoly bilen geçýär. Hadysa köplenç, şikesiň täsirinde başlanýar; bu ýagdaýda gizlin ýokanjyň işjeňligi ýokarlanýar.

Kesel lýupomaly tümmejikleriň döremegi bilen başlanýar – olar iňňebagjygyň kellejiginiň ululygyndan, nohuduň ululygyna çenli, goňur-gyzyl reňkde, ýumşak, hamyryň ýumşaklygynda, tekiz, sähel ýaldyraýan üstli, soňlugy bilen tozgalama bilen tamamlanýar. Lýupomalar adatça toparlanyp döreýärler, ilki bada ýeke-ýekeden, soňlugy bilen olar goşulşýarlar. Olaryň gyrasynda hemişe durnukly-gyzaran zolak bolýar. Elastiki we birleşdiriji dokumalaryň dargamagy esasynda emele gelen ýumşak, hamyr konsistensiýaly lýupomalar, ilik şekilli zond bilen basylanda ol ýeňillik bilen dokumanyň çuňlugyna basylýar, oňa Pospelowyň alamaty diýilýär. Lýupomany kesgitlemek üçin başgada bir alamatyň ähmiýeti bar: inçekesel gurtly ojagyň üsti predmet aýnajyk bilen basylanda, giňelen kapillýarlarda gan gysyp çykarylýar, zeperlenen ojaklar gandan boşaýar we lýupomalar muma (şeme) meňzeş sarymtyl-goňur menekler ýaly bolup görünýärler. Ol goňrymtyl reňk, alma mürepbesini ýatladýar, şonuň üçin hem bu alamat „alma mürepbesiniň“ fenomeni adyny aldy.

Tümmejikler ýuwaş-ýuwaşdan ulalýarlar, goşulyşýarlar, nädogry şekilli blýaşkalary we çiş şekilli ojaklary döredýärler. Infiltratyň dargamasynyň netijesinde giň başlar emele gelýär. Inçekesel gurdy 4% ýagdaýlarynda spinoselýulýar ýa-da bazal öýjükli karsinomasy bilen gaýry üzülýärler. Inçekesel gurtly infiltratyň gury sorulan ýagdaýynda, nagraly atrofiýa döreýär. Lýupomalaryň ýerinde dörän nagralar, köplenç ýasy, näzik, agymtyl, daşky sypaty boýunça çilim kagyzyny ýatladýar. Nagraly atrofiýalaryň ýa-da gowy kemala gelen nagralaryň üstünde täze gurtly tümmejikleriň döremegi mümkin. Bu bolsa inçekesel gurdy üçin mahsus alamat diýip hasaplanylýar. Inçekesel gurduň birnäçe kliniki görnüşleri bolýar, olar tümmejikleriň daşky görnüşi we ösüş derejeleriniň we akymynyň artykmaçlyklary bilen tapawutlanýarlar.

Ýokarda aýdyp geçilen görnüşi ýasy inçekesel gurdy diýip atlandyrylýar (lupus planus). Menekli ýasy inçekesel gurdy (lupus planus maculosus) we tümmejikli ýasy inçekesel gurdy (lupus planus tuberculosis) tapawutlandyrylýar.

Lupus tumidus – bular dömme şekilli, ýumşak döremeler. Olar ownuk tummejikleriň goşulşmagynyyň esasynda dörän konglomeratlar hasaplanylýar. Köplenç gulak ýelkende we burnuň ujunda döreýärler. Olaryň baş bolup dargamagyna ýykgynlylygy bar. Lupus vulgaris erythematoides – ýiti gyzaran we gowy bildirýän giperkeratozly ojaklar bilen häsiýetlenýär.

Lupus squamosus görnüşinde – buýnuz gatlagyň portlaşmagy we aýdyň bildirýän ýasy, ýylmanak tozgalamasy bilen bellenilýär. Lupus hypertrophicus verrucosus – munda lýupomanyň üstünde ýaýraň giperkeratoz siňňil görnüşli ösüntgi emele gelýär. Lupus exulcerans – gyzylgurt ojkalaryň uly başlara öwrülmegi.

Kä-halatlarda, destruktiw baş üýtgeşmeler çuň ýerleşen dokumalary hem (kitirdewükleri, süňkleri, bogunlary) özüne çekýärler. Bu ýagdaýlarda mutilýasiýalar, ahyrlaryň, gabaklaryň, burnuň, barmaklaryň, gulaklaryň, betgelşik keloid, fibroz nagralary döreýär (lupus mutilans). Burnuň kitirdewüginiň germewiniň dargamasynda, burun keltelýär we jüýkli (ýiti) bolýar, daşky şekili bilen guşuň çüňküne meňzeýär. Gabaklar çöwrülmegi, agyz deşiginiň daralmagy, gulaklaryň deformasiýalary hem bolup bilýär. Bu hadysalaryň hemmesi näsagyň görküni gaçyrýar.

Tuberculosis luposa mucosae – burnuň we agyz boşlugynyň nemli bardasynyň zeperlenmegi, kä-halatlarda özbaşdak bolýar. Agyz boşlugynda, has ýygy hadysa dişiň etleriniň we kentlewügiň nemli bardasynda ýerleşýär. Başda gögümtil-gyzyl darynyň dänesiniň ululygynda owunjak tümmejikler döreýär. Olar birleşip zeperlenen ojaga özboluşly däneli görnüşini berýärler. Hemişelik şikeslenmeler çalt ganaýan başlaryň emele gelmegine getirýärler. Bu hadysa köp ýyllap saklanýar, gaty haýal ösýär, limfadenit we pilleşme (elefantizm) bilen geçýär. Keseliň kesgitlemesi birbada deride hemme alamatlaryň bolmagy bilen ýeňilleşýär. Burnuň nemli bardalarynyň zeperlenmeginde ýumşak, gögümtil reňkde tümmejikli infiltratlar emele gelýär. Olar ýeňil ganjarýan başlar emele getirip dargaýarlar. Kitirdewügiň dargamagynyň netijesinde perforatiw deşik emele gelýär. Köplenç ýüzüň derisiniň öňünden nemli bardalaryň zeperlenmegi bolýar.

Ondan başgada pitiriaz, psoriaz, serpinginoz ýaly görnüşleri hem teswirlenen. Ondan başga hem görnüşleri kän (lupus vulgaris exfoliativus, rupioides, crustosus).

Inçekesel gurdy köp halatlarda (burnuň, dodaklayň, aýaklaryň derisinde ýerleşen ýagdaýlarynda) beze, limfangitler, iriňli hadysalar bilen gaýry üzülýärler. Gaýry üzülmeleriň iň howplysy, atrofirlenen inçekesel gurduň nagralarynda deriniň howply çişiniň döremegidir. Deriniň howply çişi esasan ýüzüň derisinde, uzak wagtlap gurdy geçirýän näsaglarda döreýär.

K e s e l  k e s g i t l e m e s i. Keseliň kliniki alamatlarynyň, lýupomalaryň mahsus häsiýetleriniň („alma mürepbesiniň alamaty“, zond alamaty), olaryň ýerleşmeginiň, hadysanyň akymynyň we galýan nagralaryň häsiýetiniň esaslarynda goýulýar. Tapawutlandyryjry kesgitlemäni tümmejikli merezýel, lepranyň tuberkuloid görnüşi, deri leýşmaniozynyň tuberkuloid görnüşi, aktinomikoz, nagralanýan gyrmyzylygyň diskoid görnüşi bilen geçirýärler. Tümmejikli merezýelde tümmejikleriň gaty bolmagy, olaryň fokuslanyp ýerleşmegi, goşulyşmagy ukybynyň ýoklugy, diaskopiýa we zondly derňewleri geçirende otrisatel netijeleri bellenýär. Ýenede merezýelde tümmejiklerden soň mozaika şekilli, büdür-südür araçäkli, bir sudurly reňklenmedik nagralar emele gelýär, we olaryň üstünde hiç haçan täze tümmejikler emele gelmeýär. Merezýel keselinde bu hadysa çalt geçýär (birnäçe hepdeden birnäçe aýa çenli, ýyllap däl) we birnäçe ýagdaýlarda serologiki gaýtargylar položitel bolýar. Lepranyň tuberkuloid görnüşinde zeperlenen ojaklarda agyry we temperatura duýujylygyň ýoklugy, örgünleriň polimorf bolmagy (menekli, düwünjikli we tümmejikli), tümmejikleriň we düwünjikleriň gaty we goňur posly öwüşginliligi bilen häsiýetlenýär. Onsoňam deride giň göwrümde ýaýran trofiki bozulmalar bolýar, we lepromalaryň dokuma suwuklygynda mikroskopiki derňewde Ganzeniň taýajyklary tapylýar. Deri leýşmaniozynyň tuberkuloid görnüşinde anamneziň (näsagyň endemiki zolakda bolanlygy) uly ähmiýeti bar. Tümmejikler bu ýagdaýda nagralaryň gyralarynda we deriniň açyk ýerlerinde ýerleşýär. Olar çalt iriňli başlara öwrülýärler. Leýşmaniomalaryň towereginde tesbi şekilli ýognalmaly limfangitler döreýär we olardan keseliň döredijisi tapylýar. Aktinomikozda tümmejikli döremeler ýygy duş gelmeýär we olar has dykyzlylygy, goşulşmaga ukyplylygy we başlara öwrülmeklikligi bilen häsiýetlenýärler. Suwuk iriňde sarymtyl reňkli goşuntgylar bolýar - aktinomisetleriň *druzlary*. Inçekesel gurduň käbir görnüşleri, (olar burunda we çekkelerde ýerleşende, tozgalama we giperkeratoz bilen geçende). Bu ýagdaýlarda kesi almaly we gistologiki barlag geçirmeli bolýar.

Inçekesel gurdy üçin hadysanyň uzak, akymy dowamly häsiýetli bolýar we nagralanýan gyrmyzylygy ýatladýar. Kä-halatlarda bejergi berilmedik ýagdaýlarynda hem, zeperlenen ojak ýaýramaga ukyplylygyny görkezmeýär. Başga halatlarda patologiki hadysanyň haýal ýaýramagy, deri örtüginiň ähli täze meýdanynyň eýelemegi bilen geçýär. Soňky aýdylyp geçilen ýagdaýlar, interkurrent keselleriň bolmagy, ýaramaz ýaşaýyş şertler we başga täsirler, bedeniň goraýyş güýçleriniň we reaktiwligiň peselmegine getirýär. Wagtynda geçirilen çäreler we gowy ideg köp näsaglaryň gutulmagyna we olaryň ukyplylygynyň gaýdyp gelmegine ýardam edýär.

## Skrofuloderma, ýa-da deri inçekeseliniň kollikwatiw görnüşi

Bu deri inçekeseliň örän ýygy duş gelýän görnüşi. Ol diňe çagalyk we ýetginjeklik döwründe duş gelýär. Skrofulodermanyň ilkinji görnüşini we

ikilenji görnüşini tapawutlandyrýarlar. Ilkinji skrofuloderma, inçekesel mikobakteriýasynyň gematogen ýol bilen geçen ýagdaýynda (köplenç bu ýeke-täk zeperlenme bolýar) deriniň zeperlenmesi, deri örtügiň islendik ýerinde emele gelip bilýär. Ol inçekeseliň mikobakteriýalarynyň derä gematogen ýoly bilen geçen ýagdaýynda. Ikilenji skrofuloderma has ýygy duş gelýär. Onda ýokanjyň per continuitatem inüekesel bilen zeperlenen limfa mäzlerinden, seýregräk süňklerden we bogunlardan geçmegi bellenilýär.

Kesel deriniň çuň düýbünde ýa-da deri asty ýag gatlagynda ýerleşen, dykyzrak, tegelegräk şekilde, agyrsyz ýa-da ujypsyzja agyrly melewşe-gyzyl reňkli düwünler bilen ýüze çykýar. Ol düwünler soňlugy bilen ýumşap, bir-biri bilen sepleşip, büdür-südür, ýumşak konglomeratlary emele getirýärler, ereýärler we absesslenip başlary we fistulalary döredýärler. Başlar ýüzleý, nädogry şekilli, tekiz, ýumşak, gögümtil reňkde, gyraly köwülen bolýar, olaryň üstleri et örmeler we suwuk owranýan doraga meňzeş dargamalar bilen örtülen bolýarlar. Olar yzyna gaýdyşanda mahsus içine çekilen, büdür-südür köpri şekilli germeçli betgelşikli nagralar emele gelýär. Olar has ýygy boýnuň gapdallarynda, äň asty we äň üsti zolaklarda, gulaklaryň töwereginde, ýaýjyk süňküniň astynda we üstünde, goltuk epinlerinde we bogunlaryň töwereginde ýerleşýärler. Skrofuloderma keseli süňkleriň, bogunlaryň, gözleriň, öýkeniň we başga görnüşli deri inçekeseli (inçekesel gurdy, siňňil görnüşli inçekeseli) bilen bilelikde duş gelýär diýip bellenilýär.

K e s e l k e s g i t l e m e s i. Kliniki alamatlaryna, Pirke gaýtargysynyň netijesine esaslanyp goýulýar. Pirke gaýtargysy ulurak ýaşly çagalarda, hadysanyň hoşniýetli akymynda ýiti položitel bolýar, kiçi ýaşly çagalarda dürli netijeleri görkezýär. Anamneziň maglumatlaryny, kliniki-rentgen we gistologik derňewleriň maglumatlaryny hem hasaba alýarlar.

T a p a w u t l a n d y r y j y k e s e l k e s g i t l e m e s i n i esasanda merezýeliň gummalary, aktinomikozyň gummoz-düwünli görnüşi bilen, dowamly başly iriňli keseli (piodermiýasy) we Bazeniň dykyzlanan eritemasy bilen geçirýärler. Sifilisiň gummalarynyň diňe merkezi dargaýar, krater şekilli (ýanardag agzyna meňzeş) başlar emele gelýär. Olar dykyz infiltratly aýlaw bilen gurşalan bolýar. Näsaglaryň serologiki gaýtargylary seýrek däl ýagdaýlarda položitel bolýar we biýohinol bilen barlag (derňew) bejergisini alanda olar gutulýarlar. Aktinomikozyň gummoz-düwünli görnüşinde, hasam boýunda we äň asty zolagynda ýerleşende iri ýarymşar şekilli, ýeterlikli dykyz düwünleriň döremegi bilen häsiýetlenýär. Olar birleşenden soň uly tutuşlaýyn, agaç ýaly gaty infiltrat emele gelýär. Onuň merkezinde ýumşaýan, agzy oýukly zolaklar emele gelýär. Oýuk agyzlardan suwuk sarymtyl owranmalar bölünip çykýar.

Dowamly başly piodermiýa, köplenç uly adamlarda döreýär. Ýüzleý we çuň ýerleşen piodermitler polimorfizm häsiýetli bolup, olar limfatiki düwünleriň golaýynda ýerleşmeýär we başlaryň töwereginde gaýnaglama hadysasyny emele getirmeýär.

## Siňňil görnüşli deri inçekeseli

Kesel köplenç uly adamlarda duş gelýär. Erkekler has ýygy keselleýär, ýöne olaryň umumy sany inçekesel gurdyna garanda az bolýar. Köplenç bu kesel kär bilen baglanyşykly bolýar, haçanda inçekesel bilen kesellän adamlaryň we haýwanlaryň jesetleri bilen işleýän adamlarda döreýär (weterinarlar, patalogoanatomlar, gassaplar we ş.m.) ýa-da olar inçekeseliň işjeň (aktiw) görnüşli näsaglaryna gözegçilik edýän medisina işgärlerinde döreýär. Bu ýagdaýlarda kesel superinfeksiýa netijesinde döreýär. Käbir, öýken inçekeseliň açyk görnüşleri, içege inçekeselli näsaglarda siňňil görnüşli inçekesel autoinokulýasiýa netijesinde döreýär.

Zeperlenme köplenç elleriň we barmaklaryň arka tarapynda, seýrek dabanlarda ýerleşýär. Dykyz, nohudyň ululygynda, gögümtil-gyzyl reňkli tümmejigiň (jeset tümmejigi) döremegi bilen başlanýar. Ulalyp, ösüp ol ýasy dykyz ojaga öwrülýär. Onuň üstünde siňňile meňzeş ösüntgiler we uly buýnuz gatlaklar döreýär. Siňňil görnüşli deri inçekeseliniň ojagynyň iň kämil ýagdaýynda ol üç zolakdan: periferiki (melewşe gyzyl aýlaw), orta (siňňil görnüşli depejikler, jaýryklar, kesmekler) we merkezi (deriniň büdür-südür düýpli atrofirlenen zolagy) bölekden durýar. Yzyna gaýdyşanda ojaklar nagralanýar. Hadysa köplenç, golaý ýerleşen (regionar) limfa mäzleri we damarlary hem özüne çekýär. Siňňil şekilli ösüntgileriň gyrasyndan basanyňda jaýryklardan iriň damjalary bölünip çykýar. Olar epidermis asty mikroabsseslerden bölünip çykýar. Esasy ojagyň gyralaryndan täze düwünjikler we ojaklar emele gelmegi mümkin, olar ýuwaş-ýuwaşdan bir-biri bilen birleşýärler.

Hadysa yzyna gaýdyşandan soň, zeperlenen ojaklaryň ýerlerinde atrofirlenen nagralar galýar; bu ojaklarda inçekesel gurdyndan tapawutlylykda täze elemetler döremeýär. Näsaglaryň umumy ýagdaýy adatça kanagatlanarly bolýar. Tuberkulin gaýtargylary 80-96,3% näsaglarda oňaýly (položitel) bolýar.

K e s e l k e s g i t l e m e s i n i kliniki alamatlaryna (ojagyň gyralaryndaky melewşe-gyzyl aýlaw, üç zolagyň bolmagy), hadysanyň ýerleşişine, gistologiki derňewleriň maglumatlaryna esaslanyp goýulýar. Tuberkulin derňewleriň netijeleri we deňiz alakalaryň dokumalaryna edilen sanjymlar oňaýly bolýar. Ýönekeý siňňillerde gaýnaglama üýtgeşmeler bolmaýar. Ösüntgili piodermiýä tersine, ýiti bildirýän gaýnaglama, köp mukdarda iriňli bölünmeler bilen geçýär.

Blastomikoz, hromomikoz, spirotrihoz ýumşak, suwly infiltrat we özboluşly bölünmeler bilen häsiýetlenýär. Bu dowamly mikozlaryň kesel kesgitlemesi bakterioskopiki we gistologiki derňewleriň netijesi bilen tassyklanylýar. Spinosellýulýar howply çiş tebigy deşikleriň töwereginde assimetriki ýerleşip, çalt başly dargamalara sezewar bolýar.

B e j e r g i s i. Deriniň inçekeselinde bellenilýän bejergiden başga ýiti çemçejik bilen gyryp arassalama, diatermokoagulýasiýa, rentgen-radio bejergi geçirilýär.

**Deriniň we nemli bardalaryň başly inçekeseli**
**(tuberculosis ulcerosa cutis et mucosae)**

Sin.: başgaça (nemli bardalaryň) miliar başly deri inçekeseli, ikilenji inçekesel başy (tuberculosis cutis orificialis) hem diýilýär. Bu deri inçekeseliň gaty seýrek görnüşi. Içki synalaryň (öýkeniň, bokurdagyň, içegeleriň, böwrekleriň) inçekeseli bar bolan näsaglarda autoinokulýasiýa netijesinde döreýär. Kesel has ýygy tebigy deşikleriň töwereginde, deriniň nemli bardalara geçýän ýerinde – agzyň, burnuň, anusyň, erkeklerde jyns synasynyň kellejiginiň töwereginde ýerleşýär. Bu näsaglarda inçekeseliň mikobakteriýalary gakylyk, siýdik bilen bölünip çykyp derä we nemli bardalara inokulýasiýa bolýar.

Köplenç sarymtyl-gyzyl, ownuk (iňňebagjygyň kellejiginiň ululygynda) düwünjiklere üns berilmeýär, sebäbi olar örän çalt iriňli gabarçaklara öwrülýärler. Olar açylyp goşulyşýarlar we ownuk başjagazlary ýa-da nagyş şekilli, ýumşak, gyralary köwülen, solgun-gyzyl reňkli başlar emele getirýärler. Olaryň düýbi büdür-südür bolýar we olarda ýygy ganjarýan, az mukdarda seroz-iriňli jerhetli süllerip duran granulýasiýalar bolýar. Başlaryň düýbünde we gyralarynda täze kazeozly döremeler – sary reňkli inçekesel tümmejikler emele gelýär (Trel däneleri). Olaryň hasabyna çöketçikler we serpingirleýän zeperlenme ojaklar ýaýraýarlar. Başlar gaty agyryly bolanlygy sebäpli nahar iýmek (hadysa agyz boşlugynda ýerleşende) we uly täreti etmek (hadysa anusyň töwereginde ýerleşende) kynlaşýar.

Bakterioskopiki derňewde köp mukdarda mikobakteriýalar tapylýar. Immunogeneziň has peselenligi we anergiýa ýagdaýy sebäpli bu näsaglarda tuberkulin gaýtargylary adatça oňaýsyz bolýar.

K e s e l k e s g i t l e m e s i: kliniki alamatlaryna, ýiti agyryly, içki synalaryň aktiw inçekeseliniň, Treliň däneleriniň, bolmagyna, mikobakteriýalaryň tapylmagyna we bakterioskopiki derňewine esaslanyp goýulýar. Kä-ýagdaýlarda deriniň we nemli bardalaryň başly inçekeseliň anyklanylmagy içki synalarda geçýän inçekeseliň tapylmagyna kömek edýär.

T a p a w u t l a n d y r y j y k e s e l k e s g i t l e m e merezýeliň ikinji döwründe bolýan sifilidler bilen geçirilende, olaryň gyralarynyň we düýbüniň gaty bolmalydygyny göz öňünde tutulýar. Bölünmelerde solgun treponemalaryň we başga-da kliniki alamatlarynyň ýüze çykarylmagy we ganyň serologiki gaýtargylarynyň oňaýly netijeleri hem göz öňüne tutulýar. Merezýeliň üçünji döwründäki tümmejikler çuň, anyk araçäkli, tegelek şekilli, dykyz, gyralary oklawjyk şekilli, agyrsyz başlary emele getirýärler. Inçekesel gurdynda döreýän başlaryň gyralarynda mahsus lýupomalar ýerleşýärler, olar zondyň we “alma mürepbesiniň” fenomenini berýärler. Oňaýly tuberkulin gaýtargylar we näsagyň gowy umumy ýagdaýlary hem göz öňüne tutulýar.

Ýumşak şankryň başlary ýiti gaýnaglama ýagdaýlary, köp mukdarda iriňli bölünmeleri bilen geçýär. Olaryň başlarynyň gyralarynda saplanmalar, we ýumşak şankryň bubonlary emele gelýär. Laborator barlaglarda Dýükreý-Unna-Peterseniň streptobasillalary tapylýar. Epiteliomalarda başlaryň gyralarynyň dykyzlaşan, çal owüşginli “merjenleriň” we gaty limfa mäzleriň bolmagy bilen tapawutlanýar.

Keseliň geçişi, içki synalaryň inçekeseliniň kliniki geçişine bagly bolýar. Häzirki wagtda umumy inçekeseliň bejergisiniň şowly bolmagy bilen, deriniň we nemli bardalaryň başly inçekeseliň gelejekki maglumatlary gowylaşdy we onuň hasaba alynmagy mese-mälim azaldy.

## Bazenyň induratiw (dykyzlanan) eritemasy (erythema induratum Bazin)

Köplenç bu kesel, haýsyda bolsa bir görnüşli inçekesel bilen ejir çekýän (öýken inçekeseli, limfa mäzleriniň inçekeseli, papulo-nekrotiki inçekeseli, skrofuloderma) 16-40 ýaşly aýal maşgalalarda duş gelýär. Keseliň alamatlarynyň peýda bolmagyna gan aýlanyşygynyň bozulmalary (akrosianoz, damarlaryň warikoz giňelmegi), aýaklaryň ýygy-ýygydan üşemegi, uzak wagtlap aýak üstünde durup işleriň edilmegi ýardam edýär. Güýz we gyş pasyllarynda keseliň gaýtalanmagy mümkin.

Induratiw eritema klinikasy boýunça dykyz, çuň ýerleşen, haýal ulalýan düwünler ýa-da ýasy, giň, gögümtil-gyzyl reňkli, ululygy tokaý hozundan pomidora çenli infiltratlar bilen häsiýetlenýär. Düwünler deride we deriasty-ýag gatlakda çuň ýerleşýärler (olaryň sany 2-4-den 10 we ondan hem köp bolýar); elläniňde sähelçe agyryly. Olar kadada bolşy ýaly simmetriki (iki taraplaýyn), köplenç injiklerde, has seýrek butlarda, ýanbaşlarda, ellerde ýerleşýärler. Kä-mahallar agyz boşlugynyň we burun-bokurdak boşlugynyň nemli bardasy zeperlenýär. Birnäçe hepdeden ýa-da aýdan soň öz ösüşiniň iň ýokary derejesine ýetip, düwünler özünden soň halka görnüşli atrofiýany we pigmentasiýany emele getirip, yzyna gaýdyşyp başlaýarlar. Kä-halatlarda ojaklar goşulyşanda, olaryň merkezi eräp agyrsyz fistulaly başlary döredýärler. Olaryň gyralary köwülen, düýbi bolsa hapa çal reňkli et örmeler (granulýasiýalar) bilen örtülen bolýar (induratiw eritemanyň başly görnüşi Getçinson tarapyndan teswirlenen we şonuň üçin getçinson görnüşli diýip atlandyrylan). Başlar bitenden soň çöküp duran pigmentli nagralar galýar.

Bejergi bellenilmedik halatynda kesel aýlap, ýyllap dowam edýär, ýylyň sowuk pasyllarynda ol gaýtalanyp durýar. Düwünler limfangitler bilen çylşyrymlaşyp bilýär. Olar şöhle görnüşinde damarlaryň ugrunda ýerleşýärler. Deriniň induratiw inçekeseli gaýnaglamanyň giperergiki görnüşinde döreýär. Bu ýagdaýda immunitet ýokary bolýar we şonuň üçin tuberkulin testleri takmynan 60-70% näsaglarda oňaýly bolýar.

K e s e l k e s g i t l e m e s i kliniki-gistologiki maglumatlaryň esasynda goýulýar. Düwünli eritemany injiklerde döreýän skrofuloderma bilen

tapawutlandyrmak has kyn bolýar. Düwünli eritema gowy bildirýän gaýnaglama, bedeniň gyzgynlygynyň ýokary galmagy, agyry, injikleriň öň tarapynda ýerleşmegi bilen häsiýetlenýär. Onda tiz-tizden gaýtalanmaga ýykgynlyk, dargamalara we başlara öwrülmäge meýillik bolmaýar hem-de näsagyň bedeninde inçekesel ojaklary tapylmaýar, Pirke reaksiýasy oňaýsyz bolýar. Kliniki taýdan çylşyrymly ýagdaýlarda ýörite bejerginiň netijeliligine esaslanylýar. Skrofulodermada düwünler we olaryň başlara öwrülen zolaklaryň düýbi ýumşak bolýar, başlaryň gyralary gyrkyndy şekilli bolýar we swişli ýodajyklary bolýar. Gummaly sifilidlerde subýektiw alamatlar bolmaýar, zeperlenen ojaklar özboluşly gatylykly, goňur-gyzyl reňkde bolýar we merezýel ýokanjyň başga alamatlary bolýar.

B e j e r g i s i. Inçekeseliň umumy bejergisi gerek bolýar. Ultramelewşe şöhlesine tutmak, geliobejergi, ýokumlara, beloklara, ýaglara baý iýmitlenme bellenilýär. Başlar emele gelende sink-želatin daňylar bellenilýär. Sink-želatin „ädijegi“ 3-4 hepdäniň dowamynda goýýarlar.

Ö ň ü n i a l y ş ç ä r e l e r i: gan aýlanyşygyň bozulmalaryny bejermeli (tromboflebit), aýaklary ýyly saklamaly, ahyrlary aşa ýadatmaly däl.

## INÇEKESELIŇ DISSEMINIRLENEN GÖRNÜŞLERI

### LIHENOID INÇEKESELI – ALTYN ŞEKILLI DEMREW (tuberculosis cutis lichenoides, lichen scrofulosorum)

Kesel köplenç gowşak, mahsus konstitusialy, aktiw öýken inçekeselinden, limfa mäzleriniň ýa-da süňk inçekeselinden ejir çekýän çagalarda ýüze çykýar. Altyn şekilli demrewi inçekesel gurdyndan aktiw bejergi alnan halatynda hem döreýär we bu ýagdaý basillalaryň dargama maddalaryň ýaýramaklygy esasynda bolup geçýär. Deride ýaýran ýa-da toparlaýyn ýerleşen follikulýar ownuk (arpa dänesiniň ululygynda), ýasy ýa-da konus şekilli, agyrsyz düwünjikli, düwünjikli-iriňli we akne şekilli (düwürtik şekilli) gyzylymtyl-çal reňkli, bolmasa-da has ýygy adaty deriniň reňkinde düwünjikler döreýär. Düwünjikleriň üstünde uşak teňňejikleriň bolmagy mümkin. Jebis ýygjam follikulýar düwünjikler seboreýaly süýjibaşy hem ýatladyp bilýärler. Örgünler esasan bedeniň iki gapdalynda, ýanbaşda, ýüzde, seýrek nemli bardalarda ýerleşýärler. Olar duýdansyz öz-özünden ýitýärler, ýöne birnäçe wagt geçenden soň ýene gaýtalanýarlar. Subýektiw duýgular kada bolşy ýaly bolmaýar. Içki synalaryň inçekeseli bejerilenden soň deride gaýtalanmalar bolmaýar. Yzyna gaýdyşan düwünjikleriň ýerinde az-kem giperpigmentasiýa galýar, has seýrek nokat ýaly ownuk nagrajyklar galýar. Pirke reaksiýasy oňaýly bolýar. Soňky ýyllarda altyn şekilli demrew örän seýrek duş gelýär.

K e s e l k e s g i t l e m e s i n i goýmak kyn bolmaýar we Pirke reaksiýasynyň 100% oňaýly bolmagy bilen tassyklanýar. Örgünleri sifilitiki demrew (lichen syphiliticus) bilen tapawutlandyrmaly bolýar, onda düwünjikler fokusly ýerleşýärler, ösüşiniň dürli döwürlerinde we sifilisiň

başga alamatlary bilen bilelikde bolýarlar, şol sanda serologiki reaksiýalar hem oňaýly bolýar. Gyzyl tekiz demrewiň ýiti uçly görnüşinde düwünjikleriň reňki ýer tudunyň gyzyllygynda bolýar, käbir düwünjikler mahsus köpburçly şekilde bolup, olaryň merkezinde göbek görnüşli çöketjik hem bolýar. Örgünler gijilewükli bolýar.

B e j e r g i s i. Deri inçekeseliň başga görnüşinde bellenilýän bejergi ýaly bolýar. Ýerli bejergide keratolitiki melhemler ulanylýar.

Keseliň geçişi hoşniýetli.

## PAPULONEKROTIKI DERI INÇEKESELI
## (tuberculosis cutis papula-necrotica)

Papulonekrotiki deri inçekeseli adatça çagalarda we ýetginjeklerde döreýär, el-aýaklaryň epilmeýän tarapynda, bedende we ýüzde ýerleşýär. Esasy morfologiki örgünleri köp sanly, az-kem ýygjam ýerleşen, dykyz, goňrymtyl-melewşe reňkli, kenepiň dänesiniň ululygyndaky düwünjikler bolup durýar. Olaryň merkezinde iriňli nekrotiki kesmejikler bolýar. Soňra düwünjikleriň ýerinde ownuk, ýüzleý, tegelegräk başjagazlar galýar, olar yzyna gaýdyşanda ülňi (ştamp) şekilli nagrajyklar galýar. Olar melewşe aýlawjyk bilen gurşalan bolýar. Käbir aýratyn ojaklaryň ewolýusiýasy we olaryň nagralanmagy 4-8 hepdä çenli dowam edýär. Örgünler tapgyrlaýyn döreýärler şonuň üçin dürli döwürlerdäki elementleri görüp bolýar. Kesel köplenç ýazda we gyşda gaýtalanýar, tomus bolmaýar. Papulonekrotiki deri inçekeseli köplenç limfa mäzleriň, öýkeniň, süňkleriň inçekeseli we induratiw eritema bilen bilelikde geçýär. Tuberkulin meçewleri oňaýly bolýar.

Papulonekrotiki inçekeseliň birnäçe görnüşleri bar: 1) aknit (acnitis) – iriňjikli görnüşi, ýetginjek okuwçylarda ýönekeý düwürtik ýaly ýüze çykýar. Örgünler ýüzde, seýrek döşde we el-aýaklaryň epilmeýän tarapynda simmetrki döreýär. Başlardan soň çuň nagralar galýar; folliculis – has çuň iriňjikli görnüşi, ýetginjekleriň we ýaş adamlaryň bedeniniň we ahyrlarynyň derisinde follikulýar zepelenmelerini döredýär; 3) acne cachecticorum – düwünjikli iriňjikler mahsus krater şekilli başlar we garamyk şekilli nagralar bilen häsiýetlenýär. Bu görnüşinde tuberkulin meçewleri oňaýsyz bolýar, näsaglaryň bedeniniň immunologiki reaktiwliginiň pes bolmagyna bagly bolýar.

K e s e l k e s g i t l e m e s i n i goýmaga mahsus ülňi nagralaryň bolmagy, örgünleriň ýerleşişi, tuberkulin meçewleriň we gistologiki derňewleriň netijesi ýardam edýär. Ýagly düwürtikler bilen tapawutlandyrylanda, olaryň hünär bilen baglanyşykly ýaglar we emulsiýalar bilen galtaşmada bolan adamlarda bolýandygyny ýatda saklamaly. Bu düwünjikler köplenç el-aýaklaryň epilmeýän tarapynda ýerleşýärler we ýiti gaýnaglamaly follikulitler hem-de ostiofollikulitler köp mukdarda komedonlar bilen bilelikde bolýarlar.

Keseliň geçişi, eger-de içki synalaryň agyr zeperlenmeleri bolmasa hoşniýetli.

## DERI INÇEKESELI BILEN GÖREŞIŇ GURNALYŞY

Deri inçekeseli bilen göreşiň gurnalyşy içki synalaryň inçekeselli näsaglaryndaky gurnalan göreş ýaly bolýar. Umumy inçekeseliň we şol sanda deri inçekeseliň sosial taýdan öňüni almak, jemgyýetçilik çäreleri hökmünde giňden göz öňüne tutulýar. Olara zähmet çekýänleriň maddy taýdan üpjünçiligiň ösdürilmegi we çagalaryň saglygyny goramak girýär. Öňüni alyş çäreleriň esasy ähmiýeti, ol irki inçekeseli ýüze çykarmak, ulgamlaýyn näsaglary hasaba almak we öz wagtynda dogry bejergini bermek. Inçekeselli näsaglar köp wagtlap arassa howada bolmaly, ýeňilleşdirilen şertlerde işlemeli we ş.m.

## DERI LEÝŞMANIOZY

Sin: Tropiki baş, endemik baş we keseliň ýüze çykarylan geografik ýerleri bilen baglanyşykly bolan beýleki atlary (pendi, Aşgabat, Daşkent, Kair, Bagdat, Deli, Owgan, Tunis, Mesopotamiýa, Filippin başy we beýlekiler) – olaryň tutuşlygyna 100-den hem gowrak atlary bar. Daşary ýurt edebiýatynda bu kesel adatça “deriniň leýşmaniozy” diýlip atlandyrylýar.

Deri leýşmaniozy – tranmissiw-endemik baş bolup, esasan yssy hem-de maýyl howaly ýurtlarda duş gelýär; ol köplenç derini ýaralaýjy görnüşde gabat gelýär.

E t i o l o g i ý a s y w e e p i d e m i o l o g i ý a s y. Kesel dörediji bolup Trypanosomidae maşgalasyna degişli bolan ýönekeýje Leishmania tropica ýokanjy bolup durýar.

Keseli ýaýradyjylar – aýakçylaryň (Phlebotomus) dürli görnüşleridir.

Türkmenistanda deri leýşmaniozynyň 2 görnüşi duş gelýär: şäher görnüşi (antroponoz),- ol Leishmania tropica minor tarapyndan döredilýär; ýurdumyzda duş gelýän deri leýşmaniozynyň 2-njisi: leýşmaniozyň oba görnüşidir (zoonoz),- ol Leishmania tropica maýor tarapyndan döredilýär.

Deri leýşmaniozyň ilkinji ynamdar ýazgysyny 1745-nji ýylda iňlis lukmany Rocock amala aşyrypdyr. Ol Siriýanyň ilatynyň arasynda bu kesel bilen kesellän adamlara duş gelipdir. Biraz wagt soňrak, 1756-njy ýylda iki dogan Rasseller deri leýşmaniozynyň kliniki görnüşini jikme-jik suratlandyrypdyrlar. 1787-nji ýylda Wolneý, Siriýa we Müsüre syýahat edip ýörkä, bu ýurtlarda şeýle endemik keseliň bardygyny belläp geçipdir. Ol keseli ýerli ilat hurma keseli ýa-da allep keseli ýa-da düwürtik keseli diýip atlandyrypdyr,

Deri leýşmaniozyna bagyşlanan ilkinji ylmy iş N.Arendtiň (1862ý) dissertasiýasydyr. Şol ylmy işde alym, bu keseliň kliniki görnüşini, epidemiologiýasyny we ony bejermegiň ýollaryny suratlandyrypdyr.

Lukmanlaryň deri leýşmaniozy bilen mundan beýläk hem has ýakyndan tanyşmaklary we öwrenmekleri orta Aziýa dowletleriniň Russiýa birikmeleri (1865- 1885ý) we ýerleriniň özleşdirilmekleri bilen baglanşyklydyr. 1885-nji ýylda Türkmenistanyň Murgap jülgesinde ýerleşdirilen harby esgerleriň arasynda bu keseliň deriniň ýüzüne baş örüp derä zeper ýetirmek ýaly görnüşli epidemiýasy peýda boldy. Goşunyň pendi bölüminiň (häzir Tagtabazar) etrabynda esgerleriň has köp kesellemekleri ýüze çykypdyr. Şonuň üçin bu kesel pendi başy diýen at alypdyr.

Deri leýşmaniozynyň geografiki taýdan giňden ýaýramagy şu keseliň ýaýradyjysy bolan aýakçylaryň ýaşaýyş mesgeni bilen baglanyşyklydyr. Olaryň ýaşamagy we köpelmegi üçin maýyl we yssy howa gerekdir. Olaryň köpelmegi üçin 50 günden (bir nesliniň ösüp ýetişmegi üçin gerekli wagt) az bolmadyk döwrüň içinde howanyň her gije-gündizdäki yssylygy 20° C-dan az bolmadyk maýyl we yssy howa zerurdyr. Şonuň üçin-de deri leýşmaniozy köplenç ýagdaýlarda tropiki we suptropiki ýurtlarda has köp ýaýrandyr. Deri leýşmaniozynyň has ýiti ojaklary, Demirgazyk we merkezi Afrikada (Marokko, Alžir, Tunis, Liwiýa, Müsür Efiopiýa, Sudan we beýlekiler) hem-de Aziýada (Siriýa, Yrak, Ysraýyl, Iordaniýa, Türkiýe, Eýran, Saud Arabystan, Päkistan, Hindistan we Owganystan).

Türkmenistanda we Özbegistanda çöllük ýerleriň hem-de ýarym çöllük ýerleriň ýyl-ýyldan barha köp özleşdirilmegi bilen baglanyşyklylykda bu keseliň täze, ozal belli bolmadyk tebigy ojaklary peýda bolýarlar. Şol ojaklarda deri leýşmaniozy bilen syrkawlamak käte keseliň epidemiki möwç almagy ýaly häsiýete eýe bolýar.

K l i n i k a s y. Deri leýşmaniozyny emele getiriji mörjewler 1889-njy ýylda P.F. Borowskiý tarapyndan açyldy.

1900-njy ýylda iňlis lukmany W. Leýşman kala-azar atly tropiki keselden aradan çykan adamyň dalagyndan alnan çalgyda süýrümtik şekilli bedenjikler görnüşindäki mugthor mörjewleri ýüze çykarypdyr. 3 ýyl geçeninden soňra bolsa lukman olaryň anyk ýazgysyny taýýarlapdyr. 1903-nji ýylda Irlandiýaly mörjewleri öwreniji lukman Ç. Donowan Madrasda (Hindistan) kala-azar atly kesel bilen näsaglan adamlaryň dalaklarynyň nokat-nokat düwünjiklerinden W. Leýşmanyň ýüze çykaran mugthor mörjewlerine çalymdaş mörjewleri tapypdyr.

Adam bedeninde we beýleki oňurgaly jandarlarda leýşmaniýa mörjewleri öýjükiçre ýagdaýda, leýşmaniyalara mahsus bolan gymyldaman durmak döwrüni başdan geçirýärler, ýokuşdyryjynyň (flebotomuslaryň) içegelerinde bolsa, şeýle hem emeli şertlerde olar žgutiklere mahsus hereketli leptomonad döwrüni geçirýärler.

Meýdan gemrijileri adamlaryň deri leýşmaniozy bilen kesellemeginiň nusgasy tebigy çeşmesi bolup durýarlar.

Deri leýşmaniozynyň kesel döredijisi we onuň tebigy ýokuşdyryjysy anyklanandan soňra, bu kesel tebigy ojaklaýyn, (transmissiw-obligat) keselleriň hataryna degişli edildi.

Ýokarda bellenilip geçilişi ýaly, bir ýylyň dowamynda ilatyň deri leýşmaniozy bilen kesellemegi aýdyň pasyllaýyn häsiýete eýedir. Hemişe şol bir paslyň dowamynda keseliň ýaýramagy bu keseli ýaýradyjylar bolan aýakçylaryň ýaşaýyşlary bilen pugta baglanyşyklydyr. Tomsuň tamamlanmagy bilen, aýakçylaryň hereketi bes edilýär. Noýabr aýyndan başlap täze ýylyň maý aýyna çenli ilatyň deri leýşmaniozy bilen kesellemegi galýar. Maý aýynda aýakçylar ýene-de uçup başlaýarlar.

K e s e l i ň t o p a r l a n m a s y. Deri leýşmaniozyny iki esasy topara ýa-da görnüşe bölýärler:

- giç ýüze çykýan (Leishmaniosis cutis tardae exulcerans), ýa-da keseliň I görnüşi, şaher görnüşi;
- Adamynyň deri dokumasyny ýiti zaýalaýjy (leishmaniosis cutis necroticans), ýa-da keseliň II görnüşi,oba görnüşi.
- Leýşmaniozyň deri görnüşleriniň şeýle bölünmekleriniň esasyny şu aşakdakylar düzýärler:
- keseliň kliniki alamatlary: deri leýşmaniozynyň döremeginiň, tiz peýda bolmagy we keseliň dowamlylygy;
- kesel ýokmasynyň esasy çeşmeleri: keseliň I görnüşinde kesel ýokuşmasynyň sebäbi şu kesel bilen kesellän näsag adam (antroponoz), ykmanda itler; keseliň II görnüşinde çöldäki ýabany gemrijiler (zoonoz);
- Keseliň ilatyň ýaşaýyş şertlerine laýyk gelmegi: keseliň I görnüşi köplenç şäherlerde ýaýrapdyr – keseliň şäher görnüşi; keseliň II görnüşi – çöllük we oba ýerlerinde ýaýrapdyr – keseliň oba görnüşi;
- Kesel döredijiniň morfologiki aýratynlyklary: Leishmania tropica minor – antroponoz görnüşli kesel dörediji, leishmania tropica major zoonoz görnüşli kesel dörediji.

## Zoonoz deri leýşmaniozy

G i z l i n d ö w r i. Deri leýşmaniozyny ýaýradýan aýakçy çakan wagty adamynyň derisine leptomonadalar – promastigotlar ýelmeşýärler, soňra olar leýşmania – amastigotlara, ýagny başga görnüşe geçýärler. Diňe başga görnüşe geçmek işi tamamlanandan soňra, deride kadaly bolmadyk bu ýagdaý ösüp başlaýar. Şeýle ösüş üçin hem ep-esli wagt gerek bolýar. Zoonoz deri leýşmaniozynyň ýüze çykýança geçýän döwri (gizlin döwür) birnäçe günden iki aýa çenli bolup biler (köplenç halatlarda 5-15 gün).

T ü m m e j i g i ň p e ý d a b o l ý a n d ö w r i 2-4 mm ululykdaky, gyzylymtyl öwüşginli, çäkli, ýiti gaýnaglamaly, agyryly çiş peýda bolýar. Ilki başda ol ýasy bolup, soňra konus şekilli görnüşe eýe bolýar, şonda ol çybanyň başky döwürdäki görnüşine meňzeş bolýar. Ýöne ol çybandan dykyzlygynyň az bolmagy bilen tapawutlanýar. Çiş örän tiz ulalýar, ol çişiň daş töweregine tarap ösýär we eýýäm 2-3-nji günde 8-10 mm-e we hat-da keseligine (diametrde) 15-20 mm-e çenli baryp ýetýär. Çiş ulaldygyça

peşehorda ýarasynyň daş-töweregindäki sowuklap çişen deriniň möçberi ulalýar. Käbir halatlarda ol ep-esli ululyga çenli baryp ýetýär.

Ý a r a   e m e l e   g e l ý ä n   d ö w ü r. Çişiň merkezinde zaýa bolan dokumalar döreýär. Zaýa bolan dokumalar aýrylandan soňra uly bolmadyk, 2 mm diametrli ýara emele gelýär. Peýda bolan ýaranyň daş gyralary üzlem-saplam bolup, onuň düýbi zaýa bolan dokumalardan ybaratdyr. Şeýle peşehordanyň kliniki görnüşi çybanyň kliniki alamatyny ýada salýar. Emma çybandan tapawutlylykda, peşehorda ýarasy dörän mahalynda ýiti agyry duýulmaýar we çybanda boluşy ýaly, ýaranyň adatça çüýreýän özeni bolmaýar. Çiş ýarylyp başlandan soňra agyry aýyrylmaýar we hatda ol güýjäp hem biler. Ýara emele gelmegi diýseň çalt bolup geçýär. Eýýäm ýakyn 3-5 günüň dowamynda ýaranyň ululygy (diametri) 3-4 sm ýetip biler.

Ýaranyň ululygy dürli-dürli bolup biler, olar ýaralaryň mukdaryna we olaryň daş-töwereginiň öňüni alyş çäreleri bilen gurşalyp alynşyna bagly bolýarlar. Kada bolşy ýaly, adamynyň döşüne we arkasyna ýeke ören ýaralar uly möçberli bolýarlar. Olar käte çaganyň eliniň aýasynyň ululygyna we ondan hem artygrak ululyklara baryp ýetýärler. Köp peşehorda ýarasy ören mahalynda, haçanda olaryň sany ençeme onluklara ýetýän bolsa, ýaralar adatça kiçiräk görnüşde bolýarlar (diametri 5-8mm).

Ýaralar tegelek, süýrümtik şekilli ýa-da nädogry şekilli bolup bilýärler. Olaryň gyralary käte göni, käte köwülen ýa-da çeýkelenen çalymdaş diş-diş jäheklenen görnüşli bolýarlar. Käbir ýagdaýlarda ýaranyň gyralary onuň düýbüniň üstüne abanyp durýarlar, şeýlelikde onuň büdür-südürligini artdyrýarlar we gapdallarynda jübi şekilli oýlary emele getirýärler.

Ýaranyň düýbi ýuwaş-ýuwaşdan zaýa bolan dokumalaryň üýşmeginden doly arassalanýarlar, düwür-düwür dokumalar tiz örüp başlaýarlar (balyk işbili alamaty). Keseliň şeýle kliniki dürli görnüşliligi ösüp barýan peşehorda diýilip atlandyrylyp biliner. Peşehordanyň ýara döwrüniň dowamlylygy bejergi geçirilmese 2 aýdan 4 aýa çenli dowam edýär.

Deri leysmaniozyna mahsus bolan gaýry üzülmelere zyýanly mörjewli tümmejikler hem-de limfatiki damarlaryň sowuklamagy diýilip atlandyrylýan ýagdaýlar degişlidir.

Deri leysmaniozynyň ýara döwründäki köp gaýtalanýan, bu kesele mahsus bolan beýleki gaýry üzülmelerine limfatiki damarlaryň we düwünleriň sowuklamasy degişlidirler. Olar keseliň ýara döwrüniň birinji ýarymynda leýşmaniýa mörjewleriniň limfatiki damarlar boýunça tä limfatiki düwünlere çenli süýşmekleriniň netijesinde peýda bolýarlar. Ýarylan leýşmanioma ýarasynyň ýokarky gyralaryndaky deriasty dokumalarda ýa-da ondan hem ýokarrakda kiçiräk nohudyň ululygyndan tokaý hozunyň ululygyna çenli göwrümi bolan dykyz, güýçli agyrysy bolmadyk düwünler döreýärler.

Düwünleriň ýumşaklyk-gatylyk derejesi hamyra çalymdaş görnüşe eýe bolýar, agyry peýda bolýar. Käbir düwünlerdäki sowuklamagyň derejesi barha güýçlenýär we olaryň baş görnüşinde ýarylmagyna getirýär. Beýleki

düwünler özleriniň ösüşi mahalynda ýarylmaklyga baryp ýetmeýärler we hatda esasy leýşmanioma gutulandan soňra hem şeýle ýagdaýda uzak wagtlap saklanýarlar. Käte peşehorda ýarasyndan ini 1 sm ýetýän we uzynlygy 5-10 sm-e ýetýän tarlar we sapaklar dürli tarapa ýaýrap gidýärler. Olar deriasty dokumada ýerleşýärler; olar barlanyňda dykyz görnüşde bolup, ilkibaşda derä ýelmeşmedik ýagdaýda durýarlar. Soňra olarda sowuklamak ýagdaýlary güýçlenýär, şonda ganly iriň dökülip duran ýarajyklaryň döremegi mümkindir.

Ý a r a n y ň b i t i ş ý ä n d ö w r i. Leýşmaniomanyň gaýdyşyp başlamagy ýaranyň kesmekleriniň arassalanmagyndan, digir-digir dänejikleriň döremeginden we et örgünlerinden emele gelýän adajyklaryň peýda bolmagyndan başlanýar. Sowuklamanyň alamatlary peselişýär, agyry gaýdyşýar. Ýaranyň daşyny gurşap duran ýarylmadyk çiş peselip, dykyzlanyp we çekilip başlýar. Peşehorda çişiniň yzyna gaýdyşmagy wagty boýunça ýaranyň bitişýän döwrüne gabat gelmän hem biler, ýaranyň çişiniň gaýtmagy 1 – 1,5 aýlap gijigip hem biler.

Deri leýşmaniozy syrkawyň ömrüne howp salmaýar, kesel wagtal-wagtal gaýtalanmak bilen, kada bolşy ýaly ahyrsoňy aýrylýar. Emma keseliň geçişi we onuň netijeleri gaty agyr bolýar. Deri leýşmaniozynyň ýaralary bogunlara, el-aýaklara örende, şeýle hem bütin endamynyň derisinde köp sanly başlar (leýşmanioma) peýda bolanynda hem-de näsagyň ýagdaýy agyrlaşanda, keselliler uzak wagtlap işe ukypsyz bolup galýarlar. Näsagyň ýüzüne, aýratyn-da burnuna, dodaklaryna, ýaňaklaryna, gulaklaryna we gabaklaryna ören peşehorda ýaralary gaty agyryly bolýarlar. Bulardan başga-da olar adamynyň görküni gaçyrýarlar. Şeýlelikde, olar näsag adama ruhy taýdan zeper ýetirýärler.

K e s e l k e s g i t l e m e s i. Ilatyň ondan –oňa göçüp ýörmegini we häzirki zaman ulaglarynyň tizligini göz öňünde tutsaň, deri leýşmaniozynyň, keseli ýokuşan adam, näsaglandygy bildirýän pursada çenli endemiki leýşmanioz zolagyndan has uzaklarda bolup biler. Keseliň ýokuşmagy üçin adamynyň peşehordaly ojakda iňňän gysga wagtyň dowamynda – bary ýogy 1-2 gün bolmagy hem ýeterlikdir. Şonuň üçin-de kesel ýokuşanyndan soňra, peşehordanyň ösüp başlamagy şol näsagyň peşehorda keseli bar bolan ojakdan uzaklarda gezip ýören wagtynda başlanyp bilner. Şonda deri leýşmaniozynyň ýüze çykmalaryna seýrek duş gelen lukmanlarda bu näsagyň derdini bilmekde (oňa diagnoz goýmakda) kynçylyklar döräp biler. Bulardan başga-da, keseliň kliniki alamatlary aýrylan näsaglar duş gelýärler. Şolar görnüşara kliniki alamatlar diýilip atlandyrylýar. Şeýle ýagdaýlarda kesele dogry diagnoz goýmaklyk hat-da tejribeli lukmanlar üçin hem ep-esli kynçylyklar döredýär.

Deri leýşmaniozynyň diagnozyny dogry kesgitlemek üçin näsagyň leýşmaniozly ojakda, keseliň çalt ýaýraýan döwründe, ýagny maý aýyndan oktýabr aýyna çenli bolan möhlet içinde, hat-da iň bolmanda gysga wagtlaýyn bolmak mümkinçiliginiň meselesini anyklamak örän möhümdir.

Şeýle hem bu ýokanç keseliň ýüze çykýança geçýän döwrüni (inkubasiýa) hem hasaba almak gerek: leýşmaniozyň oba görnüşinde (zoonoz) – ol gysga wagtlaýyn, leýşmaniozyň şäher görnüşinde (antroponoz) – ol uzak möhletleýin bolýar. Şonuň üçin-de bu keseliň zoonoz görnüşinde ýüze çykmalary pasyla (iýun aýyndan noýabr aýy aralygynda) pugta bagly bolýar. Leýşmaniozyň şäher görnüşinde (antroponoz) keseliň ýüze çykmasy ýylyň bütin dowamynda bolup biler.

Leýşmaniozyň güberçekleýän wagtyna ýokanç keseliň ýaýraýan günlerinde, onuň oba (zoonoz) görnüşiniň gös-göni möwç alýan ojaklarynda syn etmek bolar. Şeýle halatlarda adamynyň derisinde döränn güberçek çybanyň başlangyç döwrüni ýada salýar; ol çybandan diňe agyrynyň pesiräkligi çişiň tiz ulalýanlygy we sowuklama çişiň ösmegi bilen tapawutlanýar. Keseliň mundan beýläk ösmegi başlangyç leýşmaniomany çyban çykma keselinden has köp tapawutlandyrýar.

Leýşmaniozy iriňli düwürtik (ektima) bilen, ýarylan çyban (furunkul), deriniň ötüşen iriňli çişmegi (piodermiýa), howply çiş (epitelioma), inçekesel başlary, ýokançly weneriki kesellerde çykýan başlar, merezyeliň ahyrky döwründe dürli beden agzalarynyň birleşdiriji dokumalarynyň ulalmagy (gumma), inçekeselden döreýän deri başy (skrofuloderma) bilen we deriniň beýleki başly örgünleri bilen ençeme meňzeşlikleri bardyr. Näsagda köp sanly yzygiderli peşehorda ýarasynyň bar bolmagy keseliň kliniki köp görnüşliligini emele getirip, keseli anyklamagy çylşyrymlaşdyrýar.

Dagynyk çiş peşehorda ýarasy daşyndan göräýmäge sandyrawykly deri inçekeselini (lupus pernio), tegelek görnüşli gyzyl deri inçekeselini, beze çişini, heywerani, tümmejikli merezyeli ýada salyp biler.

Inçekesel ýokanjy goşulan peşehorda ýarasy derdi tapawutly kesgitlemekde has köp kynçylyklary döredýär. Deri leýşmaniozynyň şäher görnüşiniň (antroponoz) şeýle kliniki dürli görnüşliligi, köplenç ýagdaýlarda, daşyndan göräýmäge deri inçekeselini ýada salýar, seýregräk ýagdaýlarda bolsa gyzyl deri inçekeselini, deriniň ötüşen iriňli çişmesini, güberçeklän merezýeli, heýweräni, deriniň howply çişini ýada salýar.

Inçekesel ýokanjy goşulan peşehorda ýarasynyň deri inçekeseli bilen kliniki meňzeşligi, häzirki wagta çenli deri leýşmaniozy boýunça endemiki bolmadyk ýerleriň medisina işgärleri tarapyndan keseli anyklamakda goýberilýän ýalňyşlyklaryň düýp sebäbi bolup durýarlar. Şeýle meňzeşlik morfologiki alamatlarynda (güberçek), belli çäklerde saklanmagynda (köplenç güýzde), keseliň geçişiniň dowamlylygynda (ýyllar boýy), keseliň ir başlanmagynda (çaga döwründe başlanmagy) hem-de beden dokumalarynyň gurluşynyň kadaly bolmadyk (patogistologiki) görnüşde bolmagynda ýüze çykýar.

Käte deri leýşmaniozyna diňe kliniki maglumatlar esasynda diagnoz goýmaklyk kyn düşýär. Şeýle halatlarda syrkawa hemmetaraplaýyn barlag geçirmeklik zerurdyr. Barlagy dykgat bilen toplanan syrkawyň öňki ýagdaýy hakyndaky maglumatlardan mörjewleriň mikroskop barlagyndan,

bakteriologik barlagdan, beden dokumalarynyň gurluşynyň barlagyndan we immunologik barlagyndan başlamak gerek.

Deri leýşmaniozy bardyr öýdülip güman edilýän ýagdaýlaryň ählisinde hökmany suratda kesel döredijiniň – leýşmaniýanyň barlygyna barlag geçirýärler. Olary leýşmaniomanyň güberçekli we baş döwründe ýüze çykarmak aňsat düşýär; durnukly peşehorda (leýşmanioma) ýarasynda olary ýüze çykarmak kynrak bolýar; inçekesel ýokanjy geçen leýşmaniozyň ýüze çykmalarynda olary anyklamak has kyn düşýär. Barlag geçirmekligiň bakteriologik usulynyň üsti bakteriologik, immunologik we patogistologik usullar bilen ýetirilýär.

D e r i l e ý ş m a n i o z y n y ň l a b o r a t o r a n y k l a m a s y. Deri leýşmaniozyny anyklamak üçin birnäçe laboratoriýa usullary ulanylýar:

1. Bakterioskopiýa usuly. Ýaranyň töweregindäki infiltratyň serozly ekssudatyndan Romanowskiý-Gimze usuly bilen boýalan çalgylarda leýşmaniýalar tapylýar.

2. Bakteriologiýa usuly. Leýşmaniýalar 3N- agar iýmit goşundysyna ekilýär.

3. Deri-allergiki (Montenegro) barlagy. Öň leýşmanioz bilen kesellän ýa-da häzir keselleýän adamlaryň derisiniň içine leýşmanileriň antigenini goýberseň, olarda deriniň sanjylan ýeri gyzarýar. Reaksiýany sanjuwdan 12-24-48 sagat geçenden soň barlamaly.

Ö ň ü n i a l y ş ç ä r e l e r i. Esasan keseli ýaýradyjy aýakçylary ýok etmeklige ýa-da adamlaryň olardan goranmaklygyny üpjün etmeklige, ýa-da mörjewleriň toplanýan ýerini zyýansyzlandyrmak, sagaltmak keseliň 1-nji, şäher görnüşinde ýa-da keseliň 2-nji, oba görnüşinde ýabany gemrijilere (alakalar, syçanlar, ýalmanlar, goýun kirpiler we ş.m.) garşy gönükdirilmeli. Aýakçylara garşy göreşmek üçin, sanitar-arassaçylyk işini giňden geçirmeli, ýagny, mör-möjekleriň üýşen ýerini, ýaşaýyş we hojalyk jaýlarynda aýakçylary, insektisitleri sepip, ýok etmeli, jaýlara tor tutmaly. Oba ýerlerinde, aýakçylary ýok etmeklik we keseliň toplanýan ýerini (ýabany gemrijileri) ýok etmek işi bir wagtyň özünde geçirilýär. Keseliň öňüni almak çäreleri hökmünde, peşehorda garşy sanjuw hem geçirilýär. Bu sanjuw, leýşmanioz bilen öň kesellemedik adamlary, tebigy kesellemekden gorap saklamak üçin geçirilýär. Çunki tebigy ýokuşan adamyň derisiniň islendik ýerinde, köp sanly bolup, agyr geçip, gutulandan soň hem, näsagy betgelşik, betnyşan edýän ýara yzlarynyň bolmazlygy üçin janly leýşmaniýalary ulanýarlar. Olar agar 3N-agar diýilýän iýmit garyndysynyň suwuk böleginde ösýärler. Sanjuw üçin, suwuk böleginden 0,1-0,2 ml janly hem wirulentli leýşmaniýalary deriniň içine sançýarlar, köplenç bedeniň ýapyk ýerlerine (gollara, butlara) sanjylýar, ol ýerde tümmejik döreýär we tebigy kesellemekden has gowşak geçýär we bedende immunitet galdyrýar.

B e j e r i l i ş i. Leýşmaniozyň bejergisiniň üç esasy usuly bar: hirurgiýa, fizioterapiýa we himioterapiýa usullary. Her bejeriş usulyň öz gerekli ýagdaýy bolýar. Ol ýagdaýlar keseliň döwrüne, ýaýranlygyna

ýerleşýän ýerine bagly bolýar. Leýşmanioz aýratyn, çäkli bir ýerde täze dörän wagtynda ony hirurgiýa ýa-da fizioterapiýa usullary (krioterapiýa, lazeroterapiýa, elektrokoagulýasiýa, diatermokoagulýasiýa) bilen aýyrmak bolýar. Ýara öwrülen döwründe, özem köp mukdarda, ýaýran bolsa, onda toplumly bejeriş geçirilýär: himioterapiýa, fizioterapiýa usullary we ýaralara çişgiňligine garşy, antibakterial melhemlerini ulanýarlar.

Köplenç ulanylýan içmeli dermanlar:

Metronidazol, rifampisin, nizoral (ketokonazol), tetrasiklin, metasiklin, doksisiklin.

Metronidazol ulanylýar: 0,2 g-dan günde 4 gezek ulular üçin, çagalara bolsa 0,1g-dan günde 2-3 gezek (ýaşyna görä) dowamy 7-10 gün. Bir hepde arakesmeden soň dermany ýene iki hepdeläp içmeli (goldaýan möçberde) 0,2g-dan günde 2-3 gezek ululara, çagalar üçin 0,05-0,1g günde 1-2 gezek.

Rifampisin 0,3 g-dan günde 2-3 gezek 30-40 min nahardan öň içmeli ulular üçin, çagalara bolsa 7,5-10 mg/kg ikä bölüp içmeli. Bejergi 7 günden 15-20 güne çenli dowam etmeli.

Öňden ulanylýan monomisin, gulaklara (kerlik) we böwreklere zyýan ýetirýänligi üçin doksisiklin (wibramisin) ýa-da metasiklin gidrohlorid bilen çalşylan. Doksisiklin 0,1-den, metasiklin 0,3-den günde 2 gezek. Nahardan soň 10-15 güne çenli içmeli. „Saýlama derman” hasaplanylýanlar: merokrin we bäş walentli sürmeden emele gelýänler hem ulanylýar.

Sürme dermanlaryndan netije bolmanda aromatiki diaminleri delagil, amfoterrisin B ulanylýar. Has gowy netije berýän derman glýukantim günde 10-15 mg/kg bellenilende, dört hepdäniň dowamynda keseliň hemme örgünleri aýrylýar. Aminohinol 0,15-0,2 gr-dan günde 3 gezek, nahardan soň içmeli, 10-15 günüň dowamynda. Furazolidon bolsa 0,15-0,2 g günde 4 gezek, 15-18 günüň dowamynda.

Peşehordanyň ýaralary tizräk bitmekligi üçin ulanylýan melhemler: 5-10% protorgol, 5-10% streptosid, 1-2% akrihin, 1% etakridin laktat, 5-10% sulfanilamid, 3% metasiklin, 5% tetrasiklin. Soňky döwürde ýerli bejergi üçin leýşmasin ýagyny hödürleýärler. Peşehorda gutulandan soň hemişelik immunitet galdyrýar. Oba, ýa-da ikinji (zoonoz) görnüşinde immunitet, super we reinfeksiýa garşy 2 aýdan soň döreýär, şäher ýa-da birinji antroponoz görnüşinde – 5-6 aýdan soň.

# DERINIŇ WIRUSLY KESELLERI

## ÝÖNEKEÝ UÇUK (herpes simplex)

Bu uzaga çekýän, gaýtalanýan kesel bolup, deride we nemli bardalarda gabarçakly örgünleriň döremegi bilen häsiýetlenýär. Patologiki hadysa dürli agzalaryň we bütin bedeniň goşulmagy mümkindir. Ýönekeý uçuk has köp duşýan keseldir.

E t i o l o g i ý a s y. Keseli dörediji ýonekeý gerpesiň wirusy. Gerpes infeksiýasy howa-damja ýoly bilen, jynsy gatnaşyk, öý goşlary, öpüşmek arkaly geçýar. Keseliň, çaga enesinden çaga ýoldaşy arkaly geçen wagtlary hem belli. Ýer ýüzüniň ilatynyň 90 %-ne çenlisi wirus göterijilerdirler. Wirus bedene deriden ýa-da nemli bardalardan geçip, gan we degna sütünleri arkaly ýaýraýar. Oňurga ýa-da kelle beýnisiniň degna bogunlarynda ýygnanyp, wiruslar şol ýerde latent ýagdaýda bolýarlar.

Adamlaryň köpüsinde ýokmazlyk mehanizmleri (köplenç öýjükleriň) latent wiruslaryň güýçlenmegini saklaýarlar we keseliň gaýtalanmagynyň öňüni alýarlar. Emma wirus göterijileriň üçden birinde gerpes wirusynyň manifest görnüşleri döreýärler.

K l i n i k a s y. Ýonekeý gerpes dürli görnüşli kliniki alamatlary, ýerleşişi, geçişiniň agyrlygy bilen häsiýetlendirilýär. Geçişine baglylykda gerpes ilkinji we gaýtalanýana bölünýär.

Ilkinji gerpes köplenç ýaraly gingiwostomatit (ýiti gerpesli stomatit) görnüşinde ýüze çykýar. Ondan başga-da wulwowaginit, keratokonýunktiwit, ýüzdäki örgün, rinit, uretrit görnüşinde bolýarlar. Gerpes çişip, gan inen deride gabarçyklaryň döremegi we keseliň ýiti başlanmagy, zeperlenen meýdanyň ululygy, umumy alamatlaryň güýçlenmegi: (ysgynsyzlyk, gyzgynyň galmagy, üşütmek), limfa düwünleriň ulalmagy bilen häsiýetlendirilýär. Täze doglan çagalarda gerpes örän agyr geçýär we köplenç ölüm bilen gutarýar. Wirusy gan damarlary arkaly ýaýraýanlygy üçin olarda nerw ulgamlary we içki synalar zeperlenýär.

Ýönekeý gerpesiň wirusy bedene düşenden soň onuň bütin ömrüniň dowamynda saklanyp, wagtal-wagtal keseliň gaýtalanmagyna getirýär.
Ýönekeý gerpes köplenç gaýtalanýan görnüşi hökmünde duşýar. Ilkinji gerpes bilen deňeşdirilende gaýtalanýan gerpesiň kliniki ýüze çykmasynyň derejesi we dowamlylygy az bildirýär. Keseliň onlarça ýyllap gaýtalanmagy mümkin. Gaýtalanmagyň ýygylygy dürli-dürlüdir: näsaglaryň käbirinde örgün ýylda 1-2 gezek, başgalarda ondan hem köp gezek ýüze çykýar, kä-halatlarda üznüksiz häsiýete geçip biler. Gerpes wirusynyň gaýtalanmagyny örän dürli görnüşli ýagdaýlar öjükdirýärler: aşa sowamak, öte gyzmak, galagoply ýagdaýlar, sowuklama keselleri, gaty ýadamak, aýbaşy we başg.

Gaýtalanýan gerpesde örgüniň ýüze çykmagyndan birnäçe sagat öň deriniň ýa-da nemli bardalaryň zaýalanan ýerinde, gijilewük, awuşama ýüze çykýar.Soňra zaýalanan ýer gyzarýar we birneme çişýär. Gabarçajyklaryň sany köp bolýar.

Gabarçajyklaryň içindäki suwuklyk (ekssudat) ilkinji günler dury bolup, 2–3-nji gün bulanýar, soňra gabarçajyklar şikes ýetmegi sebäpli ýarylýarlar we ýüzleý ýaralara öwrülýärler.Gabarçajyklar 5-7 günden soň gopýarlar we özlerinden soň wagtlaýyn gan inmegi ýa-da deriniň aşa reňklenmegini galdyrýarlar.

Gerpesiň gaýtalanýan döwründe näsaglaryň umumy ýagdaýy ejir çekmeýär. Emma käbir näsaglarda wirusyň ganda bolmagy şertlilikde ýarawsyzlyk, üşütme, kellagyry bolup biler.
Gaýtalanýan gerpesiň köplenç ýerleşýän ýerleri tebigy deşikleriň töweregidir: dodaklaryň gyzyl zolagy, agzyň burçy, burnuň daş töwerekleri. Agyz boşlugynyň, gözüň nemli bardasynyň, gözüň perdesi-niň hem zaýalanmagy seýrek däl . Ýönekeý gerpesiň wirusy giň dokuma tropizmine eýe bolup , deri örtüginiň her bir bölegini, içki synalary zaýalap, gerpes sepsisini-de döredip, ölüm bilen gutaryp biler.
Gaýtalanýan gerpesiň kliniki görnüşleriniň biri j y n s g e r p e s i d i r. Anamnezinde ýüzüň derisinde örgün bolmadyk kesellilerde ilkinji jyns gerpesi has agyr geçýär. Gaýtalanmagyň aralygyndaky döwürde erkekler ýokuşmagyň çeşmesi bolmaýarlar. Jyns gerpesi aýallaryň 40-75 %-inde alamatsyz geçýär. Alamatsyz geçmäge meýilli jyns gerpesi aýallarda gaýra üzülmegi - çaga düşmegini, çaga ýokup, onuň şikeslenmegini, öli dogmagyny döredip biler. Ýatgynyň boýunjygynda howply çiş keseliniň döremegini hem jyns gerpesi bilen baglanyşdyrýarlar.

Gerpes örgünleriniň berklenen ýerleri, wirusyň derä ýa-da nemli bardalara giren ýerine baglydyr. Käbir kesellilerde örgünler bir wagtda deriniň dürli ýerlerinde ýüze çykýar (dagynyk görnüşi) ýa-da her bir gün gaýtalananda täze ýerde ýerleşýär (üýtgeýän görnüşi).
Gerpes stomatiti ýonekeý gerpesiň bir görnüşidir. Gabarçajyklaryň örgüni ýaýran häsiýete eýe bolup, ýerligi çişen we gan inen agzyň nemli bardasynda, dodaklarda, çekgelerde, dişleriň etinde, kentlewükde ownuk toparlanyşan gabarçajyklar doreýär we olar birnäçe sagatdan ýarylýarlar. Şol ýerlerde araçäkleri göni bolmadyk ýüzleý ýaralalar emele gelip, olar 3-4-nji gün fibrinli perde biler örtülýarler. Näsaglary agyry, tüýküligiň ýygnanmagy, biynjalyk edýär. 10-14-nji gün ýüzleý ýaralalar täze epiteliý bilen örtülýärler.
Ýiti gerpes (ýiti aftoz) stomatiti 6 ýaşa çenli çagalarda ýüze çykarýlýar. Bedeniň gyzgynlygynyň göterilmegi, üşüdip gagşamak ýaly näsazlyk hadysalaryndan başlanýar. Yerligi çişen we gyzaran agzyň nemli bardasynda merkezi nekrozly we töweregi aýdýň çişen aýlawly aftozlar döreýärler. Aftoz görnüşli örgünler köp sanly bolanda, giň ýüzleý ýaraly, başly bölekler emele gelýär.
Köplenç halatda, ýönekeý gerpesiň diagnozy kliniki maglumatlara, keseliň anamnezine esaslanýar. Gaýtalanan gerpesiň bejerilişi kynlygyna we netijesiniň pesligine galýar. Bejerişi saýlap alynanda keseliň derejesini we geçişiň agyrlygyny göz öňünde tutmalydyr.
Wirusa garşy himiki serişdeler keseliň doreýşine gönükdirilendir, olar örgünleriň döremeginiň ilkinji günleri has netijeli: “Asiklowir”, “Sitiwir” 200 mg-dan gije-gündüzde 5 gezek 5 günüň dowamynda; “Helepin” 0,1 g-dan günde 4 gezek; “Bonafton” 0,1 g-dan günde 4 gezek; “Alpizarin” 1 g-dan günde 4 gezek 5-7 günüň dowamynda.

Gaytalanmagynyň öňüni almak üçin “Dekaris”, ”Pirogenal”, “Immunomodulin”, “Metilurasil”, “Timogen” immunostimulýatorlary bellemeli.
Ýokary mukdarda B1, B12 ,C ýokumlary sançmaklyk maslahat berilýär.
Gerpesiň çalt gaýtalanýan görnüşinde deriniň içine gerpes waksinasy sanjylýar.
Ýüzleý ýara derejesinde Kastellaninyň suwuklygyny, fuksini, göwher ýaşylyň 2% ergini çalmak bellenýär. Agyz boşlugy zaýalananda kaliý permanganat ergini, etakridin laktat, çopan telpegiň, çukranyň, mawy gülüň şiresi bilen çaýkalýar. Gabyk derejesinde asiklowir, riodoksol, oksolin, bonafton, helepin, florinol, wirazol, megosin melhemleri ulanylýar.

## GURŞAP ALÝAN UÇUK (herpes zoster)

Bu wirus keseli bolup, nerw süýümleriniň innerwirleýän ugrunda deriniň zaýalanmagy bilen häsiýetlenýär, köplenç ýazda we güýzde duşýar. Kesele esasan 40-70 ýaşly adamlar duçar bolýarlar, ýaşyň ulalmagy bilen bu kesel agyr geçýär.

E t i o l o g i ý a s y. Keseli dörediji wirus bolup, ol birwagtda garamygy döredýär. Garamyk çagalyk döwrüniň keseli, gurşap alýan uçuk bolsa ýetginjeňlik we garrylyk dýwrüniň keseli hasaplanýar. Gurşap alýan uçugyň ýüze çykmagy çagalykda geçirilen garamykdan soň bedende gizlin ýatan wirusyň gaýtalamagynyň netijesidir. Bedeniň garşy görkezijiliginiň peselmegine getirýän agyz boşlugynyň keselleri, bedeniň aşa sowamaklygynyň netijeleri bolup biler.

K l i n i k a s y. Deriniň zeperlemesinden öň bedeniň gyzgynynyň galmagy, ýarawsyzlyk duýgusy, umumy gowşaklyk, kellagyry ýaly alamatlar ýüze çykýar. Şular bilen bilelikde ýara köplenç nerw damarlarynyň belli bir ýerinde ýerleşýär.

Zolagynyň birtaraplaýyn newralgiýasy ýüze çykýar. Newralgiýa döränden soň birnäçe günüň geçmegi bilen gyzaran we çişen deride nerwiň ugry boýunça gabarçajyklar emele gelýär.
Örgün deri örtüginiň we nemli bardalaryň bir ýerinde: göwrede gapyrga ara nerwleriň zolagynda; el-aýaklarda; üç şahaly nerwiniň jübüdiniň ugrunda, ýüzde we ş.m. ýerleşip biler. Zeperlenme ojaklary birtaraplaýyn bolmagy bilen häsiýetlenýär. Seýrek halatlarda agzyň, burnuň, gözüň nemli bardalary zeperlenip biler.
Zeperlenen ojaklarda örgünler zolak bolup ýerleşýärler, şol sebäpli hem bu kesele gurşap alýan uçuk ady dakyldy.
Örgün aýratyn ojaklar bolup doräp, olaryň arasynda deriniň sagat ýerleri galýar. Gyzaran deri örtüginde ululygy 2-5 mm gabarçajyklar emele gelýär. Olar dartgyn galyň gabykly bolýarlar. Birnäçe günden gabarçajyklaryň düzümi bulanýar we olar iriňli ýaralara öwrülýärler. Köplenç gabarçajyklar gurap, sarymtyl goňur kesmeklere öwrülýärler we 5-10 günden gopýarlar.

Gabarçajyklar örgünleriň her bir toplumynda şol bir gysga wagtda - 3-4 günde örýärler. Seýrek halatda örgüniň ýüze çykmagy 1 hepde we ondan hem köp dowam edýär.
Gurşap alýan uçugyň iň häsiýetli alamatlary - örgünleriň nerw sütüniniň ugrunda ýerleşmegi we örgüniň töwereginde, onüň çäginden has daşda agyry duýgularynyň güýçlenmegidir. Gartaşan adamlarda örgünler aýrylandan soň agyry ençeme aýlap dowam edýär.
Gurşap alýan uçugyň güýçli agyry döredýänligi sebäpli ol köriçege, öt halta, miokardyň infarkty ýaly kesellere meňzeýän halatlary hem belli.
Gurşap alýan uçugyň anyklamasy adaty halatlarda kynçylyk döretmeýär. Keseliň ýarawsyzlyk, gyzgynyň galmagy we agyry alamatlary bilen başlanyp, soňra gerpese häsiýetli örgünleriň (gyzarmak, çişmek, toplanan gabarçajyklar) döremegi keseli kesgitlemek üçin esas bolýar. Nerwleriň hereketlendiriji we duýujy süýümleri zeperlenende gurşap alýan uçuk ýüz nerwiniň ysmazlygy we eşidişi peseldýän gulagyryny öz içine alýar.
Gurşap alýan uçugyň geçişi dowamly, 4-5 hepdä çenli dowam edýär. Adatça özünden soň ýokmazlyk ukybyny galdyrýar; gaýtalanmagyna duşulmaýar. Emma agyr kesellerden (howply çiş, leýkoz, AIW ) ejir çekýän adamlarda keseliň gaýtalanýan we bütin bedene ýaýraýan görnüşleri duşup biler.

B e j e r i l i ş i. Gurşap alýan uçugyň bejerilişi köptaraplaýyn bolmaly. Etiologiki serişdeler hökmünde antibiotikler (rondomisin, metasiklin, doksisiklin we başg.) ulanylýarlar. Olar anyk wirusstatik täsir edýärler we bilelikde geçýän infeksiýanyň ojagyny saklaýarlar. Olary 7-10 günün dowamynda belleýärler.
Herpes zoster newralgiýasyny togtatmak üçin natriý salisilatyny 0,5 g-dan günde 1-3 gezek belleýärler. Simpatalgiýany togtatmak üçin ganglioblokatorlar bellenýärler – “ Gangleron “ 1 ml-den etiň içine ( 6-8 sanjym ), “Pahikarpin” 0,05 mg günde 3 gezek.
Araçäk sütüniniň simpatik düwüniniň gyjyndyrylmagyny azaltmak üçin diatermiýanyň 6-10 tapgyry geçirilýär (toguň güýji 1-2 A, 20 min).
Bedeniň goraýyş güýçlerini we onuň garşylyk görkezijilik ukybyny galdyrmak üçin immunoglobulin, immunomodulin, timogen, witaminler, biogen stimulýatorlary (FiBS, Splenin, Aloe ) ulanylýar.
Ýerli bejerişde ýönekeý uçuklyi keselleri bejerýän serişdeler ulanylýar. Agyr ýagdaýda per os ya-da damara goýbermek üçin asiklowir (onuň serişdeleri) ulanylýar.

## SIŇŇILLER (verrucae)

E t i o l o g i ý a s y. Keseli dörediji, adamyň papillomatoz wirusynyň käbir görnüşleridir:

a) adaty siňňiller (V.vulgares)
b) ýasy ýetginjekleriň siňňilleri (V.plane juveniles)
c) daban siňňilleri (V.plantares)

Kesele dürli ýaşlardaky adamlar duçar bolýarlar, emma birinji iki görnüşi bilen köplenç çagalar keselleýärler.

Kesel ýokançdyr. Onuň ýokuşmagy näsagyň sagat adam bilen gatnaşmagy, öý goşlary arkaly bolup geçýär. Keseliň ýokuşmagyna ownuk şikes, gipergidroz, deriniň çyglygy ýa-da guraklygy ýardam edýärler. Gizlin döwri birnäçe hepdeden ýarym ýyla çekýär.

A d a t y s i ň ň i l ululygy 2-10 mm bolan düwünjik bolup, deriniň derejesinden ep-esli çykýar, dykyz, agyrysyz, üsti büdür-südür, çal ýa-da bedeniň reňkindedir. Siňňiller kada boýunça köp bolup, ilkinji doräni "eneligi" has uly bolýar. Siňňilleriň birleşmegi mümkin. Köplenç ellerde ýerleşýärler,emma dabanda, ýüzde, dodaklaryň gyzyl zolagynda we has seýrek - agzyň nemli bardasynda bolup bilerler.

Ý a s y ý e t g i n j e k l i k s i ň ň i l l e r i. Ýigitlik çagynda duşýarlar. Adaty deriň reňkinde, köp ýäýran, togalak, üsti ýylmanak, çalaja beýgelýän, ululygy 3 mm çenli duwunjikler bolup, käwagt sähelçe gijilewük döredýärler. Köplenç ýüzde, boýunda, döşde, penjäniň arkasynda ýerleşýärler.

D a b a n s i ň ň i l l e r i. Köwşüň gysan ýerinde döreýär, ýiti agyryly, deriniň üstüne az-owlak çykýar. Ýokuşmagyny aýak ýalaňaç gezmek, umumy gopundan peydalanmak bilen baglanyşdyrýarlar.
Her bir ýaşda ýüze çykyp biler. Diametri 5-20 mm çenli çäkli giperkeratoz bolup, aýdyň araçäkli, sary-çal reňkli, merkezi böleginde agyry duýgusyny berýär.

S i ň ň i l l e r i ň b e j e r i l i ş i. Gödek we ýasy siňňiller wagtyň geçmegi bilen öz-özünden ýok bolup biler hem-de ynandyrmak we gipnoz (gipnosuggestiw bejeriş) bilen oňat bejerip bolýar.

Siňňilleriň dürli görnüşini diatermokaogulýasiýa, azotturşuly kümüş, sirke turşusynyň 50% ergini, solkoderm bilen ýakyp aýyryp bolýar.
Ýerli bejerişde 3% tebrofen, 3% oksolin ýagyny ulanmak maslahat berilýär. Rezorsiniň, salisiliň ýa-da süýt turşulygyň ýokary garyşykly erginlerini ulanyp bolar. Daban siňňilleri bejerilende hirurgiki usul ulanylýar ( merkezi özenini aýyrmak). Siňňilleriň hemme gornuşlerinde magniniň okisini 0,15 g günde 3 gezek, 2-3 hepdäniň dowamynda bellemeli.

## UJY ÝITI KONDILOMALAR
## (condilomata acuminata)

Esasan jyns gatnaşyk arkaly ýokuşýar. Kesel hamyr ýaly ýumşak, ownuk düwünjikleriň döremegi bilen başlanýar, olar ýuwaş-ýuwaşdan ulalýarlar, şahalanýarlar we horazyň kekejini ýada salýarlar, soňra dilim-dilim çiş şekilinde birleşýärler. Ujy ýiti kondilomalaryň düýbi gysylyp, olaryň üstleriniň ýaralanmagy getirýär. Ýüzleý ýaralaryň bölüp çykarýan suwuklygynyň ýakymsyz ysy bolýar. Ujy ýiti kondilomalar jyns agzalarynyň töwereginde we artbujakda ýerleşýärler.

Diatermokoagulýasiýa, krioterapiýa, Folkmanyň ýiti çemçejigi bilen gyrmak ýaly usullar bu keseli bejermekde ulanylýar. Ondan başga-da podofillin, ferezol garyndylaryny çalmak hem bolýar.

## ÝOKANÇ MOLLÝUSK
## (Molluscum contagiosum)

Bu howpsuz wirus keseli deride we nemli bardalarda merkezi göbek görnüşli oýtumly, 2-5 mm çenli ýarymşar şekilli düwünjikleriň örmegi bilen hxsiýetlendirilýär.

E t i o l o g i ý a s y. Adam - wirusyň ýeke-täk hojaýynydyr. Keseliň ýokuşmagy syrkaw bilen gönüden-göni gatnaşyk ýa-da umumy öý goşlary (gopun, çalgyçlar) arkaly geçýär. Ýokanç mollýusk dürli ýaşda duşýar, emma onuň bilen köplenç çagalar keselleýärler. Ulularyň jyns agzalarynda ýerleşende jyns ýoly bilen geçip biler.

K l i n i k a s y. Gizlin döwri 2 hepdeden 6 aýa çenli dowam edýär. Kesel deriniň adaty görnüşinde agymtyl-gyzgyl reňkli, dykyz togalak düwünjikleriň örmegi bilen başlanýar, ölçegi haýal ulalyp, 5 mm ýetýär. Düwünçegiň üsti tekiz, ortasy göbek şekilli oýulan. Örgün köplenç örän köp bolup, toparlanşyp ýerleşýär ýa-da bedeniň hemme ýerine ýaýraýar. Hususy duýgular bolmaýar. Has köp ýerleşýän ýerleri: ýüzüň, boýnuň, döşüň derisi, penjäň arkasy, daşky jyns synalary. Bejerilmese düwürtikler 1-2 aýdan öz-özünden ýok bolup gidýär (emma birnäçe aý we hatda ýyllap dowam edip biler). 2-3 sm ululykdaky ägirt uly mollýusklaryň döremegi bilen düwünjikleriň birleşmegi mümkin. Ulularyň köpüsi kesele durnukly.Köp ýaýran zaýalanmalar kesel ýokuşmazlyk ukyby bozulan adamlarda duşýarlar.

B e j e r i l i ş i. Düwünjikleriň içindäkilerini jüpdek bilen gysyp çykaryp (merkezinde göbek şekilli oýtumlary bolan düwünjikler basylanda daş ýaly gatan öýjüklerden, ýagdan we mollýusk jisimlerden ybarat ak bulamak ýaly garyndy çykýar), soňra ýod ergini bilen ýakmak.

## INFEKSIÝALY ERITEMALAR

## ŽIBERIŇ GÜLGÜN DEMREWI
## (Pityriasis rosea Gibert)

Gülgün demrew barada ilkinji bolup, 1860-njy ýylda Žiber öz belliklerini ýazypdyr. Häzirki döwürde bu kesel köp duş gelýän keselleriň biridir we ähli deri keselleriniň 1-2 %-ni tutýar.

Keseliň etiologiýasy – häzire çenli bilinmän gelýär. Awtorlaryň ählisi diýen ýaly, keseliň, mörjewli infeksiýadan soňra allergiki görnüşde ýüze çykýar, köplenç halatlarda bolsa bu kesel sowuklama kesellerini geçiren adamlarda duş gelýär diýip tassyklaýarlar.

K l i n i k a s y. Keseliň bedeniň gyzgynlygy ýokarlanmak, ysgynsyzlyk, kell- agyry, etleriň agyrmagy ýaly hadysalar bilen başlanýan gezegi seýrek däl. Esasy, umumy örgün örmezden 7-10 gün ozal, kähalatlarda ondan hem ozal bir seýrek ýagdaýlarda iki ýa-da üç sany keseliň ilkinji alamaty, “enelik ojaklary” döreýärler. Onuň ýa-da olaryň ululygy, soňky döreýän köp sanly örgünleriň ululygyndan has uly bolýar. Ilkinji alamatlary köplenç göwrede (döşde, arkada, eginde, çiginde, boýunda, butda) döreýär. Kesel gijilewükli, onuň güýji her hili bolýar. Soň birden köp sanly düwünjikli, iteşenli tegmiller örýär. Örgünler taýly (simmetriki) ýerleşýärler. Örgüniň köplenç örýän ýerleri: gursak, ýaýjyk we pilçe süňkleriniň ýerleşýän ýerlerinde, goltukda, ýamyzda we başga ýerlerde has köp örýär. Näsagyň ýüzünde, kellesiniň saçly ýerlerinde, elleriniň aýasynda, dabanlarynda örgün bolmaýar.

Örgünleriň alamatlary köplenç çäklenen ýa-da nädogry şekilli tegmiller, seýrek halatlarda düwünjikler solgun açyk gyzyl, sarymtyl-gülgün reňkde bolup, ortasynda berk ýapyşan, çalymtyl reňkde, owkalanyp düzedilen kagyza meňzeş ýygyrtlyja teňňejikler bolýar, töwereginde teňňesiz gyzyl zolak galýar. Gülgün demrewiň hakyky örgüni Žiberiň teňňesine çalym edýär. Käýerrde örgüniň özara birleşmegi mümkin. Enelik ojagyň ululygy birnäçe sm ýetýär. Örgünler göwrede Langeriň çyzyklary boýunça ýerleşýärler.

Keseliň dowamlylygy, ortaça 5-6 hepdeden 2-3 aýa çekýär. Bu deri keseliniň ýyly pasyllaryna bagly häsýeti bar, ýagny ýaz-güýz pasyllarynda duş gelýär. Gülgün demrewiň hakyky görnüşinden başga-da birnäçe (atipiki) görnüşleri bar:

1. Iteşen görnüşi
2. Düwünjikli görnüşi
3. Kiçi pakgarçajykly görnüşi.

1. Follikulýar görnüşi
2. Ownuk görnüşi
3. Widalyň uly gülgün demrewi.

Keseliň bu görnüşinde diametri 5-8 sm bolan birnäçe ojaklar, üsti teňňejikli tozgalaýan, dowamly, birnäçe aýa çekýän ýaralar duş gelýär.

Gülgün demrewiň görnüşleri ýiti geçýär we 4-8 hepdäniň dowamynda gutulýar, kähalatlarda örgün 3 aýa-da çekýär.

Ala gülgün demrewi teňňeli demrew (psoriaz) bilen tapawutlandyrmaly. Gülgün demrewde örgünler Langeriň çyzyklary boýunça ýerleşýärler, enelik uly teňňeler bolýar, gijilewükli geçýär. Auşpisiň üçligi hem bolmansoň bu keseli teňňeli demrewden tapawutlandyryp bolýar.

Gülgün demrewdäki goňajyklar ulaltgyçda barlananda goturak kesellerden tapawutlandyrýarlar.

Ganyň serologiki derňewleri negatiw bolandan soň, solgun treponema tapylmandan soň, örgünleriň goňaklaýany üçin, gerekli anamnez we merezýeliň beýleki alamatlary-da bolmaýany üçin merezýelden tapawutlandyrylýar.

Seboroidlardan tapawutlanýan ýeri goňaklamasy çäkli, tutuş däl, örgünleriň Langer çyzyklarda ýerleşmesi, enelik ojaklaryň bolmagy.

B e j e r i l i ş i:

1. Giň täsirli antibiotikler: penisillin, ampisillin, eritromisin we başg.
2. Sulfanilamid dermanlary: biseptol, oriprim, sulfadimezin
3. Duýgurlygy peseldýän bejergi desensibilizirleýji dermanlar
4. Daşky bejergi gormonly melhemler flýusinar, elocom, gidrocortizon, suwuk pastalar.

## KÖP GÖRNÜŞLI EKSSUDATIW ERITEMA (Erythema exudativum multiforme Hebra)

Bu kesel köp keselleriq döreýiş sebäpleriniň umumy sindromy hökmünde garalýar (streptokokkly infeksiýasynyň, inçekeseliň, uzaga çekýän keselleriň we başg.). Bedeniň reaktiwliginiň üýtgän halatlarynda her dürli gyjyndyryjy ýagdaýlar, ylaýta-da sowuklama, her dürli zäherlenmeler, keseliň döremegine eltip biler. Bu keseliň iki görnüşi bolýar: a) infeksiýaly allergiki, b) zäherli allergiki görnüşleri.

Infeksiýaly-allergiki görnüşi köplenç ýaş adamlarda ýaz we güýz pasyllarynda duş gelýär. Keseliň zäherli- allergiki görnüşi köplenç, adam däri -dermanlardan, iýmitlerden zäherlenen halatlarynda garyn-içege ýolunyň kadaly işlemeginiň bozulmagy zerarly döreýär. Kesel köp görnüşli örgüniň (gyzyl tegmilleriň, düwünjikleriň, iteşeniň, kiçi we uly gabarçaklaryň we ş.m.) örmegi bilen häsiýetlenýär. Örgün keseliň eýýäm 1-nji gününden başlap has köpelip başlaýar we köp görnüşli (polimorf) örgün bolýar. Tegmilleriň, hasam düwünjikleriň ortasy bir azçöken bolýar we gögümtilräk reňk alýar, töweregi bolsa öňki açyk gyzyllygyna galýar. Şoňa görä-de örgüniň alamatlary iki dürli reňkde bolup, halka görnüşini alýarlar. Suwly gyzyl tegmiller, daşky görnüşi boýunça köplenç iteşene meňzeş bolýar, kiçi we uly gabarçaklar döreýärler. Örgünler ýokary derejede taýly simmetriki ýerleşmäge meýilli bolýarlar. Örgün 8-10 günden soň gaýdyşyp başlaýar. Gabarçaklar guraşyp, kesmejikler düşüp, olaryň ýerinde, üsti çala tozgalaýan gögümtil reňkde yz (tegmil) galýar. Ol tegmil hem ýitip 10-14 günden, onuň ýerinde azda-köpde pigmentleşen garamtyl-goňurrak ikilenji tegmil galýar. Örgün el-aýaklaryň bogunlarynyň ýaralanýan tarapynda, agyz boşlygynyň nemli bardalarynda, eliň aýasynda, dabanlarda, seýregräk halatlarda ýüzde, göwrede we jyns synalarynda-da duş gelýär. Agyz boşlugynyň nemli bardalarynyň we dodaklarynyň gyzyl zolagyna özbaşdak aýratyn zeper ýetýän halatlary-da seýrek bolmaýar. Polimorf ekssudatiw eritemada näsagda kellagyry, gyzgyny galmak, bogunlarynda, etlerinde agyry, kämahallarda basyk hem bolmagy mümkin.

Keseliň 2-5 hepdeden iki aýa çenli dowam edýän mahaly-da seýrek bolmaýar. Kämahal köp görnüşli ekssudatiw eritemanyň agyr geçýän görnüşi – Stiwens-Jonsonyň sindromy duş gelýär. Bu ýagdaýda näsagda umumy

alamatlar güýjeýär, agyz boşlugynyň nemli bardalarynda, burnuň içinde, burun-bokurdakda, jyns synalarynda agyr görnüşde uly gabarçaklar döreýär, şonuň ýaly-da göze zeper ýetýär (konýuktiwit, görüjide ýara bolmagy we ş.m.) köplenç körlük bilen tamamlanýar. Garyn-içege ýollaryna, dem alyş synalaryna, kämahal beýnä we beýniniň bardalaryna zeper ýetýän wagty-da seýrek bolmaýar.

Adaty wagtda köpgörnüşli ekssudatiw eritema 2-5 hepde, seýrek ýagdaýlarda 2 aýa çenli dowam edýär.

Köpgörnüşli ekssudatiw eritemany, toksidermiýa, ylaýta-da dermandan döreýän zäherlenmäni, deri çişmesi bilen tapawutlandyrmaly bolýar. Köpgörnüşli ekssudatiw eritemada örgüniň dürli görnüşli (polimorf) bolýanlygyny göz öňünde tutup, ony Dýuringiň uçuk görnüşli deri çişmesi bilen tapawutlandyrmaly bolýar. Dýuringiň uçuk görnüşli deri çişmesinde, agyz boşlugynyň nemli bardalaryna zyýan ýetmeýär, örgünler topar-topar ýerleşýärler, Ýadassonyň barlagy oňaýly bolýar, ýodyň dermanlaryna näsag gaty duýgur bolýar; näsagyň ganynda we gabarçaklaryň içinde eozinofilleriň mukdary köpelýär. Dýuringiň keselinde gijilewük örän güýçli bolýar. Stiwens-Jonsonyň sindromy, ýiti zäherli-allergiki epidermal nekrolizine (Laýellyň sindromy) meňzeş bolýar. Bu keselde deriniň köp ýerine (80-90%) zeper ýetýär, kesel köplenç ýokardan aşaklygyna ýaýrap gidýär. Nemli bardalar seýrek zaýalanýarlar, Nikolskiniň alamatlary oňaýly bolýar.

B e j e r i l i ş i. Keseliň adaty görnüşlerine giňden täsir edýän antibiotikler (penisillin, ampisillin, eritromisin), natriniň salisilaty (0,05 g günde 3 gezek) ulanylýar. Keseliň agyr görnüşinde (Stiwens-Jonsonyň sindromynda) –kortikosteroidler (prednizolon, deksametazon, polkortolon), zäherlenmäni aýyrýan serişdeler (medisol, disol, gemodez we ş.m.) ulanylýar.

## DERMATITLER

Deri çişmesi, fiziki ýa-da himiki gyjyndyryjylaryň daşardan täsir etmegi netijesinde döreýär.

Fiziki gyjyndyryjylara, mehaniki sebäpler mysal üçin: gysylmak, sürtülmek, ýokary gyzgynlygyň täsiri (ýanmak) pes derejeli sowugyň täsiri (sowuk urmak) günüň şöhlesiniň täsiri (ultramelewşe we infragyzyl şöhleler), elektrik togy, rentgeniň we radioaktiw şöhleler (ionlaşdyrýan radiasiýa) girýärler.

Himiki gyjyndyryjylara, turşulyklar, aşgarlar, käbir turşulyklaryň duzlary, güýçli dezinfisirleýji serişdeler we beýleki himiki serişdeler girýär.

Daşky gyjyndyryjylaryň ählisini şertsiz we şertli ýa-da allergenlere bölýärler.

Şertsiz ýa-da obligat diýilip atlandyrylýan gyjyndyryjylar, adama täsir edende, hemişe we ähli adamlarda deri çişme keselini döredýär, olara girýänler, güýçli turşulyklar we aşgarlar, gyzgyny $60°_{dan}$ ýokary bolan suw we başg. Şertli

gyjyndyryjylar ýa-da allergenler, allergen serişdelere ýokary duýgurlygy bolýan käbir adamlarda, allergiki deri çişme keselini döredýär.

Şertsiz gyjyndyryjylaryň täsirine döreýän deri çişmesine ý ö n e k e ý, emeli ýa-da artifisial d e r m a t ı t i diýilýär.

Şertli fakultatiw gyjyndyryjylarynyň, ýagny allergenleriň döredýän deri çişmesine – a l l e r g i k i d e r m a t ı t ı diýilýär.

Gyjyndyryjylaryň täsiriniň dowamlylygyna, onuň güýjüne we häsiýetine baglylykda ýiti ýa-da dowamly deri çişmesi döreýär.

Ýiti deri çişmesinde, deriniň gyzarmagy, çişginlenmegi, kiçi we uly gabarçaklaryň örmegi ýa-da derä şikes ýetip, ýara emele gelip, bitenden soň ýara yzyna meňzeş atrofiýanyň ýa-da ýara yzynyň galmagy ýaly, alamatlar bolýar. Dowamly deri çişmesinde, açyk däl gyzarmak, infiltrat, lihenifikasiýa, giperkeratoz ýaly alamatlar bolýar.

## ÝÖNEKEÝ GALTAŞMA DERMATITI

Ýönekeý (artifisial) galtaşma deri çişmesi, gyjyndyryjynyň diňe derä täsir eden ýerinde döremegi, sensibilizasiýanyň ýoklugy, ulalmaga, giňelmäge, ýaýramaga meýilsizligi bilen häsiýetlenýär. Ondan başga-da, gyjyndyryjynyň derä täsiri kesilenden 1-2 hepdeden soň, beýle deri çişmesi, bejergi geçirilmese-de, öz-özünden gutulýar.

Ýönekeý galtaşma deri çişmesi köplenç gyjyndyryjynyň täsirinden soň tiz we ýiti döreýär. Ýönekeý deri çişmesiniň sebäpleri, fiziki şol sanda mehaniki, himiki we biologiki gyjyryndyjylar bolup biler, ýönekeý deri çişmesiniň önümçilik şertlerinde-de bolmagy mümkin, onda ony hünär deri çişmesi diýip atlandyrýarlar. Deri çişmesini döredip bilýän mehaniki gyjyndyryjylara gysylma, basylma we sürtülme girýärler. Bu ýagdaýlaryň täsir etmegi netijesinde deri sypjyrylýar (mysal üçin dar aýakgap geýilende, gurallaryň basmagy, çagalaryň derisini egin-eşigiň tikilen ýeriniň, gatlarynyň gyjyndyrmagy we ş.m.). Bu ýagdaýlarda deride gyzarmak, çişginlik, kiçi, uly gabarçaklaryň döremegi ýaly kliniki alamatlar ýüze çykýar. Näsaglar agyryny, ot basylýan ýaly duýgulary duýyarlar. Ýönekeý deri çişmesini döredip biljek beýleki fiziki täsirlere, ýokary gyzgynlyk (ýanyk) we güýçli sowuk (sowuk alma), ultramelewşe şöhleleri gün deri çişmesi, simap-kwars çyrasyna tutmak, rentgen we radioaktiw şöhleleri şöhle deri çişmeleri girýärler.

Ýönekeý galtaşma deri çişmesini döredýän himiki sebäplere, güýçli turşulyklar, aşgarlar, aşgarly demir duzlary, mineral turşulary, derä täsir edýän harby zäherleýji maddalar we köp sanly başga zatlar girýärler. Himiki senagatyň ösmegi bilen, deri çişmesiniň döremegine sebäp bolup biljek himiki maddalaryň sany üznüksiz ösýär. Sanalan himiki maddalaryň güýçli erginleri, obligat gyjyndyryjy bolup, galtaşan islendik adamda ýönekeý deri çişmesini döredýär. Beýle deri çişmesi köplenç ýiti başlanýar we adatça nekroz görnüşinde geçýär, uly kesmek döreýär, ol aýrylandan soň, ýerinde ýara bolýar, ol hem gutulandan soň, onuň ornunda ýara yzy galýar. Bu himiki

maddalaryň gowşak erginleri uzak wagtlap täsir edenlerinde dowamly deri çişmesini döredip biler, onda deriniň zeper ýeten ýerinde, deriniň galňamagy, guraklygy, agyrylygy, jaýryklaryň bolmagy mümkin.

Ýönekeý galtaşma netijesinde ençeme biologiki şertler, ösümlikler (suwly ýeriň dürli otlary, injiriň ýapragy, çitçiti we ş.m.), mör-möjegiň, ýylanyň we ş.m. çakmagy deri çişmesini döredip bilerler.

B e j e r i l i ş i. Ýönekeý galtaşma deri çişmesiniň bejergisi çişginligiň derejesine, görnüşine baglylykda geçirilýär. Deriniň zeper ýeten ýeri ýeňilje gyzaran bolsa, daşky bejergi, ýagny sepgileri, pastalary, kremleri, gormonal melhemlerini ulanmak bilen çäklenmek mümkin. Eger zeper ýeten deri gaty gyzarsa, çişse, onda öl ýapmak, suwly – çaýkalýan pastany, kortikosteroid melhemleri ulanýarlar.

Eger-de uly gabarçaklar dörän bolsa, onda ilki bilen olaryň töweregindäki derini 70 % etil spirti, borly spirt bilen arassalap, gabarçaklary ýaryp, dezinfisirleýji melhemleri ýapyp daňýarlar.

## ALLERGIKI GALTAŞMA DERMATITI

Allergiki deri çişmesi, belli bir zada allergene ýokary duýgurlygy bar adamlarda, üýze çykýar. Ýokary duýgurlyk dogabitdi hem bolup biler, oňa idiosinkraziýa diýilýär (mysal üçin, ýumurtgalara, sitruslara, kömeleklere we başg.)

Ýokarlanan duýgurlyk, adatça, beden allergen bilen gaýtadan galtaşanda döreýär, netijede bedende birwalentli duýgurlyk (sensibilizasiýa) döreýär. Munuň esasynda, haýal ýüze çykýan allergiki reaksiýa, deriüsti gatlagyň öýjüklerinde antigen-antitela toplumy bilen ýatyr. Bu reaksiýanyň döremeginde, bedeniň umumy ýagdaýynyň, ýagny, endokrin ulgamlarynyň uly ähmiýeti bar.

Allergiki deri çişmesini döredip biljek zatlaryň sany ummasyz köpdür. Senagatyň ösmegi bilen, önümçilikde we durmuşda himiki jisimleriň giňden ulanylmagy netijesinde olaryň sany has-da artýar. Mysal üçin himiki jisimler – hromyň, nikeliň duzlary, sintetiki şepbikler, wesmeçilik serişdeleri, käbir ösümlikler, güller allergen bolup bilerler. Allergenleriň uly toparyny, dürli derman serişdeleri (penisillin, streptomisin, eritromisin, streptosid, sintomisin emulsiýalary, osarsol, nowokain, urotropin, brom, simap serişdeleri, resorsin, salisil turşusy we başg.) düzýärler.

Allergenleriň bedeniň çäklije ýeri bilen galtaşýanlygyna garamazdan, bedende umumy duýgurlyk döreýär. Ilki birwalentli duýgurlyk haýsy bolsa-da bir zada döreýär. Ýöne allergiki deri çişmesi gaýtalananda, duýgurlyk toparlaýyn bolýar ýa-da seýrek halatlarda köp walentli bolýar, beýle ýagdaý, allergiki deri çişmesiniň süýjübaşa öwrülýändigini aňladýan alamatlaryň biri hasaplanylýar. Bular ýaly ýagdaýda, ýönekeý galtaşma deri çişmesine mahsus kliniki alamatlar bilen bir hatarda, näsagda süýjübaş kesele mahsus kliniki alamatlar, ýagny kiçi gabarçaklaryň, suwjarmaklygyň, gaýtalanmaga

meýilliligiň we ş.m. ýüze çykmaklygy bolýar. Allergiki deri çişmesinde gyzarmak çişginlik, düwünjikleriň we gabarçajyklaryň örmegi, deriniň diňe allergeniň täsir eden ýerinde bolman (köplenç eliň penjeleriniň arka tarapynda, ýüzde, boýunda, seýrek, aýaklarda, bileklerde, golda), eýsem esasy ojakdan uzaklykda hem örgün örüp biler (olara allergidler diýilýär). Näsaglar güýçli gijilewügiň we ot basylýan ýaly agyrynyň bimaza edýänligini aýdýarlar. Allergiki deri çişmesinde gaýtadan allergen bilen galtaşmak, onuň süýjübaşa geçmegine sebäp bolup biler.

B e j e r i l i ş i. Bar zatdan owal, allergiki deri çişmesiniň döremegine sebäp bolan allergeni tapmaly we ony ýok etmeli. Näsaga duýgurlygy kemeldýän gistamine garşy serişdeleri bellemeli, umumy gurplandyryjy bejergileri geçirmeli. Keseliň agyr geçýän ýagdaýynda gormonal serişdeleri hem ulanýarlar.

Daşky ýerli bejergi üçin çişginlige garşy derman serişdeleri (öl ýapgylary, pastalary, gormonal melhemleri) ulanýarlar.

Allergiki dermatitlerde sensibilizasiýany peseldýän derman serişdelerini ulanýarlar. Gan damaryna – 5-10 ml 10 % kalsiý hloridiň ergini ýa-da 30 %-li natriý tiosulfaty 5-10 ml gan damaryna goýbermeli.

Allergiki dermatitli kesellerde allergeni tapmak üçin deri allergiki derňewleri geçirmeli. Allergiki derňewleri geçirmek üçin 3 şerti bolmaly: a) derňewi örgünler aýrylandan soň geçirmeli, b) örgünleriň bolmadyk ýerinde etmeli, c) çak edilýän allergeniň derňew üçin doýgunlygy pes bolmaly.

Deri allergiki derňewler (testler):

1. Ýadassonyň derňewi (allergeniň ergininde öllenen esgijigi derä ýapmak).
2. Damja görnüşli (allergeniň erginini derä damdyrmak)
3. Derman allergenleri (antibiotikleri) 0,2-0,3 ml deriniň içine sançmaly (Mantu derňewi).

## TOKSIKODERMIÝALAR
## (Zäherlenme deri çişmesi)

Zäherlenme deri çişmesi – deri örtüginiň, käte nemli bardalaryň ýiti çişmesi. Ol içilen, iýilen, gan damaryna goýberilen, deriniň içine we deriniň astyna sanjylan, bug görnüşinde dem alnan ýa-da deriden siňip, bedene geçýän (näsagyň bedeninde, dogabitdi şahsy ýokmazlyk bolanda) himiki maddalaryň, bedene umumy täsir etmegi netijesinde döreýär.

Zäherlenme deri çişmesi, zaýalanan iýmitleri (gaplawlar, tüssä tutulanlar we ş.m.) iýende ýa-da garyn-içege ýolynyň kesellerinde, içegeden ýaýraýan zäheriň netijesinde döreýär.

Dürli derman serişdeleriniň (bromyň duzlary, ýod, penisillin, sulfanilamid dermanlary, aminazin we ş.m.) döredýän zäherlenme deri çişmesiniň uly amaly ähmiýeti bar.

Zäherlenme deri çişmesiniň kliniki alamatlary dürli görnüşli bolýarlar: ol tegmilli örgün görnüşinde bolup biler (käte eritrodermiýa görnüşinde) kiçi we uly gabarçakly, düwünjikli örgünler, pigmentleşme we başg.

Örgün, ýaýran häsiýetli (köplenç göwrede, ellerde, aýaklarda) bolýar. Näsagda, gijilewük, ot basylan ýaly, duýgular bolýar. Haýsy bolsa-da şol bir derman serişdesi, dürli adamda, zäherli deri çişmesiniň dürli görnüşlerini emele getirip bilýär. Derman serişdesinden döreýän zäherli deri çişmesiniň özboluşly görnüşi «Laýellyň zäherli gabarçakly epidermal nekrolizi». Kesel duýdansyz we ýiti döreýär, ýagny deri örtüginde we nemli bardalarda, goňurymtyl-gyzyl reňkli uly-giň tegmiller döräp, şonuň ýerliginde gowşak gabarçaklar döreýärler. Olaryň ýarylmagy we deriüsti gatlagyň soýulmagy netijesinde, tutuş deriniň ýangynynyň II derejesini ýa-da salýan, suwjarýan şikesler emele gelýärler.

Näsagyň umumy ýagdaýy tiz ýaramazlaşýar, gyzgyny 39-40 ° çenli galýar, ganda leýkositleriň mukdary köpelýär, eritrositleriň çökmek reaksiýasy tizleşýär, peşewde eritrositler, silindrler döreýärler, näsagyň ýagdaýy peselýär, huşyny ýitirýär we käbir halatlarda ölýär.

B e j e r i l i ş i. Zäherlenmegiň sebäbini bilmeli we aýyrmaly ýa-da derman içmekligi, ylaýta-da keseliň döremegine sebäp bolandyr diýip güman edilýän derman serişdelerini kesmeli. Näsaga içsürýän, buşukdyrýan dermanlary bermeli.

Köp halatlarda sensibilizasiýany aýyrýan, gistamine garşy serişdeler, ýokumlaryň „C”, „B” toparlary ulanylýarlar. Zäherlenme deri çişme keseliniň agyr geçýän görnüşinde, ýagny, Laýellyň alamatynda, kortikosteroid gormonlaryny, duzly erginler, gemotransfuziýa ulanylýarlar.

Daşky, ýerli bejergi, çişginlige garşy, rahatlandyryjy serişdeler (tozga sepmek, suwly we ýagly çaýkalýan erginler, gormonal melhemler) ulanylýar.

## EKZEMA (Eczema)
## (SÜÝJÜBAŞ)

Ekzema, süýjübaş – bu ýygy duş gelýän allergiki gelip çykyşly deri keselidir. Köplenç ýiti geçýär, seýrek ötüşen dowamly gaýtalanýan häsiýetli bolýar, köp dürli ilkinji morfologiki alamatlaryň örmegi bilen häsiýetlendirilýär. Süýjübaş grek sözi eczeo, gaýnamak sözüni aňladýar. Keseliň bu ady, döreýän gabarçajyklaryň, gaýnaýan suwuň üstündäki köpürjikleriň tiz ýarylyşy ýaly, tiz ýarylýan häsiýeti bilen düşündirilýär.

Ekzemanyň sebäbi we gelip çykyşy köp halatlarda öwrenilmän galýar. Soňky ýyllarda süýjübaş hadysasy degna-allergiki, endokrin, alyş-çalyş we daşky şertler toplumynyň täsiriniň netijesinde ýüze çykýar. Himiki, biologiki serişdeler, mörjew allergenleri, fiziki şertler, derman serişdeleri, iýmitler, wesmeçilik serişdeleri daşky gyjyndyryjy bolmagy mümkin. Keseliň başynda allergiki reaktiwlik monowalent häsiýetini göterýär. Ekzemanyň soňky

geçişinde näsagda poliwalent ýokary duýgurlyk döreýär. Süýjübaş haýal geçýän allergiki reaksiýa bolup durýar. Emma näsaglaryň belli bir böleginde derman serişdelerini (penisillin, nowokain, «B» toparyň ýokumlary) ulanmagyň netijesinde çalt geçýän allergiki reaksiýa döräp bilýär (anafilaktoid reaksiýasy).

Ekzemanyň toparlamasy :

1. Geçişi boýunça:
   a) ýiti (eczema acutum)
   b) ýitiräk (eczema subacutum)
   c) ötüşen (eczema chronicum)
2. Klinikasy boýunça:
   a) hakyky
   b) mikrobly
   c) seboreýaly
   d) çagalaryňky
   e) hünär bilen baglanyşykly

B e j e r i l i ş i. Süýjübaşyň bejerilişine duýgurlygy aýyryjy, gistamine garşy, sedatiw, ummy gurplandyryjy, süýjübaş hadysasy haýal geçýän ýagdaýynda bolsa – kortikosteroid dermanlaryň uly bolmadyk möçberleri girýär. Duýgurlygy, aýyryjy bejergi : kalsiý derman serişdeleri girýär (10 % kalsiý hlorid ergini, 10% kalsiý glýukonat ergini ýa-da 30 % natriý giposulfit ergini, 5-10 ml günaşa, 20 çenli guýulmaly).

Gistamine garşy bejergi: suprastin –0,025g günde 3 sapar, ýa-da 2,5 % ergini 1ml deriniň aşagyna sançmaly, diazolin 0,1g günde 2-3 sapar, dimedrol- 0,05g, pipolfen –0,025g günde 2-3 sapar.

Sedatiw dermanlary belleýärler: bromyň, pişik otunyň, dermanlary, trankwilizatorlar we nerw ulgamyny rahatlandyryjy dermanlar (elenium, amizil, diazepam, oksazepam we başgalar). Ekzemanyň agyr görnüşinde kortikosteroidleri ulanýarlar (prednizolon 40-60mg). Soňra çişme ýagdaýynyň azalmagyna görä kortikosteroidleriň möçberini kem-kemden azaltmaly, soňra bolsa ymykly kesmeli.

Görkezme boýunça ýokumlary ulanýarlar (A, $B_1$, $B_2$, $B_6$, $B_{12}$, C, PP) antibiotik bilen bejergi, mörjewli süýjübaşda we süýjübaşyň başga görnüşlerinde iriňlediji mörjewler goşulan ýagdaýynda giňden ulanylýar. Esasy orny ulylaryň we çagalaryň süýjübaşyny bejermekde, iýmitlenme we berhiz eýeleýär: iýmitde ekstraktiw maddalary, kömelegi, et çorbasyny, ajy zatlary ulanmagy çäklendirmek ýa-da doly aýyrmak. Süýt, ösümlik berhizi gowy netije berýär. Keseliň ýiti däl döwründe şypahanalara bejergä iberilýär. Arçman, Berzeňňi şypahanalarynda bejergi almak görkezilýär.

Daşky bejergi, çişme reaksiýasynyň derejesine, geçişine we ýaýraňlygyna laýyklykda, geçirilýär. Ýiti çişmede, suwjarýan ýagdaýynda çişmä garşy öl ýapgylary belleýärler: 1-2 % borly turşusynyň erginini, tannin ergini, Burowyň suwuklygy, ýa-da 0,25 % kümüşli azot turşy ergini. Suwjarma aýyrlandan soňra, pasta, suwly-çaýkalýan garyndylary (suwuk

pasta), glýukokortikoid kremleri, melhemleri (flýusinar, diperzolon, lorinden, oksikort) ulanmaly. Ýiti çişginlik, teňňeler, goňaklar, kesmejikler aýyrlandan soň, naftalan nebtini saklaýan melhemleri ulanýarlar (2-10 %), ASD (5-10 %), garaýag (1-2-3%), ihtiol, kükürt (2-5 %), bularyň oňat infiltrat siňdiriji we buýnuz ösdüriji täsiri bar.

## MIKROBLY EKZEMA
## (Mörjewli süýjübaş)

Mikrobly ekzema adamda, spesifiki we spesifiki däl immunitetleriň ýetmezçiliginde, stafilokokk, streptokokk mörjewlerine we olaryň zäherlerine, ýokary duýgurlygyň (sensibilizasiýanyň) peýda bolmagy netijesinde döreýär. Käbir degna-endokrin üýtgeşmelerde, alyş-çalyş hadysasynyň bozulan ýagdaýlarynda we näsagyň öz hususy dokuma antigenlerine duýgurlygyň (sensibilizasiýanyň) ýokarlanan halatlarynda, mörjewleriň allergiýa dörediş häsiýetlerine bolan ukyplylygy has-da artýar.

Mikrobly ekzema näsagyň ellerinde, aýaklarynda, teňňe şekilli (nummulýär), galňan (infiltratly), ýekeli-ikili, bitaý (assimmetrik) ýerleşen, töweregi anyk araçäkli uly teňňeleriň döremegi bilen häsiýetlenýär. Süýjübaş demrewiň kliniki alamatlary, köplenç, dowamly geçýän mörjewli ojaklaryň (deriniň ýanan, kesilen, syrylan, we ş.m.) töwereginden döräp başlaýarlar. Ötüşen ojaklar doly bejerilmedik halatlarynda, deride, ojaklaryň töwereginde, çişginliräk gyzyl tegmiller, suwly düwünjikler, kiçi gabarçaklar, iriňli gabarçakly döräp, deriniň zeper ýeten ýeri suwjaryp-iriňläp başlaýar, suwly iriňli kesmejikler bolýar.

Mikrobly ekzema üçin, onuň töwerekleýin ulalmagy - giňelmegi we töweregindäki sagdyn deriniň çäklerinde uşajyk iriňlije gabarçaklaryň (pioallergitler) örmegi ýa-da gury, tozgalanýan ýerleriň bolmagy häsiýetlidir. Mikrobly ekzemada, deriniň zeper ýeten ýerleri, töwerekdaşynyň araçäkli anyk-aýdyň bolanda, oňa mörjewli suwjarýan süýjübaşyň teňňeli görnüşi diýilýär. Mikrobly ekzema çagalarda bolanda, onda olarda strepto-stafilokokk keselleriniň başga görnüşleri-de, ýagny dodaklaryň gyralaryndaky kesmejikli jaýryjyklar (stomatitis angularus), gözagyry (konýunktiwit), gulakagyry (otit), dowamly tonzillit, gaýmorit we ş.m. köp duş gelýärler.

## SEBOREÝALY EKZEMA
## (Seboreýaly süýjübaş)

Seboreýaly ekzemanyň ösmeginiň patogenetiki sebäpleriniň arasynda, esasy orun oýnaýanlar, näsagyň konstitusional ýagdaýy – semizlik, diabet keseli, podagra we ş.m.

Örgünleriň esasy ýerleşýän ýerleri – kelläniň saçly ýerlerinde, gulaklaryň ýeňsesindäki epinlerinde, ýüzünde, arkasynda (pilçeleriň aralarynda), deriniň iň ýagly ýerlerinde. Keseliň örgüniniň örüp

başlamagyndan ozal, gijilewügiň peýda bolýan halatlary seýrek bolmaýar. Tekiz deride örgün gyzylymtyl-saryrak tegmiller görnüşinde bolýarlar. Olaryň töwerekleriniň araçäkleri aýdyň bolmaýar. Tegmilleriň üstünde, darynyň dänesi ýaly, owunjak düwünjikler, käte kiçi gabarçaklar, ganly kesmejikler bolýarlar we kepek şekilli ýagly goňaklaryň bolmaklygy bu kesel üçin has häsiýetlidir. Näsagyň ýüzüniň, gursagynyň, arkasynyň derisinde ýerleşen demrew tegmilleriniň, jahyl düwürtigi bilen utgaşyp gelýän halatlary-da seýrek bolmaýar. Kelläniň saçly ýerlerinde, ummasyz köp, sarymtyl kesmejikler, kesmekler döreýärler. Zeper ýeten deriniň saçlary ýagjaryp, ýaldyrap durýar, kämahal saçlar biri-birine ýapyşyp, çogdam-çogdam bolup durýarlar.

Seboreýaly ekzema uzaga çekýän, ötüşen kesel, wagtal-wagtal, güýçli gijilewükli, ýiti görnüşli keseliň gaýtalanmagy mümkin.

## Çaga ekzemasy

Emýän we kiçi ýaşly çagalaryň arasynda, ekzema ýaýran deri keselleriniň biridir. Bir ýaşa çenli çagalarda, süýjübaşyň döremegi, onuň ejesinde göwreliligiň çylşyrymly geçmegine bagly bolýar. Çagalarda ekzemanyň döremegine göwreli aýallarda toksikozyň bolmagy, iýmitiniň näsazlygy, beýleki birnäçe keselleriň (nefropatiýa, diabet keseli, gepatoholesistit, allergiki deri keselleri we ş.m.) bolmagy ýa-da çaganyň içinde gurçuk, soguljan bolmagy ýaly ýagdaýlar sebäp bolup bilerler. Çagany birinji gününden başlap emeli iýmitlendirmek ýa-da goşmaça iýmiti ir berip başlamak ýaly ýagdaýlar hem onda, süýjübaşyň döremegine şert döredýär.

Eger-de ejesinde ýa-da atasynda allergiki keseller bar bolsa, onda olardan dörän çagada, nesil yzarlaýan, allergiki kesellere meýilli bolmaklyk, süýjübaşyň döremegine ýardam edýän, wajyp sebäbiň biridir.

Kesel irki çagalyk döwründe, çaganyň ýüzünde, kellesiniň saçly ýerinde örgün örmekden başlaýar, soň patologiki hadysa çaganyň endamynyň başga ýerlerine-de ýaýraýar. Ýüzüniň gyzaran, çişginli-ýellenen derisiniň üstünde, goşuluşýan ekssudatly düwünjikler we uşajyk kiçi gabarçaklar döreýär, käýerinde iriňli kesmejikler emele gelýär, olaryň gopup aýrylan ýerlerinde suwjarýan ýüzleý ýarajyklar bolýar. Bulardan başga-da endamynyň dürli ýerlerinde ( göwresinde, ellerinde, aýaklarynda) tozgalaýan gyzyl tegmiller bolýar.

Örgünleriň güýçli gijemegi sebäpli, çaga biynjalyk bolýar, erbet ýatýar, ynjyk we gaharjaň bolýar. Näsag çaganyň ganynda leýkositiň, eozinofiliň mukdary köpelýär. Süýjübaş köplenç 3 ýaşa çenli çagalarda duş gelýär. Näsag ýeterlik bejergi almasa, kesel beterleşip ýaýran neýrodermite öwrülmegi mümkin.

# ITEŞEN (URTICARIA)

Iteşen allergiýadan we zäherlenmeden döreýär we deride (seýrek, nemli bardalarda) güberçek-eşen (urtika) örgünleriň örmegi bilen häsiýetlenýär. Iteşeniň döremeginiň birnäçe sebäplerini tapawutlandyrýarlar: daşdan täsir edýän serişdeler (fiziki, gyzgynlyk, sowuk, mehaniki, himiki, derman serişdeleri, ylaýta-da antibiotikler, syworotkalar, waksinalar, iýmit önümleri) we içden täsir edýän serişdeler-içki synalarda, mysal üçin aşgazan-içege ýollarynda, bagyrda näsazlyk bolanda, degna ulgamlarynyň işi bozulanda.
Etiologiýasy boýunça bedeniň özünde döreýän (autogen) we daşdan (ekzogen) täsir edýän ýagdaýlar bedende tiz-haýal görnüşli güýçli duýgurlygyň döremegine güýçli himiki, gistamin görnüşli jisimiň ýygnanmagyna getirýär. Gistidindekarboksilaza fermentiniň täsiri astynda gistidin aminokislotadan emele gelýän gistamin, kapilýar gan damarlaryny giňeldýär we gan damarlaryň diwarlarynyň süzüp geçirijilik ýagdaýyny güýçlendirýär, netijede, deriniň emzikli gatlagyna suw ýygnanyp, deriniň üstine güberilip, eşen örýär.

Antigen-antitelo reaksiýasynyň netijesinde serotoniniň, asetilholiniň, bradikininiň bölünip çykmaklygy artýar, haýal täsir ediji jisimler, gistaminiň täsirini güýçlendirýärler. Özüne mahsuslygyny entek ýitirmedik, doly dargamadyk ýokum maddalary-da allergeniň ornuny tutup bilerler. Gan akymyna düşüp, ganda iýmit önümine garşy antitelanyň döremegine getirýär. Zäherler (zaýalanan iýmit-önümleri, doly siňmedik iýmitler), kolit keselinde ýogyn içegede döreýän zähärli maddalar, bagyryň kesellerinde, böwrekleriň işiniň bozulmagynda bedende döreýän zäherler hem allergen bolup bilerler.

Mörjew allergiýasy hem bolup biler. Olar stafilokokklar, streptokokklar we beýleki mörjewler tarapyndan, köplenç ötüşen infeksiýalaryň ojaklaryndan emele gelýän allergenlerden ybaratdyr. Iteşeniň patogonezinde, degna ulgamynyň işiniň bozulmagynyň möhüm ähmiýeti bar, ylaýta-da wegetatiw degna ulgamynyň işiniň bozulmagynyň möhüm ähmiýeti bar. Onuň kadalaşdyryjy merkezi – gipotalamus, çüňki ol ýerde degna impulslary gumoral impulsyna öwrülýär. Bölünip çykýan asetilholin, gistaminiň täsirine meňzeş, gan damarlaryň reaksiýalaryny berýär. Gan sorujy mör-möjekleriň (peşeleriň, büreleriň, aýakçylaryň) çakan ýerine olaryň tüýkülikleri bilen derä, gistamin görnüşli himiki işjeň jisim düşýär. Iteşeniň döremeginde içege soguljanlarynyň orny uludyr. Iteşeniň kliniki alamatlary köpdürli bolýar, şoňa görä-de iteşeniň birnäçe görnüşlerini tapawutlandyrýarlar: ýiti, şol sanda Kwinkanyň ýiti çäkli çişi, dowamly gaýtalanýan iteşen.

**Ýiti iteşen**. Ýiti iteşen duýdansyz başlamagy bilen häsietlenýär, güýçli gijilewük bolýar we dürli ululykdaky eşen örýär, olar deriniň üstünde güberilip, deriniň derejesinden ýokary galyp durýar, gülgün-gyzyl reňkli, adatça tegelek görnüşli, ýöne olar biri-biri bilen goşulyşyp, uly zolaklary emele getirýärler we näsagyň umumy ýagdaýy ýaramazlaşýar (gyzgyny göterilýär garyn-içege näsazlygy, üşütme we ş.m.). Eşenler köplenç göwrede, el-aýaklarda, ýanbaşda ýerleşýärler. Nemli bardalarda-da, ýagny dodaklarda,

dilde, gaňşyrowukda, burunda, bogazda, bokurdakda örmegi mümkin. Şeýle bolanda näsagyň ýuwdunmasy we dem almasy kynlaşýar. Örgün döränden soň, 1-2 sagadyň dowamynda ýitip gidýär. Ýiti iteşen birnäçe günläp dowam edýär.

**Ýiti çäkli çiş – Kwinke çişi** (gaty uly iteşen, damar-degna çişi). Deride, nemli bardalarda we deri asty ýag gatlagynda, ýüzde (dodaklarda, ýaňaklarda, gabaklarda we başg.) ýa-da jyns synalarda, duýdansyz, ýiti, çäkli çişiň döremegi bilen häsiýetlenýär. Elläp göreniňde deri gaty-maýyşgak bolýar, ak ýa-da gülgün reňkli, hiç hili duýgular adatça bolmaýar, seýrek agyry we gijilewük azar berýär. Birnäçe sagatdan ýa-da günden soň çiş ýatýar, ýöne keseliň soň ýene-de gaýtalanmagy mümkin. Çiş bokurdakda, dem alyş ýolunda bolanda, ol ýol gysylyp, näsagyň bogulmagy mümkin.

**Dowamly gaýtalanýan iteşen.** Ögrüniň seýregräk bolmagy bilen tapawutlanýar, ýöne birnäçe aýyň, ýylyň dowamynda tutgaý görnüşli, wagtal-wagtal gaýtalanyp durýar.

Iteşen, bedeniň dowamly duýgurlygynyň ýerliginde döreýär. Beýle duýgurlygy, ötüşen infeksiýaly ojaklar (tonzillit, adneksit we ş.m.), garyn-içege ýolunyň işiniň bozulmagy, bagyryň näsazlygy we ş.m. döredýärler.

Keseliň gaýtalanmagy, deriniň islendik ýerlerinde eşeniň örmegi bilen häsiýetlenýär, örgünler tiz wagtdan yzyna gaýdýar we dürli dowamlylykda bolup biler. Örgün örende näsaga güýçli gijilewük, ukysyzlyk azar berýär, onuň degnasyna degýär.

B e j e r i l i ş i. Ýiti we dowamly iteşende, olary döredýän sebäpleri tapmak we aýyrmak örän möhümdir. Esasy ünsi berhize, ýaşaýyş düzgünine, nerw ulgamynyň ýagdaýyna, garyn-içege ýoluna, şonuň ýaly-da ötüşen infeksiýaly ojaklary tapmaklyga we bejermeklige gönükdirmeli.

Esasy bejergi – duýgurlygy aýyrýan, gistamine garşy serişdeleri ulanmak. Madda çalyşmak hadysasyny kadalaşdyrmak üçin, näsaglara demiriň serişdelerini bellemeli, ýokum bejergisini geçirmeli.

Keseliň agyr görnüşinde (ýiti Kwinke çişi) kortikosteroidler, buşukdyryjy, içsürýän serişdeleri, gistaglobulini ulanýarlar.

Daşky bejergi suwly–sink pastasy, gormonal melhemleri ulanylýar.

## HÜNÄR BILEN BAGLANYŞYKLY (HBB) DERI KESELLERI

Senagatda, önümçilikde gyjyndyryjylaryň täsir etmegi netijesinde döreýän deri kesellerine hünär bilen baglanysykly deri keselleri diýilýär. Soňky ýyllarda hemme döwürlerde diýen ýaly hasam ylym-tehnikanyň, senagatyň ösen döwürlerinde hbb keseller, olaryň hatarynda hem deri keselleri barha köpelýär. Senagatda, oba hojalyk işlerinde yzygiderli täze himiki maddalaryň ornaşdyrylmagy bu deri kesselleriniň köpelmegine getirýär.

Ötüşen deri keseli önümçilik zyýanlar zerarly azyp ýitileşen bolsa, ony hünär bilen baglanysykly kesel diýip hasaplamaýarlar (ötüşen süýjübaşyň durmuşdaky himiki maddalar bilen galtaşmagy esasynda beterleşmegi).

Hünär bilen baglanyşykly deri kesellerini esaslandyrmak üçin deri allergiki barlaglaryny (testleri) geçirmeli. Hbb deri keseline uçran adamlaryň işde birnäçe ýeňillikli şertlere haklary bardyr. Bu şertler zähmet hakyndaky degişli kanunlarda görkezilýär.

Hemme hünär bilen baglanyşykly deri keselleri 100% diýlip alynsa, ondan 90 %-den köprägi himiki maddalaryň zyýany esasynda emele gelýär. Şolaryň 6%-infeksiýaly we mugthor mörjewlerinden, 2 % fiziki maddalardan ybaratdyr. Käbir hünärlerde hünär bilen baglanyşykly bellikler, nyşanlar bolýar: kömürçileriň, nebitçileriň, asfaltçylaryň derileri garalýar, deňizçiler, oba hojalyk işgärleri günüň aşagynda garalýarlar, ýer gazýanlarda, odun çapýanlarda gury gabarçaklar emele gelýär we beýlekiler.

**I Hbb deri kesellerinň himiki sebäpleri**

a) ilkinji gyjyndyryjylarynyň täsiri zerarly döreýän hbb deri keselleri - epidermitler, galtaşma deri çismesi, himiki ýanyk;

b) allergiki hbb deri keselleri - allergiki deri çismesi, süýjübaş, toksikodermiýa, iteşen, Kwinke çişi;

c) uglewodorodlaryň täsirinden döreýän hbb deri keselleri - follikulitler, iriňli düwürtikler, toksiki melanodermiýa, deriniň galňamagy.

**II Hbb deri kesellerinň fiziki sebäpleri:**

a) mehaniki sebäpleriň netijesinde döreýän deri keselleri - gabarçak, mehaniki deri çismesi, trawmatik zeper ýetmek;

b) termiki sebäpleriň täsiri zerarly döreýän deri keselleri - üşemekden, doňmadan derinin gögermegi, çişmegi, ýanmak;

c) gün şöhlesiniň täsiri zerarly döreýän deri keselleri – gün şöhlesinden deri çismesi, ýiti rentgen deri çismesi - I-II-III derejeli deri çismesi we dowamly rentgen deri çismesi;

d) elektrik şikes ýetmegi - tok urmak.

**III Ýokanç we mugthor mörjewlerden döreýän deri keselleri:**

a) basillýarly deri keselleri - beze pisint (erizipeloid), deri inçekeseli, otbaş, merezýel;

b) wirusly deri keselleri - sagymçynyň düwünjikleri;

c) haýwanlardan geçýän deri keselleri;

d) derinin goturak keselleri.

E t i o p a t o g e n e z i. Daşdan täsir edip, hbb deri kesellerinin döreýän gyjyndyryjylarynyň hataryna dürli himiki maddalar, fiziki (ýanmak, doňmak), söhleler, mehaniki şikesler, infeksiýalar (mörjewler, wiruslar, goturaklar) we başg. girýärler. Ähli himiki maddalar derä täsir edişleri boýunça üç esasy topara bölünýärler:

1. Gyjyndyryjy maddalar.
2. Günüň täsirini artdyrýan maddalar.
3. Bedeniň duýgurlygyny artdyrýan maddalar.

Birinji topardaky maddalar olar derini ýakyarlar, deride ýara emele getirýärler, saç haltajyklaryna zeper ýetirýärler.

Ikinji topara, günüň şöhlesine duýgur edýän we deri keselleriniň döremegine sebäp bolýan maddalar (gudron, asfalt, tol) girýärler.

Üçünji topara allergiki deri kesellerini döredýän himiki maddalar girýärler, olara allergenler diýilýär. Daşdan ýa-da içden derä täsir edip, allergiýa döredýärler we deri kesellerinin döremegine sebäp bolýarlar (toksikodermiýa, süýjübaş , iteşen we başg.)

Hbb deri keselleriniň döremeginde, himiki maddalaryň deriniň ýokumy bilen goşulyşyp, düzümi boýunça çylsyrymly maddalary emele getirip bilýän häsiýetine uly ähmiýet berilýär.

*Ýonekeý sebäpleriň täsir ediş ýollary.* Hbb deri kesellериniň döremeginde, gyjyndyryjy sebäpleriň göni derä täsir etmegi uly orun eýeleýär.

Deri bilen galtaşmakdan başga, önümçilik, senagat allergenleri, dem alyş, garyn-içege, sanjym ýollary bilen hem bedene täsir edip bilýärler. Antigenler senagatda has köp ýaýran, derä galtaşyk ýoly bilen täsir edýän halatlarynda, hbb keselini anyklamak üçin giç başlaýan allergiki reaksiýasy usullarynyň netijesini jemlemek (deriniň we beýleki öjükdirijileriň, şol sanda immunologiki barlaglaryň netijelerini bermek), deri kesellerinň ilkinji başlan wagtyny anyklamak möhümdir.

Hökmany suratda bilmeli zatlaryn biri - şol önümçilikde işleýän işgärleriň arasynda şoňa meňzeş deri keselli adamlaryň barlygyny anyklamak. Diňe şu agzalan zatlaryň hemmesi bilelikde alnanda deri keseliniň hbb esaslary bolýar.

Keseliň hbb häsiýetlidigini tassyklamak üçin, näsagyň işleýän ýerinden iş şerti barada doly sanitar-gigiýeniki häsiýetnama bolmaly. Ony SES-iň senagat-sanitar lukmany berýär. Näsagyň işleýän ýerini, zähmet şertini bilmek üçin, dermatologyň önümçilige gidip tanyşmagynyň ähmiyeti uludyr. Birnäçe işgärlerde, birmeňzeş deri keselleriniň bolmagy keseliň hbb häsiýetlidigini aýdyň görkezýär.

Dermatologiýada hbb deri keselleriniň sebäbini, patogenezini bilmek üçin, laboratoriýa we funksional usullaryň toplumy ulanylýar: 1) damja usuly - barlanýan jisimiň dürli doýgunlykda – 0,5 % - 2,5 % - 5 % spirtli ergini ulanylýar. Netijesi 24-48-72 sagatdan barlanylýar.

Kompres, ýapgy barlag usullary bileklerde, gollarda, arkada barlanylyar. Dört gat, 2x2 sm, dörtburçly hasany, barlanýan jisimiň suw ergini bilen ölläp, ýokarda görkezilen ýerleriň birisine goýmaly, ýapgyň üstüni ýapgy kagyzy bilen örtmeli we hasa bilen baglamaly. Netijesini 48 sagatdan soň barlamaly, olaryň dürli gornüşleri:

Iň pesi - ýöne gyzarmak;

Ondan güýçlüsi - gyzarmak, çişginlik, düwünjigiň döremegi;

Güýçli - çişginlik, köp sanly düwünjikler, kiçijik pakgarçaklaryň döremegi;

Has güýçli - süýjübaşyň alamatlary bolyar.

H b b  d e r i  k e s e l l e r i n i ň  k l i n i k i  a l a m a t l a r y.

**Galtaşyk hbb deri çismesi** diňe gyjyndyryjynyn düşen, täsir eden yerinde döreýär. Çylşyrymlaşan ýagdaýynda - iriňli gabarçyklar, iriňli kesmejikler emele gelýärler. Galtaşyk gyjyndyryjynyň täsiri kesilenden soň, deri çismesi gutulmak bilen bolýar.

**Hbb allergiki deri keselleri** (allergiki deri çismesi, toksikodermiýa, süýjübaş, şöhle deri çismesi). Önümçilik allergenleriniň täsiri netijesinde hbb allergiki deri keselleri döreýär:

a) allergiki deri çişmesi - bu kesel uzak wagtlap käbir himiki zatlaryň galtaşmagyndan soň bolýar, kesel başlanmaka gizlin döwür bolýar. Şeýle näsaglary senagat allergenleriniň täsirinden halas etmek üçin başga işe hemişelik geçirmek maslahat berilýär.

b) professional toksikodermiýasy - hbb allergiki deri çismesinden tapawudy, toksikodermiýa himiki jisimleriň dem alyş, garyn-içege ýollary bilen, sanjymlaryň, seýrek ýagdaýlarda deri arkaly bedene siňip, bedene zäherlemegi, duýgurlygyny artdyrmagy netijesinde döreýär. Näsagyň umumy yagdaýy bozulyar. Örgün deriniň köp ýerlerine ýaýraýar we köpgörnüşli tegmiller, düwünjikler, iteşen, kiçi we uly gabarçaklar bolýarlar.

c) professional süýjübaş (ekzema) keseli. Munuň patogenezinde belli bir derejede önümçilik täsirleriň: merkezi degna, aşgazan, içege we beýleki ulgamlaryň kadaly işlemeginiň bozulmagy uly orun tutýarlar. Süýjübaş, bedeniň önümçilik allergenlerine allergiýa, ýokary duýgurlyk bilen jogap bermegi zerarly ýüze çykyar. Duýgurlyk başda haýsy bolsa-da bir jisimiň ýa-da köp dürli jisimleriň täsirleri netijesinde çykyp biler.

Deri keselleri ilki başda deriniň açyk yerlerinde döräp, soň deriniň islendik ýerlerinde bolup, ýaýrap biler. Zeper ýeten yerleriň, deriniň zeper ýetmedik, sag ýerleri bilen araçägi mese-mälim bolup suwjarmaklyk güýçli däl. Kliniki alamatlary boýunça hakyky süýjübaşdan känbir tapawutlanyp durmaýar.

Hbb süýjübaşly näsagy senagat allergenleriniň täsirinden halas etmek maksady bilen, ony başga işe geçirmeklik maslahat berilýär. Eger-de kesel erjellikli dowam etse, onda näsagy maýyp topara geçirmeli we her ýyl täzeden gözegçilik edip durmaly.

**Gün şöhlesinden döreýän deri çismesi.** Bu kesel önümçilikde fotodinamiki täsirli, yagny adamyň bedeniniň söhlä duýgurlygyny köpeldýän jisimler: ýaglar, nebit, kömür, metil gök, eozin, marganes, demir, sulfanilamidler, simap we başg. bilen iş salyşýan adamlarda duş gelýär. Şöhle deri çismesi günün aşagynda işleýän adamlarda-da duş gelýär. Söhle deri çismesi uzaga çekmeýär. Fotodinamiki täsir edýän jisimleri aýyrsaň, kesel tiz gutulýar. Şoňa gorä-de näsagy keselleýän döwründe zyýanly şöhläniň täsir edip bilmejek başga bir işe geçirmeklik maslahat berilýär.

B e j e r i l i ş i. Derä suwly, ýagly pastalary, şöhleden goraýan kremleri çalmaly.

## KIÇI ÝAG DÜWÜRTIKLERI

Bu kesel önümçilikde maşyn ýaglarynyň, nebitiň, benziniň we beýleki uglewodorodlaryň derä degýän ýerlerinde döreýär.

K l i n i k a s y. Gollaryň, bilekleriň epilmeýän arka taraplarynda, butlarda, göwräniň ön tarapynda, ýagny endamyň tüýli ýerlerinde düwürtikler döreýär. Olaryň ortasynda gara nokat döreýär. Ol deriniň buýnuz teňňejiklerinden, şepbik şekilli jisimden we deri ýagyndan emele gelýär. Düwürtigiň töweregi kän gyzarmaýar, emma saç haltajyklarynyň çismesinde örgüniň töweregi gyzarýar, çismek alamatlary döreýär.

B e j e r i l i ş i. Çylşyrymlaşmadyk yagly düwürtikleriň töweregini spirtli erginler bilen supürmeli, buýnuz erediji dermanlary, ultramelewşe söhlesini ulanmaly. Işden soň sabynlanyp ýyly suwa ýuwunmaklyk, iş eşiklerini çalşyrmaklyk maslahat berilýär. Şeýle näsagy başga işe geçirmeli.

## Zäherlenme melanodermiýa

Bu kesel nebit önümleriniň, daşkömrüň bedene edýän ýaramaz täsiri zerarly döreýär we köplenç deriniň açyk ýerlerinde bolýar. Bu keseliň geçişinde üç döwür bolýar:

1-nji döwründe - deriniň gysga wagtlaýyn gyzarmagy, uly pigment tegmilleri gijilewük, ot basylýan ýaly alamatlar ýüze çykýar.

2-nji döwründe - pigmentlenmegiň güýjemeginden başga-da, birleşýän, goşuluşýan, kül reňkli tegmiller peýda bolýarlar, düwürtikler, küti buýnuzlyk we tozgalanmak alamatlary ýüze çykýarlar.

3-nji döwründe – düwürtikler, küti buýnuzlyk, pigmentlenmekden basga-da, deriniň ýukalan ýaly, deri damarjyklarynyň giňelmegi, deriniň tozgalanmagy ýüze çykýar. Näsagyň umumy ýagdaýy ýaramazlaşýar, başy aýlanýar, ýadawlyk, ysgynsyzlyk we şoňa meňzeş alamatlar bolyar.

B e j e r i l i ş i. Näsagyň işini çalyşmaly, ýokumlar ( ýokumlar „C”, „B” topary we başg.) bilen glýukoza hem-de bagryň işleýşini oňatlaşdyrýan dermanlary ulanmaly.

## HBB howply çişler

Bu kesel köplenç 10-15 ýyllap, zyýanly, çiş dörediji maddalar (daşkömür, şepbik, nebit distillyatlary we ş.m.) bilen iş salyşýanlarda deriniň açyk ýerlerinde döremegi mümkin. Köplenç bazalioma, tekiz öýjük görnüşli howply çiş - düwnük keseli döreýär.

Zyýanly fiziki täsirleriň netijesinde döreýän hbb deri keselleri - mehaniki, termiki, elektrik togy we şöhlelenme ýaly täsirleriň netijesinde ýüze çykyp biler.

## Mıkroblaryň döredýän professional deri keselleri

Deriniň gyzarmasynyň - gyzylýel (erizipeloid), doňuz gyzylýelli atly morjewleri (basillalar) döredýärler. Bu köplenç et kombinatynyň, konserw, balyk zawodlarynyň işgärlerinde duş gelýär. Mörjewler deriniň bitewüliginiň bozulan, zeper yeten ýerlerinde bedene aralaşýarlar.

K l i n i k i  a l a m a t l a r y - deriniň gyzarmagy, çişmesi, kiçijik we uly gabarçaklaryň döremegi ýaly alamatlar ýüze çykyarlar. Bu hadysada bogunlarda näsaglygyň duýulmagy, limfatiki mäzleriň ulalmagy, gyzgynyň galmagy ýaly alamatlar hem duş gelýär. Köp halatlarda bu kesel dowamly geçýär. Eger-de dem alyş, garyn-içege ýoly bilen täsir etse, onda allergiki reaksiýa tiz ýüze çykýar. Käbir birleşmelerde birbada allergiki reaksiýalaryň iki görnüşi-de ýüze çykýar. Şeýle ýagdaýda dürli kliniki alamatlar bolýar: galtaşýk çişmesi , süýjübaş , iteşen, toksikodermiýa we başg.

Himikiýa we derman senagatynda hbb deri keselleriniň sebäpleri: ýokumlar B1, B6, B12, antibiotikler, aminazin, PASK, nowokain, furasilin, riwanol, hloramin, olaryň ýarym önümleri we başgalar diýlip hasap edilýär.

Oba hojalyk mehanizatorlarynda deri keselleriniň sebäpleri: himiki jisimler (benzin, kerosin, çalynýan yaglar, dizel yangyçlary, mineral dökünler, zäherli himiki önümler we başg.)

Maldarçylyk toplumynda işleýänlerde goturak mörjewleri, wiruslar duş gelýär.

Hbb deri keselleriniň patogenezinde esasy orun oýnaýan zatlar: neýro-endokrin, merkezi degna ulgamlarynyň işleriniň bozulmagy, goh-galmagallaryň täsiri, deriniň üstüniň pH-nyň üýtgemegi.

Hbb deri keselleriniň diagnozyny esaslandyrmak üçin bilmeli zatlar:

1. Zähmet şertleri.
2. Işçiniň kesp-kär ýoly.
3. Zähmet çekýän wagtlary işçiniň iş salyşýan zatlary barada doly häsiýetnama.

Keseliň anamnezini ýygnamak, himiki maddalar bilen isleýän näsagda keseliň dörän wagtyny anyklamak, işe başlamazdan ön şu keseliň bolmandygyny resminamalar bilen tassyklamak.

Diagnozy tassyklamak üçin ähli belli bolan barlaglary geçirmeli.

B e j e r i l i ş i. Antibiotikleri, ýokumlary,ultramelewşe şöhlelerini ulanmak.

## Sagymçylaryň düwünjikleri

Sygyrlarda mama keselini döredýän wiruslardan emele gelýär. Bu kesel bilen köplenç sagymçylar, mal lukmanlary keselleýärler. Kesel ýokuşandan 3-4 günden soň ýüze çykyar.

Örgün köplenç eliň barmaklarynda, penjelerde, bileklerde, seýrek ýagdaýda ýüzde duş gelýär. Adatça bir ýa-da birnäçe, gatyrak, nohudyň ululygy ýaly ululykda ortasy çökediräk düwünjikler döreýär. Ortasynyň

çökediräk ýerinde gury kesmejik ýa-da iriňlik emele gelýär. Kesel gutulandan soň giperpigmentasiýa galýar. Örgüniň dowamlylygy 1-hepdeden birnäçe aýa çenli dowam etmegi mümkin.

Öňüni alyş çäreleri - önümçiligi mehanizmleşdirmek (süýt sagýan maşynlar bilen üpjün etmek).

## HBB goturak keselleri

Esasan lukmanlara, mal lukmanlaryna, meýdan işçilerinde, dellekhanalarda, hammamlarda, mikrobiologiýa laboratoriýalarynda işleýänlere ýokuşyp biler. Keseliň ýokuşmaklygy köplenç näsag adamlar ýa-da haýwanlar bilen iş salyşanda, degişli kada-kanunlar berjaý edilmeýän halatlarda bolup biler. Kliniki alamatlary boýunça hbb däl goturak kesellerinden tapawudy bolmaýar.

**Hünär bilen baglanyşykly deri keselleriniň öňüni alyş çäreleri:**

1. Önümçilikde tehnologiýany kämilleşdirmek, mehanizimleşdirmek we awtomatizasiýalaşdyrmak.
2. Önümçilikde ylmy taýdan esaslandyrylan, zähmedi ýeňilleşdirmek şertlerini berjaý etmeklik keseliň azalmagyna eltip biler.
3. Çäreler: a) sanitar-tehniki çareleri: wentilýasiýa, ýuwunmak üçin jaýlaryň bolmagy, şahsy şkaflaryň, ýörite iş geýimleriniň bolmagy zerurdyr; b) sanitar-gigiýeniki çäreleri: jaýy süpürmek, ýuwmak, jaýda çaň-tozanyň bolmazlygyny gazanmak, ýörite iş geýimlerini ýuwmak, abatlamak çärelerini geçirmek, sabyn bilen üpjün etmek.
4. Wagtal-wagtal medisina barlaglaryny geçirmek, ylaýta-da täze işe giren adamlary - syrkawlary wagtynda ýüze çykarmak üçin.
5. Şahsy goraýyş enjamlary (ýörite iş geýimler, ellikler, ýaglar, pastalar) ilkinji medisina kömegi üçin niýetlenen dermanhanajyklaryň bolmagy.

## PSORIAZ
## (lat.Psoriasis vulgaris)

Bu kesel (türkm. teňňeli demrew) ýygy duş gelýän deri keselleriniň biridir. Käbir awtorlaryň aýtmaklaryna görä, psoriaz, ähli deri keselleriniň, 3–6 % tutýar. Bu kesel aýallarda we erkeklerde deň derejede duş gelýär. 20 ýaşdan 30 ýaşa çenli has köp duş gelýär. Emma ýaşlyk, çagalyk döwründe hem duş gelmegi mümkin.

E t i o l o g i ý a s y häzire çenli belli däl, ýöne birnäçe çaklamalar bar:

1. Infeksiýa çaklamasy, irki çaklamalaryň biri. Käbir awtorlar streptokokk, beýlekiler – goturak mörjewleri, spirohetanyň käbir görnüşini, aktinomiset we şuňa meňzeşleriň tapylanyna esaslanypdyrlar. Emma bu çaklama-da – soňa baka ýerliksiz hasap edilipdir.

2. Wirus çaklamasy boýunça, käbir alymlar psoriazyň, täze ören örgüninden wirusa meňzeş bir dokymajyk tapýarlar.

3. Endokrin çaklamasy. Käbir alymlar bu kesel bilen kesellän näsaglarda, madda çalyşmagynyň, ýagny galkan görnüşli (timus) we jyns mäzleriniň, işleriniň peselýändigini anyklapdyrlar.

4. Nerw çaklamasy. Köp alymlar, bu keseliň döremegine, köp halatlarda, nerw ulgamlarynyň sebäp bolýandygyny ündeýärler.

5. Tohum yzarlama çaklamasy. Bu çaklamanyň tarapdarlary, psoriaz keselli näsaglaryň, atasynda ýa-da ejesinde, ýakyn dogan-garyndaşlarynda ýagny, tohumynda haýsy bolsa-da birinde şu keseliň barlygyna ýa-da bolandygyna esaslanýarlar. Immunologiki barlaglar bilen (HZA-ny kesgitläp), bu çaklamany dogry tapýarlar.

Bu çaklamalaryň her biriniň her bir näsag üçin, belli bir derejede ähmiýeti bardyr, ýöne ähli näsaglar üçin birdeň derejede ulanyp bolmaýar.

K l i n i k a s y. Psoriazyň ilkinji kliniki alamaty – gyzyl reňkli darynyň dänesi ýaly düwünjikleriň döremegi. Örgüniň diňe düwünjiklerden durýanlygy üçin, oňa birgörnüşli (monomorf) örgün diýilýär.

Düwünjikleriň üsti kümüş şekilli ak teňňejikler bilen örtülýär. Düwünjikler köpelýär we ulalýarlar, biri–biri bilen goşuluşyp, deriniň ençeme ýerini tutýarlar, uly teňňeler emele gelýär. Olaryň araçäkleri mese-mälim, ýöne egri-bugry bolýar.

Örgünler köplenç elleriň, aýaklaryň arka, epilmeýän taraplarynda bolup, ylaýta-da tirsek we dyz bogunlarynda, kelläniň saçly ýerlerinde döreýär. Psoriazyň örgüni deriniň islendik ýerlerinde bolup biler. Psorizyň örgüni köplenç näsagy biynjalyk etmeýär, ýöne käbir näsaglarda az-kem gijilewügiň bolmagy mümkin.

Örgünleriň iň köp duş gelýän ýeri tirsek we dyz bogunlarydyr. Psoriazyň örgüni, käbir näsagyň derisiniň belli bir bölegini, hat-da derisiniň ähli ýerini-de tutmagy mümkin. Örgüniň ululygyna ýa-da kiçiligine garamazdan, ählisiniň üstünde, kümüş şekilli ak teňňejikler bolýar, olar öz-özünden tozgalanýan ýaly, näsagyň eşigine, düşegine, ýere dökülýär. Bu kesele üç alamat mahsusdyr (Auşpisin üçlügi):

1. Teňňejikleriň üstüni gazalanyňda, şem damjasynyň üstüni gyraňda dökülýän gyryntga meňzeş teňňejikler-tozgajyklar dökülýär - stearin tegmiliniň alamaty.
2. Teňňejikleri düwünjikleriň üstünden gazalap aýranyňdan soň, ýukaja perdejik görünýär - ahyrky perdejik alamaty – psoriaz perdesi.
3. Emaý bilen gazalap, şol ýukaja perdä zeper ýetirseň, nokada meňzeş, irki düşen çyg damjajygy ýaly, gan damjajyklary görünýär. Muňa nokatlyja, çyg görnüşli gan öýme ýa-da Polotebnewiň alamaty diýilýär.

Keseliň geçişini üç döwre bölmek bolýar:

a) ösýän, köpelýän, beterleşýän (progressiw) döwri, munda täze düwünjikler döremegini dowam edýär we töwerekleýin ösüp ulalýarlar, gijilewük bolýar.

b) durgunlyk, asuda (stasionar) döwri, bu döwürde täze düwünjikleriň döremegi, köpelmegi we ulalmagy togtaýar, gijilewük bolmaýar.

c) keseliň örgüniniň öçüşip; gutulyşyp barýan (regressiw) döwri. Örgüniň ösüp bolup, indi köpelmeýän, ösmeýän, ulalmaýan, asuda (stasionar) döwründe, düwünjikleriň, uly teňňeleriň töwereginde, giňligi 2-5 mm çemeleri, solgunrak, az-kem çöken ýaly, owkalanyp ýene-de düzedilen kagyza meňzeş, owunjak ýygyrtly zolajyk, halkajyk emele gelýär. Oňa Woronowyň galp, ýalan atrofiýa halkasy diýilýär. Bu alamat keseliň peselýän (regressiw) döwrüdigini aňladýar, örgünleriň galyňlygy kemelýär.

Keseliň ösüş (progressiw) döwründe, näsagyň derisiniň gyjynan, ýagny sürtülen, ýyrtylan, kesilen, sanjylan, egin-eşigiň gyjyndyrýan ýerlerinde, psoriazyň täze düwünjikleri döreýär. Şoňa Kebneriň reaksiýasy ýa-da Kebner fenomeni diýilýär.

Örgün kelläniň saçly ýerlerine örende, köplenç saçly ýeriň gyralarynda, näsagyň maňlaýynda-da döreýär. Muňa psoriazyň täji diýilýär.

Psoriazda düwünjikleriň dürli hili bolmagy mümkin :

1. Ownuk, darynyň nokat ýaly dänesine çalymdaş (psoriasis punctata).
2. Damja merjimek ýaly (psoriasis guttata).
3. Tegelek, diametriniň ululygy 1-3 sm düwünjikler örende, oňa teňňe görnüşli diýilýär (psoriasis nummularis).
4. Eger-de, örgün dürli sypaty, şekili emele getirse – geografiýa kartasyny ýada salýar (psoriasis figurata, seu geographica ).
5. Tegelek, halka görnüşli örgünler hem duş gelýär (psoriasis annularis, seu orbicularis).

Örgün solup, öçüp gidenden soň, olaryň ören ýerlerinde agyrak tegmiller galýar. Ol tegmillere deriniň ýalan, galp ak tegmilleri (ýalan leýkoderma) diýilýär.

Psoriazyň dürli kliniki görnüşleri:

**Psoriazyň seboreýaly görnüşi** (proriasis seborrhoicum). Bu görnüşi köplenç seboreýa keselinden ejir çekýän näsaglarda duş gelýär we örgün, esasan-da kükrekde, ýüzde, kelläniň saçly ýerlerinde we epinlerde bolýar (ýag mäzleriň köp ýerinde)

**Follikulýar psoriaz** seýrek duş gelýär. Psoriazyň follikulýar görnüşinde, uşajyk, darynyň dänesi ýaly ululykda, ortasy guýguç ýaly çöken, düwünjikler örýär.

**Siňňil görnüşli psoriaz** seýrek duş gelýän görnüşlerine degişlidir. Bu görnüşinde, örgüniň, düwünjikleriň üstünde emziklije ösüntgiler örýär. Psoriazyň bu görnüşi köplenç aýaklarda, gursakda, kelläniň saçly ýerlerinde döreýär.

**Ekssudatiw psoriaz.** Keseliň bu görnüşiniň duş gelişi seýrek däl. Bu ýagdaýda, psoriazyň düwünjikleriniň üsti çalymtyl-sary kepejikli teňňejikler bilen örtülýärler. Beýle örgünler, köplenç epinlerde (göwüsleriň aşagynda, goltuklarda, satanyň arasynda) bolýar we kähalatlarda örgüniň üsti sypjyrylyp, suwjaryp durýan görnüşine-de duş gelinýär.

**Eliň aýasynyň we dabanyň psoriazy.** Keseliň bu görnüşi köplenç agyr zähmet bilen meşgullanýan nžsaglarda duş gelýär.
**Dyrnaklaryň psoriazy.** Bu görnüşi, näsaglaryň 10% töwereginde duş gelýär, olar köplenç elleriň dyrnaklarynda ýerleşýärler. Dyrnaklaryň üsti "oýmagyň üsti" ýaly öýjük-öýjük çukurjykly bolýar.
**Bogunlara zeper ýetirýän psoriaz.** Bu görnüşi psoriazyň agyr geçýän halatlarynda duş gelýär. Köplenç barmaklaryň bogunlaryna, bil, türre bogunlaryna zeper ýetýär. Keseliň aralaşan bogunlarynda artrit, artroz, hatda ankiloz ýaly ýagdaýlar döreýärler.
**Iriňli gabarçakly psoriaz**, eliň aýasynda, dabanlarda deri gyzaryp, galňap, deri asty iriňli gabarçaklar döreýärler we iriňli goňajyklar bolýarlar.
**Psoraitiki eritrodermiýa.** Keseliň seýrek duş gelýän görnüşi. Bu ýagdaý keseliň beterleşýänliginiň, agyrlaşýanlygynyň alamaty. Köp halatlarda, näsag öz-özüni bejerjek bolup, ýa-da başga biriniň, tebip-sumaklaryň we başgalaryň maslahatlary boýunça nädogry bejeriş geçirip, özüni şeýle agyr ýagdaýa getirýär. Näsagyň derisi tutuş diýen ýaly gyzarýar, tozgalaýar. Ýüzüniň, gulaklarynyň, kellesiniň saçly ýerleriniň derisiniň üstüne un sepilen ýaly bolýar. Deri galňaýar, çişýär, elläniňde gyzgynlyk duýulýar. Näsagda gijilewük döreýär, derisi gyzyp ot basylýan ýaly bolýar. Umumy ýagdaýy ýaramazlaşýar, gyzgyny 38-39° C, çenli ýokarlaşýar, gasyk mäzleri çişýärler, ulalýarlar.

Psoriazyň geçişi her näsagda her dürli bolýar. Käbir näsaglarda tirsek, dyz bogunlarynda ýerleşen uly teňňe görnüşli örgünler onlarça ýyllaryň dowamynda aýrylman durýarlar, olara sakçy, nobatçy uly teňňeleri diýilýär, beýleki bir näsaglarda keseliň kliniki alamatlary, diňe kelläniň saçly ýerinde ýa-da diňe eliň aýasynda, dabanlarda, käsiniň, diňe dyrnaklarynda bolýar.

Psoriazdan gutulmagyň dowamlylygy dürli hili bolýar, ýagny birnäçe aýdan, onlarça ýyla çenli kesel ýitip gidýär, gaýtalanmaýar, käbir näsagda bolsa keselden halas bolmak, keseliň aýrylyp, ýitip gitmegi (remissiýa) asla-da bolmaýar.

Keseliň iň agyr geçýäni psoriatiki eritrodermiýa (erythrodermia psoriatica) hasaplanylýar. Onuň iriňli gabarçakly (psoriasis pustulosa) we bogunlary zaýalaýan (psoriasis arthropatica) görnüşlerine-de duş gelinýär.

Käbir näsaglarda psoriazyň başlamagy, gaýtalanmagy gyş aýlaryna gabat gelýär, muňa keseliň *gyş görnüşi* diýilýär. Käbirlerinde tomus bolýar, oňa keseliň *tomusky görnüşi* diýlip atlandyrylýar. Näsaglaryň birnäçesinde belli bir pasylda bolman, gyş hem, tomus hem gaýtalanyberýär, beýle ýagdaýda oňa keseliň garyşyk görnüşi diýilýär.

B e j e r i l i ş i. Duýgurlygy (sensibilizasiýany) peseldýän dermanlary glýukonat kalsiý 10%-10,0 ml, tiosulfat natriý 30%-10,0 ml gan damaryna goýbermek. "$B_1$", "$B_6$", "$B_{12}$" , "A", "PP" ýokumlary bellenýär.

Immunulgamy galdyrýan (immunstimulirleýji) dermanlary pirogenal, prodigiozan, aloe, FIBS, metilurasil, lewomizol we başg. ulanmak maslahat berilýär.

Gepatoprotektor dermanlary: essensiale, karsil, liwolek we başg. ulanylýar.

Dezintoksikasiýa garşy dermanlary: gemodez, medisol gan damaryna goýbermeli.

Psoriazyň agyr geçýän görnüşlerinde (eritrodermiýa, bogunlary zaýalaýan we iriňli gabarçakly) gormon dermanlary ulanylýar prednizolon, polkortolon we başg.

Fiziobejergi ulanmak hem mümkin: kwars, D´Arsenval, PUVA- bejergi. Keseliň regressiw döwründe Arçman we Berzeňňi mineral suwlary gowy netije berýär.

Daşky bejergi:

Keseliň ösüş (progressiw) döwründe derini gyjyndyrmaýan ýaglary: 2% borly, 2% salisil ýaglaryny, Unnanyň kremini we başg. ulanmaly. Keseliň ösmegi togtaşandan soň, durnukly döwründe güýçlüräk ýag dermanlaryny: 5% salisil ýagyny, 10% ihtioly peýdalanmaklyk maslahat berilýär.

## GYZYL TEKIZ DEMREW
## (Lichen ruber planus)

Bu kesel deri keselleriniň 0,5-1,0%-ni tutýar. Ol köplenç 30-60 ýaş aralygyndaky adamlarda duş gelýär.

E t i o l o g i ý a s y häzire çenli belli däl, ýöne birnäçe çaklamalar bar: Degna çaklamasy. Bu çaklama, keseliň degna-psihiki, galagoply ýagdaýdan soň başlamagynyň seýrek dälligi bilen esaslanýar. Infeksiýa çaklamasy. Käbir awtorlar keseliň döremeginiň sebäbi mörjewler, wiruslar hasaplaýarlar.

Zäherlenme çaklamasy. Käbir alymlar gyzyl tekiz demrewi, garyn-içege ýolunda döreýän zäherli maddalara, näsagyň derisiniň berýän reaksiýasy hasaplaýarlar.

K l i n i k a s y. Köplenç bilekleriň epilýän iç tarapynda, gursakda, köp burçly, tekiz, ýasy, gögümtil – gyzyl melewşe öwüşginli, bugdaýyň dänesi ýaly ululykda düwünjikler döreýär. Düwünjikler kän ulalmaýarlar, kähalatlarda bolsa biri-biri bilen goşulyşyp, durgun gyzyl-gögümtil reňkli, melewşe öwüsýän, ýalpyldawuk düwünjikleri emele getirýärler, olaryň ortasynda göbege meňzeş çöketjik bolýar, üstünde ejizje agymtyl torjagaz görünýär (Uikhemiň torjagazy). Düwünjikleriň ýa-da uly teňňeleriň üstüni wazelin ýagy bilen süpürseň, torjagaz has gowy görünýär.

Näsaglary gijilewük wagtal-wagtal has güýjeýän wagtynda biynjalyk edýär. Örgün diňe bir deride bolman, eýsem nemli bardalarda-da, ylaýta-da agyz boşlugynda, diliň üstünde, gapdallarynda bolýar. Bu ýagdaýlarda hem örgüniň üstünde Uikhemiň torjagazyny ýatladýan, agymtyl soluk tegmillerden torjagazlar emele gelýärler. Käte dodaklaryň gyzyl gaýmasynda, köplenç dodakda gögümtil-gyzyl reňkli düwünjikler döreýär. Gyzyl tekiz demrewiň örgüni köplenç taýly bolýar, käbirinde örgün näsagyň bütin endamyny tutýar. Käte dyrnaklara-da zeper ýetýär.

Gyzyl tekiz demrewiň kliniki görnüşleri:

**Gipertrofiki ýa-da siňňil görnüşli gyzyl tekiz demrew.** Keseliň bu görnüşinde aýaklarda garamtyl goňur reňkli, siňňile meňzeş, ýasy düwünjikler döreýär, olar özara goşuluşyp, uly teňňelere öwrülýärler we teňňejikler bilen örtülýärler.

**Buýnuz ýa-da küti buýnuz görnüşi.** Keseliň bu görnüşinde aýaklaryň injiklerinde örgün bolup, olaryň üsti köpsanly, berk ýapyşan, çalymtyl-kül reňkli teňňejikler bilen örtülen, asbest şekilli bolýar.

**Kiçi we uly gabarçakly gyzyl tekiz demrew.** Bu görnüşinde, kesele mahsus örgüniň üstünde kiçi we uly gabarçaklar, pakgarçaklar döreýär.

**Gyzarýan görnüşli gyzyl tekiz demrew.** Keseliň bu görnüşinde deriniň ep-esli ýerinde, köplenç gursakda, el-aýaklarda birdenkä, almanyň reňkine meňzeş, tutuş gyzyl çişginlik we tozgalanma döreýär. Bu kesele mahsus alamatlary görmek aňsat düşmeýär.

**Pigmentli tekiz demrew**, käbirleri keseliň bu görnüşine gara tekiz demrew diýýärler (örgüniň reňkiniň has gara bolýany üçin). Şular ýaly ýagdaýda örgün gijilewükli bolýar.

**Atrofiki gyzyl tekiz demrew,** haçan-da düwünjikleriň käbir ýerleri has çökýär.

**Sypjyrylan ýara görnüşi,** örän seýrek duş gelýär. Keseliň bu görnüşinde uly teňňeleriň ortasynda ýüzleýje ýara emele gelýär. Ýaranyň gyralary gädilen, ýaranyň üstüne abanyp duran, töwereginde gögümtil-menewşe reňkli düwünjikler, uly teňňeler bolýar. Beýle ýaralar agyz boşlugynyň nemli bardalarynda, eliň aýasynda, dabanlarda, daşky jyns synalarynda hem bolup biler. Ýaralar örän durumly, bejergi olara az täsir edýär.

Gyzyl tekiz demrew howpsuz geçýär, ýöne onuň näçe uzaga çekjegini öňünden aýdyp bolanok. Ýiti geçýän ýagdaýynda, kesel birnäçe günüň ýa-da aýyň dowamynda geçip, gutulyp gidýär, emma dowamly görnüşiniň birnäçe ýyllara çekmegi mümkin. Keseliň gipertrofiki görnüşinde bejergi oňat täsir etmeýär.

B e j e r i l i ş i. Antibiotikler ampisillin, penisillin, eritromisin we başg.

Ýokumlar “$B_1$”, “$B_6$” – nikotin turşusy we başga dermanlar

Duýgurlygy (sensibilizasiýany) peseldýän, aýyrýan kalsiý hlorat, kalsiy glýuconat, natriy tiosulfat erginleri.

Grizeofulwin peros 0,125 mg (2-3 hepde).

Presosil 1 gurtdan 3 gezek (1-2 aýyň dowamynda).

Geliý – neon lazeri ( verrukoz görnüşlerinde).

Daşky bejeriş-gormonly ýaglary ulanmak (diprosalik, elocom, gidrokortizon,flusinar we başg.)

**Psoriazyň we gyzyl tekiz demrewiň bir-birinden kliniki tapawutlary**

| Alamatlar | Psoriaz (Psoriasis) | Gýzýl tekiz demrew (Lichen ruber planus) |
|---|---|---|
| Ilkinji morfologik alamatlary | Düwünjik, al-gyzyl reňkli, tegelek şekilli, töwerekleýin çalt ösýär. Üsti kümüşe çalym edýän ak teňňejikler bilen örtülen | Düwünjik gök-gyzyl menewşe öwüşgünli, köpburçly örgün. Örgün haýal ösýär. Örgüniň üstünde Uikhemiň torjagazy we göbek ýaly çöketjik bolýar. |
| Auşpisyň üç alamatlary | + | – |
| Kebneryň izomorf reaksiýasy | + | + |
| Köplenç ýerleşýän ýerleri | Dyz, tirsek bogunlary, kelläniň saç ösýän araçäginde | Bilekleriň epilýän – iç tarapy, injikleriň öň tarapy |
| Arz-şikaýat | - | Güýçli gijilewük |
| Geçişi | Dowamly | Dowamly |

## BIRLEŞDIRIJI DOKUMALARYŇ KESELLERI (KOLLAGENOZLAR)

Kollagenozlar birleşdiriji dokumalaryň keselidir. Deriniň bu keseli birleşdiriji dokumalara zeper ýetirmek we autoimmun prosesi bilen häsiýetlenýär. Bu adalga bilen 1) ýiti eritematozy; 2) sklerodermiýany dermatomioziti; 4) düwünjikli periartriti birleşdirýärler.

Birleşdiriji dokumalar ýürek-damar ulgamynda, bagyrda, böwreklerde, deride we başga synalarda köpdür. Şeýlelikde kollagenoz keseline ähli synalar diýen ýaly sezewar bolup bilerler. Şoňa görä bu kesellere ulgamlaýyn kesel diýilýär.

## NAGRALANÝAN GYRMYZYLYK
## (lupus erythematodes)

Gyrmyzylyk keseliň çylşyrymlaşma hadysalarynyň döremeginde autoimmun patologiki reaksiýa, birinji derejeli ähmiýet berilýär.

Mümkin wirus sebäpli köp mukdarda antitelalar ýygnanyp, patologiki immun toplumy döräp, bedeniň öýjükleriniň öz ýokumlaryna garşy çykyp, keseliň beterlemegine sebäp bolýarlar. Şoňa görä-de, häzir gyrmyzylyk keselini immun toplumlar toparyna goşýarlar. Gyrmyzylygyň islendik görnüşinde, gumoral we öýjük antitelalary: LE-faktor, kardiolipine, koagulýanta, leýkositlere, eritrositlere garşy antitela, rewmatoid faktor tapylýar. Olar ep-esli ululykda bolup, öýjügiň özenini gyra gysýarlar. Şular ýaly yagdaý öýjükleriň arasynda azat ýatan gornüşinde-de duş gelýär. Şeýle ýagdaýlarda olar neýtrofilin aglýutinasiýasynyň merkezi bolýarlar . Ulgamly gyrmyzylykda leýkositiň özenine garşy antitela tapylyar, oňa gyrmyzylyk faktory diýilýär. Keseliň döremegine ýa-da beterleşmegine köplenç sowuklamak, dermanlar (antibiotikler, waksinalar, syworotkalar), şonuň yaly-da ultramelewşe şöhläniň , degna-psihiki we başgalaryň täsiri ýardam edýärler. Gyrmyzylyk kliniki geçişi boýunça kiçi ojakly, ýayran we dürli görnüşlere bölünýär.

**Kiçi ojakly gyrmyzylyk.** Keseliň bu gornüşinde örgünler adatça näsagyň ýüzünde (burnunda, aýaklarynda, maňlaýda, eňeginde) ýerleşýär. Bu keseliň dowamly görnüşi üç alamat bilen häsiýetlenýär: gyzarmak (eritema), kütibuýnuz (giperkeratoz) we deriniň erbet iýmitlenmegi (atrofiýa). Bu kesel seýrek, kelläniň saçly ýerinde, gursagyň, arkasynyň ýokarky böleginde, eliň barmaklarynda hem ýerleşmegi mümkin. Keseliň bu görnüşiniň ilkinji morfologiki alamatlary - deriniň gyzarmagy aýdyň araçäklidir. Başda düwünjikden soň ýeňil-ýuka infiltrat emele gelýär. Gyzyl tegmil töwerekleýin ösmäge, giňelmäge, ulalmaga meýilli bolýar. Bir-birine golaý ýerleşen gyzyl tegmiller birleşip, infiltratly gyzyl tegmilleri emele getirýärler. Olaryň üstünde derä berk ýapyşan buýnuz teňňejikler döreýär. Bu teňňejikler kynlyk bilen goparylandan soň onuň aşagynda inçe, aýallaryň köwşiniň ökjesine meňzeş (aýalyň köwşiniň ökjesi alamaty) ösüntgi bolýar we saç haltajyklarynyň (follikulalarynyň), ýag mäzleriniň agyzlary giňelip açylyp durýarlar. Tegmilleriň merkezinde deri ýukalýar, töwereginde küti buýnuzly dykyz gyzyl zolak bolýar. Teňňejikleri kynlyk bilen aýranyňda näsag agyry duýýar (Benýe-Meşerskiý alamaty).

Kiçi ojakly gyrmyzylykda tegmilleriň töwereginde keseliň ötüşen görnüşiniň ikilenji derejeli alamatlaryny görmek, ýagny deriniň ýüzleý damarjyklarynyň giňelmegi, pigmentiň köpelmegi ýa-da azalmagy netijesinde ýüze çykýan gararak ýa-da ak tegmiller (giper ýa-da gipopigmentasiýa) bolýar. Keseliň alamatlary näsagyň burnunda, gulaklarynda ýerleşende, garamtyl nokatlaryň bolmagy saç haltajyklarynyň (follikulalaryň) agzy giňelip, küti buýnuz, tozgalanmak we oýmagyň üsti (oýmak alamaty) ýaly

alamatlar bolýarlar. Tegelek şekilli görnüşinde köplenç burnuň üstünde, ýaňaklarda yerleşmegi kebelegiň görnüşine meňzeş bolýar. Dodagyň gyzyl jäheginde ýeňilje tozgalanýan atrofiýajyklar döreýär, käte gatyrak, çişe meňzes, çäklije çişjagaz bolup, käte dodagyň jaýrylmagy, infiltrat gan gatyşan kesmekler döräp, dodak çişýär (heýlit).

Agyz boşlugynyň nemli bardasynda ýarajyklar, purpura alamatlary döreýärler (leýkoplakiýa).

Kelläniň saçly yerinde kesel ilki seboreýa, suwjarýan demrew (süyjübaşa menzeş) bolup, soň yz-nagra galdyrýar. Soňra ol ýerde saç ösmeýär we ömürlik takyr bolup galýar.

**Ýaýraň gyrmyzylyk.** Örgün görkezilen ýerlerden başga-da boýunda, penjelerde, döşde we başga ýerlerde örýär. Adatça köpsanly uşak, çişginli, gyzyl reňkli tegmiller, gowşak çişginlik, ujypsyz tozgajyklar bolýar. El-aýaklaryň damarlaryna zeper ýetýär, derä gan öýýär (waskulit), deri gögerýär (akrosianoz). Ganda eritrositleriň çökmek tizligi çaltlaşýar, leýkositleriň azalmagy (leýkopeniýa), az ganlylyk (anemiýa), ganda proteiniň möçberiniň azalmagy (disproteinemiýa) ýaly ýagdaýlar ýüze çykýar. Näsagda bogunagyry, gyzgynlygyň ýokary galmagy ýaly alamatlarynyň bolmagy mümkin.

## ULGAMLARA ZEPER ÝETIRÝÄN GYRMYZYLYK

Keseliň bu görnüşi deride hiç hili alamatlarynyň ýok ýagdaýynda hem döräp biler ýa-da keseliň beterleşýän halatlarynda ýüze çykýar. Keseliň bu görnüşi geçisi boýunça: ýiti, ýarym ýiti we dowamly görnüşlere bölünýär. Keseliň beterleýän halatlarynda onuň alamatlaryna baglylykda: deri-bogun, böwrek, bagyr, öýken, degna görnüşleri bolýar.

**Ýiti gyrmyzylyk.** Keseliň bu görnüşiniň duýdansyz başlanmagy mümkin ýa-da prodromal (gyzgyny 39-40° C, gowşaklyk, kellagyry, ukysyzlyk, işdäsizlik, bogunlaryň agyrmagy we başg.) ýagdaýyndan soň döreýär. Örgün näsagyň ýüzünde, göwresinde, el-aýaklarynda döreýär. Beze görnüşli hem bolmagy mümkin. Onda ýüz çişme, gögümtil-gyzyl reňkli we başga alamatlar ýüze çykýar. Kämahal, suwluja gabarçaklar, kesmekler bolýar. Göwräniň , el-aýagyň derisinde köpsanly suwluja gabarçaklaryň, ganly-iriňli kesmekleriň, elleriň barmaklarynyň tener bölüminde, barmak bogunlarynyň iç tarapynda (eliň aýasy), damar çismesiniň (waskulit) alamatlary, ganöýmek (gemorragiýa), gögermek (akrosianoz) ýaly alamatlar döreýärler. Trofiki näsazlygyň (saç düşme, süňküň döwülmegi we başg.) bolmagyňda seýrek duş gelmeýär. Agyz boňlugynyň nemli bardalarynda - suwluja gabarçaklar, jerhet bolyarlar. Süňk-bogun görnüşinde - bogun agyrysy, seýrek bogun çişmesi (artrit), agyry we miozit bolýar. Agyrmaklyk ilki uşak bogunlarda bolup, soň iri bogunlara geçýär. Keseliň iň agyr, näsagyň janyna kast edýän görnüşi, öýken görnüşidir. Böwrek çişmesi, böwregiň

näsazlygynyň alamatlary bilen, kähalatlarda deri örgüni hiç-hili alamatsyz hem geçip biler.

**Gyrmyzylykda ýürek-damar ulgamlarynyň keselleri.** Adatça waskulitler ýaly, Reýnonyň sindromy görnüşinde geçýär. Bu hadysa ýüregiň ähli gatlaklary gatnaşýar, köplenç miokardyň we perikardyň çişmeleri, seýrek halatlarda endokardyň çişmesi bolýar.

Öýken zeperlenmegi (pnewmoniýa, plewrit) öýken çişmesi, öýkeniň daşyny örtüp duran perdäniň çişmesi.

Garyn-içege zeperlenmegi - seýrek duş gelýär. Ähli näsaglarda diýen ýaly bagryň işi bozulýar we lýupoid gepatit görnüşinde bolýar. Ganda: leýkositleriň azalmagy (leýkopeniýa), trombositleriň azalmagy (trombositopeniýa), limfasitleriň azalmagy (limfopeniýa), gemolitiki az ganlylyk, EÇT-niň çaltlaşmagy ýaly ýagdaýlar bolýarlar.

B e j e r i l i ş i. Hinolin hataryna degişli dermanlar, gün şöhlesiniň täsirine garşy, antigen- antitelo reaksiýasyny aýyrýan dermanlar: hingamin, rezorhin, delagil, plakwenil, olar 0,2-den her günde iki gezek 5 günüň dowamynda berlip, 5 gün hem arakesme etmeli. Gyzdyrma (malýariýa) garşy dermanlar ulanylanda, çylşyrymlaşmanyň bolmagy mümkin: baş aýlanma, görüşin peselmegi, ukysyzlyk, ýüregiň agyrmagy çalt urmagy, ganyň düzüminiň üýtgemegi we başg.

Ýokumly bejergi (nikotin turşusy, ýokumlaryň "B" topary we "C" ýokumy), olar çişmeklige we şöhläniň zyýanly täsirine garşý, şonuň ýaly-da "A", "E", "P" ýokumlary, bular okisleşdirme-bejeriş hadysalary kadalaşdyrýarlar.

Dürli glýukokortikoidleri ýokary möçberde ulanmaklyk zerurdyr, ýöne çylşyrymlaşmagynyň bolmazlygy üçin kaliý, kalsiý duzlaryny, anaboliki gormonlary (nerobol, metandrostenon) bermeli. Ojakly (çäkli) gyrmyzylykda soňky döwürde presosil ulanylýar. Presosilyň düzümine girýär: prednizolon-0,75 mg, hlorohin fosfat- 40 mg, asetilsalisilli turşulyk - 200 mg. Ulgamlara zeper ýetirýän gyrmyzylygyň bejeriş usuly: prednizolon günde 10-15 mg we delagil 0,25-den günde iki gezek, bejeriş möhleti 5 gün, goşmaça alfa-tokoferol - 50 B günde iki gezek, metionin – 0,25 günde iki gezek. Jemi 4-5 bejeriş möhleti.

Immuniteti galdyrýan dermanlar (gammaglobulin, autogemoterapiýa).

Dürli gyrmyzylygyň agyr geçýän görnüşlerinde sitostatikleri (metotreksaty) bermeklik möhümdir.

Daşky, ýerli bejergi - gormonal melhemler, kremler: "Luç", "Şit".

## SKLERODERMIÝA
## (Sclerodermia)

Bu keseliň sebäbi şu wagta çenli belli däl, patogenezi hem doly öwrenilmedik. Bular barada birnäçe çaklamalar bar:

Nerw ulgamynyň bozulmalary;

Içki synalaryň bozulmalary;
Madda çalşygynyň üýtgemegi;
Endokrin çaklamasy;
Tohum yzarlama (genetiki) çaklamasy.

Bu, ähli zyýanly hadysalar, daşardan täsir edýän zyýanly ýagdaýlar (sowuklama, radiasiýa we başg.) bilen birleşip, deride, damarlarda, hatda içki synalarda-da ýerleşen birleşdiriji dokumalaryň ulgamynda çuň disproteinemiýanyň we autoimmun hadysasynyň döremegine ýardam edýär.

Sklerodermiýa çäklenen, tutuş we ulgamly görnüşinde bolýar.

## ÇÄKLENEN SKLERODERMIÝA

Keseliň bu görnüşine zolak görnüşli, tegmilli (ak tegmiller) we ojakly görnüşleri girýärler. Ilki bilen gyzyl çişginlirák tegmil, solgun-gyzyl reňkli, gyzyl-melewşe reňkli bolup döreýär. Olaryň ululygy teňňäniň ululygyndan tä eliň aýasynyň ululygyna çenli bolup biler, töwereginiň araçägi aýdyň. Ortasynyň reňki soň solup başlaýar we piliň süňküniň reňkine meňzeşdir, töwereginde gögümtil reňkli zolak galýar we zeper ýeten ýer gataýar, üsti tekizlenýär, ýaldyraýar, ýygyrtlary tekizlenýär, saçlar düşýär, follikulalaryň agzy tekizlenýär, deri kynçylyk bilen ýygrylýar. Ýag we der mäzleriniň işi, deriniň duýgurlygy peselýär, soň atrofiýa ýüze çykýar, töweregindäki gyzyl reňkli zolak halka ýitýär, gatamaklyk artýar, çünki deriniň zeper ýeten ýerinde birleşdiriji dokumalaryň ýerinde nagra döreýär. Şeýlelikde ojakly sklerodermiýanyň kliniki geçişinde üç döwür bolýar: çişginlik, gatamaklyk, atrofiýa.

**Ojakly sklerodermiýa** köplenç göwrede, boýunda, ellerde, aýaklarda bolýar, seýrek ýüzde duş gelýär. Ýüzde, esasanam maňlaýda ýerleşende zolak ýa-da çyzyk gornüşinde bolýar. Bu köplenç çagalarda duş gelýär we gylyç bilen çapylan şekilli bolýar. Adatça deriasty dokumalara, süňklere, fassiýalara, etlere, ýalkandaklara zeper ýetip, ýaralar döräp, mutilýasiýalar bolýarlar.

**Ak tegmiller keseli.** Dürli ululykda, atrofiki ak tegmiller döreýärler we tegelek, süýrüräk, aýdyň araçäkli, üsti ýyldyraýan, deriniň ýygyrtlary tekizlenen, deriniň saryja tüýjagazlary bolmaýar. Tegmilleriň töwereginde gyzylymtyl-gara pigmentleşen zolak bolýar. Beýle yagdaý köplenç boýunda, gollarda, bileklerde, gursagyň ýokarky böleginde bolýarlar.

## DIFFUZ SKLERODERMIÝA

Kesel köplenç şikesden, galagoply ýagdaýlardan, basyk (angina) we başgalardan soň ýüze çykýar. Keseliň prodromal döwürde ysgynsyzlyk, kellagyry, ýadawlylyk ýaly alamatlar, şol sanda ýüzüniň gany gaçan, reňki solan, eliniň, aýagynyň sowamagy yaly alamatlar bolýarlar. Kesel köplenç Reýnonyň sindromy bilen başlanýar: damarlaryň daralmagy, deriniň

gögermegi, üşetmek, el-aýagyň guruşmagy, deride garynja ýöreýän yaly, el-aýagyň bogunlarynyň agyrmagy ýaly alamatlar bolýar. Şol ýerin derisi tekiz, dartylan, sowuk, solgun-gyzyl bolýar. Eliň barmaklary epilýär, trofiki üýtgeşikler bolýar, ýagny derlemeklik kesilip, deri gury bolýar, jaýrylýar, dyrnaklar zaýalanýar.

Tutuşlaýyn sklerodermiýalarda kesel ilki başda näsagyň ýüzünde we penjelerinde bolýar, soňra göwrä zeper ýetýär. Keseliň ösdügiçe deriniň gatamagy artýar, el-aýagyň barmaklary inçelýär, derisi süňküne ýapyşan ýaly, barmaklaryň bogunlarynyň hereketi çäklenýär. Barmaklary depregiň taýajyklaryna ýa-da merhumyň barmaklaryna meňzeýär. Ýüzüň myşsalaryna, deriasty ýagly gatlaga keseliň zeper ýetirmegi zerarly burny inçelýär, agyz deşigi daralýar, owurtlar çekilýär, dodaklar ýukalýar, ýüzi örtük şekilli gara reňkli bolýar. Kesel seýrek ýagdaýlarda agyz boşlugynyň nemli bardasyna-da aralaşýar. Damakda, dilde atrofiýa bolýar, ýuwdunmak, nahary ýuwutmak kyn bolýar. Kelläniň saçly ýerlerinde aponewrozyň atrofiýasy bolýar, saçlar düşýär, teleangiektaziýa bolyar.

B e j e r l i ş i. Ýokumlar: „A”, „E”, „C”, birleşdiriji dokumalaryň ýagdayyny kadalaşdyrmak üçin.Gialuronidazanyň aktiwligini kemeldýänligi sebäpli fermentleri (lidaza, ronidaza, çüýşe pisint beden) ulanylyýar.

Antibiotikleri, esasan-da penisillini uzak wagtlap, uly möçberde ulanmak.

Proteolitiki fermentleri: tripsin ýa-da himotripsin hlorid natriniň izotoniki ergininde ulanmak. Ganyň mikrosirkulýasiýasyny kadalaşdyrmak üçin gan damarlaryny giňeldýän no-şpa, adrenalin, ATF, nikotin turşusyny, nikoşpan, komplamin dermanlary ulanmak.

Gyzdyrma keseline garşy (antimalýariýa) sintetiki dermanlary delagil, hingamin, plakwinil ulanmak örän peýdaly.

Keseliň başlangyç döwründe glýukokortikoidleriň ortaça dozasyny ulanmaly.

Poliglýukini 6-7 gezek damara guýmak, ganyň doňmaklygyny we gan aýlanyşygyny kadalaşdyrýar.

UWÇ, ultrazwuk, ozokerit, parafin we başg.

## DERMATOMIOZIT
## (Dermatomyositis)

Deriniň et dokumalarynyň ulgamly keseliniň agyr görnüşidir. Keseliň etiologiýasy we patogenezi entek belli däl. Birnäçe nazarýet bar:

infeksiýa nazarýeti;

infeksiya-allergiýa nazarýeti, bu keseliň käbir kesellerden soň (faringit, sinusit, gulak agyrysy otit, gyzamyk we başg.) döremegi. Çünki olar infeksiýanyň ojagy, çäklenen ýagdaýdaky infeksiýalar bedende autosensibilizasiýasyny döretmekde uly orun tutýarlar.

madda çalyş nazarýeti - keseliň döremeginde, geçmeginde birnäçe yagdaýlar (sowuklamak, antibiotikleri, sulfanilamidleri ulanmak we başg.) uly ähmiýete eýedirler.

K l i n i k a s y. Kesel ýiti geçýär. Kesel näsagda umumy gowşaklyk, gyzdyrmak, üşütmek ýaly alamatlardan başlanýar. Onda güýçli kellagyry, el-ayaklarynyn güýçli agyrmagy, baş aýlanmagy, ýürek bulanma ýaly alamatlar ýüze çykýarlar. Bu ýagdaýda näsagyň ýüzi gyzarýar we çişýär, esasan-da gözleriniň töwereginde, gözäýnegine meňzeş gögümtil-gyzyl çişginlik emele gelýär. Kämahal beýle çişginlik näsagyň ýüzüniň ýarsyny tutýar we bolşy ýaly kebelege meňzeş alamatlar emele gelýär. Derä zeper ýetmek bilen bir hatarda etlere-de zeper yetýär. Onuň esasy alamatlarynyň biri, beterleşýän beden gowşaklygy we hereketsizlige duçar bolmak. Näsagyň ala-skelet etlerine hem-de gol guşaklygynyň etlerine zeper yetýär. Bokurdagyň etlerine zeper ýetse näsag düwünýär, sesi üýtgeýär, hat-da sesi çykman galýar. Gol guşaklygynyň etlerine zeper ýetende, näsag ýüzüni ýuwup ýa-da daranyp-da bilmeýär, ýörände entirekleýär, peşewini, hajatyny saklap bilmeýär. Şondan soň näsagyň 1.5-2 ýyl ýaşamagy mümkin. Näsag köplenç interkurrent (ýürek, bagyr, öýken, böwrek we ş.m.) kesellerinden heläk bolýar, ölýär.

B e j e r i l i ş i. Kortikosteroidler, antibiotikler, allergiýa garşy dermanlar, ýokumlar we ş.m. ulanylýar.

## DERINIŇ PAKGARÇAKLY KESELLERI

Pakgarçakly deri keselleriň hataryna iki kesel – deriniň hakyky pakgarçakly keseli we uçuk görnüşli Dýuringiň dermatiti girýär.

## DERINIŇ HAKYKY PAKGARÇAKLY KESELI
## (Pemphigus vere)

Bu gaty agyr geçýän deri keseli bolup, deriniň göräýmäge, sagdyn ýerinde, bir görnüşli örgüniň (monomorf) – uly gabarçaklaryň örmegi bilen häsiýetlenýär we näsagyň ýagdaýy gün-günden peselip başlaýar (kortikosteroidler ulanylyp başlamazyndan öň, köplenç, näsag ölýärdi).

Keseliň etiologiýasy entek anyklanylanok. Bu keseliň döremeginiň sebäbi barada köp sanly çaklamalar, nazarýetler bar: infeksiýa ýa-da wirus, maddalaryň çalyşmalarynyň üýtgemegi, degna we endokrin ulgamlarynyň üýtgemegi sebäpli, emma olaryň hiç birinde-de ýeterlik subutnama ýok. Soňky ýyllarda, keseliň döremeginiň autoimmun teoriýasyny köp makullaýarlar, sebäbi deriüsti tikenekli gatlagynyň öýjüklerini bir-birine ýelmeýän jisimiň düzüminde bolýan antigen komponentine garşy antitela tapylan. Bu keseliň döremeginiň esasy mehanizmi – öýjükara birikdiriji tikenek süýümjikleriň eremegi (akantolizis).

Hakyky pakgarçakly kesel şu aşakdaky kliniki görnüşlere bölünýär:

Adaty görnüşli pakgarçak (pemphigus vulgaris)

Ösüntgi görnüşli pakgarçak (pemphigus vegetans)

Ýaprak şekilli pakgarçak (pemphigus foliaceus)

Seboreýa görnüşli pakgarçak (pemphigus seborrhoicus seu erythematosus).

## Adaty pakgarçak keseli

Bu görnüşi, uly gabarçakly deri keseliniň iň köp ýaýran kliniki görnüşidir. Köplenç 40-60 ýaşly adamlarda duş gelýär. Soňky ýyllarda kesel "ýigdelip", 18-25 ýaşlylarda-da bolýar. Keseliň bu görnüşi, köplenç (60-70%) halatda duýdansyz başlaýar we örgün agyz boşlugynyň nemli bardasynda döräp, köp wagtlap keseliň ýeke-täk alamaty bolup galýar, şoňa görä-de, şeýle näsaglar, ilki bada ýaraly stomatit diagnozy bilen, stomatologlarda bejerilýän halatlary-da seýrek bolmaýar. Agyz boşlugunyň nemli bardalarynda, owurtlarynda, dilinde, näsagyň kentlewüginde, açyk-gyzyl reňkli ýüzleý ýarajyklary (sypjyryklary) görmek bolýar, olaryň üsti, kämahal çalymtyl jerhet bilen örtülgi bolýar. Ýüzleý ýarajyklaryň töwereginde, suwly gabarçaklaryň ýyrtylan gabygynyň galyndysy bolýar. Dodaklaryň gyzyl zolagynda ýerleşen ýüzleý ýarajyklar, galyň, ganly kesmekler bilen örtülýärler. Güýçli agyry sebäpli beýle näsaglaryň nahar iýmegi, geplemegi kynalýar, agzyndan gan gatyşykly tüýkülik akýar. Birnäçe wagtdan soň näsagyň döşüniň, göwresiniň, el-aýagynyň derisinde uly gabarçaklar döreýärler. Olaryň dörän ýeriniň derisi göräýmäge sagdyn ýaly. Uly gabarçaklaryň gabygy ýuka bolýar, içiniň suwuklygy ilki serozly, soňa baka serozly-iriňli bolýar. Uly gabarçaklaryň gabygy tiz ýyrtylýar, ýerinde ýüzleý ýara galýar. Onuň üsti açyk-gyzyl reňkde bolýar, gyrasynda ýarylan-ýyrtylan gabygyň galyndysy galýar. Ýüzleý ýaralar özara goşulyşyp, uly ýüzleý ýarany emele getirýärler.

Hakyky pakgarçakly keselleri anyklamak üçin birnäçe alamatlary ýüze çykarmaly: Nikolskiniň alamaty – uly gabarçagyň gabygyny jüpdek bilen tutup çekseň, gabyk, goräýmäge sag derä tarap birnäçe aralyga soýulyp gidýär. Asbo-Ganzeniň alamaty. Uly gabarçagyň üstüne barmak bilen basanda, suwuklyk, goräýmäge sagdyn derä tarap süýşýär. Iki pakgarçagyň arasyndaky derini barmagyň bilen gatyrak sürtseň şol ýeriň derisi soýulýar. Bu üç alamat akantolizis sebäpli döreýär. Kortikosteroid dermanlar bilen bejerilmese, kesel barha güýjeýär, ýagny ýüzleý ýaralar ulalyp, deriniň köp ýerini tutýarlar, näsagyň umumy ýagdaýy ýaramazlaşýar (gyzgyny galýar, garyn-içege ýolunyň işi bozulýar, bedende duz, peşew bilen çykman ýygnanýar we ş.m.) – bularyň barysy bedeniň zäherlenmegine, kaheksiýa eltýär we näsagyň ölümine sebäp bolýarlar.

## Ösüntgi görnüşli pakgarçak keseli

Keseliň bu görnüşi ilki başlan döwründe, kliniki alamatlary boýunça, keseliň adaty görnüşine meňzeş bolýar. Örgün agyz boşlugynyň nemli bardalaryndan başlaýar, ýöne keseliň bu görnüşi, uly gabarçaklaryň, deriniň

uly epinlerinde (goltuklarda, aýallaryň göwsüniň astynda, gasykda, butlaryň epinlerinde we başg.) örmegi bilen häsiýetlenýär. Birnäçe wagtdan soň, şol ýerleriň dokumalary ösüp başlaýar, uzynlygy 1 sm çenli ösüntgiler döreýär, horazyň kekeji ýaly ösüntgi döreýär, olar öljerip, porsy ysly bolýar, näsagyň umumy ýagdaýy ýaramazlaşýar. Bu pakgarçakly keseliň iň agyr görnüşidir. Öz wagtynda bejeriş almasa näsag 3-4 aýdan soň ölýär.

## Ýaprak şekilli pakgarçak keseli

Keseliň bu görnüşi ýiti başlaýar, başlan döwründe köplenç çäkli bolup, agyrlaşan ýagdaýynda deriniň ähli ýeri diýen ýaly örgünli bolýar, gababçaklaryň gabygy ýuka bolýar, tiz ýyrtylyp,ýelimli ýaly ýuka kesmek emele gelýär, onuň aşagyndan ýene-de täze gabarçak döreýär we şeýlelikde gat-gat, üste-üste goýulan ýapraklar ýaly, kesmejikler emele gelýär. Keseliň bu görnüşinde, deriniň ähli ýeri diýen ýaly zeperlenýän wagty seýrek bolman, eritrodermiýa ýagdaýyna eltýär. Keseliň by görnüşi, has howply geçýän kliniki görnüşidir. Tutuş alnan döwründe kesel köpe çekip bilýär. Keseliň bu görnüşinde Nikolskiniň alamaty hemişe döreýär.

## Seboreýa görnüşli pakgarçak – Senir-Aşer sindromy

Bu kesel näsagda, eritematozyň (lupus erythematodes), hakyky gabarçakly deri keseliniň we seboreýaly deri çişmesiniň alamatlarynyň döremegi bilen suratlandyrylýar. Keseliň alamatlary ýüzde, kelläniň saçly ýerinde, gursagyň, arkanyň ýokarky böleginde döräp başlaýar we ýagly teňňeler, kesmejikler, gabarçaklar emele gelip, olar tiz ýyrtylyp, ýüzleý ýaralar, sypjyryklar bolýar. Bu sypjyryklardan Tsankyň akantolitik öýjüklerini gözlemeli. Hakyky gabarçakly deri keseliniň bu görnüşi, has hoşmeýilli kliniki görnüşidir.

## Hakyky pakgarçakly deri keseliniň anyklanylyşy

Pakgarçaklaryň boşlugynyň düýbünde akantolitik öýjükler (Tsankyň öýjükleri) tapylýar. Aýnajygy, täze dörän gabarçagyň gabygyny ýyrtyp, onuň sypjyrygynyň üstüne basyp, yz galdyryp, Romanowskiý-Gimze boýagyna reňkläp, ulaldyjynyň astynda seretmeli, boýagy gowy siňdiren, Tsankyň akantolitik öýjükleri görünýär.

B e j e r i l i ş i. Häzirki wagtda pemfigus bilen kesellänleri halas edip bilýän ýeke-täk serişde glýukokortikosteroid gormonlarydyr. Bejergini uly, zarba urujy möçberinden başlayarlar: prednizolon 60-100 mg, triamsinolon 40-80 mg, deksometazon 8-12 mg . Serişde örgün doly aýrylýança we ýüzleý ýalar bitýäncä ýokary gije-gündizlik möçberde kabul edilýär, soňra ýuwaş-ýuwaşdan (hepdede 5 mg prednizolon) täze örgüniň döremeginden goraýan

möçbere çenli azaldýarlar. Köplenç bu möçber prednizolonyň 5-10-15 mg ybaratdyr. Bu möçberi aýlaryň, ýyllaryň dowamynda içýärler.
Gormon bilen bejermegiň gaýra üzülmekligiň önüňi almak üçin peýdasy köpdür. Şol bir wagtda kalsiniň, kaliniň (kaliý hloridi, panangin, asparkam) serişdelerini, anabolik gormonlaryny, ýokumlary ulanylýar.
Pakgarçagy bejermekde ýerli bejerginiň aýgytly ähmiýeti ýokdur. Deriniň şikes ýeten ojaklaryna mörjewleriň düşmeginiň öňüni almak zerurdyr. Özlerinde kortikosteroidleri we antibiotikleri saklaýan ýaglary, kaliý permanganatly ýyly suwlary ulanmak bellenýär. Agyz boşlugyna şikes ýetende çopan telpegiň peti, bor turşulygy, furasiliniň ergini bilen çaýkamaly.
Pemfigus bilen kesellänler hassahanada bejerilenden soň dispanser hasabynda durýarlar.

## DÝURINGIŇ UÇUK GÖRNÜŞLI DERMATITI
## (Dermatosis herpetiformis Duhring)

Bu, uzaga çekýän ötüşen, gaýtalanyp durýan deri keseli bolup, islendik ýaşdaky adamlarda, emma köplenç 40-60 ýaşlarda duş gelýär. Bu keseliň döredìji sebäbi häzirlikçe belli däl. Käbir alymlar, bu kesele, içden täsir edýän dürli görnüşli gyjyndyryjylara, bedenine barýan özboluşly reaksiýasy hasaplaýarlar. Bu kesel dürli görnüşli örgün alamatlaryň ýagny,uzak wagtlap saklanýan gyzyl tegmilleriň, düwünjikleriň, ylaýta-da dürli ululykdaky suwly gabarçaklaryň topar-topar bolup ýerleşýän örgünleriň örmegi bilen häsiýetlenýär. Örgün köplenç gursakda, göwrede, el-aýaklarda, uçuk şekilli toparlanyp döreýärler. Suwly gabarçaklaryň içinde dury ýa-da bulançak, kähalatlarda gan gatyşykly suwuklyk bolup, deriniň gyzaran ýerinde döreýärler. Nikolskiniň alamatyny ýüze çykaryp bolmaýar. Gabarçaklar ýarylyp, ýüzleý ýaralar, sypjyryklar emele gelýär ýa-da gurap, iriňli kesmejikler bilen örtülýärler. Gutulandan soň ýerinde garamtylrak yz galdyrýar. Örgün örýän wagtynda güýçli gijilewük döreýär. Kesel beterleşýän wagtynda täze örgünler hatda öňki gutulan örgünleriň ýerinde-de örýärler. Keseliň beterleşmegi tapgyr-tapgyr yzygiderli örgüniň örmegi bilen häsiýetlenýär. Kesel uzaga çekýär, bejergisi kyn. Näsagyň umumy ýagdaýy kanagatlanarly, ýöne güýçli gijilewük zerarly näsaglaryň ukusy bozulýar, gaharjaň bolýar. Keseliň ýiti geçýän döwründe ýa-da iriňlediji mörjewler bilen çylşyrymlaşan ýagdaýynda näsagyň gyzgyny 37,5-39,0 C çenli galýar, ganynda we gabarçaklaryň suwuklyklarynda, leýkositleriň sany köpelýär, eozinofiliya bolyar. Bu näsäglar üçin iň bir häsiýetli zat ol hem bolsa, ýodyň serişdelerine duýgurlygy artýar, ýagny kaliý ýodynyň 5 % ergini näsagyň keselini beterledýär ýa-da kaliý ýodyň 50,0% melhemini ýapsaň 24 sagatdan soň kesel beterläp, täze örgün: gyzyl tegmiller, kiçi we uly gabarçaklar örýär, gijilewügi güýjeýär.

B e j e r i l i ş i. Diaminodifenilsulfon (DDS), dapson, awlosulfon.

DDS bilen bejermegi döwürleýin geçirýärler: 5-6 günün dowamynda 0,05-0,1 gr günde 2 gezek, 1-3 gün sulfanilamid serişdeleri (sulfaton, biseptol) täsirli bolýarlar. Antioksidant häsiýetli serişdeler ulanýarlar: lipoid turşulygy, metionin, foliý turşulygy, retabolil. Ýerli bejeriş, kliniki ýüze çykmasy nazara alnyp, geçirilýär. Gabarcaklary ýarýarlar we anilin boýaglaryny çalýarlar. Kortikosteroid ýaglar çalynýar. Kaliý permanganatynyň, derman otlaryň gaýnan suwunyň ýyly wannalary peýdaly. Gaýtalanmagynyň öňüni almakda bugdaý, çowdary, şüle, arpa önümleri, ýodly önümleri (deniz balygy) düzüminden aýrylan berhiz ähmiýetlidir. Näsaglara ýodly dermanlar zyýanly.

| | **Pakgarçakly deri keseli** | **Dýuringiň uçuk görnüşli deri keseli** |
|---|---|---|
| 1 | Bir görnüşli pakgarçakly örgün (monomorf) | Köp görnüşli örgün (polimorf): uly, kiçi gabarçaklar, düwünjikler, tegmiller |
| 2 | Pakgarçaklar garynda, gursakda, döşde ýerleşýärler | Kiçi gabarçaklar gollarda, göwrede ýerleşýärler |
| 3 | Pakgarçaklar bir-birinden aýry ýerleşýärler | Uşajyk gabarçaklar, uçuk görnüşinde, toparlaýyn ýerleşýärler |
| 4 | Agzyň nemli bardalaryna 60-70% halatda zeper ýetýär | Agyz boşlugynyň nemli bardalaryna zeper ýetmeýär |
| 5 | Örgün gijilewüksiz bolýar | Güýçli gijilewük bolýar |
| 6 | Nikolskiniň alamatyny ýüze çykaryp bolýar | Nikolskiniň alamatyny ýüze çykaryp bolmaýar |
| 7 | Ganda we gabarçaklarda eozinofiller bolmaýar | Ganda we gabarçaklaryň içinde eozinofilleriň mukdary köpelýär |
| 8 | Ýodyň dermanlaryndan kesel beterlemeýär | 5% natriý ýodundan ýa-da 50%-li natriý ýodunyň melhemini ýapandan soň kesel beterleşýär |
| 9 | Gabarçaklarda Tsankyň öýjükleri tapylýar | Gabarçaklarda Tsankyň öýjükleri tapylmaýar |
| 10 | Bejerilişi: gormonal dermanlar (prednizolon, deksametazon we başg.) | Bejerilişi: sulfon hatarynyň dermanlary(DDS,dapson, awlosulfon we başg.) |

## NEÝRODERMATOZLAR

### NEÝRODERMIT (Neurodermitis)

Neýrodermit – uzaga çekýän, dowamly, gaýtalanyp durýan deri keseli. Oňa güýçli gijilewük, lihenizasiýa we düwünjikli örgünleriň örmegi häsietlidir.

E t i o l o g i ý a s y  w e  p a t o g e n e z i. Neýrodermitiň döremeginiň esasy sebäbi, merkezi degna ulgamlarynyň işiniň bozulmagy, wegetatiw we endokrin ulgamlarynyň, şonuň ýaly-da madda çalyşmak hadysasynyň, dürli içki synalaryň işleriniň bozulmagy bilen bagly bolýar. Çagalarda neýrodermit köplenç süýjübaşyň neýrodermite geçmegi bilen döreýär. Neýrodermitiň nesil yzarlamak meýilligi, köplenç ene-atasynda allergiki deri kesellerininiň bolmaklygy bilen bagly bolýar. Çagalarda, emeli iýmitlendirmeklik, garyn-içege ýollarynyň keselleri, madda çalyşmak hadysasynyň bozulmagy we ş.m. neýrodermitiň ýaýraň, erjel geçmegine getirýär, beýle bolanda neýrodermite, **atopiki dermatit** diýilýär.

Kliniki geçişi boýunça neýrodermit çäkli (Neurodermitis circumscripta), ýaýraň (Neurodermitis diffusa) we atopiki dermatit görnüşlerine bölünýär.

**Çäkli neýrodermit.** Neýrodermitiň bu görnüşinde örgün deriniň käbir ýerlerinde boýnuň ýeňsesinde, gapdallarynda, artbujagyň, jyns synalarynyň töwereginde, tirsek we dyz bogunlarynyň epinlerinde çäklije ýerde ýerleşýär we güýçli gijilewük bilen häsiýetlenýär. Deriniň zeper ýeten ýeriniň görnüşi ilkibada göräýmäge üýtgemedik ýaly bolup, gijilewügiň, gaşanmagyň netijesinde, deri galňaýar, gatyrak düwünjikli örgün örýär, ol düwünjikler bir-biri bilen goşulyşyp, dürli ululykda uly teňňeler emele gelýär, olaryň reňki durgunly-gyzyl, tegelek görnüşli, töwereginiň araçäkleri nädogry we aýdyň däl. Deri ýuwaş-ýuwaşdan galňaýar, gataýar, deriniň üstüniň çyzyklary güýjeýär, deride lihenizasiýa bolup geçýär, deri guraksyraýar, onuň tekizligi bozulýar. Çäkli neýrodermitiň adaty ýagdaýynda deriniň zeper ýeten ýerinde üç zolak: merkezi zolak – lihenizasiýaly, ortaky zolak – solgun-gyzyl, ýaldyraýan aýry-aýry düwünjikler bolýar, daşky zolagy - pigmentleşen bolýar.

Zeper ýeten deriniň durgunly-gyzyl ýerlerinde, dyrnak yzlary, tozgaly kesmejikler bolýarlar.

**Ýaýraň neýrodermitde** deriniň zeper ýeten ýerleri köpsanly, örgün bedeniň köp ýerlerine ýaýraýar. Beýle tutuş ojaklar, köplenç, näsagyň ýüzünde, boýnunda, el-aýaklarynyň epilýän taraplarynda, butlaryň içki taraplarynda, jyns synalarynyň töwereklerinde ýerleşýärler. Ilkinji morfologiki alamatlardan esasan, durgunly-gyzyl reňkli, käýerlerde goşulyşyp, tutuş ojaklary emele getirýän düwünjikler bolýar. Bu ojaklarda deri galyň, pigmentlenen, gurak, deriniň üstüniň çyzyklary güýçlenen bolýar. Zeper ýeten deriniň üstünde köpsanly dyrnak yzlary bolýar, deriniň üsti kepek ýaly owunjak tozgalanýar. Näsaglar güýçli, wagtal-wagtal has güýjeýän gijilewükden ejir çekýärler, degna bozulmalary (ukysyzlyk, gaharjaňlyk we ş.m.) ýaly ýagdaýlar ýüze çykýar. Deriniň göräýmäge sag ýaly ýerlerinde-de dermografizm ak bolýar. Ýaýraň, tutuş neýrodermitiň geçişi, ýylyň pasyllaryna görä: tomus aýlarynda oňatlaşyp, gyş aýlarynda beterleşýän wagtlary seýrek bolmaýar. Ýaýraň, tutuş neýrodermit, köplenç, beýleki allergiki keselli (bronhial demgysmasy, wazomotor riniti we ş.m.) näsaglarda duş gelýär, şonuň ýaly-da onuň deriniň iriň gabarçakly keseli, süýjübaş we ş.m. bilen çylşyrymlaşmagy mümkin.

**Atopiki neýrodermit (dermatitis atopica)** kliniki taýdan, deriniň ähli ýerine diýen ýaly ýaýramagy bilen, hatda kelläniň saçly ýerine-de ýaýraýan halatlarynyň seýrek bolmaýanlygy bilen häsiýetlenýär. Deri gury, gaty, galňan bolup, üstünde ownuk, un sepilen ýaly goňaklanýar. Deriniň käbir zeper ýeten ýerlerinde (ylaýta-da tirsek we dyz epinlerinde) deriniň galňamagy has aýdyň, güýçli bolýar, deriniň üstüniň çyzyklary güýjeýär. Deriniň şeýle ýerlerinde, göni çyzylan dyrnak yzlary, iriňli gabarçaklar, kesmejikler bolýar, şonuň ýaly-da, deriniň reňkine meňzeş, toparlanan düwünjikleriň seýrek bolmaýanyny görmek bolýar. Kelläniň saçly ýeriniň derisinde, ownuk un şekilli goňak, darynyň dänesi ýaly uşajyk düwünjikler, iriňli gabarçaklar, goňaklar bolýar, kesmejikler emele gelýär.

Atopiki dermatit, wagtal-wagtal ejir beriji gijilewük, newrotiki hadysalaryň bolmagy bilen häsiýetlenýär we uzaga çekýän (onlarça ýyllaryň dowamynda) erjel geçmegi, bejergä kynlyk bilen boýun egýänligi bilen tapawutlanýar.

B e j e r i l i ş i. Neýrodermitiň, ylaýta-da onuň ýaýraň we atopiki dermatit görnüşleriniň bejergisi ähli taraplaýyn bolmaly we näsagyň iýmitini (berhiz tutmak), zähmetini-dynçlygyny kadalaşdyrmaly. Bejerginiň birinji orunda durýany ýokary duýgurlygy peseldýän kalsiý glýukonaty, kalsiý hloridi, natriý tiosulfaty, gistamine garşy dermanlar dimedrol, diazolin, suprastin we başg., rahatlandyryjy dermanlar bromyň dermanlary, pişik otuny, elenium we başgalar bolýar. Keseliň erjel geçýän halatlarynda, ejir beriji, güýçli gijilewükli ýagdaýda, gormonly dermanlary prednizolon, deksametazon, polkortolon we başg. ortaça mukdarda berilýär.

Ýokumlar toparyndan : „B”, „PP”, „A” ýokumlary ulanylýar.

Fizioterapewtiki serişdelerden ultramelewşe şöhlesi bilen şöhlelendirmek, D´Arsonwaly ulanmaklyk maslahat berilýär.

Deriniň zeper ýeten ýerlerine naftalan, kükürt, ihtiol goşulan keratoplastiki ýaglar çalynýar, şonuň ýaly-da gormonal kremler ulanylýar.

Keseliň gaýtalanmagynyň öňüni almak üçin we keseliň ötüşen döwrüniň dowamlylygyny uzaltmak maksady bilen, tomus aýlary Hazar deňziniň gyrasynda, deňiz suwuna düşmeklik, Arçman şypahanasyna gidip, kükürtli (serowodorod) wannasyny kabul etmeklik maslahat berilýär.

## GIJILEWÜKLI – GAŞANTGY (Prurigo)

Gaşantgy esasy iki görnüşde bolýar :

Çagalarda (Prurigo infantum seu strophulus)

Uly adamlarda dowamly gijilewük (prurigo adultorum). Bulardan başga-da bu keseliň düwünli görnüşi-de duş gelýär (prurigo nodularis).

**Çaga gaşantgysy** (çaga iteşeni) – köplenç ekssudatiw diatezden ejir çekýän, 5 aýlykdan 3 ýaşa çenli çagalarda duş gelýär. Köplenç 1 ýaşa çenli döwründe bolýar. Keseliň patogonezinde, iýmit önümlerine, ýagny ejesiniň süýdündäki_ýokumlara ýa-da sygyr süýdündäki kazeine ýokary duýgurlygyň

döremegi uly ähmiýete eýedir. Uly ýaşly çagalarda keseliň beterleşmegi, köplenç iýmitde, süýjüleri, ýumurtgany, kömelegi, ýertudanany, injiri ulanmak bilen bagly bolýar. Kämahal derman serişdeleriniň ulanylmagy, mör-möjekleriň çakmagy (çybynlar, büreler, sakyrtgalar we ş.m.) zerarly hem kesel beterleşip biler.

K l i n i k a s y: näsag çagalarda, gijilewükden başga-da, onuň ýüzüniň, kellesiniň saçly ýeriniň, göwresiniň, ýanbaşlarynyň, elleriniň – aýaklarynyň epilmeýän taraplarynda, tertipsiz ýaýran, düwünjik – gabarçakly, seýrek, iteşen – tegmilli örgün örýär. Düwünjik gabarçaklaryň ululygy darynyň dänesi ýaly (miliar), gülgün-gyzyl reňkli bolýarlar. Nemli bardalara zeper ýetmeýär. Kesele häsiýetli ýagdaý, uşak düwünjikleriň örmegi we olaryň üstünde – depejiginde kiçi gabarçaklaryň döremegidir. Ondan başga-da, çyzyk-çyzyk dyrnak yzlary, ýüzleý ýarajyklar, kesmejikler bolýar. Gijilewük erjel geçýän görnüşinde, çagalaryň derisini çyzsaň ýa-da gazalasaň, deride ak yz döreýär (ak dermografizm), çagalarda degna näsazlyklary (gaharjaňlyk, ukusyzlyk we ş.m.), derlemekligiň bozulmagy, daşky limfatiki mäzleriň ulalmagy ýaly alamatlar ýüze çykýar. Eger-de näsag çaga bejerilmese ýa-da nädogry bejerilse, onda ol uly adamlaryň gaşantgysyna öwrülýär-geçýär, ýa-da süýjübaşa ýa-da tutuş – ýaýraň neýrodermite geçmegi mümkin.

U l y a d a m l a r y ň d o w a m l y g a ş a n t g y s y. Bu kesel endokrin näsazlyklary, içki synalaryň we ulgamlaryň dürli keselleri (bagryň, garyn-içege ýollarynyň), ganyň keselleri bilen baglanyşykly diýen çaklama bar.

K l i n i k a s y. Örgün, köplenç göwräniň ýanbaşlaryň, el-aýaklaryň, jyns synalaryň, derisiniň epinlerinde ýerleşýär. Örgün dürli görnüşli alamatlardan (polimorf örgün): agymtyl-çal, gaty düwünjiklerden, iteşenden, kämahal olaryň üstünde-depesinde kiçi gabarçaklaryň döremegi bilen häsiýetlenýär. Deriniň zeper ýeten ýerlerinde köpsanly dyrnak yzlary, käbir ýerlerde uşajyk, ýüzleýje ýara yzlary bolýar. Wagt geçdigiçe deri galňaýar, gurak bolýar, käbir ýerlerinde tutuş lihenizasiýa döreýär. Näsaga güýçli gijilewük ejir çekdirýär, ylaýta-da nahar iýenden soň, ýatmazyndan öň, gaýgy-alada edende we ş.m. ýagdaýlarda. Kesel uzaga çekýär, dowamlylygy bilen tapawutlanýar, onuň gutulýan (remisiýa) döwri asla diýen ýaly bolmaýar. Näsagda, merkezi degna ulgamlary tarapyndan üýtgeşiklikler ýüze çykýar, ýagny reaktiw newrotiki ýagdaýlar görnüşinde, ukysyzlyk, göwni çökgünlik we ş.m. peýda bolýar.

Ganda eozinofilin mukdary artýar. Bu deri keselinde ak dermografizmiň bolmagy, kapillýarlaryň deride, dowamly gysylan ýagdaýyny aňladýar, derlemeklik galýar diýen ýaly, limfatiki mäzler (goltuklaryň, gasygyň) ulalýarlar, gataýarlar. Kähalatlarda kesel deriniň iriňli gabarçakly keseli, suwjarýan demrew, düwünli gijilewük (Prurigo nodularis) bilen çylşyrymlaşýar.

**Düwünli gijilewükli gaşantgy.** Bu kesel köplenç 30-50 ýaşly aýallarda duş gelýär, ylaýta-da dowamlz allergiki keselli adamlarda, şonuň ýaly-da içki

synalaryň (bagryň, garyn-içege ýolunyň, ganyň) kesellerinde ýygy duş gelýär, gurçuk –soguljan, mör-möjekleriň (çybynlaryň, aýakçylaryň, büreleriň, we ş.m.), çirkeýleriň çakmagy zerarly hem bolup biler.

K l i n i k a s y: Aýaklaryň epilmeýän taraplarynda (köplenç injiklerde), az mukdarda, ululygy merjimek, nohut ýaly we ulurak, ýarymşar şekilli, solgun-gülgün reňkli düwünjikler döreýärler. Olar gatyja, üsti berk ýapyşan teňňejikler bilen örtülen. Olaryň käbirleri siňňil şekilli ösüntgi görnüşinde bolýar. Düwünjikler özbaşdak toparlanyşman ýerleşýärler. Güýçli gijilewük zerarly näsag gaşanýar, düwünjikleriň üstünde dyrnak yzlary, ganly kesmejikler döreýärler. Keseliň geçişi dowamly, erjel, bejergä kynlyk bilen tabyn bolýar.

T a p a w u t l a n d y r y j y a n y k l a m a s y n y. Gaşantgyny neýrodermit bilen tapawutlandyrmaly bolýar. Gaşantgy keselinde örgün el-aýagyň, köplenç epilmeýän tarapynda ýerleşýär, neýrodermitde bolsa onuň tersine epilýän taraplarynda ýerleşýärler. Düwünjikli örgün gaşantgyda özbaşdak, aýry, neýrodermitden tapawutlylykda, bir-biri bilen goşulyşmaýarlar, topar-topar ýerleşmeýärler.

B e j e r i l i ş i. Berhiz tutmak uly ähmiýete eýedir. Süýt, ösümlik berhizini saklamaly, gaýnadylan göle, sygyr etini, ösümlik ýagyny ulanmaly. Iýmitde ýumurtgany, balygy, konserwlenen önümleri, etli goýy çorbany, doňuz etini iýmeklik gadagan edilýär, ýagly we duzlanan önümleri çäklendirmek maslahat berilýär. Näsag çagalarda berhize has aýratyn gözegçilik etmeli, infeksiýanyň ojaklaryny: tonzillit, holesistit, sinusitler, gulagagyry, çüýrük dişleri we ş.m. tapmaly we olary bejermeli.

Derman bilen bejermekde 1-nji orunda duryanlar – gistamina garşy we neýroleptiki (dimedrol, diprazin, aminazin we başg.), gijilewügi köşeşdirmek we duýgurlygy peseltmek üçin kalsiý glýukonaty, natriý tiosulfaty ulanylýar. Aşa erjel ýagdaýda kortikosteroid dermanalary berýärler (prednizolon, deksametazon). Örgünli ýerlerine 2-5 % kükürtli garaýagyny, ASD-nyň 3-nji fraksiýasynyň pastasyny, 2% dimedrol ýagyny, gormonly melhemleri çalmaly.

## FOTODERMATOZLAR
## (GÜNÜŇ ŞÖHLESINDEN DÖREÝÄN DERI KESELLERI)

Fotodermatozlar (grekçe “photos” – şöhle we “derma” – deri) – derä günüň ultramelewşe şöhlesiniň täsiri netijesinde döreýän deri keselleridir.
Günüň şöhlesiniň güýçli täsiri netijesinde we şol täsire duçar bolan adamlaryň ählisinde deri kesselleriniň döremegine – fototrawmatiki reaksiýa diýilýär. Günüň şöhlesiniň adaty ýagdaýda täsirine, käbir adamda ýokary duýgurlygyň netijesinde döreýän deri kesellerine fotodinamiki reaksiýalar diýilýär. Fotodinamiki reaksiýalar, derä täsir edýän käbir maddalaryň (fotosensibilizatorlaryň) netijesinde döreyän ýokary duýgurlygyň esasynda döreýän deri kesselerine fotodermatozlar diýilýär.

Deriniň ýokary duýgurlygyny döredýän gyjyndyryjylary obligat we fakultatiw toparlara bölýärler. Obligat gyjyndyryjylar, deriniň günüň şöhlesine ýokary duýgurlygy hemişe we hemme adamlarda döredip bilýär. Fakultatiw gyjyndyryjylar diňe käbir adamlarda we seýrek duş gelýän, ýokary duýgurlygy döredýärler. Obligat gyjyndyryjylaryň täsiri astynda, günüň şöhlesine döreýän deri kesellerine fototoksiki, fakultatiw gyjyndyryjylaryň täsiri astynda döreýän deri kesellerine fotoallergiki reaksiýalar diýilýär. Fototoksiki reaksiýalar, derä daşdan (ekzogen) ýa-da bedende – içki synalarda (endogen) gyjyndyryjylaryň, günüň şöhlesine duýgurlygy ýokarlandyrýan täsiri netijesinde döreýär. Ekzogen obligat gyjyndyryjylara: kömür, nebit we onuň önümleri, efir ýaglary (atyr, losýonlar), otlar (ýorunja, injir we başg.) girýärler. Içden (endogen) täsir edip, günüň şöhlesine duýgurlygy ýokarlandyrýan obligat gyjyndyryjylara: porfirinler, madda çalyşyş önümleri, “PP” ýokumynyň ýetmezçiligi (mysal üçin pellagra keseli) we başg. girýärler. Fotodermatozlaryň tohum yzarlaýan görnüşleri-de duş gelýär.

**Günüň şöhlesine döreýän ýiti dermatit**, köplenç akýagyz adamlarda, günüň güýçli ultramelewşe şöhlesiniň dowamly täsiri netijesinde ýüze çykýar. Bu ýiti deri çişmesi, deriniň egin-eşikden açyk ýerlerine, günüň şöhlesiniň güýçli we dowamly täsirinden, birnäçe sagatdan soň ýüze çykýar. Ol ýerlerde açyk-gyzyl reňkli tegmiller döreýär, deri az-kem çişýär-ýellenýär, şonuň ýerinde, içi suwuklykly, uly we kiçi gabarçaklar, topar-topar bolup döreýärler. Näsagyň umumy ýagdaýy bozulýar – gowşaklyk döreýär, gyzgyny 37-39° C çenli galýar, üşüdýär, deriniň günüň şöhlesine ýanan ýerlerinde agyry peýda bolýar. 3-5 günden soň, deriniň ýiti çişmesi gaýdyşyp başlaýar, deriniň çişi peselip, gyzyl tegmilleriň reňki soluşyp başlaýar, näsagyň umumy ýagdaýy kadalaşýar.

Günüň şöhlesine döreýän deri kesselleriniň uzaga çekýän dowamly görnüşi, derä günüň şöhlesiniň uzak wagtyň dowamynda, gaýtalanyp täsir etmegi netijesinde, köplenç adamlaryň hünäri bilen baglanyşykly ýagdaýlarda (oba hojalyk işgärlerinde, nebitçilerde, deňizçilerde we ş.m.) duş gelýär. Şeýle ýagdaýda olaryň ýüzleriniň, boýunlarynyň ýeňse tarapynyň derisi garalýar, gataşýar, deriniň ýüzleý gan damarlary giňelýär (teleangioektaziýa), deriüsti gatlagyň buýnuz gaty galňaýar (giperkeratoz), siňňil şekilli ösüntgiler döreýärler.

B e j e r i l i ş i. Näsagy günüň şöglesiniň täsirinden daşlaşdyrmaly, näsaga rahatlyk bermeli we suwuklygy köp içirmeli. Daşky bejergi : deriniň zeper ýeten ýerlerine, 2% salisil, 2% sink ýaglaryny çalmaly, balyk ýagyny, kortikosteroid ýaglaryny suwuk pastalary ulanmaly.

Günüň şöhlesine döreýän deri kesselleriniň öňüni almak üçin günüň şöhlesine duýgurlygy peseldýän (fotodesensibilizirleýji) serişdeler : metilturasil, paraaminosalisil turşulygy, tannin, hinin, solol, 5-10%-li melhem ýa-da krem görnüşinde ulanylýar. “Luç” “Şit”, “Antilýuks” atly günüň şöhlesinden goraýan ýörite kremler hem bar.

**Günüň şöhlesine döreýän mama keseli.**

Etiologiýasy we patogonezi entek doly öwrenilmedik. Bu keseli, porfirin madda çalşygynyň dogabitdi bozulanlygy zerarly döreýän keselleriň toparyna degişli hasap edýärler. Bu kesel deriniň buýnuz gatlagynda, günüň şöhlesinden tebigy goraýan jisim bolan, urakinin turşulygynyň has azalmagyna baglydyr.

Bu kesel, köplenç, ýaş çagalaryň ilkinji ýyllarynda, günüň şöhlesiniň täsirine döreýär we pasyllara baglylykda üýtgäp durýar (kesel tomus aýlary beterleşýär, güýz aýlary keseliň alamatlary gowşaýar). Keseliň kliniki alamatlary deriniň açyk ýerlerinde: ýüzünde, boýnunda, gulaklarynda, penjeleriniň arkasynda, şonuň ýaly-da gözleriň buýnuz perdelerinde, dodaklaryň gyzyl zolagynda ýerleşýär. Ilkinji morfologiki alamatlar 0,5 mm-$_{den}$ 1 sm-$_{e}$ çenli ululykda bolan, içi suwuklykly, iriňli ýa-da gan gatyşykly, ortasy çöketje, gatyja, kiçi gabarçaklar bolýarlar. Kiçi gabarçaklaryň üsti goňrumtyl kesmejikler bilen örtülýär, soň olaryň aşagynda ýarajyklar emele gelýär, olar gutulandan soň, mama keseline meňzeş ýara yzjagazlary galýar. Näsaglary güýçli agyry ýa-da gijilewük biynjalyk edýär. Örgüniň örmegi bilen näsagda ýarawsyzlyk, gyzgynyň ýokarlanmagy ýaly ýagdaýlar hem bolmagy mümkin. Kiçi gabarçaklaryň ýara öwrülmegi (nekroz) netijesinde, gulaklaryň görnüşiniň üýtgemegi, gözleriň buýnuz perdesine gül düşmegi, dodaklarda agyryly ýüzleý ýara, üsti iriňli jerhet bilen örtülen ýagdaýlar bolup biler. Kesel maşgala agzalarynyň başga-da käbirlerinde ýüze çykýan halatlary seýrek bolmaýar, şonuň ýaly-da näsag 20-30 ýaşlaryna ýetende keseliň öz-özünden gutulyp aýrylyp gitmegi mümkin.

Günüň şöhlesiniň döredýän mama keselini, giçki deri porfiriýasy, günüň döredýän gijilewügi, nekrotiki düwürtikler bilen tapawutlandyrmaly bolýar.

Giçki deri porfiriýasy çagalarda-da duş gelýär, ýöne günüň şöhlesiniň döredýän mama keselinden deriniň tutuş garalmagy, tüýlekligi, deriniň ýeňil ýaralanmagy we peşewde uroporfiriniň mukdarynyň köpelmegi bilen tapawutlanýar.

Günüň şöhlesiniň döredýän gijilewüginde uly we kiçi gabarçaklar bolmaýar, ýara yzlary galmaýar, gözleriň buýnuz perdesine we dodaklaryň gyzyl zolagyna zeper ýetmeýär.

Nekrotiki düwürtikler we olarda emele gelýän ýara yzjagazlary, günüň şöhlesine döreýän mama keseline meňzeş bolýar, emma onuň kliniki tapawutlary: günüň şöhlesinden goranmaklyk hökman däl, keseliň döremegi günüň şöhlesiniň täsirine bagly bolmaýar, şonuň ýaly-da agyry ýa-da gijilewük ýaly alamatlar hem bolmaýar.

B e j e r i l i ş i. Günüň şöhlesiniň döredýän mama keselinde derini günüň şöhlesiniň göni täsirinden goramak (egin-eşik bilen, gün şöhlesinden goraýan kremleri ulanmak) zerurdyr. Günüň şöhlesine bolýan duýgurlygy aýyrmak üçin hinolin toparlarynyň dermanlaryny plakwinil, delagil, hlorahil-difosfat, nikotin turşusy we başgalary ulanmak gerek.

**Giçki deri porfiriýasy.** Porfiriýanyň tohum yzarlaýan beýleki görnüşlerinden tapawutlylykda, giçki deri porfiriýasy tohum yzarlamaýan, özbaşdak döreýän deri keseli hasaplanylýar. Patogenezinde uroporfirin-dekarboksilazanyň ýetmezçiliginiň ähmiýetiniň barlygynyň üsti açyldy. Keseliň beterleşmegine ýardam edýän ýagdaýlar: şeraply içgileri köp we yzygiderli ulanmak, benzinden, gurşundan, agyr metallaryň duzlaryndan zäherlenmek, gepatit keselini geçirmek, gyzdyrma kesellerini geçiren halatlar.

Giçki deri porfiriýasynyň kliniki alamatlary deriniň açyk ýerlerinde ýüzünde, maňlaýynda, gulaklarynda, penjeleriniň arkasynda ýerleşýär we deriniň az-kem garalmagy bilen häsiýetlenýär, şonuň ýaly-da dürli görnüşli (pigmentiň azalmagy ýa-da köpelmegi netijesinde) tegmiller (dishromiýa) ýüze çykýar. Giçki deri porfiriýasynyň häsiýetli alamatlarynyň biri, deriniň açyk ýerleriniň ýeňil şikeslenmesi, ylaýta-da eliň penjesiniň arka tarapy (sähelçe sebäplerden deriniň ýüzi sypjyrylýar, ýüzleý ýaralar döreýär). Deriniň şikes ýeten ýerlerinde gabarçaklar döreýärler, olaryň içinde serozly ýa-da iriňli-serozly suwuklyklar bolýar.

2-3 günden soň gabarçaklar ýyrtylýarlar, guraýarlar. Olar gutulandan soň, olaryň ýerlerinde ýüzleýje ýara yzlary galýar. Giçki deri porfiriýasynda näsagyň çekgeleri, ýaňaklary tüýlek bolýar. Bu keselde, koproporfirini we uroporfirini mukdar taýdan barlamak bilen keseliň diagnozyny tassyklap bolýar. Giçki deri porfiriýasyny porfiriýanyň beýleki görnüşlerinden tapawutlandyrmaly bolýar, şonuň ýaly-da günüň şöhlesiniň döredýän mama keselinden, dogabitdi uly gabarçakly epidermolizden, Dýuringiň uçuk şekilli deri keselinden tapawutlandyrmaly bolýar.

Gün şöhlesiniň döredýän mama keseli çagalyk döwründen başlanmagy, ortasy çöketje kiçi gabarçaklaryň döremegi we gutulandan soň mama keseline meňzeş ýara yzjagazlarynyň galmagy bilen tapawutlanýar.

Dogabitdi uly gabarçakly epidermoliz – çagalyk döwründe başlanmagy, uly gabarçaklaryň köplenç, aýaklarda, mehaniki şikesleriň ýeten ýerlerinde döreýändikleri bilen tapawutlanýar.

Dýuringiň uçuk görnüşli deri keseli, dürli görnüşli alamatlaryň (polimorf örgün) döremegi, olaryň uçuk şekilli, topar-topar bolup ýerleşmegi, ylaýta-da näsagyň ellerinde, aýaklarynda, göwresinde örmegi bilen we güýçli gijilewügiň birahat etmegi bilen tapawutlanýar.

B e j e r i l i ş i. Günüň şöhlesiniň täsirinden gaça durmaly. Ýokumlar : “$B_1$”, “$B_6$”, “$B_{12}$”, “PP”, “C”, rutin we gepatoprotektorlary, ATF ulanmaly. Derä çalmak üçin anilin boýaglary, dezinfisirleýji we gormonal melhemleri ulanylýar.

## DERINIŇ PIGMENTASIÝASYNYŇ BOZULMAGY

Deriniň reňki, onuň düzümine girýän dört pigmentlere: 1) gök – dezoksigemoglobine; 2) gyzyl – oksigemoglobine; 3) sary – karotine (iýmit bilen gelýär); 4) goňur – melanine bagly bolýar. Esasy orny melanin eýeleýär.

Onuň mukdaryndan we ýerleşişinden esasy adamzat jynsynyň reňki bagly bolýar. Deriniň reňki genetiki bellenilen hem-de *konstitusional pigmentasiýa* diýilýär. Ultramelewşe şöhleleriň täsiri netijesinde melaniniň mukdary köpelýär – *indusirlenen pigmentasiýa* ýüze çykýar. Gipotalamusyň gormonlary hem indusirlenen pigmentasiýany ýüze çykaryp bilýär.

Melaniniň epidermisde agdyklyk etmegine gipermelanoz (melanoz) diýilýär. Deriniň gipermelanozy iki tipli bolýar: 1) *melanositar* – melaniniň mukdary melanositleriň sanynyň köpelmegi hasabyna ýokarlanmagy (mysal üçin – lentigo); 2) *melaninli* – melanositleriň sany köpelmezden, melaniniň öndürilmeginiň ýokarlanmagy bolup geçýär (mysal üçin – hloazma).

Epidermisde melaniniň ýetmezçiligine gipomelanoz diýilýär. Ol hem iki tipli bolýar: 1) *melanositar* - melaniniň mukdary, melanositleriň sanynyň azalmagy ýa-da doly ýitip gitmegi hasabyna peselmegi (mysal üçin – witiligo), 2) *melaninli* – melanositleriň sany üýtgemezden, melaniniň öndürilmeginiň azalmagy sebäpli bolup geçýär (mysal üçin – albinizm). Gipomelanoz genetiki faktorlar (albinizmde ýaly) we autoimmun bozulmalar (witiligoda ýaly) hem-de gaýnaglama sebäpli (mysal üçin – teňňeli demrewde gaýnaglamadan soňky depigmentasiýa) döräp bilýär .

## WITILIGO (VITILIGO)
## (Alaçan, pis keseli)

W i t i l i g o – gazanylan, nesil yzarlaýan idiopatiki leýkoderma bolup, onda deride ak tegmiller peýda bolýar. Gistologiki barlaglarda melanositleriň ýoklugy anyklanylýar. Witiligo köplenç autoimmun keseller, köplenç galkan şekilli mäziň keselleri bilen bilelikde utgaşyp gelýär.

E p i d e m i o l o g i ý a s y w e e t i o l o g i ý a s y.

1. Takmynan 1% ilatda duş gelýär. Deri keselli näsaglaryň arasynda 1-4%-de duş gelýär.
2. Erkeklerde we aýallarda kesel deň derejede duş gelýär.
3. 50% ýagdaýlarda kesel 10-30 ýaşda başlanýar. Dogabitdi witiligo hakynda hem ýazgylar bar.
4. G.I.Sukoliniň maglumatlaryna görä deridäki ak tegmilli adamlara ýaramaz garalýan Orta Aziýa döwletlerinde witiligo bilen keselçilik ilatyň takmynan 10% bolýar.
5. Näsaglar keseliň başlangyjyny emosional stressler, nerw ulgamynyň disfunksiýasy, gün ýangyny ýa-da deriniň dürli şikesleri bilen baglanyşdyrýarlar.
6. Witiligo – nesil yzarlama häsiýetli keseldir. 30% gowrak näsaglarda kesel nesilleýin häsiýete eýedir. Bir ýumurtgadan bolan ekizleriň ikisinde hem witiligo gabat gelen ýagdaýlary bolupdyr. Ejesinde ýa-da kakasynda witiligo keseli bar bolan çagalaryň kesellemek howpy 10% tutýar.

7. Howp toparyna agyrlaşan maşgala anamnezli, galkan şekilli mäziniň keseli bar bolan, süýji diabetli adamlar degişlidir.

P a t o g e n e z i. Witiligo keseliniň döreýiş mehanizmini düşündirýän 3 sany teoriýasy bar.

M e l a n o s i t l e r i ň ö z - ö z ü n i d a r g a t m a teoriýasy – *autodestruktiw teoriýasy* – melaniniň biosintezi bolup geçende, olar üçin t o k s i k i t ä s i r edýän maddalar emele gelýär. N e ý r o g e n toeriýasy – melanositler bilen nerw öýjükleriniň täsiri netijesinde. A u t o i m m u n teoriýasy – aktiwirlenen toksiki T-limfositler we Langergans öýjükleri melanositleri zeperlendirýärler we dargadýarlar.

Witiligo genetiki we daşky täsirleriň goşulşmagy bilen döreýär. Keseliň döremegine köplenç şikesler(Kebner fenomeni), agyr keseller, emosional stressler (mysal üçin: ýakyn garyndaşyň ölmegi) sebäp bolup bilerler.

Witiligo keseliniň döremegine günüň ýiti şöhleleri (ýangynlar) hem sebäp bolup bilýär. Ondan başgada köp näsaglarda degna (dokumalaryň iýmitlenmeginiň üýtgemegi netijesinde) we endokrin (galkan şekilli, jyns, böwreküsti mäzleriň, gipofiziň) ulgamlarynyň bozulmalary; mikroelementleriň çalşygynyň bozulmagy – misiň (depigmentasiýa ojaklarda hem-de ganda), demiriň (ganda) mukdarynyň peselmegi, witaminleriň balansynyň üýtgemegi (tiamin, riboflawin, askorbin turşusynyň ýetmezçiligi), melanogeneze gatnaşýan fermentleriň işjeňliginiň peselmegi, içki synalaryň işiniň üýtgemegi (bagryň antioksidant funksiýasynyň peselmegi), wegetodisfunksiýalar. Kämahallar witiligo geçirilen ýokanç (garahassa, täji horaz) kesellerden soň, zäherlenmeler. Käbir ýagdaýlarda autoimmun mehanizmleriň we adrenergiki faktorlaryň ornunyň barlygy güman edilýär. Witiligo *Alezzandrini sindromynyň* (witiligo + saçyň agarmagy + uweit), *Fogt-Kaýanagi sindromynyň* (witiligo + saçyň agarmagy + alopesiýa + uweit + kerlik) düzümine girýär.

K l i n i k a s y. Witiligo dowamly dermatoz. Keseliň iki sany kliniki görnüşi bar: *Tip A* we *Tip B* görnüşleri.

- Iň ýaýran görnüşi *Tip A*. Bu tipde bedende simmetriki, gyralary aýdyň, 0,5-5 sm ölçegde depigmentirlenen menekler bolýar.
- *Tip B* (segmentar witiligo) – bedeniň bir segmentinde çäklenen bolýar; mysal üçin bir elde ýa-da aýakda.
- *Tip B* çagalarda has köp ýaýran.
- *A Tipde* ak tegmilleriň gyrasynda gaýnaglamaly gaýma bolup bilýär.
- *A Tipe* ak tegmilleriň mahsus ýerýeşýän ýerleri: barmaklaryň arka ýüzi, deriniň gasynlary, goltuk asty. Jyns synalary we ýüzde.
- *A Tipde* ak tegmiller adatça burun, agyz, anal tebigy deşikleriň şeýle hem gözüň gabygy, emzikler, göbek deşigi zeperlenýär.
- *A Tipde* galkan şekilli mäziň autoimmun keseli duş gelýär.

W i t i l i g o k e s e l i n i ň t o p a r l a n m a s y.

(D.B.Mocher we başg., 1979)

Bu toparlanma laýyklykda witiligo keseliniň çäklenen we ýaýran görnüşlerini tapawutlandyrýarlar.

Çäklenen görnüşi öz gezeginde şular ýaly bolýarlar:

- Fokal görnüşi (bir ýa-da birnäçe tegmiller belli bir çäklenen ýerde);
- Segmentar görnüşi (witiligo Tip B) – nerwleriň ýa-da onuň örümleriniň ugry boýunça ýerleşýär;
- Nemli görnüşi (diňe gara reňkli adamlaryň nemli bardasy zeperlenýär);
- Ýaýraň görnüşi:
- Akrosefal görnüşi (elleriň aýasy, dabanlar, ýüz zeperlenýär)
- Ýönekeý görnüşi (köp sanly ýaýraň ýerleşen ak tegmiller)
- Uniwersal görnüşi (zeperlenme ojagynyň goşulyşmagy netijesinde deri örtüginiň doly ýa-da hemmesiniň zeperlenmegi)

Köp sanly näsaglar keseliň ýönekeý we akrosefal görnüşi bilen lukmanlara ýüz tutýarlar.

Köplenç ak tegmiller el-aýaklaryň epilmeýän ýerlerinde we dabanlaryň, penjeleriň arka taraplarynda, goşarlarda, göwsüň üstünde ýa-da islendik ýerinde duş gelýär.

Depigmentasiýa meýdany "eliň aýasy" düzgüni bilen kesgitlenýär (eliň aýasy deriniň umumy meýdanynyň takmynan 1% tutýar).

Zeperlenen ojaklaryň gyralary gipo- ýa-da giperpigmentirlenen bolup bilerler. Birnäçe ýagdaýlarda tegmiller trawmatiki zeperlenen ojaklarda, hirurgiki tikiniň ugrunda, ýanyklaryň ýerinde, egin-eşikleriň gaty bölekleriniň şikeslendirýän ýerlerinde döreýärler. Elleriň aýalary we dabanlar seýrek zeperlenýärler. Subýektiw duýujylyk bolmaýar, ýöne käbir maglumatlara görä näsaglaryň bir bölegi ýeňilje gijilewük duýýarlar.

Witiligo beýleki dermatozlar bilen utgaşyp gelip biler: alopesiýa, sklerodermiýa, neýrodermit, gyzyl tekiz demrew, psoriaz we beýl..

Witiligo bilen Setton keseli (perinewus witiligosy) meňzeş ýa-da olar utgaşyp gelýärler. Bu sindrom meňiň – newusyň töwereginde depigmentirlenen meýdanynyň döremegi bilen häsiýetlenýär. Settonyň keselinde tegmiliň gyralarynda giperpigmentasiýa bolmaýar. Eger ojaklar doly repigmentirlense, onda Settonyň keseliniň netijesi oňaýly, eger-de 1,5-2 ýylyň içinde repigmentirlenmese ýa-da meýdany ulalsa, onda witiligo keselindäki ýaly bejergini geçirmeli.

Şeýle hem 3 reňkli witiligo tapawutlandyrýarlar. Bu keselde tegmiller kadaly reňkde, gipopigmentirlenen we ak reňkde bolýarlar. Eger-de 3 reňkli witiligo keselinde perifokal ýa-da perifollikulýar repigmentasiýa ojagy dörese, onda bu görnüşine 4 reňkli witiligo diýilýär.

Morfologiki barlaglarda anyklanyldy:

- Deriniň absolýut depigmentirlenen ýerinde melanositler duş gelmeýär diýen ýaly;
- Dermada aýratyn kollagen süýümleriň çişmegi anyklanylýar;
- Dermanyň damarlary giňelen, olaryň töwereginde fibroblastlaryň, gistiositleriň we labrositleriň toplanmagy kesgitlenýär;

- Depigmentirlenen ýerlerde saçlaryň follikulalary, der we ýag mäzleri biraz atrofirlenen.

Elektron mikroskopiýasy. Uzak wagtdan bäri bar bolan witiligoly ýerlerde melanositleriň ýoklugy, Langergans öýjükleriniň sany bolsa bu ýerde ýokarlanandygy anyklanan.

Differensial diagnostikany şu keseller bilen geçirýärler:

- Ak demrew
- Dürli reňkli demrew
- Lepra (tuberkuloid we differensirlenmedik görnüşleri)
- Sifilis (leýkoderma)
- Pigmentiň saklanmazlygy, gipomelanoz
- Psoriazdan, gülgün demrewden, mikozlardan soň tegmiller.

S e t t o n y ň meňi (newusy), 1916-njy ýylda ýazylan we tegelek ak tegmiliň ortasynda meň bolmagy bilen häsiýetlenýär.

Sifilisiň ikilenji döwrüniň alamaty bolan, sifilis leýkodermasy boýunda ýerleşip, ilki deriniň reňki çalaja garalyp, onuň ýüzünde aladan has az agaran nohudyň ululygy ýaly monjuga meňzeş akja tegmiller peýda bolýar hem-de serologiki testleriň netijeleri pozitiw bolýar.

I k i l e n j i-ý a l a n l e ý k o d e r m a. Bu birnäçe (teňňeli demrew, dürli reňkli goňakly demrew, ak demrew we ş.m.) kesellerden soň, agaryp galýan yzlarydyr. Ony näsagyň özünden sorap (anamnez) anyklamak bolýar, käbir näsaglarda doly gutulmadyk örgünler saklanyp galýar.

L e p r a d a k y a k t e g m i l l e r bilen birlikde keseliň beýleki alamatlary-da bolýar. Ondan başga-da heýwere ak tegmilleriň üstünde deriniň duýgurlygynyň ähli görnüşleri bozulýar.

Aýratyn durup geçmeli zatlaryň biride, F o g t - K a ý a n a g i sindromy – witiligo keseliniň alamatlaryndan başga-da wagtyndan öň saçlaryň agarmagy, tutuş saç düşme (total alopesiýa), kerlik (iki taraplaýyn uweit), glaukoma, arterial gan basyşyň peselmegi (gipotoniýa), kelle agyrylar ýaly alamatlar duş gelýär.

A l e z z a n d r i n i sindromynda witiligodan başga-da saçlaryň bir taraplaýyn agarmagy, bir taraplaýyn degeneratiw retinit bolýar.

B e j e r i l i ş i. Bejergini başlamazdan ozal näsagyň synalarynda bar bolan keselleri bejermeli, gurçuklara-soguljaňlara, lýamblioza garşy bejergileri geçirmeli, näsagda bar bolan beýleki kesellere garşy bejergi geçirmeli. Ondan soň, meladinin, melagenin, beroksan, psoralen, furalen, psoberan ýaly furokumarin toparynyň dermanlaryny ulanmaly. Bu dermanlar günde 2-3 gezek nahardan öň berilýär. Bir wagtyň özünde şu dermanlaryň spirtli erginini, ilki 1:3, 1:2, soň 1:1 ergin edip, deriniň agaran ýerlerine çalmaly. 2-3 sagatdan soň ultramelewşe şöhlesini, gyzardýan möçberde, ergin çalnan tegmillere tutmaly. Şöhlä tutmaklyk ilki 1-2 min başlap, 15-20 min ýetirilýär. Bejeriş möhleti 1-2 aý. Bulardan başga-da näsaga misiň 0,1-0,5 % sulfat ergini, sink turşysynyň 0,5-1,0 % (10-15 damjadan, günde 3 wagtyna, nahardan soň, 1 aýyň dowamynda) ýaly mikroelementleri içirmeli. Bir aýyň

dowamynda umumy gurplandyrjy (ýokum “B1”, :B6”, “B12”, “C”, “PP”), immunkadalaşdyryjy (aloe, fibs, aktowegin, T-aktiwin we basg.) serişdeleri bermeli. Olardan başgada witiligo keselini bejermekde medisina serişdeleriniň dürli görnüşleri ulanylýar.

- Deriniň pigmentasiýasynyň bozulmasy haýsy-da bolsa bir keseliň alamaty bolsa, onda ol esasy keseliň bejergisini geçirmeli (Adisson keseli, süýjüli diabet, tireotoksikoz, gurçuk keseli).
- Bejerginiň maksady – keseli möwjemegini saklamak we ojaklaryň repigmentasiýasyny gazanmak bolup duryar.

Witiligo keseliniň bejergisiniň esasy bäş sany usuly bar:

1. Derini gün şöhlesinden goramak;
2. Tegmilleri bildirmezlik (maskirowka);
3. Deriniň transplantasiýasy;
4. Pigmentasiýany dikeltmek;
5. Derini agartmak.

1-nji usulyň iki maksady bar.

- depigmentirlenen ýeri gün ýangyndan goramak;
- sagdyn derini güne garalmadan goramak.

Goraýjylyk koeffisienti 30-dan uly bolan fotogoraýjy serişdeleri ulanmaly (UVA 30 dan uly): Lüç, Antilýuks, Şit, Kwant, Wesna, Fotogem, Fogem, Photoderm-MAX (SPF-100).

2-nji usul kosmetiki serişdeler – esasy maksady ak tegmili bildirmezlik (maskirowka).

Bu kosmetiki serişdeler reseptsiz göýberilýär, ulanmasy aňsat, suwa durnukly, dürli öwüşgiňleri bar we ýörite serişdeler bilen aňsat aýrylýar.

Tonal kremler: Tonak, Balet, Dermakol.

Pudralar: Ýužnaýa, Raşen.

Ýod ergini, marganes turşy kaliý, kümüş nitraty, hna, kalendulanyň spirtli ergini, Lýugol ergini, teatral grim bilen reňkleýärler, effektiw serişde hökmünde - düzüminde digidroaseton saklaýan (5-15 gün saklanýan): Zobraun, Dermakol, Witikolor, Dermablend hem ulanylýar.

3-nji usul pigmentasiýany dikeltmek. Onuň esasy maksady – deriniň kadaly reňkini dikeltmek. Ýöne onuň özüniň düzgünleri bar:

1. Eger ak tegmiller uly bolmasa, onda gormonlary (glýukokortikosteroidleri) we ýerli fotohimiobejergini ulanýarlar.
2. Zeperlenme ojaklary uly bolanda, onda umumy fotohimiobejergini ulanýarlar.

- Gormonlary (güýçli täsirli) uzak wagtlap ulanýarlar – 4 hepde arasynda 2 hepde arakesme salyp. 2 aýyň dowamynda gormonly bejergi netije bermese, olar bilen bejergini dowam etmek maksada laýyk däldir. Beýle ýagdaýda deriniň atrofiýasy döremegi mümkin.

- Ýerli fotohimiobejergini furokumariniň önümleri: psoralen, beroksan, ammifurin, metoksalen, trioksalen ýerli ulanýarlar we ultramelewşe şöhlesine tutýarlar.
- Umumy fotohimiobejergide furokumariniň önümlerini: psoralen, beroksan, ammifurin, metoksalen, trioksalen *per/os* ulanýarlar we ultramelewşe şöhlesine tutýarlar.
- Umumy fotohimiobejergi ýüzünde, boýnunda, göwresinde, bileginde, egninde, injiginde, budunda ak tegmiller bolan näsaglaryň 70%-de netijelidir.
- Penjeler we dabanlar (aýratynam barmaklar)
- fotohimiobejergä kyn boýun egýär.
- Jyns synalary şöhlelendirmek bolmaýar, şonuň üçin olaryň üstüni ýapýarlar.
- Bejergini ýörite fotohimioterapiýadan taýarlyk geçen we gaýry üzülmeleri bilen tanyş, köp tejribe toplan dermatowenerolog-lukman geçirmelidir.
- sagdyn derini güne garalmadan goramak.
- Gaýry üzülmesi: keratoz, ýasy öýjükli howply çişler.
- Takrolimus we pimekrolimus ýaly (Prograf, Elidel) daşky serişdeler käbir ýagdaýlarda netijeli ýöne olary uzak wagtlap ulanmaly.

4-nji usul deriniň transplantasiýasy Tip B segmentar witiligoda ulanylýar eger-de beýleki bejeriş usullar peýdaly bolmasa. Autologiki melanositler (minitransplantantlar) ulanylýar. Olary köplenç ýanbaşdan kadaly reňkli deriniň bir böleginden alýarlar.

5-nji usul – deriniý agartmagynyň maksady – ak tegmilli we kadaly deriniň arasyndaky ara tapawudy aýyrmak.

Bu usuly keseliň ýaýran görnüşinde, beýleki usullar peýda bermedik ýagdaýynda, ýa-da näsag fotohimioterapiýadan ýüz döndürse ulanylýar. Bu usulda 20% -li monobenzon ulanylýar (deriniň durnukly depigmentasiýasyny döredýär). Agardylan deri süýdümtik-ak reňkde, edil witiligodaky ýaly bolýar.

## ALBINIZM

Seýrek duş gelýän, nesil yzarlaýan, dogabitdi, eneden doganda, melanin pigmentiniň düýpgöter bolmazlygy bilen häsiýetlenýän kesel.

Beýle ýagdaýdaky adamlaryň derisi ak-gyzyl reňkde, saçlary ak, gözleri gyzyl bolýar.

Albinizmiň beýleki käbir dogabitdi (ker-lal, garaguşlylyk, nanizm we ş.m.) kemçilikler bilen utgaşyp gelýän halatlary seýrek bolmaýar.

Pigmentiň ýoklugy zerarly näsagyň derisi ultramelewşe şöhlä gaty duýgur bolýar.

Bejergisi peýdasyz, ýöne, gün şöhlesinden goranmak, gara göz äýnekden peýdalanmak we ş.m. näsaga maslahat berilýär.

## ÝAKAL (Chloasma)

Ýüzüň derisinde, köplenç maňlaýda, ýaňaklarda simmetriki ýerleşen dürli öwüşginli, goňur tegmilleriň döremegi bilen häsiyetlenýär. Tegmiller dürli ululykda, anyk araçäkli, nädogry şekilli, özara goşulyp uly ölçeglere ýetýärler. Köplenç günüň şöhlesiniň täsirine döreýärler, uzak wagtlap durýarlar, gyşyna-da aýrylmaýarlar, diňe az-kem solýarlar.

Ýakal diňe aýallarda diýen ýaly duş gelýär, ol hem esasan onuň göwreli wagty döräp, birinji aýbaşysyna çenli ýa-da ondan hem uzak wagtlap aýrylman galýar. Ýakal, aýallaryň jyns synalarynyň dürli kesellerinde-de döremegi mümkin. Kähalatlarda ýakal gepatit keselli adamlarda, şonuň ýaly-da adamyň içinde soguljan bolanda-da, döräp biler.

B e j e r i l i ş i: Keseliň esasy sebäbini bilmeli we şony bejermeli. Simptomatiki bejergilerden askorbin turşulygy ýokary möçberde uzak wagtlap berlende oňat netije berýär, daşky bejergi - buýnuzy tozgaladyjy melhemler ulanylýar.

## SEPGIL

Darynyň dänesi yaly ownuk, tegelek ya-da nädogry şekilli açyk-goňurdan doýgun goňura çenli reňkli, pigmentli tegmiller. Olar köplenç ýüzde, ellerde, bileklerde kop sanly bolup döreýärler. Esasan çagalarda we ýetginjeklerde, olaryň hem saryýagyz, agymtyl-sary saçlylarynda köp duş gelýär. Sepgil hemişelik duryar, yöne tomus aylary köpelýär.

B e j e r i l i ş i - uzak wagtlap "C" ýokumyny almak, daşky bejergi-buýnuzy tozgoladyjy melhemleri peýdalanmaly.

## OJAKLAÝYN SAÇ DÜŞME KESELI
## (Alopecia areata)

Topbaklaýyn saçdüşme, adamyň bedeniniň saçly ýerlerinde, ýagny kellede, sakgalda, murtda, gaşlarda, kirpiklerde, goltuklarynda, gasygynda, bir ýa-da birnäçe ýerlerinde, tegelek görnüşinde, saçlaryň gopup-düşüp aýrylmagy bilen häsiýetlenýär. Çäkli çogdamlanyp saç düşen ýerleriň ulalyp, ýaýrap bir-biri bilen goşuluşyp, uly ojagy emele getirýän halatlary-da seýrek bolmaýar. Olar ýaly ojaklaryň töwereginiň araçägi egri-bugry bolýar. Täze saç düşen ýerleriň derisi gyzaran we az-kem çişliräk bolýar, soňa baka ol ýerleriň derisi tekizlenip, gyzarmasy we çişi aýrylýar hem-de piliň süňküniň reňkine meňzeş reňk alýar. Saç düşen ýerlerde, kähalatlarda, uzynlygy birnäçe millimetre ýetýän, käbir saçlaryň ýeňil gopýan, kösükleri, tööňejikleri galýar. Ol kösükleriň düýbi az-kem çişen, ýokarsy inçelen, şoňa görä-de olar sorag alamatyna meňzeş bolýarlar.

Saç düşen ýeriň görnüşine, olaryň sanyna, ýerleşýän ýerlerine baglylykda, ojaklaýyn saçdüşmegi birnäçe kliniki görnüşlere bölýärler. Aýry-

aýry ýerleşen öýjükli we ojakly saçdüşmeler. Saç düşen ýerler ýeňsede we çekkelerde, saçly ýeriň gyrasynda ýerleşen bolsalar, onda oňa zolak görnüşli saçdüşme diýilýär. Kähalatlarda saçdüşme kelläniň saçly ýerinde täç, jyga görnüşinde bolýar. Bu kesel agyr geçende, beterleşip, ýaýrap, endamyň ähli saçly ýerlerine ýetip, hatda inçejik tüýlere, gyllara çenli düşýär şoňa ählumumy saçdüşme diýilýär.

Bu uzaga çekýän we ýygy gaýtalanyp durýan keseldir. Kesel gutulyp başlanda, saç düşen ýeriň ortasynda saçlar ösüp başlaýarlar ýa-da aýratyn adajyklar ýaly bolup, köpelip, töweregine ýaýraýarlar. Täze ösýän saçlar ilki inçeje, reňksiz bolup, soňa baka olar öz reňklerine gelýärler. Bu keselde, näsagyň ganynda leýkositleriň, eozinofilleriň, limfositleriň mukdary köpelýär, eritrositleriň çökmek tizligi ýokarlanýar, azganlylyk bolýar, ganda gammaglobulinleriň mukdary azalýar.

Keseliň kliniki alamatlary boýunça, diagnoz goýmak aňsat. Çäkli saçdüşmäni mikrosporiýa, trihofitiýa, merezýeliň ikilenji gaýtalanan döwründe duş gelýän kiçi öýjükli saçdüşme bilen tapawutlandyrmaly bolýar. Saç düşen ýerlerden, saçyň galyndysyny (kösügini), goňaklary laboratoriýa barlagyndan geçirende, goturaklara barlanylanda, negatiw netije alynsa, onda dermatofitiýalaryň ýoklugyny görkezýär. Çäkli saçdüşme - merezýeliň beýleki alamatlarynyň ýoklugy we serologiki testleriniň netijesiniň negatiw bolmagy, merezýel saçdüşmesinden tapawutlanýar.

B e j e r i l i ş i. Ýokumlaryň “B”, “C”, “A”, “E”, “D” toparlary, nikotin, pantaten, foliý turşulyklary, furokumarin hatarynyň dermanlary (beroksan, psoralen, ammifurin, meladinin we başg.), gormonlar (prednizolon, deksametazon, triamsinolon we başg.), rahatlandyryjy dermanlar (bromyň serişdeleri, elenium we başg.) giňden ulanylýar. Saç düşen ýere çalynýan dermanlar: şol ýeriň derisini gyzardýan we dartgynly ýagdaýa getirýän bolmaly: spirte, efire, kükürt, salisil turşusy, hloralgidrat goşulan, ajy burçyň spirtli ergini, meladinin, beroksan we başgalary saç düşen ýere sürtüp, soňundan hem ultramelewşe şöhlesine tutmaly, steroid kremlerini çalmaly. Fiziobejeriş usullaryndan ultramelewşe şöhlesi, D'Arsonwal ulanylýar. Soňky ýyllarda mikroelementler hem köp ulanylýar.

## HEÝLITLER, ÝALAMALAR
## (Cheilit)

Ýalama - dodaklaryň hoşmeýilli tutuş çişginli keseli. Hususy ýalamalar toparyny düzýänler: gün, howa, glandulýar we eksfoliatiw ýalamalarydyr.

### GÜN ÝALAMASY

Dodaklaryň gyzyl zolagynyň günüň şöhlesine ýokarlanan duýgurlygyň netijesinde döreýän dowamly kesel. Keseliň 2 görnüşini tapawutlandyrýarlar-ekssudatiw we gury görnüşleri.

Keseliň döremeginiň esasy sebäbi, günüň ultra-melewşe şöhlesiniň täsirine bolýan allergiki reaksiýadyr. Patogenezinde, garyn-içege ýolunyň we bagryň keselleri uly orun tutyarlar.

Ýalamanyň gury görnüşi tomsuna başlaýar. Peski dodagyň gyzyl zolagy açyk-gyzyl bolup, uşajyk ak gury teňňejikler bilen örtülýär. Dodagyň gyzyl zolagynyň üsti tutuş zaýalanýar. Ýokarky dodak we ýüzüň derisi zaýalanmaýar. Käbir näsagyň dodagynyň gyzyl zolagynda buýnuzlaşan ýerler döreýär. Günüň ýalamasynyň suwly görnüşinde peski dodagynyň gyzyl zolagynyň çişginli ýerliginde açyk-gyzyl tegmiller döreýärler, gabarçajyklar örýärler, olar tiz ýarylyp ýüzleý ýarajyklar peýda bolýarlar we olaryň üsti gopajaklaýar. Näsaga gijilewük, ot basylýan ýaly duýgy we dodagynda ýeňil agyry azar berýär.

Günüň ýalamasyna, ýylyň belli bir paslynda bolmaklyk häsiýetli: kesel tomus başlap, güýz-gyş aýlarynda öz-özünden ýagşy bolýar. Gün ýalamasy uzaga çekende, dodagyň gyzyl zolagy buýnuzlaşmaga meýilli bolup, jaýryklar, çuň jaýryklar emele gelip, howply çişlere öwrülmegi-de mümkin.

Gün ýalamasyny atopiki deri çişmesiniň ýalamasy bilen tapawutlandyrmaly bolýar, onda kesel diňe bir dodaklaryň gyzyl zolagynda ýerleşmän, eýsem dodaklaryň derisinde, agzyň burçlarynda-da ýerleşýär we zeper ýeten deri galňaýar hem-de günüň täsirine bagly bolmaýar.

B e j e r i l i ş i. Günüň şöhlesinden gaça durmaly. Näsaga nikotin turşusyny, “B” “A”, ”E” ,”C” ýokumlary bermeli: keseliň agyr geçýän görnüşinde delagil (0,25-den günde 2 gezek, 2 hepdäniň dowamynda) we günde 10 mg prednizolon bermeli. Zeper ýeten ýere kortikosteroid melhemleri (prednizolon, gidrokortizon we başg.) ulanylýar. Günüň şöhlesinden goraýan melhemler (“şit”, “luç”) ulanylýar.

## HOWA ÝALAMASY

Howa ýalamasy –dodaklaryň çişginlik keseli. Onuň esasy sebäpleri daşky tebigatyň täsiri. Kesel ýylyň islendik paslynda bolup biler, köplenç açyk howada işleýän adamlarda bolýar.

Keseliň esasy sebäpleri ýokary ýa-da pes temperatura, howanyň ýokarlanan ýa-da peselen çyglylygy, ýel, tozanly howa, gün şöhlesiniň radiasiýasy.

Adatça peski dodagyň gyzyl zolagy zaýalanýar. Peski dodagyň gyzyl zolagy tutuşlygyna ýeňil gyzarýar we galňaýar, gury, ownuk teňňejikler bilen örtülýär. Näsaglary, dodagynyň guraklygy we çekişip duran ýaly duýgular birahatlandyrýarlar. Kesel dowamly geçýär, onuň ýerliginde köplenç howply çişlere eltýän keseller döreýär.

Howa ýalamasyny gatlaşma allergiki ýalama bilen tapawutlandyrmaly bolýar, onda dodaklaryň ikisiniň hem gyzyl zolagy zaýalanýar, dodaklaryň derisine-de geçýär. Kesel, allergenler (dodak çalgylary, kosmetika) bilen uzak gatnaşykda bolandan soň döreýär.

B e j e r i l i ş i. Mümkin bolsa, keseliň döremeginiň sebäplerini aýyrmaly. Näsaga “A” ,”E”, “C”, “$B_2$”, “$B_6$”, “$B_{12}$”, “PP” ýokumlary bellenilýär. Dodaklaryň gyzyl zolagyna arassaçylyk dodak ýaglaryny, ýumşadyjy kremleri çalmaly. Güýçli çişginlik bolanda 7 günüň dowamynda 0,5% prednizolon melhemini çalmaly.

Näsagy, mümkin boldugyça, daşky gyjyndyryjylar bilen bagly bolmadyk işe geçirmeli. Dodaklaryna ýumşadyjy kremleri çalmaly.

## GLANDULÝAR ÝALAMA

Kesel dodaklaryň gyzyl zolagynda we olaryň geçiş araçäginde ýerleşen tüýkülik mäzleriniň ulalmagy we güýçli işlemegi zerarly döreýär.

Onuň birinji we ikinji glandulýar ýalama görnüşlerini tapawutlandyrýarlar.

Birinji glandulýar ýalama, nemli bardanyň dodagyň gyzyl zolagyna geçýän araçäginde we dodagyň gyzyl zolagynda ýerleşýär we tüýkülik damjasy bölünip çykýan, tüýkülik mäzleriniň giňelen agzy, gyzyl nokat ýaly bolup görünýär. Dodagy elýaglyk bilen süpürenden birnäçe demden soň mäzleriň agzyndan tüýkülik damjasynyň bölünip çykýanlygy anyk görünýär. Tüýkülik dodagyň üstünde çyg damjasy ýaly bolup görünýär. Tüýkülik mäzleriniň ulalmagy netijesinde olaryň  agzy 1-2 mm ululykda bolup, dodaklaryň üstünde anyk görünýär.

Ikinji glandulýar ýalama dowamly çişginlik keselleriň netijesinde döreýär. Onda nemli bardanyň ýa-da dodagyň gyzyl zolagynyň kesellemegi (gyzyl ýasy demrew, eritematoz we başg.) mümkin. Bu kesellerde, çişginlik infiltraty tüýkülik mäzleriniň ulalmagyna we güýçli işlemegine getirýär. Netijede esasy keselleriň kliniki alamatlary bilen bir hatarda tüýkülik damjasy bölünip çykýan, tüýkülik mäzleriniň giňelen agzy görünýär.

Bejerilişi.Tüýkülik mäzine diatermokoagulýasiýa geçirilýär. Eger-de näsagda zeper ýeten mäzleriň sany köp bolsa, onda olary hirurgiki ýol bilen kesip aýyrýarlar. Eger-de ikinji glandulýar ýalama diýlip diagnoz goýlan bolsa, onda oňa sebäp bolan esasy keseli bejerýärler.

## EKSFOLIATIW ÝALAMA

Bu kesel dodaklaryň diňe gyzyl zolagynyň dowamly keseli.

Keseliň iki görnüşini: gury we ekssudiw tapawutlandyrýarlar, olaryň bir görnüşi beýleki görnüşine geçip biler.

Eksfoliatiw ýalama bilen esasan 20-40 ýaşly aýallar keselleýärler.

Etiologiýasy we patogenezi gutarnykly öwrenilmedik. Eksfoliatiw ýalamanyň patogenezinde esasy orun psihoemosional sebäplere degişli: howsalalyk, sussypeslik, köplenç näsaglarda tireotoksikoz tapylýar. Tohum yzarlamaga ýykgyn edýär.

Eksfoliatiw ýalamanyň mahsus häsiýeti dodaklaryň ikisiniň hem ýa-da biriniň diňe gyzyl zolagynda ýerleşmegidir. Zeper ýeten ýer zolaklaýyn

görnüşde bolup, agzyň bir burçundan beýleki burçuna we nemli bardanyň dodagyň gyzyl zolagyna geçýän çäginden (Kleýniň çägi) dodagyň gyzyl zolagynyň ortasyna çenli aralykda ýerleşýär. Dodagyň gyzyl zolagynyň derä tarap ýarysy we nemli bardalar zaýalanmaýarlar.

Keseliň suwjarýan görnüşinde zeper ýeten ýerde sary reňkli gopajaklar emele gelýär. Gopajaklar galyň bolup uly dodagyň çäginden çykyp, sallanyp durmagy mümkindir. Gopajagyň astynda ýüzleý ýarajyk hiç haçan bolmaýar. Gopajagy aýrandan 1-2 günden soň, dodaklaryň gyzyl zolagynda, Kleýniň çäginde, agymtyl ýelim ýaly suwuklyk döreýär, ol tiz guraýar, gopajak emele gelýär. 5 günden soň gopajak özüniň iň uly ölçegine ýetýär. Näsaga, köýýän dek duýgy we agyry azar berýär, iýmitlenmegi we geplemegi kynlaşýar.

Keseliň gury görnüşinde, zeper ýeten zolakda gaty, çal teňňejikler döreýär, ortasy dodagyň gyzyl zolagyna ýapyşan bolýar. Teňňejikler 7 günden soň aýrylýarlar, gaçan teňňejikleriň ýerinde ýüzleý ýarajyklar bolmaýar. Näsaglary dodaklaryň guraklygy biynjalyk edýär.

Eksfoliatiw ýalama birden başlaýar. Geçişi uzak we dowamly. Birden hem gutulmagy mümkin. Hiç haçan howply görnüşe geçmeýär. Eksfoliatiw ýalamanyň suwjarýan görnüşini, deriniň adaty pakgarçak keseli bilen tapawutlandyrýarlar. Deriniň pakgarçak keseli üçin, dodaklaryň gyzyl zolagynda we agyz boşlugynda uzak wagtlap bilinmeýan ýüzleý ýarajyklaryň bolmaklygy, Nikolskiniň alamatlarynyň oňaýly (+) bolmaklygy, çyrşaklarda akantolitik öýjükleriň tapylmagy örän häsiýetlidir.

Eksfoliatiw ýalamanyň gury görnüşini galtaşma allergiki ýalamalardan tapawutlandyrýarlar. Allergiki ýalama üçin, gijilewük, keseliň gaýtalanmagy, derä geçmegi, zeper ýeten ýeriň galňamagy örän häsiýetlidir.

B e j e r i l i ş i. Eksfoliatiw ýalama keselli näsaglary bejermek çylşyrymly. Bejergi toplumlaýyn we keseliň geçiş döwrüne bagly bolmaly. Näsaga trankwilizatorlary (fenazepam, seduksen), neýroleptikleri , B-adrenoblokatorlary (anaprilin, obzidan) suwjaryan görnüşinde bellemeli. Eksfoliatiw ýalamanyň gury görnüşinde antidepressantlary (amitriptilin), trankwilizatorlary (elenium) belleýärler. Ýerli bejergi üçin gormonal melhemleri, ýumşadyjy kremler ulanylýar. Eksfoliatiw ýalamaly näsaglar bilen psihoprofilaktiki gürrüňler geçirmeli.

Simptomatiki ýalamalaryň toparyny: atopiki, süýjübaş, ýokum ýetmezçilik ýalamalary düzýärler.

## ATOPIKI ÝALAMALAR

Atopiki ýalama , atopiki deri çişmesiniň (neýrodermitiň) alamatydyr. Kesel gijilewügiň, çişginli gyzarmagyň, dodagyň gyzyl zolagynyň, agzyň burçlarynyň we töwereginiň derisiniň çişmegi bilen başlanýar. Kleýniň zolagy (dodagyň gyzyl zolagynyň agzyň nemli bardasyna geçýän araçägi) zaýalanmaýar. Dodagyň gyzyl zolagy galňaýar, üstünde teňňejikler, jaýryklar emele gelýär, wagtyň geçmegi bilen näsagyň boýnunyň derisinde, tirsek we

dyz bogunlarynyň epinlerinde, kesele mahsus deriniň galňamagy döreýär we diagnoz goýmaklygy aňsatlaşdyrýar.

S ü ý j ü b a ş ý a l a m a s y (dodaklaryň süýjübaşy). Süýjübaş ýalamasy uzaga çekýän kesel. Agzyň burçlarynda çişginlik, gyzarmak döräp, töweregindäki derä ýaýraýar. Kesel beterleşen ýagdaýynda dodaklaryň zeper ýeten ýerinde gabarçajyklar döreýär we suwjarýar. Deriüsti gatlak çat açýar we näsaglarda dodaklarynyň üstünde bir zat bar ýaly duýgy döreýär. Süýjübaş ýalamasy adatça süýjübaş demrewi bilen bilelikde döreýär we deriniň dürli ýerlerinde (ýüzde, göwrede we başg.) süýjübaşyň ojaklary bolýar.

Atopiki we süýjübaş ýalamalaryň bejergisiniň ýörelgeleri birmeňzeş: gistamine garşy serişdeler (suprastin, tawegil, klaritin), kalsiniň serişdeleri glýukonat kalsiý, tiosulfat natriý, “C”, “$B_1$”, “$B_6$”, ”A” ýokumlary, trankwilizatorlary, gistaglobulini belleýärler. Berhiz saklamagyň uly ähmiýeti bar (duzly, ýiti nahary, gowrulan eti, süýji önümleri, ýumurtgany we başgalary ulanmaklygy çäklendirmeli) şeraply içgileri içmek, çilim çekmek bolmaýar. Daşky bejergi keseliň ýitileşen, suwjarýan döwründe çişginlige garşy sowuk öl ýapgyjygy (çopan telpegiň, dub agajynyň gabygynyň, tikeniň suw erginlerinden), soň kortikosteroidli melhemleri, ýumşadyjy kremleri ulanýarlar.

Berhizi berk saklamak, ýerli infeksiýalary bejermek buýrulýar. Her gezek nahardan öň we soň dodaklara A ýokumyny çalmaly, wagtal-wagtal gormonly melhemleri we 1-2% salisil turşusy garylan melhemleri ýa-da kremleri çalmaly.

Ýokum ýetmezçilik ýalamasy – ol ýa-da beýleki ýokumyň ýetmezçiliginde döreýär. “A” ýokumynyň ýetmezçiliginde dodagyň gyzyl zolagy agymtyl bolýar, üstünde buýnuzlaşma ýüze çykýar. Näsaglar hemişe dodagyny ýalap ýörýärler, netijede dodakda jaýryklar emele gelýär.

“$B_2$” ýokumynyň ýetmezçiliginde, dodagyň gyzyl zolagy çişginli tenýär, agzyň burçlarynda jaýryklar emele gelýär, gabarçajyklar, ýüzleý ýarajyklar, gopajaklar emele gelýär. Dili gury häsiýetli açyk-gyzyl reňkde bolýar, burun-dodak epinlerinde goňajykly deri çişmesi bolýar, köýýän dek awuly duýgy, gözagyry näsaga azar berýär.

“PP” ýokumynyň ýetmezçiliginde dodagyň gyzyl zolagy galňaýar, guraýar, gopajaklaýar, teňňejikler bolýar. Diliň üsti tekizlenýär, gury tekiz bolýar.

“B6 ” ýokumynyň ýetmezçiliginde dodagyň gyzyl zolagynda çişginli gyzyl tegmil emele gelýär. Agzyň burçlary jaýrylýar.

B e j e r i l i ş i. Degişli ýokumlaryň (“A”, “$B_2$”, “PP”, “$B_6$”) sanjuwlary we şolara baý iýmitler bellenilýär. Daşky bejergi üçin “A” ýokumly melhemler we gormonal serişdeler ulanylýar.

# PELLAGRA

Pellagra, italýança “pelle agra” sözi – büdür-südür deri diýmekligi aňladýar.

Keseliň döremegine, iýmitde triptofan aminokislotasynyň we “PP” ýokumynyň ýetmezlik etmegi ýardam edýär. Pellagra keseliniň patogenezinde, “PP” ýokumynyň ýetmezçiliginden başgada “$B_1$”, “$B_6$”, “$B_{12}$” ýokumlaryň ýetmezçiliginiň uly ähmiýeti bar. Pellagra keseliniň döremegine ýardam edýän ýagdaýlar: arakhorlyk we garyn-içege ýollarynyň keselleridir.

Pellagra esasan 3 alamatlaryň bolmagy bilen häsiýetlenýär: dermatit, demensiýa we diareýa.

Dermatit - deriniň zaýalanmasy, çişmesi esasan deriniň açyk ýerlerinde (ýüzde, elleriň penjeleriniň arkasynda, bileklerde, gursagyň ýokarky böleginde) ýerleşýär. Zeper ýeten ýerlerde, durnukly – gyzyl reňkli deri gyzarmasy, goýy gyzyl reňkli tegmiller döreýär , olaryň töwereginiň araçäkleri anyk, soň goňrumtyl-gyzyl reňki alýar, deriüsti gatlagy soýulýar. Kesel ýiti geçýän wagtlary, deriniň gyzaran ýerinde, uly gabarçaklar döräp, olaryň içinde bulançak ýa-da gan gatyşykly suwuklyk bolýar, olaryň gabygy ýyrtylyp, haýal bitýän ýaralar ýüze çykýar, olar gutulandan soň, ýara yzlary galýar. Näsagy gijilewük we agyry birahat edýär. Bir wagtyň özünde, käbir näsaglarda, deriniň zaýalanmagy bilen birlikde, garyn-içege ýollarynyň keselleri (diareýa) glossit, işdäniň peselmegi, içgeçme we merkezi degna ulgamlarynyň näsazlygy (gorkaklyk, howsalalyk we ş.m.) demensiýa ýüze çykýär.

Pellagryny günüň şöhlesiniň döredýän dermatiti, beze keseli bilen tapawutlandyrmaly bolýar.

Günüň şöhlesine döreýän dermatitden pellagra erjel we gaýtalanyjy häsiýetli geçişi, diareýanyň, demensiýanyň alamatlarynyň ýygy duş gelýänligi bilen tapawutlanýar.

Beze pellagradan anyk araçäkli açyk-gyzyl reňkli tegmilleriň, olaryň çişginliligi hem-de gyzgynlygyň has ýokarylygy bilen tapawutlanýar.

B e j e r i l i ş i. “PP” ýokumynyň 1% erginini 1,0 etiň içine sançmak, şonuň ýaly-da “$B_1$”, “$B_6$”, “$B_{12}$”, “C” ýokumlaryny ulanmak. Näsagyň iýmiti ýokumly bolmaly, şeraply içgileriň ähli görnüşlerinden el çekmeli.

# JYNS GATNAŞYKLARY ARKALY GEÇÝÄN INFEKSIÝALAR (ÝOKANÇLAR)
## (WENERIKI KESELLER)

## SIFILIS
### (SYPHILIS, LUES)

**Sihilisiň etiologiýasy, patogenezi, umumy geçişi we ýaýraýyş ýollary**

Sifilis (gadymy türkmen ady merezýel) – jyns gatnaşyklary arkaly geçýän (weneriki, zöhrewi) kesellere girýän keselleriň biridir. Weneriki kesellere girýän esasan olaryň dörediji mörjewleri näsagdan sag adama, diňe ýa-da köplenç jyns ýollary bilen geçýän kesellerdir.

Weneriki keselleri “morbus venerus” adyny ilkinji bolup, XVI asyryň başynda (1527-nji ýylda) fransiýaly lukman Betenkur girizdi.

Weneriki keselleriň gadymdan bäri bardygy belli. Weneriki keselleriň kliniki alamatlary, Gippokrat (biziň eýamymyzdan öň 460-480-nji ýý.), Galen (130-200-nji ýý.) we Zelz (biziň eýamymyzdan öň I asyrda) tarapyndan doly we ählitaraplaýyn ýazylypdyr.

Weneriki kesellerine: sihilis, sözenek, şankroid (ýumşak şankr), weneriki limfogranuloma, gasyk granulýomasy (donowanoz) girýärler.

Weneriki keselleriň beýleki infeksiýaly kesellerinden tapawudy, olaryň il arasynda ýaýramagy, ilki bilen, kesel dörediji mörjewleriň, diňe bir biologiki aýratynlyklaryna bagly bolman, eýsem halkyň ykdysady ýagdaýyna, şonuň ýaly-da adamlaryň özlerini alyp baryşlaryna, käbir adamlaryň jyns gatnaşyk endiklerine bagly bolýar. Şu soňky ýagdaý, weneriki keselleri, adamyň özüni alyp baryşyna bagly keselleriň hataryna goşmaga mümkinçilik berýär. Emma weneriki keselleriň köpçülikleýin ýaýramagynyň, ykdysady ýagdaýlaryň ýaramazlaşmagy (ykdysady kynçylyklar, uruş we başg.) bilen baglanyşyklydygyny göz öňünde tutup, weneriki kesellerini ykdysady kesel diýip ynamly aýtmaga doly mümkinçilik bar.

Özüni beýlekilerden tapawutly alyp barýan we weneriki kesellere sezewar bolaýjak adamlar, kesellemäge meýilli adamlar:

1. Bitertip endikleri hünär edinen we şonuň ýoluna düşenler.
2. Ahlaksyz, durmuş taýdan uýgunlaşmadyk, jyns biedepçilik topary.
3. Köp adamlar bilen gatnaşyk edýän syrtfuruşlar .
4. Kelle beýnisi ösmedik oligofrenler.
5. Ykdysady uýgunlaşmadyk adamlar. 1960-1970-nji ýyllarda bu topara uzak ýola gidýän ulagsürüjiler hem girizildi. Häzirki döwürde işewür adamlar, kommersiýa dükanlaryň satyjylary-da girizildi.

### JYNS GATNAŞYKLARY ARKALY GEÇÝÄN INFEKSIÝALARYŇ ÝAÝRAMAGYNYŇ SEBÄPLERI

1. Ilatyň ondan-oňa göçmegi, syýahat gezelençleri, araçäkleriň açyklygy.

2. Ýaşaýşyň şäherleşmegi (urbanizasiýa) – ilatyň uly şäherlere göçüp gelmegi.
3. Ykdysady meseleler, ilatyň ýaşaýyş derejesiniň, medeniýetiniň pese düşmegi.
4. Adamlaryň özlerini alyp baryşlarynyň, ýaşaýyş gymmatlygynyň üýtgemegi, ahlaksyzlyk, ruhsyzlyk.
5. Bitertip endikleriň we syrtfuruşlygyň ýaýramagy.
6. Neşekeşlik, arakhorlyk, öýsüz-öwzarsyzlyk, ykmandalyk.
7. Jyns gatnaşygyny güýçli wagyz etmeklik (telewideniýede, radio, wideo, we başg.)

Sifilis “syphilis” adyny, Veron şäherinden, italiýaly lukman, şahyr we astronom Jirolamo Frakastoro dakypdyr. Ol özüniň “syphilis ýa-da galliler keseli” atly eserinde, mifiki ýurtda ýaşan, Sifilus atly bir doňuz çopany (sus – doňuz, phylus – dost) barada ýazýar, ýagny ol çopan, söýgi hudaýy – Wenerany sylamany üçin gargyşa galyp, sifilis keseli bilen keselläp, jyns synasyna we endamynyň ähli ýerine zeper ýetipdir.

Şoňa çenli sifilisi, ispanlaryň, fransuzlaryň, portugallaryň keselleri diýipdirler. Emma „syphilis“ ady hiç bir milletiň ar-namysyna täsiriniň degmäni üçin, şu wagta çenli ulanylyp gelipdir.

Sifilisiiň “lues” (deňizçileriň keseli) diýen ady, ilkinji fransuz alymy Rable tarapyndan dakylan.

## SIFILISIŇ DÖREDIJISI

Solgun treponema 1905-nji ýylda, mart aýynyň 3-ne, nemes biology Şaudin we Goffman tarapyndan açylan. Olaryň tapan mörjewi towlanan simjagaz halka (spiral) görnüşinde bolup, anilin reňklerine boýalmaýarlar, şol sebäpli hem olara solgun treponemalar (Treponema pallida)  ýa-da solgun spiroheta (Spirocheta pallida) diýilýär. Olaryň ortaça 8-14 deňölçegli towlary bolýar, uzynlygy 7-9 mkm, ýogynlygy – 0,2 - 0,5 mkm bolýar. Olar her dürli: öňe-yza, maýatnik ýaly, epilýän, gysylýan, öz töwereginden aýlanýan görnüşli hereketleri bolup, çalt we sada hereket edýärler we beýleki saprofit spirohetalardan (Spirocheta dentium, buccalis, refringens, balanitidis we ş.m.) tapawutlanýarlar. Saprofit spirohetalaryň görnüşi gödek, towlary deňölçegli bolmaýarlar.

Solgun treponemalar adamyň bedeninden daşky tebigatda tiz ölýärler. Guran enjamlar olara öldüriji täsir edýärler, 100°C çenli gyzdyrylsa dessine ölýärler. Dezinfeksiýa serişdeleri (fenolyň 0,5 % ergini, sulemanyň ergini, iki hlorly simap ergini 1: 4000) gaty tiz öldürýärler. Sowuklyga gaty çydamly -78° C sowuklykda spirohetalar bir ýyldan hem köpräk wagtyň dowamynda ýaşap we kesel dörediji güýjüni ýitirmän saklap bilýärler. Ölen adamyň jesedinde  iki günden köp saklanýarlar.

Elektron ulaltgyjyň astynda solgun treponema  anakonda ýylanyna meňzeş. Treponema üç gat gabyk bilen örtülen, olaryň hersiniň öz düzümi we

funksiýalary bar. Spirohetalaryň yzky ujunda, käte gapdallarynda hem, gabyklaryň aşagynda ýerleşen gyljagazlary örän hereketli blefaroblastlary bolýar.

Sitoplazmasynda DNK saklaýan ribosomlar bolýar. Mezosomalar madda çalyşma funksiýaly dem alyş guraly. Treponemalar ortasyndan kese deň iki bölege bölünmek ýoly bilen köpelýärler. Oňaýsyz ýagdaýa düşende olar daşy haltajykly we L-görnüşlere öwrülýärler. Haltajykly görnüşe öwrülmek üçin, treponema uzyn görnüşinden düýrülip, ýumak ýaly togalanýar we daşyna bardajyk emele gelýär. Ol bardajyk dermanlary geçirmeýär. Näsagyň bedeniniň goranyş güýji gowşanda, treponemalara oňaýsyz ýagdaýlaryň täsiri aýrylandan soň, treponemalar daşy haltajykly, bardajykly görnüşinden ýene-de öňki uzynja towlanan halka, halka-simjagaz görnüşine öwrülip bilýärler we kesel döredijilik ukybyny saklaýarlar. Bu ýagdaýa rewersiýa hadysasy diýilýär.

Käbir alymlaryň aýtmaklaryna görä, ýokuşan adamlarda merezýel uzak wagtlap kliniki alamatsyz geçip bilýär (beýle ýagdaý haçan-da treponemanyň bardajykly görnüşine öwrülen mahaly bolýar, çünki olaryň antigen häsiýetleri bolup, bedende antitelalary döredýärler we RW- pozitiw (+) bolýar.

## Solgun treponemanyň laboratoriýa usuly bilen anyklanylyşy

Sifilisiň irki I – II döwürlerinde diagnozy tassyklamak maksady bilen, keseliň ýokanç alamatlaryndan (gaty şaňkr, düwünjikler), solgun treponemalar gözlenilýär. Olar aniline boýaglanmaýarlar, şoňa görä-de solgun treponemalary janly ýagdaýynda (natiw çalgyda) gözlemeli bolýar. Adaty ulaltgyjyň kondensory garaňkylanan ýa-da gara (surat alynýan) kagyz goýulan, çyra bilen gapdalyndan ýagtyldylýan ýagdaýda seredilýär. Şonda, Tindalyň fiziki kanunynyň esasynda, Brounyň hereketi görnüşinde hereket edýän solgun treponemalar görünýär.

## Sifilisiň ýokuşuş şertleri we ýollary

Sifilisiň ýokuşmagy, köplenç, solgun treponemalaryň, deriniň şikes ýeten ýerine düşmegi zerarly bolýar. Ýöne başga-da ýokuşyş ýollary bar. Sifilis, näsag göwreli aýaldan, göwresindäki çaga, düwünçege ýokuşýar we dogabitdi sifilis döreýär. Eneden doglandan soňky ýokuşan sifilise - ýokuşan sifilis diýilýär.

Ýokuşan sifilisiň döreýiş şertleri we ýollary:

1.Jyns gatnaşygy arkaly (tebigi jyns gatnaşygy we syrtfuruşlyk) – 60 % çenli.

2. Näsagyň agzynyň nemli bardasynda, gaty şankr ýa-da sifilisiň düwünjikleri bar bolsa, onda näsagyň tüýküliginde köpsanly kesel döredijiler – solgun treponemalar bolýar.

3. Durmuşda ýokuşýan halatlary (göni we göni däl, ýagny hapalanan goşlar, enjamlar we ş.m.)
4. Damara gan guýmak (donoryň ganyny – gemotransfuziýa ýoly).
5. Hünärmenler (operasiýa wagty hirurgyň eline şikes ýetmek we ş.m.).

Dogabitdi sifilisiň döreýşi. Göwreliligiň 4-nji aýynda, enäniň ýatgysynyň gan aýlanyşygy arkaly, kesel çaga düwünçegine geçýär.

## SIFILIS KESELINDE GEÇIRILEN SYNAGLAR

Sifilis – solgun treponemalaryň döredýän dowamly infeksiýasy, köplenç, jyns gatnaşygy arkaly ýaýraýan kesel. Sifilis keseliniň ilkinji ojagy, adatça kesel döredijiniň bedene düşen ýerinde (ilkinji sifiloma) döreýär. Fransuz wenerology Furnýe aýdyşy ýaly “Sifilis, haýsy syna günä iş eden bolsa, ilki bilen şony jezalandyrýar”, soň sifilisiň alamatlary ähli synalarda we ulgamlarda döräp biler.

Sifilis bejerilmedik ýagdaýynda uzaga, birnäçe ýyllara çekýän, tolkun şekilli geçýän, käte beterleşip (aktiw), käte öçüşip, gizlin (latent), soň ýene-de beterleşip, gaýtalanyp (residiw) durýan görnüşli keseldir. Sifilisiň patogenezinde möhüm orun tutýan zatlar, diňe bir döredijileriň biologiki aýratynlyklary bolman, eýsem näsagyň bedeninde emele gelýän infeksion immuniteti we infeksion allergiýasy diýilýän ýagdaýlar bolup, keseliň özboluşly kliniki alamatlarynyň we keseliň geçişiniň aýratynlyklarynyň bolmagyna getirýär.

Sifilisiň geçişi köpdürliligi bilen tapawutlanýar. Emma esasy iki aýratynlygyny bellemek bolar:

1. Keseliň daşky kliniki alamatlary hiç hili bejergisiz, öz-özünden ýitip, kesel birnäçe wagtlap ýok ýaly bolýar, gizlin döwri. Soň ýene-de gaýtadan beterleşip, deride, nemli bardalarda, süňk we merkezi nerw ulgamlarynda, içki synalarda keseliň alamatlary döreýär. Bu alamatlaryň barysy ýitip, kesel ýene-de gizlin görnüşe geçýär. Şeýlelikde sifilis keseli käte beterleşip, käte ýitip, tolkun şekilli geçýär.
2. Kesel uzaga çekdigiçe, onuň kliniki alamatlary şonça-da agyrlaşýar. Kliniki alamatlarynyň agyrlaşmagy duýdansyz döräp, keseliň indiki döwrüne geçendigini aňladýar. Keseliň kliniki alamatlarynyň kanuna laýyk üýtgemegi, fransiýaly wenerolog Rikora, sifilisiň geçişini: inkubasiýa, ilkinji, ikilenji, üçülenji we gizlin döwürlere bölmäge, mümkinçilik beripdir.

Emma käbir halatlarda, kesel ýokuşandan soň, hiç hili kliniki alamatlar ýüze çykmaýar, başga bir ýagdaýda sifilis, keseliň ikilenji döwrüniň alamatlary bilen başlanýar (başsyz merezýel), ýene-de bir ýagdaýda, keseliň ikilenji döwründen soň, uzak wagtyň dowamynda kesel ýok bolan ýaly bolýar, ýagny gizlin (latent) görnüşe geçýär, sifilisiň üçülenji döwrüniň alamatlary ýüze çykmaýar ýa-da öz-özünden gutulyp gidýär.

Sifilis keseli, weneriki keselleriň arasynda, köp hili, dürli alamatly, nerw ulgamlaryna, arka ýülügine, merkezi degna ulgamlaryna zeper ýetirip

bilýän keseldir. Onuň kliniki alamatlary her dürli kesellere: ýiti infeksiýa, içki, hirurgiýa, göz, nerw we beýleki köp dürli kesellere meňzeş bolmagy mümkin. Şoňa görä-de dürli hünärli lukmanlar, sifilis keselini oňat bilmelidirler. Mysal üçin: sifilisiň üçünji döwründe bokurdaga zeper ýetip näsagyň dem alyp bilmän ölmegi; içegesinde örgünler döräp, peritonitden ölmegi; göreç degnasyny sifilisiň zaýalamagy zerarly kör bolmagy; kelle beýnisinde dörän gummany, howply çişe meňzemegi, şöhle bilen bejerilmegi, öýkende dörän gummanyň inçekesel hasaplanyşy; aortanyň anewrizmasynyň giç anyklanyşy we başg.

## SIFILIS KESELINDE IMMUNITET

Sifilis keselinde dogabitdi immunitet bolmaýar. Sifilis keseli bilen kesellän näsagda, bejerilenden soň, immunitet galmaýar. Şoňa görä-de beýle adamlar gaýtadan keselläp bilýärler (r e i n f e k s i ý a), beýle bolanda, näsagyň geçen gezek sifilis keselinden doly sagalandygyny aňladýar.

Näsagyň bedeninde sifilis bar döwründe, sterillenen däl ýa-da infeksion immunitet bolýar, näsag bejerilip, keselinden gutulandan soň, infeksiýa ýok bolandan soň, immunitet hem ýitýär. Infeksion immunitetiň ýitmegi bilen, infeksiýa allergiýada ýitýär.

Sifilisiň gizlin döwründe, bedene düşen solgun treponemalar tiz köpelip, limfatiki we gan aýlanyş ulgamlary boýunça çalt ýaýrap başlaýarlar. Bu döwürde gaty şankr we limfadenit bolmaýar. Sifilisiň birinji döwrüniň ahyrynda, ikinji döwrüniň başynda, solgun treponemalar çalt köpelip, bedeniň ähli ýerlerine ýaýraýarlar spiroheta sepsisi emele gelýär. Netijede sepsiniň käbir alamatlary (gyzgynlygyň ýokarlanmagy, gowşaklyk, ysgynsyzlyk, süňklerde, bogunlarda agyry, poliadenit) ýüze çykýarlar.

Solgun treponemalaryň (patogen antigenleriň) bedende bolmagy, näsagyň bedeniniň, immun-biologiki goranyş mehanizminiň güýçlenmegine getirýär. Netijede solgun treponemalaryň köp bölegi ölýär, keseliň ýokanç örgünleri ýitýär we sifilisiň ikinji döwrüniň gizlin döwrüne geçýär. Emma solgun treponemalaryň ölmän galanlary, bedeniň goranyş güýjüniň peselmegi zerarly, täzeden köpelip, keseliň ýokanç döwrüniň alamatlary ýene-de gaýtadan ýüze çykyp, şeýlelikde sifilisiň ikinji döwrüniň gaýtalanan görnüşe (sifilis II recidiva) geçmegine sebäp bolýarlar. Mundan soň, bedeniň immunobiologiki goranyş işi ýene-de güýjeýär, bejergi geçirilmese ýa-da doly alynmasa solgun treponemalaryň ölmän galan bölegi, bedende sifilis keseliniň täzeden döremegine getirýär. Şeýlelikde, keseliň tolkun şekilli geçmegi, sifilisiň ikinji döwründe, mikro- we makro-bedenleriň arasynda bolup geçýän çylşyrymly aragatnaşygy aňladýar.

Sifilisiň üçünji döwründe, bedende solgun treponemany tapmak gaty kyn, hatda tapyp hem bolmaýar. Sifilisiň üçünji döwründe, beden has gowşan wagty solgun treponemalara we olaryň zäherine ýokary duýgurlygy zerarly olaryň az mukdaryna-da, infeksion granulomasanyň tümmejigiň (tuberculum),

düwüniň (nodus-gumma) döremegi bilen reaksiýa berýär. Olar näsagyň derisinde, süňklerinde, merkezi nerw ulgamlarynda döräp bilýärler. Granulýomalar çüýräp (nekroz) ýara bolup, gutulandan soň, ýara ýzyny (cicatrix) galdyrýarlar.

Eger-de näsag, keselini bejertmän, ýene-de sifilisli näsag bilen ýakyn jyns gatnaşykda bolsa, onda ol öňki keseliniň üstüne, solgun treponemanyň täze mukdaryny alýar, oňa s u p e r i n f e k s i ý a diýilýär. Superinfeksiýa, sifilis keseliniň dürli döwründe, özüni dürliçe alyp barýar. Superinfeksiýa beden sifilisiň haýsy döwründe bolsa, şol döwre degişli kliniki alamatlary bilen jogap berýär diýip hasaplaýarlar. Ýagny, keseliň gizlin döwrüniň ilkinji 10-14 gününiň dowamynda, güýçli infeksion immunitetiň ýok wagty, goşmaça ýokuşan infeksiýa, gizlin döwrüniň gysgalmagyna, täze şankryň döremegine getirip biler. Beýle şankryň ölçegi kiçi bolýar, oňa yzygiderli şankr diýilýär. Şeýle superinfeksiýa sifilisiň üçünji döwründe-de bolup biler.

Dermatowenerologyň amaly işinde superinfeksiýany reinfeksiýadan tapawutlandyrmak aňsat düşmeýär, sebäbi sifilisiň doly bejerilendigini anyk kesgitläp bilýän testler ýok.

Näsaga reinfeksiýany anyklamak üçin şu halatlardan ugur almaly :

1. Birinji gezek keselleýän näsaglara, sifilisiň birinji, ikinji döwürleri (solgun treponemalar tapylýar) ýa-da irki gizlin sifilis diýlip diagnoz goýulýar.
2. Ilkinji gezek kesele garşy doly we dogry bejergi alanlygyny anyklamaly.
3. Serologiki testleriň negatiw (–) bolmagy, kliniki alamatlaryň öz wagtynda ýitmegi, bejerginiň oňat täsir etmeýän ýagdaýyny – r e z i s t e n t görnüşini anyklamak we ş.m.
4. Dispanser gözegçiligi döwründe STK (serologiki testler kompleksi) negatiw (–) bolmaly.
5. Bejergi doly we dogry geçirilenden soň bir ýyl geçmeli.
6. Reinfeksiýada keseliň täze ýokanç çeşmesini tapmaly, sifilisiň täze ýokanç döwründe solgun treponemalary tapmaly.
7. Sifilisiň ýokanç döwründe näsag bilen jyns gatnaşygynda bolandan soň, reinfeksiýa diagnozy goýulýança geçen wagt, sifilisiň diagnozyna: birinji seronegatiw, birinji seropozitiw, ikinji täze, ikinji gaýtalanýan, ikinji gizlin döwürlerine gabat gelmeli.
8. Eger-de näsagda sifilisiň reinfeksiýa görnüşi bolsa, onda täze dörän şankr we skleradenit, edil öňki dörän şankryň we regionar skleradenitiň bolan ýerinde bolman başga ýerde döreýärler.

## Sifilisiň toparlanmasy

Sifilisiň gizlin döwründen soň :

1. Birinji seronegatiw sifilis – syphilis seronegativa
2. Birinji seropozitiw sifilis – syphilis seropositiva

3. Birinji gizlin sifilis – syphilis I latens
4. Ikinji täze sifilis – syphilis II recens
5. Ikinji gaýtalanan sifilis – syphilis II recidiva
6. Ikinji gizlin sifilis – syphilis II latens
7. Üçünji aktiw sifilis – syphilis III activa
8. Üçünji gizlin sifilis – syphilis III latens (kliniki alamatlary bolmaýar, emma öň merezýeliň ýokanç alamatlary bolan)
9. Gizlin sifilis – syphilis latens:
   a) irki gizlin sifilis – syphilis latens praecox (keseliň dowamlylygy iki ýyla çenli bolanda)
   b) giçki gizlin sifilis – syphilis latens tarda (keseliň dowamlylygy iki ýyldan köp bolanda)

Bu diagnozlar näsagda, sifilis keseliniň hiç hili kliniki alamatlary bolman, diňe serologiki reaksiýalar pozitiw (+) bolanda goýulýar

10. Irki dogabitdi sifilis – syphilis congenita praecox:
   - emýän çaganyň dogabitdi sifilisi (bir ýaşa çenli);
   - irki çagalyk döwrüniň sifilisi (1-4 ýaşlar aralygy)
11. Giçki dogabitdi sifilis – syphilis congenita tarda
12. Gizlin dogabitdi sifilis – syphilis congenita latens
13. Içki synalaryň sifilisi (zeper ýeten synalary görkezmeli)
14. Nerw ulgamlarynyň sifilisi
15. Bil ysmazy - tabes dorsalis
16. Güýjeýän ysmaz - paralisis progressiva

## SIFILISIŇ UMUMY GEÇIŞI

**Sifilisiň inkubasiýa (gizlin) döwri,** kesel ýokuşandan soň, tä keseliň ilkinji alamaty döreýänçä (4-5 hepde) geçýän döwrüne aýdylýar. Soňky ýyllarda gizlin döwrüniň uzalanlygy bellenýär. Gizlin döwrüniň uzalmagynyň esasy sebäpleri :

1. Dem alyş ýollaryň ýiti kesellerinde, dümew, basyk, sözenek ýaly kesellerde antibiotikler alnanda, gizlin döwrüniň 2-3 aýa çenli uzalmagy mümkin. Ýokuşyş ýollarynyň umumy bolmagy zerarly, köplenç halatlarda näsagda sifilis, gonoreýa (gizlin döwi 3-5 gün) birbada bolýar we gonoreýanyň bejergisi antibiotikler bilen ir geçirilýär, netijede sifilisiň gizlin döwri uzaga çekýär.
2. Garry adamlarda (anergiýa)
3. Birnäçe infeksiýanyň birbada bolmagy (ýumşak şankr we başg.)
4. Ýokary gyzgynlykly ýiti keseller.

Inkubasiýa döwrüniň gysgalmagynyň sebäpleri:

1. Gaty şankryň dürli ýerlerde (bipolýar) ýerleşmegi.
2. Bedene birbada köpsanly treponermalaryň düşmegi.
3. Näsagyň bedeni gowşanda (howply çişler, inçekesel we başgalar).
4. Sifilisiň agyr, gorkuly görnüşleri bolanda.

**Sifilisiň birinji döwri,** solgun treponemanyň bedene düşen ýerinde, gaty şankryň (ulcus durum) döremegi bilen başlanýar we 6-8 hepde dowam edýär.

Keseliň bu birinji alamaty köplenç jyns synalarynda ýerleşýär, emma bedeniň çem gelen ýerinde-de ýerleşmegi mümkin.

Olar ýekeli-ikili ýa-da bipolýar, birnäçe sany hem bolup bilýärler. Gaty şankr ýüzleý ýara (eroziýa) ýa-da ýara (ulcus) görnüşde bolýar. Düýbünde maýyşgak, kitirdewük ýaly ýasy gatylyk bolýar, agyry, gijilewük bolmaýar, gyralary ýaranyň üstüne abanyp durmaýarlar. Ýüzleý ýara tegelek, reňki gyzyl, üsti ýaldyrap durýar. Eger gaty şankr epinlerde (artbujagyň töwereginde, aýallaryň jyns synalarynyň epinlerinde, agzyň gyralarynda we ş.m.), ýerleşende, jaýryk görnüşinde bolýar. Şankryň ýüzleý ýara görnüşi bejerilmese-de 7-15günden gutulýar, eger-de şankryň düýbündäki gaty infiltrat uly bolsa, onda ýara 2-3 aýa çenli saklanyp biler. Şankr döräninden 5-7 günden soň, onuň golaýyndaky limfatik mäzler ulalýarlar (regionar limfoadeniti). Belli fransiýaly wenerolog Rikor: "Sifilisiň bubony şankryň kölegesi ýaly, onuň yzyndan galmaýar" diýipdir. Ulalan limfatik mäzler agyrysyz, maýyşgak-gaty bolýarlar, bir-birine sepleşmeýärler. Olaryň üstündäki deri gyzarmaýar we mäzlere ýapyşmaýar. Limfatiki mäzlerde, solgun treponemalar, edil inkubatorda ýaly, özlerini oňat duýýarlar, gaty tiz köpelýärler, limfatik mäzler ulalýarlar, çişýärler (poliadenit). Şol döwürde, limfatiki mäzlerde tiz köpelen solgun treponemalar, köp sanda, döş geçelgesine baryp ýetýärler we ýaýjykasty damaryň üsti bilen ganaýlanyş ýoluna düşüp, bedeniň ähli ýerine ýaýraýarlar. Sifilisiň birinji döwründe näsaglaryň takmynan 5%-nde sifilis septisemiýasynyň umumy alamatlary ýagny: gyzdyrmak, ýarawsyzlyk we başg. ýüze çykýar.

Serologiki testler, gaty şankr döräninden soň 2-3 hepdäniň dowamynda seronegatiw bolýar. Bu sifilisiň *birinji seronegatiw* döwri. Tiz wagtdan, ýagny sifilisiň birinji döwrüniň ahyrragynda, serologiki testleri pozitiw bolýar. Oňa sifilisiň *birinji seropozitiw* döwri diýilýär.

Ganyň serologiki testleriniň netijeleri, sifilisde ilki gowşak bolýar (RW-2+, 3+), soňa baka olaryň titri köpelip 1:180, 1:320 çenli ýetýär. Netijede sifilisiň birinji döwrüniň ahyrynda, ikinji döwrüniň başynda, serologiki testler 100 % diýen ýaly ýagdaýda has pozitiw (RW 4+) bolýar.

Sifilisiň birinji ýokanç döwründen soň, gizlin döwri bolmagy mümkin, emma köplenç sifilisiň birinji döwri, hiç hili arakesmesiz sifilisiň ikinji döwrüne geçýär.

**Sifilisiň ikinji döwründe** treponemalar gan aýlanyş ýollary arkaly, bedeniň ähli ýerine ýaýramagy netijesinde, näsagyň derisine, nemli bardalaryna örgün örmegi bilen, keseliň ikinji döwri başlanýar. Örgünler köplenç, gyzyl tegmiljik-menejik, seýrek, düwünjikler, has seýrek, iriňli gabarçaklar görnüşinde bolýarlar, näsaga hat-da suwlyja gabarçaklar (sifilisiň mama örgünine meňzeş iriňli gabarçakly örgüni we ş.m.) örmegi mümkin. Sifilisiň ikinji döwrüniň dowamlylygy 2-5 ýyla çekýär.

Sifilisiň ikinji döwri, keseliň örgünli görnüşi, örgünsiz gizlin görnüşi bilen çalyşyp durmagy bilen häsiýetlenýär. Keseliň ikinji ýokanç döwründe, deride we nemli bardalarda örgün örýär (sifilis örgünleri). Sifilisiň gizlin döwründe, näsagyň endamynda hiç hili örgün bolmaýar, kesel misli gizlenýän ýaly bolýar. Bu halatda keseliň barlygyny, diňe serologiki testleriň netijesiniň pozitiw bolmagy bilen anyklamak bolýar. Keseliň gizlin döwründe-de treponemalar ganda-da, içki synalarda-da, limfatiki mäzlerde-de bolýar, ýöne keseliň ýokanç görnüşine garanda, az mukdarda bolýar. Sifilisiň birinji döwründen soň, ikinji döwrüniň bedene hüjüm edişi, esasan bedene ummasyz köp örgüniň örmegi bilen häsiýetlenýär. Örgüniň reňki açyk, bir-biri bilen goşulyşmaýarlar. Birinji döwrüniň alamatlary, ýagny gaty şankryň ýara yzy ýa-da özi, limfatiki mäzleriň ulalmagy, çişmegi (poliadenit) bolýar. Şoňa görä-de, sifilisiň bu döwrüne ikinji täze (*L II recens*) diýilýär.

Uzaga çekmedik gizlin döwründen soň, ýene-de keseliň täzeden, aktiw döwri, täze hüjüm ýüze çykýar. Muňa sifilisiň ikinji gaýtalanýan (*L II recidiva*) döwri diýilýär. Köp wagt geçdigiçe, keseliň alamatlary azalýar, örgünler toparlanşyp ýerleşýärler, gizlin döwri dowamly bolýar. Sifilisiň ikinji gaýtalanýan döwründe örgün az, doýgun-gyzyl reňkli, bir-biri bilen goşulyşyp, her hili (halka, ýarymaý, nagyş, topbak we ş.m.) görnüşleri emele getirýärler. Sifilisiň birinji döwrüniň kliniki alamatlary gaty şankr we poliadenit bolmaýar, RW 4+. Kesel bejerilmese-de örgün (gyzyl tegmiljikler we düwünjikler) öz-özünden, hiç hili yz galdyrman ýitip gidýärler. Sifilisiň ikinji döwri 2-3, käte 5 ýyla-da çekýär. Şol döwürde keseliň gaýtalanyp durmagy 3-4 we ondan hem köp gezek ýüze çykmagy mümkin.

**Sifilisiň üçünji döwri.** Kesel ýokuşandan 3-5 ýyldan soň döreýär. Kähalatlarda bejergi geçirilmese-de, kesel köp wagtlap, hatda onlarça ýyllaryň dowamynda gizlin (latent) görnüşde bolup bilýär. Sifilisiň üçünji döwründe tümmejikler (tuberculum) çuňňur düwünler-gummalar (nodus) döreýärler. Olar näsagyň diňe bir derisinde we nemli bardalarynda bolman, içki synalarynda, degna we merkezi nerw ulgamlarynda, süňklerinde-de döräp bilýärler, ýerleşen synalaryna güýçli zeper ýetirýärler. Sifilis infeksiýasynyň dürli hili kliniki geçişi (döwürlere bölünişi, döwürleriň arasyndaky geçýän wagtlar, her döwrüň belli bir wagtda döremegi we başg.), diňe bir bedeniň immunologiki ýagdaýyna, ýagny öýjük reaktiwligine, onuň döredijiler bilen özara gatnaşygyna-da bagly bolman, eýsem daşky we içki faktorlaryň täsirine, näsagyň ýaşyna, zähmet we ýaşaýyş şertlerine, ýiti we dowamly infeksiýalara, zäherlenmelere, nerw üpjünçiligine we ş.m. ýagdaýlara-da bagly bolýar.

Wenerologyň amaly işinde, seýrek duş gelse-de, solgun treponemanyň gönüden-göni gan akymyna düşýän halatlary-da duş gelýär. Ol esasan sifilis keselli donordan alnan ganyň beýleki bir adamyň gan damaryna guýulmagy zerarly bolýar. Oňa transfuziýa sifilisi diýilýär. Şonuň ýaly-da hirurglaryň, akuşer-ginekologlaryň, sifilis keselli näsagy operasiýa edýän mahaly, tötänlikden eline şikes ýetäýse, ýagny kesilse, sanjylsa we ş.m., ýagdaýlarda bolmagy mümkin.

Gaty şankr döremedik ýagdaýlarda keseliň başsyz sifilis (syphilis D´amble) adalgaly görnüşi ýüze çykýar. Sebäbi solgun treponema gönüden-göni gan akymyna düşensoň, 2,5-3 aýa çeken gizlin döwründen soň, köp sanly gyzyl menejikli, düwünjikli, ýaýran örgün örmek bilen başlanýar, ýagny sifilisiň ikinji döwri başlanýar, sifilisiň birinji döwrüniň alamatlary gaty şankr we onuň golaýyndaky limfatiki mäzleriň ulalmagy bolmaýarlar. “Başsyz sifilis” gaty seýrek duş gelýän ýagdaý, emma belli rus dermatowenerology Grigorýew, 1938 ý. sifilis keselli erkekleriň 10%-nde, aýallaryň 30%-nde başsyz sifilisiň duş gelýändigini belleýär, emma gaty şankryň bilinmän, görünmän geçýän halatlary-da, başsyz sifilis hasaplanylyp, ýokarky görkezilen göterim artdyrylan bolmagy-da ähtimal, hakykatda bolsa, az alamatly sifilis bolmagy mümkin.

## SIFILISIŇ BIRINJI DÖWRI (syphilis primaria)

Sifilisiň ilkinji döwri, solgun treponemanyň bedene giren ýerinde, keseliň ilkinji alamatynyň (gaty şankryň) dörän wagtyndan başlaýar we keseliň ilkinji döwrüniň alamatlary ýüze çykýança dowam edýär. Näsagyň ganyny Wassermanyň reaksiýasyna barlamaklygyň netijelerine baglylykda, ilkinji döwür seronegatiw we seropozitiw görnüşlere bölünýär.

Sifilisiň nusgawy geçýän halatynda, ilkinji döwrüň dowamlylygy, 6-8 hepde bolýar. Ilkinji döwür başlamazdan öň, 4-5 hepdä çekýän gizlin döwri bolýar. Käte bu döwür 3 hepdä çenli gysgalýar. Ol, inçekesel, guragyry, arakhorluk we başgalardan horluk çekýän, gowşak adamlarda duş gelýär. Köplenç gizlin döwrüniň uzalmagy (4-5 hepdeden-de köp, käte birnäçe aýa çenli) bellige alynýar. Bu döwrüň uzalmagyna basyk, sowuklama, öýken keselleri zerarly kabul edilen antibiotikler sebäp bolýar.

Sifilisiň nusgawy ilkinji ýokanç döwri, i l k i n j i   s i f i l o m a n y ň (gaty şankr) golaýynda ýerleşýän, ulalan regionar limfatik mäzlere tarap gidýän limfatiki damarlaryň çişmesi bilen häsiýetlenýär.

## GATY ŞANKR (ULCUS DURUM)

Näsaglarda, keseliň gizlin döwri gutarandan soň ilkinji sifiloma - gaty şankr döreýär, ol solgun treponemalaryň derä ýa-da nemli bardalara giren ýerinde ýerleşýär. Esasy geçiş ýoly jyns ýoly bolanlygy sebäpli, gaty şankr köplenç, erkeklerde jyns synalarynyň kellejiginde, pürçüginde, artbujakda, aýallarda – uly we kiçi jyns dodaklarynda, ýatgynyň boýunjygynda) seýrek, butlaryň, gasygyň, garnyň derisinde we nemli bardalarynda ýerleşýär. Seýrek duş gelýän, jyns synalaryndan daşda ýerleşýän gaty şankrlar, dodaklarda, dilde, bokurdak mäzlerinde, gabaklarda, barmaklarda we başga-da, solgun treponemanyň giren islendik ýerleriniň derisinde we nemli bardalarynda bolýarlar. Şeýle ýagdaýlara, gaty şankryň e k s t r a g e n i t a l ýerleşmesi diýilýär.

Nusgawy gaty şankr, ýüzleý ýarajyk (erosio) ýa-da ýara (ulcus) görnüşinde bolýar. Adatça, bir ýa-da iki, dogry tegelek görnüşli, okarajyk ýaly, anyk araçäkli, dyrnak ululygynda, ýüzleý ýarajyk bolýar. Onuň reňki gyzyl täze ete meňzeş, gyralary çalaja galyp durýar we düýbüne ýapgyt eňýär (okarajyk görnüşi). Ujypsyzja suwuklyk bölünip çykýar, netijede ýüzleý gaty ýarajygyň üsti lak çalynan ýaly ýaldyrap durýar. Gaty şankryň has häsiýetli alamaty - ýüzleý gaty şankryň düýbünde maýyşgak gaty ýara bolandan soň gaty şankr ýa-da ilkinji skleroz ady galan.

Gaty şankryň ýüzleý ýara görnüşinde, gyralary has ýokary galyp durýar, gatylyk has mälim, agyrmaýar. Ýüzleý ýarajyk bitenden soň yz galmaýar ýa-da gysga wagtlaýyn tegmil galýar.

Gaty şankryň kliniki geçişi, ujypsyz agyrynyň bolmagy ýa-da bütinleý bolmazlygy bilen häsiýetlenýär. Gaty şankrdan bölünip çykýan suwuklyk ulaltgyjyň garaňky meýdançasynda barlananda solgun treponemalar ýeňil tapylýar.

## Atipiki şankrlar

Atipiki gaty şankryň birnäçe görnüşleri bolup biler: şankr-amigdalit, şankr-panarisiý we induratiw çişi.

**Şankr-amigdalit** üçin, damak mäzleriniň biriniň ulalmagy we çişmegi häsiýetlidir, ýüzleý ýara ýa-da çuň ýara ýok. Mäziň töwereginde ýiti çişginligiň alamatlary bolmaýar, araçäkleri anyk, gyzgyny galmaýar, ýuwdunanda agyry duýýar. Şpatel bilen barlap görende çeýelik duýulýar.

Zeper ýeten mäziň üstüni halkalyja sim bilen gyjyndyryp çalgylary edip barlasaň köpsanly solgun treponemalar aňsat tapylýar. Sifilisin ilkinji döwri üçin häsiýetli-regionar limfadenitiň bolmaklygy, boýnunyň peski äňiniň burçundaky limfatiki mäzleriň ulalmagy (noýbanyň ululygyndan tokaý hozunyň ululygyna çenli, bir-birine we töweregindäki dokumalara ýapyşmadyk, gaty çeýe, agyrsyz) we ganyň serologiki barlaglarynyň pozitiw netijeleri kömek edýär.

**Şankr-panarisiý.** Gaty şankryň elleriň barmaklarynda ýerleşmekligi esasan medisina işgärlerinde: laborantlarda, ginekolog, diş lukmanlarda, hirurglarda we patologo-anatomlarda duş gelýär.

Şankr-panarisiý, kliniki alamatlary boýunça, streptokokk etiologiýaly ýönekeý panarisini ýatladýar elleriň barmaklarynyň ujy çişýär, güýçli agyry bolýar, emma ondan tapawutlylykda, gaty infiltratyň bolmagy, ýiti çişginli gyzarmaýanlygy we has möhümi, häsiýetli regionar (tirsek bogunynyň mäzleriniň ulalmagy) skleradenitiň bolmagy, ýeňledýär. Tapawutlandyryjy alamatlaryň barlygyna garamazdan, şankr-panarisiý diagnozyny goýmak kyn bolýar.

**Induratiw çişi** sifilisiň ilkinji döwrüniň alamaty bolup, uly jyns dodaklarda, inek haltada ýa-da erkek jyns synalarynyň pürçüginde, ýagny limfatiki damarlara baý ýerlerde ýerleşýär. Şol ýerler çişýärler, dokumalar

häsiýetli gataýarlar, barmak bilen basanda çöket, yz bolmaýar. Häsiýetli regionar adenit, anamnez, jyns gatnaşygynda bolan adamy barlamagyň netijeleri we serologiki barlaglaryň pozitiw netijeleri induratiw çişi diagnozyny goýmakda kömek edýär.

## Gaty şankryň çylşyrymlaşmalary

Gaty şankryň çylşyrymlaşmalaryna balanit, balanopostit, fimoz, parafimoz, gangrenalaşma, fagedenizm degişlidirler.

Balanit we balanopostit gaty şankryň has ýygy duş gelýän çylşyrymlaşmasydyr. Olar gaty şankra kokklar ýa-da trihomonad infeksiýalary düşende döreýärler. Bu ýagdaýlarda, gaty şankryň töwereginde çişginlik, açyk gyzarmak epiteliýalaryň üstüniň sypjyrylmagy ýüze çykýar, gaty ýaradan suwly-iriňli suwuklyk bölünip çykýar. Çişginlik alamatlaryny aýyrmak üçin, natriý hloryň izotoniki ergininden öl ýapgy ýapylýar (1-2 günüň dowamynda), bu bolsa, köp halatlarda, gaty şankryň üstünden solgun treponemalary tapmaga we dogry diagnoz goýmaklyga mümkinçilik berýär. Balanopostit erkek jyns synasynyň pürçüginiň daralmagyna we kellejigiň açylmazlygyna getirmegi mümkin.

Bu ýagdaýa fimoz diýilýär. Fimozda pürçügiň çişmeginiň hasabyna jyns synasy ulalýar, gyzarýar, agyrýar. Beýle ýagdaýda gaty şankr kellejigiň ýeňsesindäki joýada ýa-da pürçügiň iç tarapynda ýerleşýär we solgun treponemalary barlap bolmaýar. Häsiýetli regionar limfatiki mäzler, olaryň punktatynda döredijileri tapmak, merezýeliň diagnozyny goýmakda kömek edýär.

Zor salyp erkek jyns synasynyň kellejigini açjak bolmaklyk, fimoz bar halatynda, beýleki bir çylşyrymlaşma getirmegi mümkin, oňa parafimoz diýilýär, bu ýagdaýda çişginli we infiltrirlenen pürçük halkasy kellejigi gysýar, bogýar, gan we limfa aýlanyşygynyň mehaniki bozulmagy zerarly çiş ulalýar. Eger-de öňüni alyş çäreler geçirilmese, jyns synasynyň kellejiginiň we pürçüginiň dokumalarynyň çüýremegi mümkin. Parafimozyň başlan döwründe lukman, çişen pürçük haltasyndan serozly suwuklygy göýberýär (arassa iňňe bilen, ýuwkalan derini birnäçe gezek deşýärler) kellejigi pürçük haltasyna salmaga synanyşýarlar. Eger-de bolmasa, onda pürçük halkasyny kesýärler.

Gaty şankryň çylşyrymlaşmasynyň has agyr, ýöne has hem seýrek duş gelýän görnüşleri gangrenalaşma we fagedenizm hasaplanylýar. Olar arakhorlarda, ikinji infeksiýanyň düşmegi netijesinde gowşak näsaglarda ýüze çykýarlar. Çylşyrymlaşan şankryň üstünde hapa ýa-da gara jerhet (gangrena) emele gelýär, ol gaty şankryň çäginden daşyna ýaýraýar - fagedenizm. Jerhediň aşagynda uly ýara bolýar, näsagda gyzgyny galmak, üşütmek, kellagyry we beýleki ýagdaýlaryň ýüze çykmagy mümkin, penisillini tiz bellemegi talap edýär. Gangrena ýarasy bitenden soň çuň yz galýar.

## Regionar adeniti

Regionar adeniti sifilisiň birinji döwrüniň möhüm alamatydyr. Ol gaty şankr döränden 7-10 gün geçenden soň ýüze çykýar. Gaty ýara golaý ýerleşýän limfatiki mäzler (köplenç gasyk mäzleri noýbanyň ýa-da tokaý hozunyň ululygy ýaly ulalýarlar mäzler bir-birine, töweregindäki dokuma we derä sepleşmedik bolýarlar, üstündäki deri üýtgemeýär maýyşgakdan gaty, agyrsyz bolýar. Geçirilýän ýörite bejergä garamazdan, regionar skleradenit uzak wagtlap durýar we haýal gidýär. Gaty şankr ýatgynyň boýunjygynda we göni içegäniň nemli bardalarynda ýerleşende, regionar skleradeniti tapmak kyn, çünki beýle ýagdaýda kiçi çanaklygyň içinde ýerleşen limfatiki mäzler ulalýarlar.

Rikoryň döwründen bäri regionar skleradeniti "ýoldaşlyk bubon" adyny alan. Rikor ýazýar: "ol (skleradenit) gaty şankryň ynamdar ýoldaşy, ol gaty şankryň kölegesi ýaly, onuň yzyna düşüp ýörýär.... Bubonsyz gaty şankr ýok".

Sifilisiň ilkinji döwrüniň üçünji alamaty – sifilis limfangiti (limfatiki damarlaryň çişginligi), ilikli zondyň ýogynlygynda, sapak ýaly gaty zolak emele gelýär, onuň käbir ýerleri has ýognaýar.

## Tapawutlandyryjy anyklamasy

Häzirki ýagdaýda gaty şankryň tapawutlandyryjy anyklamasy kynçylyk döretmeýär we häsiýetli alamatlaryna esaslanylýar. Gaty şankryň çylşyrymlaşan görnüşlerinde birnäçe kesellerden tapawutlandyrmaly bolýar.

**Jyns synalarynyň uçugy** (Herpes simplex pro genitalis) – deriniň gyzaran tegmiliniň üstünde topar gabarçajyklar döreýär. Olar ýarylandan soň, ýüzleý ýarajyklar emele gelýär, goşulyşyp uly ojak emele getirmegi mümkin, şony bolsa gaty şankryň ýüzleý ýarajyk görnüşinden tapawutlandyrmaly bolýar. Gaty şankrdan tapawudy, uçugyň ýüzleý ýarajygynyň gyralary dogry tegelek bolmaýar, ýüzleý ýarajygyň töwereginde çişginli gyzarmak bolýar, düýbi gaty bolmaýar ýa-da bolaýanda-da ujypsyzja bolýar, agyryly, solgun treponemalara barlaglaryň netijeleri negatiw bolýar we regionar skleradenit bolmaýar.

**Şankr şekilli piodermiýa** seýrek duş gelýär, emma tapawutlandyryjy diagnozda kynçylyk döredýär. Keseliň döredýän mörjew – streptokokk. Birnäçe ýüzleý ýarajyk ýa-da köplenç ýara emele gelýär we kliniki alamatlary boýunça merezýeliň gaty şankryny ýada salýar: tegelek şekilli, gaty, gyralary ýapgyt we düýbünde ujypsyz suwly ýa-da suwly-iriňli suwuklyk, seýrek bolmadyk we ähli taraplaýyn merezýeliňkä meňzeş regionar skleradeniti bolýar. Infiltrat ýaranyň araçäginden hemişe daşa çykýar. Diagnoz baradaky meseläni, solgun treponema geçirilen köp sanly barlaglaryň oňaýsyz netijeleri, limfatiki mäzleriniň punktatynda solgun treponemanyň tapylmazlygy we

näsagyň ganyny Wassermanyň reaksiýasynda gaýtalap barlamagyň negatiw netijesi, çözýärler.

Gaty şankry, **howply çişiň ýa-da gummanyň** ýaralary bilen tapawutlandyrmaly bolýar, ylaýta-da olar jyns synalarynda, dodaklaryň gyzyl zolagynda, aýallarda göwsiniň ujunda ýerleşenlerinde.

Deriniň howply çişinde ýaranyň gyralarynyň we düýbüniň has gatylygy, töwereginiň ujypsyz çişginligi ganamaga meýilliligi, haýal geçişi we ýara döränden birnäçe aýdan soň limfatiki mäzlerine zeper ýetmegi bilen häsiýetlenýär. Gumma ýarasynyň gyralary we düýbi gatyja, ýöne howply çişiňkiden azyrak. Diagnoz goýmaklyga, gumma özeniniň bolmaklygy we gistologiki gurluşy, kömek edýär.

Şeýlelikde, sifilisiň ilkinji seronegatiw döwrüniň diagnozy, gaty şankryň we regionar skleradenitiň kliniki alamatlarynyň esasynda we hökmany suratda, gaty şankrdan bölünip çykýan suwuklykda ýa-da limfatiki mäzleriň punktatynda, solgun treponemanyň tapylmagy esasynda goýulýar, şonuň ýaly-da, sifilisiň ilkinji seropozitiw döwründe, serologiki reaksiýalaryň oňaýly netijeleri we konfrontasiýanyň (näsagyň ýokanç çeşmesidir diýip güman edýän adamsyny barlamak) netijesi esasynda diagnoz goýulýar.

Ondan başga-da ilkinji sifilisiň diagnozy goýlandan soň we ýörite bejergi (adatça, suwda ereýän penisillin bilen) başlananda, näsaglaryň köpüsinde beterleşmek reaksiýasy ýa-da Gerksgeýmer-Lukaşewiç-Ýarişiň reaksiýasy ýüze çykýar, ol bolsa diagnozyň dogrulygyny retrospektiw tassyklaýar. Bu reaksiýa, köp sanly solgun treponemalaryň birbada gyrylyp, olaryň içindäki endotoksinler boşap, gana geçip, bedeni zäherlemegi netijesinde bolýar diýlip hasaplanylýar. Reaksiýa şu alamatlar bilen: üşütmek, etlerinde, süňklerinde, bogunlarynda agyrynyň peýda bolmagy, gyzgynyň 40°C çenli ýokarylanmagy bolup geçýär. Reaksiýa penisilliniň 2-3 sanjuwyndan soň başlaýar we birnäçe sagatdan soň hem aýrylýar. Has seýrek ýagdaýlarda reaksiýa gaty agyr geçýär (gyzgyny 40°C-dan geçýär, aňy gidýär we başgalar). Şeýle bolanda penisilliniň 1-2 sanjuwyny etmän geçirmeli.

Sifilisiň birinji döwrüniň häzirki döwürde geçişiniň aýratynlyklary: gizlin döwrüniň uzalmagy, gaty şankryň ýara görnüşiniň we onuň sanynyň köpelmegi, ikinji infeksiýa bilen çylşyrymlaşmagy, fimozyň bolmaklygy, käte gaty şankryň düýbünde gaty infiltratyň bolmazlygy, ekstragenital gaty ýaranyň ýygy duş gelmegi, limfatiki mäzleriň çişginligi birtaraplaýyn ulalmagynyň seýreklenmegi ýa-da skleradenitiň bolmazlygy, beterleşmek reaksiýasynyň ýygy duş gelmegi, ikinji täze sifilisiň alamatlarynyň ir ýüze çykmagy we başg.

## SIFILISIŇ IKINJI DÖWRI (SYPHILIS SECUNDARIA)

Sifilisiň ikilenji döwründe bedeniň ähli ýerinde, dürli köpsanly örgünleriň örmegi bilen häsiýetlenýär. Keseliň ikinji döwründe, örgüniň örmegi, ýaýramagy iň ýokary derejä ýetýär.

Patologiki hadysalar, deriden, nemli bardadan we limfariki mäzlerden başga, içki synalarda, merkezi degna ugamlarynda, süňklerde, bogunlarda we başga ýerlerde-de bolýar.

Sifilisiň ikinji döwrüniň esasy alamatlary deride, nemli bardalarda, köpsanly, dürli örgünler emele gelip, olara "ikilenji sifilidler" diýip umumy at berýärler. Olaryň döremeginiň sebäbi derä, nemli bardalara, solgun treponemanyň, ganyň akymy arkaly ýaýraýanlygy bilen düşündirilýär.

**Kliniki geçişi.** Gaty şankr bitip-bitmänkä, köp sanly örgüniň örmegi keseliň birinji döwrüniň gutaryp, ikinji döwrüniň başlanýandygyny aňladýar. Eger-de sifilisiň gizlin döwrüniň bir aýdygyny, keseliň birinji döwrüniň 1,5 aýa çekýändigini hasaplasaň, onda keseliň ikinji döwri, kesel ýokuşandan 2,5 aýdan soň başlaýar diýen netijä gelse bolar. Bejergi almaýan näsaglarda sifilisiň ikinji döwri 3-4 ýyla, ondan hem uzaga çekýär. Bejerilmedik ýa-da doly bejergini almadyk näsaglarda tümmejikleriň ýa-da düwünleriň (gumma) döremegi, sifilisiň ikinji döwrüniň gutaryp, üçünji döwrüne geçendigini subutlandyrýar. Olar keseliň üçünji döwrüne mahsus bolup, ikinji döwrüniň alamatlaryndan mese-mälim tapawutlanýarlar. Sifilisiň ikinji döwri tolkun şekilli geçýär. Bu ýagdaý bedende kesele garşy spesifiki immunitetiň döredijisiniň üýtgäp durýänlygy bilen düşündirilýär. Sifilisiň ikilenji döwrüniň alamatlary, 3-4 ýylyň dowamynda birnäçe gezek gaýtalanyp biler. Her gezek gaýtalananda örgün 1,5-2-3 aýa çekýär, soň hem birden öz-özünden aýrylyp gidýär we keseliň gizlin döwrüne geçýär. Gizlin döwri hem 1,5-2-3 aýa çekip, soň keseliň alamatlary ýene-de ýüze çykýar, ýagny gaýtadan täze örgün örýär (residiw). Şeýle ýagdaý 3-4 ýylyň dowamynda gaýtalanyp durýar. Ilkinji örgün, keseliň ikinji döwrüniň başlanlygynyň alamatlary, özüniň reňkiniň açyklygy, köplügi bilen tapawutlanýar we keseliň ikinji döwrüniň täze görnüşi diýip atlandyrylýar. Ähli, soňky gaýtalanýan örgünlere, keseliň gaýtalanýan (residiw) görnüşi diýilýär. Keseliň alamatlarynyň döwürleriniň aralygynda, haçan-da keseliň alamatlary (örgünler), deride, nemli bardalarda ýok wagty oňa keseliň gizlin (latent) döwri diýilýär. Keseliň beýle tolkun şekilli geçmegi, ýagny derä, nemli bardalara örgün örüp, soň olaryň aýrylyp, ýitip gizlin görnüşe öwrülmegi, näsagyň bedeninde infeksiýaly immunitetiň derejesiniň üýtgäp durmagy netijesinde bolýar. Sifilisiň ikinji döwrüniň tolkun şekilli geçmegi, köp sebäplere, şol sanda solgun treponemalaryň mukdaryna-da baglydyr. Sifilisiň ikinji täze döwründe solgun treponemalaryň mukdary ummasyz köp bolýar. Bu bolsa näsagyň bedeninde güýçli immuniteti döredýär, immunitetiň täsiri netijesinde köp sanly solgun treponemalar ölýärler. Keseliň alamatlary öçüşip, gaýdyşyp başlaýar. Solgun treponemalaryň mukdary azalýar. Kesel gizlin görnüşe geçýär. Bu ýagdaýda immunitet hem azalýar. Netijede solgun treponemalaryň ýene-de köpelip, ösüp, keseliň alamatlarynyň täzeden gaýtalanmagyna şert döredýär we kesel ýene-de gaýtalanýar (residiw).

Sifilisiň ikinji döwrüniň, birinji ýarym ýylyň dowamynda, kesele mahsus, limfa mäzleriniň çişmesi (poliadenit) bolýar.

Keseliň ikinji döwründe ähli näsaglarda diýen ýaly, serologiki testler pozitiw bolýarlar.

**Ikinji döwrüniň alamatlarynyň aýratynlyklary.** Sifilisiň ikinji döwründe ýüze çykýan alamatlar, keseliň beýleki hiç bir döwründe-de beýle köp görnüşli we köp sanly bolmaýar. Keseliň ikinji döwrüniň örgüniniň köp dürli bolmagy birnäçe ýagdaýlara we sebäplere, ýagny bedeniň şahsy aýratynlyklaryna, öň geçiren ýa-da häzirki bar bolan kesellere, ýaşyna, daşky şertleriň täsirine we başgalara baglydyr. Şonuň ýaly-da näsagyň zähmet, durmuş şertlerine, örgünleriň ýerleşýän ýerlerine, keseliň täzeligine-köneligine, ol ýa-da başga dermanlaryň täsirine we başga-da köp ýagdaýlara bagly bolmagy mümkin. Keseliň ikinji döwrüniň örgüniniň köpdürlüligine (polimorfizme) garamazdan, olaryň beýleki deri kesellериniň örgüninden tapawutlanýan alamatlary bolýar. Ikinji döwrüniň örgünleriniň aýratynlyklary:

1. Örgün bedeniň ähli ýerine ýaýraýar.
2. Geçişi hoşgylykly.
3. Gyzdyrmak alamatlary bolmaýar.
4. Ýiti çişme alamatlary bolmaýar.
5. Agyry ýa-da gijilewük ýaly alamatlar bolmaýar.
6. Daşky, ýerli bejergi oňaýly täsir etmeýär.
7. Örgünler merezýele garşy bejergide tiz ýok bolýarlar.

Şu sanalan alamatlar köplenç ikinji döwrüniň hökmany kada-kanuny hasap edilýär. Ýöne, seýrek ýagdaýlarda, bu kada-kanundan çykylýan halatlar hem duş gelýär. Ikinji täze we gaýtalanýan döwürleri aýyl-saýyl etmek örän möhüm meseledir, çünki ol keseliň täzeligini ýa-da köneligini bilmek, degişli bejergi geçirmek üçin gerek bolýar, sebäbi bejerginiň dowamlylygy, ulanylýan dermanlaryň mukdary we başg. şoňa bagly bolýar. Keseliň bu iki döwrüniň görnüşleriniň alamatlary birmeňzeşräk bolsa-da, olar bir-birinden tapawutlanýarlar. Şoňa görä-de birnäçe alamatlarynyň takyk tapawutlary boýunça, ikinji täze we gaýtalanýan (residiw) görnüşlerini aýyl-saýyl etse bolar. Tapawutlandyryjy häsiýetleri :

| | Alamatlar | Sifilisiň täze döwri (S.recens) | Sifilisiň gaýtalanýan döwri (S. recidiva) |
|---|---|---|---|
| 1. | Örgün | Ummasyz köp | Az |
| 2. | Ululygy | Uşak | Iri |
| 3. | Tertipliligi | Tertipsiz | Toparlanýar |
| 4. | Reňki | Açyk | Solgun, öçük |
| 5. | Gaty şankr | Gaýdyşýan wagty | Bolmaýar |
| 6. | Regionar mäz çişmesi | Bolýar | Bolmaýar |
| 7. | Poliadenit | Bolýar | Bolmaýar |

**Ikinji döwrüniň kliniki alamatlary.**

Sifilisiň ikinji döwründe näsagyň derisinde, deriniň goşuntgylarynda we nemli bardalarynda, birtopar alamatlar emele gelýär:

1. Menekli örgünler (s. maculosa).
2. Düwünjikli örgünler (s. papulosa).
3. Iriňli gabarçaklar (s. pustulosa).
4. Saç düşmesi (alopecia syphilitica).
5. Ak tegmiller (leucoderma syphiliticum).

## MENEKLI ÖRGÜNLER, ÝA-DA SIFILITIKI ROZEOLA

Bu örgünleriň ýeke-täk wekili gyzyl menejikler (roseola), şonuň bilen birlikde, olar, ikinji, ylaýta-da, täze döwründe, ýygy duş gelýän örgündir. Gyzyl menejikler sifilis keselli näsaglaryň 75-80 %-de duş gelýär. Gyzyl menejikler sifilisiň ikinji döwrüniň başlangyjy bolup, adatça gyzyl reňkli tegmil, merjimegiň ululygyndan tä külbikäniň dyrnagynyň ululygy ýaly ululykda, nädogry tegelek şekilli, tozgalanmaýan, üstünden basanyňda reňki ýitýän görnüşde bolýar. Gyzyl menejikler ummasyz köp, tertipsiz ýerleşen, köplenç göwrede, esasan-da göwräniň gapdallarynda, el-aýaklarda ýerleşýärler. Örgün az-azdan döräp, 8-10 günden ýokary derejä ýetýär, soň 3-4 hepdäniň dowamynda ýitýär. Örgüniň gaýdyşýan wagty reňki gögümtil bolýar, soň saralýar. Sifilisiň gyzyl menejiklerinde ýiti çişmäniň alamatlarynyň bolmaýanlygy sebäpli we hususy duýgularyň biynjalyk etmeýändigi üçin, näsaglar ol gyzyl menejiklere üns hem bermeýärler, netijede näsaglar lukmanlara ýüz hem tutup durmaýarlar. Ululygyna, özara ýerleşişlerine we goşmaça alamatlaryna baglylykda, sifilisiň gyzyl menejikleriniň birnäçe görnüşleri bolýar:

1.Iteşen şekilli, çişginliräk gyzyl menejikler.

2.Goşulyşýan gyzyl menejikler.

3.Däne görnüşli gyzyl menejikler.

Sifilise mahsus gyzyl menejikleriň ýerinde saç haltajyklarynyň (follikulalaryň) çişmegi we infiltratyň döremegi zerarly, dänejik şekilli ösüntgiler emele gelýär.

4. Gaýtalanýan gyzyl tegmiljikler- menejikler. Olar iri, uly ölçegli, solgun reňkde, az mukdarda bolup, toparlanmaga meýilli bolýar.

5. Halka, tegelek şekilli gyzyl menejikler. Sifilisiň ikilenji, esasan hem gaýtalanýan döwrüne mahsus.

Gyzyl menejikler näsagyň nemli bardajyklarynda, köplenç bogazyň mäzlerinde we ýumşak kentlewükde bolup bilerler. Ol ýerlerde goşulyşan, gögümtil öwüşginli, goýy gyzyl reňkde, iri menejikler emele gelýärler, töweregindäki sag nemli bardalardan aýdyň araçägi bolýar. Muňa sifilisiň gyzylja menek anginasy diýilýär. Munda hususy duýgular bolmaýar, gyzgyny galmaýar we başga hili umumy näsazlyklar hem bolmaýar. Sifilisiň anginasyny, onuň gyzyl-goýy reňki we araçägi bilen, ýönekeý anginadan tapawutlandyrmak kyn düşmeýär.

## Düwünjikli örgünler

Düwünjikli örgünler, sifilisiň ikinji döwründe, edil gyzyl menejikler ýaly ýygy duş gelýär. Şeýlelikde düwünjikler we gyzyl menejikler sifilisiň ikinji döwrüniň esasy alamatlarydyrlar. Ýöne, eger-de gyzyl menejikler sifilisiň ikinji täze döwründe has ýygy duş gelýän bolsa, düwünjikler köplenç keseliň gaýtalanýan döwründe duş gelýärler.

Düwünjikler boşluksyz, töweregindäki sag deriden aýdyň araçäklenýän, deriniň çäginden ýokarrak göterilýän, gatyrak ösüntgi görnüşinde bolýarlar. Düwünjikli örgünler näsaglary bimaza etmeýärler, ýöne basyp göreniňde agyry ýüze çykýar (Ýadassonyň alamaty). Keseliň täzeligine-köneligine, döwrüne näsagyň derisiniň aýratynlyklaryna, ýerleşýän ýerlerine baglylykda dürli görnüşde bolup biler. Sifilisiň düwünjikli örgüniniň esasy görnüşleri:

1. Merjimekli (lenticula) düwünjikler (ululygy 3-6 mm).
2. Ownuk (miliar) düwünjikli görnüşi (ululygy 1-2 mm). Bu düwünjikler özüniň ownuklygy, darynyň, künjiniň dänesi ýaly we esasan saç haltajyklarynyň (follikulalaryň) agzynda ýerleşýärler.
3. Teňňe görnüşli (papulosa nummularis) düwünjikler (ululygy 1-2 sm). Bularyň ölçegi ulurak teňňeler ýaly, toparlaşmaga meýilli bolýarlar. Bular esasan, sifilisiň ikinji gaýtalanan döwrüne mahsusdyr. Teňňe görnüşli düwünjikler, üstüniň tozgalanmagy bilen tapawutlanýarlar.
4. Ýagly düwünjikler (seborhoica) – näsagyň ýüzünde, kelläniň saçly ýerinde, maňlaýda bolup, üstünde ýagly teňňejikler bolýarlar.
5. Halka görnüşli (annulatus) düwünjikler – az sanly, iri, solgun reňkli bolup, sifilisiň ikinji gaýtalanýan döwründe bolýarlar.
6. Sypjyrylan (erosio), suwjarýan (papulo-erosiva) düwünjikler. Esasan, epinlerde, näsagyň ýuka ýerlerinde, boýnunda, goltuklarynda, göwüsleriniň aşagynda we ş.m. ýerleşende, örgüniň üsti tenip sypjyrylyp, suwjaryp durýar. Üstünde agymtylrak reňkde jerhet bolýar. Düwünjikleriň bu görnüşi köp duş gelýär.
7. Ösýän (vegetans) düwünjikler we giň kondiloma (Condylomata lata, hypertrofica) görnüşi. Näsagyň satanynyň arasynda, ýuka ýerlerinde, artbujagynyň töwereginde, umuman, bedeniň sürtülýän, gyjyndyrylýan ýerlerinde döreýärler. Olar ölçeginiň ululygy we ösüntgileri bilen tapawutlanýarlar.
8. Eliň aýasynda we dabanlarda ýerleşýän düwünjikler. Düwünjikleriň üstünde galyň buýnuz döräp, deriden galyp durmaýarlar, elläp göreniňde gaty.

Has ýygy duş gelýän kesele mahsus, merjimek (lenticula) görnüşli düwünjikler barada durup geçeliň. Çünki beýleki görnüşleri-de şondan gelip çykýarlar. Merjimek görnüşli düwünjikli örgünler, köplenç sifilisiň ikinji täze döwründe duş gelýär. Ol aýdyň araçäklenen, üsti tekiz, tegelek şekilli, ululygy 0,3–0,5 sm, gögümtil gyzyl reňkli, deri gatlakda döreýän, gaty maýyşgak örgündir. Täze düwünjikleriň döremegi netijesinde örgün köpelýär. Örgün

göwräniň, el-aýagyň derisinde bitertip ýerleşýär. Örgüniň gaýdyş döwründe düwünjikleriň reňki öçüşýär, sarymtyl-goňur öwüşginli reňk alýar, çökýär, düwünjikleriň üstünde, töwereginde, ýaka meňzeş tozgajyklar döreýär. Sifilisiň merjimekli düwünjikleri agyrmaýar, gijemeýär, aýrylanlaryndan soň hiç hili yz galdyrmaýar. Sifilisiň düwünjikleriniň ähli beýleki görnüşlerine-de şu ýokarda aýdylan alamatlar mahsus bolup, her bir görnüşinde azda-kände, ol ýa-da başga üýtgeşiklikler bolmagy mümkin.

Düwünjikli örgünleriň nemli bardalarda, ylaýta-da agyz boşlugynda bolýan halatlary-da seýrek däl. Nemli bardalaryň öllügi zerarly düwünjikleriň üsti agymtyl bolýar. Bular düwünjikleriň sypjyrylan we suwjarýan görnüşlerine degişlidir. Olar barada ýokarda aýdylyp geçildi. Agyz boşlugynda bu örgünler, esasan, ýumşak kentlewükde, bogaz mäzlerinde bolup, sifilis bogaz çişmesi diýlip atlandyrylýar. Düwünjikler damagyň nemli bardalarynda bolanda, näsagyň sesi üýtgeýär (gyryk bolýar), peselýär.

Sifilis anginasy ýa-da laringit bolanda, gulak-bokurdak-burun lukmanlaryna, keseli birbada, öz wagtynda anyklamak aňsat düşmeýär. Bu näsazlyklaryň sifilise degişlidigini anyklaýançaň 1,5-2 aý geçýar. Eger-de lukmanlar, sifilisiň her dürli alamatlarynyň bolýandygyny ünsden düşürmeseler, diagnoz goýmaklyk onçakly kyn bolmazdy. Sebäbi lukman, sihilis keselini güman eden wagty, hökman näsagy wenerologa görkezmeli.

## Iriňjikli örgünler

Häzirki döwürde, sifilisiň ikinji döwrüniň, iň seýrek duş gelýän alamaty. Geçmişde beýle alamatlar 3% töwerekleri, häzir bolsa has seýrek duş gelýär. Iriňli gabarçakly örgünler, esasan, sifilisiň agyr geçýän görnüşinde, horlanan, gaty gowşan näsaglarda duş gelýär.

Iriňli gabarçakly örgünleriň görnüşleri:

1. Düwürtik görnüşli iriňli gabarçaklar (acne syphilitica). Uşak, darynyň dänesi ýaly, konus görnüşli, düýbi gatyrak, tiz guraýar we kesmekleýär, haýal aýrylýar, yz galdyrmaýar. Deriniň çem gelen ýerinde, köplenç ýüzde, kellede, arkada örýär.

2. Syçratgy görnüşli (impetigo syphilitica). Ilki düwünjikler döräp, 3-5 günden soň, olaryň ortasynda iriňli gabarçaklar peýda bolýar, olar tiz gurap, kesmek emele gelýär. Deriniň çem gelen ýerinde, köplenç kelläniň saçly ýerlerinde bolýar, aýrylandan soň yz galdyrmaýar. Köplenç keseliň düwünjikli görnüşi bilen utgaşykly örýär.

3. Mama görnüşli (varicella syphilitica) iriňli gabarçaklar. Seýrek sataşýan görnüşi. Nohut ýaly, iriňli gabarçaklar dörände, düýbi gaty bolýar, ortasy tiz guraýar, kesmekleýär. Iriňli gabarçaklaryň mukdary 20-ä çenli barýar, 6-7 hepdä çenli dowam edýär, yz galdyrmaýar.

4. Iriňli gabarçagyň uly ýara geçen görnüşi (ecthyma syphiliticum) sifilisiň giçki döwründe döreýän alamat, iň azyndan bir ýyl geçenden soň, çuň ýara emele gelýär. Uly demir teňňäniň ululygyna çenli ýara döräp, galyň

kesmek bilen örtülýär. Onuň töwereginde goýy gyzyl, oklawjyk bolýar. Kesmek gopup aýrylandan soň, ýaranyň gyralary kesilen ýaly, kert bolýar, köplenç injiklerde ýerleşip haýal bitýär. Bu ýaralaryň sany 5-6-dan köp däl, yz-nagra galdyrýarlar.

5. Rupiýa görnüşli iriňli gabarçaklaryň (rupia syphilitica) üstünde, balykgulaga meňzeş, gatlak-gatlak kesmekler el-aýaklarda döreýär, olaryň sany az bolýar, haýal bitýärler. Gutulandan soň yz (nagra) galdyrýarlar.

Iriňli gabarçagyň uly ýara görnüşiniň alamatlary seýrek hem bolsalar, nemli bardalarda-da duş gelýärler. Bu halatlarda olar tiz-tiz ýara häsiýetini alyp, düýbi gaty, gyralary infiltratly bolýarlar. Burnyň ortaky diwaryna zeper ýetende, onuň kekirdewük bölegininiň bogulmagy zerarly, burnyň görnüşi üýtgeýär. Bogaz mäzlerinde we ýumşak kentlewükde ýerleşende, anginanyň iriňli gabarçakly ýara görnüşine meňzeş bolýar. Iriňli gabarçklaryň düwürtik, syçratgy, mama görnüşleri, sifilisiň ikinji täze döwründe, emma çuň ýara (ektima) we rupiýa görnüşleri – ikinji giçki gaýtalanýan döwründe duş gelýärler.

## Saç düşme (alopecia syphilitica)

Saç düşme sifilisiň ikinji gaýtalanýan döwrüne mahsusdyr. Onuň görnüşleri :

1. Tutuşlaýyn saç düşme (alopecia syphilitica diffusa).
2. Uşak, tegelek şekilli saç düşme (alopecia areolaris).
3. Saç düşmäniň garyşyk görnüşi (alopecia syphilitica mixta).

Käbir näsagda, saç düşmäniň birinji we ikinji görnüşleri goşulyşyp, garyşyp döreýärler. Tutuşlaýyn saç düşmesiniň belli bir häsiýetli alamatlary bolmaýanlygy üçin, onuň sifilise degişlidigini bilmek aňsat däl. Saç düşmesi deriniň çem gelen ýerlerinde bolup biler, ýöne köplenç kelläniň saçly ýerinde bolýar. Bu ýagdaýda saç düşmesi, belli bir sebäpsiz başlap, näsagy biynjalyk edýär, çünki näsagda hiç hili ýiti, infeksiýaly kesel ýa-da başga bir anyk ýagdaý aňylmaýar. Käte kelläniň, gasygyň saçlary, tüýleri sanaýmalyja bolup galýar. Tutuşlaýyn diffuz saç düşmesi, köplenç, sifilisiň beýleki alamatlary bilen bir hatarda ýüze çykýar. Şoňa görä-de, birdenkä, belli bir sebäpsiz, tiz köpelýän saç düşmesi duş gelende we umumy ýagdaýynyň kadaly halatynda, näsagyň endamynyň ähli ýerini gowy barlamaklyk, görmeklik zerur şertleriniň biridir. Örgünler uşajyk teňňejikler ýaly, nädogry tegelek şekilli, kelläniň saçly ýerinde, köplenç çekgelerde, ýeňsede bitertip ýerleşen görnüşde bolýar. Bu görnüşi “güýe düşen possuna” meňzeýär. Esasy aýratynlygy, zeper ýeten ýerlerde saç döwülmän, gopup düşýänligidir. Saç seýreklenýär. Saç düşen ýeriniň derisi üýtgemeýär, tozgalamaýar, çişmekligiň alamatlary bolmaýar, saç haltajyklary üýtgemeýär, hiç hili (agyry, gijilewük we ş.m.) duýulmaýar. Kämahal owunjak öýjüklije saç düşmek gaşlara, kirpiklere-de aralaşýar. Bu ýagdaýda kirpikleriň uzynlygy birdeň bolmaýar, basgançak görnüşinde bolýar. Bu görnüşe “Pinkusyň alamaty” diýilýär. Bu görnüşi köçede göreniňde

sifilisiň alamatydygyny bilse bolýar. Şoňa görä-de oňa, öňki alymlar (Furnýe, Grigorýew) “omnibus ýa-da tramwaý sifilisi” diýipdirler. Sifilis saç düşmesi birnäçe aýa çekip, soň hem täzeden saç örýär. Saçyň düşmegi, saç haltajyklarynda hiç hili kliniki üýtgeşmeleri ýüze çykarmaýar. Gistologiki we eksperimental barlaglarda, saç düşen ýerlerde solgun treponemalaryň barlygy subut edilen. Saç düşmeklik, esasan, sifilisiň ikilenji gaýtalanýan döwrüne mahsus.

## Ak tegmiller (leucoderma syphiliticum)

Ak tegmilli alamatlar sifilisiň ikinji gaýtalanýan döwrüne mahsusdyr. Şoňa görä-de ony, öňki alymlar “Wassermanyň testleriniň pozitiw protokoly” diýip atlandyrýarlar. Bu monjuk şekilli alamatlar (Weneranyň monjugy) köplenç aýallarda duş gelýär we boýnunyň gapdallarynda, yz-ýeňse tarapda döreýär. Seýrek, gursagynda, döşünde, gol guşaklygynda, arkasynda, garnynda, bilinde, el-aýaklarynda hem duş gelýär. Zeper ýeten ýerlerde ilki bilen garamtyl reňkli tegmiller (giperpigmentasiýa) az-azdan köpelýär. Soňa baka şol tegmilleriň köpelen ýerlerinde, uşak teňňeleriň ululygynda, tegelejik ak tegmiller döreýär. Sifilisiň ak tegmilleriniň bir görnüşi, tegmil, menek şekilli bolup, olar bir-birlerinden aýrylykda ýerleşýärler, ikinji görnüşi nagyş şekilli bolup, ak tegmiller biri-birine ýakyn ýerleşýänligi üçin, bir tutuş ýaly bolup görünýär, ýöne ak tegmiljikleriň arasynda, pigmentli zolajyk bolýar. Sifilisiň ak tegmilleri hiç haçan tozgalanmaýarlar, çişmekligiň hiç hili alamatlary bolmaýar, biynjalyklyk hem duýulmaýar. Olar uzak wagtlap, ýagny birnäçe aýlap, hatda birnäçe ýyla deňeç aýrylman durýarlar. Birnäçe hepdeden soň ýitip gidýärler. Ak tegmiller, sifilisiň spesifik bejergisine durnuklylygy bilen tapawutlanýarlar. Sifilisiň ak tegmilleriniň bejergi gutarandan soň hem aýrylmaýan halatlary duş gelýär. Ak tegmiliň dörän ýerinde solgun treponemalary tapmak ýa-da eksperimental arkaly anyklamak, häzire çenli hiç kime başardanok. Şoňa görä-de sifilisiň ak tegmilleriniň döremegi nerw ulgamlarynyň deriniň iýmitine, pigment döretmek hadysanyň bozulmagyna bagly hasap edýärler. Ak tegmilli sifilisde, näsagyň oňurga ýülüginiň suwuklygynda (likworda) patologiki üýtgeşmeleriň bolmagy-da tötänden däldir.

## Limfa mäzleriň çişmesi (poliadenit)

Bu ýagdaý sifilisiň ikinji täze döwrüniň esasy alamatlarynyň biri bolup, köp sanly limfa mäzleriň çişmesi bilen häsiýetlenýär. Munda diňe bir elläp, barlap bolýan deriasty mäzleriň däl, eýsem gursagyň (mediastenal), göwräniň içindäki (retroperitoneal) mäzler hem çişýärler. Olar ýörite barlag usullary bilen ýüze çykarylýar. Limfa mäzler çäklije ulalýarlar, nohudyň ýa-da kiçiräk hozuň ululygynda bolýarlar. Bu mäzleriň ululygy gaty şankryň golaýyndaky çişen mäziň (regionar adenit, bubon) ululygyndan mese-mälim kiçidir.

Şeýlelikde iň köp ulalýan mäz, gaty şankra golaý ýerleşen mäzlerdir, ondan näçe uzaklaşdygyça mäzleriň ululygy kiçelýär. Limfa mäzleriň çişmesinde olar özleriniň ululygy bilen tapawutlanýarlar, emma beýleki ähli alamatlary, gaty şankryň golaýynda çişen mäzleriň alamaty ýaly, mäzler süýrüräk-togalak, gatydan maýyşgak, agyrysyz, töweregindäki dokumalara sepleşmedik, mäzleriň üstündäki deri zeperlenmedik bolýar. Beýlekiler has ýygyrak, boýnyň, tirsekleriň, seýrek bolsa-da goltuklaryň mäzleri hem ulalýar. Mäzleriň çişmesi, ulalmaklary, sifilisiň ikinji döwrüniň ahyrynda, özleriniň iň ýokary derejelerine ýetýärler we birnäçe aýyň dowamynda bir durkuny üýtgetmän durýarlar, soň ýuwaş-ýuwaşdan kiçelip başlaýarlar. Çişen mäzler hiç haçan iriňlemeýärler we ýara öwrülmeýärler. Şeýlelikde mäz çişmeleri sifilisiň birinji, ikinji täze we seýrek, irki gaýtalanýan döwürlerine mahsusdyr, mäzler kepderiniň ýumurtgasynyň ýa-da hozuň ululygy ýaly bolup, ellemäniňde-de mese-mälim deriniň astynda güberilip göze görünip durýarlar. Her toparda birnäçe mäzler bolup, olar bir-birine ýapyşmaýarlar. Käte şeýle ýagdaýlarda näsaga limfogranulematoz diagnozy goýulany-da duş gelinýär. Mäz çişmeleri, sifilisde belli bir gymmatly alamat bolsa-da, ony diňe bir sifilise mahsus alamat diýip, ýokary baha bermek bolmaz. Çünki mäz çişmeleri başga-da birnäçe ýagdaýlarda: fiziki zähmetde, deriniň we nemli bardalaryň beýleki kesellerinde-de duş gelýär. Şoňa görä-de mäz çişmelerine sifilisiň beýleki alamatlary bilen birlikde seretmeli, olardan aýrylykda, ony diňe bir sifilisiň mahsus alamaty hasap etmekligiň diagnostiki ýalňyşlyga sezewar etmegi mümkin.

**Sifilisiň ikinji döwründe bedeniň beýleki synalaryna zeper ýetmegi**

Sifilisiň ikinji döwrüniň alamatlary, esasan deride, nemli bardalarda we limfatiki mäzlerinde bolsa-da, kesel içki synalara we ulgamlara-da aralaşyp biler. Ýöne bu ýagdaý gaty seýrek duş gelýär. Şonda-da süňklere, bogunlara, merkezi nerw ulgamlaryna, käbir içki synalara keseliň aralaşmagy mümkindir.

Beýle näsazlyklar, köplenç, keseliň üçünji döwründe duş gelýär. Olar barada üçünji döwründe has düýplüräk durup geçeris. Süňkleriň daşky gatlagynyň tutuş çişmesi (periostit), osteoperiostitler, köp bogunlaryň haltajyklarynyň çişmesi (sinowit), bogunlara suw ýygnanmak (gidroartros) ýaly hadysalar, merkezi nerw ulgamlarynyň, beýniniň gan damarlarynyň, (meningowaskulit), nerw damarlarynyň (nevrit) beýniniň özüniň (serebrit) keselleri köplenç arakhorlarda duş gelýär.

**Sifilisiň ikinji döwründe serologiki barlaglar**

Sifilisiň ikinji döwrüniň serologiki testleriniň pozitiw netijeleriniň mukdary ummasyz ýokary. Soňky maglumatlara görä, sifilisiň ikinji täze döwründe Wassermanyň testi 100% pozitiw netije berýär. Ikinji gaýtalanýan döwründe 98 –100%, şeýlelikde sifilisiň ikinji döwründe, testleriň netijesi

negatiw bolmagy mümkin. Adatça, beýle ýagdaý, keseliň agyr geçýän, iriňli gabarçakly görnüşinde, tapdan düşen adamlarda, arakhor, tiryekkeş ýa-da başga dowamly kesellerde (inçekesel, gyzzyrma we ş.m.) duş gelýär. K.R.Astwasaturow, sifilisli näsagda giň kondiloma bar ýagdaýynda serologiki testleriň negatiw netijesiniň bolýandygyny ýazýar. Kä-halatda negatiw testler bejergi başlandan soň, pozitiw netije berýär. Ýaňky aýdylan näsaglarda, bejergi başlap iki hepde geçenden soň, serologiki testleriň netijesi pozitiw bolýar, ýagny negatiw testler, pozitiw testlere geçýär. Şeýle ýagdaýda serologiki barlagy wagtynda we doly berjaý etmeli.

## Sifilisiň ikinji döwrüniň anyklanylyşy

Sifilisiň ikinji döwrüniň esasy ähmiýetli alamatlaryny jemläliň:

1. Anamnez (gysga döwürde alamatlaryň peýda bolmagy, ýerli-daşky bejerginiň oňaýly täsir etmegi, gaty ýaranyň bolmaklygy, kesel ýokuşmagynyň mümkinçiligi).
2. Kliniki alamatlary (tegmiller, düwünjikler, gabarçaklar, saç düşmesi, ak tegmiller, mäzleriň çişmesi, içki synalara: süňklere, bogunlara, degna ulgamlaryna zeper ýetmegi we başg.)
3. Gaty şankrdan, sypjyrylan düwünjiklerden, iriňli gabarçaklardan bölünip çykýan suwuklygy solgun treponema barlamak.
4. Serologiki barlaglaryň pozitiw netijeleri.
5. Konfrontasiýa (ýüzleşdirmek).

Sifilisiň ikinji döwrüniň diagnozyny anyklamakda serologiki barlaglaryň ähmiýetiniň ummasyz uludygyny ýene-de bir gezek görkezmek örän wajypdyr. Sebäbi, keseliň bu döwründe, serologiki barlaglaryň netijeleri ähli näsaglarda diýen ýaly pozitiw bolýar. Ylaýta-da ýokary titrli serologiki testleriň toplumy (STT).

## Tapawutlandyryjy anyklamasy

Sifilisiň ikinji döwrüniň alamatlarynyň ummasyz köpdürlüligi, dürli ýerlerde (deride, nemli bardalarda, içki synalarda, degna ulgamlarynda we başg.) ýerleşýändigi sebäpli, dürli kärdäki lukmanlar tarapyndan diagnostiki ýalňyşlyklar köp goýberilýär. Has-da beteri, sifilisiň birinji döwrüniň ahyrynda, ikinji döwrüniň başlamazyndan öň, näsagda güýçli umumy alamatlaryň bolmagy  diagnostiki ýalňyşlyklaryň ýüze çykmagyna sebäp bolýarlar. Sifilisiň ikinji döwrüniň, diagnostiki ýalňyşlyklara sebäp bolýan birnäçe keselleriň üstünde durup geçeliň.

Gyzyl tegmilli ýokanç infeksiýaly keseller. Garahassa keseli. Onda näsagyň umumy ýagdaýy agyr bolýar, örgün az bolýar, tiz gyzyl tegmilller (petehiýa) örýär. Ondan başga-da, sifilisde, onuň beýleki alamatlarynyň hem bolmagy, ýagny mäzleriň çişmesi, pozitiw netijeli serologik testler we başg. näsagdaky gyzyl menejikleriň sifilise degişlidigini aňladýar.

Zäherlenme (toksiki) gyzyl menejikleri, esasan dermanlaryň allergiki täsiri netijesinde döreýän zäherlenme örgüni. Bu ýagdaýda, näsagyň anamnezi, örgüniň has açyk ýa-da gögümtil öwüşginliligi (haýsy dermandan bolýandygyna baglylykda), menejikleriň bir-birine goşulyşmagy, tozgajyklaryň bolmagy, gijilewük, ot basylan ýaly duýgularyň bolmagy, örgüniň dowamlylygynyň gysgalygy 8-10 gün bolmagy, serologiki testleriň toplumynyň negatiw bolmagy, sifilisiň beýleki alamatlarynyň ýoklugy, gyzyl menejikleriň allergiki zäherlenmä degişlidigini aňladýär.

Adaty kataral bogaz çişmesi (basyk). Sifilisiň ikinji döwrüniň örgüni bogazyň nemli bardalarynda ýerleşende, näsaga adaty, kataral angina diagnozy goýulýar. Sifilisiň anginasynda subýektiw duýgular güýçli bolmaýar, gyzgyny ýokarlanmaýar, umumy ýagdaýy erbetleşmeýär. Örgüniň araçägi aýdyň bolup, gögümtil gyzyl, goýy gyzyl reňki ýaly sarymtyl-çal jerhet bolýar. Ýiti çişme alamatlary bolmaýar, sifilisiň beýleki alamatlary-da bolýar, serologiki testleriň netijesi pozitiw bolýar.

Babasyl keseli (Varices haemorrhoidales). Giň kondiloma artbujagyň töwereginde ýerleşende, köplenç ony babasyl düwünleridir diýip ýalňyşýarlar. Babasyl düwünleri artbujagyň nemli bardasynda döreýär, olar ýumşak, aňsat ganaýarlar. Giň kondiloma artbujagyň töwereginde – deride bolýar, ösýär, düýbi giň we gaty bolýar, ganamaýar.

## SIFILISIŇ ÜÇÜNJI DÖWRI
## (syphilis tertiaria)

Sifilisiň ikinji döwrüniň gutarmagy bilen tamamlanýan irki döwri, soňky wagtlarda iki ýylyň dowamy bilen çäklenýär, ýöne käbir näsaglarda, sifilisiň ikinji döwrüniň alamatlary has giç duş gelýänligi barada ýazylýar. Şeýle-de bolsa, köplenç näsaglarda, merezýeliň ikinji gaýtalanýan döwrüniň alamatlarynyň duş gelmegi, hiç hili bejergi geçirilmese-de, iki ýylyň dowamynda, doly diýen ýaly ýitip gidýär, kesilýär.

Sifilis alamatsyz, gizlin infeksiýa öwrülip, näsagyň ähli galan ömrüniň dowamynda hiç hili alamatsyz geçýär, näsag keselden halas boldum diýip hasap edýär. Emma sifilis bejergisiz, öz-özünden gutulyp gitmeýär. Beýle näsaglarda STK, STIT, IFA testleriň netijeleri pozitiw bolýar we keseliň bardygyny tassyklaýar. Şeýle näsaglaryň limfatiki mäzlerinden alnan suwuklygy eksperimental haýwanlara sançsaň, sifilisiň döredijileriniň bardygyny anyklamak bolýar. Şeýle ýagdaý, bejergi almadyk, sifilis keselli näsaglaryň 80 %-de duş gelýär, galan käbir näsaglarda keseliň öz-özünden gutulmagy mümkin, çünki olarda ähli serologiki barlaglaryň netijesi negatiw bolýar.

Sifilisiň üçünji döwri bejerilmedik ýa-da ýaramaz bejerlen näsaglarda duş gelýär (kesel ýokuşandan 3-4 ýyldan soň, ýa-da 5-10-30 ýyldan soň keseliň üçünji döwrüniň alamatlary ýüze çykýar).

XX asyryň 20-30-nji ýyllarynda, sifilisiň üçünji döwrüniň alamatlary has köp bolardy. Psihiatriýa, terapiýa, newrologiýa, hirurgiýa keselhanalarynda ýatan näsaglaryň belli bir mukdary sifilis keseliniň giçki (3-nji) döwrüniň alamatlary bilen, degişli synalary we ulgamlary zaýalanan adamlardy. Emma penisilliniň açylmagy we onuň sifilis keseline garşy ulanylyp başlanmagy bilen (II jahan urşundan soň dörän, sifilisiň ýokanç görnüşiniň tolkunyndan soň) sifilisiň giçki döwri seýreklenip ugrady.

Sifilis keseliniň giçki görnüşleri, içki synalaryň (wisseral we nerw sifilisi) diňe keseliň irki döwründe hiç hili bejergi almadyk ýa-da ýaramaz bejerilen, penisilliniň degerli möçberini doly almadyk adamlarda duş gelýär. Sifilisiň bular ýaly giçki görnüşleri, köplenç, haýsy bolsa-da käbir sebäplere görä (arakhorlyk, neşekeşlik, zäherlenmek, inçekesel ýa-da başga uzaga çekýän agyr keseller netijesinde, bedeni has gowşan näsaglarda duş gelýär. Netijede, häzirki döwürde sifilis keseliniň bejergisi wagtynda, doly we dogry geçirilse, sifilis keselinden doly halas bolunýar.

Sifilis keseliniň giçki döwürlerinde, bedeniň dürli synalarynda we dokumalarynda ululy-kiçili infiltratlar: düwün (gumma), tümmejikler (teberculum) döreýärler. Olar öz düzümi boýunça: limfoid, epitelioid, plazmatik, kähalatlarda uly öýjükleriň garyşygyndan durup, infeksiýa granulemasynyň häsiýetini alýarlar. Netijede, olara şeýle häsiýetler mahsus :

- olar dokumalaryň çüýremegine (nekroz), opurylmagyna getirýär, netijede ýara (ulcus) emele gelýär, gutulandan soň bolsa ýara yzy nagra (cicatrix) galýar. Gumma infiltraty merkezi nerw we gandamar ulgamlarynda ýerleşende, näsagyň janyna howp salýan opurylyşyga eltmegi mümkin;
- gumma köplenç çäkli ýerde ýerleşýär we has ýygy duş gelýän ýerleri : injiklerde, kelle çanagynyň tümmek ýerlerinde. Bileklerde, ýeke-ýekeden – onlarça gummanyň bolmagy mümkin
- solgun treponemalaryň sany ujypsyz, olary tapmak kyn;
- köplenç içki synalara, nerw we merkezi nerw ulgamlaryna, süňklere zeper ýetirýär;
- sifilisiň üçünji döwrüniň alamatlary hiç hili hususy duýgular (gijilewük, agyry we ş.m.) bilen näsagy biynjalyk etmeýär.
- adaty serologiki barlaglar 50-60 % halatlarda oňayly netije berýär.
- sifilisiň üçünji döwri haýal we gizlin geçýär.

Sifilisiň üçünji döwrüniň, deride, içki synalarda, nemli bardalarda we beýleki ulgamlarda döreýän alamatlaryny iki esasy topara bölmek bolar:

1) tümmejikli sifilis (s.tuberculosa)
2) düwünli sifilis (s.subcutaneum).

## Tümmejikli sifilis (syphilis tuberculosa)

Tümmejikler hakyky deride (dermada) döreýär we 1/3 – 1/4 göwrüminiň bölegi deriden ýokary galýar. Ululygy boýunça kenepiň dänesiniň ululygynda, üljäniň şäniginiň ululygy we ondan hem ulurak bolup,

doýgun-gyzyldan goňura çenli reňkli, üsti tekiz, ýaldyraýan, töwerek-daşyna ýaýramaýan giňelmeýän häsiýetde bolýar. Birnäçe wagtdan soň, tümmejikler iki ýol bilen gutulyp biler:

a) gurap gutulyşy (ýara bolmaýar, gutulandan soň, ýara yzy ýuka nagra galdyrýar).

b) ýara görnüşinde gutulyşy (ýara döreýär, tegelek, süýriräk görnüşli, gyralary dik, gatyrak, düýbi tekiz däl, suwly-iriňli jerhet bolýar, gutulandan soň ýara yzy-nagra galýar).

**Kliniki alamatlary boýunça:**

1. Toparlanan tümmejikli sifilis (syphilis tuberculosa aggregata). Tümmejikler topar bolup ýerleşýärler, kähalatlarda halka ýa-da ýaý şekilli bolýar.

2. Süýşýän, ýaýraýan, giňelýän tümmejikli sifilis (syphilis serpiginosa). Ilkinji dörän tümmejikler gutuldygyça olaryň töwereginde täze tümmejikler döreýärler, deriniň zeper ýeten ýeriniň çägi giňelýär, ulalýar, misli tümmejikler süýşýän ýaly. Beýle tümmejikleriň dörän ýerlerinde (elde-aýakda, göwrede) uly yz galýar. Bejergi geçirilmedik halatlarda, patologiki hadysa birnäçe aýlara, ýyllara çekýär. Kesel gutulandan soň tümmejikleriň ýerinde, tutuş, dürli görnüşli (mozaika şekilli, üsti digir-digir, töweregi seçekli) ýara yzy galýar.

3. “Meýdançaly” tümmejikli sifilis (syphilis plantares et palmares) teňňeli demrew şekilli , tutuş infiltrat d=8-10 sm ölçegli, goňrymtyl-gyzyl reňkde bolýarlar. Köplenç elleriň aýasynda, dabanlarda ýerleşýär.

4. Uşak tümmejikli sifilis (syphilis milium). Muňa giçki üçünji düwünjikler hem diýilýär. Bu görnüşi seýrek duş gelýär. Tümmejikler arkada, göwrede, ellerde, aýaklarda ýerleşýär. Seýrek duş gelýär.

Uşak tümmejikler sifilisiň giçki üçünji döwründe 10-20-30 ýyldan soň duş gelýär, ýara bolmaýar, gutulandan soň ýara yzy – nagra galdyrýar.

Tümmejikli sifilis inçekesel, eritematoz, trofiki warikozly ýara, leýşmanioz we ş.m. bilen tapawutlandyrmaly bolýar.

**Inçekesel.** Bu kesel çagalyk, ýetginjeklik döwürlerinden başlanýar, kliniki geçişi haýal we dowamly. Bu keselde döreýän tümmejiklere “lýupoma” diýilýär, olar ýumşak, “zond” alamatlary pozitiw bolýar. Tümmejikler bir-biri bilen birleşmäge meýilli bolýarlar, reňki sarymtyl-gyzyl “alma mürepbesi” alamaty oňaýly. Ýaralaryň töwereginde gyzylymtyl-gögümtil reňk bolýar, gutulandan soň ýüzleý, ak, üsti ýygyrt-ýygyrt ýara yzy galýar.

**Trofiki warrikozly ýara** – injigiň aşaky 1/3 böleginde ýerleşýär, ýaranyň töwereginde ýiti çişginli, agyryly infiltrat bolýar. Injigiň gan damarlary çişen, giňelen bolýarlar. Ýaralaryň sany az (1-2). Ýaralar haýal bitýärler, uzaga çekýärler. Serologiki barlaglar negatiw bolýarlar.

**Leýşmanioz ýarasy.** Kliniki alamatlary ýagny, ýaranyň töwereginiň güýçli infiltraty, uşak tümmejikler limfatik damarlaryň ugrunda düwünleriň bolmagy, limfatiki mäzleriň çişmegi (limfadenit) we başg., ondan başga-da

deri leýşmaniozy, köplenç, ýylyň yssy pasyllarynda yssy ýurtlarda (endemiki) köp duş gelýänligi bilen häsiýetlenýär. Laboratoriýa barlaglarynda keseli döredijiler (leýşmaniýalar) tapylýar. Serologiki barlaglar negatiw bolýar.

### Düwünli sifilis (gumma subcutanea)

Deriasty ýagly gatlakda, ululygy hoz ýaly, gatydan-maýyşgak düwün döreýär. Derä we töweregindäki dokumalara ýapyşmaýar, eýläk-beýläk gymyldadyp, süýşürip bolýan düwün. Soňa baka düwün ösýär we towugyň ýumurtgasy ýaly ululyga çenli ulalýar. Onuň üstündäki deriniň reňki üýtgäp, gögümtil-goýy gyzyla geçip, düwüne ýapyşýar, düwüniň ortasy ýumşaýar, ýarylýar, ýelim ýaly, sarymtyl reňkli suwuklyk çykýar, gumma ýarasy emele gelýär. Ol nädogry şekilli, çuň, gyralary gaty, ýaranyň üstüne abanyp dur, töwereginiň derisi durgunly-gyzyl reňkde bolýar. Ýaranyň içinde, çalymtyl-sary reňkde çuýreýän infiltrat gummanyň özeni bolýar. Ýuwaş-ýuwaşdan ýara (gumma) öz-özünden arassalanýar we gyralary abanyp duran çuň ýara galýar. Ýara gutulandan soň, onuň ýerinde içine çekilip duran, ortasynda ýyldyz şekilli ýara yzy galýar. Gumma ýarasy birnäçe ýyllap saklanyp biler, agyrmaýar. Eger-de gumma süňküsti ýa-da degna damarlarynyň üstünde ýerleşse, onda agyryly bolýar. Gumma köplenç (60-70%) iki-ýeke bolýar we injikleriň öň tarapynda, butlarda, bileklerde ýerleşýär.

**Gummanyň görnüşleri** :

1.Meýdançaly gumma.
2. Gumma infiltraty.
3. Fibrozly gumma (bogunlaryň töwereginde gaty düwünler). Sifilisiň aktiw üçünji döwründe 3% duş gelýär.

Nemli bardalarda, tümmejikleriň, düwünleriň döremegi mümkin. Olar agyz boşlugynyň, bokurdagyň, bogazyň nemli bardalarynda döreýärler. Gaňşyrykda döreýän sifilis gummasy-tutuş infiltrat emele getirýär, ortasynda ýara döreýär we ganşyrygyň süňküni opurylyşyga sezewar edýär, gaňşyryk deşilýär (perforatio), agyz boşlugy bilen burun boşlugynyň arasynda deşik emele gelýär, näsagyň sesi myňňy bolýar, iýmitlenmegi kynlaşýar (agzyna salan nahary burnundan gelip durýar). Burnuň nemli bardasyna zeper ýetende, esasan burnuň ortaky germewine (septum nasi) zeper ýetýär. Germew we süňk bölekleriniň arasynda ýara emele gelýär, onuň erbet çüýrük-iriňli ysy bolýar. Netijede burnuň arkasy – bili pese çökýär we eýere meňzeş bolýar.

Gumma bokurdagyň yzky diwaryna-da zeper ýetirip biler, emele gelen ýara gutulandan soň, içine çekilýän ýara yzy nagra galýar, kiçi diljagazy bokurdagyň yzky diwaryna çekip, diljagaz ýok ýaly görnüşde bolýar.

Diliň gummasy:

1. Düwünli glossit (diliň içinde düwünler döreýär).
2. Tutuş gataýan glossit – dil kiçelýär, çürüşýär, agaç ýaly gaty bolýar, dil agzyň içinde haýal aýlanýar.

# GIZLIN SIFILIS

Gizlin sifilis diagnozy diňe serologiki barlaglaryň pozitiw netijeleri esasynda goýulýar. Onda deride, nemli bardalarda, içki synalarda, nerw ulgamlarynda, daýanç-hereket synalarynda, hiç hili kliniki alamatlar bolmaýar.

Serologiki barlaglaryň netijesinden başga-da, diagnoz goýmaklyga käbir goşmaça maglumatlaryň hem kömek etmegi mümkin, ýagny jyns gatnaşygynda bolan ýoldaşynda sifilisiň bolmaklygy, käbir analitiki maglumatlar we başg.

Alymlaryň köpüsi statistiki maglumatlara esaslanyp, dünýäniň köp ýurtlarynda, gizlin sifilis keselli näsaglaryň sanynyň köpelendigini görkezýärler.

Gizlin sifilis keselli näsaglaryň esasy bölegi dispanser barlaglarda, aýallar maslahatlarynda we adaty hassahanalarda ýüze çykýarlar.

Gizlin sifilisiň köpelmegi, ilatyň oňat barlanmagy bilen (serologiki diagnostikanyň oňatlaşmagy) we hakykatdan-da keseliň bu görnüşiniň köpelmegi bilen düşündirilýär.

Gizlin sifilis keselli näsaglaryň sanynyň köpelmeginiň sebäpleriniň arasynda, ilatyň, beýleki kesellerde köp sanly antibiotikleri ulanmaklary, şonuň ýaly-da sifilisiň alamatlaryny başga keseller (allergiýa, sowuklama we ş.m.) diýip hasaplap, ýalňyş düşünmekleri we başg. sifilis keseliniň aktiw alamatlarynyň öçüp, ýitip gitmegine getirýär we gizlin sifilise öwürýär.

Ondan başga-da sifilis infeksiýasynyň, alamatsyz görnüşiniň bolmaklygy mümkin.

Immunologiki we epidemiologiki taýdan, gizlin (latent) sifilisli näsaglar birmeňzeş bolmaýarlar.

Gizlin sifilis irki gizlin, giçki gizlin we anyklanmadyk gizlin sifilis görnüşlerine bölünýär.

**Irki gizlin sifilis.** Irki gizlin sifilis , birinji seropozitiw döwürden tä ikinji gaýtalanýan döwre çenli aralygy öz içine alýar we hiç hili kliniki alamatlary bolmaýar. Kesel ýokuşandan soň, orta hasap bilen, 2 ýyla çenli döwri öz içine alýar.

Irki gizlin sifilisli näsaglarda, islendik wagtda irki sifilisiň aktiw ýokanç görnüşiniň alamatlarynyň ýüze çykmagy mümkin. Bu ýagdaý, irki gizlin sifilisi epidemiologiki howply hasaplamagy talap edýär. Şoňa görä-de ýokanç ojagynda , epidemiýa garşy çäreleri (näsagy keselhana ýerleşdirmek, ýörite bejergi geçirmek, jyns we durmuşdaky ýakyn gatnaşykda bolanlary barlamak, bejergiden boýun gaçyrýanlara, bejergini bitertip alýanlara hökmany, mejbury bejergi geçirmek we başg.), geçirmekligi talap edýär.

Sifilisiň bu görnüşinde diagnoz goýmaga şu almatlar kömek edip biler:

1. Oňat ýygnalan anamnez. Soňky 1-2 ýylyň dowamynda jyns synalarynda, agzynyň içinde ýüzleý ýarajyk-ýara bolanlygyna, endamynda

dürli örgünleriň emele gelenligine, saçynyň, gaşlarynyň düşenligine, sowuklama, basyk zerarly antibiotikleri alanlygyna uly üns bermeli.

2. Konfrontasiýanyň netijeleri (jyns gatnaşygynda bolan ýoldaşyny barlamagyň netijeleri we onda merezýeliň irki görnüşini tapmak).

3. Kliniki barlagda, gaty şankryň yzyny, gaty infiltratyň galyndysyny köplenç ulalan gasyk regionar skleradenite degişli, limfatiki mäzleri tapmak.

4. Serologiki barlaglaryň netijeleriniň ýokary oňaýly bolmagy, reaginiň titrleri (1:120, 1:160, 1:320),

5. Ýörite bejerginiň başynda gyzgynlyk reaksiýasy – Gerksgeýmeriň beterleşme reaksiýasy.

6. Reaginiň titriniň tiz peselmegi we nusgawy serologiki barlaglaryň tiz negatiwleşmegi. PIT-iň oňaýly netijesi, hatda RIT birnäçe näsaglarda entek oňaýsyz bolmagy mümkin.

7. Näsaglar köplenç 40 ýaşdan ýaş bolýarlar.

8. Likworyň kadaly bolmagy mümkin. Eger-de başga kesel bolsa (irki gizlin sifilisli meningiti), onda ol sifilise garşy geçirilýän bejerginiň dowamynda tiz kadalaşýar.

Eger-de dogry anamneziň we konfrontasiýanyň netijeleri, irki gizlin sifilisiň dowamlylygyny kesgitlemäge mümkinçilik berse, onda keseliň geljekdäki kliniki geçişini kesgitlemek mümkin: keseliň dowamlylygy näçe az bolsa, onuň geljekdäki ykbaly şonça-da oňat bolýar.

Giçki gizlin sifilis keselli näsaglar howply däl. Olar, adatça, köp ýyllaryň dowamynda keselli (käte onlarça ýyllap) bolýarlar. Bu näsaglar, somatiki hassahanalarda, gan tabşyrylýan edaralarynda gany serologiki barlaglarynda, dispanser barlaglarynda tötänden ýüze çykarylýar.

Giçki gizlin sifilisiň diagnostikasy örän çylşyrymly, jogapkärli we RIF, RIT, IFA, RPGA netijeleri bilen tassyklanmasa diagnoz goýmaly däl ( käte, beýle barlaglar, birnäçe aý arakesmeden soň ýene-de gaýtadan geçirilýär, şonuň ýaly-da dowamly infeksiýaly ojaklary aýyrandan soň ýa-da bar bolan goşmaça kesellere garşy degişli bejergiler geçirilenden soň).

**Giçki gizlin sifilis.** Diagnoz goýmaklyga kömek edýäň maglumatlar:

1. Anamnez – eger-de näsag, kimde bolsa birinden kesel ýokuşandyr diýip hasap etse, oňa-da 2 ýyldan hem köp wagt geçenligini görkezmeli.

2. Reaginleriň titri pes (1:5, 1:10, 1:20) bolmaly, KSR-iň pozitiw netijesi bilen, hökmany suratda tassyklanmaly.

3. RIT, RIF,IFA we RPGA giçki gizlin sifilisde, ähli ýagdaýlarda, gaty pozitiw ýa-da pozitiw netije berýärler.

4. Ýörite sifilise garşy geçirilýän bejerginiň dowamynda serologiki barlaglaryň giç negatiwleşmegi, şonuň ýaly-da, sifilise garşy geçirilýän güýçli bejergä garamazdan, ýöriteleşdirilmedik serişdeleri ulanylanda-da KSR, RIF, RIT, RPGA-nyň negatiw netijä geçmän galýan halatlary seýrek bolmaýar.

5. Penisillin bilen bejerginiň başynda, gyzgynlyk reaksiýasy bolmaýar.

6. Jyns gatnaşygynda bolan näsagyň taýynda-da giçki sifilisiň tapylmagy ýa-da, olarda, köplenç sifilis infeksiýasynyň hiç hili alamatynyň bolmazlygy (olar amaly taýdan sagdyn).

7. Irki gizlin sifilise garanda, likworda üýtgeşmeler (giçki gizlin sifilis meningiti), ýygy duş gelýär we ol örän haýal kada gelýär.

8. Giçki gizlin sifilise güman edilýän adamlar, terapewt, newropatolog, oftalmolog, otolaringolog we rentgenolog tarapyndan doly barlanmaly. Eger-de olaryň içki synalarynda ýa-da nerw ulgamlarynda sifilise degişli näsazlyk tapylsa, onda ol birinjiden giçki gizlin sifilisiň diagnozyny esaslandyrýar, ikinjiden diagnozy üýtgetmekligi talap edýär (ol näsaglara giçki gizlin sifilisiň deregine neýro- we wissero- sifilis diagnozlary goýulýar).

9. Giçki gizlin sifilisli näsaglara ýöriteleşen bejergi, birinji nobatda, içki synalaryň we nerw ulgamlarynyň sifilisiniň döremeginiň öňüni almaklyga gönükdirilýär.

**Gizlin anyklanylmadyk sifilis.** Bu diagnoz, haçan-da keseliň näwagt, nähili ýagdaýda ýokuşanlygyny, lukmanyň-da, näsagyň-da bilmeýän halatlarynda goýulýar. Şeýle diagnoz, kliniki alamatlaryň we anamnez maglumatlarynyň ýok halatlary, sifilisiň turuwbaşdan alamatsyz gizlin geçýänliginiň mümkinligini tassyklaýar.

## Sifilisde süňklere we bogunlara zeper ýetmegi

Giçki sifilisde süňkleriň keselleýänligi irki döwürden bäri belli. Ýöne, patologiki anatomiýanyň we gistologiýanyň XIX asyrda ösmegi sebäpli, sifilisde süňkleriň keselleri barada doly maglumatlar peýda boldy.

Sifilisde süňkleriň zaýalanmagynyň şu esasy görnüşlerini tapawutlandyrýarlar: periostit, ostit we osteomielit. Zeper ýetmegiň bu görnüşleri çäklenen, tutuş ýa-da ýaýran bolýar.

Sifilis periostiti süňke ýeke-täk zeper ýeten görnüşinde seýrek duş gelýär; olar ostitler bilen bilelikde duş gelýärler. Sifilisiň ýaýran (tutuş) periostitleri uly darak ýa-da nagyş şekilli bolýarlar (şoňa görä-de olary darak görnüşli we nagyşly diýip atlandyrýarlar). Olar köplenç injik süňkleriniň öň tarapynda ýerleşýärler.

Gumma periostiti bu, esasan çäklenen hadysa. Periostal gumma süňküň düzümine zeper ýetirýär. Ol süňk dokumasyna infiltratyň diňe bir basmagy däl, eýsem çişginlik hadysasy zerarly süňki çüýredýär, ol süňküsti gatlakdan süňke geçýär (şeýle ýagdaýa gummanyň osteoperiostiti diýilýär). Süňküň zeper ýeten ýeriniň töwereginde süňk gataýar, süňküň daşky gaty süňke öwrülýär. Kliniki taýdan süňküň üstünde gaty, anyk çäklenen çiş, käte ondan has ýokary çykyp durýar. Näsag gijesine has güýjeýän agyry duýýar,. Şular ýaly gumma üýtgeşmeleri kelle süňkünde we injikleriň öň tarapynda döreýärler (Furnýe ony “sifilisiň söýýän süňki” diýip atlandyrypdyr).

Süňküň solitar gummasy, ýuwaş-ýuwaşdan birleşdiriji dokuma, soň hem süňke öwrülmegi mümkin, ýöne köplenç gumma infiltraty dargaýar,

gummanyň üstündäki deri hem çüýräp çuň ýara emele gelýär, onuň içinde gumma özeni bolýar, ýaranyň düýbünde çüýrän süňk bolýar.

Gumma köplenç süňküň ep-esli ýerine ýaýraýar, çuňlugyna ýaýrap ähli ýogynlygyny alýar, şol sanda gyzyl süňk beýnisini-de. Şeýle ýagdaýa, gumma osteomieliti diýilýär. Şeýle hadysada, morfologiki: alterasiýa we proliferasiýa (ikinjisi has ýygy) duş gelýär. Süňk ýognaýar, gataýar, durky üýtgeýär, gyralary dogry bolmaýar. Süňkleriň şeýle zaýalanmagy rentgen barlagynda, süňkde duş gelýän dowamly çişginligi ýatladýar. Diagnozy, anamnez, sifilisiň beýleki kliniki alamatlary, ganyň, likworyň laboratoriýa barlaglary we ýygy barlagly bejerginiň netijesi (eks ýuwantibus) ýeňledýärler.

Gysga süňkler (oňurga, bilekleriň süňkleri, penjeler) seýrek zeperlenýärler, ýöne süňk reaksiýasynyň gowşak bolmagy zerarly olara diagnoz goýmak has kynlaşýar. Periostal goşulmasy we paresteziýa alamatlary bolmaýar.

Sifilisde bogunlar süňke garanda seýrek zeperlenýär. Sifilis artritleriň esasan iki görnüşini tapawutlandyrýarlar: ilkinji-sinowial (bogun haltasynyň we daşbardasynyň keseli) we ikinji-süňk (bogunlaryň süňküniň we ketirdewüginiň keseli). Ilkinji-sinowial artriti ýiti we dowamly bolýar.

Ýiti görnüşine reaktiw artrit girýär. Ol bogna golaý ýerleşen (epifizde, metafizde) gumma hadysasynyň täsiri netijesinde döreýär.

Köplenç dowamly sinowial artriti duş gelýär (ony allergiki reaksiýa hasaplaýarlar), agyry, bognyň togalak ulalmagy, bognyň içine suwuklyk ýygnanyp, az-kem ýerine ýetirýän işi bozulýar. Osteoartrit, süňkleriň bogun ujunyň zeperlenmegi (gumma epifiziti) netijesinde döreýär.

Köplenç dyz, gol, tirsek-daban bogunlary keselleýärler, olar haýal deformirlenýärler, ýöne bogunlar hereket edýär we ujypsyz agyry bolýar, näsagyň umumy ýagdaýy az üýtgeýär.

Sifilisiň tapawutlandyryjy anyklamasynda bu alamatlar beýleki kliniki we laboratoriýa maglumatlary bilen ylaýta-da inçekesel artriti bilen dispanser hasabyna alynýar.

## Içki synalaryň sifilisi

Sifilis eýýam özüniň irki döwürlerinde bedeniň umumy infeksiýasy bolup, içki synalara we ulgamlara zeper ýetirýär. Sifilisiň giçki görnüşinde, ýagny sifilisiň üçünji döwründe, içki synalaryň dürli ýerlerinde gumma emele gelmegi, şonuň ýaly-da içki synalaryň hakyky sifilis keseli bolmagy mümkin. Içki synalardan köplenç ýürek-damar ulgamlaryna we bagra zyýan ýetýär. Sifilisiň ikinji ylaýta-da üçünji döwrüniň miokarditi, dem gysma, tiz ýadamaklyk, umumy gowşaklyk, aritmiýa, ýürek urgusynyň tutuklygy, ýüregiň araçäginiň giňelmegi bilen häsiýetlenýär. Sifilis miokarditiniň ýörite kliniki alamatlary bolmaýar we beýleki miokarditlerden tapawutlanmaýar. Onuň diagnozy, beýleki kliniki (ylaýta-da aortitiň) alamatlarynyň we sifilisiň laboratoriýa barlaglarynyň netijesinde goýulýar.

Sifilisiň aortiti içki synalaryň sifilisiniň ilki ýygy duş gelýän görnüşi. Esasy üýtgeşiklik aortanyň ortaky gatlagynda bolýar, şoňa görä-de oňa mezaortit diýilýär, aortanyň diwary gataýar, ýokary gidýän ýeri giňelýär, ýagny aorta sifilisden zeper ýetmekligiň iň mahsus alamaty döreýär.

Eger-de kadaly halatda aortanyň ýokary galýan bölegi 3-3,5 sm bolsa, mezaortitde ol 5-6 sm ýetýär we giňelýär.

Sifilis aortiti howply çylşyrymlaşma aortanyň anewrizmasyna getirip biler, onuň ýarylyp, köp halatlarda terk ajala sebäp bolýar.

Sifilisiň üçünji döwründe, bagryň keseli, içki synalaryň sifilisiniň, 2-4 % tutýar. Onuň, ojakly gumma, miliar gumma we dowamly epitelial sifilis gepatiti görnüşleri bolýar.

Beýleki içki synalar (böwrekler, öýken, aşgazan, içegeler we başg.) häzirki döwürde sifilisiň üçünji döwründe seýrek zeperlenärler (ählisi bilelikde, içki synalaryň, sifilisiň üçünji döwrüniň ýörite zeperlenmegiň 1-1,5% tutýar).

## Nerw ulgamynyň sifilisi (neurosyphilis)

Sifilisiň ikinji döwründe nerw ulgamlaryna zeper ýetişi barada okuw kitabynyň degişli bölüminde ýazylan.

Bu ýerde, sifilisiň üçünji döwründe, aýratyn, giçki sifilisiň özbaşdak alamaty görnüşinde, kelle beýniniň ýa-da oňurga ýilginiň damarlarynda, beýniniň bardasynda (mezenhim sifilisi) ýa-da beýni maddasynyň özünde (parenhimatoz degna sifilisi) barada gürrüň gider. Umuman neýrosifilis iki görnüşe bölünýär:

1. Irki görnüşi (irki neýrosifilis) – 1 ýyldan 2-3 ýyla çenli döwürde.Onda kelle beýnisiniň gan damarlaryna zeper ýetyär, meningit (ýokary gyzgynlyk, kellagyry, gaýtarmak-gusmak) bolýar.
2. Giçki görnüşi (giçki neýrosifilis) – 20 ýyldan soň duş gelýär. Giçki neýrosifilis, oňurga ýiliginiň yzky kökjagazlaryna zeper ýetirip, ysmaz (tabes dorsalis) keseline sezewar edýär.

Sifilisiň nerw sifilisiniň esasy görnüşi, häzirki wagtda, giçki meningowaskulýar ýa-da kelle beýnisiniň damarlaryna zeper ýetirýän, arassa waskulýar degna sifilisi ýa-da kelle beýnisiniň we oňurga ýiliginiň sifilisi hasaplanylýar.

Kelle beýnisiniň bardasynyň çişginligi, adatça dowamlylygy zerarly näsagda kellagyry, başaýlanma, gulaklarynda goh ýaly alamatlar bolýar. Esasy kliniki alamatlar, kelle beýnisiniň ýa-da arka ýiliginiň dürli damarlaryna zeper ýetmek, olarda infiltratyň döremegi bilen bagly bolýarlar. Şol sebäpli, näsagyň hereketiniň bozulmagy (parezler, seýrek ysmazlar), duýgurlygy (paresteziýa, galtaşma, gyzgyny duýmak we başg.) gepleýşi, psihikasy bozulmagy mümkin. Şeýle ýagdaýda, aterosklerozly näsaglarda duş gelýän gipertoniýa krizinden tapawutlandyrmaly bolýan wagty seýrek bolmaýar. Näsagyň ýaşy, arterial gan basyşynyň kadalylygy, köplenç keseliň hoşgylykly başlamagy, remissiýa

(ýagdaýynyň oňatlaşmagy) hat-da bejergisiz-de oňatlaşmagy, alamatlarynyň “dagynyklygy” (mysal üçin, sag dabanynyň parezi, çep bilegiň paresteziýasy, gürrüňiniň düşnüksizligi we başg.), şonuň ýaly-da serologiki barlaglaryň pozitiw netijeleri (ylaýta-da RIT, waskulýar sifilisiň köp halatlarynda pozitiw netije berýär, emma KSR 50%-den hem köp näsaglarda negatiw netije berýär, meningowaskulýar sifilisde likwor kadaly) anamnez, sifilise garşy barlag bejergisiniň netijesi sifilisde damarlara zeper ýetende diagnoz goýmaklyga kömek edip biler.

Sifilisiň damarlara zeper ýetirmeginiň giçki görnüşi, häzirki döwürde, giçki nerw ulgamynyň sifilisiniň 70%-den-de köp halatlarynda duş gelýär. Olara öz wagtynda diagnoz goýulmagy näsagyň geljekiki ykbalyny oňaýly tarapa üýtgedýär (damarlaryň keseline garşy bejergä oňat netije berýär we doly diýen ýaly kadalaşdyrýar).

Beýniniň maddasyna zeper ýetmegniiň (parenhimatoz nerw sifilisi) esasy görnüşleri: oňurga ýülüginiň suhotkasy (tabes dorsalis) we beterleşýän ysmaz (paralisis progressiva).

Häzirki döwürde, oňurga ýülüginiň suhotkasy, az alamatlylyk, hususy näsazlyklaryň (tabetiki agyrynyň, krizis, paresteziýanyň, çanaklyk synalarynyň işleriniň bozulmagy) köplügi bilen häsiýetlenýär, şoňa görä-de näsaglar seýrek lukmana ýüz tutýarlar. Adatça olary, hassahanada, başga kesel sebäpli ýatan wagtlarynda, newropatologyň barlagynda tötänden ýüze çykarýarlar.

Kynçylyklar, 40% näsaglarda, ganyň nusgawy serologiki barlaglarynyň negatiw bolmagyna bagly bolýar. Keseliň esasy kliniki alamatlary:

a) agyry-gaty güýçli bolýar, ýiti, pyçak sokulan ýaly. Beýle agyry içki synalara ýaýrap , aýgytly howply (kriz) ýagdaýyny döredýär we birnäçe howply keselleri (miokardyň infarkty, aşgazanyň ýarasy, böwrek daşy we ş.m.) ýada salýar.

b) Çuň süňk – myşsa duýgurlygynyň bozulmagy. Ataksiýa (näsag aýagynyň aşagyndaky ýeri duýmaýar) bolýar. Rombergiň durkunda näsag deňagramlygyny saklap bilmeýär.

c) Hereketleriň ählisi saklanýar, ýöne olarda refleksler (ahil, dyz, kremaster) ýitýär.

d) Çanaklyk synalaryň funksiýalary bozulýar (uly we kiçi täretlerini saklap bilmeýär).

e) Trofiki bozulyşyk, artropatiýa, bogunlar ulalýar, agyrmaýar, (osteoporoz) süňkler port, döwülegen bolýar. Atrofiki ýaralar döreýär.

f) Argaýl-Robertsonyň alamaty (göz degnasynyň II-III jübütine zeper ýetende) şöhlä garşy (pozitiw) reaksiýasy bozulyar, akkomodasiýa we konwergensiýa reaksiýalary saklanýar.

Beterleşýän ysmazyň başky kliniki alamatlaryna, näsagyň şahsylygynyň üýtgemegi degişli, ol sag gezip ýören ýerinden, birden tötänden hiç hili sebäpsiz: häsiýetiniň düşnüksiz üýtgemegi, özüni alyp baryşy, töweregindäkilere garaýşy, ýatkeşliginiň erbetleşmegi, ýatdan çykarmaklyk,

gepleýşiniň bozulmagy, ýazuwynyň, san sanamagyň bozulmagy we başg. bolýar.

Beterleşýän ysmazyň esasynda kelle beýnisiniň keseli ýatyr, köplenç gabyk gatlagynyň öňki bölegi, ownuk damarlaryň çişginli üýtgemegi zerarly döreýär, esasan-da beýniniň kapillýarlary: kiçi beýni we merkezi çal ýadro-da ýaýraýar. Netijede uly degeneratiw üýtgeşmeler öýjükleriň, tutuş öýjük gatlaklarynyň, köplenç beýniniň gabygyndaky öýjükleriň atrofiýasyna getirýär we beýniniň egri ýoljagazlary inçelýär.

Beterleşýän ysmazyň kliniki alamatlary, psihikanyň bozulmagyndan, dürli newrologiki alamatlardan we laboratoriýa barlaglarynyň maglumatlaryndan durýar.

Keseliň ýokary derejesinde, şahsyň akylynyň gowşaklygy, samramagyň dürli görnüşleri, galýusinasiýa, kaheksiýa we başgalar ýüze çykýarlar.

Beterleşýän ysmazyň başlan döwründe psihiki bozulmalaryň, arakhorlugyň ensefalopatiýasyny ýada salýanlygyny bellemek gerek.

Keseli öz wagtynda güman etmeklik möhüm. Ol serologiki barlaglaryň (KSR, RIT, RIF, IFA) pozitiw netijesi bilen we hemişe likworyň patologiýasy esasynda tassyklanýar. Likworyň iň az patologiki görkezijisi belogyň mukdary 0,4% hasaplanylýar, sitoz 1mm$^2$ 8 öýjük, pozitiw netijeli globulin reaksiýasy (Nonne-Apelta, Pandi) iki ikilik bilen, reaksiýa Lange iki ikilikden köp we likworyň Wasserman reaksiýasy pozitiw.

Beterleşýän ysmaza diagnoz goýulýar, näsaglar hasaba alynýarlar we esasan psihiatrlar bejerýärler.

## Dogabitdi sifilis

Sifilisiň nesile geçýänligi XV asyryň ahyrynda, XVI asyryň başlarynda-da bellenip geçilipdir. Infeksiýanyň geçiş ýoly birnäçe ýüz ýyllaryň dowamynda jedelli bolup galypdyr, ýöne köp sanly çaklamalar hem bolupdyr.

Germinatiw çaklamanyn tarapdarlary – sifilis keseli çaga, atasynyň nesli bilen geçýär. Kesel dörediji treponema spermatozoid üsti bilen aýalyň ýumurtgalyk öýjüklerini tohumlaýar. Çaga düwünçegi enesiniň içinde ösýän döwründe ejesinde sifilise garşy immunitetiniň döremegine getirýär, netijede çaga doguran aýala çagany emdirende sifilis keseli ýokuşmaýar diýip hasaplapdyrlar.

Kollis-Bome kanuny. 1905 ýylda solgun treponema açylandan soň we 1907ý. Wassermanyň reaksiýasy öz ornuny alandan soň sifilisiň çaga düwünçine geçýän ýoly ylmy tarapdan belli boldy. Solgun treponemalar enesiniň göwreliliginiň diňe ikinji ýarymynda, plasentar gan aýlanyşygy başlanandan soň (göwreliligiň 4-nji aýynda) çaga ýoldaşynyň üsti bilen çaga düwünçege ýokuşyar. Infeksiýanyň ýoluny awstriýaly alym Matsenauer, solgun treponema açylmanka, 1903 ý dogry anyklady. Soňky döwürde elektron ulaltgyç döredilenden soň, alymlar solgun treponemanyň spermatozoitde ýerleşip bilmejegini subut etdiler.

Solgun treponemalar çaga düwünçege düşenden soň tiz wagtda köpelip, gan damarlaryna, içki parenhimatoz synalaryna (bagyra, dalaga, öýkene, böwrege, böwreküsti mäzlere), süňk we nerw ulgamlaryna, çaganyň ýoldaşyna we çaganyň bedeniniň başga ýerlerine-de uly zyýan ýetirýär. Bu ýagdaýda çaga düwünçeginiň iýmitlenmesi, ösmegi bozulýar, netijede çaga enesiniň göwresinden ir aýrylyp düşýär ya-da öli çaga dogulýar. Dogabitdi sifilisli çagalar köplenç igli bolyar, fiziki we akyl tarapdan kemçilikli bolýarlar, olaryň arasynda ölüm köp bolýar.

Dogabitdi sifilis şu görnüşlere bölünýär:

1. Çaga düwünçeginiň sifilisi
2. Irki dogabitdi sifilis (2 ýaşa çenli)
3. Giçki dogabitdi sifilis (2 ýaşdan soň)

## Çaga düwünçeginiň sifilisi

Çaga ýoldaşy ulalýar, agramy çaganyň agramyndan 1:3 bolýar, kadaly ýagdaýda - 1:6. Çaga ýoldaşynyň agralmagynyň sebäbi - öz öýjükleriniň ýerine birleşdiriji dokumalar ösýär.

Çaga düwünçeginiň sifilis bilen zeperlenmegi – parenhimatoz synalarynyň: bagryň, dalagyň, böwreküsti mäzleriň, öýkeniň we nerw ulgamlarynyň agyr ýagdaýa düşmegi bilen häsiýetlenýär. Düwünçegiň synalary, birleşdiriji dokumalaryň ösmegi zerarly ulalýarlar we gataýarlar.

Öýkenlerde birleşdiriji dokumalaryň ösmegi sebäpli spesifiki “ak öýken çismesi” (“ak pnewmoniýa”) döreýär. Çaga enesinden janly dogulsa-da, ilkinji demini alanyndan soň ölýär, çünki öýken (alweolalar) birleşdiriji dokumalar bilen gurşalyp alnan bolýar we dem alma ukybyny ýitirýär.

Böwrekleriň kanaljyklary, parenhimasy nefroz-nefrit görnüşinde kesel-leýärler. Peşewde belok 20-ä çenli köpelip, gematuriýa, silindrler bolýar. Içki jisimli mäzler, böwreküsti, garynasty mäzler zaýalanýarlar, iglemä sezewar bolýarlar. Ganynda gipohrom azganlylyk bolýar. EÇT sagatda 60-70 mm barýar.

## Irki dogabitdi sifilis

Irki dogabitdi sifilis şu döwürlere bölünýär: emýän çagalarda dogabitdi sifilis (1 ýaşa çenli), irki çagalyk döwrüniň sifilisi (1 ýaşdan 4 ýaşa çenli).

## Emýän çagalarda dogabitdi sifilis

Dogabitdi sifilisiň alamatlary çagalarda köplenç ilkinji iki ayyň dowamynda döreýär. Sifilis keselli çaganyň synalarynyň we ulgamlarynyň keselden zyýan çekmän galjagy ýok diýip tassyklamak bolar. Sifilisli çaganyň deri örtügi çalymtylrak-solgun bolýar, çaga ynjalyksyz bolýar, haýal ösýär, horlanýar, igli bolýar.

## Gabarçakly sifilis (pemphigus syphliticus)

| | Gabarçakly merezýel | Epidemiki gabarçakly deri keseli |
|---|---|---|
| 1. | Çaganyň umumy ýagdaýy kadaly | Çaganyň umumy ýagdaýy agyr, gyzgyny ýokary, gabarçaklar gözlerinde-de döreýär. |
| 2. | Gabarçaklar elleriniň aýasynda we dabanlarynda emele gelýärler | Elleriniň aýasynda, dabanlarda gabarçak hiç haçan örmeýär |
| 3. | Gabarçajyklar aýlap bitmän durýarlar | Gabarçajyklar tiz ýitýärler |
| 4. | KSR ejesinde-de, çagada-da pozitiw (+) bolýar. | KSR negatiw ( –) bolýar |

Gohzinger diffuz infiltraty-deriniň galňamagy - dabanlarda, elleriň aýasynda, ýüzde, guýrukda ýygy ýerleşýär. Ilki bilen deri çäkli tutuş gyzarýar, soň infiltrat emele gelýär, deri gataýar. Seýle infiltrat dodaklarda, eňekde dörände dodaklar çişýärler, çuň ýaryklar emele gelýär, bitenden soň, dodaklara perpendikulýar, şöhle şekilli, radiar ýara yzlary (Robinson-Furnýe ýara yzy) galýar. 4-8 hepdeden soň düwünjikli örgün ňäsagyň el-aýaklarynda, ýüzünde, guýrugynda döreýär. Saçy düşýär. Burnuň nemli bardalarynyň zeperlenmegi esasynda burnuň seňrikleri, eýer şekilli çökýär.

Içki synalaryň zaýalanmagy – sirroz, gepatoliýenal sindromy, nefroz-nefrit, ak öýken (ak pnewmoniýa) bolýar.

Süňk ulgamlarynyň üýtgeşiklikleri çaga düwünçegi enesiniň göwresindekä, V aýyň ahyrlarynda, uzyn süňkleriň metafiz böleginiň kitirdewük zolagynda üýtgeşiklik döreýär, zolak giňelýär. Eger-de, adatça bu zolak 0,5-1 mm bolmaly bolsa, sifilis keselli çagalarda 4 mm çenli giňelýär. Eger-de ondan hem köp giňelse, onda süňk metafizler böleginde döwülýär we kliniki alamaty boýunça Parro ysmazy (Parro ýalan paraliçi) bolýar. Şeýle ýagdaýda näsagyň ysmaýan elleri týuleniň el-aýaklary ýaly sallanyp durýar. Bu ýagdaý ilkinji 3 aýyň dowamynda 80-85% duş gelýär. Soň periostyň ösmegi zerarly bu şikes bitýär.

Bogunlaryň zaýalanmagy - sinowit bolýar.

Merkezi nerw ulgamlarynyň zaýalanmagy – meningit, kellä suw ýygnanmagy, beýni sifilisi ýaly alamatlar bilen häsiýetlenýär.

## Irki çagalyk döwrüniň dogabitdi sifilisi

Köplenç bu döwri kondilomatoz döwri diýip atlandyrýarlar, çünki sifilisiň bu döwründe näsag çaganyň artbujagynyň töwereginde giň kondilomalar emele gelýär. Deride düwünjikler toparlanyp örýär. Nemli bardalarda giň kondilomalar, duwünjikler; süňklerde periostitler (köplenç

injiklerde, ýilik süňklerde) döreýär. Içki synalaryň zeperlenmegi merkezi nerw ulgamlarynyň zaýalanmagy – kemakyllyk, epilepsiýa (garaguş keseli), gemiplegiýa, spesifiki meningit, beýniniň zaýalanmagy duş gelýär.

## Giçki dogabitdi sifilis

Giçki dogabitdi sifilisde şertsiz we şertli alamatlaryny tapawutlandyrýarlar. Şertsiz alamatlara Getçinsonyň üçlügi degişlidir.

1. Getçinsonyň dişleri - ýokarky alyn dişleriň distrofiýasy – dişleriň çeýneýän üstüniň gipoplaziyasy netijesinde dişleriň boýunjygy giňelýär we dişler atwýortka şekilli bolyar, dişleriň çeýneýän gyrasynda ýarym aý görnüşli oýluk emele gelýär.
2. Parenhimatoz keratiti – iki gözüne-de zeper ýetýär. Gözleriň buýnuz perdesine deň derejede ak süýt reňkli gül düşýär. Beýle ýagdaýda näsag ýagtylykdan gorkýar, gözünden ýaş akýar, blefarospazm bolyar, gözüniň görüşi gaty peselýär.
3. Labirintit kerligi – eger-de kerlik ir dörese onda näsag hem ker, hem lal bolýar.

Şertli alamatlary şulardan durýar: sifilis horioretiniti – gözleriň düýbüne “duz we burç” sepilen yaly pigmentli ýerler döreýär; injik tutuş osteoperiostit zerarly gylyç şekilli bolýar; eyer şekilli burun (geçi burun); kelle çanagynyň maňlaý tümmeginiň distrofiki hadysasy zerarly, kelle çanagy guýruk şekilli bolýar; dişiň distrofiýasy - akyl dişiniň, birinji molýar (böwrek şekilli diş) çeýneýän üstünde 4 sany çeýneýji distrofik tümmejikler bolýar; Robinson-Furnýe radiar nagralary; dyz bogunlarynyň zaýalamagy (sifilitiki gonitler); nerw ulgamlarynyň zaýalanmagy.

**Dogabitdi sifilisiň distrofiýalary:**

- Awsitidiýskiniň  alamaty – ýaýjyk süňküniň döş ujunyň ýognamagy.
- Aksifoidiýa – döş kepirjeginiň gylyç şekilli ösüntgisi bolmaýar.
- Kelle çanagyň “olimpiýa maňlaý” görnüşli distrofiýasy – maňlaýyň we depe tümmükleriniň ulalmagy.
- Belent kentlewük.
- Ösmedik  külbike barmagy (Dýubua-Gissar alamaty) .
- Ýokarky alyn dişleriň arasynyň açyk bolmagy (Gaşe diastemasy).
- Ýokarky dişleriň 1-nji akyl dişiniň çeýneýän üstünde, 5-nji artyk tümmejiginiň bolmagy (Karabelli tümmejigi).
- Tüýleklik (gipertrihoz) – saçyň güýçli ösmegi.

## SIFILISIŇ HÄZIRKI ZAMAN ANYKLANYLYŞY WE BEJERILIŞI

Sifilis keseline diagnoz goýmaklyk keseliň kliniki alamatlaryna we laboratoriýa barlaglarynyň netijelerine esaslanylýar. Laboratoriýa barlaglarynyň netijesi, şonuň ýaly-da bejerginiň peýdalylygyna gözegçilik etmek üçin, serologiki barlaglaryň durnukly pozitiwligini ýüze çykarmak üçin

we keseliň gaýtalaýan döwrüni kesgitlemek üçin gerek bolýar. Sifilisde mikroskopiki we serologiki (nusgawy we spesifiki reaksiýalar) barlaglary ulanylýar.

**Mikroskopiki barlag usuly.** Bu usul keseliň has irki döwründe ulanylýar we ynamly diagnoz goýmaga kömek edýär. Sifilisiň birinji döwründe, gaty şankryň dokumalaryndan çykýan suwuklygy, sifilisiň ikinji döwründe, ýüzleý ýarajykly, suwjarýan düwünjikleriniň öl üstünden alynýan çalgylary barlap, solgun treponemalary aňsat tapyp bolýar. Gaty şankryň üstüni fiziologik ergin bilen arassalap, sim halkajyk bilen ýaranyň üstüni gyjyndyryp, ondan çykýan dury suwuklygyny aýnajygynyň üstüni ýuka aýnajyk bilen ýapyp, adaty ulaltgyjyň ýöne kondensory garaňkylanan meýdançasynda, gapdaldan düşýän şöhlede seredilýär. Şeýle taýýarlanan çalgyda, adaty ulaltgyjyň astynda, garaňky meýdançasynda köp sanly, ýaldyraşýan solgun treponemalary görmek mümkin (olaryň, beýleki saprofit treponemalardan tapawudy, deň ölçegli burumlary, häsiýetli süýşýän hereketi bolýar). Serologiki barlagyň negatiw döwründe ulaltgyçyň garaňky meýdançasynda solgun treponemalary tapmaklyk, sifilis keseliniň birinji döwrüniň diagnozyny tassyklaýan esasy laboratoriýa usuly hasaplanylýar.

## Serologiki barlaglar

Sifilis keseliniň serologiki barlaglarynyň başy Wasserman, Neýser we Bruk tarapyndan 1906-njy ýylda goýulan. Olar komplementi baglanyşdyryjy reaksiýanyň esasyny hödürlediler.

Solgun treponemanyň çylşyrymly antigen düzümi bolýar we näsagyň ganynda keseliň dürli döwründe dürli antitelalar: reaginler, immunofluoressirleýji antitelalar, immobilizinler bolýarlar. Şoňa esaslanyp hem birnäçe birmeňzeş serologiki testleriň toplumy (STT) we şonuň ýaly spesifiki serologiki testler işlenliip düzülen we hödürlenen.

**Klassyky serologiki testleriň toplumy (KSTT)**

Muňa girýärler :

1. Wassermanyň barlagy ýa-da komplement birleşdiriji barlag iki treponemaly we bir kardiolipin antigenli.

2. Presipitasiýa kardiolipin antigenli ekspress usul ýa-da mikrobarlag. Bu iki barlag, sifilisiň serologiki anyklamasynda, hökmany barlaglar hasaplanylýar. Wassermanyň serologiki barlagyny goýmak üçin 4-5 ml gany gan damarlardan almaly. Gany Wasserman barlagynda, operasiýadan soň 5-7 günüň dowamynda, waksiýnasiýa edilende, çaga dogurandan we agyr şikesden soň barlamak maslahat berilmeýär, çünki beýle ýagdaýlarda serologiki barlaglar nädogry netije bermegi mümkin. Wasserman barlagynyň netijesi :

- güýçli pozitiw netije (4+) – gemoliz bolmaýar
- pozitiw netije (3+) – gemoliz çala başlan
- gowşak pozitiw netije (2+) – gemoliz mese – mälim

- gümana netijeli barlag (1+) – probirka az-kem bulanyk
- negatiw netije (–) – doly gemoliz

Güýçli pozitiw (4+) netijeli KSST bolanda antitelanyň titri barlanylýar. Titr: 1:10; 1:20; 1:40 bolsa p e s  t i t r l i, 1:40-dan 1:320-ä çenli bolsa ý o k a r y  t i t r l i hasaplanylýar.

**Presipitasiýa ýa-da ekspress mikrobarlaglary**

Sifilise köpçülikleýin serologiki barlaglary geçirmek üçin, sifilisiň ekspress-diagnostikasy atlandyrylýan usuly – serologiki barlagy ulanylýar. Bu barlag, aýnanyň üstünde, näsagyň gan damjasynyň üstüne kardiolipin diýilýän ýörite antigen goşulyp geçirilýär. Bu barlag, diňe sifilisde ulanmaly barlaglary saýlamak üçin geçirilýär. Eger-de bu barlaglaryň netijesi gümana ýa-da pozitiw bolsa, onda Wassermanyň barlagy geçirilýär.

## Ýöriteleşdirilen serologiki barlaglaryň topary

1. Solgun treponemany immobilizirleýji barlag (TIB)
2. Immunofluoressensiýa reaksiýasy (RIF)
3. Immunferment analizi (IFA)
4. Passiw gemagglýutinasiýa reaksiýasy (RPGA)

## Solgun treponemany immobilizirleýji barlag (TIB)

Bu barlagyň esasy maksady, immobilizirleýji antigen bilen komplementiň gatnaşmagynda, solgun treponemalaryň öz hereketlerini ýitirmegidir. Bu antitelalar ganda, beýleki antitelalardan has giç tapylýar, şoňa görä-de bu barlagy, merezýeliň giçki döwürlerini kesgitlemek üçin ulanmak maksada laýyk bolýar (içki synalaryň sifilisi, nerw ulgamynyň sifilisi). Ýagny, pozitiw barlaglary tapawutlandyrmak üçin hem ulanylýar, çünki bu barlag has ýöriteleşdirilen barlag. TIB barlagynyň netijesine baha bermek: eger solgun treponemalaryň 20 %-ne çenli hereketsizlenen bolsa, onda barlag negatiw hasaplanylýar. 20-50 % - gowşak pozitiw netije, 51-100% - pozitiw netijeli barlag hasaplanylýar.

## Immunoflýuoressensiýa barlagy (RIF)

Bu barlagda patogen solgun treponemanyň antigeni, näsagyň ganynyň degişli antitelasy bilen birleşýärler. Sifilisli näsagyň ganynyň antitelasy, adamyň antigen-atitelo toplumyny ýüze çykarmak üçin onuň globulinlere garşy towşanyň lýuminessentleýji  antitelasy bilen birleşýärler. Barlag pozitiw bolan halatynda, lýuminessent ulaldyjyda, sary-ýaşyl şöhlelenýän solgun treponemalary görmek bolýar. Eger-de sifilis keseli ýok bolsa, onda solgun treponemalar şöhlelenmeýärler. Barlagyň netijesi : 4+, 3+, 2+, (–)  bolsa onda barlag pozitiw, eger-de 1+ ýa-da (–) bolsa, onda barlag negatiw hasaplanýar.

Bu barlag has duýgur barlag, şoňa görä-de ol eýýäm sifilis keseliniň birinji seronegatiw döwründe-de pozitiw netije berýär.

## Sifilisiň esasy bejeriliş ýollary we usullary

Sifilis keselli näsagy bejermek üçin lukman, sifilisiň geçiş döwrüni, näsagyň ýaşyny, içki synalarynyň we nerw ulgamlarynyň ýagdaýyny hasaba alyp, bejeriş usulyny saýlaýar. Sifilis keselinde ulanylýan dermanlara, ýörite ýa-da sifilise garşy dermanlar diýilýär.

Sifilis keseliniň bejergisiniň birnäçe görnüşi bolýar:

1. Ýörite bejergi
2. Prewentiw bejergi
3. Öňüni alyş bejergi
4. Derňeme bejergi

Ýörite bejergi, näsaga, kliniki alamatlarynyň we laboratoriýa-serologiki barlaglaryň netijesi esasynda diagnozy doly anyklanandan soň bellenilýär.

Prewentiw bejergi, sifilisiň irki döwürleri bilen keselleýän näsaglar bilen jyns gatnaşygynda ýa-da ýakyn durmuş gatnaşygynda bolan adamlara bellenilýär.

Öňüni alyş bejergi göwreli aýallara, sifilis bilen keselleýän ýa-da öň kesellän, şonuň ýaly-da olaryň çagalaryna, ýagny şeýle aýallardan dogan çagalara geçirilýär.

Derňeme bejergi (terapiýa eks ýuwantibus). Bejerginiň bu görnüşi, näsagyň içki synalary, nerw ulgamlary, daýanç-hereket ulgamlary we ş.m. zeperlenende, laboratoriýa barlaglaryň netijesiniň we kliniki alamatlarynyň esasynda diagnoz goýmak mümkin bolmasa, onda derňeme bejergisini geçirmek bolýar. Eger-de derňeme bejergisi peýda berip, sifilis keseli tassyklansa, onda sifilise garşy ýörite bejergini geçirmeli. Ol näçe ir başlansa, şonça-da näsagyň ykbalyna we keseliň aýrylmagyna oňat täsir edip biler.

Sifilis keselini bejermekde, diňe bir sifilise garşy ýörite dermanlar däl, eýsem ýöriteleşdirilmedik dermanlar hem ulanylýar, şeýlelikde bedeniň infeksiýa garşy durmagyna kömek edilýär.

50-nji ýyllaryň başyndan başlap, sifilis keselini bejermekde, penisillin we beýleki antibiotikler esasy dermanlar bolup başladylar. Penisilliniň suwda ereýän serişdeleri, ýagny benzilpenisilliniň natriý we kaliý duzlary ulanylýar. Olara bisillin-1, bisillin-3, bisillin-5, şonuň ýaly-da, terapewtiki täsiri uzaldylan, penisilliniň preparatlarynyň täze nesilleri – ekstensillin, retarpen degişlidir. Eger-de sifilis keselli näsaga penisilliniň serişdeleri ýaramasa, onda ätiýaçlyk (rezerw) antibiotikleri – eritromisin, tetrasiklin, oletetrin, sumamed, doksisiklin we başg. ulanylýar.

Sifilis keseline garşy dermanlaryň biri-de wismutyň serişdeleri – biýohinol, bismowerol, pentabismol.

Biýohinol – 25 % wismutdan, 56 % ýoddan we 19 % hininden durýar. Muny näsaga sançmazdan öň gyzdyrmaly, oňat çaýkamaly we sançmagy iki

tapgyrly geçirmeli ýagny, ilki iňňäni etiň içine sançmaly, eger-de iňňeden gan çykmasa, onda şprisi iňňä ötürip, ýuwaşlyk bilen dermany etiň içine goýbermeli. Beýle edilmegi, näsagyň gan damarynyň içine ýag düşmezligi we dykylmazlary (emboliýa) üçin öňüni alyş çäreleri hökmünde edilýär. Biýohinol näsagyň guýrugynyň ýokarky, daşky 1/4 bölegine 2-3 ml guýulýar, her gün 1ml hasaby bilen jemi 40-50 ml.

Bismowerol – (wismut duzunyň ergini). Muny-da ýyly suwda gyzdyryp, çaýkap, 1,5 ml-den hepde-de 2 gezek, guýrugyň ýokarky daşky 1/4 bölegine, etiň içine iki tapgyrly guýmaly. Jemi 16-20 ml.

Pentabismol – (wismutyň suwda ereýän serişdesi). Etiň içine 2 ml-den günaşadan, jemi 40-60 ml.

Wismutyň serişdelerini ulanyp bolmaýan ýagdaýlar bolýar: agyz boşlugynyň nemli bardasynyň zaýa bolmagy, böwregiň keselleri, bagyr näsaglygy, inçekesel we başg.

Sifilise garşy dermanlaryň biri-de ýodyň serişdeleri – olar esasan sifilisiň üçünji döwründe we giçki görnüşlerinde ulanylýar. Kaliý ýoditi we natriý ýoditi 3%-li ergin görnüşinde 1 nahar çemçesi bilen günde 3 gezek içirilýär.

Sifilise garşy serişdeleriň iň irkisi myşýagyň serişdeleri –nowarsenol, miýarsenol, osarsol. Bu serişdeler ulanylanda, her hili agyr çylşyrymlaşmalaryň bolýan wagty seýrek däl, şoňa görä-de olaryň bedene güýçli zäherli täsir edýändigini göz öňünde tutup, soňky ýyllarda şol serişdeler bütinleýin diýen ýaly ulanylmaýarlar. Sifilis keselli näsaglary bejermek üçin, başga-da serişdeler giňden ulanylýar: ýokumlar, immunomodulýatorlar (dekaris, metilurasil, pirogenal) we başg.

## Sifilisiň bejerilişiniň esasy usullary

1. Kliniki we laborator barlaglaryň netijesiniň esasynda keseliň diagnozyny anyk kesgitlemek.
2. Diagnoz goýlandan soň, gijikdirmän bejergini başlamaly.
3. Bejermegiň hili oňat bolmaly, berilýän dermanlaryň her gezekde we her bejeriş möhletinde berilmeli mukdary berjaý edilmeli.
4. Ýörite bejergi ýöriteleşdirilmedik bejergiler bilen bilelikde geçirilmeli.
5. Bejergi, her näsagyň şahsy üçin, onuň ýaşyny göz öňünde tutup, beýleki keselleriniň barlygyny anyklamaly, dermanyň näsaga ýaraýşyny hasaba alyp, aýratyn bellemeli.
6. Bejergi geçirilýän döwründe näsaga yzygiderli gözegçilik etmeli, ýagny dermanyň näsaga ýaraýşyna we peýdaly täsirine gözegçilik etmek. Kliniki-laborator barlaglaryny, ganyny, peşewini, serologiki barlaglary wagtly-wagtynda geçirmeli.

Sifilis keselli näsaglary bejermek üçin ýörite instruksiýa işlenilip düzülen. Sifilisiň dürli görnüşlerinden ejir çekýän näsaglaryň bejergisiniň we öňüni almaklygyň esasy usuly, üznüksiz bir möhletli bejeriş usuldyr. Onda

penisilliniň suwda ereýän serişdeleriniň, bir gezekdäki sanjylýan mukdary köpeldilýär. Sifilisiň diňe giçki görnüşlerinde bejeriş möhleti geçirilýär.

Penisillin bilen bejergi geçirilende hem sifilisli näsaglarda käbir çylşyrymlaşmalaryň ýüze çykmagy mümkin:

1. Beterleşmek reaksiýasy ýa-da Gerksgeýmer-Lukaşewiç-Ýarişiň reaksiýasy. Bu reaksiýada näsagyň gyzgyny 40°C çenli ýokarlanýar, üşemek, gowşamak, bogunlaryň agyrmagy ýaly alamatlar bolup bularyň barysy solgun treponemanyň köp mukdarda ölmegi, gyrylmagy we olardan endodoksiniň boşap, näsagyň zäherlenmegi bilen düşündirilýär.

2. Allergiki reaksiýa, hatda derman anafilaktiki şok (arterial gan basyşy gaty pese gaçýar, huşuny ýitirmek, hat-da ýüregiň işlemeginiň durmagy we ş.m.) bolmagy mümkin.

3. Kandidoz bilen disbakteriozyň ýüze çykmagy mümkin.

Bejergi gutarandan soň, näsag kliniki-serologiýa gözegçilikde bolýar.

Prewentiw bejergi alan adamlar, bejergi geçirilenden soň, 3 aýdan bir gezek kliniki-serologiýa barlagdan geçýärler.

Ýörite bejergi alan näsaglar, keseliň döwrüne baglylykda, 6 aýdan 3 ýyla çenli, deri-wenerologiýa hassahanalarynda, gözegçilikde bolýar.

Sifilis keselli eneden dogulyp, öňüni alyş bejergi alan çagalar, bir ýylyň dowamynda; irki we giçki dogabitdi sifilis zerarly spesifiki bejergi alan çagalar, 3 ýylyň dowamynda kliniki-serologiýa gözegçilikde bolýarlar.

Birinji 2 ýylyň dowamynda her 3 aýdan näsagyň gany bir gezek serologiýa barlagdan geçýär, üçünji ýyl – 6 aýdan soň (sifilisiň döwrüne we görnüşine garamazdan) doly kliniki barlagdan geçmeli (terapewt, newropatolog, göz lukmany, otolaringolog) we rentgen barlaglaryny geçirmeli.

**Näsagyň bejerilenliginiň esasy ölçegleri:**

1. Geçirilen bejerginiň hili.
2. Kliniki barlaglar ( deri örtügi, nemli bardalar, içki synalar, nerw ulgamlary) we rentgen barlaglarynyň netijeleri.
3. Laboratoriýa barlaglaryň (serologiýa we likwor barlaglary) netijeleri.

## Ýumşak şankr (Ulcus molle)

Ýumşak şankr (şankroid, üçünji weneriki kesel) – Afrika, Latyn Amerika ýurtlarynda, tropiki we subtropiki zolaklarda giňden ýaýran, diňe jyns ýoly bilen diýen ýaly ýokuşýan, ýiti geçýän kesel.

Dörediji – Dükreý streptobasillalary. Olar hereketsiz, anaerob taýajyklar bolup, açylyşy we olar barada ýazgy Peterseniň, Dükreýiň, Unnanyň atlary bilen baglanyşykly. Mörjew, sporalary we kapsulany döretmeýär, patologiki jisimden taýýarlanan çalgyda, taýajyklar parallel zynjyrjyk görnüşinde,

ýekelikde ýa-da goşa ýerleşen, diplokokklary ýada salýan öýjükler ýaly bolýar. Olar ganly agarda, pepton, glýukoza goşulan sintetiki iýmitlerde oňat ösýärler.

Döredijiler, jyns synalarynyň deriüsti gatlagy ýa-da nemli bardalary sypjyrylanda we olara ownuk şikes ýetende, bedene girýärler. Häzirki wagta çenli, dörediijiniň bedene girmegine kömek edýän zäherleri, fermentleri işläp çykarmak ukybynyň barlygy – ýoklugy näbelli. Şonuň ýaly-da fagositozyň işjeňligi we häsiýeti anyklanylmadyk.

Ýumşak şankrda limfatiki mäzleriň reaksiýasy, ýiti iriňli çişme görnüşinde bolýar we onuň häsiýetli aýratynlygy, zeper ýeten mäzlerde mörjewleriň düýpgöter diýen ýaly bolmaýanlygydyr.

Keseliň durmuşda ýokuşmagyň mümkinçiligi terk edilmeýär. Erkek adamlarda, aýallara garanda, kesel ýygy duş gelýär (10: 1 gatnaşygy). Aýallarda bu keseliň alamatsyz diýen ýaly, geçmegi mümkin, şoňa görä-de olar infeksiýany göterijiler bolup, keseliň ýaýramagyna sebäp bolýarlar. Enesinde ýumşak ýaranyň aktiw alamatlary bolsa-da, täze dogulan çaga kesel bilen ýokuşýanlygy barada hiç hili maglumat ýok.

Ýumşak şankryň gizlin döwri köplenç 4-7 güne, seýrek 1-2 hepdä ýa-da 10 günden köpräge çekýär. Prodromal alamatlary kesele mahsus däl.

Näsaglary biynjalyk edýän ilkinji alamatlar, ýumşak şankryň döreýän ýerinde ýa-da gasygynda agyrynyň peýda bolmagy, aýallarda, uly täretinde satanlarynyň arasynda agyry, artbujagyndan gan akmak ýa-da jyns synasyndan suwuklygyň bölünip çykmagy ýaly alamatlar bolýar.

Ýumşak şankr mörjewiň bedene giren ýerinde, düwünjigiň ýa-da gabarçajykly – düwünjigiň döremegi bilen başlanýar, olaryň töweregi gyzyl zolak bilen gurşalyp, keseliň ýiti geçýän hadysadygyny aňladýar. 1-2 günüň dowamynda olaryň ornunda ýarajyklar ýa-da ýaralar emele gelýär. Ýaralar erkek adamlarda gaty agyryly bolýarlar, emma aýallarda agyry azar bermeýär diýen ýaly. Emele gelen ýaralar nädogry görnüşli, gyralarynyň aşagy köwlen, düýbünde gatylyk ýok, töwereginde ýiti çişginlik gyzaran zolak bolýar. Ýaranyň düýbi çal we çalymtyl-sary jerhet bilen örtülen, onuň aşagynda ýeňil ganaýan et örgüni bolýar. Golaý ýerleşen ýaralar bir-biri bilen goşuluşyp uly (diametri 2-3 sm we ondan hem köp) ýara öwrülýärler we gyralary ýene-de giňelmäge, ulalmaga meýilli bolýarlar. Keseliň döremeginiň we geçişiniň umumy dowamlylygy 1-2 aýa, seýrek ondan hem uzaga çekýär.

Ýumşak şankr esasan jyns synalarynda, seýrek artbujagyň töwereginde, agzyň nemli bardalarynda we dodaklarda ýerleşýär.

Iriňlediji infeksiýa düşende, näsagda ýumşak ýaralarynyň töwereginiň dokumalary çişýär, fimoz ýaly alamatlar bolýar. Gowşak näsaglarda gangrenalaşma, fagedenizm, rektowaginal deşikler, geçelgeler bolmagy mümkin.

Ýumşak şankryň golaýyndaky limfatiki mäzleriň çişginligi bu keseliň esasy alamatlarynyň biri, ol köplenç bir taraplaýyn bolýar, ol kesel döräp başlanyndan birnäçe günden ýa-da hepdeden soň ýüze çykýar. Mäzler ulalan,

agyryly, periadenit zerarly, olar özara we töweregindäki dokumalar bilen hem ýapyşýarlar. Soň mäzler ýumşaýarlar, mäziň üstünde deşik emele gelip, ondan gaýmak şekilli iriň bölünip çykýar. Deşigiň gyralary çüýräp, ýara emele gelýär we barha giňelýär. Iriňli mäz çişmesi 1-1,5 aýa dowam edýär. Ýumşak şankrda deriniň üýtgemegi granulematoz reaksiýa görnüşinde bolýar.

Ýumşak şankryň diagnozy, onuň häsiýetli kliniki alamatlaryna, anamnezine, jyns gatnaşygynda bolan ýoldaşyny barlamagyň netijesine esaslanýar. Şonuň ýaly-da laboratoriýa barlaglarynyň (bakterioskopiýa, bakteriologiýa) netijesinde tassyklanylýar.

Ýumşak şankry, weneriki granulýomadan, uçukdan, sifilisiň birinji döwründen, sözenegiň, trihomonadanyň ýaralaryndan tapawutlandyrmak zerurdyr. Näsagda birbada, jyns ýoly bilen ýokuşýan keselleriň ikisi we ondan hem köpüsiniň bolup biljekdigini ýatdan çykarmaly däl, çünki olar esasy keseliň alamatlaryny üýtgedýärler.

B e j e r i l i ş i. Antibiotikler we sulfanilamid serişdeler – eritromisin 2,0 g, baktrim, biseptol günde 2 gurtdan günde iki gezek. Bejerginiň dowamlylygy, keseliň alamatlaryna we kliniki geçişine hem-de bejerginiň peýdalylygyna baglylykda, 7-12 güne çekýär. Ondan başga-da, bu keseli bejermekde sefalosporin topary we aminoglýukozidler (gentamisin we başg.) has peýdaly hasaplanylýar.

Ýumşak şankry gaty şankr bilen tapawutlandyrmak. Ýumşak ýara, gaty şankrdan, gyralarynyň aşagynyň köwekligi, köp mukdarda iriňiň bölünip çykmagy, ýaranyň aşagynda gaty infiltratyň ýoklugy we onuň töwereginde çişginlik alamatlarynyň (gyzyl zolak, çişginlik) bolmagy bilen tapawutlanýar. Gaty şankr ýarajyk ýa-da ýara görnüşinde bolup, çanak şekilli, gyralary ýapgyt, tegelek ýa-da süýrüräk görnüşde, gyralary dogry, töweregindäki dokumalardan anyk tapawutly, elläniňde aşagynda aýdyň bildirýän gaty infiltrat bolýar (skleroz), gaty – maýyşgak, ýara agyrysyz, töwereginde ýiti çişginligiň alamatlary bolmaýar.

Gaty şankryň reňki täze, çig etiň reňkine meňzeýär, ýaranyň düýbi zaýalanan ýagyň reňkine meňzeş bolýar.

## GONOREÝA, SÖZENEK (Gonorrhoea)

Gonoreýa (sözenek), Neýsseriň gonokokkynyň döredýän weneriki keseli. Bu mörjewler ewolýusiýa ösüşinde, üsti silindrik epiteliýalar bilen örtülen nemli bardalara uýgunlaşan. Sifilis keselinden tapawutlylykda, gonoreýa, köplenç peşew-jyns synalary bilen çäklenýär, kämahal gözüň konýunktiwasyna zeper ýetirýär, göni içegä zeper ýetirmegi-de seýrek däl. Diňe juda agyr ýagdaýlarda kesel ýaýran görnüşinde bolýar. Gonoreýa sepsisi bogunlara we başga synalara zeper ýetirmek bilen häsiýetlenýär.

Erkeklerde peşew çykarýan ýolunyň (uretranyň), aýallarda uretranyň we ýatgynyň boýunjygynyň ýiti çişmesinde, adatça iriň bolýar. Şol hem, biziň

eýamymyzyň 2-nji asyrynda, Galene „gonoreýa" diýen adalgany teklip etmeklige esas bolýar, ýöne bu adalga, kesel barada dogry maglumat bermeýär, çünki „gonoreýa" sözüniň hakyky terjimesi „döl akmak" bolýar (grekçe „gonos" – döl, „rhoia" – akmaklyk), şeýle-de bolsa bu adalga saklanypdyr we öňki ulanylýan „pereloý", „tripper" adalgalaryny gysyp çykardy. Diňe 1879-njy ýylda nemes alymy Neýsseriň açyşy, ýagny näsagyň uretrasyndan çykýan iriňde, peşew-jyns ýollarynyň keselini döredýän, aýratyn mörjewleri tapmagy, ylmy takyklyk bilen, gonoreýany häsiýetlendirdi.

Häzirki döwürde gonoreýa iň köp ýaýran bakterial keselleriň biridir.

**Etiologiyasy.** Gonoreýany dörediјiler – gonokokklar. Olar jübüt ýerleşen, goşa kokklar (diplokokklar), olaryň her biri, görnüşi boýunça kofe dänesine meňzeş, oýuk tarapy bilen bir-birine garap duran, arasynda insizje açyklyk bolýar. Gonokokklaryň uzynlygy, ortaça 1,25 mkm, ini 0,7-0,8 mkm. Elektron ulaltgyçda, gonokokklaryň kiçijikligine garamazdan juda çylşyrymly gurluşy bar. Patologiki substratlardan taýýarlanylan çalgylarda gonokokklar topbak ýerleşýärler, şoňa görä-de ony arynyň öýjügi bilen deňeýärler. Şeýle ýerleşmegi, gonokokklaryň bölünmek ýoly arkaly köpelýänligi bilen bagly bolýar. Bölünmek, gonokokklaryň iki tarapynyň ortasyndaky çyzyk ýaly boşluga perpendikulýar ugur bilen geçip, gonokokklaryň her tarapyny deň ikä bölýär.

Gonokokklar, ähli esasy anilin boýaglary bilen ýeňil reňklenýärler. Grammyň usuly boýunça olar ilki başdaky reňkini ýitirýärler (gramotrisatel ), beýleki mörjewler bolsa, ilki başdaky reňkini ýitirmeýärler (grampoložitel) .

Gonoreýa ýiti geçende, gonokokklar adatça, leýkositleriň içinde ýerleşýärler, dowamly görnüşinde bolsa, dörediјiler uşagrak bolup, leýkositleriň içinde we daşynda ýerleşýärler. Birnäçe faktorlaryň täsiri astynda (bakteriýalara garşy faktorlar) gonokokklar öz görnüşini we biologiki häsiýetlerini üýtgedip bilýärler, kähalatlarda L – görnüşe-de öwrülýärler. Soň ýene-de amatly ýagdaýlara düşende, öňki özlerine mahsus görnüşe gelýärler.

**Infeksiýanyň geçiş ýollary.** Ewolýusiýa ösüşde gonokokklar, diňe adam bedeninde ýaşamaga uýgunlaşypdyrlar we diňe üsti silindriki epitelial öýjükler bilen örtülen synalara zeper ýetirýärler: uretra, ýatgynyň boýunjygy, gözüň konýunktiwasy. Adamyň bedeninde gonokokklar juda durnukly, ondan daşarda bolanda, daş töweregiň täsiri zerarly gonokokklar tiz ölýärler. Şoňa görä-de gonoreýa, köplenç jyns gatnaşygy arkaly ýokuşýar. Jyns gatnaşygyndan başga ýol bilen ýokuşmagy seýrek we kiçijik gyzjagazlarda duş gelýär. Beýle bolmagynyň sebäbi, aýallaryň peşew-jyns ýolundan çykýan iriňinde, nemiň tokgajyklarynda, yzgar ýerde, gonokokklar ýaşaýyş ukybyny we wirulentliligini, birnäçe sagadyň dowamynda (tä guraýança) saklaýarlar. Keseliň jyns gatnaşygyndan başga ýol bilen ýokuşmagy, köplenç gyzjagazlaryň jyns synalary, gonokokkly iriň, nem bilen hapalanan sürtgüç bilen ýuwulanda, hapa medisina gurallary ulanylanda, keselli ejesi bilen gyzjagazyň düşegi umumy bolanda, bolup biler. Uly adamlaryň gözlerine infeksiýa seýrek düşýär, haçan-da näsag ellerini ýuwmadyk yagdaýynda

gözlerine degse. Çagalar bu kesel bilen enesiniň jyns synalaryndan geçende ýokuşýar.

## Gonoreýanyň patogenezi

Gonoreya umumy infeksiýaly kesel bolup, güýçli bildirýän ýerli alamatlary bolýar. Umumy keseldigini tassyklaýan halatlar: gonokokklaryň gana düşmegi bedende immun we biologiki üýtgeşikleriň geçmegi, onuň hem gonokokk antigeni bilen komplement baglaýjy (Borde-Jangu) reaksiýasy we deri allergiki barlag bilen ýüze çykarylmagy. Gana düşen gonokokklar, köplenç tiz ölýärler. Gonokokklar ölüp dargaýarlar, olaryň içinden boşaýan zäherler (endotoksin) gana goşulyp, bedeni umumy zäherleýär: näsagyň gyzgyny ýokarlanýar, gowşaklyk duýulýar, kellagyry ýaly alamatlary bolýar. Bedeniň garşylyk görkeziji güýji ýeterlik bolsa, onda zäherlenmäniň alamatlary bilinmän galýar. Emma seýrek, hakyky sepsisiň alamatlary ýüze çykyp, ilkinji ojaklardan synalara (bogunlara, ýürege, derä we başg.) bakteriýalar ýaýraýarlar.

Gonoreyanyň geçişi, onuň agyrlygy, näsagyň bedeniniň reaktiwligine we döredijiniň wirulentligine bagly bolýar.

Gonokokklaryň ýokuşmazlygyna bedeniň jogap reaksiýasynyň güýji kliniki alamatlarynyň aýratynlygy gonoreyanyň toparlamasynyň esasy bolup durýar:

1. Täze gonoreya (2 aýa çenli): a) ýiti, b) ýitiräk, ç) torpid görnüşlere bölünýär.
2. Dowamly gonoreya (2 aýdan köp)
3. Gizlin (latent) gonoreya

Täze gonoreya, kesel ýokuşyp iki aýdan köp wagt geçmedik halatlarda döreýärler. Keseliň başlangyç döwründe uretrada çişmeklik hadysasy tutuş ýaýran görnüşinde we ýüzleý bolýar. Uzaga çeken dowamly ýagdaýda çişmeklik çäkli we çuň bolýar. Beýle ýagdaý keseliň iki aýdan köp wagta çekeninde bolýar. Şoňa görä-de gonoreya keseli 2 aýdan uzaga çekse, onda oňa **dowamly gonoreya** diýilýär.

Gonoreyanyň latent görnüşinde, näsagda hiç hili kliniki alamatlar bolmaýar, gonokokk hem tapylmaýar, emma olar ýokanç çeşmesi bolup bilýärler. Gonoreyanyň latent görnüşinden tapawutlylykda, gonokokk göterijilerde laboratoriýa barlaglaryň (bakterioskopiki, bakteriologiki) kömegi bilen gonokokklary tapmak bolýar. Iş ýüzünde, gonoreyanyň latent görnüşi, başgaça, gonokokk göteriji bolýar. Ýöne laboratoriýa gullugynyň ýeterlik kämilleşmänligi zerarly, döredijileri tapmak başartmaýar. Çunki gonokokk göterijiler, gonoreyanyň latent, dowamly hatda täze gonoreyanyň torpid görnüşli näsaglary özleriniň kesellidigini bilmeýärler we bejergi almaýarlar, şoňa görä-de olar köplenç, kesel ýaýradyjy çeşme bolýarlar. Gonoreýa erkeklerde, aýallarda we gyzjagazlarda aýratynlykda seredilýär.

## Erkek adamlarda gonoreyanyň klinikasy we anyklanylyşy

Erkek adamlar üçin gonoreyanyň çeşmesi, gonoreya keselli aýallar bolup durýarlar. Gonokokklar, jyns gatnaşygy wagtynda, näsag aýaldan erkegiň jyns synasynyň ujuragynda ýerleşen, gaýyk şekilli boşluga düşýärler, ol ýerden: 1) töweregindäki dokumalara; 2) gan arkaly; 3) limfa arkaly ýaýraýarlar. Kesel gizlin döwürden soň ýüze çykýar. Gizlin döwrüň dowamlylygy ortaça 5-7 gün (1 günden 2-3 hepdä çenli).

Kesel ýiti geçende ilki başda, uşak öýjükli infiltrasiýasynyň tutuş ýaýrap, stroma ýetmegi bilen häsiýetlenilýär, destruksiýa we deskwamasiýa bolup geçýär (yagny, epiteliý öýjükleriniň astyndaky stroma zaýalanýar). Kesel tiz ýaýrap daşky sfinktere ýetip biler, ol bolsa keseliň ondan aňry, yzky uretra geçmegine päsgel berýär. Eger-de näsag, jyns tertibini, iýmit düzgünini bozsa, onda infeksiýa yzky uretra-da geçip biler we yzky uretranyň çişmesi döreýär. Şoňa görä-de erkeklerde: öňki we yzky uretra çişmesi diýen iki görnüşe bölünýär.

**Erkek adamlaryň täze ýiti gonoreya uretriti**. Näsagyň arz-şykaýaty ilki nemli-iriňli, soň gögümtil-sary reňkli köp iriň akýar, içki geýiminde tegmil galdyrýar. Uretrany gysanda iriň damjasy çykýar. Näsag 3-4 sagadyň dowamynda buşykmadyk bolmaly. Uretranyň dodajyklary gyzarýar, çişýär, ujunda iriň çykyp durýar. Iriňde, esasan leýkositleriň içinde ýerleşen köp sanly gonokokklar bolýar. Näsaglar buşuganda we ereksiýa mahaly güýçli agyry duýýar. Käbir ýagdaýlarda näsagda keseliň umumy alamatlary kellagyry, ukusyzlyk, gaharjaňlyk, üşütmeklik, endamynyň ähli ýeri ýenjilen ýaly duýgular we başgalar bolýar.

**Täze ýitirä gonoreya uretriti.** Keseliň bu görnüşinde ýokarda agzalan alamatlar gowşak bolýar: uretranyň dodajyklarynyň gyzarmasy we çişmesi çala bildirýärler, iriňli-nemli suwuklyk juda az bolýar. Hususy alamatlar buşuganda kän bir azar bermeýär, uretrada gyjyklanýan ýaly duýgular bolýar.

**Täze torpid gonoreya uretriti.** Kesel turuwbaşdan gowşak geçýär, uretranyň daşky agzynda hiç hili üýtgeşiklik ýok ýa-da çalaja suwjarýar, uretranyň dodajyklary irden bir-birine ýapyşýarlar, uretradan sähelçe iriňli – nem ýa-da ýöne nem syzýar. Şahsy bimazalyk bolmaýar. Çalgyda gonokokk juda az, kynlyk bilen tapylýar. Täze gonoreya uretriti, wagtynda bejerilse, onda diňe uretranyň öň bölegine zeper ýetirmek bilen çäklenýär (peşew ýolunyň daşky agzyndan daşky sfinktere çenli). Ýöne käbir ýagdaýlarda kesel uretranyň yzky bölegine geçýär we peşew haltasynyň boýunjygyna aralaşýar. Netijede, uretranyň yzky böleginiň çişmesi, ýagny yzky gonoreya uretriti bolýar. Yzky gonoreya uretriti ýiti geçende, näsagda üznüksiz buşugasy gelijilik bolýar, ol tiz-tizden, her 15-20 minutdan buşugyp durýar. Şeýle ýagdaýda, öň buşukjak bolanda, başynda azar berýän agyry köşeşip, indi agyry buşukmanyň ahyrynda azar berýär. Buşukmanyň ahyrynda birnäçe damja gan çykýan halatlary-da seýrek bolmaýar – terminal gematuriýa.

Uretradan iriň çykmagy ýuwaş-ýuwaşdan azalýar we kesilýär, emma peşew bulançak bolýar, kämahal oňa gan goşulýany sebäpli, peşew ýuwulan etiň suwuna meňzeýär.

Gonoreyanyň ýitiräk, ylaýta-da gowşak görnüşlerinde, keseliň yzky uretra aralaşmagy duýdansyz diýen ýaly geçýär, ýagny hiç bir şahsy alamatlar bolmaýar diýen ýaly. Keseliň barlygyny iki sagrakly barlagda, 2-nji böleginde patologiki goşuntgylaryň bolmagy bilen anyklanylýar.

Keseliň uretranyň yzky bölegine geçmegine sebäp bolýan ýagdaýlar: jynsy gyjynmak, alkogolly içgileri içmek, oňat bejerilmedik halatlar, bitertip endikler.

Peski gonoreya uretriti: **täze (ýiti, ýitiräk, torpid); dowamly görnüşlere bölünýär.**

Täze ýiti uretritde – uretranyň dodajyklary güýçli gyzarýar, çişýär. Yzky uretra barmak bilen basanyňda, iriň damjasy çykýar. Parauretral ugurjyklary agyryly bolýar, iriňli boşluklaryň (abssesiň) döremegi mümkin. Parauretra ugurlaryň agzy gyzarýar, ugurlarda düwünjikler we çekintgiler bildirýärler, üstünden basanyňda iriň çykýar.

## Täze gonoreya uretritiniň topiki anyklamasy

Uretradan çykýan iriňde gonokokklar tapylandan soň, kesel, uretranyň öňki ýa-da yzky bölegine geçendigini kesgitlemek zerur. Şonuň üçin-de, ýokarda durulyp geçilen kliniki alamatlardan başga, peşewiň 2 sagrakly barlagy ulanylýar. Eger-de näsag, arasyny kesmän, yzly-yzyna iki sagraga buşuksa, onda kesel, uretranyň diňe öň bölegine zeper ýetiren halatynda, buşugýan peşewiniň ilkinji böleginde öňki uretra ýygnanan iriňi ýuwup, kowup alyp çykýar we peşew birinji sagrakda bulanyk bolýar. Peşewiň ikinji bölegi, eýýam ýuwulan uretradan geçip, ikinji sagrakda, hiç bir goşuntgysyz, dury bolýar. Uretranyň öňki we yzky bölekleriniň umumy ýiti çişmesinde (total uretra çişmesi) peşewiň iki bölegi-de bulanyk bolýar, hatda ikinji bölegi birinjä garanyňda, bulanyklygy az-kem pesräk.

Ýitiräk we gowşak öňki uretra çişmesinde, iriňiň möçberi az, peşew iki sagrakda-da durulygyna galýar. Ýöne uretranyň öňki böleginiň çişmesinde, peşewiň birinji böleginde iriň sapaklary, pamyklary görünýär.

Total uretra çişmesi gowşak geçende, iriň sapaklary birinji we ikinji sagrakda-da bolýar. Iki sagrakly barlaga dogry baha bermek üçin näsag iň azyndan her sagraga 200-300 ml peşew buşukmaly we birinji sagrakda-da, peşewiň umumy möçberiniň ýarysyndan az bolmaly däl. Peşewiň bulanyk bolmagy, böwrekleriň lohankalaryň, peşew haltasynyň kesellerinde hem duş gelýänligini göz öňünde tutmaly. Şonuň üçin hem peşewiň umumy barlagyny geçirip kesgitlenilýär.

## Dowamly gonoreya uretriti

Eger-de ýiti gonoreya uretriti wagtynda we doly bejerilmese, patologanatomiki üýtgeşmeleriniň güýjemegi netijesinde, gonoreyanyň ýeterlik bejerilmänliginiň ýa-da täze gonoreyanyň az alamatly, gowşak görnüşi bolup, näsagyň wagtynda lukmana ýüz tutmanlygynyň netijesinde dowamly gonoreya döreýär.

Dowamly gonoreyada çişginlik hadysasy çäklenen ojakly häsiýetde bolup, esasy üýtgeşmeler uretranyň öňki böleginde bolýar. Adatça, nemli bardanyň astyndaky dokumada çişginlik infiltraty döreýär, infiltrat aýry-aýry öýjükler görnüşinde ýumşak bolýar. Kähalatlarda, infiltratyň öýjükleri birleşdiriji dokumalara öwrülip başlaýarlar. Ahyr soňy ýara döreýär, ol hem uretranyň daralmagyna (striktura) getirýär. Uretranyň littreý mäzleriniň we Morgan kriptleriniň çişmekligi ýygy duş gelýär. Eger-de mäzleriň madda çykaryjy ýollary infiltrat bilen gysylsa, ýapyk uretral mäz çişmesi (retension kista) döreýär, käte olara iriň ýygnanýar. Kähalatlarda çişen mäzleriň agyzlary açyk bolýar we olardan uretra iriň düşýär (açyk uretral mäz çişmesi). Dowamly uretra çişmesi, yzky uretra aralaşanda, däne görnüşli, käte polip şekilli, ganap duran ösüntgileriň döremegi seýrek bolmaýar. Dowamly gonoreya uretriti, adatça gowşak geçýär. Wagtal-wagtal beterleşip ýiti ýa-da ýitiräk gonoreyanyň kliniki alamatlaryny yada salýar (köplenç jynsy gyjynmasyndan soň, şeraply içgileri ulananda).

Näsagyň arz-şikaýaty uretrada ýiti agyry, gijilewük, her gün irden ujypsyz nemli iriňiň çykmagy, (gijesine buşukmanlygy üçin). Yzky uretra zeper ýetende buşugyp bolandan soň, ahyrynda agyry bolýar. Kähalatlarda näsagda jyns gatnaşyklary bozulýar.

Iki sagrakly barlagda: birinji sagrakda peşew bulanyk ya-da dury, ýöne hemişe azda-köpde nemli-iriňli sapaklar bolýar. Ikinji sagrakda peşew arassa, ýa-da az-kem sapaklar görünýär.

Diagnoz goýmaklyk, näsagyň anamnezine, obýektiw barlaglara we gonokokklaryň tapylmagyna esaslanylýar. Dowamly gonoreyada, keseli emeli beterleşmekden öjükdirmekden soň kynlyk bilen ýa-da diňe emeli iýmit serişdesinde ösdürmek usuly bilen tapylýar.

Barlanmaga alynýan çalgylar: uretradan çykýan nem, iriň; peşewiň çöküntgisindäki sapaklar; jyns mäzleriniň suwuklygy we döl. Çalgylarda gonokokklar tapylandan soň, dowamly gonoreya diagnozyny goýmak mümkin.

## Dowamly gonoreyanyň topiki anyklamasy

Ýumşak, gaty infiltratlary, strikturany, littreý mäz çişlerini, epitelialaryň metaplaziýasyny, granulýasiýany we başgalary, bilmeklikde uretroskopiýa kömek edýär. Dowamly gonoreya keselli näsaglaryň ählisine, bejergiden öň we soň uretroskopiýa geçirilýär. Uretrany ujy togalakja buž bilen barlamak

zerur, metal bužuň üstünden elleşdirip, owkalap barlamaly. Eger-de patologiki hadysa täze bolsa, gonoreyanyň geçişi torpid ýa-da dowamly bolsa, çalgylarda gonokokklary tapmak kyn bolýar. Şeýle ýagdaýlarda emeli öjükdirmek usullary ulanylýar:

- biologiki usul – gonowaksinany 500 mln MB etiň içine goýberilýär;
- mehaniki usul – metal bužuň daşyndan 5-10 gezek uretrany owkalamak;
- himiki usul – öňki uretra, 7-8 ml azotturşy kümüşiň 0,5 % erginini damdyrmaly;
- alimentar usul – şeraply içgileri we ýiti iýmitleri kabul etmek. Öjükdirmeden soň, näsag iň azyndan 3-4 sagatlap buşukmaly däl. Iki gezek çalgy alynýar. Eger-de gonokokk tapylmasa, onda ysnyşykly (kombinirlenen) öjükdirme edilýär, öňki uretroskopiýa (mehaniki gyjyndyrmak we göz bilen seretmek). Eger gonokokk tapylmasa – emeli iýmite ekmeli (bakteriologiki barlag).

Keseliň ýiti geçýän halatynda, uretroskopiýany we buž bilen owkalamak bolmaýar. Diagnoz goýulandan soň, bejergini başlamaly, ýokanç çeşmesini we gatnaşan adamlaryny tapmaly, barlamaly, bejermeli we ş.m.

Ýiti gonoreyada çylşyrymlaşmalar seýrek bolýar, emma dowamly gonoreyada hemişe diýen ýaly çylşyrymlaşmalar bolýar.

**Jyns synalary tarapyndan çylşyrymlaşmalar:**

- parauretritler (uretranyň ýanyndaky ýollaryň çişmesi);
- balanopostit (erkeklerde jyns synasynyň kellejiginiň we pürçüginiň çişmesi);
- kuperit (kuper mäzleriniň çişmesi);
- prostatit (prostata mäziniň çişmesi).

**Gonoreya prostato-epididimiti.** Infeksiýa yzky uretradan, döl pürkýän we döl geçirýän geçelgejikler arkaly ýumurtganyň goşundysynyň guýruk bölegine geçmegi bilen gonoreya epididimitini döredýär. Kesel ýiti görnüşinde geçýär, gyzgyny 38-40°C çenli göterilýär, zeper ýeten inekde ýiti agyry döreýär, inegiň derisi dartgynly bolýar. Prostata zelel ýetende, barmak bilen barlanda prostata mäzi ulalan, dartgynly, agyryly bolýar hatda buşukmaklygyň doly togtamagyna eltýär.

**Uretrada duş gelýän çylşyrymlaşmalar:**

- striktura (uretranyň ýara yzy – nagra zerarly daralmagy)
- sistit (peşew haltasynyň çişmesi)
- pielit, pielonefrit

**Göni içegede duş gelýän çylşyrymlaşmalar:**

- proktit (goni icegäniň çişmesi)

**Jyns synalardan daşky çylşyrymlaşmalar:**

- gonoreya sepsisi
- endokardit
- artritler
- miozitler

- nerw ulgamlarynyň zaýalanmagy we başg.

Köplenç duş gelýän gonoreýa uretritiniň gaýry üzülme ýagdaýlary: epididimit, prostatit. Bu ýagdaýlar öz nobatynda önelgesizlige we impotensiýa bolmagyna sebäp bolýarlar.

## Aýallarda gonoreya

Aýllara gonoreya, adatça jyns gatnaşygynda ýokuşýar. Gonokokklar, ayallaryň jyns-peşew synalarynyň nemli bardalaryna düşüp, 5-7 günden soň çişginlik hadysasyny döredýärler. Infeksiýa nemli bardalaryň üsti bilen goňşy synalara-da (ýatga, fallopi turbalara, ýumurtgalyklara we çanaklygyň brýuşina perdesine) ýaýrap biler, çünki jyns-peşew synalarynda gan we limfatiki damarlaryň gür tory bar we aýry-aýry metastazlaryň döremegine sebäp bolup biler, ol hem, aýbaşy bilen baglanyşykly bolýar.

**Wulwa we waginanyň agzynyň gonoreyasy** aýallarda adatça, duş gelmeýär, çünki uly jyns dodagy daş tarapyndan köpgatly tekiz epitelýalar bilen örtülen. Ol köplenç göwreli aýallarda, we klimakterik döwürde duş gelýär.

Täze gonoreyada ýatgynyň boýunjygynyň wagina bölegi gyzarýar, çişýär, suwuklyk akýar. Boýunjygyň agzynyň töwereginde açyk – gyzyl reňkde ýüzleý ýara (eroziýa) bolýar. Dowamly döwürde ýatgynyň boýunjygy kän çişmeýär we nemli iriň ujypsyz syzýar. Aýallarda gonoreya iki bölege bölünýär:

- jyns-peşew ýollaryň peski böleginde ýerleşmegi (wulwit, uretrit, parauretrit, bartolinit, westibulit, serwisit, endoserwisit, proktit)
- jyns-peşew synalaryň ýokarky böleginde ýerleşmegi (endometrit, metroendometrit, adneksit, pelweoperitonit).

Gonoreyanyň metastatiki görnüşleri (gonokokk sepsisi, artrit, perigepatit, miozit, newrit).

**Keseliň klinikasy.** Torpid görnüşi köplenç alamatsyz geçýär. Muny aýallarda jyns-peşew synalarynyň anatomiki aýratynlygy bilen baglanyşdyrmak bolýar, sebäbi aýallarda uretra gysga we giň, ýumşak dokumalar hem köp.

Keseliň zeper ýetiren ýerleriniň köp ojaklylygy (ýatgynyň boýunjygy, uretra, bartolin mäzleri, göni içege we başg.) bilen häsiýetlenýär.

Mörjewleriň simbiozy ýagny, gonoreya 40-70% halatlarda trihomonada infeksiýasy bilen bilelikde bolýar.

Aýallaryň wulwasy we waginasy gonoreya bilen zeperlenmeýärler, sebäbi olaryň nemli bardalary köpgatlakly tekiz epiteliýalar bilen örtülen. Wulwa we wagina, anatomiki şikes ýetende, göwreli aýallarda, ösmedik (infantil) ýatgy bolanda, işiniň bozulmagynda, gonoreya bolup biler.

**Waginanyň gonoreyasy**. Uly aýallarda waginanyň diwarlary kopgatly tekiz epiteliýalar bilen örtülýär we üsti buýnuzlaşýar. Epitelial öýjükler köp mukdarda glikogen saklaýar, waginanyň içindäki nemleriň reaksiýasy turşy

bolýar. Şoňa görä-de beýle şertlerde gonokokklar önüp-ösüp bilmeýärler, ýöne göwreli aýallarda we klimakteriki döwürde waginada gonoreya keseli bolup biler, oňa häsiýetli alamatlar: ýiti agyry, gijilewük, nemiň bölünip çykmagy.

**Ýatgynyň boýunjygynyň endoserwisiti** – 80-90% duş gelýär.

Täze gonoreyada ýatgynyň boýunjygynyň wagina bölegi gyzarýar, çişýär, suwuklyk akýar. Boýunjygynyň agzynyň töwereginde açyk reňkde ýüzleý ýara bolýar. Ötüşen döwründe ýatgynyň boýunjygy kän çişmeýär we nemli iriň ujypsyz bölünip çykýar.

**Yatgynyň nemli bardasynyň gaýnaglamasy (endometrit) -** näsaglaryň 60 % arz-şikaýat etmeýär, 40 % gasygynda agyrynyň bolýanyny, käte 37-40°C çenli ini gyzýanlygyny, aýbaşysynyň kadalygynyň bozulýanlygyny aýdýar. Ganynda EÇT köpelýär, leýkositoz bolýar, ýatgydan iriň akmak güýjeýär we ýatgynyň boýunjygynyň iriňi bilen goşulýar. Ötüşen endometritde bu alamatlar ujypsyz bolýar. Ýatgy ulalýar we gataýar.

**Gonoreýa metroendometriti**. Ýatgy ulalýar, agyryly bolýar, gyzgyny 38°C çenli galýar. Iriňli suwuklyk akýar.

**Ýatgynyň (fallopiý) ýollarynyň gonoreýa çişmesi.** Çişginlik infiltraty diňe bir nemli bardalary öz içine alman, etiň dokumalaryna-da ýaýraýar. Olar ýognaýarlar, diwarlary gataýar, içi iriňden dolýar, turbalar çişe meňzeş görnüşinde (piosalpinks) bolýar.

Fallopiý ýollaryň göwre boşlugy tarapyndaky ujundan, çanaklyk süňküniň peritonial bardasyna iriň akmagy mümkin we gonokokklaryň täsiri netijesinde köp mukdarda ýygnanan iriň bölünip çykýar. Zeper ýeten ýollar, ýumurtgalyklar, içýagy we içege halkalary bir-birine ýapyşyp, uly düwün (konglomerat) emele getirýärler we ol synalary aýry-aýry tapawutlandyrmak mümkin bolmaýar. Näsaglar gasykda, birsyhly tutgaý görnüşli agyrynyň biynjalyk edýänligine arz edýär, agyry uly täretde has güýjeýär, kähalatlarda aýbaşyň bozulmagy mümkin.

**Ooforit.** Gonokokklar ýumurtgalaryň üstüne düşýärler we tohumlyk epiteliýalary gyjyndyrýarlar, netijede aýbaşy çaltlaşýar. Eger-de kesel ýumurtgalyklaryň parenhimasyna geçse, iriňli boşluk (absses) döreýär. Aýbaşynyň kadalylygy, ýygylygy, mukdary bozulýar. Näsagyň arz-şikaýäty: türrede, inçe bilinde ýiti agyry bolýar, agyry aýaklaryna ýaýraýar, gyzgyny 38-39°C çenli ýokarlanýar, üşüdýär.

**Pelweoperitonit.** Gonokokklar, göwräniň brýuşina bardasyna, ýatgy ýollaryndan akan iriň arkaly, piosalpinksiň deşilmegi netijesinde ýa-da limfatiki ýoly bilen düşýärler.

Fibrine baý ekssudat döreýär, içýagyň bardasy içegelere ýapyşýar, netijede brýuşina çişgini (peritonit) we onuň bardasy dartgynly bolýar, kiçi deşikli çanagyň içinde güýçli agyry, Şýotkin-Blýumbergiň alamaty oňaýly bolýar. Näsagyň garny çişýär, uly täreti togtaşýar, gyzgyny 39-40°C ýetýär, gan damarlarynyň urgusy (pulsy) çaltlaşýar, EÇT ýokarlanýar, leýkositleriň mukdary azalýar.

Gonoreýaly pelweoperitonit diagnozy, kliniki alamatlaryň, anamneziň we gonokokklaryň tapylmagy esasynda goýulýar.

## Ekstragenital gonoreýa

1. Göni içegäniň gonoreýasy
2. Peşew haltasynyň gonoreýasy
3. Agyz-bokurdak gonoreýasy
4. Gonoreýa stomatiti
5. Göz Gonoreýasy (gonoblenoreýa).

## Gyzjagazlarda gonoreýa

Kesel jyns-peşew ýolundan başga ýol bilen ýokuşýar: ýagny, näsag ene-atasy bilen ýa-da terbiýeçiler bilen ýakyn gatnaşykda ýa-da infisirlenen öý serişdelerinden, ýuka ýerlerini ýuwanlarynda, hapalanan geýimden, medisina esbaplaryndan ýokuşyp biler. Uly aýallarda waginanyň we wulwanyň nemli bardalary gonoreýa bilen kesellemeýän bolsa, ýaş gyzjagazlarda – keselleýär, çünki 1 ýaşdan 10 ýaşä çenli gyzjagazlarda nemli bardalar ýukalan (2-3 gat epiteliý), glikogeni ýok, gowşak aşgarly bolýar, ol bolsa gonokokklara öldüriji täsir edip bilmeýär. Ýatgynyň boýunjygynyň içi gyzjagazlarda seýrek keselleýär, sebäbi onda mäzler doly kämilleşen däl. Gyzjagazlarda, bejerilmedik ýa-da doly bejerilmedik gonoreýa, kemala geliş döwrüne çenli dowam edýär, soň öz-özünden gutulyp gidýär. Bu köp faktorlaryň täsiri netijesinde bolýär, ýagny gormonal, immunologiki, waginanyň epiteliýalarynyň gurluşynyň üýtgemegi, jyns-peşew synalarynda, fiziologiki we biologiki häsiýetli täze öýjükleriň döremegi we waginanyň bölüp çykarýan maddasynyň düzüminiň üýtgemegi netijesinde bolýar. Gonoreýanyň iki görnüşini tapawutlandyrylýarlar:

- täze – 2 aýa çenli;
- dowamly gonoreýa – 2 aýdan gowrak.

Täze gonoreýany: ýiti, ýitiräk, torpid görnüşlere bölýärler. Adatça kesel wulwowaginit görnüşinde, köplenç ýiti başlaýar.

Gizlin döwürden soň, agyry döräp başlaýar, jyns-peşew ýollarynda gijilewük bolmagy, buşukmanyň bozulmagy, gyzgynyň göterilmegi ýaly alamatlar bolýar. Täze ýiti gonoreýada kesel, kiçi jyns dodaklaryna, waginanyň agzynyň nemli bardasyna, waginanyň özüne, uretra we göni içegäniň peski bölegine ýaýraýar. Klitor, uly jyns dodaklary, satany tutuş çişginli gyzarýar. Kä-ýerlerde nemli bardalaryň üstünde ýüzleý ýaralar görünýär. Gasyk mäzleri ulalýar. Uretranyň öňki we ortaky bölekleri zeperlenýär. Uretranyň daşky agzy çişýär, gyzarýar, aşaky diwaryna basanyňda iriň çykýar. Buşukmasy bozulýar, hatda peşewi saklap bilmeýän ýagdaýyna çenli bolýar. Göni içegäniň aşaky böleginiň zeperlenýän halaty seýrek bolmaýar. Uly mäzleriň çykaryjy ýolunyň agzynda nokat görünýär.

Waginoskopiýa geçirilende, ýatgynyň boýunjygynyň wagina böleginiň çişenligi we gyzaranlygy görünýär. Ýatgynyň boýunjygyndan juda köp iriň akýar.

## Gyzjagazlarda dowamly gonoreýa

Köplenç, dispanser barlaglary wagtynda tötänden üsti açylýar ýa-da ene-atasynyň gyzjagazyň geýiminde şübheli tegmil görmegi netijesinde bilinýär. Dowamly gonoreýa, täze gonoreýa garaňda ýygy çylşyrymlaşýar we bartolinit, skennit, endoserwisit, uretrit, proktit ýaly görnüşleri bolmagy mümkin, ýöne kliniki alamatlary ýeterlikli bolmaýar.

Gyzjagazlarda jyns synalarynyň ýokary bölegi seýrek zeperlenýär, ylaýta-da (funksional rahat) aýbaşy başlamadyk gyzjagazlarda.

Gyzlarda kesel, jyns synalaryň ýokarky bölegine ýaýramagy we ýatga, onuň goşuntgylaryna deşikli çanagyň içki bardasyna zeper ýetirmegi mümkin.

Gonoreýanyň ähli görnüşlerinde-de näsagyň ganynda üýtgeşikler bolýar: azganlylyk (anemiýa), leýkosityň azalmagy (leýkopeniýa), ýa-da köpelmegi (leýkositoz), eozinofilleriň köpelmegi (eozinofiliýa), neýtrofilleriň köpelmegi (neýtrofilýoz), monositleriň köpelmegi (monositoz) we ş.m. EÇT hemişe diýen ýaly kadaly boýar. Diagnoz, metilen gögüň ergini we Gramyň usuly bilen reňklenen çalgylarda gonokokkyň tapylmagy bilen tassyklanylýar. Dowamly gonoreýada, keseli emeli öjükdirmek (prowokasiýa) ysnyşykly (kombinirlenen) usullar bilen geçirilýär (gonokokk waksinasy, gyjyndyryjy erginler, gyzgynlyk we ş.m.). Gonowaksina 30-100 mln MB, etiň, deriniň içine goýbermeli; waginanyň nemli bardasyna kümüş nitratynyň 1-2% erginini çalmaly. Uretra, lýugolyň erginini gliserin bilen ýa-da kümüş nitratynyň 1-2% erginini damdyrmaly. Onda gonokokk tapylmasa, 7-10 günden soň gonowaksinanyň möçberi köpeldilýär we 200-300 mln MB ýetirilýär, gyjyndyryjy erginleriň hem konsentrasiýasy artdyrylýar we ýene-de çalgylar barlanýar.

## Gonoreýanyň bejerilişi

Antibiotikler: penisillin, ampisillin, kanamisin, gentamisin ulanylýar.

Immunberkidijiler: pirogenal, prodigiozan, autogemoterapiýa. Umumy, biogen gurplandyryjylar: aloe, fibs.

Gonowaksina – uly adamlara 200-250 mln MB, 3 ýaşdan ýokary çagalara – 100-150 mln MB, şonuň ýaly-da penisilliniň dýurant önümleri (bisillin 1,3,5, ekstensillin, retarpen), ftorlanan hinolonlar (siprofloksasin, tarewid, abaktal), şonuň ýaly-da goşmaça antibiotikler (tetrasiklin we onuň serişdeleri, makrolid antibiotikleri).

Antibiotikleriň umumy möçberi täze ýiti gonoreýada 3400 000 B, ötüşen gonoreýada 6-8 mln B.

## Gonoreýanyň bejerilendigini kesgitlemek

Gonoreýanyň bejerilendigini kesgitlemek üçin, näsaga ýörite bejergi geçirilenden 7-10 günden soň, meçew geçirmeli. Meçewiň birnäçe görnüşi bolýar:

- biologiki meçew - uly adamlaryň etiniň içine 500 mln MB gonowaksinany sançmaly, 3 ýaşdan uly çagalara –150-200 mln MB sanjylýar; ýa-da etiň içine, 500 MPD pirogenal sanjylýar; eger-de bejergi döwründe gonowaksina ulanylan bolsa, onda meçew üçin gonowaksinanyň soňky bejeriş möçberiniň iki essesini sançmaly, ýöne 2 mlrd MB köp bolmaly däl;
- himiki meçew - erkek näsaglaryň uretrasynyň içine kümüş nitratynyň 0,5% ergini guýulýar, aýallaryň uretrasyna 1-2%, ýatgynyň boýunjygynyň nowhanasyna 2-5% kümüş nitratynyň erginini, ya-da Lýugolyň gliserinli erginini çalmaly;
- mehaniki meçew-erkeklerde uretra, 10′ salymyň dowamynda, göni buž sokmaly ýa-da uretranyň öňki bölegini uretroskopiýa etmeli;
- alimentar meçew - ajy, şor, ýiti iýmit iýdirmeli;
- termiki meçew - jyns synalaryny induktotermiki tok bilen gyzdyrmak;
- fiziologiki meçew - ayallarda aýbaşynyň bolmagy.

## Erkeklerde keseliň bejerilenliginiň kesgitlenişi

Bejergi geçirilip gutarandan 7-10 günden soň başlamaly. Eger-de uretrada ýiti çişme alamaty bolmasa, onda prostatany we tohum gabarçak barmak bilen barlamaly, olardan bölünip çykýan suwuklygy ulaltgyçda seretmeli. Eger-de hiç hili patologiki üýtgeşmeler bolmasa, onda ysnyşykly öjükdirme (kombinirlenen) geçirilýär we 24, 48, 72 sagatda, uretradan çykýan suwuklygy, çalgyny, peşew sapagyny barlamaly. Oňat netijede, bejergiden 1-1,5 aýdan soň, ýene-de kliniki laboratoriýa barlaglaryny geçirmeli, şol sanda prostata mäzini barlamaly, uretroskopiýa geçirmeli, sifilise serologiki gözegçilik etmeli. Netije oňat bolsa, onda ol dispanser hasabyndan çykarylýar.

## Aýallarda keseliň bejerilenliginiň kesgitlenişi

Bejergi gutarandan 7-10 günden soň başlanýar. Uretradan, ýatgy boýunjygyndan, göni içegeden alynan çalgylar bakterioskopiýa barlagyndan soň birleşme öjükderme geçirilýär we 24, 48, 72 sagatdan soň, ojaklardan bölünip çykýan bölüntgiler barlanylýar. Gonokokk tapylmadyk halatynda, indiki barlag, aýbaşy gelýän wagtynda geçirilýär we gutarandan soň ýene-de birleşen öjükdirme geçirilýär, 24, 48, 72 sagatdan çalgylar barlanylýar. Şeýle barlaglar iki aýbaşy döwründe görülýär we soňra dispanser hasabyndan çykarylýar. Eger-de aýalda ýokarky sözenek bolsa we göwreli wagty kesellän bolsa, onda şeýle barlaglar 3 aýbaşy döwründe geçirilýär.

## Çyzjagazlarda keseliň bejerilenliginiň kesgitlenişi

Mekdep ýaşyna çenli çagalar, mekdebe çenli çagalar edaralaryndaky çagalaryň ählisi, bejergi gutarandan soň, bir aýyň dowamynda hassahanada, bejerilendigini anyklamak üçin, saklanylýar. Şol wagtyň dowamynda olara 3 gezek öjükdirme (her 10 günden bir gezek) geçirilýär, ondan soň olara çagalar edaralaryna gatnamaga rugsat edilýär.

## Ysnyşykly birleşdirilen (kombinirlenen) öjükdirme

1. Gonowaksinany 150-200 mln MB sançmak.
2. Gliserin bilen garylan lýugolyň ergini wagina we wulwa çalmak.
3. Kümüş nitratynyň 0,5-1,0% ergininiň 2-3 damjasyny uretra damdyrmaly.
4. Göni içegäniň aşaky bölegine lýugol erginini çalmak.

24, 48, 72 sagatdan soň, uretradan, waginadan, göni içegeden alnan çalgylary barlamak (göni içegäniň ýuwulan suwunyň içindäki pagta ýaly gaýmalaşyp ýören zatlary barlamak has-da maksada laýyk bolýar).

## Erkeklerde we aýallarda öňüni alyş çäreleriniň usullary

1. Gelen adam ellerini ýuwýar, buşugýar, soň ýyly suw bilen jyns synalaryny, satanlarynyň arasyny sabynlap ýuwýar.

2. Süpürinip, ýuwan ýerleri gurandan soň şol ýerleri hlorgeksidin biglýukonatyň (gibitan) 0,05% ergini ýa-da miramisiniň 0,01% ergini bilen, uretranyň öňki bölegini ýuwmaly (aýallarda agzalan erginler bilen 150-200 ml mukdarda waginany pükdürip ýuwmaly). Uretrany ýuwandan soň, onuň içine gibitan-yň 0,05% erginini 1-2 ml ýa-da miramisiniň 0,01% ergini 1-2 ml ýa-da protorgolyň 2-3% suw ergininiň 6-8 damjasyny guýmaly we uretranyň ujyny 2-3 min gysyp durmaly. Ondan soň 2-3 sagadyň dowamynda buşukmaly däl diýip gelen adama aýtmaly. Aýallara uretra, agzalan erginleriň 1ml ýa-da kümüş nitratynyň ergininiň 8-10 damjasyny damdyrmaly, ýatgynyň boýunjygyna we waginanyň nemli bardasyna kümüş nitratynyň 2% erginini çalmaly.

3. Gelen adama, jyns synalaryny hapalanan geýimlerinden goramak üçin, arassa hasa bölegi berilýär, hapa geýimlerini mümkin boldugyça tiz çalyşmaklyk maslahat berilýär. Agzalan çäreler 2 sagatdan gijä goýulman geçirilse, weneriki keselleriň döremeginiň öňüni alýar.

## Çagalarda gonoreýanyň öňüni alyş çäreleri

Maşgalada aýratyn ýorgan-düşekler, sürtgüçler we gigiýeniki serişdeler bolmaly. Çagalar edaralarynda-medisina işgärleriniň sanitar depderçesi bolmaly we her çagany barlap almaly. Her hepdede bir gezek çaganyň jyns synalary barlanmaly. Akar suwuň aşagynda, aýratyn pagta bölegi bilen ýuwmaly.

## Bakterial waginozy

Aýallaryň jyns ýollarynyň peski böleginde ýygy duş gelýän infeksiýaly keselleriň biri, jynshananyň adaty mikroflorasynyň şertli patogen anaerob bakteriýalar bilen çalyşmagy bilen häsiýetlenýär.

1884-nji ýyla çenli bu kesel mahsus däl waginity, kolpity, gardnerellýoz, anaerob waginozy diýip atlandyrylýardy.

Çaga öndürmäge ukyply aýallaryň 21-33 %-de duş gelýär. Erkek adamlarda näsag aýallar bilen jyns gatnaşygynda bolandan soň, uretritiň, balanitiň, balanopostitiň alamatlary ýüze çykmagy mümkin.

Ýokuşmaga getirýän howply halatlar: bitertip endikler, jyns-peşew ýollarynyň keselleri, jyns synalarynyň mikroflorasyna täsir edýän dermanlary ulanmak, gormonal näsazlyk, içegäniň disbakteriozy.

Gardnerella vaginalis, Ureaplasma urealiticum, Mycoplasma hominis, bakteroidler, peptostreptokokklar keseli döredijiler bolup durýarlar.

Patogenezinde aýallaryň jyns synasynyň mikrobiosenozynyň üýtgemegi, köpsanly mikrofloranyň, şol sanda anaeroblaryň döremegine jynshanada PH-yň üýtgemegine (adaty PH–4,5 çenli) getirýär.

Keseliň esasy kliniki alamaty jynshanadan ýakymsyz ysly, çalymtyl-ak birmeňzeş reňkli suwuklygyň çykmagy. Näsag gijilewüge we gyzarma arz edýär.

Seredip barlanyňda jynshananyň nemli bardasynda çişginligiň alamatlary adatça bolmaýar. Jynshanadan gaýmaga meňzeş çalymtyl-ak reňkli suwuklyk, kiçi jyns dodaklarynyň, jynshananyň, ýatgynyň boýunjygynyň nemli bardalarynda deň ýaýran, zaýalanan balygyň ysy ýaly ýakymsyz ys bolýar.

Laboratoriýa barlag usullary: jynshanadan bölünip çykýan suwuklygyň PH kesgitlemek, 10 % KOH bilen aminotesti geçirmek, adaty ýa-da Gram boýunça boýalan çalgylary ulaltgyçda barlamak.

Bejerilişi: anaerob mörjewlere garşy derman serişdeleri: metronidazol, klindamisin ulanylýar.

Öňüni almak üçin geçirilmeli çäreler. Tertipsiz jyns gatnaşygy bolmaly däl, gormonly serişdeleri doly ulanmak, endokrinopatiýany, içegäň disbakteriozyny wagtynda bejermek.

**Çylşyrymlaşmalar**: göwreliligiň geçişiniň çylşyrymlaşmagy, wagtyndan öň çaga dogurmak; çaga dogurandan ýa-da düşürenden soň

endometritiň bolmagy, kiçi çanaklygyň synalarynyň çişginlik kesselleriniň döremegi.

## Kandidoz wulwowaginiti, balanopostiti

Kandidoz wulwowaginiti – aýallaryň jyns ýollaryna we waginasyna hem-de kandidoz balanopostiti – erkek adamlaryň jyns synasynyň kellejigine we ony örtýän hamyň içki gatyna Candida toparyna degişli, zeňe meňzeş goturaklaryň çişginli zeper ýetirmegi.

Aýallaryň 70% töweregi ömründe bir gezek kandidoz wulwowaginit keseli bilen keselleýärler, olardan 40-50 %-de kesel bir ýa-da birnäçe gezek gaýtalanýar. Antibakterial bejergi alan erkekleriň 7-8%-nde we diabet keselli näsaglaryň 7-10 %-de kandidoz balanopostiti ýüze çykýar. Kandidoz wulwowaginiti aýallarda göwreli döwründe ýygy duş gelýär.

Keseliň howply bolýan ýagdaýlary: göwrelilik, antibakterial dermanlary, sitostatikleri, göwreli bolmazlyk üçin ulanylýan gormonly dermanlary ulanmak, galkan şekilli mäzleriň we onuň ýanyndaky mäzleriň işleriniň ýetmezçiligi, diabet keseli, semizlik, onkologiki keselleri şöhle bilen bejerlende immunitetiň peselmegi, ýatgynyň içine halkaç goýmak, täze dogan çaga enesinden ýokuşmagy.

Kandidoz wulwowaginitiň we balanopostitiň ýiti we dowamly (gaýtalanýan) görnüşleri bolýar. Ýiti kandidoz wulwowaginitiň kliniki alamatlary: jyns synalarynyň daşynda we jynshananyň içinde gijilewük bolýar, ol gijesine has güýçlenýär. Jynshanadan çykýan suwuklyk serozly ýa-da gaýmalaşyp ýören çüýrän süýt görnüşli, goýy gaýmak şekilli bolýar. Jynshananyň nemli bardasynyň käbir ýerlerinde çalymtyl-ak jerhetler bolýar. Näsag agyry duýýar, buşukmaklyk kadaly bolmaýar, jyns gatnaşygy agyryly bolýar.

Ötüşen wulwowaginitiň kliniki alamatlary: daşky jyns ýollarynda we jynshanada hemişe güýçli bolmadyk gijilewük bolup, aýbaşynyň öň ýanynda güýçlenýär, nemli bardalaryň durgunlykly gyzarmagy, infiltratyň emele gelmegi, kiçi we uly jyns dodaklarynda deriniň galňamagy we guraklyk bolmagy, deride we nemli bardalarda ýüzleý ýaralar, sypjyrylmalar, jaýryklar emele gelmegi gaýmak görnüşli, kämahal çüýrän süýt görnüşli ujypsyz suwuklygyň çykmagy bilen häsiýetlenýär.

Balanopostitiň kliniki alamatlary: jyns synalarynyň kellejiginiň derisi gyzarýar, çişýär, infiltrat döreýär, az-kem gijeýär, agyrýar, zeper ýeten ýeriň buýnuz gatlagy tenginli öllenýär, agymtyl-çal jerhet bolýar, ony aýranyňdan soň gyzyl suwjaryan ýüzleý ýara ýüze çykýar. Jyns synalarynyň pürçüginiň gyrasynda jaýryk emele gelýär, gutulandan soň ýara yzy galýar, fimoz bolmagy mümkin.

Gyzjagazlarda kandidoz wulwowaginiti 2-4 hepdelikden başlap islendik ýaşda duş gelýär we adatça, agyz boşlugynyň nemli bardalarynyň, satanlarynyň arasynyň, but-gasyk epinleriniň, artbujagyň töwereginiň derisiniň

kandidoz keseli bilen utgaşyk bolýar. Zeper ýeten ýerleriň töweregi diş-diş, araçäkleri anyk, üsti gyzyl ýaldyrap duran bolýar, kämahal jaýryklar ýa-da deriüsti gatlak çalymtyl reňkli öljerip durýar. Çagalarda zeper ýeten ýeriň töwereginde kiçi gabarçakly we iriňli gabarçakly ýüzleý ýarajyklar, örgünler bolýar.

Laboratoriýa barlaglaryň netijesiniň, kliniki alamatlaryň we anamneziň esasynda diagnozy tassyklamak bolar.

Ulaltgyçda barlananda Candida görnüşli ösýän goturaklaryň tapylmagy. Zeper ýeten ojaklardan alnan serişdäni, Saburo usuly arkaly taýarlanan iýmitde ekmek.

Bejerilişi: Etiopatogenetiki we simptomatiki serişdeleri, birinji nobatda, umumy we ýerli täsir edýän fungisid dermanlary ulanmak.

1. Goturaklara garşy antibiotikleri: nistatin, leworin, pimafusin – gurt görnüşinde – 0,1g g-dan günde 4 gezek, 7-12 günüň dowamynda. Imidazol topary : ketokenazol (nizoral, oponazol) – 0,2 g-dan günde iki gezek 5 günüň dowamynda.

2. Diflýukan (flukonazol) – kapsulalarda 0,05; 0,1; 0,15g. Bejergide 0,15 g bir gezek berilýär.

Ýerli täsir edýän dermanlar (intrawaginal gurtlar ýa-da suppozitoriýalar).

**Çylşyrymlaşmalar.** Keseliň ýaýramagy, täze dogulan çaga keseliň ýokuşmagy, durnukly fimoz bolmagy, gangrena, kandidogranulýomaly uretritiň bolmagy.

## JYNS – PEŞEW TRIHOMONIAZY
## (Trichomonas vaginalis)

Köplenç jyns ýoly bilen ýokuşýan parazitar çişginli kesel. Jyns- peşew trihomoniazy adamlarda iň köp ýaýran infeksiýaly keselleriň biri bolup, çaga önmeýän aýallaryň 10 %-nde duş gelýär. Bu kesel erkeklere garanda aýallarda köp hasaba alynýar.

Ýokuşmaga getirýän howply ýagdaýlar: bitertip jyns gatnaşygy, şahsy we jyns arassaçylygynyň düzgüniniň bozulmagy.

Jyns–peşew trihomoniazyň döredijisi ýönekeýje waginal trihomonadasydyr. Bu kesel jyns-peşew trihomoniazy bilen keselleýän näsaglardan sag adamlara jyns ýoly bilen ýokuşýar. Şahsy arassaçylygy berjaý etmekligiň düzgünleri bozulanda, köplenç çagalarda durmuş ýagdaýlarynda-da keseliň ýokuşmagy mümkin.

Kesel ýokuşandan soň infeksiýanyň zeper ýetiren jerhetleme ýüze çykýar. Trihomonad göterijilik ýagdaýlar hem bolýar. Onda keseliň hiç hili kliniki alamatlary bolmaýar.

Keseliň gizlin döwri 6-10 gün bolýar. Köplenç näsaglar jyns ýollaryndan, uretradan köpürjikli suwuklygyň çykmaklygyna, jyns synalarynyň daşky böleklerinde gijilewügiň, agyrynyň bimaza edýänligine, buşukmasynyň bozulmagyna, gasygynda, satanlarynyň arasynda döreýän

agyrynyň artbujagyna ýaýraýanlygyna arz edýärler. Erkeklerde jyns mäzlerine (prostata mäzi, tohum gabarçajyklary, ýumurtgalaryň goşuntgylary, kuper mäzi) zeper ýetende keseliň kliniki alamatlary onçakly güýçli bolmaýar we beýle ýagdaý adaty trihomoniazyň çylşyrymlaşmasy hasaplanylýar.

Aýallarda trihomonadaly westibulit bolanda jynshananyň töweregindäki uly mäzler agyryly dömüp çişýärler, näsagyň umumy ýagdaýy bozulýar, gyzgyny ýokarlanýar.

Aýallarda-da, erkeklerde-de jyns-peşew ýollarynyň keselleri barha ýokary dalaşýar-ýaýraýar: trihomonad sistiti, pielit, pielonefrit ýüze çykýär. Aýallaryň wulwasyny we waginany seredip görlende, uly westibulýar mäzleri çişen we ulalan bolýar, jyns synalarynyň nemli bardalary gyzarýar, çişginliräk nokatjykly gan tegmiljikler emele gelýär, sarymtyl-ýaşyl reňkli, köpürjikli, käte gan gatyşykly iriň çykýar. Ýatgynyň boýunjygy çişýär, gyzarýar. Ýatgynyň boýunjygynyň içinden iriň akýar.

Uretranyň dodajyklary gyzarýar, çişýär, gan tegmilleri döreýär, elläniňde agyryly bolýar, uretradan we uretral mäzlerden iriň akýar.

Diagnoz keseliň kliniki alamatlaryna, näsagyň anamnezine we laboratoriýa barlaglaryna esaslanyp goýulýar.

Çalgyny ulaltgyçyň astynda görmek: çalgyny metilen gögüň, 1 % göwher ýaşylyň ergini bilen we Gramyň usuly boýunça boýamak bolar.

Bejerilişi: tinidazol, metronidazol, tiberal ýa-da ornidazol, flagil, metrosul.

Öňüni alyş çäreleri: tötänleýin jyns gatnaşygyny kesmek, şahsy we jyns gigiýenasyny berjaý etmek, kontraseptiw we şahsy öňüni alyş serişdelerini ulanmak.

Çylşyrymlaşmalar: göwreliligiň geçişiniň bozulmagy, çaga önmezlik ýaly ýagdaýlaryň bolmagy mümkin.

## UROGENITAL MIKOPLAZMOZY

Mikoplazmoz – Mycoplasma hominis we Ureaplasma urealiticum maşgalasyna girýän mörjewleriň jyns-peşew ýollarynda döreýdän keseli.

Dürli awtorlaryň berýän maglumatlaryna görä 30 %-e çenli erkek adamlarda gonokokksyz uretritleri we aýallarda çaga dogurandan söňky döreýän endometritleri mikoplazmalar döredýärler.

Keseliň ýokuşmagynaeltýän howply ýagdaýlar: bedeniň immun reaktiwliginiň peselmegi, göwrelilik, çaga dogurmaklyk, çaga düşürtmeklik, agyr operasiýalar we başg.

Mikoplazmalaryň adamyň bedeninde ýaşaýan – ösýän 15 görnüşinden diňe mycoplasma hominis, mycoplasma genitalium we ureoplasma urealiticum jyns-peşew ýollarynda infeksiýaly çişginli keselleri döretmäge ukyply.

Mikoplazmalaryň kesel döredijі ukyby olaryň biologiki gurluşyna bagly, ýagny kiçijik genomly we ölçegli öýjükleriň perdesiniň gurluşy

adamyňka meňzeş. Mikoplazmalaryň bu aýratynlyklary bilen, mikoplazmoz keseliniň özboluşly geçişi, ýagny gizlin, alamatsyz ýa-da ujypsyz kliniki alamatly bolmaklygy düşündirilýär.

Gizlin döwri 3-5 hepde dowam edýär. Keseliň geçişinde belli bir häsiýetli kliniki alamatlary bolmaýar, ýöne aýallarda ýiti uretritiň, waginitiň, sistitiň, salpingooforitiň, erkeklerde uretritiň, prostatitiň bolmagy mümkin.

Näsagda tiz-tizden agyryly buşukmaklyk, ujypsyz açyk-sary suwuklygyň çykmagy, jyns ýollarynyň daşky böleginde gijilewügiň bolmagy, aýbaşynyň kadalylygynyň bozulmagy ýaly ýagdaýlaryň bolmagy mümkin.

Diagnozy laboratoriýa barlaglaryň netijesiniň, kliniki alamatlarynyň we anamneziň esasynda goýulýar.

Uretra, wagina, ýatgynyň boýunjygy gyzaran, çişliräk bolýar. Kesel kiçi çanaklygyň iç goşlaryna geçen bolsa, onda ýatgy we goşuntgylar agyryly we ulalan bolýar.

Laboratoriýa barlag usuly : Göni we göni däl immunoflýuoressensiýa, PSR, IFA, kultural barlaglar (polimeraz-sepli reaksiýa, immun-ferment analiz).

Bejerilişi: giň täsirli antibiotikler (tetrasiklin), makrolid antibiotikler, ftorhinolonlar.

Çylşyrymlaşmalar: Aýallarda we erkeklerde önelgesizlik, göwreliligiň çylşyrymlaşmasy; çaga dogulanda, dogruş ýolundan geçende, näsag enesinden keseliň ýokuşmagy, netijede çagada öýken çişme keseli, septisemiýa, meningit, ensefalit ýaly çylşyrymlaşmalaryň ýüze çykmagy mümkin.

## UROGENITAL HLAMIDIOZY

Jyns synalarynyň infeksiýaly keseli. Ony dürli görnüşli hlamidiýalar döredýärler. Senagat taýdan ösen ýurtlarda, jyns ýoly bilen geçýän bu mörjew iň ýygy duş gelýän infeksiýa hasaplaýarlar. Dünýä boýunça bir ýylyň dowamynda, täze kesellän näsaglaryň 80 mln-dan az bolmadyk halatlary hasaba alynýar.

Jyns-peşew hlamidiozy, köplenç, jyns gatnaşyklarynyň iň ýokary derejesindäki ýaşlarda köp duş gelýär, ýöne bu kesel, çaga düwünçegi, enesiniň göwresindekä-de ýokuşmagy mümkin.

Kesel döredijі Chlamydia trachomatis gramotrisatel mörjewi. Hlamidianyň elementar bedenjik (EB) görnüşini, başga bir-retikulýar bedenjik (RB) görnüşi bilen çalyşýar. Döredijiniň özüniň hususy ATF-i bolmaýar we öýjük içiniň mugthory bolyp, köplenç silindriki epitelial öýjüklerde ýaşamagy halaýar.

Gizlin döwri 10-14 gün. Erkek adamlarda keseliň esasy alamatlary: peşew ýolundan az-kem nemli iriňiň bölünip çykmagy, gijilewük, käte buşuganda agyrmagy we uretranyň dodajyklarynyň gyzarmagy 10% erkek adamlarda hlamidiýa keseli alamatsyz geçýär. Çylşyrymlaşan halatynda, epididimitiň, prostatitiň we ş.m. kliniki alamatlary ýüze çykýar.

Aýallarda hlamidiozyň esasy alamatlary: ýatgynyň boýunjygynyň nowhanasyndan nemli-iriňiň bölünip çykmagy, ýatgynyň boýunjygynda ýüzleý ýaranyň bolmagy. Infeksiýa 75% halatlarda alamatsyz geçýär. Çylşyrymlaşan ýagdaýynda, zeper ýeten her synanyň keseliniň alamatlary bolýar.

Keseli anyklamak üçin silindriki epitelial öýjükleri gazalap almaly ýa-da biologiki suwuklygy alyp, ula barlamaly.

1. Kultural usuly: Mak-Koýýanyň öýjüklerinde döredijini tapmak, i-929 ýa-da towugyň embrionynda ösdürip ýetişdirmek. Bu usul köp (4güne çenli) wagty alýar, ýöne dogry jogap berýär, çünki persistirleýji infeksiýanyň barlygyny görkezýär.
2. Immunoflýuoressent usuly.
3. Serologiki usullar: A, M we G immunoglobulinleri kesgitlemek.
4. Immunoferment usullary: ganda mörjewlere garşy antitelany tapmak ýa-da gazalanyp alnan çalgyda antigeniň barlygyny kesgitlemek.
5. DNK derdi-usuly anyklamak. PSR (polimeraz-sepli reaksiýa), LSR(ligarly sepli reaksiýa) bu häzirki zaman has ýokary tehnologiki usullar bolup durýar.

Mümkin bolaýjak çylşyrymlaşmalar: erkek adamlarda-epididimit prostatit, wezikulit, kuperit, Reýteriň keseli, önelgesizlik. Aýallarda: saplingit, salpingooforit, endometrit, perigepatit, periappendisit, önelgesizlik.

**Bejerilişi**. Tetrasiklin hatarynyň antibiotikleri, makrolidler we ftorhinolonlar peýdaly. Hlamidiýalaryň ýaşaýyş sikli dowamly bolýanlygy sebäpli, antibiotikleriň täsiriniň dowamlylygy 7 gije-gündizden az bolmaly däl.

## JYNS GATNAŞYKLARY ARKALY GEÇÝÄN KESELLERIŇ ÖŇÜNI ALMAK ÜÇIN GEÇIRILMELI ÇÄRELER

Jyns gatnaşyklary arkaly geçýän keselleriň öňüni almakda, näsaglaryň arasynda (deri we weneriki keselleriň dispanserlerinde, keselhanalarynda, sagaldyş ýerlerinde we beýleki hassahanalarda), şonuň ýaly-da ilatyň dürli toparlarynyň arasynda sanitariýa-düşündiriş işleri geçirilýär.

Bilimi wagyz etmek, ilata umumy arassaçylygy öwretmekdir we halky terbiýelemek bilen baglanyşykly, ýagny her kimiň, öz şahsy saglygyna bolýan gatnaşygyna düşünmekligine, sagdyn keşpli ýaşaýşyň möhümligine düşünmekligine gönükdirilendir.

Weneriki kesellere garşy göreşmekde, sanitariýa-düşündiriş işi, beýan okamak, gürrüň geçirmek, radioda, teleýaýlymda çykyş etmek, gazetde, žurnallarda, senagat kärhanalarynda we toplumlarynda, ýokary okuw jaýlarynda çykarylýan diwar gazetlerinde makala bilen çykyş etmek, ylmy-medisina filmleri görkezmek, sorag-jogap agşamlaryny geçirmek, ýatlamalar, kagyzlar, kitapçalar çap etmek we başgalar görnüşinde alnyp barylýar.

Gelejekli usul, şu mowzuk boýunça wideofilm döretmek, şonuň ýaly-da dürli ýaşlar dershanalarynda peýdalanmak üçin kompýuteriň iş tertibini düzmek hasaplanylýar.

Weneriki keselleriň öňüni almak meselesi, arakhorluga garşy göreş bilen has baglanyşykly bolmaly, şonuň ýaly-da neşekeşlik, toksikomaniýa, syrtfuruşlyga, Ýokuşan Immunitet Kemçilik Sindromyna (ÝIKS) garşy göreş bilen baglanyşykly bolmaly.

Beýan okamak, gürrüň geçirmek, mekdeplerde, ýörite okuw jaýlarynda, diňleýjileriň ýaşyny, jynsyny hasaba alyp, umumy arassaçylygyň we ýaşlary ahlak-etiki taýdan terbiýelemegiň çäginde, edaralarda, umumy ýaşaýyş jaýlarynda, medeni öýlerde, lektoriýalarda, ýaşlaryň we nikalaşýanlaryň arasynda, ene-atalaryň, mekdebiň işgärleriniň arasynda we başgalar, alnyp barylýar.

Saglygy goraýyş edaralaryň we kärhanalaryň möhüm meselesi, weneriki kesellerine garşy geçirilýän wagyz işine ýerli metbugaty, radio, teleýaýlymy giňden peýdalanmak, giň halk köpçüliginiň dykgatyna ýetirmek we näsaglaryň lukmana, özleriniň özbaşdak  ýüz tutmaklaryny gazanmak.

Profilaktiki barlaglar näçe ýokary derejede we ýokary hilli geçirilse, şonça-da peýdaly netijesi ýokary bolýar. Jyns ýoly bilen geçýän keselleriň kliniki alamatlarynyň giňligini hasaba alsaň, dermatowenerolog däl islendik medisina hünärmenlerde diagnoz ýalňyşlygynyň bolmagynyň mümkinligini, aradan aýryp bolmaz. Şoňa görä-de dermatowenerologlaryň esasy meseleleriniň biri şeýle ýagdaýda, şu mesele boýunça, umumy medisina torunyň lukmanlarynyň hünärmenligini ýokarlandyrmaklyga gönükdirilen çäreleri geçirmek. Beýle çärelere, dekadnikler, informasiýa kurslary, okuwlar, seminarlar, ylmy-amaly konferensiýalar girýärler we olar deri-wenerologiki institutyň güýji bilen we şonuň özünde geçirilýär.

Bu meselede dermatowenerologlaryň akuşer-ginekologlar, urologlar, pediatrlar bilen bilelikde geçirýän ylmy köpçüliginiň mejlisleri, seminarlary, has peýdaly bolýar, çünki olarda jyns ýoly bilen geçýän keselleriň geçişiniň, diagnoz goýmaklygyň, bejergisiniň öňüni almaklygyň umumy soraglaryndan başga, diagnostiki ýalňyşlyklar-da ara alnyp maslahatlaşylýar. Deriwenerologiki hassahanalarda beýleki ugurlaryň hem hünärmenlerini, ýagny akuşer-ginekologlary, urologlary, lukman-laborantlary, orta hünärli laborantlary iş ýerinde amaly taýdan taýýarlamak hem peýdalydygyny görkezdi.

Jyns ýoly bilen geçýän keselleriň öňüni almaklygyň ýene-de bir usuly anonim ýoly bilen barlamak we bejermek.

Keseliň öňüni almaklygyň bu görnüşi köpsanly, şol sanda syrynyň açylmagyndan, maşgala durmuşynyň dargamagyndan howsala edýän adamlaryň hem, meýletin özüni barlamaga we bejertmäge gelmeklerine mümkinçilik döredýär.

Jyns ýoly bilen geçýän keseller barada ilatyň saglygyny goramak maksady bilen geçirilýän çäreleriň içinde, medisina gözden geçirilişine we işe girýänleri, çaga edaralarynda, kommunal we iýmit edaralarynda işleýänleri, taksi, ýük maşynlarynyň sürüjilerini, saglyk öýlerine, aýal maslahatlaryna gatnaýan zenanlary, okuwçylary, talyplary, nikalaşýanlary, çaga düşürtmäge ýollanýanlary, şonuň ýaly-da gaçgaklary, göçürilenleri, belli bir ýaşaýan ýeri ýoklary, şertli we wagtyndan öň azatlyga çykarylanlary we başgalary, barlamaklyga esasy orun berilýär. Dermatowenerologlaryň medisina gözden geçirilişi näçe köp adamy öz içine alsa, şonça-da tiz, keseliň gizlin ojagynyň üsti açylar we şonça-da, geljekde, jyns ýoly bilen geçýän keselli näsaglar, az hasaba alnar.

Jyns ýoly bilen geçýän keselleriň gizlin rezerwini azaltmagyň möhüm ýollarynyň biri, "howply topary" diýlip ilat arasynda atlandyrylýanlaryň, ýagny durmuş hyzmatynyň, köpçülik iýmiti edaralarynyň, ýol-ulag kärhanalarynyň işgärleriniň, ýokary we orta okuw jaýlarynyň we talyplarynyň arasynda ýokary netijeli barlag işlerini güýçlendirmekdir. Olardan başga-da howply adamlar: bitertip endikli aýallar, syrtfuruşlar, belli bir ýaşaýan ýeri ýok adamlar, neşekeşler ýaly, şahsy taýdan özüni erbet alyp barýanlar girýärler. Olar köpsanly nätanyş we çala tanyşlar bilen jyns gatnaşygynda bolup, jyns ýoly bilen geçýän keselleriň birnäçesi bilen birbada keselleýärler we ilat arasynda ol keselleri ýaýradyjy bolýarlar we epidemiologiki taýdan howp döredýärler. Bu topar hemişe göz astynda bolmaly we jyns ýoly bilen geçýän keseller ýygy-ýygydan barlanyp durmaly.

Jyns ýoly bilen geçýän keselleriň öňüni almaklygyň usullarynyň ýene-de bir ýoly-keseliň howplylygy, irki alamatlary, öňüni alyş usullary, adamyň kemala gelmeginiň ähli döwürlerinde: çagalyk, ýetginjeklik, ýigitlik döwürlerinde jyns terbiýeçiligi barada ýokary derejede ilatyň aňyna ýetirmek, jyns meseleleriniň howpsyzlygy barada wideo önümlerini goýbermek, ýaşlaryň we beýleki howply toparlaryň arasynda kontroseptiwleri we prezerwatiwleri mugt ýaýratmak.

Jyns ýoly bilen geçýän keseller saglygy goraýyşda kyn mesele. Jyns ýoly bilen geçýän keseller, köpsanly ýiti keselleriň döremegine her dürli çylşyrymlaşmalara, mysal üçin, zürýatsyzlyga, ýatgydan daşky göwrelilik, uretranyň daralmagy, ýatgynyň boýunjygynyň howply çişiniň döremegi, çaga düşmek, kemis ýaşaýşa ukypsyz çaganyň dogmagy, dogabitdi merezýel, täze dogan çagada blenoreýa ýaly we ş.m. ýagdaýlara sebäp bolup biler.

Jyns ýoly bilen geçýän keselleriň öňüni almaklyk, ilatyň saglyk ýagdaýyny oňatlaşdyrmaga mümkinçilik berer we weneriki keselleriň köpelmeginiň öňüni alar. Şoňa görä-de BSGG, birinji nobatda, jyns ýoly bilen geçýän keselleriň öňüni alyş, bejeriş çäreleri barada maksatnama işläp taýýarlamaklygy, maslahat berýär. Ilkinji öňüni alyş maksatnama, jyns ýoly bilen geçýän keselleriň ýygylygyny azaltmaklyga gönükdirilen we ikinji öňüni alyş maksatnamasy, keseliň dowamlylygyna we mümkin bolaýjak

çylşyrymlaşmagyny azaltmak arkaly jyns ýoly bilen geçýän keselleriň ýaýranlygynyň görkezijisini peseltmäge gönükdirilen bolmaly.

### Ilkinji öňüni alyş çäreleri

- howpsyz jyns gatnaşygyny makullamak we wagyz etmek, şol sanda prezerwatiwlerden peýdalanmak; ilaty ýeterlik bahasynda prezerwatiw bilen üpjün etmek, şahsy öňüni alyş çäreleri barada habar bermek;
- anonim-öňüni alyş otaglarynyň toruny döretmek, ÝIKS barada we adaty jyns ýoly bilen geçýän keseller barada habar bermek;
- çylşyrymlaşmalary öňüni almak üçin, bejergini keseliň irki döwründe başlamaklygyň gerekligi barada habar bermek. Keseliň alamatlary çylşyrymlaşmalaryň ösýän döwrüne çenli duýulman galmagy mümkin; keseliň häsiýetli alamatlaryny ýazmak; degişli medisina kömegini nirede alyp boljakgyny habar bermek, her bir adam özüne keseliň ýokuşanlygyny, ýokuşmanlygyny güman etmekligi başarmaklygy barada aýtmak, şonuň ýaly-da jyns gatnaşygynda bolan beýleki taýyny hem barlamak. Eger-de şeýle baha, keseliň ýokuşmagynyň mümkinligini ýokary derejede tassyk etse, onda ol adama, lukmana ýüz tutmaklygyň zerurdygyny habar bermeli.

### Ikilenji öňüni alyş çäreleri

- öz wagtynda medisina kömegine ýüz tutmaklygy wagyz etmekligi güýçlendirmek;
- jyns ýoly bilen geçýän keselleriň diagnozyny goýmaklyga we bejermeklige mümkinçilik döredýän elýeterli, peýdaly we degişli medisina kömegi bilen üpjün etmek.
- jyns gatnaşygynda bolan taýyny tapmak we bejermek;
- durmuşda näsag bilen ýakyn gatnaşykda bolan adamlary hökmany suratda barlamak.

## ADAMYŇ IMMUN DEFISIT SINDROMYNYŇ (AIDS) DERMATOLOGIK ASPEKTLERI

XX asyryň ahyrlarynda täze dörän dowamly wirus keseli adamzady aňk etdi, çünki bu kesel ýokuşan adam heläk bolýar – ölýär. «Ony XX asyryň gyrgyny» diýip, atlandyryp başladylar. Beýle atlandyrmak hökmany ölüme eltýän, öň näbelli howply keseliň howsalaly gorkyny aňladýar.

Bu kesel birinji gezek 1981-nji ýylda ABŞ-da hasaba alyndy, AIW (adamyň immungytlyk wirusy) ýokuşan adamlaryň 10 ýylyň dowamynda hemmesiniň diýen ýaly ölendigi ýa-da biryarymynyň agyr halda ýatandyklary belli edildi. Häzire çenli AIW infeksiýasyny bejerip bilýän bir derman hem ýok. Has giň azidotimidin (AZT) wirusy näsagyň bedeninden doly ýok edip bilmeýär, ýöne keseliň ösmegini az-kem togtadýar. Adamyň immun defisit

sindromy (AIDS) – bu adamzadyň taryhynda haýal geçýän wirus infeksiýasy bolup, pandemiýa häsiýetini alandygyny bellemek gerek. Häzirki döwürde dünýäniň 177 ýurdunda Adamyň immun defisit sindromy (AIDS) ýaýranlygynyň üsti açyldy. Infeksiýanyň iň köp ýaýran ýerleri Merkezi we Gündogar Afrika hem-de Amerika kontinentiniň ýurtlarydyr.

Adamyň immun defisit sindromynyň (AIDS) döredijisi bir wagtda diýen ýaly Fransiýada professor Montanýe (1983 ýyl), ABŞ-da professor Gallo we işgärleri tarapyndan tapyldy (1984 ýyl). AIW – bu özünde RNT saklaýan wirus, limfotrop retrowiruslar maşgalasyna degişli, bedende gizlin (latent) ýagdaýdan soň immungytçylygyny we neoplastiki keselleri (howply çişleri) döretmek ukyplylygy bilen tapawutlanýarlar. AIW-nyň çiş döredijі wiruslar (onkowiruslar) bilen ýakynlylygy, käbir adamlaryň AIW-ny, gözegçilik astyndan çykan, howply çişleriň wirusy, ýöne täze gen häsiýeti alan görnüşi diýen çaklamalaryna esas berýär. AIW, gorizontal ýol bilen – köplenç jyns gatnaşygy we gan arkaly hem-de wertikal ýol bilen – keseli, göwreli aýallardan, çaga ýoldaşy (plasenta) arkaly çaga ýokuşýanlygy bilen häsiýetlenýär.

Adamyň immun defisit sindromy (AIDS) has takygy birinji gezek ABŞ-da 1968-nji ýylyň güýzünde resmi hasaba alyndy. Sent-Luisa şäherinde hlamidiýaly, limfatiki mäzleri çişen, bejergi peýda bermeýän ýaş ýigit – syrtfuruş (gomoseksualist) keselhana düşýär. Tiz wagtdan onda Kapoşi sarkomasy döreýär we 1969-njy ýylda onuň ölmegine sebäp bolýar. AIW infeksiýadan ölen adamyň doňdurylyp goýlan dokumalaryndan 15 ýyl geçenden soň tapylýar.

1979–1981-nji ýyllarda ABŞ-nyň ençeme şäherlerinde tiz wagtda döreýän, agyr ýiti geçýän görnüşli, köpsanly Kapoşi sarkomasy hasaba alynýar, esasan hem syrtfuruşlar (gomoseksualistler) ýaş erkek adamlar, olaryň barysy AIW ýokuşanlar bolup çykýarlar.

A I W i n f e k s i ý a s y n y ň p a t o g e n e z i. AIW adyna garamazdan, diňe bir immun gytçylygyny döretmän, eýsem degnalara-da täsir edýär. AIW merkezi degna ulgamlarynyň, ýagny beýniniň gabykasty gatlagynyň ak we çal maddalarynda we beýniniň gabyk gatlagynda, şol sanda onuň maňlaý böleginde hem bolýar. AIW beýniniň neýronlarynyň takmynan 1/3 öldürýär. AIW-niň infeksiýasynyň patogonezinde esasy orun tutýan zat, onuň T–limfositlere (helperlere) zeper ýetirmegidir. Çünki olar immunitetiniň döremeginde wajyp orun tutýarlar. AIW-yň täsiri zerarly T-helperler sandan çyksa, beden dürli infeksiýalara garşy goragsyz galýarlar. Hatda adaty, zyýansyz ýa-da az zyýanly mörjewler hem özlerine mahsus bolmadyk häsiýetleri alyp, her hili agyr keselleri, hatda ölüm howply keselleri-de döredip bilýärler. Mysal üçin, ýönekeý pneumatitis carinii, ýygy gaýtalanýan we hökman adamy alýan-öldürýän, öýken çişme (pnewmoniýa) keseliniň sebäbi bolup biler. Şonuň ýaly-da ýönekeý toksoplazma gondi pişikleriň garyn-içege (enterit) kesselleriniň mörjewi, adam üçin zýansyz, AIW köplenç adamlarda ensefalit keseline sebäp bolýar, ol kesel bolsa hökman ölüm bilen

gutarýar, çünki beýniniň dokumalaryna ummasyz köp zyýan ýetirýär. Şular ýaly zyýansyz ýa-da zyýanly ulgamlaryň, AIW infeksiýasynyň ýerliginde erjel geçýän, bejergä dözümli keselleri döredýänlere opportunistik infeksiýalar (latynça “opportunus” sözi, goragsyzyň üstüne hüjüme ýol açyk diýmegi aňladýar) diýilýär. Immungytçylygyň döreýän, ösýän we bedeniň immun ulgamy tarapyndan goragy ýok mahaly howply we az howply keselleri (Kapoşi sarkomasy, limfatiki mäzlerde döreýän howply limfomalar, deride, merkezi degna ulgamlarynda, garyn-içege ýolunda, süňk ýiliginde) döredýärler, beterleşdirýärler, tiz ösýärler we ölüme sezewar edýärler. Şeýlelikde, adamyň immun defisit sindromynda (AIDS) onuň özüne mahsus alamatlary bolman, dürli keselleriň, çişleriň alamatlary bolup biler.

A I W i n f e k s i ý a s y n y ň e p i d e m i o l o g i ý a s y. Adamyň immun defisit sindromynyň (AIDS) döredijisi, adam bedeninden daşarda kän durnukly däl we daşky tebigatyň ýaramaz täsiri netijesinde olar tiz ölýärler. AIW-a ýokary gyzgynlyk hasda ýaramaz täsir edýär, hat-da 56°C onuň ýokançlygyny 100 esse azaldýar, gaýnadylanda bolsa olar ölýärler. Dezinfisirleýän erginleriň köpüsinde, hatda konsentrasiýasy pes bolsa-da, şol sanda efir, aseton, 20°-lyk etil spirti we ş.m. AIW-yň aktiwligini ýitirýärler. Emma UMŞ (ultramelewşe şöhleler) we radiasiýanyň beýleki görnüşlerine AIW has çydamly. Biologiki jisimlerde, mysal üçin gan damjalarynda, medisina ýekdaýlarynda, iňňelerde we ş.m. AIW iki gije-gündiziň dowamynda wirulentligini saklap bilýär. AIW-yň iň köp mukdary ganda, şol sanda aýbaşy ganynda, dölde, aýallaryň jyns synasynda, serwikal ýolunyň nemlerinde bolýar. AIW-yň beýleki biologik jisimlere-de (tüýkülik, aýal süýdi, gözýaşy, peşew we ş.m.) düşýänligi öz-özünden düşnükli, ýöne örän az mukdarda. Şoňa görä-de AIW-infeksiýasy göni gana ýa-da silindriki epiteliýalar bilen nemli bardalara (uretra, serwikal ýoly, göni içege, gözüň konýuktiwasy, bogazyň yzky diwary), düşende aňsat ýokuşyp bilýär. Şol wagtyň özünde bütewüligi bozulmadyk deri Adamyň Immun Defisit Sindromynyň wirusyny geçirmeýär.

A I W-y ň ý o k u ş y ş ý o l l a r y:

- jyns gatnaşygynda, has-da agyryly jyns gatnaşygynda keseliň ýokuşmak howpy artýar;
- donoryň gany arkaly;
- keselli göwreli aýallardan, çaga ýoldaşy arkaly, çaga ýokuşmagy;
- tüýkülik arkaly (dodaklarda, nemli bardalarda jaýrylan, sypjyrylan ýerleri bolsa);
- öpüşmede ýokuşmagy mümkin.

Peşewden, deriden, gözýaşdan kesel ýokuşmaýar. Netijede beýleki howply infeksiýalardan tapawutlylykda AIW durmuş ýagdaýlarynda we howa-damja ýoly bilen-de ýokuşmaýar. Keseliň ýokuşmagynyň esasy ýoly jyns gatnaşygydyr. Näsagyň gany bilen hapalanan medisina iňňeleri we gurallary arkaly keseliň ýokuşmagy hakyky bolaýjak zat, çünki wiruslaryň wirulentligi, adamyň bedeninden daşarda birnäçe wagtlap saklanýar.

**Kesele uçraýjak adamlar ýa-da howply topara girýänler:**

1. Tötänleýin jyns gatnaşygyny dürli adamlar bilen ýygy geçirmäni endik edinen adamyň ýüzüniň derisiniň reňki garalar:

- jyns gatnaşyklar ugrunda bitertip adamlar;
- syrtfuruş erkekler (gomo we biseksual), olara köpsanly jyns gatnaşygy mahsus bolýar;
- oligofrenler, arakhorlar, kelle beýnisiniň gaty gatlagynyň işiniň togtaşmagy sebäpli olarda jyns gatnaşygyna ýokarlanan isleg döreýär;
- jenaýatçylar.

1. Neşekeşler neşeleri sanjym bilen ulanýanlar we jyns gatnaşykda bolýan adamlaryny ýygy çalyşýanlar.
2. Gemofiliýa keselli adamlar, çünki olara bejergi üçin ganyň serişdelerini goýberýärler.
3. AIW bilen infisirlenen eneden dogan çagalar (Enesiniň göwresinde ýokuşmagyň ýygylygy 30%). Beýle çagalar 2-3 ýyla çenli ýaşaýarlar.
4. Medisina işgärleri. Olar sanitariýa – epidemiologiki düzgünlerini berjaý etmeli, ýagny her gün medisina ýektaýyny çalyşmaly, goraýjy äýnekleri dakynmaly, ellikleri, dezinfeksiýa erginlerini ulanmaly we başg.

A I W – i n f e k s i ý a s y n y ň k l i n i k i g e ç i ş i. Adamyň bedenine düşenden soň, AIW genetik ulgamlarynyň öýjüklerinde ýerleşip, köpelip başlaýar. Eger AIW-yň mukdary köp bolsa näsagyň wirusly ganyny sag adama guýanda bolşy ýaly onda eýýam kesel ýokuşandan iki hepdeden soň, wirusyň ereýän antigeni kesgitlenilýär, emma AIW garşy antimaddalar 8-nji hepdeden başlap döräp ugraýar. AIW-yň az mukdary bedene düşende ganda antigeniň we oňa garşy antimaddalaryň döremekleri uzaga çekýär. Kesel ýokuşan adamlarda AIW ganda we biologik şertlerde bolýarlar, emma onuň özi keseliň ýokuşanlygy barada belli bir wagta çenli hiç zat bilmeýär. Onuň hiç ýeri agyrmaýar we özüni sag hasaplaýar, öňki ýaşaýyş häsiýetini dowam edip keseli beýleki adamlara-da ýokuşdyrýar. Keseliň şeýle gizlin döwri birnäçe aýa, hatda ýyllara-da (10-15 ýyla) çekýar. Gizlin döwrüniň başlarynda AIW-yň serologiki reaksiýalary negatiw bolýar. Kesel ýokuşandan soň IFA pozitiw bolýança 2-3 ýyl geçýänligi belli. Negatiw serologiki reaksiýanyň pozitiw görnüşine geçmegine serokonwersiýa diýilýär. Kesel ýokuşan käbir adamlarda serokonwersiýa keseliň ýiti fazasyndan soň döreýär. Serelogiki reaksiýalaryň pozitiw netijesi, AIW infeksiýa maddalaryň dörändigini aňladýar we ýiti fazadan soň tiz ýa-da şondan birnäçe hepde geçenden soň bolýar.

Ýiti fazada näsag gyzdyrýar, bokurdak mäzleri çişýär, limfatiki mäzleri az-kem ulalýarlar, deride örgün, kellagyry seýrek, meningit döreýär we ensefalitiň kliniki alamatlary duýulýar, oňurga ýiliginiň suwuklygynda (likworda) limfositleriň sany köpelýär. Birnäçe hepdeden soň bu alamatlaryň hemmesi geçýär. Şoňa görä-de bu ýagdaýy dem alyş ýolunyň ýiti keselleri,

infeksiýaly mononukleoz hasaplap, AIW infeksiýasy diýip diagnoz goýulmaýar.

AIW infeksiýanyň gizlin döwri, AIW infeksiýa mahsus alamatlar (durnukly limfoadenopatiýa, demensiýa we ensefalopatiýanyň beýleki alamatlary) ýa-da opportunistik infeksiýalara mahsus alamatlar (uçuklar, kandidoz, mikobakteriozlar, deriniň iriňli gabarçakly keselleri, pnewmosist öýken çişleri, howply çişler we ş.m.) döränden soň gutarýar. Bu kliniki alamatlaryň hemmesi bir wagtda döremän dürli näsagda, dürli tertipde, dürli alamatlar goşulyşyp döreýärler.

Kesel ýokuşandan soň 5 ýylyň dowamynda AIDS-yň kliniki alamatlary (infeksiýa ýa-da howply çişleriň döremegi, näsagyň umumy ýagdaýynyň agyrlaşmagy, gaty horlanmak-kaheksiýa, demensiýa we başga-da ölüme eltýän ýagdaýlar) 10-20 % näsaglarda ýüze çykýar diýip çaklaýarlar, ýagny bir ýylyň dowamynda AIW infeksiýasy ýokuşan adamlaryň 3-5% AIDS ölüm howply alamatlary ýygy ýüze çykýar. Şeýlelikde, adamyn immun defisit sindromynyň (AIDS) geçişi bir wagtyň özünde dürli alamatlarda, dürli derejede bolýar, ýagny :

1. Käbir näsagda AIW infeksiýasynyň gizlin döwründe, IFA negatiw we IFA pozitiw bolýar.

2. Käbir näsagda limfatiki mäzleriň durnukly ulalan, opportunistik infeksiýalarynyň alamatlarynyň ýüze çykan döwri bolýar. Bu döwürde Ýokuşan Immunitet Kemçiligi Sindromyna meňzeş ýa-da onuň öň ýany diýilýär. Bu ýagdaý entek näsagy ölüme sezewar etmeýär.

3. Käbir näsagda Ýokuşan Immunitet Kemçiligi Sindromynyň göni özi bolýar. Bu ýagdaý AIW infeksiýanyň gizlin we AIDS-a meňzeş fazalaryna garanyňda az duş gelýär. Ähli limfatiki mäzleriň durnukly ulalýan dowamly (3 aýdan hem köpräk wagta çekýär), agyrysyz ýa-da az agyryly, deriasty limfatiki mäzleriň ulalmagy we gataşmagy, ylaýta-da göwräniň ýokarky böleginde döremegi bilen häsiýetlenýär. Limfatiki mäzleriň ululygy 1sm çenli bolýar, olaryň üstüniň derisi üýtgemeýär.

AIW infeksiýasynda köpsanly opportunistik keselleriň arasynda käbir keselleriň bolmagy, hatda serologiki reaksiýalar negatiw bolsa-da, näsagda AIDS keseliniň bardygyny tassyklaýar. Bular ýaly kesellere indikatorlar diýilýär.

Indikator keseller (sanawy 1987-nji ýylda, keselçiligiň derejesine gözegçilik merkezi tarapyndan kesgitlenen).

1. Kapoşi sarkomasy, gistologiki barlaglar bilen tassyklanan diagnozly, 60 ýaşa ýetmedik, immuniteti peseldýän (immunosupressiw) bejergi almadyk.
2. Gyzyl ödegiň kandidozy.
3. Ýönekeý uçuk gaýnamak keseliniň bir aýdan hem uzaga çekip, deride we nemli bardalarda çuň ýaralaryň döremegi.

4. Öýkenden özge ýerlerde döreýän kriptokokkoz keselleri, ýagny merkezi degna ulgamynyň (MDU) kriptokokk goturak mörjewi bilen zaýalanmagy ýa-da keseliň ýaýran görnüşi.
5. Micobacterium avium toplumy ýa-da micobacterium cansasii infeksiýalarynyň öýkeniň çäginden özge ýerlere ýaýran görnüşi.
6. Sitomegalowirus infeksiýasynyň bagyrdan, dalakdan we limfatiki mäzlerden özge ýerlerde bolmagy.
7. Kriptosporidioz diareýanyň bir aýdan uzaga çekmegi (kriptosporidi – bu şertli patogen ýönekeýjiler).
8. Pnewmosistik karini, şertli patogen ýönekeýjileriň (protozoa) döredýän öýken çişme (pnewmoniýa) keseli.
9. 60 ýaşa ýetmedik näsaglarda beýniniň ilkinji limfomasy.
10. Limfoid interstisial öýken çişmesi ýa-da 15 ýaşa ýetmedik çagalarda öýkeniň limfoid giperplaziýasy.
11. Köp ojakly beterleşýän leýkoensefalopatiýa.
12. Beýniniň toksoplazmozy.

Käbir indikator kesselleriniň etiologiýasyny (laboratoriýada) kesgitlemegiň kynlygygny hasaba alyp, Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramamsynyň (BSGG) eksperti, ýaş, ýaňy ösüp başlan laboratoriýa gullugynyň gowşak ýurtlarynda Adamyn immun defisit sindromynyň diagnozyny kesgitlemek üçin ýönekeýleşdirilen kliniki kesgitlemeleri işläp düzdüler. Şol kesgitlemeleriň arasynda üç uly we alty kiçi alamatlar bar. Eger-de näsagda bir wagtyň özünde iki uly we kiçi alamatlar bar bolsa, onda lukman laboratoriýa barlagy arkaly tassyklanmasa-da näsaga, AIDS-a meňzeş toplum ýa-da AIDS diýen diagnozy goýup biler.

## AIDS-yň ýönekeýleşdirilen kliniki anyklamasy

U l y  a l a m a t l a r:

1. Gysga wagtyň içinde näsagyň agramynyň 10% we ondan hem köp mukdarynyň ýitmegi.
2. Bir aýdan uzaga çekýän diareýa.
3. Bir aýdan hem uzaga çekýän, 38°C we ondan hem ýokary geçýän gyzgynlyk.

K i ç i  a l a m a t l a r:

1. Bir aýdan köpe çekýän üsgülewük.
2. Bütin endamyna ýaýran gijilewükli deri çişmesi.
3. Gaýtalanýan gurşap alýan uçuk (herpes zoster).
4. Agyz-bogaz kandidozy.
5. Ýönekeý uçugyň wirus infeksiýasynyň dowamly ösýän we ýaýraýan görnüşi.
6. Durnukly, iňňän ýaýran limfadenopatiýa.

Howply çişlerden (Kapoşi sarkomasy we howply limfoma), AIDS keselli näsaglaryň 6-8 %-i ölýär. Şu howply çişleriň 10-20 % töweregi, pnewmosist pnewmoniýasy we beýleki opportunistik infeksiýalar bilen utgaşyp gelýärler. Näsaglaryň beýleki galan bölegi gaty horlanma (kaheksiýa) zerarly solýarlar ýa-da beýnisine zyýan ýetip (neýro-AIDS, akylsyzlyk, huşsuzlyk, koma) ölýärler.

## AIDS – dermatologik nukdaý nazardan

AIW infeksiýasynda näsagyň derisinde we nemli bardalarynda ýüze çykan alamatlar, AIDS keselinde ýygy duş gelýän alamatlara degişlidir. Deride we nemli bardalarda döreýän üýtgeşikleriň keseliň diagnozyny we ykbalyny kesgitlemekde möhüm ähmiýeti bar, çünki olar AIDS barada pikir etmeklige ýardam edýärler.

**Ýiti örgünler (ekzantema).** AIW infeksiýasy kesel ýokuşandan soň ilkinji birnäçe aýlaryň, hatda ýyllaryň dowamynda hem hiç hili alamatsyz geçýär, emma käbir näsaglarda kesel ýokuşandan soň 2-6 hepdäniň dowamynda keseliň ýiti görnüşi bolýar. Onda AIW infeksiýasynyň alamatlary agyr geçýär. Agyz boşlugynyň, jyns synalarynyň, gözüň nemli bardasyna zeper ýetmeklik 30 % näsaglarda duş gelýär. Kämahal näsagyň gaňşyrygynda Kapoşi sarkomasynyň ilkinji alamatlary bolýar (döreýär). Köp halatlarda patologiki hadysa limfatiki mäzler hem sezewar bolýarlar. Iru-giç näsagyň içki synalaryna-da zeper ýetýär, köplenç (40%) içegelere we ganakma bilen çylşyrymlaşan ýaraly koliti ýada salýar.

**Nemli bardalaryň kandidozy.** Durnukly kandidoz, esasan agyz boşlugynyň we artbujagyň töwereginde AIW-yň irki döreýän alamaty bolýar. Garaşylmadyk ýerden bu ýerlerde kandidozyň döremegi hiç hili antibiotik, kortikosteroid, sitostatik dermanlar bilen bejergi almadyk näsaglarda, AIW infeksiýasynda uly şübhe döredýär we degişli barlaglaryň geçirilmegini talap edýär diýip hasaplaýarlar. Agzyň nemli bardalarynda kandidoz, gyzaran ýerler owunjak ak jerhetler döremek bilen başlanýar. Kandidoz köplenç dile, agzyň burçlaryna zeper ýetirýär we köplenç kandidoz heýliti ýa-da stomatit bilen utgaşyp gelýär. AIW infeksiýaly näsaglarda kandidoz köplenç uly epinlerde döreýär, inçe we ýogyn içegelere zeper ýetirýär.

**Seboreýaly deri çişmesi.** Bu AIW infeksiýasynyň deride döreýän alamatlarynyň iň ýygy duş gelýän görnüşidir, ýagny näsaglaryň 40-80%-de duş gelýär. AIDS manifest alamatlaryň ýüze çykmazyndan 2 ýyl ozal, keseliň ilkinji kliniki alamaty bolup döreýär. AIW infeksiýasynyň seboreýaly deri çişmesi ýiti we agyr geçýär. Kesel gyzyl tegmilleriň döremegi bilen başlaýar. Olaryň üsti ýagly, kütibuýnuz teňňejikler we çalymtyl-saryrak reňkli gopojaklar bilen örtülýärler (gaşlarda, agzyň töwereginde, burun-ýaňak epinlerinde). Kä-mahal burun-ýaňak epinlerinden ýaňaklara ýaýraýar we saçly

ýerlerinde güýçli goňak bolýar. Kesel deriniň ähli ýerine ýaýrap biler tozgalaýan gyzyl (eritematoz) örgünler bolýar.

**Ýönekeý uçuk.** Deride we nemli bardalarda agyr geçýän, ýara döredýän, uzaga çekýän (bir aýdan-da köpräk), alamatlary ýaýran, immunsupressiýanyň başga sebäbiniň ýok mahalynda AIDS ynamly alamaty bolup biler. Uçugyň örgüni köplenç dodaklarda, jyns synalarynda, injiklerde, esasan-da syrtfuruş erkeklerde döreýär. Örgün tiz, uly, agyryly, uzak wagtlap bitmeýän ýaralara öwrülýär. Ýaralaryň gyralary nädogry, olar garamyga, süýjübaşa, köp ýatmakdan derä ýeten zeperi ýatladýar. Köp näsaglarda gurşap alýan uçuk, Kapoşi sarkomasy bilen utgaşyp döreýär.

**Agzyň nemli badalarynyň tüýli leýkoplakiýasy.** Bu özboluşly kesel, diňe AIW infeksiýasynda teswirlenen. Adaty ýerleşýän ýeri diliň gyraky zolaklary bolup, käte diliň bütin üstüni tutýar. Kliniki alamatlary boýunça tüýli leýkoplakiýa, nemli bardalaryň galňamagy, ak reňkli, töwereginiň araçäkleri anyk däl şikesdir. Zeper ýeten ýerleriň üsti tekiz bolman ýygyrt-ýygyrt bolýar, nemli bardalaryň epiteliýalarynyň sapak görnüşinde ösmegi netijesinde şeýle bolýar we olaryň üstüne tüý ösýär. Ösüntgileriň ösüşi 1-2 mm-den 2-3 sm-e ýetýär. Agyry we awuşamak ýaly duýgular bolýar.

**Ýokanç mollýusk.** Bu deri keseli AIW infeksiýasy ýokuşmadyk ýagdaýda, köplenç çagalarda duş gelýär we jyns synalarynda, garnynyň aşaky böleginde bolýar. AIW infeksiýaly näsaglarda şikes köplenç ýäňaklarda bolup, soň ýüze we kelläniň saçly ýerine ýaýraýar.

**Adaty siňňil.** AIW infeksiýaly näsaglarda, köplenç ýüzde, agzyň içinde adaty siňňilleriň döremek meýli has ýokary bolýar. Syrtfuruşlaryň köpüsinde, artbujagyň töwereginde, daşky jyns synalarynda ummasyz köp ýiti uçly kondilomalar döreýärler.

**Saç haltajyklarynyň çişmesi (follikulitler)**. AIDS keselinde dermatologiki alamatlaryň iň häsiýetlisi dürli follikulitlerdir (goltuklarda, ýüzde, göwrede, guýrukda). Käte follikulitleriň merkeýinde nekroz bolup, deri inçekeseliniň nekrozly-düwünjikli görnüşine meňzeýär.

**Iteşen** – birden ýüzi, dodaklary, gabaklary ýa-da jyns synalary çişýärler.

## AIDS-yň laborator anyklamasy

Ylmy barlag maksady, birnäçe usullar bilen bir hatarda limfosit öýjükleriniň jisimlerine probirkada gany we biologiki jisimleri ekmek arkaly, olardan wirusy bölüp almaklyk, immunfermentli analiz (IFA) bilen näsag adamyň beden öýjüklerinde wirusyň genomyny kesgitlemek usullary ulanylýar. Bu usullar entek wirusa garşy antitelalaryň ganyň suwuklygynda ýok wagty (seronegatiw döwri, gizlin fazasy) ýa-da immun jogabynyň juda az wagty we standart usullar bilen kesgitläp bolmaýan döwründe AIDS wirusyny tapmak başartdy.

Amaly işde AIW-yň laboratoriýa diagnostikasynyň standart usuly IFA, wirusa garşy immunologiki antimadda birleşmelerde, antitela barlanýan

konýugat bilen (Antigen AIW + ferment) reňkli reaksiýa geçýär. Nebsimiz agyrsa-da bu reaksiýa kämahal ýalan pozitiw netije berýär. Moskwanyň immunologiki institutynda IFA üçin "Peptoskrin" diagnostikumy işlenip tapylan, onda wirus materiallary bolmaýar, şoňa görä-de laboratoriýa işgärlerine kesel ýokuşmak howpy ýok. IFA iki sapar pozitiw netijeli bolsa, onda AIW infeksiýasyna ýene-de bir has anyk barlag – IMMUNBLOTING REAKSIÝASY – geçirilýär. Diňe şonuň pozitiw netijesinden soň adamyn immun defisit sindromy A I D S diagnozy goýulýar.

| **Bejerginiň görnüşi** | **Derman seripdeler** |
|---|---|
| Etiologiki | Azidotimidin, Ribawirin,<br>Asiklowir,<br>Widarabin we başg. |
| Immunkadalaýjylar | Timozinler, Interleýkinler,<br>Interferon |
| Immunitetiň öwezini dolýan bejergi | Kämilleşen leýkositleri guýmak,<br>süňk ýülügini oturtmak (transplantasiýa) |
| Patogenetiki bejergi | Antibiotikler, sulfanilamidler,<br>goturaga garşy ulanylýan dermanlar |

AIDS keseliniň howplulygy hemmeler üçin gaty gorkunçdyr. Häzirlikçe bu keseli butin dünýäniň adamlaryna adamyn immun defisit sindromynyň nämä getirjegini, nähili derejede onuň howpludygyny biz entek bilemzok.

# JYNS GATNAŞYKLARY ARKALY GEÇÝÄN ÝOKANÇLARY ALAMATLAR TOPLUMYNA GÖRÄ BEJERMEK

Biziň döwletimizde “Saglyk” Döwlet maksatnamasy saglygy goraýyş ulgamynyň mundan beýläk ösmeginiň ýollaryny görkezmek üçin esas bolup, 1995-nji ýylyň 20-nji iýulyndan bäri üstünlikli durmuşa geçirilýär. Türkmenistanda ösen sagdyn jemgyýeti kemala getirmek, raýatlaryň durmuş ýagdaýyny düýpli ýokarlandyrmak döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri bolup durýar. Garaşsyzlyk ýyllary içinde ýurdumyzyň lukmançylygy görlüp eşidilmedik ösüşleri gazandy. Munuň özi “Saglyk” Döwlet maksatnamasynyň durmuşa geçirilmegi bilen gönüden-göni baglanyşykly amala aşyryldy. “2005-2010-njy ýyllar aralygynda Türkmenistanda AIDS/JGAGK ýaýramagynyň öňüni almak” maksatnamasynyň çäklerinde bitirilen işler az däl. Muňa garamazdan, öňüni alyş işleriniň has netijeli bolmagy üçin öňdebaryjy halkara tejribesi has içgin öwrenilýär we durmuşa ornaşdyrylýar. Garaşsyzlyk ýyllarynda Türkmenistanyň SG we DS ministirligi köp sanly halkara guramalary bilen aragatnaşygy ýola goýdy. Olaryň arasynda BMG-niň Çagalar gaznasy we Ilat gaznasy, Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasy we beýlekiler bar. Halkara hyzmatdaşlygy netijesinde häzirki günde “AIDS/JGAGK öňüni almak” maksatnamasy, “JGAGK we beýleki nesil ulgamynyň ýokançlary” gollanmasy işlenilip düzüldi we olar üstünlikli durmuşa geçirilýär. Bu maksatnama hem-de gollanma boýunça ilat arasynda bejeriş-öňüni alyş çärelerini geçirmek, oňat netije gazanmak işleri alnyp barylýar.

Jyns gatnaşyklary arkaly geçýän ýokançlary (JGAGÝ) alamatlar toplumyna görä bejermek usuly Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasy tarapyndan “JGAGÝ bejermek we olaryň öňüni almak” atly Ýewropa gollanmasy görnüşinde işlenip düzüldi we köp ýurtlarda girizildi. Bu gollanma Türkmenistanda hem girizildi we üstünlikli ulanylýar. “JGAGÝ öňüni almak” Ýewropa gollanmasy esasynda Türkmenistanyň milli aýratynlyklaryny göz öňünde tutulyp, jyns gatnaşyklary arkaly geçýän ýokançlaryň döredýän kesellerini alamatlar toplumyna görä bejermek usuly taýýarlanyldy. Alamatlar toplumyna görä bejermek usulyň esasynda, geljekde JGAGÝ döredýän kesellerini esasy kliniki simptomlaryna daýanyp anyklamak we soňra netijeli bir atymlyk derman serişdelerini bilen bejermek göz öňünde tutulýar. Şular ýaly çemeleşme welaýatlarda hem-de etraplarda ýerleşýän anyklaýyş merkezlerinden daşda ýerleşen oba saglyk öýlerinde işleýän maşgala lukmanlary üçin has netijeli we ýerlikli bolup durýar. Gollanmada hödürlenen bejeriş jedwelleri we olara düşündiriş ýazgylary JGAGÝ ýaramagyna garşy we olaryň döredýän gaýry üzülmeleriň (önelgesizlik, göwrelilik döwründe döreýän gaýry üzülmeler, ýatgydan daşky göwrelilik) azalmagyna ýardam edýär.

## JGAGỲ/NUỲ-ny alamatlaryna görä bejermek

**Esasy düzgünler:**

- Jynshanasyndan suwuklyklar bölünip çykỳan aýallary bejermek adaty waginal ýokançlary (bakterial waginozy, trihomonoz) bilen göreşmäge gönükdirilme-lidir. Drožžly ýokançlaryň kliniki alamatlary ýüze çykanda bejeriş tapgyry şoňa laỳyklykda degişli bellikler bilen doldurylýar.
- Aýalyň garnynyň aşaky bölüminde agyry peýda bolanda bejeriş çäreleri sözenekli, hlamidiýaly ýa-da anaerobly ýokançlaryň garşysyna gönükdirilmelidir. Ỳokanç keseliň gaýraüzülmeler bilen geçmegi ýa-da başga bir gaýra goýulmasyz ýagdaýlaryň döremegi näsagy ýatymlaỳyn bejergä ỳerleşdirmek ýa-da ony ýöriteleşdirilen bejeriş edarasyna ugratmak üçin görkezme bolýar (gaýra goýulmasyz ýagdaýlaryň alamatlary getirilýän we garnyň aşaky bölüminde agyrynyň bolmagy bilen geçýän ýagdaýlary tapawutlandyrma anyklamalary getirilýän sahypa seret).
- Aýallarda we erkeklerde genital ýaralaryň bolmagy merezýeliň we ýumşak şankryň bardygyny görkezýär. Gerpes wirusynyň giň ýaýran sebitlerinde genital ýaralarynyň bejerilmegini, mümkinçiligine görä wiruslara garşy serişdeleriň ulanylmagyny hem göz öňünde tutmalydyr.
- Erkekleriň ujydyndan suwuklygyň bölünip çykmagy ỳüze çykanda sözenek we/ýa-da hlamidiýa ýokançlarynyň bardygyny görkezýär. Uretral bölünip çykmalary tapylan erkekleriň jyns gatnaşykda bolỳanlary edil özüniňki ýaly bejeriş tapgyryny geçmelidirler.
- Alamatly kesellerden jebir çekỳän ähli näsaglaryň, ýokanç keselleriň geçmek howpuny peseltmek, bejermek we böwetleýji kontrasepsiýa serişdelerini dogry ulanmak ỳaly soraglar boýunça lukmanyň maslahatlaryny almaga mümkinçilikleri bolmalydyr.
- Genital ýaralary ýa-da uretral bölünip çykmalary tapylan näsaglaryň jyns gatnaşykda bolanlary degişli bejeriş çärelerini almalydyrlar. Kiçi çanaklygyň agzalary- nyň ýa-da ýatgynyň boýunjygynyň jerhitleme keseli bar bolan aýallaryň jyns gatnaşykda bolan ýoldaşlary lukmanyň söhbetine çagyrylyp, degişli bejerişler olara hödürlenmelidir.
- Näsag bejeriş tapgyryny doly geçen we ỳagdaýy durnukly gowulaşan şertinde lukmana gaýtadan görünmeklik köp ỳagdaỳlarda hökman hem bolmaýar. KÇAJK bejeriş düzgüni, bejeriş tapgyry başlanandan 2-3 günden soň lukmana gaýtadan görnüp barlagdan geçmeklik göz öňünde tutulýar (gyzgyny galanda haỳal etmän lukmana ýüz tutmaly).

Alamat we keseliň alamatynyň aratapawudynda şeýle many bar, ỳagny alamat näsagyň özi tarapyndan tapylýar, keseliň alamaty bolsa lukman tarapyndan görlende belleнỳär (keseliň taryhyny we lukman barlagynyň ýazylyşy 2-nji goşundyda getirilýär). Kliniki tejribelerde, köplenç, bu ýagdaýlaryň 3 görnüşi duş gelýär:

- JGAGỲ/NUỲ üçin mahsus bolan alamatlara arz etmek bilen näsag lukmana özbaşdak ýüz tutýar.

- Lukman näsagdan soran ýagdaýynda, JGAGỲ/NUỲ alamatlarynyň bar-dygyny ol göni jogap bermek bilen görkezýär (ýüze çykarylan alamatlar).
- Weneriki däl häsiỳetli saglygynyň bozulmagy bilen baglylykda saglygy goraỳyş kömegi üçin ýüz tutan näsaga lukman seredende, JGAGỲ/NUỲ alamatlaryny görýär we belleýär.

Ýokarda görkezilen ýagdaýlaryň ählisinde-de lukman jyns ýollary bilen geçýän ýokançlaryň alamatlaryny tapmaklygy we weneriki kesselleriň alamatlaryny tapawutlan-dyryp bilmekligi başarmaly hem-de JGAGỲ we weneriki kesselleriň jyns däl ýoly bilen ỳokuşandygyny nähili ỳagdaỳlarda tapawutlandyryş kesgitlemesini geçirmegiň mümkindigini bilmeli.

**JGAGỲ/NUỲ BEJERGISINI ALAMATLAR TOPLUMYNA GÖRÄ ALYP BARMAK**

JGAGỲ/NUỲ-nyň köpüsini ỳüze çykarmaklyk we bejermeklik, her kesel üçin her bir anyk ỳagdaỳda mahsus bellikler we alamatlar toplumynyň bardygyny hasaba almak bilen amala aşyrylyp bilner. Ol ýa-da başga keseliň bellikleri we alamatlary bir topara - **sindroma** toplanyp bilner. Giň ýaýran sindromlara-alamatlar toplumyna mysal edip ýokarky dem alyş organlarynyň ỳokanç kesellerini, gastroenteritleri we jynshanadan bölünip çykỳan suwuklyklaryň alamatlar toplumyny getirip bolar. Köplenç, her kesel üçin haýsy kesel döredijiniň sebäp bolup durỳandygyny aýtmagyň kyndygy sebäpli, bejeriş bir bada birnäçe mümkin bolan ýokançlaryň garşysyna göreşmäge gönükdirilen bolmagy bilen baglydyr.

JGAGỲ/NUỲ-ny bejerişini sindromlaýyn, ýagny alamatlar toplumyna görä alyp barmak diỳen düşünje, köplenç bejerişi şol ýa-da başga sindromyň ýüze çykmagyna sebäp bolýan kesel dörediji mikroorganizmlere garşy göreşmäge gönükdirmek diỳmekdir. Emma weli gerekli enjamlar bilen abzallaşdyrylan laboratoriýalar bar bolan ỳagdaỳlarynda-da iň anyk ỳa-da keseliň etiologiki kesgitlemesini dogry anyklamak mümkinçiligi bolsa-da, ony hakyky şertlerde amala aşyrmak elmydam mümkin bolmaýar.

Laboratoriýa barlaglaryny geçirmeklik gerekli serişdeleriň bolmagyny talap edýär, bejerginiň bahasyny gymmatladýar, näsagyň bejeriş edarasyna gatnawyny köpeldýär we elmydama diýen ýaly bejeriş tapgyryny geçirmekligi yza çekýär. Şunuň bilen baglylykda, hatda ösen ýurtlarda-da saglygy goraỳyş edaralary häzirki zaman laboratoriýa enjamlary bilen üpjün edilen hem bolsa, JGAGỲ/NUỲ alamatlar toplumyna görä bejermekligiň gönükdiriji esaslary garnyň aşaky bölüminde döreýän agyrylary, ujytdan bölünip çykỳan suwuklyklary, genital ýaralary ỳaly alamatlar toplumlaryny bejermekde giňden ulanylỳar.

BSGG alamatlar toplumlarynyň ýedi görnüşini bejermekde we alamatlar toplumyny alyp barmak usulyny ulanmakda lukmana kömek etmek üçin ýönekeý bölek-düzgünleri (ýa-da algoritmleri) işläp düzdi. Şol alamatlar

toplumynyň 7 görnüşiniň bäşisi (jynshanadan bölünip çykýan suwuklyklar, garnyň aşaky bölümindäki agyrylar, genital ýaralar, gasyk limfa düwünleriniň çişmesi, ujytdan bölünip çykýan suwuklyklar) şu bapdaky maglumatlara girdi (munda, olar nesil saglygyny goramak merkezleriniň etmeli işlerine gerekli uýgunlaşdyrma ulanmaklyga duçar boldular). Galan alamatlar toplumlary JGAGỲ/NUỲ-nyň göwrelilerde bejermek mowzuklaryna degişli we 9-njy bapda getirilýär. JGAGỲ/NUỲ we degişli alamatlar toplumlarynyň bejermekligine ulgamlaýyn çemeleşmek her ýurduň anyk şertlerine (sebitde her bir keseliň ýaýramaklygyny goşmak bilen), ýagny derman serişdeleri bilen bejermekligiň bahasyna we mikroorganizmleriň dermanlara bolan durnuklylygyna baglylykda üýtgäp bilýär.

## GIŇ ÝAÝRAN ALAMATLAR TOPLUMLARYNY BEJERMEK

Bu bölümde giň ýaýran alamatlar toplumlarynyň birnäçesini alyp barmak üçin ulanylýan bölek-düzgünleri berilen. JGAGỲ/NUỲ-ny alyp barmaklyk diňe bejeriş tapgyrynyň edil özüni bellemekligi däl-de, ondan başga näsaglar bilen gaýtadan ýokuşmaklygyň öňüni almak ulgamynda, käbir ýagdaýlarda näsagyň jyns gatnaşykda bolan ýoldaşyny bejermek barada wagyz-nesihat we düşündiriş işlerini alyp barmaklygy göz öňünde tutýar. Lukmanyň näsaga hormat we üns bilen garaýşy bejeriş çäreleriniň üstünliginiň girewidir. Keseliň taryhyny resmileşdirilmek, lukmanyň barlagy we maslahat bermegi, adamkärçilik gymmatyny we şahsy syryny saklamaklyga güwä geçýän ýagdaýda geçirilmelidir.

Bejeriş çäreleriniň toplumy, hökmany suratda, näsaglaryň JGAGỲ/NUỲ-nyň öňüni almak ulgamynda bilimini ýokarlandyrmak boýunça yzygiderli işleri we gerek bolan ýagdaýynda JGAGỲ-nyň ýokuşmak howpuny peseltmek soraglary boýunça hemmetaraplaýyn maslahat bermegi öz içine goşmalydyr. Bu çäreleriň degişli bölek-düzgünleriniň düzümine goşulmadygyna seretmezden, näsaglar JGAGỲ/NUỲ-nyň öňüni almagynyň usullary hakynda, bellenilen derman serişdelerini dogry ulanmak hakynda, şeýle hem jyns gatnaşykda bolan ýoldaşlarynyň arasynda JGAGỲ/NUỲ-nyň bilen göreşmek boýunça (oňa degişli görkezmeler bar bolsa) gerekli maslahatlary almalydyrlar.

# I BÖLEК – DÜZGÜN
# JYNSHANADAN BÖLÜNIP CYKÝAN SUWUKLYKLAR
# (GÖWRELI DÄL AÝALLARDA)




**Serwikal ýokançlara garşy bejeriş tapgyryny bellemek üçin görkezmeler:**

Eger-de näsag aýal şu zatlary habar berse:

- jyns gatnaşykda bolýan ýoldaşynda JGAGK/NUÝ alamatlary ýüze çykýar;
- ol öz durmuşynda jyns gatnaşyklaryny bitertip alyp barýar;
- onda goranyş serişdesi ulanylmazdan jyns gatnaşygy bolupdyr;
- transserwikal emleri bilen baglanyşykly bejergi alypdyr.

Eger-de ginekologiki aýnasynyň kömegi bilen barlag geçirilende ýüze çykarylsa:

- iriňli-nemli bölünip çykýan suwuklyk bar bolsa;
- ýatgynyň boýunjygynyň ganjarmaklygy artykmaç bolsa.

Eger-de **aýal jynshanasyndan adaty bolmadyk suwuklyklaryň** (olaryň mukdarynyň, reňkiniň we ysynyň üýtgemegi) **bölünip cykýandygy baradaky arzlary bilen lukmana özbaşdak ýüz tutsa,** ol köplenç ýagdaýlarda waginal ýokançlaryň ýa-da waginitiň bardygyny görkezýär. Bakterial waginozlary (köp sanly mikroorganizmlerden öjügip bilýär) we kandidamikoz (dörediji - *Candida albicans*) jyns gatnaşygy arkaly geçmeýär, şol bir wagtda trihomoniaz (dörediji - *Trichomonas vaginalis*) düzgün bolşy ýaly diňe jyns ýoly bilen geçýär. Örän seýrek ýagdaýlarda ýatgynyň boýunjygynyň sowuklamasynyň netijesinde jynshanadan nemli-iriňli suwuklyklaryň bölünip çykmalary sözenekde (döredijisi – *Neisseria gonorrheae*) ýa-da hlamidiozda (döredijisi – *Chlamydia trachomatis*) bolup bilýär.

Jynshanasyndan adaty bolmadyk häsiýetli suwuklyklar bölünip çykýan aýallaryň ählisi bakterial waginozyndan ýa-da trihomoniazdan bejeriş almalydyr. Kandidomikozdan goşmaça bejergi bu keseliň alamatlary (jynshanadan tworog şekilli çykyndylar, wulwanyň we jynshananyň gyzarmagy, ýuka ýerleriniň gijilewügi) güýçli ýüze çykanda bellenilýär.

## Waginal ýokançlarda hödürlenýän bejergi

- **Bakterial waginozyň (BW) we trihomoniazyň (TW)** bejerilişi

**PLÝUS**

- **Drožžly mikozyň (DM)** jynshanadan tworog şekilli suwuklygyň bölünip çykmagy, wulwanyň we jynshananyň gyzarmagy, gijilewügiň peýda bolmagy ýüze çykanda bejerilişi.

| **Serişdeleriň funksional bozulmalara baglylykda bellenilmegi** | **Birinji hataryň seriş-deleri:** BW/TW üçin niýetlenen setirden serişdeleriň biri-ni ýa-da her setirden bir serişdeden saýlap alyň (aşaga seret). | **Ikinji hataryň serişde-leri:** Ýokary täsirli ýerini tutujy serişdeler | **Eger aýal göwreli ýa-da emdirýän bolsa:** BW/TW üçin setirden serişdelerden birini ýa-da her setirden bir serişdeden saýlap alyň (aşaga seret). |
|---|---|---|---|
| **BW bejerilende ulanylýan derman serişdeleri** | **Metronidazol** 2 gr bir gezek içmek üçin, ýa-da **Metronidazol** 400-500 mg -dan günde 2 gezek 7 günüň dowamynda içmeli. | **Klindamisin** 2% mel-hem görnüşinde - 7 günüň dowamynda ýat-mazdan öň doly 1 ge-zeklik mukdary (5gr pilçejikde) jynshanaň içine ýa-da **Klindamisin** 300 mg-dan günde 2 gezek 7 günüň dowamynda içmeli | Aşakda görkezilen bejeriş düzgünleri *göwreliligiň birin-ji 3 aýynda ulanmagyň geregi ýok* **Metronidazol** 200 ýa-da 250 mg-dan günde 3 gezek 7 günüň dowamynda içmeli ýa-da **Metronidazol** 0,75% gel gör-nüşinde - 7 günüň dowamyn-da günde iki gezek doly 1 gezeklik mukdaryny (5 gr pilçejikde) jynshana salmaly ýa-da **Klindamisin** 300 mg günde 7 günüň dowamynda 2 gezek içmeli |
| **Trihimoniazy (TW) bejermekde ulanylýan derman serişdeleri** | | **Tinidazol** 2 gr bir gezeklik içmeli ýa-da **Tinidazol** 500 mg gün-de 2 gezek 5 günüň dowamynda içmeli | |
| **Drožžly mi-kozy (DM) bejermekde ulanylýan derman serişdeleri** | **Mikonazol** (jynshana suppozitoriýleri) 200 mg günde 1 gezek 3 günüň dowamynda ýa-da **Klotrimazol** (jynshana gerdejikleri 100 mg) günde 2 gerdejikden 3 günüň dowamynda jyns-hana salmaly ýa-da **Flukonazol** 150 mg biratymlyk içmeli | **Nistatin** 100 müň birlik günde 1 gezekden 14 günüň dowamynda jynsha-na salmaly | **Mikonazol** (jynshana suppo-zitoriýleri) 200 mg günde 1 gezek 3 günüň dowamynda jynshana salmaly ýa-da **Klotrimazol** (jynshana ger-dejikleri 100 mg-dan) günde 2 gerdejikden 3 günüň dowa-mynda jynshana salmaly ýa-da **Nistatin** 100 müň birlik günde 1 gezek 14 günüň dowamynda jynshana salmaly |

Metronidazol ýa-da tinidazol ulanylanda spirtli içgileri içmekden gaça durmaly. Metronidazoly göwreliligiň birinji üç aýlygynda bellemek maslahat berilmeýär. Klotrimazolyň (500 mg) biratymlygyny içmek drožžly mikoza (DM) garşy hem netijeli serişde bolýar.

## SERWIKAL ÝOKANJY

Serwikal ýokanjyny bejermäge, eger-de şol ýokanjyň barlygyna ähtimallyk ýa-da degişli gaýraüzülmeleriň ýüze çykmak howpy ýeterlikli ýokary bolan ýagdaýlarynda görkezilendir (serwikal ýokanjyna we transserwikal emlere degişli soraglaryň derňewi 0 we 2 baplarda getirilýär). Ýatgynyň boýunjygynyň ýokanjyna güman edilende waginitleriň bejergisiniň üstüni serwikal ýokançlary bilen göreşmäge gönükdirilen bejergi bilen doldurylmalydyr.

### Serwikal ýokançlarda hödürlenýän bejergi.

| | | | |
|---|---|---|---|
| **PLÝUS** | • Beterleşmedik sözenek ýokanjyny bejermek<br>• Hlamidiýa ýokanjyny bejermek. | | |
| **Serişdeleriň funksional bozulmalara baglylylykda bellenilmegi** | **Birinji hataryň serişdeleri:** Her sütünden bir serişdeden saýlap alyň (aşaga seret). Netijede 2 serişdeden toplum alynmaly | **Ikinji hataryň serişdeleri:** Ýokarytäsirli ýerini tutujy serişdeler. | **Eger aýal göwreli, emdirýän ýa-da onuň ýaşy 16 ýaşdan kiçi bolsa:** Her sütünden bir seriş-deden saýlap alyň (aşaga seret). Netijede 2 serişdeden toplum alynmaly |
| **Sözenek ýo-kanç keseli bejerilende ulanylýan derman serişdeleri** | **Sefiksim** 400 mg bir atymlyk içmeli, ýa-da **Seftriakson** 125 mg myşsaň içine sanjym | **Siprofloksasin** 500 mg biratymlyk içmeli ýa-da **Spektinomisin** 2 gr myşsaň içine sanjym | **Sefiksim** 400 mg bir-atymlyk içmeli, ýa-da **Seftriakson** 125 mg myşsaň içine sanjym |
| **Hlamidiýa ýokanç keseli bejerilende ulanylýan derman serişdeleri** | **Azitromisin** –1 gr bir atymlyk içmeli ýa-da **Doksisiklin** 100 mg günde 2 gezek 7 günüň dowamynda içmeli | **Ofloksasin** 200 mg-dan günde 2 gezek 7 günüň do-wamynda içmeli **Tetrasiklin** 500 mg-dan günde 4 gezek 7 günüň dowamynda içmeli **Eritromisin** 500 mg-dan günde 4 gezek 7 günüň dowamynda içmeli | **Eritromisin** 500 mg-dan günde 4 gezek 7 günüň dowamynda içmeli **Azitromisin** 1 g bir atymlyk içmeli ýa-da **Amoksisiklin** 500 mg günde 3 gezek 7 günüň dowamynda içmeli |

a) Doksisiklin, tetrasiklin, siprofloksasin, norfloksasini we floksasiny göwrelilik wagtynda we çaga emdirilýän döwründe bellemeklik maslahat berilmeýär

b) Hlamidiýa ýokanç keseliniň bejergisinde ofloksasini ulanmaklyk şol bir wagtda sözenek ýokanç
keseliniň bejerilmegini hem üpjün edýär

c) Eritromisin estolatyň bagra güýçli zäherli täsir edýändigi üçin, göwrelilik döwründe ulanmaklyk gadagandyr. Diňe eritromisin esasly ýa-da eritromisin etilsuksinaty ulanmak bolýar.

Käbir sebitlerde gonokokkly ýokanjyň hinolon hatarynyň (siprofloksasin, ofloksasin) serişdelerine durnuklydygy bellenilýär. 5-nji goşundyda sözenegiň alternatiw bejeriş düzgünleri görkezilýär.

# II BÖLEK-DÜZGÜN

# GARNYŇ AŞAKY BÖLEGINDÄKI AGYRYLAR (AÝALLARDA)



Eger-de jyns durmuşynda işjeň ýaşaýan aýal garnynyň aşaky bölegindäki agyrylara arz etse, onuň ýaly ýagdaýda mümkin bolup biljek *kiçi çanaklygyň agzalarynyň jerhitleme kesellerini* (KÇAJK) tapmak maksady bilen näsag aýalyň barlagyny gaty ünsli geçirmeli. Mundan başga-da barlag wagty jyns agzalarynyň beýleki kesselleriniň alamatlary tapylsa, eliň bilen garny basyp barlap görmeklik (palpasiýa) we bimanual ginekologiki barlagy geçirmeklik maslahat berilýär, sebäbi KÇAJK-de garnyň aşaky bölegindäki agyrylaryň elmydam bimaza etmeýändigi üçin näsag arz hem etmeýär. Alamatlaryň bir topary, ýagny garnyň aşaky bölegindäki agyrylary, dispareuniýany, jyns ganaşygyndan soňra ýa-da aýbaşy aralygynda gan akmaklygy, şeýle hem agyryly aýbaşyny (eger-de şeýle alamat ýakynda peýda bolan bolsa) hem özüne goşup, KÇAJK-niň bardygyny güman etmäge mümkinçilik berýär. Ondan öň, KÇAJK-ni jynshanadan patologiki häsiýetli suwuklygyň bölünip çykmagy, buşuganda agyrynyň peýda bolmagy (dizuriýa), gyzgynyň galmagy, ýürek bulanma we gaýtarma bilen bile hem geçip bilýär.

Lukman elmydam bejerilmedik KÇAJK-niň näsag aýalyň saglygyna uly howp salyp biljekdigini göz öňünde tutmalydyr, näsagda KÇAJK-niň bolup biljekdigini aradan aýyrmaga çalyşmaly we keseli dogry kesgitlemek mümkinçiligi bolmasa, onda ähli şübhe döredýän ýagdaýlarda hökmany suratda bejeriş işlerini geçirmeli. Kesel kesgitlemesi wagtlaýyn hem bolsa, goýlandan soňra bejeriş işleri haýal etmän başlanmalydyr, sebäbi antibiotikler bilen bejermeklik näçe ir başlansa, şonça-da ötüşen gaýraüzülmeleriň öňüni almaklyk netijeli bolýar.

KÇAJK-ni döredýän mikroorganizmleriň toparyna gonokokklar, hlamidiýalar, anaerob mikroorganizmler, gramnegatiw, fakultatiw bakteriýalar we streptokokklar girýär. Ýokarda görkezilen mikroorganizmleriň döredýän KÇAJK-niň kliniki alamatlarynyň bir-birinden tapawutlandyryş kesgitlemesini geçirmek mümkinçiligini üpjün etmeýändigi sebäpli, dogry mikrobiologiki kesel kesgitlemesini goýmaklyk gaty kyn, şonuň üçin bejergini bellemeklik ýokarda görkezilen kesel döredijileriň ählisiniň garşysyna gönükdirilen bolmalydyr.

| | | |
|---|---|---|
| Biratymlyk derman içmek bilen sözenek ýokanjynyň bejerilişi<br>PLÝUS<br>Biratymlyk ýa-da köp gezek içmek bilen hlamidiýa ýokanjynyň bejerilişi **.**<br>PLÝUS<br>Anaerobly yokanjynyň bejerilisi | | |
| **Serişdeleriň funksional bozulmalara baglylyk-da bellenilmegi** | **Birinji hataryň serişdeleri:**<br>Her sütünden bir serişdäni saýlaň (aşaga seret), netijede 3 serişdeden toplum alynmaly | **Ikinji hataryň serişdeleri:**<br>Ýokary netijeli çalyşdyryjy serişdeler. |
| **Sözenek ýokanç keseli bejerilende ulanylýan derman serişdeleri** | **Seftriakson** 250 mg myşsa sanjym<br>**Sefiksim** 400 mg biratymlyk 1 gezek içmeli | **Siprofloksasin** 500 mg biratym-<br>lyk bir gezek içmeli ýa-da<br>**Spektinomisin**<br>2 g myşsa sanjym |
| **Hlamidiýa ýokan keseli bejerilende ulanylýar derman serişdeleri** | **Doksisiklin** 100 mg-dan günde 2 gezek 14 günüň dowamynda içmeli ýa-da<br>**Tetrasiklin** 500 mg-dan günde 4 gezek 14 günüň dowamynda içmeli | **Azitromisin** 1 g biratymlyk 1 gezek içmeli ýa-da<br>**Ofloksasin** 200 mg günde 2 ge-zek 7 günüň dowamynda içmeli<br>**Eritromisin** 500 mg-dan günde 4 gezek 7 günüň dowamynda içmeli |
| **Anaerob ýokanjy bejerilende ulanylýan derman serişdeleri** | **Metronidazol** 400-500 mg günde 2 gezek 14 günüň dowamynda içmeli. | |

a) Göwrelilik we çagasyny emdirýän döwründe bu serişdeleri bellemek maslahat berilmeýär. KÇAJK göwrelilik döwründe duş gelmeýär, 9-njy baba seret, bu taýda endometritleri we göwrelilik döwründe we dogrumdan soňky döwürde garyşan ýokançlaryň bejergisi boýunça maslahatlar berlen.

b) Eritromisin estolatyň bagra güýçli zäherleýji täsir edýändigi üçin göwrelilik döwründe ulanmaklyk gapmagarşylydyr. Diňe eritromisin esasly ýa-da eritromisin etilsuksinaty ulanmak bolýar.

Metronidazol içýän näsaglara alkogolly içgilerden gaça durmaklyk maslahat berilýär.

**Bellik:** keseliň taryhy toplananda we näsaga umumy seredilende garnyň aşaky böleginde ýüze çykýan agyrylaryň beýleki sebäplerini, ýiti köriçegäni we peşew çykýan ýollaryň ýokançlaryny hem goşup aradan aýyrmaly

## III BÖLEK-DÜZGÜN

# Genital ýaralary (erkeklerde we aýallarda)




***Merezýele garşy bejergi ýa-da maslahat almak üçin dermatowenerolog lukmana ugratmaga görkezmeler:**

...ýele barlanan ganyň netijesi ekspress usuly ýa-da ...iki reaksiýalaryň toplumyna (SRT) pozitiw bolsa

...ýakyn wagtda merezýele garşy bejergi almadyk bolsa

** **Uçuga garşy bejergi** eger sebitde bu ýokanjyň ýaýramaklygy 30 göterimden kän düzýän bolsa geçirmeli. Ýerli şertleri hem hasaba almaly

Näsagy ikinji gezek barlamak 7 günden soň geçirilýär (erbetleşen ýagdaýynda bu möhlet azaldylýar).

Dünýäniň haýsy sebiti barada gürrüň gidýänine baglylykda jyns organlarynyň ýaraly kesellerini emele getirýän etiologiki ýagdaýlarynyň utgaşmagynyň çägi gaty giň bolup bilýär. Emma, bir topar keseller bar, ýagny genital uçugy (gerpesi), ýumşak şankr we merezýel goşulýar, olar hemme ýerlerde duş gelýär. Diňe kliniki alamatlaryň esasynda genital ýaralary tapawutlandyryp kesgitleme geçirmek, aýratyn-da, şol sebitde keselleriň birnäçe görnüşleriniň ýaýran ýagdaýlarynda, örän kyn mesele bolup durýar. AIW  ýokanjy ýokuşan adamlarda, jyns organlarynyň ýaraly keselleriniň kliniki alamatlarynda we geçiş häsiýetinde, özüniň käbir aýratynlyklary bolup bilýär.

Näsagda genital ýaralary ýüze çykarylanda, şu keseliň bejergisi ýerli etiologiýa ýagdaýlarynyň "suratlandyrmasyny" hasaba alyp bellenmelidir. Meselem, eger şu sebitde merezýel we ýumşak şankr giň ýaýran bolsa, bejergi iki keseliň hem garşysyna göreşmäge gönükdirilen bolmalydyr we birinji tapgyr bejergiden soň näsagyň gutulmagyny üpjün etmelidir, sebäbi näsaglaryň hemmesi lukmana ikilenji gezek barlanmak üçin ýüz tutmaklyga ýykgynlyk etmeýärler. Eger-de sebitde gasyk granulomasy (donowanoz) ýaly kesel ep-esli ýaýran bolsa, oňa laýyklykda bejeriş tapgyry gerekli serişdeler bilen doldurylmalydyr. Dünýäniň köp ýurtlarynda, genital uçugy jyns organlarynyň ýaraly keselleriniň aglabasynyň sebäpleýin ýagdaýlarynda iň çalt duş gelýäni boldy. Eger-de edil şu sebit üçin AIW – ýokanjy bilen kesellemeklik mahsus bolsa, onda jyns organlarynyň ýara keselleriniň köpelmegi, megerem gerpes ýokançlarynyň (ýönekeý gerpes wirusynyň) giňden ýaýramaklygynyň netijesidir. AIW-ýokançly näsaglarda gerpes etiologiýaly jyns organlarynyň ýaralary adaty däl we uzaga çekýän görnüşde döräp bilýär. Ýönekeý gerpesiň wirusyna (ÝUW-2) garşy täsirli serişdeleriň ýoklygyna garamazdan, asiklowir ýaly wirusa garşy serişdeleriň ulanylmagy keseliň ýiti döwrüniň gysgalmagyna we wirusyň sagdyn adama geçmek ähtimallygyny peseldip bilýär. Eger-de bu sebitde wiruslara garşy serişdeler ýetmezçilik edýän bolsa, onda bar bolan derman gaznalary ilkinji nobatda agyr görnüşli HSV-2 gerpesli ýa-da guşaklaýan  gerpes keselli näsaglaryň bejergisine gönükdirilmelidir, sebäbi bu keselleriň ikisi hem AIW-ýokanjynyň hemralary bolup durýandygy seýrek däl.     Näsagyň hassahana birinji gezek gelen wagty laboratoriýa usullarynyň kömegi bilen genital ýaralaryny tapawutlandyryp kesgitlemek, köplenç, mümkin bolmaýar, hatda lukmany aldawa-da salyp biler. Merezýel keselliligi ýokary derejeli sebitlerde, ganyň barlagy bejerilen keselden soň galan "yza", hatda bu ýagdaý, genital ýaranyň hakykatda ýumşak şankr ýa-da gerpes ýokanjy bilen bile geçen hem bolsa pozitiw serologik reaksiýa berip bilýär.

# Genital ýaralarda hödürlenýän bejergi

<table>
<tr><td colspan="4">• Serişdäniň bir gezeklik mukdaryny göýbermek ýoly bilen merezýeli bejermek<br>PLÝUS<br>• Serişdäniň bir gezeklik ýa-da köp gezeklik mukdaryny göýbermek ýoly bilen ýumşak şankry bejermek</td></tr>
<tr><td>Serişdeleriň funksional bozulmalara baglylykda bellenilmegi</td><td>Birinji hataryň serişdeleri<br>Her sütünden bir serişdäni saýlap alyň (aşaga seret), netijede, 2 serişdeden ybarat toplum alnar.</td><td>Ýokary täsirli ýerine çalşyp bolýan serişdeler</td><td>Eger aýal göwreli ýa-da emdirýän ýa-da ýaşy 16 dan kiçi bolsa:<br>Her sütünden bir serişdäni saýlap alyň (aşaga seret), netijede, 2 serişdeden ybarat toplum alnar.</td></tr>
<tr><td>Merezýeli bejermek (ähli görkezmeler bar bolsa, dermatowenerolog lukmana ugratmak. Çykgynsyz ýagdaýda ganyny merezýele barlaga alandan soňra, bejergi bellemek)</td><td>1. Dermatowenerolog lukmana ugratmak<br>2. Çykgynsyz ýagdaýda ganyny merezýele almak we soňra indiki bejergini bellemek:<br>Benzatin penisillin<br>2,4 mln/ED bir gezek myşsa sanjym</td><td>Doksisiklin 100 mg günde 2 gezek 14 günüň dowamynda içmeli<br>Tetrasiklin 500 mg günde 4 gezek 14 günüň dowamynda içmeli.</td><td>1. Akuşer–ginekolog we dermatowenerolog lukmana ugratmak<br>Benzatin penisillin<br>2,4 mln/ED bir gezek myşsa sançmak bilen<br>Göwrelilikde:<br>(irki merezýelde)<br>Eritromisin 500 mg günde 4 gezek 15 günüň dowamynda içmeli ýa-da<br>(giçki merezýelde)<br>Eritromisin 500 mg günde 4 gezek 30 günüň dowamynda içmeli</td></tr>
<tr><td>Ýumşak şankry bejermek (maglumat üçin, sebäbi biziň ýurdumyzda duş gelenok)</td><td>Siprofloksasin 500 mg günde 2 gezek 3 günüň dowamynda içmeli<br>ýa-da<br>Azitromisin 1 g biratym-lyk 1 gezek içmeli<br>ýa-da<br>Eritromisin 500 mg günde 4 gezek 7 günüň dowamynda içmeli</td><td>Ofloksasin 200 mg günde 2 gezek 7 günüň dowamynda içmeli</td><td>Eritromisin 500 mg günde 4 gezek 7 günüň dowamynda içmeli<br>Azitromisin 1 g biratym-lyk 1 gezek içmeli<br>ýa-da<br>Seftriakson 250 mg myşsa sanjym 1 gezek</td></tr>
<tr><td colspan="4">ÝUW bilen döreýän gerpes ýokanjynyň bejerilişi (sebitde keseliň giň ýaýran şertinde bellenilýär - bölek-düzgüne seret)</td></tr>
</table>

| | | | |
|---|---|---|---|
| **Genital gerpesi** | Ilkinji gezek ýokuşanda **Asiklowir*** 200 mg günde 5 gezek 7 günüň dowamynda içmeli ýa-da **Asiklowir*** 400 mg günde 3 gezek 7 günüň dowamynda içmeli ýa-da Gaýtadan ýokuşanda **Asiklowir*** 400 mg günde 3 gezek 5 günüň dowamynda içmeli ýa-da **Asiklowir*** 400 mg günde 3 gezek 5 günüň dowamynda içmeli | Ilkinji gezek ýokuşanda **Famsiklowir** 250 mg günde 3 gezek 7 günüň dowamynda içmeli ýa-da **Walasiklowir** 1g günde ge-zek 7 günüň dowamynd içme-li Gaýtadan ýokuşanda **Famsiklowir** 125 mg günde 3 gezek 5 günüň dowamynda içmeli ýa-da **Walasiklowir** 500 m günde 2 gezek 5 günü dowamynda içmeli | Diňe ilkinji ge-zek ýokuşanda **Asiklowir*** 200 mg günde 5 gezek 7 gü-nüň dowamyn-da içmeli ýa-da **Asiklowir*** 400 mg günde 3 gezek 7 gü-nüň dowamyn-da içmeli |

a) Serişdeleri göwrelilik döwründe we çaga emdirilýän döwründe bellemek maslahat berilmeýär.

b) Eritromisin estolat bagra zäherleýji täsir edýänligi üçin göwrelilik döwründe ulanmaklyk maslahat berilmeýär. Diňe esasy eritromisin ýa-da eritromisin etilsuksinatyň ulanylmagyna ýol berilýär.

Ol ýa-da başga keseliň belli bir görnüşi boýunça ýaýramaklyk ýagdaýy oňaýsyz sebitlerde genital ýaralaryň bejergisinde gerek bolup biljek goşmaça bellikler genital ýaralarda hödürlenýän goşmaça bejergi jedwelinde berlen.

## Genital ýaralarda hödürlenýän goşmaça bejergi

| **Limfogranulýoma ýa-da gasyk limfogranulýomatozy ýaly keseller boýunça ýaýramaklyk ýagdaýy oňaýsyz sebitlerde bejeriş tapgyry indiki bellikler bilen doldurylýar (bu keselleri bejermek üçin käbir ýagdaýlarda 5-nji belgili bejeriş düzgününiň jedweli hem ulanylyp bilner)** | | | |
|---|---|---|---|
| **Serişdeleriň funksional bozulmalara baglylykda bellenilmegi** | Birinji hataryň serişdeleri | Ýokary täsirli ýerine çalşyp bolýan serişdeler | Eger aýal göwreli ýa-d emdirýän ýa-da ýaşy 16–dan kiçi bolsa |
| **Limfogranulýoma (donowanoz)** | **Azitromisin** 1 g birinji gün biratymlyk 1 gezek, soňra 500 gr-dan günde 1 gezek ýa-da **Doksisiklin** 100 mg günde 2 gezek 14 günüň dowamynda içmeli | **Eritromisin** 500 mg günde 4 gezek 14 günüň dowamynda ýa-da **Tetrasiklin** 500 mg günde 4 gezek 14 günüň dowa-mynda ýa-da **Trimetoprim** (80 mg)/ **Sulfametoksazol** (400mg) 2 gerdejikden günde 2 gezek içmeli | **Azitromisin** 1 g biratymlyk 1 gezek içmeli ýa-da **Eritromisin** 500 mg günde 4 gezek 14 günüň dowamynda içmeli |
| **Gasyk limfogra-nulýomatozy** | **Doksisiklin** 100 mg günde 2 gezek 14 günüň dowamynda ýa-da **Eritromisin** 500 mg günde 4 gezek 14 günüň dowamynda içmeli | **Tetrasiklin** 500 mg günde 4 gezek 14 günüň dowamynda içmeli | **Eritromisin** 500 mg günde 4 gezek 14 günüň dowamynda içmeli |

b) Serişdeleri göwrelilik döwründe we çaga emdirilýän döwründe bellemek maslahat berilmeýär.

b) Eritromisin estolat bagra zäherleýji täsir edýänligi üçin göwrelilik döwründe ulanmaklyk maslahat berilmeýär. Diňe esasy eritromisin ýa-da eritromisin etilsuksinatyň ulanylmagyna ýol berilýär.

## Genital ýaralar we AIW-ýokanjy

| |
|---|
| AIW-ýokanjynyň ýaýramagyna JGAGK/NUÝ-nyň beýlekilerine seredende genital ýaralary iň köp ýardam berýärler. AIW-ýokanjy bilen kesellemekligiň ýokary derejeli bolan sebitlerinde ýumşak şankr, genital gerpesi we merezýel kesselleriniň giň |

ýaýrandygy bellenýär we bu keselleriň garşysyna göreşmek AIW-ýokanjynyň öňüni almaklyga gönükdirilen çäreleriň wajyp bölegi bolýar.

AIW-ýokanjynyň bolmagy genital uçugynyň kliniki alamatlaryny üýtgedip, onuň kesel kesgitlemesini düýpli kynlaşdyrýar. Ilkinji we gaýtalanma merezýeliň netijesinde organlaryň we dokumalaryň zaýalanmagy, adaty bolmadyk häsiýete eýe bolup bilýär. Meselem, ýumşak şankrda zaýalanmalar giňräk häsiýetli bolup, käwagt gaty uly tizlik bilen ýaýrap bilýär. Şu ýagdaý ýokanjy bejermeklige näçe ir başlansa gowy bolýandygynyň ýene bir subutnamasydyr we AIW-ýokanjyny göterijilere degişliler üçin aýdylanda aýratyn-da adalatlydyr. Jyns ýaralarynyň bejerilişi, adamynyň AIW-ýokançlydygyna ýa-da däldigine garamazdan, şol bir düzgün bilen geçirilýär. Näsag bejeriş başlandan 7 günden soň hökmany suratda lukmana ikinji gezek görünmelidir. Näsagyň ýagdaýynda göze görünýän gowulaşma ýok bolsa, bejeriş tapgyryny dowam etdirmeli. Ýönekeý uçuk (gerpes), degişli çäreleri geçirmekligi talap edýän, köp sanly goşulyp gidýän ýaralaryň döremegine getirip bilýär. Wiruslara garşy serişdeleriň ulanylmagy ýaralaryň döremeginiň peselmegine ýardam berýär. Geçirilýän çärelerden ýokary garaşmalardan gaça durmak üçin näsaga geçirilýän bejerişiň maksatlary hakynda düýpli düşündiriş berilmelidir.

## IV BELGILI BÖLEK - DÜZGÜN
## Gasyk bubony (erkeklerde we aýallarda)



Eger-de näsagda gasyk bubony bardyr diýip şübhe dörese, dermatowenerolog lukmanyna ugratmaly. Ýerli we giň ýaýran, jyns däl ýollar bilen geçirilýän ýokançlar hem gasyk limfadüwünleriniň ulalmagyna getirip bilýär.

Gasyk/uýluk bubonlary, köplenç, limfogranulomatoz we ýumşak şankr bilen bilelikde bolýar. Ol Türkmenistanda duş gelmeýär. Ýumşak şankrda jyns ýaralaryny göz bilen seredeniňde aňsatlyk bilen tanap bolýan bolsa, aýalyň jynshanasynda ýerleşýän ýaralary tapmak çylşyrymly bolýar. Eger-de belli bir sebit üçin gasyk granulomasy bilen kesellemeklik ýokary derejede bolsa, onda bu kesel gasyk bubonynyň döremeginiň mümkin bolan sebäbi diýlip hasaplanmaly.

## Gasyk bubonynda maslahat berilýän bejergi

<table>
<tr><td colspan="4">• Biratymlyk mukdary ýa-da ýumşak şankryň uzak möhletli bejeriş tapgyry<br>PLÜS<br>• Gasyk bubonynyň uzak möhletli bejeriş tapgyry.</td></tr>
<tr><td>Serişdeleriň funksional bozulmalara baglylykda bellenilmegi</td><td>Birinji hataryň serişdeleri Her setirden bir serişdäni saýlap almaly, netijede 2 serişdeden ybarat toplum bolmaly</td><td>Ýokary netijeli çalyşyp bolýan serişdeler</td><td>Eger aýal göwreli ýa-da emdirýän bolsa, ýa-da onuň ýaşy 16 ýaş bolsa</td></tr>
<tr><td>Ýumşak şankry bejermek</td><td>Siprofloksasin 500 mg-dan 3 günüň dowamynda günde 2 gezek içmeli<br>ýa-da<br>Eritromisin 500 mg-dan günde 4 gezek 7 günüň dowamynda içmeli</td><td>Azitromisin 1 g biratymlyk içmek üçin<br>ýa-da<br>Seftriakson 250 mg bir-gezeklik myşsa sanjym</td><td rowspan="2">Eritromisin 500 mg 14 günüň dowamynda günde 4 gezek içmeli (ýumşak şankryň we gasyk bubonynyň bile birwagtda bejerilişi)</td></tr>
<tr><td>Gasyk bubony</td><td>Doksisiklin 100 mg 14 gü-nüň dowamynda günde 2 gezek içmeli</td><td>Tetrasiklin 500 mg-dan 14 günüň dowamynda günde 4 gezek içmeli</td></tr>
</table>

a) Bu serişdeleri göwrelilik döwründe we emdirýän döwründe bellemeklik maslahat berilmeýär.
b) Eritromisin estolat bagyra zäherleýji täsir edýänligi üçin göwrelilik döwrinde ulanmaklyk gadagan. Diňe esasy eritromisin ýa-da eritromisin etisuksinatyň ulanylmagyna ýol berilýär.

**Bellik:** käbir ýagdaýlarda bejeriş tapgyry maslahat berilýän 14 günden köp hem bolup biler. Flýuktuasiýaly limfadüwünleriň içindäkiler sagdyn deriň üstünden deşip sorulyp alynmalydyr. Ýaranyň üstüni kesip, soňundan

drenirlemek ýa-da zeperlenen limfodü-wüniň özüni kesmek ýaly emler ýaranyň bitmegine päsgel berýändigi üçin maslahat berilmeýär.

## V BÖLEK - DÜZGÜN
## Peşew ýolundan bölünip çykýan suwuklyklar (erkeklerde)




Peşew çykaryjy ýolundan suwuklyk gelýänine ýa-da agyryly buşugýandygyna arz edýän erkekler uretral suwuklyklary anyklamak üçin barlagdan geçmelidirler. Eger-de daşyndan göreniňde suwuklygyň gelýäni bildirmeýän bolsa, onda uretrany seresaplyk bilen ujydyň düýbünden peşew çykaryjy kanalyň daşky deşigine tarap oýkalap-massaž edip görmeli. Käbir

halatlarda, has hem näsag ýaňyrak buşugan bolsa, peşew çykaryjy ýolundan suwuklygyň gelýänini anyklamak örän kyn bolýar. Şunuň ýaly ýagdaýda bar bolan alamatlaryň esasynda ýokanjyň bolmagyny güman edip, näsaga gerekli bejergini maslahat bermeli.

Köp ýagdaýlarda peşew ýolundan suwuklygyň bölünip çykmagynyň esasy sebäpleri sözenek bilen hlamidioz bolup durýar. Alamatlar toplumyna görä bejeriş usulunyň esasy düzgünlerine laýyklykda peşew ýolundan suwuklyk bölünip çykýan näsaglaryň bejergisi şol iki ýokanja garşy göreşmäge gönükdirilen bolmaly.

Gerekli abzallaşdyrylan laboratoriýalaryň bolmagy etiologiki sebäbini anyk kesgitlemäge we oňa laýyk bejergi bellemäge mümkinçilik döredýär. Eger-de bejeriş başlanandan soňra 7 günüň dowamynda keseliň alamatlary aýrylmasa, näsaglara lukmana gaýtadan ýüz tutmak maslahat berilýär.

Näsag bilen geçen 2 aýyň dowamynda jyns gatnaşygynda bolan adamlar hem şoňa laýyk bejeriş tapgyryny geçmelidirler. Şu düzgüne eýerilse gizlin sözenegiň ýa-da hlamidiýa ýokançlarynyň göterijisi bolup biljek aýallary hem bejermäge mümkinçilik döreýär. Aýallary bejermek serwisitleri bejermekde ulanylýan düzgünlere laýyklykda alnyp barylýar (serwisitlerdäki bejeriş düzgünli jedwele seret).

**Peşew ýolundan bölünip çykýan suwuklyklarda (erkeklerde) maslahat berilýän bejergi**

| • Beterleşmedik **sözenegi** bejermek<br>• **Hlamidiozy** bejermek | | |
|---|---|---|
| **Serişdeleriň funksional bellenilmegi** | **Birinji hataryň serişdeleri**<br>Her sütünden bir serişdäni saýlap alyň, netijede, 2 serişdeden ybarat toplum alnar | **Ýokary täsirli ýerine çalşyp bolýan serişdeler** |
| **Sözenegi bejermek** | **Sefiksim** 400 mg biratymlyk bir gezek içmeli ýa-da<br>**Seftriakson** 250 mg myşsaň içine 1 gezeklik sanjym | **Siprofloksasin** 500 mg biratymlyk bir gezek içmeli ýa-da<br>**Spektinomisin** 2 g myşsaň içine 1 gezeklik sanjym |
| **Hlamidiozy bejermek** | **Azitromisin** 1 g biratymlyk 1 gezek içmeli ýa-da<br>**Doksisiklin** 100 mg günde 2 gezek<br>7 günüň dowamynda içmeli | **Ofloksasin** 200 mg günde 2 gezek<br>7 günüň dowamynda içmeli<br>ýa-da<br>**Tetrasiklin** 500 mg günde 4 gezek 7 günüň dowamynda içmeli<br>**Eritromisin** 500 mg günde 4 gezek<br>7 günüň dowamynda içmeli |

a) Hlamidiýa ýokanç keselini bejermek üçin berlen ofloksasin sözenegiň bejergisini hem üpjün edýär.

Käbir sebitlerde gonokokklaryň hinolin hatarynyň serişdelerine durnuklylygy bellenip bilner (siprofloksasin, oflaksasin).

Doly bejerilmedik uretral ýokançlar käwagt epididimit bilen beterläp, ötüşip bilýärler. Bu kesel üçin birden, agyry we bir ýumurtgasynyň çişmegi bilen başlamaklyk mahsusdyr (bu ýagdaýda ýumurtganyň çolaşyp towlanmagy ýaly hirurgiki goşulmalary talap edýän gaýragoýmasyz ýagdaýy aradan aýyrmalydyr).

35 ýaşdan kiçi erkek adamlarda duş gelýän inek çişmesi jyns organlarynyň ýokanç keselleriniň gaýraüzülmeleriniň iň köp duş gelýäni bolup, ony peşew ýolundan suwuklygyň bölünip çykmagynda ulanylýan bejeriş düzgünlere laýyklykda bejergä alynmalydyr. Ýatda saklamak möhüm, ýagny inegiň çişmesini bir topar başga patogen sebäpler döredip bilýär we onuň özi gaýragoýulmasyz ýagdaý bolup bilýär. Eger-de näsagyň anamnezinde inegine şikes ýeteni hakynda maglumat bar bolsa, ýa-da barlananda ýumurtganyň biri gasyga garşy çekilen ýa-da towlanan bolsa, onda bu ýagdaýda haýal etmän näsagy hirurgyň maslahatyna ibermek gerekdir.

**Anogenital papillomatozynda maslahat berilýän bejeriş**

| Näsagyň özüniň ýerine ýetirip bilýän emleri* | Lukmanyň ýerine ýetirýän emleri |
|---|---|
| **Podofillotoksin** - 0,5% ergin ýa-da gel. Derman 3 günüň dowamynda günde 2 gezek zeperlenen ýerine pagta tamponynyň kömegi bilen çalmaly, soňra 4 gün arakesme etmeli. Şu tapgyry 4 gezege çenli gaýtalanyp bilýär. Dermanyň ulanylýan mukdary bir gije-gündiz-de 0,5 ml aşa bolmaly däldir. | **Podofillin** – 10-25% benzoý smola-synyň ergini. Şerişde seresaplyk bilen papillomalaryň üstüne goýulýar. Serişdäniň sagdyn dokumalara düş-meginden gaça durmaly. Serişdäni daşky genital we artbujagyň töwere-gindäki papillomalara çalandan 1-4 sagat geçenden soňra sabynlap suw bilen ýuwup aýyrmak gerek. Jynsha-nada we göni içegede ýerleşen epite-lial papillomalar bejerilende serişde doly guraýança garaşyp, giňelidijileri soň aýyrmaly. Serişdäni gaýtadan ulanmak bir hepdeden soň geçirilýär. |
| **Imikwimod** – 5% krem. Serişde ýatmazdan ozal barmak bilen zeperlenen ýerlere çalnyp, uzak gije goýulýar (hepdede 3 gezek). Bejeriş tapgyrynyň | **Trihlorasetat turşusy**–(80-90%). Se-rişde seresaplyk bilen zeperlenen ýer-lere çalynýar (onuň sagdyn dokumala-ra düşmeginden gaça durmaly) soňun-dan artykmaç kislotany |

| | |
|---|---|
| möhleti - 16 hepde. Çalnandan 6-10 sagat geçenden soňra serişde sabynly suw bilen ýuwup aýrylýar. | neýtrallaşdyr-mak üçin talk ýa-da iýmit sodasyny sepişdirmeli. Serişde ikilenji gezek bir hepdeden soň ulanylýar. |

a) Göwrelilik döwründe serişdeleri ulanmak zyýanlydyr.

* Anogenital papillomatoz bilen zeperlenen ýerlere derman serişdeleri näsagyň özi, daşdan kömek bermezden, ulanmaly göz öňünde tutulýan emler. Birinji bejergi emini maslahat beren lukman, ony ýerine ýetirip görkezmeli.

Genital papillomatozy göreşmek üçin ulanylýan serişdeleriň sanyna doňduryp bejermek (krioterapiýa), elektrohirurgiýa we papillomalary adaty hirurgiýa usullarynyň üsti bilen aýyrmak girýär. Usul saýlamak lukmanyň otagynyň üpjün edilişiniň derejesine hem-de papillomalaryň anatomiki ýerleşişine baglydyr. Himiki serişdeler ulanylan wagtynda sagdyn dokumalara şikes ýetirmezlik üçin seresaplylygy gaty berk saklamak gerek bolýar. Serwikal papillomalary bejermeklik hökmany suratda serwikal displaziýalardan Papanikolau usuly bilen mazok edip, şondan we başga-da anyklaýyş testlerden baş çykarýan hünärmeniň gatnaşmagynda geçirilmelidir. Bejergi geçirilenden soň lukman papillomatozyň gaýtalamagynyň mümkindigi barada näsaga öňünden duýdurmagy gerekdir.

**Gijilewük we bitlilik ýokuşanda hödürlenýän bejergi.**

| Gijilewük | Bitlilik |
|---|---|
| **Lindan** – 1% losýon ýa-da krem. Serişde boýnundan başlap tutuş endamyna çalynýar we 8 sagat geçenden soň ýuwup aýrylýar. Käbir sebitlerde gijilewük döredýän sakyrt-galar lindanyň täsirine çydamly bolýandygy bellenýär. | **Lindan-**1% losýon ýa-da krem. Serişde seresaply, emma yhlasly zeperlenen we endamyň tüýli ýerlerine çalynýar, 8 sa-gatdan soň ýuwup aýrylýar. Mundan başga-da lindanyň esasynda taýýarlanan şampun hem ulanylýar (1%). Şampuny deriniň zeperlenen ýerlerine çalmaly we 4 minutdan soň gowy ýuwup aýyrmaly. |
| **Benzil benzoat**–25% losýon. Serişde bo-ýundan başlap tutuş endamyna ýatmazdan öň çalyp, uzak gije galdyrylýar (bejeriş iki gün dowam edýär). Näsag serişde çalynmaz-dan öň suwa düşünip bilýär. Serişdäniň soň-ky mukdary çalnanyndan 24 sagat geçen-den soň, näsag hökman suwa düşünmelidir. | **Piretrin plýus Pipironil butoksid** Serişde endamynyň zeperlenen we tüýli ýerlerine çalynyp, 10 minut geçenden soň ýuwulyp aýrylýar. Eger-de 7 gün geçenden soň gasykda ýa-da deri bilen tüýli ýerleriň çäginde bit ýa-da sirke ta-pylsa, bejergi gaýtadan ulanylyp bilner. |
| **Permitrin** – 5% krem. Serişde boýundan başlap tutuş endamyna çalynýar we uzak gi- | |

| | |
|---|---|
| je goýulýar (bejergi üç günüň dowamynda geçirilýär). Näsag serişde çalynmazdan öň suwa düşünip bilýär. Serişdäniň soňky mukdary çalnandan 24 sagat geçenden soň näsag hökman suwa düşünmelidir. | |
| **Krotamiton** – 10% losýon. Serişde boý-undan başlap tutuş endamyna çalynýar we uzak gije goýulýar (bejergi iki gün yzygider-li geçirilýär). Näsag serişdäniň ikinji muk-dary ulanylandan soň 24 sagat geçirip, suwa düşünip bilýär. Käbir ýerlerde goşmaça 5 günlük bejergi tapgyry gerek bolmagy müm-kin. (Bejeriş täsirinden başga-da krotamiton gijilewük bilen göreşmäge-de mümkinçilik berýär). | |
| **Kükürt melhemi** – 6 - 33% wazeliniň esa-synda. Serişde boýnundan başlap tutuş endamyna çalynýar we uzak gije goýulýar (bejergi üç günüň dowamynda geçirilýär). Näsag seriş-de çalynmazdan öň suwa düşünip bilýär. Serişdäniň soňky mukdary çalnandan 24 sagat geçenden soň näsag hökman suwa düşünmelidir. | |

a) Lindany göwrelilik we çaga emdirilýän wagty ulanmak gadagan.

Bitlilik we gijilewük jyns gatnaşygynda aňsatlyk bilen geçýär. Başga tarapyny hem hasap etmek gerek, ýagny ýokuşmak başga ýollar bilen geçip bilýär - meselem ýorgan-düşeklerden ýa-da tötänlikden endamy bilen ýanaşan bolsa. Şonuň üçin lukman bu zeýilli näsaglar bilen işlände gaty seresaply bolmalydyr. Eger-de bitli ýa-da gijilewükli adam uly maşgalada ýaşaýan bolsa, maşgala agzalarynyň ählisine bejergi geçirilmegi maslahat berilýär. Olaryň eşiklerini, ýorgan-düşekleriniň daşlyklaryny we süpürgiçlerini (mümkin boldugyça gaty gyzgyn suwda) ýuwmak we guratmak gerekdir.

## JGAGÝ BILEN GÖREŞMEK WE ÝOKANJYŇ ÝAÝRAMAGYNYŇ ÖŇÜNI ALMAK

Ýokarda agzalan ýagdaýlaryň köpüsi jyns ýollary bilen geçýär we bu hili ýagdaýlary ýokary täsirli bejeriş bilen üpjün etmek üçin goşmaça çäreleriň kabul edilmegini talap edýär. JGAGÝ-nyň haýal etmän we dogry bejerilmegi gaýraüzülmeleriň ýüze çykmagynyň öňüni alýar we ýokanjyň mundan beýläk köpçüligiň arasynda ýaýramagynyň öňüni almaga mümkinçilik berýär.

JGAGÝ-ny alyp barmagyň ýoly diňe bir anyklamak we ýokanjy bejermek bilen çäklenilmeýär. Hatda JGAGÝ bejergisi dogry geçirilen hem bolsa, netijesiz bejergi we gaýtadan ýokuşmak aradan aýrylmaýar. Käbir näsaglar gowulanmagynyň ilkinji alamatlary peýda bolan badyna, derman içmegini bes edýärler ýa-da bejeriş çärelerine öz ýoldaşlaryny çekmeýärler ýa-da bejergi alýan döwründe jyns gatnaşyklaryndan saklanmaýarlar we prezerwatiwleri ulanmaýarlar. Bejerişiň üstünliksiz bolmaklygynyň ýene-de bir sebäbi kesel döredijileriň derman serişdelerine bolan ýokary durnuklylygy-dyr. Şoňa laýyklykda JGAGÝ bilen göreşmekligiň ýollary elmydam ýokarda sanalyp geçilen ýagdaýlary hasaba almak bilen gurnalmalydyr.

## MAZMUNY


Giriş
Dermatologiýanyň gysgaça ösüş taryhy

**DERI KESELLERINIŇ UMUMY MESELELERI**

Deriniň anatomiýasy we gistologiýasy
Deriüsti gaty
Hakyky deri
Saçlar
Dyrnaklar
Deriniň ýerine ýetirýän esasy işleri
Deriniň gistomorfologiki üýtgemeleri
Deri örgünleriniň alamatlary
Ilkinji morfologiki alamatlar
Ilkinji boşlukly, suwuklykly morfologiki alamatlar
Ikilenji morfologiki alamatlar
Deri kesellerini umumy bejermegiň esasy ýörelgeleri
Umumy bejerginiň usullary
Daşky alamatlar boýunça (ýerli) bejergi
Berhizli bejergi
Deri kesellериniň umumy simptomatologiýasy

**DERI KESELLERI**

Deriniň iriňli keselleri ( Piodermitler )
Stafilodermiýanyň kliniki görnüşleri
Täze doglan çagalarda stafilokokk deri keselleriniň görnüşleri
Streptodermiýanyň kliniki görnüşleri
Strepto-stafilodermiýalar

Deriniň iriňli kesselleriniň öňüni alyş çäreleri
Iriňli   deri kesselleriniň  bejerilişi

Mikozlar. Umumy maglumatlar
Keratomikozlar
Kepek şekilli ýa-da dürli reňkli, demrew
Eritrazma (goltuk goturagy )
Dermatomikozlar
Epidermofitiýa
Uly epinleriň ýa-da gasyk epidermofitiýasy
Daban epidermofitiýasy
Trihofitiýa. Saç gyrkyjy goturak
Ýüzleý saç gyrkyjy trihofitiýa
Dowamly trihofitiýa
Infiltratly-iriňleýji, çuň ýa-da zoofil trihofitiýasy
Tekiz deriniň infiltratly-iriňleýji saç gyrkyjy trihofitiýasy
Mikrosporiýa. (Ownuk sporaly goturak)
Antropofil mikrosporiýanyň klinikasy
Zooantropofil mikrosporiýanyň klinikasy
Fawus (Kel goturagy)
Trihofitiýanyň, mikrosporiýanyň, fawusyň laboratot anyklamasy
Trihofitiýanyň, mikrosporiýanyň, fawusyň bejerilişi
Trihofitiýanyň, mikrosporiýanyň, fawusyň öňüni almak, olara garşy göreşi guramak
Kandidozlar. Heňli goturak
Deriniň ýüzleý kandidozy
Nemli bardalaryň kandidozy
Dyrnaklaryň we olaryň töwereginiň kandidozy
Çagalaryň ötüşen ýaýran kandidozy
Kandidozyň laborator anyklanylyşy
Kandidozyň bejerilişi
Kandidozyň öňüni almak çäreleri

Dermatozoonozlar
Deriniň ýokançly gijilewükli keseli. Gotur
Bitlilik

Lepra (heýwere)
Lepranyň lepromatoz görnüşi
Lepranyň tuberkuloid görnüşi
Lepranyň differensirlenmedik görnüşi
Deri inçekeseli, Umumy maglumatlar
Inçekeseliň çäklenen görnüşleri. Inçekesel gurdy ýa-da lýupoid deri inçekeseli
Skrofuloderma ýa-da inçekeseliň kollikwatiw görnüşi

Siňňil görnüşli deri inçekeseli
Deriniň we nemli bardalaryň başly inçekeseli
Bazenyň induratiw eritemasy
Inçekeseliň disseminirlenen görnüşleri
Lihenoid inçekeseli – altyn şekilli demrew
Papulonekrotiki deri inçekeseli
Deri leýşmaniozy

Deriniň wirusly keselleri
Ýönekeý uçuk (herpes simplex)
Gurşap alýan uçuk (herpes zoster)
Siňňiller
Ujy ýiti kondilomalar
Ýokanç mollýusk

Infeksiýaly eritemalar
Žiberiň gülgün demrewi
Köp görnüşli ekssudatiw eritema

Dermatitler
Ýönekeý galtaşma dermatiti
Allergiki galtaşma dermatiti
Toksikodermiýalar (Zäherlenme deri çişmesi)
Ekzema (Süýjübaş)
Mikrobly ekzema
Seboreýaly ekzema
Çaga ekzemasy

Iteşen

Hünär bilen baglanyşykly (Hbb) deri keselleri
Kiçi ýag düwürtikleri
Zäherlenme melanodermiýa
Hünär bilen baglanyşykly howply çişler
Mikroblaryň döredýän professional deri keselleri
Sagymçylaryň düwürtikleri
Hünär bilen baglanyşykly goturak keselleri

Psoriaz (Teňňeli demrew)
Gyzyl tekiz demrew

Birleşdiriji dokumalaryň keselleri (Kollagenozlar)
Nagralanýan gyrmyzylyk
Ulgamlara zeper ýetirýän gyrmyzylyk

Sklerodermiýa
Çäklenen sklerodermiýa
Diffuz sklerodermiýa
Dermatomiozit

Deriniň pakgarçakly keselleri
Deriniň hakyky pakgaçakly keseli
Dýüringiň uçuk görnüşli dermatiti

Neýrodermatozlar
Neýrodermit
Gijilewükli gaşantgy

Fotodermatozlar (Günüň şöhlesinden döreýän deri keselleri)

Deriniň pigmentasiýasynyň bozulmagy
Witiligo
Albinizm
Ýakal
Sepgil
Ojaklaýyn saç düşme keseli

Heýlit (Ýalamalar)
Gün ýalamasy
Howa ýalamasy
Glandulýar ýalama
Eksfoliatiw ýalama
Atopiki ýalamalar
Pellagra

**JYNS GATNAŞYKLARY ARKALY GEÇÝÄN INFEKSIÝALAR**

Sifilis
Sifilisiň etiologiýasy, patogenezi, umumy geçişi ýaýraýyş ýollary
Sifilisiň döredijisi
Sifilisiň ýokuşyş şertleri we öollary
Sifilis keselinde geçirilen synaglar
Sifilis keselinde immunitet
Sifilisiň toparlanmasy
Sifilisiň umumy geçişi
Sifilisiň birinji döwri
Gaty şankr
Atipiki şankrlar
Gaty şankryň çylşyrymlaşmalary

Regionar skleradeniti
Tapawutlandyryjy anyklamasy
Sifilisiň ikinji döwri
Menekli örgünler ýa-da sifilitiki rozeola
Düwünjikli örgünler
Iriňjikli örgünler
Saç düşme
Ak tegmiller
Limfatiki mäzleriň çişmesi
Sifilisiň ikinji döwründe beýleki synalara zeper ýetmegi
Sifilisiň ikinji döwründe serologiki barlaglar
Sifilisiň ikinji döwrüniň anyklanylyşy
Sifilisiň üçünji döwri
Tümmejikli sifilis
Düwünli sifilis
Gizlin sifilis
Sifilisde süňklere we bogunlara zeper ýetmegi
Içki synalaryň sifilisi
Nerw ulgamynyň sifilisi
Dogabitdi sifilis
Çaga düwünçeginiň sifilisi
Irki dogabitdi sifilis
Irki çagalyk döwrüniň sifilisi
Giçki dogabitdi sifilis
Sifilisiň häzirki zaman anyklanylyşy we bejerilişi
Serologiki barlaglar
Sifilisiň esasy bejeriş ýollary we usullary

Ýumşak şankr (Ulcus molle)

Gonoreýa (Sözenek)
Gonoreýanyň patogenezi
Erkek adamlarda gonoreýanyň klinikasy we anyklanylyşy
Täze gonoreýa uretritiniň topiki anyklamasy
Dowamly gonoreýa uretriti
Aýallarda gonoreýa
Ekstragenital gonoreýa
Gyzjagazlarda gonoreýa
Gyzjagazlarda dowamly gonoreýa
Gonoreýanyň bejerilişi
Gonoreýanyň bejerilendigini kesgitlemek
Erkeklerde we aýallarda öňüni alyş çäreleriniň usullary

Bakterial waginozy

Kandidoz wulwowaginiti, balanopostiti

Jyns-peşew trihomoniazy

Urogenital mikoplazmozy

Urogenital hlamidiozy

Jyns gatnaşyklary arkaly geçýän keselleriň öňüni almak üçin geçirilmeli çäreler

Adamyň immun defisit sindromynyň (AIDS) dermatologik aspektleri

Jyns gatnaşyklary arkaly geçýän ýokançlary (JGAGÝ) alamatlar toplumyna görä bejermek